TÜRKMENISTANYŇ DAŞARY IŞLER MINISTRLIGINIŇ
HALKARA GATNAŞYKLARY INSTITUTY

*Türkmenistanyň Garaşsyzlygynyň
şanly 30 ýyllygyna bagyşlanýar*

# HALKARA GATNAŞYKLARYNYŇ DERWAÝYS MESELELERI: YLMY-DÖREDIJILIK ÇEMELEŞMELER

*Mugallymlaryň hem-de talyplaryň ylmy
makalalar we goşgular ýygyndysy*

**Aşgabat**
**Türkmen döwlet neşirýat gullugy**
**2021**

UOK 327
H 19

H 19 **Halkara gatnaşyklarynyň derwaýys meseleleri: Ylmy-döredijilik çemeleşmeler.** – A.: Türkmen döwlet neşirýat gullugy, 2021.

TDKP № 201, 2021 KBK 66.4 + 72

© Türkmenistanyň Daşary işler ministrliginiň
Halkara gatnaşyklary instituty, 2021



**TÜRKMENISTANYŇ PREZIDENTI**
**GURBANGULY BERDIMUHAMEDOW**



TÜRKMENISTANYŇ DÖWLET TUGRASY



TÜRKMENISTANYŇ DÖWLET BAÝDAGY

# TÜRKMENISTANYŇ DÖWLET SENASY

Janym gurban saňa, erkana ýurdum,
Mert pederleň ruhy bardyr köňülde.
Bitarap, garaşsyz topragyň nurdur,
Baýdagyň belentdir dünýäň öňünde.

*Gaýtalama:*

Halkyň guran Baky beýik binasy,
Berkarar döwletim, jigerim-janym.
Başlaryň täji sen, diller senasy,
Dünýä dursun, sen dur, Türkmenistanym!

Gardaşdyr tireler, amandyr iller,
Owal-ahyr birdir biziň ganymyz.
Harasatlar almaz, syndyrmaz siller,
Nesiller döş gerip gorar şanymyz.

*Gaýtalama:*

Halkyň guran Baky beýik binasy,
Berkarar döwletim, jigerim-janym.
Başlaryň täji sen, diller senasy,
Dünýä dursun, sen dur, Türkmenistanym!

# MAZMUNY

**MUGALLYMLARYŇ YLMY MAKALALARY** . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 13

*Jumamyrat Gurbangeldiýew*.
Milli diplomatiýanyň ýokary mekdebi: Halkara gatnaşyklary ugrundan başarnykly hünärmenleri taýýarlamagyň oňyn tejribesi . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 14

*Amangeldi Rahmanow*.
Bitaraplygyň türkmen nusgasynyň taryhy we onuň durmuşa geçirilmegi . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 26

*Begenç Karaýew*.
Syýasy-diplomatik işiň ylmy-tejribe üpjünçiligi . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 30

*Begenç Mätliýew*.
Türkmenistan – Garaşsyz Döwletleriň Arkalaşygy: sebitde parahatçylyk, howpsuzlyk we Durnukly ösüş ugrunda hyzmatdaşlyk . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 38

*Merdan Berdinyýazow*.
Türkmenistanyň ähli umumy parahatçylygy we howpsuzlygy üpjün etmek boýunça halkara tagallalary . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 44

*Gapbar Hallyýew*.
Durnukly ösüş maksatlary we olaryň durmuşa geçirilmeginde hemişelik Bitarap Türkmenistanyň nusgalyk tagallalary . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 47

*Akmuhammet Jumagulyýew.*
Durnukly ösüş maksatlarynyň wezipelerini kesgitlemekde we işläp düzmekde Türkmenistanyň goşandy . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 53

*Begmyrat Ataýew.*
Türkmen diplomatiýasy: parahatçylygyň, howpsuzlygyň we Durnukly ösüşiň hatyrasyna hyzmatdaşlyk. . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 58

*Perhat Çaryýew*.
Türkmenistanyň ulag-aragatnaşyk strategiýasynyň sebit we dünýä ykdysady ösüşindäki orny . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 62

*Ogulgurban Ezimowa*.
Türkmenistanyň daşky gurşawy goramak we ekologiýa syýasatynyň esasy ýörelgeleri . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 66

*Täçnabat Paýtykowa*.
Türkmen-owgan gatnaşyklarynyň taryhy kökleri. . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 70

*Altyn Magtymowa.*
Türkmenistanyň innowasiýa ösüş strategiýasynda ýaş alymlaryň orny we halkara hyzmatdaşlygy . . . . . 74
*Suraý Öwliýagulyýewa.*
Daşary-syýasy işi amala aşyrmakda «sanly diplomatiýanyň» orny . . . . . 78
*Rahym Bäşimow.*
Parahatçylyk we ynanyşmak – türkmen diplomatiýasynyň esasy ýörelgeleri . . . . . 82
*Batyr Kairow.*
Türkmen Bitaraplygynyň halkara gatnaşyklaryny ösdürmekdäki orny . . . . . 86
*Mekanmyrat Kenanow.*
Hormatly Prezidentimiziň kanunçylygy ösdürmek baradaky taglymaty . . . . . 89
*Aýjan Omarowa.*
Biologik dürlüligiň goralyp saklanmagy we netijeli peýdalanylmagy . . . . . 92
*Baýgylyç Gylyçmyradow.*
Halkara hukuk hyzmatdaşlygy . . . . . 97
*Merjen Gurbannazarowa.*
Türkmenistan – halkara guramalary: adam hukuklaryny goramak babatynda hyzmatdaşlyk . . . . . 101
*Dürli Ballyýewa.*
Gender deňliginiň gazanylmagy Türkmenistanyň ösüşiniň ileri tutulýan ugurlarynyň biridir . . . . . 104
*Aýna Baýmuradowa.*
Gadymy keçe nagyşlary we olaryň manysy . . . . . 108
*Bazar Mesow.*
Global ösüşiň çylşyrymly şertlerinde Türkmenistanyň amala aşyrýan ykdysady syýasaty . . . . . 115
*Baba Saryýew.*
«Agzalalyk aýrar ili dirlikden» . . . . . 120
*Täçgeldi Gutlyýew.*
Magtymguly Pyragynyň «Türkmen binasy» goşgusynyň semiotik manylary . . . . . 124
*Kadyr Amandurdyýew.*
Dünýä döwletleriniň we Türkmenistanyň maglumatlar jemgyýetlerini ösdürmekdäki strategiýalary . . . . . 131
*Gülşat Ýusupowa.*
Halkara gatnaşyklary ulgamynda iňlis dilini öwretmegiň aýratynlygy . . . . . 138
*Almanar Ýazberdiýewa.*
Daşary ýurt dilleriniň jemgyýetde tutýan orny . . . . . 141

*Abdylla Gökleňow*.
Iňlis dilini okatmakda sanly bilim ulgamynyň mümkinçilikleri . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 145
*Aýgözel Öwezowa*.
Daşary ýurt dilleriniň öwredilişinde innowasion tehnologiýalaryň we usullaryň ähmiýeti . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 149
*Çemen Baýryýewa*.
Türkmen we iňlis dillerinde isimlerden bolan sada habaryň görnüşleriniň degşirme derňewi . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 154
*Gülälek Çopanowa*.
Daşary ýurt dillerini öwretmekde sanly tehnologiýalardan peýdalanmak . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 159
*Ogulbeg Gazakowa*.
Türkmen-fransuz dilleriniň söz ýasaýjy goşulmalarynyň degşirme derňewi . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 163
*Osman Hemzaýew*.
Daşary ýurt dillerini öwretmekde interaktiw usullaryň ähmiýeti . . . . . . . . . . . . . . . . . . 170
*Mähriban Gelenowa*.
Hytaý dilini we iýeroglifleri okatmak usulyýeti boýunça käbir meseleler . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 174
*Tylla Babaýewa*.
Halkaraçy hünärmenleriň dil taýýarlygynda okatmagyň döwrebap usullarynyň ulanylyşy . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 177
*Maýa Orazowa*.
Ýurdumyzda sanly bilim ulgamynyň ösüşi . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 182
*Aýna Sätgeldiýewa*.
Daşary ýurt dillerini öwretmekde tehniki serişdeleriň ähmiýeti . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 187

**TALYPLARYŇ YLMY MAKALALARY** . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 191

*Zelipbibi Taýmanowa*.
Türkmenistanyň suw diplomatiýasy halkara gatnaşyklarynda . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 192
*Laçyn Hojaýewa*.
Türkmenistan – Birleşen Milletler Guramasy: strategik hyzmatdaşlygyň täze sepgitleri . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 198
*Gurbanmämmet Gurbanow*.
Türkmenistanyň ulag diplomatiýasy: Halkara we sebit hyzmatdaşlygyny ösdürmeklige gönükdirilen başlangyçlar . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 202
*Selim Rejepgeldiýew*.
Durnukly ösüş maksatlary we Türkmenistan . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 206

*Jennet Habybowa.*
Bitaraplygyň türkmen nusgasy . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . .209
*Gurbanjemal Egirjäýewa.*
Ýurdumyzyň Bitaraplyk syýasatynyň Gahryman Arkadagymyzyň eserlerinde beýany . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . .213
*Jahan Öräýewa.*
Türkmenistanda sanly ulgamda maglumat howpsuzlygynyň hukuk düzgünleşdirilişi. . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . .218
*Sona Halykowa.*
Türkmenistanda ekologiýa maglumatlylygyny üpjün etmekde sanly ulgamyň ähmiýeti . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . .222
*Şahnoza Eminowa.*
Halkara şertnamalar hukugy halkara hukugynyň esasy pudagydyr . . . . . . . . . . . . . . . .226
*Atajan Rozybaýew.*
Halkara ekologik meseleler we olary çözmekde halkara resminamalaryň orny . . . . . . . .229
*Aýbölek Amangeldiýewa.*
Halkara hususy hukugynda kollizion kadalar. . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . .234
*Isgender Saparow.*
Intellektual eýeçilik hukugy: Intellektual eýeçilik ulgamynda halkara hyzmatdaşlyk. . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . .237
*Laçyn Berdimyradowa.*
Türkmenistanyň köpçülikleýin habar beriş serişdeleriniň sanlylaşdyrylmagynyň ähmiýeti . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . .241
*Gözel Eminowa.*
Maglumat giňişligi we Internet žurnalistikasy . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . .243

**GOŞGULAR** . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . .246

*Baba Saryýew.*
Yşk-söýginiň şäheri . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . .246
Bagtyýarlyk zamanynyň ýaşlary . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . .247
Obamyza baramda . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . .247
Bedew . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . .248
«Garradym, ak sakgal» . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . .249
Elwan güller. . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . .250
Ýyldyzlara ýüzlenme. . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . .250
Şahyrlyk hakda . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . .251
Ýigitlere sargyt . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . .252
Daýhanyň içgepletmesi . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . .253

*Şageldi Çopanow.*
Türkmenistanym . . . . . . . . . . 253
*Rahmannazar Jumaýew.*
Aşgabat . . . . . . . . . . 254
Paýtagtym . . . . . . . . . . 255
Türkmen sährasy . . . . . . . . . . 255
Watan waspy . . . . . . . . . . 256
Watanym . . . . . . . . . . 256
*Nurana Muhyýewa.*
Türkmenistan . . . . . . . . . . 257
Tebigat sazlaşygy . . . . . . . . . . 258
Watan buýsanjy . . . . . . . . . . 258
Döwletlilik ýörelgesi türkmeniň . . . . . . . . . . 259
Talyp joşguny . . . . . . . . . . 259
*Ogulaý Şükürowa.*
Bitaraplyk syýasaty . . . . . . . . . . 260
*Muhammet Toýçyýew.*
Bagtly Diýarym . . . . . . . . . . 261
*Hatyja Döwletnazarowa.*
Türkmenistan . . . . . . . . . . 261
*Enetäç Jumamyradowa.*
Türkmenistanym meniň . . . . . . . . . . 262
*Arzygül Ilýasowa.*
Watanymyň ýüregi – gözel Aşgabat . . . . . . . . . . 263
*Sona Halykowa.*
Aşgabadym – aşyk abadym meniň . . . . . . . . . . 264
Türkmenistan – parahatçylygyň we ynanyşmagyň Watany . . . . . . . . . . 265
Başa täç Garaşsyzlyk . . . . . . . . . . 265
Watannama . . . . . . . . . . 266
Watan deňelýändir şirin janyňa . . . . . . . . . . 266
Türkmenistanym . . . . . . . . . . 267
Mirasa sarpa . . . . . . . . . . 267
Diplomatiýa ylalaşmak diýmekdir . . . . . . . . . . 268
Sen meniň barym . . . . . . . . . . 269
Kaka hakda . . . . . . . . . . 269
Men seniň ýanyňa barýan! . . . . . . . . . . 270
*Şemşat Jepbarowa.*
Pyragy, arzuwlan zamanyň geldi . . . . . . . . . . 271

*Tawus Akjaýewa.*
Ak şäherim – Aşgabat . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . .271
Bitaraplyk . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . .272
Buýsanç . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . .273
Obam . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . .273
Parla sen. . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . .274
Aşgabadyň gijeleri . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . .274
Watan . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . .275
Ýagyş ýagýar . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . .276
Baharyň buşlukçysy. . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . .276
Bagyşla . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . .277
*Aýlar Atajykowa.*
Arkadag . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . .278
Arkadagym bar . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . .278
Bahar baýramy. . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . .279
Ejem. . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . .279
Garaşsyz, Bitarap Türkmenistanym. . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . .280
Magtymguly. . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . .280
Enelere meňzeş bahar . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . .281
Watanym . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . .281
Ýürekdeş dost . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . .282
*Gytja Atdaýewa.*
Aşgabat . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . .282
Awaza. . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . .283
Arkadag . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . .283
Watanym . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . .284
Diýarym . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . .284
Käbäm . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . .285
Daglar . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . .285
Säher . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . .286
Garaşsyzdyr, Bitarapdyr, Diýarym . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . .286

# MUGALLYMLARYŇ YLMY MAKALALARY

**Jumamyrat GURBANGELDIÝEW,**
*Türkmenistanyň Daşary işler ministrliginiň*
*Halkara gatnaşyklary institutynyň rektory,*
*taryh ylymlarynyň kandidaty*

# MILLI DIPLOMATIÝANYŇ ÝOKARY MEKDEBI: HALKARA GATNAŞYKLARY UGRUNDAN BAŞARNYKLY HÜNÄRMENLERI TAÝÝARLAMAGYŇ OŇYN TEJRIBESI

Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedowyň çuňňur paýhasyndan dörän «Diplomatik sungat kuwwatly ylmy binýada esaslanmaly» diýen binýatlyk wesýeti halkara gatnaşyklary ulgamynyň ylmy we usuly üpjünçiliginiň aýgytlaýjy ähmiýetini aýdyň görkezýär. Munuň özi milli Liderimiziň geljekki diplomatlary we halkara gatnaşyklary boýunça hünärmenleri taýýarlamakda öňde goýýan wezipeleriniň we kesgitlän sepgitleriniň ýokary derejede wajyplygyna şaýatlyk edýär.

Şunuň bilen baglylykda, halkara gatnaşyklary we diplomatiýa, halkara hukugy, halkara ykdysady gatnaşyklary hem-de halkara žurnalistikasy ugrundan hünärmenleriň kämil we häzirki zamanyň ýokary talaplaryna laýyk derejede taýýarlanylmagy derwaýys wezipe bolup durýar. Bu barada, aýratyn hem, Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedowyň taryhy sözlerini getirmek ýerlikli bolar: «Türkmenistanyň daşary syýasatynyň işjeňleşmegi we ýurdumyzyň dünýäde abraýynyň barha artmagy, halkara gatnaşyklarynyň ulgamyna döwletimiziň has-da işjeň gatnaşmagy netijesinde, bize türkmen diplomatiýasynyň milli mekdebini esaslandyrmak zerur boldy. Şoňa görä-de halkara derejesinde Türkmenistana mynasyp wekilçilik etjek diplomatlary, halkara hukukçylaryny, ykdysatçylary we žurnalistleri taýýarlamak üçin men geçen ýylyň 20-nji martynda Türkmenistanyň Daşary işler ministrliginiň Halkara gatnaşyklary institutyny döretmek hakyndaky Permana gol çekdim» [2, s.146].

Geçen gysga döwrüň içinde türkmen diplomatiýasynyň ýokary okuw mekdebi döwletimiziň bilim ulgamynda özüniň mynasyp ornuny eýeledi. Hormatly Prezidentimiz türkmen diplomatiýasynyň milli mekdebinde bilim alýan talyplaryň geljekki diplomatlar üçin halkara derejesinde zerur bolan hünär başarnyklaryny ele almagy, döwletimiziň milli bähbitlerini talabalaýyk derejede goramagy öwretmek üçin ähli şertleri döredýär. Ýaş neslimize döwrebap adamlar bolup ýetişmegi,

ylmy-seljeriş usullary ele almagy, halkara ýagdaýlaryndan dogry netije çykarmak we çaklamak endiklerini kemala getirmelidigini sargaýar [2, s.146].

Ýurdumyzyň diplomatik gullugy üçin zerur bolan halkara derejeli hünärmenleri taýýarlamak institutyň öňünde goýlan esasy wezipe bolup durýar. Türkmenistanyň Prezidentiniň 2013-nji ýylyň 31-nji maýynda gol çeken Kararyna laýyklykda institutyň gurluş düzümi tassyklandy. Oňa laýyklykda institutda 4 sany – halkara gatnaşyklary, halkara hukugy, halkara ykdysady gatnaşyklary, halkara žurnalistikasy fakultetleri hereket edýär. Institutda 6 sany kafedra – halkara gatnaşyklary we diplomatiýa, halkara hukugy we deňeşdirme hukuk öwreniş, halkara ykdysady gatnaşyklary, žurnalistikanyň nazaryýeti we amalyýeti, dünýä dilleri, jemgyýeti öwreniş ylymlary kafedralary bar. Institut halkara gatnaşyklary we diplomatiýa, halkara hukugy, halkara ykdysady gatnaşyklary, halkara žurnalistikasy boýunça ýokary bilimli hünärmenleri hem-de halkara gatnaşyklary, halkara ykdysadyýeti, syýasy kommunikasiýa we internet žurnalistikasy ugurlary boýunça bakalawrlary, sanly diplomatiýa, halkara hususy hukugy, halkara jemagat hukugy ugurlary boýunça magistrleri taýýarlaýar.

Döwlet Baştutanymyz 2011-nji ýylyň 1-nji sentýabrynda institutyň täze binalar toplumyny açyp, ulanmaga berende diplomatik korpusyň öňünde eden çykyşynda institutyň talyplaryna ýüzlenip, şeýle diýipdi: «Ýakyn geljekde türkmen diplomatiýa gullugynyň esasyny düzmek, beýleki döwletlerde we halkara guramalarynda, daşary ykdysady gatnaşyklar ulgamynda, dünýäniň maglumatlar we hukuk giňişliginde Türkmenistana wekilçilik etmek hut siziň wezipäňiz bolar. Özüňize ýüklenen jogapkärçilige mynasyp boluň, öz Watanyňyzy söýüň, oňa buýsanyň, watançylar boluň, ýöne şunda beýleki ýurtlara we halklara, olaryň taryhyna, medeniýetine, däp-dessurlaryna hormat goýuň. Halkara parahatçylygyny, dostlugy we hyzmatdaşlygy pugtalandyrmagyň hatyrasyna öz ýurdumyza hyzmat etmek siziň borjuňyzdyr. Bu belent ýörelgeler ýol görkeziji şamçyrag, bu gün okuwyňyzyň, ertir bolsa siziň işiňiziň esasy many-mazmuny bolmalydyr» [3, s. 296].

Türkmenistanda halkara gatnaşyklary ugrundan kämil taýýarlygy bolan hünärmenleri yzygiderli terbiýeläp ýetişdirmek işinde öňdebaryjy dünýä tejribesine hem uly üns berilýär. Mysal üçin, Russiýa Federasiýasynyň paýtagtynda ýerleşen Moskwanyň Halkara gatnaşyklary döwlet instituty[1] (MHGDI(U) halkara gatnaşyklary ugrundan hünärmenleri taýýarlamakda abraýly merkez hasaplanýar [5].

Türkmenistanda halkara gatnaşyklary ugrundan milli hünärmenleri taýýarlamaklyga girişilende MHGDI(U)-nyň we beýleki ýokary okuw mekdepleriniň,

---

[1] 1994-nji ýylda oňa uniwersitet derejesi berildi.

hususan-da, Garaşsyz Döwletleriň Arkalaşygyna girýän ýurtlaryň bu ugurdan hünärmenleri ýetişdirýän institutlarynyň we Diplomatik akademiýalarynyň tejribeleri öwrenildi hem-de Halkara gatnaşyklary institutynyň okuw meýilnamalary işlenilip taýýarlanylanda göz öňünde tutuldy.

«Bitarap Türkmenistanyň daşary syýasat ugrunyň 2017-2023-nji ýyllar üçin Konsepsiýasyna» laýyklykda talyplara döwrebap bilim bermek üçin okuw meýilnamalary yzygiderli kämilleşdirilýär we olaryň üsti täze dersler bilen doldurylýar. Bu babatda, Türkmenistanyň Prezidentiniň daşary syýasy başlangyçlaryny we olaryň täsirli netijelerini öwrenmek, häzirki zaman halkara gatnaşyklarynyň we diplomatiýasynyň derwaýys meselelerini seljermek ileri tutulýan ugurlaryň hatarynda durýar.

Hususan-da, «Türkmenistanyň Bitaraplyk syýasatynyň esaslary», «Türkmenistanyň daşary-syýasy başlangyçlary», «Konsullyk gullugynyň esaslary», «Diplomatik wekilhanalarda habar-seljeriş işi», «Geosyýasy seljeriş», «Daşary syýasatda strategiki meýilleşdiriş», «Köptaraplaýyn diplomatiýa», «Ykdysady diplomatiýa», «Türkmenistanyň daşary syýasatynyň we diplomatiýasynyň taryhy», «Halkara gatnaşyklarynda Bitaraplyk syýasaty», «Globallaşmak we dünýä syýasaty» ýaly täze dersler, «Bitarap Türkmenistan we ýaragsyzlanmak meseleleri», «Birleşen Milletler Guramasy bilen hyzmatdaşlygy pugtalandyrmak we giňeltmek – Bitarap Türkmenistanyň daşary syýasatynyň ileri tutulýan ugrudyr», «Energetika diplomatiýasy», «Ulag diplomatiýasy», «Türkmenistanyň diplomatiýasynyň möhüm ugurlary», «Öňüni alyş diplomatiýasy», «Halkara howpsuzlygy», «Fransuz hökümetiniň syýasy ulgamy», «Sanly diplomatiýa», «Ykdysady howpsuzlyk», «Sanly ykdysadyýet», «Diplomatik prinsipler», «Diplomatik usulyýet we protokol», «Gündogar diplomatiýasy» atly ýörite dersler okuw meýilnamasyna girizildi.

Halkara gatnaşyklary institutynda daşary ýurt dillerini öwretmek işi aýratyn orun eýeleýär. Esasy daşary ýurt dili hökmünde iňlis, rus we nemes dilleri öwredilýär, arap, hytaý, pars, fransuz, ýapon dilleriniň islendik biri ikinji daşary ýurt dili hökmünde öwrenmek üçin hödürlenýär. Talyplara daşary ýurt dillerini öwretmeklik lingafon we sinhron terjime okuw otaglarynda kompýuterleriň, audio we interaktiw enjamlaryň üsti bilen amala aşyrylýar. Talyplaryň nemes dilini çuňňur öwrenmeklerine ýardam bermek üçin 2010-njy ýylyň maý aýynda Germaniýa Federatiw Respublikasynyň ilçihanasynyň we RWE kompaniýasynyň ýardam bermeginde institutda nemes dili kitaphanasy açyldy. 2015-nji ýylda Türkiýe Respublikasynyň hökümetiniň ýardam bermeginde institutda Halkara gatnaşyklary ugrundan türk we iňlis dilindäki edebiýatlaryň baý goruny özünde jemleýän kitaphana açyldy we ol üstünlikli hereket edýär.

Türkmenistanyň Daşary işler ministrliginiň Halkara gatnaşyklary institutynyň halkara hyzmatdaşlygynyň çäklerinde ABŞ-nyň, Beýik Britaniýanyň, Russiýa Federasiýasynyň, Hytaý Halk Respublikasynyň, Germaniýanyň, Polşanyň, Bolgariýanyň, Awstriýanyň, Ýaponiýanyň, GDA döwletleriniň, şeýle hem Birleşen Milletler Guramasynyň degişli düzümleriniň, Ýewropada Howpsuzlyk we Hyzmatdaşlyk Guramasynyň, Gyzyl Haç halkara komitetiniň, Ýewropa Bileleşiginiň, Ykdysady hyzmatdaşlyk we ösüş guramasynyň, Halkara Ummanlar institutynyň, ÝUNESKO-nyň Hökümetara okeanografiki komissiýasynyň, Bütindünýä saglygy goraýyş guramasynyň Türkmenistandaky ýurt boýunça edarasynyň, BMG-niň Öňüni alyş diplomatiýasynyň Merkezi Aziýa boýunça sebitleýin merkeziniň we beýleki düzümleriň resmi wekilleri hem-de ýolbaşçylary talyplaryň öňünde leksiýalar bilen çykyş etdiler.

Hormatly Prezidentimiz tarapyndan türkmen diplomatiýasynyň ýokary mekdebiniň talyplaryna uly mümkinçiligiň döredilendigini aýratyn nygtamak zerurdyr. Türkmenistanyň Prezidentiniň baştutanlygyndaky wekiliýetiň düzüminde institutyň mugallymlary we talyplary Hytaý Halk Respublikasynyň Şanhaý şäherinde «EKSPO-2010» sergisiniň açylyş dabarasyna, 2012, 2014-nji ýyllarda Hytaýa, 2012-nji ýylda Türkiýä bolan döwlet saparlaryna gatnaşdylar. Institutyň talyplary hormatly Prezidentimiziň Ermenistan Respublikasyna, Moldowa Respublikasyna, Gazagystan Respublikasyna, Ýaponiýa döwletine resmi saparlary mahalynda onuň ýanynda bolýan wekiliýetiň düzüminde boldular.

Türkmenistanyň Prezidentiniň 2013-nji ýylyň 31-nji maýynda çykaran 13031-nji Karary bilen tassyklanan, Türkmenistanyň Daşary işler ministrliginiň Halkara gatnaşyklary institutynyň talyplarynyň Türkmenistanyň daşary ýurtlardaky diplomatik wekilhanalarynda we konsullyk edaralarynda önümçilik tejribeligini geçmekleriniň tertibi hakynda Düzgünnama esasynda 2014–2019-njy ýyllar aralygynda institutyň 5-nji ýyl talyplarynyň 131-si döwletimiziň daşary ýurtlardaky diplomatik wekilhanalarynda, konsullyk edaralarynda we halkara guramalarynyň ýanyndaky hemişelik wekilhanalarynda 12 hepdelik önümçilik tejribeligini geçdiler. Olaryň önümçilik tejribeliginde gazanan hünär we iş endikleri häzirki wagtda Daşary işler ministrliginde hem-de onuň ulgamyna girýän edaralarda, harby-hukuk goraýjy, pudaklaýyn dolandyryş we ylmy, ýurdumyzyň maliýe-bank ulgamyna degişli edaralarynda üstünlikli zähmet çekmeklige ýardam edýär.

Hormatly Prezidentimiziň döredip berýän mümkinçilikleri we uly üns bermegi bilen Halkara gatnaşyklary institutynyň mugallymlary öz hünär ugurlary boýunça hem-de halkara bilim maksatnamalarynyň çäginde Russiýada, Belarusda, Ukrainada, Özbegistanda, Gyrgyzystanda, Gazagystanda, Azerbaýjanda, Ermenistanda, Täjigistanda, Türkiýede, Pakistanda, Saud Arabystany Patyşalygynda, Günorta


2. Sargyt № 2479

Koreýada, Ýaponiýada, Hytaýda, Malaýziýada, Hindistanda, Bolgariýada, Polşada, Daniýada, ABŞ-da, Beýik Britaniýada, Awstriýada, Fransiýada, Belgiýada, Niderlandlar Patyşalygynda, Horwatiýada, Germaniýada, Eýranda, Litwada, Rumyniýada iş we okuw saparlarynda boldular.

Türkmenistanyň Daşary işler ministrliginiň Halkara gatnaşyklary instituty bilen dünýäniň 24 ýurdunyň Diplomatiýa akademiýalary we halkara gatnaşyklary ugrunda hünärmenleri taýýarlaýan meşhur uniwersitetleriniň arasynda özara hyzmatdaşlyk hakynda 26 sany resminama gol çekildi. Onuň çäginde institutyň mugallymlary we talyplary Ýewropanyň Diplomatik Akademiýasynyň Warşawa şäherinde guran Diplomatik endikler boýunça başlangyç we çuňlaşdyrylan okuw maslahatyna, Niderlandlaryň Klingendal halkara gatnaşyklary instituty tarapyndan dürli derejelerde diplomatlaryň hünärini kämilleşdirmäge bagyşlanan okuwlara, Azerbaýjanyň DIM-niň Diplomatiýa akademiýasynyň Hazar basseýnini öwrenmek boýunça Baku şäherinde geçirilen okuw kursuna gatnaşdylar. Institutyň ýolbaşçylygyndaky düzüm Fransiýada, Horwatiýada, Türkiýede, Pakistanda, Malaýziýada, Saud Arabystany Patyşalygynda, Rumyniýada, Eýran Yslam Respublikasynda bolup, halkara gatnaşyklary ugrundan hünärmenleri taýýarlamagyň dünýä tejribesi bilen tanyşdy.

Institutyň mugallymlary 2013-nji ýylda ABŞ-nyň Halkara ösüş boýunça agentligi (USAID) tarapyndan Belgiýada geçirilen «Diplomatik protokol, gepleşikleri geçirmegiň etiketi» atly okuw maslahatyna, Polşanyň Warşawa şäherinde geçirilen Ýewropanyň Diplomatik Akademiýasynyň «Diplomatik endikleriň esaslary» atly tomusky okuwlara, Ukraina Respublikasynyň Lwow şäherinde Täze habar beriş serişdeleri boýunça Tomusky mekdebinde gurnalýan okuwlara, Hindistanyň Tehniki we ykdysady Hyzmatdaşlygy (ITEC) maksatnamasynyň çäklerinde guralýan okuwlara, Täjigistan Respublikasynyň Duşenbe şäherinde we Özbegistan Respublikasynyň Samarkand şäherinde geçirilen «Hindistan we Merkezi Aziýa» atly dialoga, Azerbaýjan Respublikasynyň Baku şäherinde geçirilen Hazar basseýnini öwrenmek boýunça okuw kursuna, Saud Arabystany Patyşalygynyň Er-Riýad şäherinde geçirilen «Saud Arabystanynyň Merkezi Aziýa we Hazarýaka döwletleri bilen hyzmatdaşlygy» atly seminara, Belgiýa Patyşalygynyň Brýussel şäherinde geçirilen Energiýa serişdeleriniň ygtybarly we durnukly üstaşyr geçirilmegi boýunça bilermenleriň II halkara forumyna, Russiýa Federasiýasynyň Sankt-Peterburg şäherinde geçirilen «Halkara ynsanperwerlik hukugy boýunça Martens okaýyşlary» atly maslahatyna, Koreýa Respublikasynyň Seul şäherinde gurnalýan «Diplomatlar üçin ýokary derejedäki hyzmatdaşlyk maksatnamasy» atly gysga möhletleýin ýörite okuwa, «Koreýanyň we Merkezi Aziýanyň geljek nesilleriniň lideriniň gatnaşyklary» atly hünärmenleri alyşmak maksatnamasynyň

çäklerindäki okuwa, Maglumat tehnologiýalary institutynyň çagyrmagy boýunça Pakistan Yslam Respublikasynyň Yslamabat şäherinde guralan ikitaraplaýyn hyzmatdaşlygyň mümkinçiliklerini ara alyp maslahatlaşmak üçin ylmy-amaly maslahata, Polşanyň Ylym we bilim ministrliginiň çagyrmagy boýunça «Ýokary bilim pudagynda Merkezi Aziýanyň we Ýewropa Bileleşiginiň ýurtlarynyň arasynda hyzmatdaşlygy giňeltmek» atly sebitleýin maslahata, Eýran Yslam Respublikasynyň Daşary işler ministrliginiň Syýasy we halkara barlaglar müdirligi tarapyndan Tähran şäherinde Pars aýlagy we Günbatar Aziýa, Merkezi Aziýa we Kawkaz ýurtlarynyň hem-de Owganystanyň arasyndaky üçtaraplaýyn halkara forumyna, Germaniýa Federatiw Respublikasynyň Berlin we Bonn şäherlerinde geçirilen «Howa boýunça 2050-nji ýyla çenli syýasat» atly mowzuk boýunça okuw maslahatyna, Amerikanyň Birleşen Ştatlarynda geçirilen «Iňlis dilini okatmak» atly okuwlara gatnaşyp, bu ugurdan halkara tejribesini öwrendiler.

Halkara gatnaşyklary ugrundan hünärmenleri taýýarlamak üçin Birleşen Milletler Guramasyny we onuň ulgamyny öwrenmek has möhüm bolup durýar. Şol zerurlykdan ugur alnyp, okuw meýilnamasyna ähli hünärleriň talyplary üçin «BMG we onuň ulgamy» atly ders girizildi. Türkmenistanyň BMG-däki ilkinji Hemişelik wekili, taryh ylymlarynyň doktory, Türkmenistanyň Adatdan daşary we Doly ygtyýarly Ilçisi, häzirki wagtda bolsa institutyň Halkara gatnaşyklary we diplomatiýa kafedrasynyň müdiri, Amangeldi Rahmanowyň bu ders boýunça ýazan okuw kitaby neşir edildi *(Aşgabat, 2013)*. Halypa diplomatyň «Diplomatik gullugyň esaslary» *(Aşgabat, 2013)*, «Diplomatik wekilhanalar we habar-seljeriş-düşündiriş işi» *(Aşgabat, 2016)*, «Türkmenistan – Hytaý (Taryh we häzirki döwür)» *(Aşgabat, 2017)*, «Türkmenistanyň daşary syýasatynyň we diplomatiýasynyň taryhy (1917–2016 ý.)» *(Aşgabat, 2019)*, şol kafedranyň uly mugallymy, fs.y.k. Begenç Karaýewiň «Diplomatik gepleşikler we hat alşygy» *(Aşgabat, 2014),* «Diplomatik we konsullyk hukugy» *(Aşgabat, 2015)*, «Türkmenistanyň daşary syýasaty» we «Geosyýasy seljeriş we strategik meýilleşdiriş» *(Aşgabat, 2017)*, «Halkara gatnaşyklarynda bitaraplyk syýasaty» *(Aşgabat, 2019)* atly okuw kitaplary we gollanmalary çap edildi.

Türkmenistanyň hemişelik Bitaraplyk ýörelgelerine esaslanýan daşary syýasatynyň halkara habarlar giňişliginde mynasyp ornuny tapmagy, ýurdumyzyň dünýä bileleşigindäki abraýyny dogruçyl beýan emek bu hünäri tamamlan halkaraçy žurnalistleriň wezipesi bolmalydyr. Munuň üçin Halkara gatnaşyklary institutynda ähli zerur bolan şertler döredilendir.

Milli Liderimiz «Türkmen diplomatiýasynyň möhüm wezipeleri» atly makalasynda şeýle belleýär: «Türkmenistanyň daşary syýasy ugry, onuň beýleki ýurtlar bilen özara gatnaşyklarynyň ýörelgeleri, türkmen bitaraplygynyň giň

gerim bilen durmuşa geçirilmegi halkara syýasy we diplomatik bileleşikleriniň, dünýäniň syýasy merkezleriniň, maliýe we ykdysady institutlarynyň, köpçülikleýin habar beriş serişdeleriniň ünslerini barha özüne çekýär. Şunuň bilen baglylykda, Türkmenistanyň daşary syýasatynyň dürli taraplaryny, biziň halkara başlangyçlarymyzy aýdyň görkezýän hakyky we ygtybarly maglumatlary dünýä jemgyýetçiligine ýetirmek babatyndaky zerur bolan işleri ýerine ýetirmek we degişli şertleri üpjün etmek aýratyn ähmiýete eýe bolýar» [1].

Türkmenistanda ilkinji gezek açylan Halkara žurnalistikasy hünärinde okaýan talyplaryň öz bilimlerini kämil derejede özleşdirmegi, alan nazary bilimlerini döredijilik bilen utgaşdyrmagy üçin institutda 2015-nji ýylda häzirki zaman okuw studiýasy açylyp, ulanylmaga berildi. Onda Türkmenistanyň içeri we daşary syýasatynyň üstünlikleri barada telegepleşikler ýazgy edilip, ýurdumyzyň dürli teleýaýlymlary arkaly tomaşaçylara yzygiderli ýetirilýär. Şunuň bilen baglylykda, Türkmenistanyň daşary syýasatynyň dürli ugurlaryny, şol sanda halkara başlangyçlarymyzy şöhlelendirýän obýektiw we takyk maglumatlara bolan islegi kanagatlandyrmakda aýratyn ähmiýete eýe bolýar. Alymlaryň we diplomatik gullugyň işgärleriniň konstruktiw pikir alyşmalarynyň meýdançasyna öwrülen «Türkmenistanyň Bitaraplyk syýasaty» atly gepleşik hem hut şu maksatlara gönükdirilendir. Bu gepleşik «Türkmenistan» teleýaýlymynda 7 dilde ýaýlyma berilýär. Şeýle-de «Bitarap Türkmenistan halkara habarlar giňişliginde», «Parahatçylyk döretmegiň sungaty» atly gepleşikler «Türkmenistan» teleýaýlymynda 7 dilde, «Milli Lider we Bitaraplyk» atly gepleşik yzygiderli ýazgy edilip, «Altyn asyr: Türkmenistan» teleýaýlymynda ýaýlyma berilýär.

Häzirki wagtda milli Liderimiziň baştutanlygynda üstünlikli durmuşa geçirilýän daşary syýasatynyň geriminiň artmagy we onda täze ugurlarynyň kemala gelmegi halkara gatnaşyklarynyň hem-de daşary syýasatyň wajyp meselelerini, Türkmenistanyň Prezidentiniň diplomatik gullugynyň öňünde kesgitleýän wezipelerini çözmeklige ukyply bolan hünärmenlerini taýýarlamak meseleleri bilen berk baglanyşykly bolup durýar. 2021-nji ýylyň 9-njy fewralynda döwlet Baştutanymyzyň ýurdumyzyň daşary syýasat ugruny amala aşyrmak meseleleri boýunça geçiren maslahatynda Garaşsyz, Bitarap Türkmenistan döwletiniň alyp barýan hoşniýetli daşary syýasatyny bütin dünýä giňden açyp görkezmegiň wajypdygyny bellemek bilen, Türkmenistanyň diplomatik gullugynyň işgärleriniň ýokary hünär derejeli bolmagynyň we zehinli ýaş diplomatlary taýýarlamagyň möhüm meselelerine ünsi çekdi [6]. Ýurdumyzyň alyp barýan hoşniýetli daşary syýasatyny bütin dünýä ýaýmak babatyndaky wezipeleriň üstünlikli amala aşyrylmagy syýasat we halkara gatnaşyklary bilen baglanyşykly ylmy ugurlary ösdürmekligiň wajyplygyny kesgitleýär. Hut şonuň üçin hem ýaş zehinli diplomatlary taýýarlamak

işinde häzirki döwrüň talabyna laýyk gelýän täze hünär ugurlaryny öwrenmek, dürli sebitler, şol sanda Gündogary öwreniş, Amerika we Ýewropa ýurtlary, sanly diplomatiýa, kiberhowpsuzlyk, seljeriş we strategik meýilleşdiriş boýunça ylmy-barlag işlerini geçirmek has hem ähmiýetlidir.

Hormatly Prezidentimiziň döredip berýän giň mümkinçilikleri esasynda institutda ylmy we okuw-usuly işinde innowasion we sanly tehnologiýalary giňden ulanmak, ylmy-pedagogik düzümiň ýokary derejede taýýarlykly bolmagyny gazanmak, olaryň hünär kämilligini yzygiderli artdyrmak, dünýäniň öňdebaryjy ýurtlarynyň degişli ýokary okuw mekdepleri hem-de diplomatik akademiýalary bilen tejribe alyşmak, bilelikdäki okuwlary, duşuşyklary, ylmy çäreleri geçirmek, ýaş diplomatlary taýýarlaýan halypa mugallymlaryň hünär kämilligini üpjün etmek üns merkezinde saklanýar. Şunuň bilen baglanyşykly, daşary ýurtlaryň ylmy merkezlerine tejribe alyş we okuw saparlaryny gurnamaklyga gönükdirilen işler bilim bermegiň netijeli bolmagyna we onuň hiliniň ýokarlandyrylmagyna gös-göni täsir edýär. Bu işleri kämilleşdirmeklige we hormatly Prezidentimiziň türkmen diplomatiýasynyň milli mekdebiniň öňünde goýýan wezipelerini üstünlikli amala aşyrmaklyga gönükdirilen meýilnamalaýyn çäreler alnyp barylýar. Okatmagyň däp bolan usullary bilen bilelikde «onlaýn» görnüşinde sapaklar, duşuşyklar, «tegelek stollar» we beýleki wajyp çäreler gurnalýar we bu işe ýurdumyzyň hem-de daşary ýurtlaryň alymlary, diplomatlary, halkara guramalarynyň wekilleri işjeň çekilýär.

Institutda häzirki döwrüň derwaýys meselesi bolan halkara žurnalistlerini taýýarlamak boýunça okuw meýilnamalaryna üýtgeşmeler girizilýär. Internet žurnalistikasy we köpçülikleýin habar beriş serişdeleriniň döwrebap usullaryny peýdalanmaklyga gönükdirilen dersler okadylýar. Syýasy kommunikasiýa hem-de halkara hukugy boýunça bilim alýan talyplaryň halkara ykdysady gatnaşyklarynyň meselelerini çözmek we halkara arbitraž ugry boýunça dersleri kämilleşdirmeklige gönükdirilen okuw-usuly işler alnyp barylýar we olar boýunça meýilnamalaýyn esasda degişli çäreleri amala aşyrmak meýilleşdirilýär. Bularyň ählisi hormatly Prezidentimiziň türkmen diplomatiýasynyň milli mekdebine berýän ägirt uly ünsüniň netijesidir.

«Bitarap Türkmenistanyň daşary syýasat ugrunyň 2017–2023-nji ýyllar üçin Konsepsiýasynyň» geosyýasy we geoykdysady, hukuk, medeni-gumanitar ugurlaryny ylmy taýdan öwrenmek maksady bilen institutda 6 sany ugur boýunça köpçülikleýin ylmy işler hasaba girizilip, her kafedrada öz ugry boýunça Türkmenistanyň Ylymlar akademiýasy tarapyndan bellige alnan temalara laýyklykda ylmy işleri alyp barýar. 2020–2021-nji okuw ýylynyň ahyryndaky ýagdaýa görä, institutyň mugallymlary tarapyndan çap edilen kitaplaryň sany 55-e ýetip, şol sanda

39 sany okuw kitaby, 3 sany okuw gollanmasy, 5 sany monografiýa we 8 sany sözlük neşir edildi.

Türkmen diplomatiýasynyň milli mekdebinde sanly bilim we sanly ykdysadyýet boýunça konsepsiýalaryny işjeň ornaşdyrmak we durmuşa geçirmek boýunça netijeli işler amala aşyrylýar. Onuň çäklerinde institutda sanly bilim portaly we www.iirmfa.edu.tm web-saýty döredildi. Olarda institutda we ýurdumyzda bolup geçýän täzelikler, hormatly Prezidentimiziň içerki we daşary syýasatyna degişli dürli dillerde makalalar taýýarlanylýar hem-de ýerleşdirilýär. Şeýle-de sanly bilim portalynda bilim-terbiýeçilik işlerine degişli maglumatlar, bildirişler, sapaklaryň tertibi, talyplaryň özbaşdak bilim almaklary, mugallymlar bilen aragatnaşyk saklamaklary üçin okuw sapaklaryna degişli maglumatlar, audio-wideo materiallar, interaktiw-multimedia programmalary halypa mugallymlaryň umumy sapaklarynyň ýazgylary, ylmy-amaly maslahatlaryň neşirleri, dünýäde ylymda we tehnikada gazanylýan täzelikler ýerleşdirilýär.

Institutda hereket edýän sanly bilim portalynda Türkmenistanyň diplomatiýasynyň möhüm ugurlary boýunça okuw merkezine degişli hünärler boýunça ýörite elektron bölümleri döredildi. Institutyň sanly bilim portalynda merkezde meýilnama esasynda geçirilen umumy we söhbet sapaklaryň beýanlary, ylmy makalalar, söhbetdeşlikler, prezentasiýalar we surat, audio hem-de wideo ýazgylar ýerleşdirildi we olaryň üsti yzygiderli ýetirilýär. Merkeziň energetika, ulag we suw diplomatiýasy boýunça ugurlarynda ýurdumyzyň beýleki ýokary okuw mekdepleri we ylmy-barlag edaralary bilen geçirilen aragatnaşyk ulgamy arkaly wideoşekilli okuw sapaklarynyň wideo ýazgylary we suratlary ýerleşdirildi.

Türkmenistanyň Daşary işler ministrliginiň Halkara gatnaşyklary institutynda birnäçe merkezler hereket edýär. Durnukly ösüşiň 2030-njy ýyla çenli Gün tertibini durmuşa ornaşdyrmagy üpjün etmek we degişli ylmy-usulyýet işlerini geçirmek maksady bilen 2017-nji ýylyň 1-nji sentýabrynda Türkmenistanyň Daşary işler ministrliginiň Halkara gatnaşyklary institutynda Durnukly ösüş maksatlary boýunça ylmy-usulyýet merkezi açyldy. Türkmenistanyň Prezidentiniň 2021-nji ýylyň 9-njy iýulyndaky Karary esasynda Strategik barlaglar boýunça ylmy merkez hem-de Ýaş diplomatlaryň mekdebi açyldy. Täze düzümler daşary syýasatyň ugurlaryny we möhüm meselelerini ylmy esasda öwrenmek hem-de seljermek bilen baglanyşykly wezipeleri ýerine ýetirmeklige, türkmen ýaşlaryny Watanyna wepaly hyzmat etmek üçin bilim-başarnyklaryny artdyrmaklyga gönükdirilen işleri amala aşyrýar.

Hormatly Prezidentimiz 2016-njy ýylyň 16-njy fewralynda ýurdumyzyň diplomatik gullugynyň işgärlerine we «Türkmen diplomatiýasynyň taryhy, häzirki güni we geljegi» atly maslahata gatnaşyjylara iberen gutlagynda milli diploma-

tiýanyň wajyp wezipeleri barada aýratyn durup geçdi. Hususan-da, hormatly döwlet Baştutanymyz şeýle diýip nygtady: «Garaşsyz we hemişelik Bitarap döwletimiz özüniň saýlap alan daşary syýasy ugry boýunça ynamly öňe barýar. Şu nukdaýnazardan, häzirki döwürde diplomatik gullugyň kanunçylyk binýadynyň berkidilmegi, täzeçe çemeleşmeleriň we usullaryň iş ýüzünde ulanylmagy, strategik häsiýetli ylmy barlaglaryň we syýasy seljermeleriň ulgamlaýyn esasda geçirilmegi, olaryň netijelerini we toplanan baý tejribä laýyklykda uzakmöhletleýin meýilleşdirilişiniň döwrebap ýola goýulmagy möhüm wezipeleriň hatarynda durýar. Bu ugurda alnyp barylýan syýasatyň netijesinde ýurdumyzyň halkara giňişligindäki abraýy barha artýar we dünýäde tutýan orny täze belent derejelere çykýar» [4, s. 201].

Hormatly Prezidentimiziň daşary syýasy wezipeleri öwrenmek bilen baglanyşykly amala aşyrýan işleriniň netijesinde 2018-nji ýylyň 20-nji dekabrynda Türkmenistanyň Daşary işler ministrliginiň Halkara gatnaşyklary institutynyň düzüminde Türkmenistanyň diplomatiýasynyň möhüm ugurlary boýunça okuw merkezini açmak baradaky Karary uly ähmiýete eýe boldy. Bu merkeziň açylmagy ýurdumyzyň daşary syýasatynyň energetika, ulag, suw serişdeleri babatda we beýleki ugurlarda amala aşyrýan işlerini hem-de hormatly Prezidentimiziň öňe sürýän umumadamzat bähbitli başlangyçlaryny ylmy esasda öwrenmeklige itergi berdi.

Şu nukdaýnazardan, Türkmenistanyň diplomatiýasynyň möhüm ugurlary boýunça okuw merkeziniň çäklerinde amala aşyrylýan ylmy-barlag işleri we geçirilýän ýöriteleşdirilen okuwlary bu möhüm wezipeleri çözmeklige gönükdirildi. Bu işleriň netijesinde ýörite tassyklanan meýilnamalar esasynda okuw sapaklary birnäçe tapgyrda gurnaldy, ylmy-seljeriş häsiýetli makalalar çap edildi we ýurdumyzyň dürli tele-radio ýaýlymlarynda merkeziň işi bilen baglanyşykly gepleşikler taýýarlandy. Tassyklanan meýilnamalara laýyklykda ýerli we daşary ýurtly bilermenleriniň gatnaşmagynda ýöriteleşdirilen okuw sapaklary üstünlikli geçirildi we olaryň netijeleri boýunça merkeziň diňleýjileri tarapyndan ylmy-seljeriş häsiýetli maglumatlar taýýarlanyldy.

Ylmy işleri amala aşyrmak, talyplaryň ylmy endiklerini ösdürmek, halkara derejesinde hem-de ýurdumyzda geçirilýän dürli ylmy maslahatlara gatnaşmaklaryny gazanmak babatynda institutda hereket edýän ylmy gurnaklara aýratyn ähmiýet berilýär.

«Ýaş diplomatlar» ylmy gurnagynyň çäklerinde Türkmenistanyň we dünýä döwletleriniň halkara gatnaşyklarynyň we diplomatiýasynyň derwaýys meselelerini öwrenmek we ylmy-barlag tejribesini toplamak boýunça işler yzygiderli alnyp barylýar. Talyplaryň ylmy-barlag endiklerini ösdürmek we olaryň arasyndan

zehinleri saýlap, geljekde has çuňlaşdyrylan görnüşde ylmy işleri ýazmak we teklipleri taýýarlamak maksady bilen «Ýaş diplomatlar» gurnagynda dürli işler geçirilýär. Gurnaga gatnaşyjylar tarapyndan döwrüň derwaýys halkara meseleleri, aýratyn hem ulag, energetika, ekologiýa, medeniýet we saglygy goraýyş ugurlary boýunça ylmy işler alnyp barylýar.

«Ýaş hukukçylar» ylmy gurnagy halkara hukuk we deňeşdirme hukugynyň we milli kanunçylygyň derwaýys meselelerini öwrenmek boýunça işleri alyp barýar. Gurnakda hormatly Prezidentimiziň ýurdumyzy ösdürmek ugrunda amala aşyrýan işleriniň hukuk esaslary babatynda seljerme işleri geçirilýär, ýyllyk we diplom işleri taýýarlanylýar, telewideniýede, radioda, metbugatda yzygiderli wagyz-nesihat işleri amala aşyrylýar.

«Ýaş ykdysatçylar» ylmy gurnagynda dünýä ykdysadyýetiniň we halkara söwda-ykdysady gatnaşyklaryň derwaýys meseleleri öwrenilýär. Türkmenistanyň dünýä ykdysadyýetine işjeň goşulyşmagy barada ylmy-seljeriş işler amala aşyrylýar. Talyplaryň ylmy-barlag endiklerini ösdürmek we bu babatdaky başarnyklaryny artdyrmaklyga gönükdirilen çäreler geçirilýär.

«Ýaş žurnalistler» ylmy-döredijilik gurnagy talyplaryň köpçülikleýin habar beriş ulgamyna degişli ylmy işleri ýazmaga ukyplaryny kemala getirmek we kämilleşdirmek babatynda netijeli işleri alyp barýar. Ylmy-döredijilik gurnagynda halkara täzelikleri barada makalalary taýýarlamak, tele we radio gepleşikleri alyp barmagy hem-de gurnamagy öwrenmek babatynda döredijilik başarnyklaryny emele getirmek boýunça halypa mugallymlaryň ýolbaşçylygynda ylmy-nazary işler alnyp barylýar. Ýylyň dowamynda talyplaryň özara işjeňligini gazanmak maksady bilen halkara žurnalistikasy fakultetiniň toparlarynyň arasynda «Iň gowy gepleşik taýýarlamak», «Iň köp kitap okan talyp», «Metbugatda iň köp çykyş eden topar» atly bäsleşikler gurnalýar. Ýylyň dowamynda «Ýaş žurnalistler» gurnagynyň düzüminde hereket edýän «Umman» kitaphanasynyň hem kitap gory artdyrylýar. Şeýle-de, bu gurnagyň çäginde okuw studiýasy, «Ýaş diplomatyň sesi» atly elektron gazetiniň redaksiýasy, institutyň çäginde taýýarlanyp, ýaýlyma berilýän «Žurnalistiň sesi» atly radiogepleşigi hereket edýär.

«Paýhas we parasat» ylmy gurnagy talyplary jemgyýetçilik ylymlaryny öwrenmäge höweslendirmek, olarda ýurdumyzyň jemgyýetçilik-syýasy durmuşynda we halkara gatnaşyklarynda bolup geçýän möhüm syýasy-jemgyýetçilik wakalar boýunça ylmy-seljeriş, teswirleme endiklerini ösdürmek boýunça işleri amala aşyrýarlar.

Şeýle-de institutda hereket edýän «Lingvo World» ylmy gurnagy talyplaryň daşary ýurt dil başarnyklaryny kämilleşdirmek we terjime boýunça derwaýys meseleleri iş ýüzünde ylmy-amaly taýdan öwrenmek babatynda hem işleri alyp

baryýar. Gurnagyň esasy maksady talyplaryň dil baýlygyny artdyrmak, geljekki hünärlerine dil babatynda taýýarlyk görmek boýunça çäreleri amala aşyrmakdan ybaratdyr. Talyplaryň daşary ýurt dillerini öwrenmekligi höweslendirmek boýunça gurnagyň çäklerinde ýokary okuw mekdepleriniň arasynda guralýan bäsleşiklere taýýarlyk görmek, ylmy-amaly maslahatlara gatnaşmak, ýurdumyzyň umumy okuw mekdeplerinde ýurdumyzyň syýasatynyň we halkara gatnaşyklarynyň möhüm meseleleri boýunça daşary ýurt dillerinde çykyşlary gurnamaklygy amala aşyrmak boýunça işler alnyp barylýar.

Jemläp aýdylanda, halkara gatnaşyklary ugrundan hünärmenleri taýýarlamakda soňky ýyllarda oňyn milli tejribe toplanyldy. Eýýäm bu ugurdan taýýarlanan hünärmenler Türkmenistanyň Daşary işler ministrliginde, ýurdumyzyň daşary ýurtlardaky ilçihanalarynda we konsullyk edaralarynda, ministrlikleriň we pudak edaralarynyň halkara gatnaşyklary bölümlerinde, maliýe-bank we ykdysadyýet toplumynda, hukuk goraýjy edaralarda, ylmy-barlag institutlarynda, köpçülikleýin habar beriş serişdelerinde we beýleki edara-kärhanalarda zähmet çekýärler.

## EDEBIÝATLAR


1. *Gurbanguly Berdimuhamedow.* Türkmen diplomatiýasynyň möhüm wezipeleri // Türkmenistanyň daşary syýasaty we diplomatiýasy. 2011, №1, s. 5.
2. Türkmenistanyň Daşary işler ministrliginiň Halkara gatnaşyklary institutynyň döredilmeginiň bir ýyllygy mynasybetli onuň mugallymlaryna we talyplaryna gutlag (20.03.2009 ý.) // *Gurbanguly Berdimuhamedow.* Ösüşiň täze belentliklerine tarap. Saýlanan eserler. 3-nji tom. – Aşgabat, – 2010, s. 146.
3. Türkmenistanyň Daşary işler ministrliginiň Halkara gatnaşyklary institutynyň täze binasynyň açylyş dabarasynda edilen çykyş (1.09.2011 ý.) // *Gurbanguly Berdimuhamedow.* Ösüşiň täze belentliklerine tarap. Saýlanan eserler. 5-nji tom. – Aşgabat, – 2012, s. 296.
4. Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedow. Türkmenistanyň diplomatik gullugynyň işgärlerine we «Türkmen diplomatiýasynyň taryhy, häzirki güni we geljegi» atly maslahata gatnaşyjylara//Türkmenistanyň Bitaraplygy: Parahatçylygyň we ösüşiň syýasaty. Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedowyň resmi çykyşlarynyň we ýüzlenmeleriniň ýygyndysy. A:. TDNG, 2019, s. 201.
5. http://www.mgimo.ru; МГИМО-Университет: Традиции и современность. 1944–2019 / Под общ. ред. академика РАН А.В.Торкунова/. – М.: Аспект Пресс, 2019.
6. Türkmenistanyň Prezidenti ýurdumyzyň daşary syýasy ugruny amala aşyrmak meseleleri boýunça maslahat geçirdi // – «Türkmenistan» gazeti. – 2021, 10-njy fewral.

**Amangeldi RAHMANOW,**
*Türkmenistanyň Daşary işler ministrliginiň*
*Halkara gatnaşyklary institutynyň*
*Halkara gatnaşyklary we diplomatiýa kafedrasynyň müdiri,*
*Türkmenistanyň Adatdan daşary we Doly ygtyýarly Ilçisi,*
*filosofiýa ylymlarynyň kandidaty, taryh ylymlarynyň doktory, professor*

# BITARAPLYGYŇ TÜRKMEN NUSGASYNYŇ TARYHY WE ONUŇ DURMUŞA GEÇIRILMEGI

Türkmenistanyň mukaddes Garaşsyzlygynyň 30 ýyllygy, Türkmenistanyň teklibi bilen BMG-niň Baş Assambleýasy tarapyndan 2021-nji ýylyň «Halkara parahatçylyk we ynanyşmak ýyly» diýlip yglan edilmegi, şeýle hem ýurdumyzyň Garaşsyzlygynyň yzygiderli pugtalandyrylmagy jähetinden Bitaraplygyň türkmen nusgasynyň taryhyna we onuň durmuşa geçirilişine ylmy taýdan ser salmaklygyň aýratyn hem biziň şu günki günlerimizde örän uly syýasy, ylmy we amaly ähmiýete eýe bolup durýandygy düşnüklidir.

Halkymyzyň garaşsyz, hukuk, demokratik we dünýewi döwlet gurmak barada asyrlar boýy arzuw edip gelendigini biz taryhdan bilýäris. Ägirt uly totalitar döwlet bolan Sowet Soýuzynyň synmagy netijesinde 1991-nji ýylyň güýzünde Türkmenistan özüniň mukaddes Garaşsyzlygyna eýe boldy.

Garaşsyz Türkmenistan özüniň içerki we daşary syýasatynyň esasy hökmünde bitaraplyk ýörelgesini saýlap aldy. Bu ýörelge halkymyzyň asyrlaryň dowamynda emele gelen milli däp-dessurlaryndan, ýaşaýyş durmuşyndan gelip çykdy we şol ýörelge syýasat hökmünde ýurdumyzyň milli-döwlet bähbitlerine hökmany suratda laýyk gelmelidi.

Parahatçylygy söýmek, beýleki döwletleriň içerki işlerine goşulmazlyk, olaryň çäk bitewüligini we garaşsyzlygyny hormatlamak, halkara harby guramalara we şertnamalara gatnaşmazlyk, halkara meselelerini syýasy-diplomatik serişdeleriň üsti bilen çözmek ýaly Türkmenistanyň Bitaraplyk syýasatynyň ýörelgeleri hem işlenilip taýýarlanyldy. Şol ýörelgeler ýurdumyzyň Garaşsyzlygynyň ilkinji günlerinden türkmen döwleti tarapyndan iş ýüzünde durmuşa geçirilip başlandy.

1995-nji ýylyň 12-nji dekabrynda BMG-niň Baş Assambleýasy özüniň 50-nji mejlisinde Türkmenistanyň teklibi boýunça «Türkmenistanyň hemişelik Bitaraplygy» atly Rezolýusiýany kabul etdi [1]. Bu Rezolýusiýa, birinjiden, Türkmenistanyň hemişelik Bitaraplyk hukuk ýagdaýynyň sebitde parahatçylygyň

we howpsuzlygyň pugtalanmagyna ýardam etjekdigine ynam bildirdi, ikinjiden, Türkmenistan tarapyndan jar edilen onuň hemişelik Bitaraplyk hukuk ýagdaýyny ykrar etdi we goldady, üçünjiden, Türkmenistanyň Garaşsyzlygyny, özbaşdaklygyny we çäk bitewüligini hormatlamak bilen, Birleşen Milletler Guramasynyň agza döwletlerini Türkmenistanyň şu hukuk ýagdaýyny hormatlamaga we goldamaga çagyrdy. Umuman, bu möhüm resminama Türkmenistanyň Bitarap döwlet hökmünde ykrar edilendigini aňlatdy.

Häzirki wagtda Şweýsariýa, Awstriýa, Malta we Türkmenistan hemişelik Bitarap döwletlerdir. Türkmenistanyň Bitaraplyk syýasatyna käbir aýratynlyklar mahsusdyr we olar: birinjiden, bitaraplygyň türkmen nusgasynyň özüniň gelip çykyşy boýunça ykrar edilendiginden (BMG-niň Baş Assambleýasynyň «Türkmenistanyň hemişelik Bitaraplygy» atly Rezolýusiýasy), ikinjiden,Türkmenistanyň Bitaraplygynyň özüniň görnüşi boýunça hemişelikdigi, ýagny onuň wagt boýunça çäklendirilen däldiginden we onuň harby ýagdaýda-da, parahatçylykly döwürde hem hereket edýändiginden, üçünjiden, özüniň mazmuny boýunça Bitaraplygyň türkmen nusgasynyň oňynlygyndan ybaratdyr. Soňky aýratynlygy başgaça beýan etsek, onda Türkmenistanyň Bitaraplyk syýasaty sebitdäki we bütin dünýädäki ýagdaýlara işjeň täsir etmek maksadyny yzarlaýan hereketleriň syýasatydyr.

Türkmenistanyň Bitaraplyk syýasaty turuwbaşdan ýurdumyzyň daşary-syýasy we diplomatik işine aýratyn itergi berdi. 2020-nji ýylyň oktýabr aýynyň başyna çenli bolan döwürde Türkmenistan dünýäniň 149 döwleti bilen diplomatik gatnaşyklary ýola goýdy, 50-ä golaý halkara guramalaryň agzasy boldy, 150-den gowrak halkara konwensiýalaryna, şertnamalara we köptaraplaýyn resminamalara gatnaşdy.

Türkmenistanyň daşary syýasaty belli döwre niýetlenip işlenip taýýarlanylýan Konsepsiýanyň esasynda amala aşyrylýar. Konsepsiýa – munuň özi Türkmenistanyň daşary aragatnaşyklarynyň meýilnamasy ýa-da maksatnamasy däldir, ol dünýädäki ýagdaýy nazara almak bilen ylmy taýdan çuňňur işlenilen, seljerilen we çaklanylan resminamadyr. Häzirki döwürde Türkmenistanyň diplomatik gullugy döwletimiziň 2017–2023-nji ýyllar üçin niýetlenen daşary syýasatynyň Konsepsiýasyny durmuşa geçirýär.

Bu möhüm resminamadan gelip çykýan we daşary syýasaty durmuşa geçirmek bilen, Türkmenistan Aziýa we Ýuwaş ummany sebitiniň döwletleri, Orta we Ýakyn Gündogaryň, Ýewropanyň we Amerikanyň ýurtlary, abraýly halkara we sebitleýin guramalar bilen hyzmatdaşlygy ösdürmäge aýratyn üns berýär.

Birleşen Milletler Guramasy bilen Türkmenistanyň gatnaşyklary strategik häsiýete eýe bolup durýar. Türkmenistan BMG-niň Durnukly ösüşiň maksatlarynyň durmuşa geçirilmegine saldamly goşant goşýar. Türkmenistanyň BMG-niň Baş Assambleýasynyň mejlislerinde ekologiýa, energetika, suw howpsuzlygy,

ulag diplomatiýasyny ösdürmek we başga ençeme möhüm meseleler boýunça öňe süren daşary syýasy başlangyçlary dünýä bileleşiginde gyzgyn goldawa mynasyp bolýar.

Özüniň Bitaraplyk syýasatynda Türkmenistan söwda-ykdysady gatnaşyklara uly üns berýär, bu çäkde dünýäniň onlarça ýurtlary bilen hyzmatdaşlygy ösdürýär. Tebigy gazyň uly gorlaryna eýe bolmak bilen, biziň ýurdumyz dünýä bazarlaryna türkmen energetika baýlyklaryny çykarmagyň ýollaryny hem giňeldýär. Mysal üçin, 2021-nji ýylda Türkmenistan–Hytaý halkara gazgeçirijisi hereket etdi, kuwwaty ýylda 33 milliard kubometr bolan Türkmenistan–Owganystan–Pakistan–Hindistan transmilli gaz geçirijisiniň gurluşygy alnyp barylýar.

2020-nji ýylyň 22-nji iýulynda Türkmenistan Bütindünýä söwda guramasynda synçylyk hukugyna eýe boldy we bu ýagdaý, hormatly Prezidentimiz Gurbanguly Berdimuhamedowyň belläp geçişi ýaly, «Milli ykdysadyýetiň sazlaşykly ösmegini, daşary söwda gatnaşyklarda biziň garaýyşlarymyzyň pugtalanmagyny, köptaraplaýyn hyzmatdaşlygyň ösmegini, daşary ýurt maýalarynyň giňişleýin çekilmegini üpjün eder».

Türkmenistanyň hemişelik Bitaraplyk syýasatynyň parahatçylyk dörediji güýji hem bardyr. Şu jähetden, eýýäm 90-njy ýyllarda ýurdumyzyň merkezi Aşgabadyň özüni dünýäde parahatçylyk dörediji merkez hökmünde tanadyp başlandygy mälimdir. Soňky ýyllarda Türkmenistanyň parahatçylyk dörediji işi has-da işjeňleşdi.

Türkmenistan özüniň daşary syýasatynyň netijeliligini yzygiderli ýokarlandyrmak maksady bilen, öz syýasatynda öňüni alyş diplomatiýanyň meselelerine hem uly üns berýär. Türkmenistan bilen BMG-niň arasynda öňüni alyş diplomatiýanyň meseleleri boýunça hyzmatdaşlyk Türkmenistanyň bu gurama agza bolmagy bilen başlanypdy. 2007-nji ýylyň 10-njy dekabrynda ştab-jaýy Aşgabatda bolan BMG-niň Merkezi Aziýa döwletleri üçin öňüni alyş diplomatiýasynyň Sebit merkeziniň açylmagy bilen bolsa şol hyzmatdaşlyk has-da ösdi. Türkmenistanyň öz syýasatynda bitaraplygyň we öňüni alyş diplomatiýasynyň ýörelgelerini utgaşdyrmagynyň biziň şu günki günlerimizde döwletleriň arasynda özara ynamy pugtalandyrmakda, gapma-garşylykly meseleleri çözmekde aýratyn möhüm ähmiýete eýe bolup durýandygy düşnüklidir.

Türkmenistanyň daşary syýasatynda başga-da köp sanly meseleler, şol sanda we ozaly bilen howpsuzlyk, ýaragsyzlanmak meseleleri hem uly orun tutýar. Ýaragsyzlanmak parahatçylygy goramaklygyň we urşuň öňüni almaklygyň has täsirli serişdelerinden biri bolup durýar. Hut şonuň üçin hem Türkmenistan BMG-niň agzasy hökmünde bu Bütindünýä guramasy bilen dürli meseleler boýunça hyz-

matdaşlyk edýär, sebäbi onda howpsuzlyk, ýaragsyzlanmak boýunça hem täsirli ulgam hereket edýär.

Mysal üçin, BMG-niň ýardam bermegi bilen soňky ýyllarda Aşgabatda Merkezi Aziýa we Hazar sebitiniň döwletleriniň ýaragsyzlanmak meseleleri boýunça halkara maslahatlarynyň geçirilmegi, Türkmenistanyň ýaragsyzlanmak boýunça esas goýujy halkara konwensiýalara we şertnamalara goşulmagy indi däbe öwrüldi. Şol bir wagtyň özünde hem biziň ýurdumyz ýaraglaryň ýaýradylmazlygynyň we ýaragsyzlanmagyň, halkara terrorçylygyna, neşe maddalarynyň bikanun dolanyşygyna, guramaçylykly jenaýatçylyga we başga howplara we wehimlere garşy göreşiň halkara-hukuk esasyny hem yzygiderli ösdürýär we pugtalandyrýar.

Şunlukda, Türkmenistanyň Garaşsyzlyk ýyllarynyň, şol sanda onuň hemişelik Bitaraplyk syýasatynyň dünýä bileleşigi tarapyndan ykrar edileninden soňky döwrüniň görkezişi ýaly, Bitaraplygyň türkmen nusgasy halkymyzyň milli bähbitlerine doly laýyk geldi, şeýle hem ol halklaryň arasynda özara düşünişmegiň we hyzmatdaşlygyň täsirli guralyna öwrildi.

Türkmenistanyň Prezidenti hormatly Gurbanguly Berdimuhamedow ýurdumyzyň Halk Maslahatynyň 2020-nji ýylyň 25-nji sentýabrynda Aşgabatda bolup geçen mejlisinde eden çykyşynda şol laýyklygy şeýle häsiýetlendirdi: «Biziň kuwwatly döwletimiz gülläp ösmegiň, bagtly durmuşyň ülkesine öwrüldi. Bu ülkede döredijilikli zähmet dabaralanýar, adamlaryň arzuwy hasyl bolýar. Biz Watanymyzy kämil syýasy ulgamly, adalatly we demokratik jemgyýetli dünýäniň senagat taýdan ösen ýurtlarynyň hataryna çykarmak boýunça esasy maksadymyza ýetdik» [2].

## EDEBIÝATLAR


1. Türkmenistanyň hemişelik Bitaraplygy. BMG-niň Baş Assambleýasynyň Rezolýusiýasy. 1995-nji ýylyň 12-nji dekabry.
2. https://www.tdh.gov.tm/ 26.09.2020 ý.

**Begenç KARAÝEW,**
*Türkmenistanyň Daşary işler ministrliginiň*
*Halkara gatnaşyklary institutynyň*
*Halkara gatnaşyklary we diplomatiýa kafedrasynyň*
*uly mugallymy, filosofiýa ylymlarynyň kandidaty*

# SYÝASY-DIPLOMATIK IŞIŇ YLMY-TEJRIBE ÜPJÜNÇILIGI

Hormatly Prezidentimiz Gurbanguly Berdimuhamedowyň çuňňur paýhasy, başarnykly döwlet syýasaty we tutanýerli işleri mynasybetli ösüşiň we bagtyýarlygyň ak ýoly bilen barha öňe tarap barýan Türkmenistan bu gün dünýäde abraýly we uly hormat goýulýan döwletleriň öň hatarynda durýar. Bitaraplyk, parahatçylyk söýüjilik, özara bähbitli we birek-birege hormat goýmaga esaslanan hyzmatdaşlyk, halkara hukugynyň kadalaryna berk eýermek Türkmenistanyň daşary syýasatynyň we diplomatiýasynyň esasyny düzýär. BMG-niň Baş Assambleýasynyň ýörite Kararnamasy bilen Türkmenistanyň hemişelik Bitaraplygynyň ykrar edilmeginiň çärýek asyrdan gowrak döwürde biziň ýurdumyz dünýäde we sebitde parahatçylygyň, howpsuzlygyň we durnukly ösüşiň üpjün edilmegi ugrundaky tagallalara öz üniň mynasyp goşandyny goşmak bilen, belent abraýa eýe boldy.

Türkmenistanyň bitarap daşary syýasat ugry häzirki döwrüň möhüm wakalaryna gönükdirilip, tutuş sebitiň geosyýasy giňişliginde we ondan hem has giň çäklerde täze, XXI asyryň halkara hyzmatdaşlygyna mahsus bolan we iş ýüzünde özara arkalaşykly hereket etmegiň netijeli guraly bilen berkidilen talaplaryna laýyk gelýän usullaryň kemala getirilmegine ýardam berýär.

Milli Liderimiziň aýratyn nygtaýşy ýaly, Türkmenistan – bu gün dünýäde abraýly we hormat goýulýan döwletdir hem-de ol sebit durnuklylygynyň we howpsuzlygynyň aýgytlaýjy bölegini düzýär. Bitaraplyk, parahatçylyk söýüjilik, özara bähbitli we birek-birege hormat goýmaga esaslanan hyzmatdaşlyk, halkara hukugynyň kadalaryna berk eýermek ýurdumyzyň daşary syýasy ugrunyň esasyny düzýär. Bu binýatlyk esasda Türkmenistan halkara işlerine netijeli we döredijilikli çemeleşmeler arkaly gatnaşýar hem-de sebit we dünýä möçberinde parahatçylygyň, durnuklylygyň we howpsuzlygyň berkidilmegine ýardam berýär.

Türkmenistanyň milli ösüş maksatnamalarynyň üstünlikli amala aşyrylmagy, özara bähbitli hyzmatdaşlygyň ähli ugurlary boýunça netijeli gatnaşyklaryň giňelmegi üçin oňaýly syýasy şertler döredilýär. Olar Türkmenistanyň Baştutanynyň

öňe sürýän häzirki zamanyň derwaýys meseleleriniň çözülmeginiň, Ýer ýüzünde özara düşünişmegiň we ynanyşmagyň emele gelmeginiň we goldanylmagynyň, ählumumy ösüşi üpjün etmegiň hatyrasyna alnyp barylýan özara hereketleriň giňelmegini nazarlaýan halkara başlangyçlarynyň durmuşa geçirilmegine gönükdirilendir. Bu möhüm başlangyçlaryň iş ýüzünde amala aşyrylmagy Türkmenistanyň daşary syýasatynyň esasy maksatlary hökmünde kesgitlenendir.

Döwlet Baştutanymyzyň hut özüniň gönüden-göni ýolbaşçylygynda işlenilip düzülen we tassyklanan «Türkmenistanyň daşary syýasy ugrunyň 2013 – 2017-nji ýyllar üçin Konsepsiýasynyň» işjeň ýagdaýda durmuşa geçirilmegi bilen, türkmen diplomatiýasy halkara gatnaşyklary giňişliginde täze gözýetimleri açdy. Bu Konsepsiýa Türkmenistanyň milli we ählumumy abadançylyk bähbitlerini öz içine alýan bitaraplyk ýörelgelerine esaslanan daşary syýasatyny hil taýdan täze derejä götermek maksady bilen taýýarlanyldy. Bu daşary syýasy resminamanyň esasynda häzirki zamanyň uniwersal akymlarynyň strategik taýdan paýhas eleginden geçirilmegi we olaryň toplumlaýyn seljerilmegi, Türkmenistanyň halkara gatnaşyklaryndaky tutýan orny bilen bagly düýpli garaýyşlarynyň we uzak möhletli bähbitleriniň döredijilikli esasda çuňňur öwrenilmegi bilen, dünýäde global ösüşe mundan beýläk hem giňden goşulyşmaga gönükdirilen maksat goýuldy.

Bu strategik resminamanyň çäklerinde öňde goýlan sepgitleriň amala aşyrylyşyna düýpli seljeriş bermek bilen, Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedow 2021-nji ýylyň 9-njy fewralynda ýurdumyzyň daşary syýasy ugruny durmuşa geçirmek meseleleri boýunça geçiren maslahatynda anyk wezipeleri kesgitledi. Olaryň hatarynda baky Bitarap Türkmenistanyň milli diplomatiýasynyň geljekki nesillerini ýetişdirmek we terbiýelemek, ylmy ösdürmek we kämilleşdirmek barada anyk we uzak möhletleýin hem-de maksatlaýyn işleri toplumy bilen açyp görkezdi. Türkmenistanyň Prezidenti iş maslahatynda syýasy-diplomatik işiň ylmy taýdan berkidilmegine aýratyn üns berdi. Hususan-da, milli Liderimiz döwletimiziň we jemgyýetimiziň ösüşiniň esaslaryny öwrenmäge hem-de ylmy seljermesine, Bitarap Türkmenistanyň içeri we daşary syýasatyna, mähriban halkymyzyň taryhy-medeni gymmatlyklaryny hem-de däp-dessurlaryny wagyz etmäge berilýän ünsüň örän wajypdygyny nygtady. Türkmenistanyň diplomatik gullugynyň işgärleriniň ýokary hünär derejeli bolmagynyň we zehinli ýaş diplomatlary taýýarlamagyň şu ýokary okuw mekdepleriniň baş maksatlarynyň biri bolmalydygyny belledi. Şonuň bilen baglylykda, döwlet Baştutanymyz häzirki döwrüň talabyna laýyklykda, Halkara gatnaşyklary institutynda hem-de Halkara ynsanperwer ylymlary we ösüş uniwersitetinde täze hünär ugurlaryny açmagyň ýagdaýyny seljermegi, hususan-da, geljekde dürli sebitler, şol sanda Gündogary öwreniş, Amerika we

Ýewropa ýurtlary, sanly diplomatiýa, kiberhowpsuzlyk, seljeriş we strategik meýilleşdiriş boýunça ýöriteleşen hünärmenleri taýýarlamagyň mümkinçiligini öwrenmegi tabşyrdy. Bilim bermek ulgamynda innowasion we sanly tehnologiýalary giňden ulanmak bilen, ylmy-pedagogik düzümiň ýokary derejede taýýarlykly bolmagyny gazanylmalydyr. Şonuň üçin mugallymlaryň hünär taýdan kämilligine uly üns berilmelidir. Milli Liderimiz bu ugurda daşary ýurtly hyzmatdaş okuw mekdepleri bilen tejribe alşyp, zerur bolanda hünäri kämilleşdiriş okuwlaryna gatnaşmagyň üpjün edilmelidigini belledi.

Hormatly Prezidentimiz Gurbanguly Berdimuhamedow Türkmenistanyň Daşary işler ministrliginiň Halkara gatnaşyklary institutynyň täze binasynyň açylyş dabarasynda eden çykyşynda (1.09.2011 ý.) şeýle belledi: «Biz giň halkara hyzmatdaşlyk ugruny, Türkmenistanyň daşarky dünýä üçin açykdygyny yglan edip, şu maksatlaryň amala aşyrylmagynyň bizden berk ulgamlaýyn esasda halkara meseleleri bilen meşgullanjak ýokary hünärli hünärmenleri, bütin dünýäde biziň ýurdumyza mynasyp wekilçilik etmäge ukyply, öz işiniň hakyky ussatlaryny taýýarlamagy talap edýändiginden ugur aldyk» [1., 288 s.].

Öňde goýlan belent wezipeler milli diplomatiýanyň ýokary mekdebinde ylmy-barlag işleriniň çürt-kesik güýçlendirilmegini, jemgyýetiň sazlaşykly ösüşine, ýurdumyzyň durmuş-ykdysady taýdan okgunly ösmegine hem-de halkara giňişliginde abraýynyň barha artmagyna ýardam edýän ugurlar boýunça teoretiki we amaly gözlegleriň hil we mazmun taýdan täze, döwrebap derejelere çykarylmagynyň zerurlygyna şaýatlyk edýär.

Türkmenistanyň ulag, energetika, suw, ylym we sport diplomatiýasynyň ylmy esaslaryny işläp düzmek we açyp görkezmek maksady bilen, professor-mugallymlaryň hem-de talyplaryň bu ugurda alyp barýan ylmy-barlag işleriniň gerimini giňeltmek babatynda hem anyk wezipelere üns berilýär.

Hormatly Prezidentimiziň bütindünýä hem-de sebit syýasatynyň möhüm ugurlary boýunça öz çykyşlarynda yzygiderli öňe sürýän halkara başlangyçlary munuň aýdyň mysalydyr. Bu ýerde gürrüň, hususan-da, Türkmenistanyň howpsuzlygyň bitewüligi we bölünmezligi hakynda täze Konsepsiýanyň işlenilmeginiň möhümligi, ähli halkara meseleler çözülende syýasy-diplomatik serişdeleri ulanmak baradaky Jarnamany işläp taýýarlamak, Merkezi Aziýa sebitinde asudalygy üpjün etmek boýunça hemişelik hereket edýän Parahatçylyk we hyzmatdaşlyk forumyny döretmek, Owganystandaky ýagdaýyň parahatçylykly, syýasy ýollar arkaly durnuklylaşdyrylmagyna we bu goňşy ýurduň durmuş-ykdysady taýdan dikeldilmegine ýardam bermek, dünýäde energetika howpsuzlygyny üpjün etmek, döwrebap we howpsuz halkara ulag düzümini döretmek bilen bagly meseleleri ara alyp maslahatlaşmak, BMG-niň Çölleşmä garşy göreşmek hakyndaky Konwensiýasyna

giryän ýurtlaryň ýokary derejeli duşuşygyny geçirmek, Merkezi Aziýada we Hazar sebitlerinde howanyň üýtgemegi bilen bagly tehnologiýalar boýunça Sebitleýin merkezi döretmek ýaly sebitleýin we ählumumy ähmiýetli möhüm meseleler boýunça gymmatly başlangyçlary barada barýar. Bu we beýleki daşary syýasy başlangyçlar şu günki gün tutuş adamzadyň öňünde durýan möhüm meseleleriň çözgüdine barha saldamly goşant bolup durýarlar. Hut, şonuň üçin hem, Türkmenistanyň Lideriniň başlangyçlary we teklipleri dünýä bileleşiginiň ýokary bahasyna we giň goldawyna mynasyp bolýar.

Türkmenistanyň daşary syýasy ýörelgeleriniň yzygiderli we maksadalaýyk amala aşyrylmagy goňşy we beýleki döwletler bilen syýasy, söwda-ykdysady we gumanitar ugurlar boýunça alyp barýan gatnaşyklaryny has-da pugtalandyrmaga hem-de ösdürmäge mümkinçilik berýär. Dünýäde Türkmenistana bolan gyzyklanmanyň has-da artmagy bilen, halkara giňişliginde uzak möhletli we köpugurly gatnaşyklar ýola goýulýar. Türkmenistanyň diplomatik aragatnaşyklarynyň geografiýasy Aziýa yklymynyň ähli döwletlerini, Ýewropa döwletleriniň köpüsini, şeýle hem Amerikanyň we Afrikanyň iri döwletlerini öz içine alýar.

Türkmenistanyň halkara giňişliginde tutýan ornunyň we ähmiýetiniň ýokarlanmagy bilen bilelikde ýurdumyzyň geoykdysady strategiýasy hem anyk görnüşlere eýe bolýar. Täze transkontinental ulag-aragatnaşyk ugurlarynyň, energiýa serişdeleriniň dünýä bazaryna çykarylmagynyň has tygşytly ýollarynyň we beýleki iri möçberli taslamalarynyň yzygiderli öňe sürülmegi we durmuşa geçirilmegi türkmen döwletiniň «Açyk gapylar» syýasatynyň iş ýüzünde üstünlikli durmuşa geçirilmeginiň mysallary bolup durýar.

Türkmenistanyň giň möçberli halkara söwda-ykdysady gatnaşyklarynyň ösüş depginleri dünýä ýurtlary bilen köptaraplaýyn hyzmatdaşlygyň diwersifikasiýasy esasynda üpjün edilýär. Ýurduň industrial ösüş ýoluna geçmegi daşary ykdysady aragatnaşyklaryň senagat pudaklarynyň ösüşini we ykdysadyýetiň döwrebaplaşmagyny ilkinji nobatda goldaýan täze görnüşde ýaýbaňlanmagyny şertlendirýär. Bu babatda Türkmenistanyň beýleki döwletler bilen bilelikdäki hökümetara toparlary düýpli ähmiýete eýedir we olarda ikitaraplaýyn netijeli hyzmatdaşlygyň ýollary ara alnyp maslahatlaşylýar.

Türkmenistanyň Bitaraplygyny ylmy taýdan öwrenmekde dürli derejelerde, şol sanda ýokary derejede yzygiderli geçirilýän halkara maslahatlary hem uly ähmiýete eýedir. Bu babatda, aýratyn hem, Türkmenistanyň hemişelik Bitaraplygynyň 15 ýyllygy mynasybetli Aşgabatda geçirilen «Türkmenistanyň hemişelik Bitaraplygy: parahatçylygyň, howpsuzlygyň we ösüşiň hatyrasyna hyzmatdaşlyk» (11-nji dekabr, 2010 ý.) we «Bitaraplyk we parahatçylyk ýyly» diýlip yglan edilen 2015-nji ýylyň 12-nji dekabrynda geçirilen «Bitaraplyk syýasaty:



3. Sargyt № 2479

parahatçylygyň, howpsuzlygyň we ösüşiň hatyrasyna halkara hyzmatdaşlygy» atly ýokary derejeli halkara maslahatlaryny görkezmek bolar. Şeýle maslahatda, bitaraplyk syýasatynyň halkara tejribesi bilen bilelikde, ylmy-teoretiki meseleler hem öz beýanyny tapýar, halkara gatnaşyklary ylmy täze garaýyşlar we pikirler bilen baýlaşýar.

2020-nji ýylyň 7-nji dekabrynda BMG-niň Baş Assambleýasynyň 75-nji mejlisinde Türkmenistanyň başlangyjy boýunça «Halkara parahatçylyga, howpsuzlygy we durnukly ösüşe goldaw bermekde hem-de berkitmekde bitaraplyk syýasatynyň orny we ähmiýeti» atly Kararnamanyň biragyzdan kabul edilmegi döwletimiziň we milli Liderimiziň halkara abraýynyň berkeýänligine şaýatlyk edýär. BMG-a agza döwletleriň 34-siniň awtordaşlygynda kabul edilen bu wajyp resminama bitaraplyk syýasatynyň häzirki döwürde ählumumy gün tertibinde durýan wajyp meseleleriň çözgüdinde möhüm orun eýeleýändigini tassyklaýar. Şeýle hem 2020-nji ýylyň 27 – 28-nji noýabrynda Yslam Hyzmatdaşlyk Guramasynyň Daşary işler ministrleriniň geňeşiniň 47-nji mejlisinde biziň ýurdumyzyň başlangyjy boýunça «Yslam Hyzmatdaşlyk Guramasy sebitinde hem-de tutuş dünýäde halkara parahatçylygy, howpsuzlygy we durnukly ösüşi saklamakda hem-de pugtalandyrmakda bitaraplyk syýasatynyň orny» atly Kararnamanyň biragyzdan kabul edilmegi hem Türkmenistanyň sebit we yklym derejesindäki alyp barýan hoşniýetli syýasatyna bolan giň goldawy aňladýar.

Bitaraplygyň Merkezi Aziýa sebitinde we onuň goňşy çäklerinde ylalaşdyryjy gural hökmündäki wajyp ornuny BMG-niň howandarlyk etmeginde Aşgabatda bolup geçen täjigara we owganara parahatçylykly gepleşikleriň netijeleri hem subut etdi. Şeýlelik bilen, Türkmenistan sebitde syýasy durnuklylygy saklamak we goldamak, hoşniýetli goňşuçylygy, dostlugy we hyzmatdaşlygy ösdürmekde BMG-niň ygtybarly we netijeli hyzmatdaşyna öwrüldi. Türkmenistanyň Prezidentiniň teklibi bilen 2007-nji ýylyň dekabrynda Aşgabatda BMG-niň Merkezi Aziýada Öňüni alyş diplomatiýasy boýunça Sebit merkeziniň açylmagy hem dünýä jemgyýetçiligi tarapyndan bildirilen uly ynamyň şaýatnamasy boldy. Şeýlelik bilen, Türkmenistanyň mysalynda bitaraplyk halkara syýasatynyň obýekti bolup durmakdan has işjeň ýagdaýa, ýagny halkara syýasatynyň subýekti derejesine çenli göterildi.

Hormatly Prezidentimiziň Türkmenistanyň hemişelik Bitaraplygynyň şanly 25 ýyllygyna bagyşlanyp 2020-nji ýylyň 12-nji dekabrynda geçirilen «Halkara parahatçylygy, howpsuzlygy saklamakda we pugtalandyrmakda hem-de durnukly ösüşi üpjün etmekde bitaraplyk syýasatynyň orny» atly halkara maslahatynyň dabaraly mejlisinde eden çykyşynda nygtaýşy ýaly, munuň özi öz wagtynda amala aşyrylan we öňdengörüjilikli ädime öwrüldi hem-de Merkeziň işi halkara bileleşiginiň ýokary bahasyna mynasyp boldy. Onuň işiniň jemlerine baha bermek

bilen, BMG-niň Howpsuzlyk Geňeşi öňüni alyş diplomatiýasynyň işiniň, Merkezi Aziýada dawalaryň irki döwürde öňüni almak wezipesiniň wajyp ähmiýete eýedigini birnäçe gezek belledi we bu düzümiň işine yzygiderli goldaw berdi. 2017-nji ýylda Türkmenistanyň başlangyjy boýunça BMG-niň Baş Assambleýasy «Birleşen Milletler Guramasynyň Merkezi Aziýa üçin Öňüni alyş diplomatiýasy boýunça Sebit merkeziniň orny» atly Kararnamany kabul etdi. Oňa ähli yklymlara degişli döwletleriň 57-si awtordaş bolup çykyş etdi.

2020-nji ýylyň 22-nji aprelinde Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedowyň Birleşen Milletler Guramasynyň Baş Sekretary jenap Antoniu Guterriş bilen telefon arkaly söhbetdeşligi geçirildi. Söhbetdeşligiň barşynda taraplar derwaýys häsiýete eýe bolan halkara meselelerini, şol sanda halkara jemgyýetçiligi üçin aýratyn jogapkärli bolan häzirki döwürde halklaryň we ýurtlaryň hemmetaraplaýyn hyzmatdaşlygynyň ýola goýulmagynyň zerurlygyny ara alyp maslahatlaşdylar. Taraplar BMG-niň utgaşdyryjy hökmündäki ähmiýetini belläp geçmek bilen, adamzadyň giň geografik çäkleri gurşap alýan täze wehim bilen ýüzbe-ýüz bolýanlygyna we onuň dünýäniň aglaba döwletlerine mahsus bolan adaty ýaşaýyş ýörelgelerini düýpgöter üýtgedýän täsirine aýratyn üns berdiler.

Bu gepleşikde hormatly Prezidentimiziň nygtaýşy ýaly, BMG-niň häzirki çylşyrymly döwürde dünýäde durnuklylygy saklamak boýunça durmuşa ornaşdyrýan tagallalary raýdaşlyk ýagdaýlaryny ýüze çykarmak bilen, döwletleriň ählisiniň utgaşdyrylan hereketleri üçin özboluşly esas bolup hyzmat edýär.

2020-nji ýylyň 28-nji maýynda BMG-niň howandarlygynda Türkmenistanyň başlangyjy bilen Durnukly ösüş maksatlaryny durmuşa geçirmegi maliýeleşdirmek babatda halkara maslahatyň netijeleri boýunça kabul edilen Bilelikdäki Beýannamasy Birleşen Milletler Guramasynyň Baş Assambleýasynyň 74-nji mejlisiniň resminamasy hökmünde kabul edildi we ol BMG-niň alty resmi dilinde çap edilip, agza ýurtlaryň arasynda resmi taýdan ýaýradyldy. Iň ýokary halkara derejesinde ykrar edilen resminama ýene bir gezek Türkmenistanyň Prezidentiniň paýhasly we öňdengörüjilikli daşary syýasatynyň hem-de parahatçylykly diplomatiýasynyň Milletler Bileleşigi tarapyndan çuňňur goldanylýanlygyna şaýatlyk etdi. Hakykat ýüzünde, munuň özi Bitarap Türkmenistanyň ählumumy parahatçylyga, abadançylyga we durnukly ösüşi üpjün etmäge goşýan goşandynyň we bu ugurdaky ählumumy tagallalara işjeň gatnaşýanlygynyň nobatdaky aýdyň subutnamasyna öwrüldi.

Şol resminamada bellenilişi ýaly, bu uly ähmiýetli halkara forumynyň jemleýji beýannamasy «kynçylyklary, hususan-da, koronawirus ýokanjynyň (COVID-19) pandemiýasy zerarly ýüze çykan ykdysady, durmuş we maliýe häsiýetli kynçylyklary ýeňip geçmek meselelerini ara alyp maslahatlaşmak

maksady bilen» kabul edildi. [2] Aşgabat forumynda 2020-nji ýylyň 23-nji aprelinde wideoaragatnaşyk arkaly geçirilen ösüşi maliýeleşdirmek ulgamynda soňraky çäreler boýunça Ykdysady we Durmuş Geňeşiniň bäşinji forumynyň netijelerine, 2019-njy ýylyň 12-nji awgustynda Türkmenbaşy şäherinde geçirilen birinji Hazar ykdysady forumynyň, 2019-njy ýylyň 15-nji we 16-njy noýabrynda Almata şäherinde geçirilen «Durnukly ösüş ulgamynda maksatlary durmuşa geçirmek üçin maliýe serişdelerini gönükdirmek» atly Durnukly ösüş maksatlary boýunça birinji sebit sammitiniň netijelerine seredildi. Şeýle hem 2018-nji ýylyň 20-nji we 21-nji iýunynda Aşgabat şäherinde geçirilen «Beýik Ýüpek ýolunyň ýüreginde ösüşi maliýeleşdirmek üçin hyzmatdaşlyk» atly halkara maslahatyň jemlerine esaslanmak bilen, 2002-nji ýylyň Monterreý konsensusynda, 2008-nji ýylyň ösüşi maliýeleşdirmek hakyndaky Doha Jarnamasynda, 2030-njy ýyla çenli döwür üçin Gün tertibiniň aýrylmaz bölegi bolup durýan ösüşi maliýeleşdirmek boýunça üçünji Halkara maslahatyň hereketleriniň Addis-Abeba maksatnamasynda görkezilen maksatlara ýetmek üçin bilelikdäki tagallalary işjeň dowam etmek barada yglan edildi. Halkara guramalarynyň ýokary derejeli wekilleriniň bellemeklerine görä, Türkmenistan COVID-19 wehiminiň ýüze çykan ilkinji günlerinden başlap Birleşen Milletler Guramasy, onuň ýöriteleşdirilen edaralary we agentlikleri, ilkinji nobatda, Bütindünýä Saglygy goraýyş guramasy bilen iş gatnaşyklaryny ysnyşykly, işjeň ýagdaýda ýola goýdy.

Ýokarda aýdylanlar bilen baglylykda, 2020-nji ýylyň 29-njy maýynda Bütindünýä Saglygy goraýyş guramasynyň Baş Direktory Tedros Gebreýesus tarapyndan öňe sürlen COVID-19-a garşy tehnologiýalaryň ygtyýarlyk Platformasyna goşulýandygy barada Türkmenistanyň ilkinjileriň hatarynda resmi taýdan mälim edenligini hem belläp geçmek zerur. Bu ädimiň Türkmenistanyň Prezidenti tarapyndan alym-lukmanlaryň halkara geňeşiniň döredilmegi bilen birlikde ylmy diplomatiýanyň netijeli gurallarynyň ilerledilmegi barada öňe süren oňyn başlangyçlary bilen sazlaşykly utgaşýanlygyna aýratyn üns bermek zerurdyr.

Mälim bolşy ýaly, Türkmenistanyň häzirki ýagdaýlardaky hereketleri Bütindünýä Saglygy goraýyş guramasynyň COVID-19 koronawirusynyň tutuş dünýäde ýaýramagynyň öňüni almak maksady bilen işlenip düzülen tekliplerine doly laýyk gelýär. Munuň hut şeýledigine Türkmenistanyň Prezidentiniň Bütindünýä Saglygy goraýyş guramasynyň Baş Direktory Tedros Gebreýesusyň adyna ýollan haty BMG-niň Baş Assambleýasynyň 74-nji sessiýasynyň resminamasy hökmünde beýan edilmegi we onuň aýratyn maglumat hökmünde BMG-niň resmi dillerine terjime edilip ýaýradylmagy hem aýdyň şaýatlyk edýär.

Bütindünýä Saglygy goraýyş Assambleýasynyň 2020-nji ýylyň 18–19-njy maýynda onlaýn görnüşinde geçirilen 73-nji sessiýasynyň barşynda Bütindünýä

Assambleýasynyň jemleri boýunça kabul edilen we netijeli derman serişdelerine we tehnologiýalaryna, howply ýokanç keselleriň öňüni alyş we bejeriş usulyýetlerine ählumumy, öz wagtynda, gyradeň, erkin we adalatly elýeterlilik we şeýle elýeterlilige päsgel berýän, adalatly bolmadyk böwetleriň aradan aýrylmagynyň ýörelgelerini biragyzdan tassyklan «COVID-19-a garşy jogap» atly Kararnamasyny Türkmenistanyň goldandygyny hem aýratyn bellemek zerurdyr. Şunuň bilen birlikde Türkmenistan pandemiýa garşy global jogabyň taýýarlanylmagynda we utgaşdyrylmagynda Bütindünýä Saglygy goraýyş guramasynyň ähmiýetli öňdebaryjy ornuny gürrüňsiz ýagdaýda goldaýandygyny tassyklady.

«Bitaraplyk syýasaty we onuň halkara parahatçylygy, howpsuzlygy we durnukly ösüşi üpjün etmekde ähmiýeti» atly halkara maslahatynyň jemleýji resminamasynda bellenilişi ýaly, bu maslahata gatnaşyjylar bar bolan serişdeleriň çäklerinde, degişli ugurlarda ýöriteleşen bilermenler we guramalar tarapyndan okuw sapaklaryny hem-de okuw tejribelerini geçirmek arkaly bitaraplyk syýasatyna degişli barlaglary geçirmek we bilimleri ýaýratmak maksady bilen halkara hukugynda hem-de halkara gatnaşyklarynda bitaraplyk syýasatynyň taglymyny we iş tejribesini öwrenmek boýunça okuw hem-de ylmy-barlag merkezlerini döretmek boýunça Türkmenistan tarapyndan ozal öňe sürlen başlangyçlary goldap, Bitaraplyk taglymyny ösdürmegiň zerurdygyny nygtadylar.

Türkmenistanyň Prezidenti 2021-nji ýylyň 18-nji fewralynda döwletimiziň diplomatik işgärleriniň güni mynasybetli we «Türkmenistanyň diplomatiýasy – onuň taryhy, häzirki döwri, geljegi» atly ylmy maslahatyň öz işine başlamagy bilen iberen gutlagynda Bitaraplyk syýasatynyň ylmy we tejribe taýdan düýpli öwrenilmegine uly üns berilýänligi barada aýratyn nygtap geçdi.

Türkmenistanyň BMG-niň ýanyndaky ilkinji wekili, alym we diplomat, professor A.Rahmanowyň nygtaýşy ýaly, diplomatik gulluk ägirt uly akyl sarp etmegi talap edýän, örän inçe, çylşyrymly we agyr zähmetiň toparyna degişlidir. Şonuň üçin hem ol diplomatik işgärleriň seçilip alynmagyna, olaryň taýýarlanylmagyna we täzeden taýýarlanmagyna aýratyn talaplary bildirýär. Şu jähetden, eger-de XXI asyryň başyndaky ýaş türkmen diplomatyna baha bermekdäki ölçegler barada gürrüň edilende, onda biziň pikirimizçe, şol diplomat durmuşy gowy bilmelidir we adamlaryň häsiýetine düşünmelidir, täze syýasy, ykdysady, hukuk, maglumat jähetinden täzeçe pikirlenmäni başarmalydyr, daşary ýurt dillerini kämil derejede bilmelidir, hormatly Prezidentimiz Gurbanguly Berdimuhamedowyň başlangyjy bilen başy başlanan giň möçberli özgertmeleri durmuşa geçirmäge işeňňir gatnaşmalydyr, ylmy seljerme we çaklama endiklerini ele alan, ýokary medeniýetli we ýokary ahlakly, öz işine ýokary jogapkärçilik duýguly, ýokary iş ukyply işgär bolmalydyr [3., 35 s.].

Munuň özi bolsa daşary syýasat we diplomatiýa, halkara gatnaşyklary ugrunda iş alyp barýan ylmy işgärleriň öňünde uly we jogapkärli wezipeleriň durýanlygyny ýene bir gezek subut edýär.

### EDEBIÝATLAR


1. *Gurbanguly Berdimuhamedow.* Ösüşiň täze belentliklerine tarap. Saýlanan eserler. 5-nji tom – A.: TDNG, 2012.
2. www.un.org
3. Rahmanow A. Türkmenistanyň diplomatik hünärmenlerini taýýarlamakdaky ylmy-nazary we guramaçylyk işleriniň tejribesi // Türkmenistanyň daşary syýasaty we diplomatiýasy. – 2011, – №1.



**Begenç MÄTLIÝEW,**
*Türkmenistanyň Daşary işler ministrliginiň*
*Halkara gatnaşyklary institutynyň*
*ylmy işler boýunça prorektory*


## TÜRKMENISTAN – GARAŞSYZ DÖWLETLERIŇ ARKALAŞYGY: SEBITDE PARAHATÇYLYK, HOWPSUZLYK WE DURNUKLY ÖSÜŞ UGRUNDA HYZMATDAŞLYK

Hormatly Prezidentimiz Gurbanguly Berdimuhamedowyň parahatsöýüjilikli daşary syýasy strategiýasynyň üstünlikli amala aşyrylmagy bilen Türkmenistanyň halkara abraýy yzygiderli ösýär we barha berkeýär. Milli Liderimiziň öňe sürýän häzirki zamanyň derwaýys wezipelerine jogap berýän halkara başlangyçlarynyň we teklipleriniň yzygiderli durmuşa geçirilmegi bolsa Türkmenistanyň dünýä we sebit syýasatyndaky ähmiýetli ornunyň binýadyny has-da düýpli mazmun bilen baýlaşdyrýar.

Bitarap Türkmenistanyň daşary syýasatynyň möhüm ugurlarynyň biri hökmünde işjeň hyzmatdaşlygy ösdürýän halkara guramalarynyň hatarynda Garaşsyz Döwletleriň Arkalaşygy (GDA) aýratyn orun tutýar. Türkmenistan GDA-nyň döwletleri bilen gatnaşyklary hoşniýetli erk-islegiň, taryhy taýdan emele gelen dostlukly däpleriň, deňhukukly, özara bähbitli uzakmöhletleýin hyzmatdaşlyk ýörelgelerinde alyp barýar. Taryhy ösüş nukdaýnazaryndan Türkmenistan GDA giňişli-

ginde özüniň içki parahatçylygyny we syýasy durnuklylygyny üpjün eden ýeke-täk diýen ýaly döwlet bolmagy bilen tapawutlandy. Şol bir wagtda-da, Türkmenistan oňyn bitaraplyk daşary syýasatyny alyp barmak bilen sebit howpsuzlygyny üpjün etmekde we berkitmekde özüniň gymmatly goşandyny goşdy.

Garaşsyz Döwletleriň Arkalaşygynyň hereket edip başlamagynyň ilkinji ädimlerinden başlap, onuň çäklerinde durnuklylygy we howpsuzlygy üpjün etmek meselesi tutuş Ýewraziýa giňişligi üçin ähmiýetli wezipäni emele getirdi. Aýratyn hem bu yklymyň strategik merkezinde ýerleşen Merkezi Aziýa sebitinde howpsuzlygy üpjün etmek meselesi aýratyn derwaýys häsiýete eýe boldy. GDA giňişliginde aýratyn hem milletara we etniki dawalara ýol bermezlik, guramaçylykly jenaýata, bikanun neşe söwdasyna we beýleki wehimlere garşy göreşmek, serhetüsti jedelleri parahatçylykly çözmek meseleleri sebitde parahatçylygy we howpsuzlygy üpjün etmegiň ileri tutulýan wezipelerini emele getirdi.

Käbir hasaplamalara görä, Sowet Soýuzynyň dargan pursadynda diňe Merkezi Aziýa sebitinde elliden gowrak çäk-etniki jedelli meseleleri bolupdyr [1, s. 314]. Şunuň bilen baglylykda, GDA giňişligi dünýä derejesinde derwaýys häsiýete eýe bolmak bilen, geçen asyryň 90-njy ýyllarynda howpsuzlyk taýdan iň durnuksyz sebitleriň birine öwrüldi.

Türkmenistan GDA döredilenden bäri onuň çäklerinde parahatçylygy we howpsuzlygy üpjün etmekde aýratyn orny eýeleýär. Bu babatda, aýratyn hem GDA-nyň döredilmeginde we onuň binýatlyk resminamalarynyň hem-de ýörelgeleriniň kabul edilmeginde Türkmenistanyň wajyp orun eýeländigini görkezmek bolar. Hususan-da, Aşgabatda 1991-nji ýylyň 12-nji dekabrynda bolan Merkezi Aziýa döwletleriniň Baştutanlarynyň duşuşygynyň we 1993-nji ýylyň 24-nji dekabrynda kabul edilen Aşgabat Jarnamasynyň ykbal çözüji taryhy ähmiýetini nygtamak zerurdyr [2, s. 41-46].

Türkmenistan GDA babatynda onuň geňeş häsiýetli, emma gatnaşyjy agzalaryň üstünden ýolbaşçylyk ediji wezipeli düzüm bolmaly däldiginiň tarapdary bolup çykyş edip geldi. Bu babatda Türkmenistanyň Hökümetiniň 2005-nji ýylyň 13-nji maýynda bolan mejlisinde aýgytlaýjy görnüşde beýan edildi [3]. Netijede, 2005-nji ýylyň 26-njy awgustynda Kazan şäherinde bolan GDA-nyň sammitinde guramanyň täze tertipnamasy ara alnyp maslahatlaşylanda açyk beýan edildi.

GDA-nyň döwlet Baştutanlarynyň bu sammitinde Türkmenistanyň GDA assosirlenen agza bolmak baradaky hatyna seredildi we degişli çözgüt kabul edildi. Türkmenistanyň bitaraplyk hukuk ýagdaýynyň nazarda tutulmagy bilen GDA döwletleriniň Baştutanlary Türkmenistanyň Arkalaşyga hakyky dostluk hem-de hyzmatdaşlyk ruhunda assosirlenen agza hökmünde dowam etdirjekdigi baradaky Beýannamany kabul etdiler.

Türkmenistanyň GDA bilen ýakyn hyzmatdaşlygynyň täze döwri 2007-nji ýyldan başlandy diýilse hakykata laýyk bolar. 2007-nji ýylyň 10-njy iýunynda Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedow XI Sankt-Peterburg halkara ykdysady forumyna we GDA-nyň sammitine gatnaşdy we oňyn pikir-garaýyşlary öňe sürdi. 2007-nji ýylyň 5-nji oktýabrynda Duşenbe şäherinde GDA-nyň mundan beýläk ösüşiniň Konsepsiýasy kabul edildi. Bu resminamada Türkmenistanyň Bitarap döwlet hökmündäki garaýyşlary öz beýanyny tapdy. Hususan-da, bu Konsepsiýanyň 1.1 maddasynda şeýle diýilýär: «Garaşsyz Döwletleriň Arkalaşygy – bu deň hukukly garaşsyz döwletleriň hyzmatdaşlygynyň görnüşidir we ol halkara bileleşigi tarapyndan ykrar edilen sebit döwletara guramasydyr. Onuň häsiýetli aýratynlyklary hökmünde döwletara gatnaşyklarynyň tas ähli pudaklaryna özara hereketleriň bolmagy, bilelikdäki hyzmatdaşlygyň gurallarynyň we görnüşleriniň çeýe bolmagydyr. GDA Arkalaşygyň çäklerindäki köptaraplaýyn hyzmatdaşlygy ylalaşmak we amala aşyrmak boýunça döwletara gepleşiklerini geçirmegiň wajyp guralydyr» [4].

Bu Konsepsiýada Türkmenistanyň sebitde howpsuzlyk meselelerine Bitaraplyk ýörelgelerine esaslanyp çemeleşýänligine hem belli bir derejede hormat bildirildi. Bu babatda Konsepsiýanyň 1.2. maddasynda şu görnüşde beýan edilýär: «Garaşsyz Döwletleriň Arkalaşygy on iki özygtyýarly döwletiň howpsuzlygyny, durnuklylygyny we özara hereketlerini üpjün etmekde ähmiýetli orna eýedir. Aýratyn alnan agza döwletleriň özleriniň milli bähbitleri mynasybetli GDA-nyň edaralarynyň işine we kabul edilýän resminamalaryna çäklendirilen görnüşde gatnaşmagy Arkalaşykda düşünmek we hormat goýmak bilen garalýar. Munuň özi GDA agza döwletleriň Arkalaşygyň mundan beýläkki ösüşiniň ähli nusgalaryna seretmekde päsgelçilik döretmeýär» [4].

Türkmenistanyň Prezidenti 2008-nji ýylyň 10-njy oktýabrynda Gyrgyzystanyň paýtagty Bişkek şäherinde bolan GDA döwletleriniň Baştutanlarynyň sammitiniň netijeleri boýunça, şeýle-de, Merkezi Aziýa döwletleriniň baştutanlarynyň duşuşygynda sebit howpsuzlygynyň derwaýys meseleleri babatynda garaýyşlaryny yglan etdi. Şunuň bilen baglylykda, Türkmenistanyň Prezidenti sebitiň suw-energiýa howpsuzlygynyň meselelerini çözmeklige gönükdirilen möhüm halkara başlangyçlarynyň birnäçesini öňe sürdi [5].

Birinjiden, Merkezi Aziýanyň suw serişdeleriniň netijeli peýdalanylmalydygy bilen baglanyşykly ähli meseleleriň çözülmeginiň özara hormat we umumy ykrar edilen kadalar hem halkara hukugynyň ýörelgeleri esasynda amala aşyrylmalydygy baradaky düýpli garaýyşy uly ähmiýete eýedir. Bu barada aýdylanda, ilkinji nobatda, Birleşen Milletler Guramasynyň degişli Konwensiýalary göz öňünde tutulýar. Ol konwensiýalar serhetýaka derýalary, akar-çeşmeleri we halkara

köllerini bilelikde ulanmaklygy, şeýle-de serhetýaka babatdaky daşymyzy gurşap alan tebigaty goramaklygy kadalaşdyrýar.

Ikinjiden, Türkmenistanyň serhetdeş döwletler bilen suw meselelerini özara bähbitleri doly göz öňünde tutup çözmeklikde oňyn tejribesiniň barlygyna ünsi çekdi. Bu tejribäniň halkara-hukuk binýady hökmünde serhetýaka derýalarynyň suw serişdelerinden peýdalanmaklyk baradaky ikitaraplaýyn ylalaşyklaryň esasynda amala aşyrylýanlygy aýdyldy. Ol ylalaşyklarda suwy harçlamaklygyň özara bähbitleriň ýörelgelerine esaslanýandygy görkezilýär.

Üçünjiden, milli Liderimiz sebit howpsuzlygynyň wajyp meseleleriniň hatarynda suw serişdeleri ulanylanda ekologiýa we daşky gurşawy goramak, azyk üpjünçiligi, tebigata zyýan ýetirmezlik ýaly ýörelgeleriň berjaý edilmelidigini aýratyn nygtady.

Dördünjiden, sebitde suw bilen bagly islendik meseläniň özara bähbitli çemeleşmeler arkaly çözülmeginiň mizemezligi tekrarlandy. Mysal üçin, elektrik energiýasyny öndürmek we sarp etmek babatynda-da, Merkezi Aziýa döwletlerinde suw serişdelerini oba hojalyk önümçiligine we durmuş zerurlyklaryna sarp etmekde-de hyzmatdaşlygy göz öňünde tutulýar.

Bäşinjiden, Türkmenistanyň Prezidentiniň teklibi boýunça, agzalan duşuşyga BMG-niň Merkezi Aziýa üçin Öňüni alyş diplomatiýasy boýunça Sebit merkeziniň ýolbaşçysynyň hem gatnaşmagy möhüm çözgüt boldy we meseleleri ara alyp maslahatlaşmaga aýratyn esas döretdi. Sebäbi munuň özi sebitiň wajyp meselelerini, şol sanda suw-energetika babatynda hem halkara guramalarynyň, ilkinji nobatda, Birleşen Milletler Guramasynyň gatnaşmagynda çözmelidigi babatda uly ähmiýete eýe boldy.

Altynjydan, serhetýaka derýalarynyň we suw howdanlarynyň serişdelerini peýdalanmak meselesine halkara hukugynyň çäklerinde seretmek bilen, ol meseläniň ählumumy meseleler bilen özara baglanyşygy aýdyldy. Şu sebäpli hem Türkmenistanyň Prezidenti Merkezi Aziýa sebitiniň suw-energetika meselelerini ara alyp maslahatlaşmagyň toplumlaýyn guralyny BMG-niň gözegçiliginde işläp düzmegiň zerurlygy baradaky pikir-garaýşyny aýan etdi.

Türkmenistanyň 2012-nji we 2019-njy ýyllarda GDA başlyklyk etmegi hyzmatdaşlygyň täze derejelere çykmagyna mümkinçilik berdi.

GDA-nyň Döwlet Baştutanlarynyň Geňeşiniň 2011-nji ýylyň 3-nji sentýabrynda Duşenbe şäherinde bolan mejlisinde Türkmenistanyň 2012-nji ýylda GDA-da başlyklyk etmegi baradaky karar kabul edildi. Şeýlelikde, Türkmenistan tarapyndan «2012-nji ýylda GDA-da başlyklyk etmek baradaky Türkmenistanyň konsepsiýasy» we «2012-nji ýylda GDA-da başlyklyk etmek baradaky Türkmenistanyň konsepsiýasyny durmuşa geçirmek boýunça çäreleriň Meýilnamasy» işlenip düzüldi.

Türkmenistan 2012-nji ýylda Garaşsyz Döwletleriň Arkalaşygynyň başlygy bolmak bilen, GDA agza ýurtlaryň arasyndaky däp bolan dostlukly, hoşniýetli goňşuçylyk gatnaşyklaryny hemmetaraplaýyn pugtalandyrmaga, umumy bähbitlere laýyk gelýän netijeli hyzmatdaşlygy ösdürmäge ýardam etdi.

Türkmenistanyň Prezidentiniň Başlyklyk etmeginde 2012-nji ýylyň 5-nji dekabrynda Aşgabatda Garaşsyz Döwletleriň Arkalaşygynyň döwlet Baştutanlarynyň Geňeşiniň mejlisi geçirildi. Mejlisde Türkmenistanyň Prezidentiniň başlangyjy bilen kabul edilen «Hemmetaraplaýyn gatnaşyklary mundan beýläk-de ösdürmek hakynda Garaşsyz Döwletleriň Arkalaşygyna gatnaşýan döwletleriň Baştutanlarynyň Jarnamasy» aýratyn bellärliklidir. Bu Jarnamada ýurdumyzyň Bitaraplyk ýörelgeleri esas goýujy ähmiýete eýe boldy. Strategik ähmiýetli bu resminamanyň düýp manysy onuň şu esasy häsiýetleri bilen kesgitlenýär, ýagny: birinjiden, Jarnama Garaşsyz Döwletleriň Arkalaşygynyň 21 ýylda gazanan oňyn tejribelerine esaslanýar; ikinjiden, Jarnama Arkalaşygyň içinde häzirki wagtda bar bolan ýagdaýlary hakyky tarapdan beýan edýär; üçünjiden, Jarnama uly döwletara bileleşigi bolan Garaşsyz Döwletleriň Arkalaşygynyň geljekki ösüşiniň baş ugurlaryny özünde jemleýär.

Mälim bolşy ýaly, Türkmenistan 2019-njy ýylda GDA-nyň baştutanlygyny üstünlikli amala aşyrdy we munuň özi döwletara gatnaşyklarynda täze we netijeli ugurlaryň emele gelmegine itergi berdi. Türkmenistan ählumumy ykdysadyýetiň üýtgäp durýan we çalt depginler bilen ösýän, täze ykdysady merkezleriň kemala gelýän, ähli ýerlerde innowasiýalaryň, sanly tehnologiýalaryň ornaşdyrylýan döwründe Arkalaşygyň çäklerinde, şeýle hem beýleki döwletler, halkara ykdysady birleşikleri bilen özara hyzmatdaşlygyň täze, döwrebap ulgamlarynyň we nusgalarynyň zerurlygyny öňe sürmek bilen möhüm başlangyçlar bilen çykyş edýär. Hususan-da, Türkmenistanyň başlangyjy bilen işlenip taýýarlanan we 2019-njy ýylyň 11-nji oktýabrynda Aşgabatda geçirilen Garaşsyz Döwletleriň Arkalaşygynyň döwlet Baştutanlarynyň Geňeşiniň mejlisinde kabul edilen «GDA agza döwletleriň strategik ykdysady hyzmatdaşlygy hakyndaky Jarnama» möhüm ähmiýete eýedir. Milli Liderimiz bu barada aýtmak bilen şeýle nygtaýar: «Ählumumy bäsdeşlik şertlerinde bu işi çalt we netijeli ýerine ýetirmelidiris. Şundan ugur almak bilen, Türkmenistanyň başlangyjy boýunça GDA agza döwletleriň strategik ykdysady hyzmatdaşlygy hakyndaky Jarnamanyň taslamasy işlenip taýýarlanyldy. Resminama tutuş Arkalaşygyň hem-de GDA agza döwletleriň her biriniň ykdysady bähbitlerini amala aşyrmaga ylalaşykly çemeleşmeleri kemala getirmäge gönükdirilendir» [6].

Türkmenistanyň Garaşsyz Döwletleriň Arkalaşygyna ýolbaşçylyk etmek bilen, agza ýurtlaryň arasyndaky däp bolan dostlukly, hoşniýetli goňşuçylyk gat-

naşyklaryny hemmetaraplaýyn pugtalandyrmaga, umumy bähbitlere laýyk gelýän netijeli hyzmatdaşlygy ösdürmäge ýardam edenligini bellemek bolar.

Türkmenistan bilen GDA-nyň gatnaşyklarynyň halkara-hukuk binýadynyň düzümine üns berlende şu sanlary getirip bolar: Türkmenistan GDA-nyň derejesinde 1991-nji ýyldan başlap 2020-nji ýylyň 31-nji maýy aralygynda gol çekilen jemi 37 resminamanyň 14 sanysyna goşuldy. Şol bir wagtda-da, resminamalaryň 10 sanysynda görkezilen borçlary doly ykrar edýänligi barada olaryň 8 sanysyny tassyklamak we 2 sanysyna goşulmak ýoly bilen aýan etdi. [7].

Şeýlelikde, Türkmenistan Garaşsyz Döwletleriň Arkalaşygynyň çäklerinde ikitaraplaýyn we köptaraplaýyn gatnaşyklary yzygiderli ösdürmeklige gönükdirilen daşary syýasaty amala aşyrmak bilen, Arkalaşygyň çäklerindäki hyzmatdaşlygyň netijeli bolmagyna anyk we saldamly goşant goşýandygyny iş ýüzünde subut etdi. Ýokarda getirilen deliller, Türkmenistanyň özüniň hemişelik Bitaraplyk halkara-hukuk ýagdaýyna gyşarnyksyz eýermek bilen, GDA giňişliginde açyklyk we özara ynam, dostluk we hoşniýetlilik, milli we ählumumy bähbitlere hormat goýmak, parahatçylygy we howpsuzlygy saklamak, durnukly ösüşi üpjün etmek, söwda-ykdysady, medeni we ynsanperwerlik ugurlarda hyzmatdaşlygy ösdürmeklige gönükdirilen daşary syýasaty alyp barýandygy we onuň guramanyň çäklerinde goldaw tapýandygynyň aýdyň subutnamasydyr.

## EDEBIÝATLAR


1. Türkmenistanyň Prezidentiniň daşary syýasy inisiatiwalary: işjeňlik, anyklyk we il-halkyň abadanlygyna gönükdirilen maksatlardan ugur almak // – «Türkmenistan». 2008-nji ýylyň 21-nji oktýabry.
2. Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedowyň Garaşsyz Döwletleriň Arkalaşygynyň döwlet Baştutanlarynyň Geňeşiniň mejlisinde eden ÇYKYŞY (Aşgabat, 2019-njy ýylyň 11-nji oktýabry). // «Türkmenistanyň daşary syýasaty we diplomatiýasy». 2019, № 4.
3. Ланцов С. Политическая конфликтология. – Санкт-Петербург, 2008.
4. Лебедев С. Роль нейтрального Туркменистана в Содружестве Независимых Государств// Внешняя политика и дипломатия Туркменистана. 2015, №3.
5. http://www.turkmenistan.ru/ru/node/16896.
6. http://www.cis.minsk.by/page/18763.
7. http://www.cis.minsk.by/reestr/ru/index.html#reports/rat/stats.

**Merdan BERDINYÝAZOW,**
*Türkmenistanyň Daşary işler ministrliginiň Halkara gatnaşyklary institutynyň halkara gatnaşyklary we diplomatiýa kafedrasynyň mugallymy*

# TÜRKMENISTANYŇ ÄHLUMUMY PARAHATÇYLYGY WE HOWPSUZLYGY ÜPJÜN ETMEK BOÝUNÇA HALKARA TAGALLALARY

Halkara giňişliginde ýurdumyzyň milli-döwlet bähbitlerini yzygiderli goramak, döwletiň we jemgyýetiň parahatçylykly hem-de durnukly ösmegi, adam mümkinçiliginiň açylmagy, şahsyýetiň bähbitleriniň we hukuklarynyň berjaý edilmegi üçin amatly daşarky şertleri üpjün etmek Türkmenistanyň daşary syýasatynyň ileri tutulýan baş ugry bolup durýar. Türkmen döwletiniň gülläp ösmeginiň, onuň dünýädäki abraýynyň barha artmagynyň we täsirli ornunyň berkemeginiň esasynda, ilkinji nobatda, hormatly Prezidentimiziň alyp barýan döwlet syýasaty we onuň aýrylmaz bölegi bolan daşary syýasaty dur.

Türkmenistanyň daşary-syýasy işleriniň esasy maksatlary ýurdumyzyň howpsuzlygynyň toplumlaýyn we ygtybarly ulgamyny üpjün etmek, onuň Garaşsyzlygyny, özygtyýarlylygyny we çäkleriniň bitewüligini gorap saklamak hem-de berkitmek bolup durýar. Şeýle hem berk we uzak möhletli parahatçylygy, strategik durnuklylygy we howpsuzlygy halkara hukugynyň we Birleşen Milletler Guramasynyň Tertipnamasynyň umumylykda ykrar edilen kadalary esasynda üpjün etmekde halkara bileleşiginiň tagallalaryna işjeň ýardam bermegini yzygiderli dowam edýär.

Türkmenistanyň daşary syýasat babatdaky işiniň esasy wezipesi parahatçylygy, durnuklylygy we howpsuzlygy ähłumumy we sebit möçberlerinde hemmetaraplaýyn pugtalandyrmakdan ybaratdyr. Şu babatda ähłumumy howpsuzlygy üpjün etmek meselesine öz çemeleşmelerini kesgitlemek bilen, Türkmenistan şu düşünjäniň bitewüliliginden we bölünmezliginden, onuň aýry-aýry taraplarynyň – geosyýasy, harby, ykdysady, energetik, azyk, ekologiýa, tehnogen we beýleki taraplarynyň özara baglanyşyklydygyndan ugur alýar.

Halkara howpsuzlygy meselesinde esas goýujy hökmünde Türkmenistanyň Prezidentiniň howpsuzlygyň bitewüligi we bölünmezligi baradaky konseptual garaýşy aýratyn ähmiýete eýedir. Şu babatda Türkmenistanyň goňşy Owganystanda parahatçylygy ykrar etmek we kadaly durmuşy ýola goýmak baradaky

öňe süren halkara başlangyçlary mysal getirmek bolar. Mälim bolşy ýaly, Türkmenistan bu ýurtda parahatçylykly gepleşikleri geçirmek üçin BMG-niň howandarlygynda öz syýasy giňişligini teklip etdi.

Aýratyn üns bermeli mesele, ol hem, Türkmenistanyň parahatçylygy goramagyň we saklamagyň kepili we halkara giňişliginde bähbitleri sazlaýjy, howpsuzlygyň bar bolan binýadyny durnuklaşdyryjy bolan Birleşen Milletler Guramasy bilen ýakyndan hyzmatdaşlygy alyp barylýan aýratyn ähmiýetli we netijeli ugur bolup durýar.

Türkmenistanyň BMG bilen hyzmatdaşlygynyň esasynda bu guramanyň wezipeleriniň, ozaly bilen, Orta Aziýa hem-de Hazar sebitlerinde döwletara gatnaşyklaryny sazlaşykly we durnukly ýola goýmak, durnukly ykdysady, ýaşaýyş-durmuş we ynsanperwer ösüş üçin esasy şert hökmünde sebitleýin parahatçylygy we howpsuzlygy üpjün etmegiň berk gurallaryny döretmek boýunça özüniň uzak möhletleýin milli maksatlarynyň laýyk gelmegi durýar [1].

Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedowyň baştutanlygynda işlenilip düzülen «Bitarap Türkmenistanyň daşary syýasat ugrunyň 2017–2023-nji ýyllar üçin Konsepsiýasy» biziň döwletimiziň parahatsöýüjilikli daşary syýasatynyň anyk ýörelgelere we aýdyň maksatlara esaslanmak bilen, ulgamlaýyn esasda amala aşyrylýandygyna şaýatlyk edýär.

Türkmenistanyň toplumlaýyn durmuşa geçirýän parahatçylyk döredijilik we ählumumy hyzmatdaşlygy ysnyşdyrmak işiniň möhüm sepgidi 2019-njy ýylyň 12-nji sentýabrynda BMG-niň Baş Assambleýasynyň 73-nji mejlisiniň dowamynda hormatly Prezidentimiziň başlangyjy bilen 2021-nji ýyly «Halkara parahatçylyk we ynanyşmak ýyly» diýip yglan etmek hakyndaky Kararnamanyň biragyzadan kabul edilmeginde aýdyň ýüze çykýar.

Şunuň bilen birlikde, Türkmenistanyň Bitaraplygynyň hereket edýän nusgasy dünýä diplomatiýasynyň tejribesine gaýtalanmajak goşant bolup, dawalaryň öňüni almak we jedelleri çözmek, parahatçylygy gorap saklamak we howpsuzlygy üpjün etmek ýaly çylşyrymly meselelere çözgüt tapmakda syýasy-diplomatik usullary işläp taýýarlamak we amala aşyrmak işinde netijeli gural bolup durýar. Bitarap Türkmenistanyň daşary syýasat ugry milli ösüşiň uzakmöhletli meýilnamalaýyn maksatlarynyň durmuşa geçirilmegi üçin oňyn halkara şertleri döredýär.

Türkmenistanyň hormatly Prezidentiniň öňe süren halkara gatnaşyklary ulgamynda ýüze çykýan meseleleri çözmekde syýasy-diplomatik serişdeleri we usullary peýdalanmak boýunça konseptual teklipleri sebitde parahatçylyk we howpsuzlyk meselelerini çözmek nukdaýnazaryndan özara ylalaşylan çemeleşmeleri işläp taýýarlamak boýunça giňişligi döretmek üçin binýat bolup durýar. Hususan-da, Türkmenistan Owganystana we onuň halkyna içerki syýasy meseleleriniň düz-

günleşdirilmegine, ykdysadyýetiniň dikeldilmegine ýardam berip, uzak möhletiň dowamynda ynsanperwerlik kömegini berýändigini iş ýüzünde aýdyň görkezýär. Muňa Owganystana ýardam bermek boýunça Aşgabatda geçirilen iri halkara forumlary, ähmiýetli desgalaryň, şol sanda demir we awtomobil ýollarynyň, elektrik geçirijileriniň, durmuş maksatly desgalaryň we beýlekileriň gurlup, ulanylmaga berilmegi şaýatlyk edýär.

Dünýä bileleşigi Türkmenistanyň Bitaraplygynyň ählumumy derejede ýüze çykýan meseleleriň oňyn çözülmegine we parahatçylygy pugtalandyrmak işine goşýan goşandyny yzygiderli ykrar edýär. BMG-niň Baş Assambleýasynyň 75-nji mejlisinde Türkmenistanyň başlangyjy boýunça hem-de milletler bileleşigine agza döwletleriň biragyzdan goldamagynda «Halkara parahatçylygy, howpsuzlygy saklamakda we pugtalandyrmakda hem-de durnukly ösüş işinde bitaraplyk syýasatynyň orny» atly Kararnamanyň kabul edilmegi munuň aýdyň mysaly bolup çykyş edýär [2].

Bu resminamada BMG-niň agza döwletleri, beýleki halkara, sebit hem-de sebitara guramalary dawalary parahatçylykly ýol arkaly kadalaşdyrmakda, gapma-garşylyklaryň öňüni almakda we çözmekde Bitarap döwletleriň mümkinçiliklerinden peýdalanmaga çagyrylýar. Munuň özi halkara parahatçylygy üpjün etmek işinde Türkmen Bitaraplygynyň tejribesiniň ägirt uly ähmiýete eýe bolýanlygyny we onuň mümkinçilikleriniň halkara meseleleriň çözülmegine ýardam etmek babatynda peýdalanylmagynyň wajyplygyny görkezýär.

Şunuň bilen birlikde, Türkmenistan halkara hyzmatdaşlygynyň hem-de häzirki zamanyň möhüm meselelerini çözmäge syýasy-diplomatik çemeleşmäniň dünýä derejesinde nusga alarlyk tejribesine eýedir. Biziň ýurdumyz ählumumy derejede syýasy-diplomatik, ykdysady, medeni-ynsanperwer we beýleki çärelere işjeň gatnaşýar hem-de parahatçylygy we howpsuzlygy pugtalandyrmakda, durnukly ösüşi we durmuş-ykdysady taýdan öňe gitmegi üpjün etmek-de özüniň geljegi uly bolan mümkinçiliklerini netijeli ulanýar. Bu ugurda halkara bileleşiginiň agzalarynyň biragyzdan goldamagynda ýurdumyzda 2007-nji ýylyň dekabrynda Birleşen Milletler Guramasynyň Merkezi Aziýa üçin Öňüni alyş diplomatiýasy boýunça Sebit merkeziniň döredilmeginiň möhüm ähmiýeti bardyr. Ýurdumyzyň başlangyjy boýunça döredilen sebit merkezi parahatçylyk we ynanyşmak ýörelgesiniň aýdyň ýüze çykmasy hökmünde, döwletleriň arasynda has ysnyşykly hyzmatdaşlygy höweslendirmegiň we şeýle hyzmatdaşlyga ýardam bermegiň, ýagdaýyň mümkin bolan çylşyrymlaşmagyna çenli dartgynlylygyň bolup biljek ojaklaryny ýüze çykarmagyň we ýok etmegiň, parahatçylyga hem-de howpsuzlyga içerki we transmilli wehimlere we howplara garşy çäreleri görmegiň hem-de sebitde

durnukly ösüşe goldaw bermegiň hasabyna sebit meselelerini çözmekde Merkezi Aziýa döwletlerine ýardam bermekde möhüm orny eýeleýär.

Milli Liderimiziň belleýşi ýaly, Garaşsyz, Bitarap Türkmenistan döwletimiz özgertmeler ýoly bilen ynamly gadam urýar. Mähriban Watanymyzda durmuşa geçirilýän oňyn özgertmeler milli ykdysadyýetimizi pugtalandyrmak, önümçiligi sazlaşykly we durnukly ösdürmek, ýurdumyzyň agzybir halkynyň durmuş derejesini, abadançylygyny ýokarlandyrmak üçin oňyn şertleri üpjün edýändigini bellemek bilen, hormatly Prezidentimiz «Döwlet adam üçindir!» diýen syýasatymyzyň baş maksadynyň halkymyzyň bagtyýar we abadan durmuşyny üpjün etmekden ybaratdygy baradaky baş wezipäni öňe sürýär. Bu babatda, ýurdumyzyň parahatsöýüjilikli daşary syýasatynyň üstünlikli alnyp barylmagy Berkarar döwletimiziň bagtyýarlyk döwründe ýurdumyzda beýik işleriň giň möçberlerde durmuşa geçirilmeginde özüniň ähmiýetini we mynasyp ornuny mundan beýläkde ösdürer.

## EDEBIÝATLAR


1. Merkezi Aziýa döwletleriniň Baştutanlarynyň konsultatiw duşuşygynyň bilelikdäki beýannamasy (Daşkent şäheri, 2019-njy ýylyň 29-njy noýabry). https://www.mfa.gov.tm/
2. https://www.mfa.gov.tm/



**Gapbar HALLYÝEW,**
*Türkmenistanyň Daşary işler ministrliginiň*
*Halkara gatnaşyklary institutynyň*
*dünýä dilleri kafedrasynyň mugallymy*


# DURNUKLY ÖSÜŞ MAKSATLARY WE OLARYŇ DURMUŞA GEÇIRILMEGINDE HEMIŞELIK BITARAP TÜRKMENISTANYŇ NUSGALYK TAGALLALARY

Garaşsyz Türkmenistan döwletimiz özüniň BMG-niň Baş Assambleýasynyň Kararnamalary bilen berkidilen hemişelik Bitaraplyk derejesiniň 25 ýyllygyny giňden belläp geçdi. Bitaraplyk derejesi ýurdumyza Ýer ýüzünde ylalaşdyryjy merkez hökmünde belent abraýa eýe bolmaga, ykdysadyýetde, durmuş ulgamynda,

türkmen jemgyýetiniň ruhy-medeni durmuşynda üstünlikleri gazanmakda ägirt uly mümkinçilikleri berdi.

Häzirki wagtda Türkmenistan dünýäniň ähli döwletleri, şol sanda iri halkara guramalary bilen ýakyndan hyzmatdaşlyk edýär. Ýurdumyzyň ählumumy parahatçylygy, abadançylygy we durnukly ösüşi üpjün etmekde goşýan saldamly goşandy dünýä jemgyýetçiliginiň giň goldawyna eýe bolýar. Munuň şeýledigine Garaşsyz, Bitarap Türkmenistanyň Birleşen Milletler Guramasynyň Baş Assambleýasynyň mejlisleriniň başlygynyň orunbasarlygyna, has takygy, 58-nji, 62-nji, 64-nji, 68-nji, 71-nji we 75-nji mejlisleriniň wise-başlyklygyna, şeýle hem bu guramanyň abraýly edaralarynyň düzümine ençeme gezek saýlanmagy aýdyň şaýatlyk edýär.

Adamzadyň ýaşaýşy we ösüşi bilen daşky gurşaw aýrylmaz baglanyşykly hem bolsa, ol dünýä jemgyýetçiliginiň ünsüni diňe 1950-nji ýyllarda çekip başlady. Şol ýyllardaky ýüze çykan ekologik betbagtçylyklar we bu babatda alnyp barlan ylmy-barlag işleri dünýä jemgyýetçiligini bu meseleleriň oňyn çözülmesi babatda herekete geçirdi

1972-nji ýylda BMG-niň Stokgolm maslahatynda ekologiýa bilen bagly meseleler global ähmiýetli meseleler hökmünde kesgitlenildi we 5-nji iýun «Daşky gurşawy goramak boýunça bütindünýä güni» hökmünde yglan edildi. Hormatly Prezidentimiziň başlangyjy boýunça Daşky gurşawy goramagyň bütindünýä güni Türkmenistanda diňe bir bu ugurda işleýän hünärmenler üçin däl-de, eýsem, tutuş türkmen jemgyýeti üçin aýratyn bellenilýän baýramçylyklaryň birine öwrüldi.

Daşky gurşaw meseleleriniň has-da çylşyrymlaşmagy 1983-nji ýylda Bütindünýä daşky gurşaw we ösüş toparynyň döredilmegine getirdi. Bu topar 1987-nji ýylda «Biziň umumy geljegimiz» ady bilen resmi hasabaty taýýarlady. Onda «durnukly ösüş» adalgasy giňişleýin beýan edilip, ol geljekki nesilleriň isleglerini kanagatlandyrmak mümkinçiliklerine howp salman, häzirki döwrüň nesilleriniň isleglerini kanagatlandyrmagyň hasabyna ösüş hökmünde beýan edildi [1].

Mälim bolşy ýaly, Birleşen Milletler Guramasynyň Baş Assambleýasynyň 70-nji sessiýasynda 2030-njy ýyla çenli Durnukly ösüş maksatlary boýunça Gün tertibi kabul edildi. Durnukly ösüş maksatlary dünýäde ähli adamlaryň parahatçylykda we bagtyýarlykda ýaşamagy üçin ählumumy çagyryşdyr. 2000-nji ýylda kabul edilen we 2015-nji ýylda tamamlanan «Müňýyllygyň ösüş maksatlary» Durnukly ösüş maksatlaryny işläp düzmekde berk binýat boldy we ondan aýratynlykda Durnukly ösüş maksatlary bütindünýä howanyň maýlamagy, ykdysady deňsizlik, innowasiýa, durnukly sarp ediş, parahatçylyk ýaly täze ugurlary hem öz içine aldy. Durnukly ösüş maksatlary boýunça Gün tertibini işläp düzmäge ýurdumyzyň işjeň gatnaşandygy aýratyn bellärliklidir.

Türkmenistan Birleşen Milletler Guramasyna agza ýurtlaryň arasynda Durnukly ösüş maksatlaryny ähli 17 ugry boýunça resmi taýdan kabul eden ilkinji döwletleriň biridir. Bu bolsa ýurdumyzyň 2030-njy ýyla çenli Durnukly ösüş boýunça Gün tertibini iş ýüzünde amala aşyrmaga işjeň gatnaşýandygyna şaýatlyk edýär. Ýurdumyz öz üstüne alan borçnamalaryny ýerine ýetirmek maksady bilen Durnukly ösüş maksatlaryny gazanmak boýunça maksatnamalaryň toplumyny işläp taýýarlady we ony üstünlikli amala aşyrýar.

Durnukly ösüş maksatlary öz içine esasy üç ugry ykdysady, durmuş we ekologiýa ugurlaryny alýar. Ykdysady ugur serişdeleriň oýlanyşykly ulanylmagyny göz öňünde tutýan bolsa, durmuş ugry adamzadyň ösüşine, durmuş we medeni ulgamyň durnuklylygynyň üpjün edilmegine gönükdirilendir, ekologiýa ugry bolsa tebigy ulgamlaryň howpsuzlygynyň üpjün edilmeginde jemlenýär.

Döwletimiziň 2030-njy ýyla çenli Durnukly ösüş boýunça Gün tertibini iş ýüzünde amala aşyrmaga işjeň gatnaşmagy, öz nobatynda, ylmy-usulyýet binýadynyň döredilmeginiň zerurdygyny şertlendirdi. Şunuň bilen baglylykda, hormatly Prezidentimiziň Kararyna laýyklykda 2017-nji ýylda Türkmenistanyň Daşary işler ministrliginiň Halkara gatnaşyklary institutynda Durnukly ösüş maksatlary boýunça Ylmy-usulyýet merkezi döredildi. Onuň esasy maksady Durnukly ösüşiň 2030-njy ýyla çenli gün tertibini durmuşa ornaşdyrmagy üpjün etmek hem-de degişli ylmy-usulyýet işlerini geçirmekden ybaratdyr. Häzirki wagtda Durnukly ösüş maksatlary boýunça Ylmy-usulyýet merkezinde BMG bilen hyzmatdaşlykda ýurdumyzyň ministrlikleriniň we pudak edaralarynyň hünärmenleriniň gatnaşmagynda Durnukly ösüş maksatlary boýunça okuw sapaklary yzygider gurnalýar. Bu bolsa öz gezeginde jemgyýetimiziň Durnukly ösüş maksatlary babatynda maglumat derejesiniň ýokarlanmagyna we ol Maksatlar bilen baglanyşykly meselelere has-da çuňňur düşünmeklerine ýardam edýär. Şeýle hem, bu Ylmy-usulyýet merkezinde Durnukly ösüşiň 2030-njy ýyla çenli Gün tertibini durmuşa ornaşdyrmagyny üpjün etmäge gönükdirilen ylmy-usulyýet işleri alnyp barylýar.

Türkmenistan demokratik we hukuk jemgyýetini gurmak üçin zerur şertleriň döredilmegine ähmiýet berýär. Şunuň bilen baglylykda, Adam hukuklary boýunça Ygtyýarly wekiliň – Adalatçynyň instituty döredildi. Ol adam hukuklary babatda Hereketleriň milli meýilnamasyny we bu ugurdaky beýleki möhüm Maksatnamalary amala aşyrýar. Şeýle hem, döwletimizde zenanlaryň hukuklary we mümkinçilikleri artdyrylýar. Olaryň ýurdumyzyň ykdysady, syýasy we medeni durmuşyna hemmetaraplaýyn gatnaşmagy üçin deň mümkinçilikler döredilýär.

Adamzadyň bolelin, abadan ýaşaýşy üçin ýurtda azyk howpsuzlygynyň doly ýagdaýda üpjün edilmegi möhümdir. Türkmenistan azyk howpsuzlygy meselelerini



4. Sargyt № 2479

döwlet derejesinde doly çözdi. Muňa mysal edip, 2015-nji ýylda Birleşen Milletler Guramasynyň Azyk we oba hojalyk guramasynyň (FAO) Türkmenistany azyk howpsuzlygyny üpjün etmek ulgamynda gazanan üstünlikleri üçin ýörite baýrak bilen sylaglamasyny görkezmek bolar. Ýurdumyzyň 2011-nji ýylda ilkinji gezek gallany eksport edýän ýurtlaryň hataryna girmegi hem aýratyn bellärliklidir.

Watanymyzda ýaş nesillerimiziň ylymly-bilimli sagdyn bolup ýetişmekleri üçin döwlet tarapyndan ähli mümkinçilikler döredilýär. Türkmenistanda umumy orta bilimiň on iki ýyllyk ulgamy hereket edýär. Çagalaryň fiziki sagdynlyk, okatmak we durmuş üpjünçiligi babatdaky ösüşinde ýokary görkezijilere ýetildi, häzirki zaman talaplaryna laýyk gelýän täze mekdepler, ýörite we ýokary okuw mekdepleri yzygider gurulýar. Ýurtda ilatyň sowatlylyk derejesi 99.9 göterime barabardyr [2, 23 s.].

Saglygy goraýyş ulgamynda hem ýetilen sepgitler, gazanylan üstünlikler örän uludyr. Ýurdumyzda iri saglygy goraýyş, lukmançylyk merkezleri açylyp ulanylmaga berilýär. Şunda esasy wezipe keseliň öňüni almakdan, adamlaryň saglygyny gorap saklamakdan ybaratdyr. Häzirki wagtda «Saglyk» Döwlet maksatnamasy üstünlikli durmuşa geçirilýär. Bu maksatnama ilatyň ýokary hilli lukmançylyk hyzmatlary bilen üpjün edilmegine we oňa ählumumy elýeterliligiň bolmagyna mümkinçilik bermek bilen bir hatarda, raýatlarymyzyň saglygyny berkitmäge, ömür dowamlylygyny has-da artdyrmaga ägirt uly itergi berdi. Sagdyn durmuş ýörelgesini giňden ýaýratmak we jemgyýetiň howpsuzlygyny üpjün etmek boýunça milli kanunçylygymyz yzygider kämilleşdirilýär.

Ýurdumyzyň Durnukly ösüşiň möhüm bölegi bolan ekologiýa ugry babatynda ählumumy hyzmatdaşlyga mynasyp goşant goşýandygy aýratyn bellärliklidir. Howanyň üýtgemegi, ozon gatlagynyň weýran bolmagy, çölleşmek howpy, arassa agyz suwunyň ýetmezçiligi, ösümlikleriň we haýwanlaryň biodürlüliginiň kemelmegi ýaly wehimler häzirki döwrüň çözülmesi möhüm meseleleri bolup durýar. Bu meseleleriň oňyn çözgüdi ählumumy derejede durnukly ösüş maksatlaryna ýetmegiň möhüm şertidir.

Häzirki wagtda ýurdumyz iri halkara düzümler bilen ýakyn hyzmatdaşlykda ekologiýa howpsuzlygyny üpjün etmäge gönükdirilen maksatnamalaryň onlarçasyny amala aşyrýar. Bu ugra degişli döredijilikli halkara başlangyçlarynyň ençemesini Birleşen Milletler Guramasynyň Baş Assambleýasynyň mejlislerinde, şol sanda beýleki iri halkara maslahatlarda öňe sürüldi. Olaryň hatarynda Aşgabatda Merkezi Aziýa boýunça howanyň üýtgemegi bilen baglanyşykly tehnologiýalar babatda sebit merkezini açmak, Birleşen Milletler Guramasynyň Suw strategiýasyny işläp taýýarlamak, Aral deňziniň sebiti üçin Birleşen Milletler Guramasynyň Ýörite

maksatnamasyny taýýarlamak we beýleki umumadamzat bähbitli halkara başlangyçlar bardyr.

Türkmenistan halkara ekologiýa hyzmatdaşlygyny işjeň amala aşyrmak bilen, Hazar deňziniň ekologiýasyny gorap saklamagyň meselelerini çözmekde ähli tagallalary edýär. Türkmenistan Hazar deňziniň ygtybarly ekologiýa gorag ulgamyny döretmäge, bu ugur boýunça halkara hyzmatdaşlygyny giňeltmäge, Hazar sebitiniň ägirt uly tebigy serişdelerini, ulag-üstaşyr we energetika kuwwatyny netijeli peýdalanmaga möhüm ähmiýet berýär. Mälim bolşy ýaly, 2019-njy ýylyň awgust aýynda Birinji Hazar ykdysady forumy üstünlikli geçirildi we ol dünýä jemgyýetçiliginiň giň seslenmesine eýe boldy. Şeýle hem, Birinji Hazar ykdysady forumyň geçirilmegi Bitarap Türkmenistanyň halkara we sebit hyzmatdaşlygyny pugtalandyrmakda möhüm ornunyň aýdyň subutnamasy boldy. Ol forumyň jemleýji Beýannamasy BMG-niň Baş Assambleýasynyň 73-nji sessiýasynyň resminamasy hökmünde kabul edildi.

Häzirki wagtda Aral deňzi meselesi dünýäde çözülmesi wajyp bolan meseleleriň biridir. Sebitiň ilatynyň ýagty geljeginiň kepili bu deňziň halas edilmegi bilen aýrylmaz bagly bolup dur. Bu deňziň halas edilmegi sebitde ykdysady we durmuş maksatly meseleleriň giň toplumynyň çözülmegine uly itergi berer. Aral deňzi bir wagtlar dünýäniň iň ajaýyp deňizleriniň biridi. Geçen asyryň ikinji ýarymynda Aral deňziniň sebitinde täze ýerleri özleşdirmek boýunça iri taslamalaryň amala aşyrylmagy onuň guramagyna getirdi. Türkmenistan Aral we Aralýaka meselelerine örän uly üns bermäge çagyrýar. Mälim bolşy ýaly, Türkmenistan Aral deňziniň gurşawy üçin BMG-niň Ýörite maksatnamasyny döretmek boýunça başlangyjy öňe sürdi. Şunuň bilen baglylykda, 2018-nji ýylyň aprel aýynda we 2019-njy ýylyň maý aýynda ýurdumyzyň başlangyjy boýunça kabul edilen BMG-niň Baş Assambleýasynyň «Birleşen Milletler Guramasy bilen Araly halas etmegiň halkara gaznasynyň arasynda hyzmatdaşlyk hakynda» Kararnamalarynyň möhüm ähmiýeti bardyr.

Ýokarda bellenilişi ýaly, Türkmenistan Aral deňziniň gurşawy üçin BMG-niň Ýörite maksatnamasyny döretmek boýunça başlangyjy öňe sürdi. Aral meselesini çözmegiň halkara-hukuk esaslaryny döretmek boýunça işleri ösdürip, 2021-nji ýylyň maý aýynda BMG-niň Aziýa we Ýuwaş umman üçin Ykdysady we Durmuş toparynyň nobatdaky mejlisiniň çäklerinde Türkmenistan Aral boýunça geljekki Ýörite maksatnamanyň Konsepsiýasynyň ilkibaşky taslamasyny we düzümini hödürlemegi meýilleşdirýär we ähli döwletleri hem-de gyzyklanma bildirýän guramalary bu resminamalary ara alyp maslahatlaşmaga çagyrýar.

Mälim bolşy ýaly, hormatly Prezidentimiz Aralýaka zolagy ýaly, oňaýsyz howa şertleri bolan sebitlerde keselleriň öňüni almagyň netijeli usullarynyň we

serişdeleriniň aýratyn möhüm ähmiýete eýe bolýandygyna ünsi çekip, Aşgabatda Fiziologiýa ylmy-kliniki merkezli täze hassahanany gurmagy tabşyrdy. Bu hassahana ýokanç däl keselleriň öňüni almak, olary bejermek üçin giň mümkinçilikleri döreder. Şeýle hem hassahanada Aralyň adam saglygyna ýetirýän ýaramaz täsirlerini öwrenmek boýunça işler geçiriler. Bu ugurlar boýunça okuwlar we ylmy barlaglar alnyp barlar.

Häzirki wagtda hormatly Prezidentimiziň baştutanlylygynda amala aşyrylýan işler, beýik özgertmeler dünýä jemgyýetçiligi tarapyndan giň goldawa eýe bolýar. Muňa BMG-niň Baş Assambleýasynyň hormatly Prezidentimiziň başlangyjy boýunça «2021-nji ýyl – Halkara parahatçylyk we ynanyşmak ýyly» atly Kararnamany kabul etmegi hem nobatdaky gezek şaýatlyk edýär. Watanymyz umumadamzadyň geljegi üçin bar bolan ähli global meseleleriň oňyn çözülmegi babatda ähli tagallalary edýär.

Türkmenistanyň Durnukly ösüş maksatlary babatynda gazanan esasy üstünlikleri 2019-njy ýylyň 18-nji iýulynda BMG-niň ştab-kwartirasynda «Adamlaryň hukuklaryny we mümkinçiliklerini giňeltmek hem-de ählumumy gurşap almagy we deňligi üpjün etmek» mowzugy boýunça geçirilen ýokary derejeli Syýasy forumda hödürlenen Meýletin milli synda beýan edildi. Hasabatda hormatly Prezidentimiziň ulag ulgamy, energetika we ekologiýa ýaly ileri tutulýan ugurlarda sebit hem-de halkara derejede durnukly ösüşe degişli başlangyçlary we teklipleri getirildi.

Watanymyz ýaşaýyş üçin amatly daşky gurşawy döretmek, umumadamzadyň geljegi üçin bar bolan ähli global meseleleriň oňyn çözülmegi ugrunda ähli tagallalary edýär.

## EDEBIÝATLAR


1. Bütindünýä daşky gurşaw we ösüş toparynyň «Biziň umumy geljegimiz» atly resmi hasabaty. Birleşen Milletler Guramasynyň Baş Assambleýasynyň A/42/427 belgili resminamasy. The Oxford University Press, 1987.
2. Türkmenistanyň Durnukly ösüş maksatlary boýunça Meýletin Milli Syny. Aşgabat, 2019.

**Akmuhammet JUMAGULYÝEW,**
*Türkmenistanyň Daşary işler ministrliginiň*
*Halkara gatnaşyklary institutynyň*
*halkara gatnaşyklary we diplomatiýa*
*kafedrasynyň mugallymy*

# DURNUKLY ÖSÜŞ MAKSATLARYNYŇ WEZIPELERINI KESGITLEMEKDE WE IŞLÄP DÜZMEKDE TÜRKMENISTANYŇ GOŞANDY

Ählumumy dünýäniň häzirki zaman ösüşinde energetika howpsuzlygy we durnukly energetika meseleleri öňdebaryjy orunlary eýeleýär. Dünýäniň ýüzbe-ýüz bolýan islendik meselelerinde we mümkinçiliklerinde energiýa babatynda gatnaşyklar hem wajypdyr. Iş ýerleriniň döredilmegi, howpsuzlyk, howanyň global üýtgemegi, azyk önümçiligi we beýleki birnäçe meselelerde energiýa bolan zerurlyk kesgitleýji şert bolup çykyş edýär.

2015-nji ýylyň 25-nji sentýabrynda BMG-niň agza döwletleriniň duşuşygynda 2030-njy ýyla çenli döwür üçin niýetlenen Durnukly ösüş babatda täze Gün tertibi hem-de onuň esasy düzümleri hökmünde Durnukly ösüşiň 17 maksady kabul edildi. Olar has möhüm ykdysady, durmuş, ekologiýa we dolandyryş meselelerine degişlidir. Ykdysady ugur tebigy, energetika, maddy-önümçilik serişdelerini rejeli peýdalanmakda jemlense, durmuş ugry adamzadyň ösmegine, durmuş we medeni ulgamlaryň durnuklylygyny üpjün etmäge gönükdirilendir, ekologiýa ugry bolsa, tebigy ulgamlaryň biologiýa we fiziki bitewüligini üpjün etmekde jemlenýär.

Energetika meselelerine ählumumy hyzmatdaşlygyň möhüm ugry hökmünde Durnukly ösüş maksatlarynyň 7-nji maksadynyň «Hemmeler üçin ygtybarly, durnukly we döwrebap energiýa çeşmelere elýeterliligiň üpjün edilmegi» diýlip yglan edilmegi bu meseläniň global häsiýete eýedigi bilen baglanyşyklydyr.

Häzirki zaman şertlerinde ykdysadyýetiň ösüşini kesgitlemekde, energetika ulgamy halk hojalygynyň beýleki düzüm böleklerine täsir etmek babatynda wajyp orny eýeleýär. Şol sebäpden, energetika howpsuzlygynyň seljerilmegi energetika faktorynyň milli ykdysady howpsuzlyga gönüden-göni täsir edýänligini görkezýär. Ykdysadyýetiň ähli ulgamlarynyň we düzüm bölekleriniň durnukly ösüşi energetika howpsuzlygyny üpjün edilmegi bilen berk baglylykda amala aşyrylýar.

Şu günki dünýäde döwletleriň ählisiniň diýen ýaly durmuş-ykdysady ösüşi energiýa serişdelerine baglylykda amala aşyrylýar. Ýöne hemme döwletlerde uglewodorod serişdeleriniň deň derejede bolmazlygy energetika ulgamynda döwletara hyzmatdaşlygy amala aşyrmaklyga itergi berýär we onuň hasabyna halkara ykdysady gatnaşyklaryň ösmegine, sebit we sebitara integrasion bileleşikleriň döremegine ýardam edýär.

Şonuň bilen birlikde, energetika çygrynda umumy ykrar edilen düzgünleşdiriji halkara-hukuk gurallarynyň bolmazlygy häzirki zaman halkara energetika üpjünçilik ulgamynyň global ykdysadyýetinde möhüm orun eýelemegine täsir etdi. Energogeçirijiler, energetika ulgamynda häzirki zaman ösüşine laýyk hyzmatdaşlygyň täze halkara-hukuk esasynyň döredilmegi bilen baglanyşykly meseleleri Türkmenistanyň başlangyçlarynyň diňe bir BMG-niň Baş Assambleýasynyň çäklerinde däl, eýsem beýleki iri halkara forumlaryň we ýokary derejedäki duşuşyklaryň çäklerinde ara alyp maslahatlaşylmagyna itergi berdi.

Türkmenistanyň Prezidentiniň belleýşi ýaly, şu gün ýurdumyzyň çäklerindäki baýlyklar, onuň energetiki çeşmeler türkmen halkynyň bähbitlerine gulluk edýär we onuň abadançylygyny üpjün edýär. Türkmen topraklarynyň täsin aýratynlyklary, onuň sahylygy, mineral serişdelerine baýlygy, ýangyç-energetika toplumynyň çäksiz mümkinçilikleri, ýurduň durnukly ösüşi, onuň oňaýly geosyýasy ýerleşişi bularyň ählisi ösüşiň möhüm düzüm bölekleridir.

Türkmenistanyň Prezidentiniň şu hili strategiýasy ýurduň ykdysadyýetini okgunly ösdürmäge we onuň dünýäniň ykdysady ulgamyna işjeň integrirlenmegine mümkinçilik berýär. Ahyrky netijede bularyň hemmesi ýurduň ykdysady taýdan gülläp ösüşiniň, türkmen halkynyň hal-ýagdaýyny ösdürmegi üpjün etmegiň we parahatçylygy, durnuklylygy we howpsuzlygy berkitmegiň maksatlaryna hyzmat edýär.

Energiýa çeşmeleriniň düzüminiň esasy böleginiň uglewodorod çig malydygy hemmelere mälimdir. Energiýanyň gaýtadan dikeldilýän çeşmeleri diýlip atlandyrylýan meseläniň ähli özüne çekijiligi bilen birlikde, esasy uglewodorod çig maly bolan nebit we gaz energiýany döretmegiň esasy çeşmesidir we şeýle bolmagynda galýar. Şu nukdaýnazardan, dünýä ykdysadyýetiniň energiýa çig malyna, aýratyn-da, nebit-gaz serişdelerine bolan talaby diňe ýokarlanmak häsiýetine eýe bolýar.

Türkmenistan baý nebit we gaz gorlaryna, elektrik energiýasyny öndürmek üçin oňaýlylyklara, amatly geografik ýerleşişi bilen şertlendirilen giň mümkinçiliklere eýe bolup, olary diňe bir türkmen halkynyň däl-de, eýsem bütin adamzadyň bähbitleri üçin ulanýar. Olar ýurtlaryň, sebitleriň we halklaryň parahatçylykly ýaşaşmagyna, söwda-ykdysady we medeni gatnaşyklaryň ösdürilmegine ýardam

etmäge gönükdirilendir. Türkmenistan uly möçberlerde energiýa serişdelerini eksport edýän döwlet bolmak bilen, halkara ölçeglerinde iri gaz geçirijileriniň taslamalaryny amala aşyrýar. Bu ýerde strategik esas hökmünde türkmen we halkara bilermenleri tarapyndan subut edilen tebigy gazyň ummasyz gorlary, şeýle hem dünýäde energiýa serişdeleriniň giňden ulanylmagy we uglewodorod çig malyna bolan islegleriň barha artýandygy hyzmat edýär.

Türkmenistanyň Prezidenti tarapyndan amala aşyrylýan türkmen ýangyç-energetika toplumynyň nebit-gaz pudaklarynyň kärhanalaryny täze tehnologiýalar bilen üpjün etmek üçin düýpli maýa goýumlaryny goýbermäge gönükdirilen öňdebaryjy ösüşleriniň strategiýasy, häzirki zaman ulag we energetika infrastrukturalaryny döretmek, hereket edýän döwletara gaz geçirijilerini kämilleşdirmek we täze transmilli gaz magistrallaryny gurmak çygrynda durmuşa geçirilýän we geljege niýetlenilen taslamalar – bularyň ählisi global energetiki hyzmatdaşlygy ösdürmek üçin giň geljege ýol açýar.

Milli Liderimiz: «Türkmenistan – dünýäde iň iri uglewodorod çig malyny eksport edijileriň biridir we onuň bu ýagdaýy wagtyň geçmegi bilen gowşamaz, sebäbi biz onlarça ýyllap işjeň eksport etmäge ýetjek uglewodorod çig malynyň tassyklanan gorlaryna eýediris... Ýeri gelende aýtsak, tiz wagtlardan planeta üçin gaz bazarynyň ähmiýeti nebitiň satylmagyndan kem bolmaz» diýip, ýörite nygtaýar [1].

Bu sözler tebigy gazyň global bazarynyň ýaňy kemala gelip başlaýandygyny we ösüşiň okgunly depginlerine eýe bolýandygyny, şol bir wagtyň özünde, nebitiň bolsa dünýäde energiýa serişdelerini sarp etmekde esasy orny tutýandygyny aňladýar. Häzirki döwürde global energobalansyň anyk düzüm gurluşy kesgitlenildi, ýagny tebigy gaz, edil kömür ýaly, elektrik generasiýasynda esasy orny tutýar, nebite bolsa ulag we daşamak işleri üçin esasy ýangyç hökmündäki orun degişlidir. Käbir çaklamalar boýunça, 2030-njy ýyla çenli nebiti ulanmagyň möçberi häzirkisinden sähelçe artar, tebigy gazy sarp etmegiň tutýan orny bolsa iki esseden hem köpeler we dünýä energobalansynyň möçberiniň üçden bir bölegini tutar. Tebigy we suwuklandyrylan gazy import edýänler Demirgazyk Amerikanyň, Ýewropanyň we Aziýanyň iň iri ykdysadyýetleri bolmagynda galar, bu ýerde ABŞ, Ýewropa Bileleşiginiň döwletleri, Hytaý, Hindistan, Ýaponiýa we Günorta Koreýa esasy orny eýelär.

Şunuň bilen baglylykda, Türkmenistanda uglewodorod serişdeleriniň we başga çeşmeleriň ummasyz ätiýaçlyk gorlarynyň bardygy garaşsyz halkara auditiniň netijeleri bilen tassyklanyldy. Munuň özi, türkmen tebigy baýlyklarynyň diňe bir ýurduň birnäçe nesilleriniň abadançylygyny we gülläp ösüşini üpjün etmäge däl-de, eýsem energiýa serişdelerini halkara bazarlaryna ýeterlik derejede eksport etmek

arkaly, daş-töwerekdäki sebitleriň energetik abadançylygyna ýardam etmäge hem ukyplydygyny görkezýär.

Türkmenistanda uglewodorodlaryň gazylyp alnyşyna we degişlilikde olaryň gözlegine hem-de barlagyna ýüzlerçe ýyllar bolan hem bolsa, üsti açylýan barha täze-täze ýerasty baýlyklarynyň öz möçberleri boýunça şu güne çenli haýran galarlyklydygyny hakykat görkezýär. Ýer ýüzünde «nebit rowaçlygy» diýip at alan döwrüň başlanmagyndan bir asyr geçenden soň, Garaşsyz, Bitarap Türkmenistan öz tutýan ornuny iň iri tebigy gazy iberijileriň biri hökmünde görkezýär. Türkmenistan häzirki wagtda Russiýa, Kanada, Norwegiýa we Alžir bilen bir hatarda, tebigy gazy eksport ediji döwletleriň ilkinji bäşliginiň düzümine girýär.

Türkmenistanyň Lideri şol bir wagtda-da tebigy baýlyklardan rejeli peýdalanmak we ekologiýa taýdan howpsuz tehnologiýalary ulanmak syýasatyny ileri tutýar. Hususan-da Türkmenistanyň Prezidenti gazy eksport ediji ýurtlaryň döwlet Baştutanlarynyň 2015-nji ýylyň 23-nji noýabrynda Tähranda geçirilen sammitinde eden çykyşynda şeýle nygtady: «Türkmenistan dünýäde tebigy gazy öndüriji iri ýurtlaryň biri bolmak bilen, bu energiýa serişdesini ibermek boýunça halkara taslamalaryna gatnaşýar. Şoňa görä-de, biziň ýurdumyz bu ugurda özara bähbitli hyzmatdaşlyk etmegiň ekologiýa meselelerine ýokary derejede jogapkärçilikli çemeleşýär. Turbageçirijiler gurlanda ekologiýa talaplaryny berjaý etmek, tebigy gurşawy gorap saklamaga aýawly we uzak döwri göz öňünde tutup çemeleşmek häzirki döwürde energetika pudagynyň öňünde durýan möhüm wezipeleriň biridir. Uglewodorod serişdelerini çykarmak ýokary ekologiýa talaplaryna laýyklykda amala aşyrylmalydyr. Ykdysady bähbitleri, halkara hyzmatdaşlygyny ekologiýanyň talaplaryny berjaý etmek bilen utgaşdyrmak biziň umumy wezipämizdir» [2].

Türkmenistanyň eksport mümkinçiliklerini ýokarlandyrmak boýunça toplumlaýyn, yzygiderli we uzakmöhletleýin çäreleri, netijeli hereket edýän häzirki zaman energoeksport infrastrukturasyny döretmek, energiýa çeşmeleriniň eksportynyň diwersifikasiýalaşdyrylmagyna we olaryň dünýä bazarlaryna daşalmagynyň köptaraplaýyn ugurlarynyň taslamalaryny amala aşyrmaga gönükdirilen, Türkmenistanyň Prezidentiniň çuňňur oýlanyşykly strategiýasynyň düzüm bölegi bolup durýar. Türkmenistan şu maksatlara laýyklykda birnäçe iri möçberli taslamalary daşary ýurtly hyzmatdaşlar bilen bilelikde işläp taýýarlamak we amala aşyrmak bilen, öz energiýa serişdelerini dünýäniň söwda bazarlaryna daşamagyň köp görnüşli ulgamyny maksada okgunly döredýär [3, s. 22–23].

Energiýa serişdelerini daşamagyň howpsuzlygy– munuň özi diňe bir bähbitli we geljegi uly bolan milli taslama däldir. Ol häzirki wagtda dünýä bazarynyň kanunlarynyň hakykat ýüzündäki talabydyr, global ykdysadyýetiň sagdyn işlemeginiň möhüm şertidir, ony üýtgemekden we gyşarmalardan goraýan özboluşly germew-

dir. Bulardan başga-da, ol energetika infrastrukturasyny goramak meselesindäki netijeli köptaraplaýyn hyzmatdaşlygy göz öňünde tutýan, onuň kadaly işlemegi, turbageçirijiler taslamalarynyň ähli gatnaşyjylarynyň – öndürijileriň hem, üstaşyr geçirijileriň hem, energiýa serişdelerini sarp edijileriň hem oňyn hyzmatdaşlygy üçin amatly daşary syýasat şertlerini döretmegiň kuwwatly durnuklaşdyryjy şertidir.

Bu wezipeleriň halkara gatnaşyklary ulgamynda amala aşyrylmagyny gazanmak Türkmenistanyň daşary syýasatynyň möhüm ugurlarynyň biridir. Bu babatynda 2008-nji ýylyň 19-njy dekabrynda we 2013-nji ýylyň 17-nji maýynda BMG-niň Baş Assambleýasynyň sessiýalarynda Türkmenistanyň başlangyjy bilen energiýa geçirijileriň üstaşyr geçirilmegi boýunça Rezolýusiýalaryň kabul edilmegi global energetika howpsuzlygynyň üpjün edilmegine ýurdumyzyň önjeýli goşandynyň we bu mesele boýunça dünýä bileleşiginiň agzalarynyň gyzyklanmasynyň uludygynyň subutnamasydyr. Kabul edilen Rezolýusiýalaryň wajyplygy, ilkinji nobatda, energetika çygrynda global hyzmatdaşlyga başlamak boýunça täze, ähli meseleleri öz içine alýan resminamany taýýarlamak üçin bilermenler toparyny döretmäge we onuň hereket etmegine esas goýýanlygyndadyr. Bu resminamalaryň kabul edilmegi energetika howpsuzlygynyň meseleleri boýunça giň we oňyn gepleşikleri guramaga gönükdirilen Türkmenistanyň Prezidenti tarapyndan başy başlanan syýasatyň logiki dowamy boldy. Onuň ahyrky maksady global energiýa iberiş ulgamyny düzgünleşdirýän we onuň ygtybarly goragyny hem-de howpsuzlygyny üpjün edýän uniwersal halkara-hukuk guralyny işläp düzmek we BMG-niň derejesinde kabul etmek bolup durýar.

Umuman, Türkmenistanyň energiýa üpjünçiligi babatynda amala aşyrýan daşary syýasy işi dünýä ösüşiniň möhüm bölegi bolup durýar we energetika çygryndaky gatnaşyklary ysnyşdyrmagyň möhüm guralyna öwrülýär.

## EDEBIÝATLAR

1. Türkmenistanyň Prezidentiniň 2009-njy ýylyň 1-nji oktýabrynda halkara habar beriş serişdeleriniň wekilleri üçin öz press-konferensiýasynda eden çykyşy. // www.mfa.gov.tm.
2. Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedowyň gazy eksport ediji ýurtlaryň döwlet Baştutanlarynyň sammitinde eden çykyşy. 23.10.2015.// www.mfa.gov.tm.
3. *Berdimuhamedow S.* Türkmenistanyň energetika we ykdysady howpsuzlygy. – Aşgabat, TDNG, 2017.

**Begmyrat ATAÝEW,**
*Türkmenistanyň Daşary işler ministrliginiň*
*Halkara gatnaşyklary institutynyň*
*halkara ykdysady gatnaşyklary*
*kafedrasynyň mugallymy*

# TÜRKMEN DIPLOMATIÝASY: PARAHATÇYLYGYŇ, HOWPSUZLYGYŇ WE DURNUKLY ÖSÜŞIŇ HATYRASYNA HYZMATDAŞLYK

Berkarar döwletimiziň bagtyýarlyk döwründe hormatly Prezidentimiziň parasatly baştutanlygynda Türkmenistan oňyn halkara başlangyçlary durmuşa geçirmek, parahatçylygy we ynanyşmagy döretmek bilen, bütin dünýäde ählumumy ösüşi üpjün etmäge mynasyp goşant goşýar. Çünki Bitaraplygyň gaýtalanmajak özboluşly türkmen nusgasyny kemala getiren ata Watanymyzyň daşary syýasatynda parahatçylyk we ynanyşmak ýörelgelerine möhüm orun degişlidir. Munuň özi Garaşsyz ýurdumyzda «Türkmenistan – parahatçylygyň we ynanyşmagyň Watany» ýylynda amala aşyrylýan dünýä ähmiýetli işlerde hem doly aýan bolýar.

Häzirki wagtda Türkmenistan baky Bitaraplyk hukuk ýagdaýyna daýanyp, köptaraplaýyn daşary syýasaty alyp barýar hem-de özara ylalaşmak, düşünişmek, arkalaşmak esasynda daşary ýurtlar we halkara guramalar bilen netijeli hyzmatdaşlygy işjeň ösdürýär. Munuň özi beýleki döwletler bilen dostlukly we özara bähbitli gatnaşyklary işjeňleşdirmäge, Merkezi Aziýa hem-de Hazarýaka sebitinde, şol sanda tutuş dünýäde köpugurly hyzmatdaşlygy giňeltmäge we ählumumy häsiýetli meseleleriň çözgüdini tapmaga täze mümkinçilikleri döredýär. Şunuň bilen baglylykda, ýurdumyzyň bu hukuk ýagdaýyna esaslanyp Ýer ýüzünde amala aşyrýan işleri dünýä bileleşiginiň maksatlaryna we isleglerine doly laýyk gelýär.

Türkmenistan özüniň baky Bitaraplyk hukuk ýagdaýyny sebitde we tutuş dünýäde parahatçylygy, howpsuzlygy we durnukly ösüşi berkitmek we üpjün etmek üçin netijeli ulanýandygy mälimdir. Bu bolsa ady agzalan üç ugruň dünýäniň ählumumy häsiýetli meseleleriniň toplumyny emele getirýändigini nazara alsak, tutuş Ýer ýüzünde gazanylýan ösüşde durnuklylygy gazanmaga doly ýardam berer.

Parahatçylyk – Türkmenistanyň daşary syýasatynyň we baky Bitaraplyk hukuk ýagdaýynyň esasy binýatlaýyn ýörelgesi bolup durýar. Şu jähetden, «Türkmenistan – Bitaraplygyň mekany» atly şygar bilen geçen 2020-nji ýylda ýurdumyzyň parahatçylyk söýüjilikli we ynanyşmagy dörediji daşary syýasaty

giň halkara jemgyýetçiligi tarapyndan belent ykrara eýe boldy. Munuň şeýledigini «Türkmenistan – Bitaraplygyň mekany» ýylynda ýurdumyzyň başlangyjy boýunça BMG-niň Baş Assambleýasynyň we Yslam Hyzmatdaşlyk Guramasynyň kabul eden täze Kararnamalary hem doly tassyklaýar [1].

Mälim bolşy ýaly, Türkmenistanyň başlangyjy boýunça Birleşen Milletler Guramasynyň Baş Assambleýasynyň 73-nji sessiýasynda «2021-nji ýyl – Halkara parahatçylyk we ynanyşmak ýyly» atly Kararnama kabul edildi. Şu ýylyň 29-njy ýanwarynda bolsa, Türkmenistanyň Daşary işler ministrliginiň Halkara gatnaşyklary institutynda geçirilen dabarada milli Liderimiziň başlangyjy boýunça Birleşen Milletler Guramasynyň Baş Assambleýasynyň degişli Kararnamasy bilen yglan edilen Halkara parahatçylyk we ynanyşmak ýylyna resmi taýdan badalga berildi. Bu maslahatyň dowamynda ýurdumyzyň dünýäde parahatçylygy we ynanyşmagy döretmek ugrunda amala aşyrýan işleriniň aýratyn uly ähmiýete eýedigi nygtaldy [2, s. 3, 4].

Türkmenistanyň başlangyjy boýunça üstümizdäki 2021-nji ýylyň «Halkara parahatçylyk we ynanyşmak ýyly» şygar astynda geçýändigi, bütin dünýäde parahatçylygy pugtalandyrmak, ynanyşmak ýagdaýyny emele getirmek we munuň üçin halkara hyzmatdaşlygyny ösdürmek boýunça täze mümkinçilikleri açýar. Bu bolsa Gahryman Arkadagymyzyň «Ösüş arkaly parahatçylyk» şygarynyň tutuş Ýer ýüzünde durmuşa geçirilýändigine we dabaralanýandygyna aýdyň şaýatlyk edýär.

Howpsuzlyk üpjün edilmedik ýerde parahatçylyk berkarar edilmeýär, parahatçylygyň höküm sürmeýän sebitinde bolsa howpsuzlyk bolmaýar. Munuň özi olaryň özara gatnaşygyny emele getirýär. Şunuň bilen baglylykda, häzirki wagtda baky Bitarap Türkmenistan howpsuzlygy üpjün etmek we berkitmek işine hem mynasyp goşant goşýar. Ýurdumyzyň daşary syýasaty howpsuzlyk bitewüligi we bölünmezligi Konsepsiýasyndan ugur alýar. Ata Watanymyz Türkmenistan halkara gatnaşyklarynda ýüze çykýan ähli meseleleri diňe parahatçylykly ýol we syýasy-diplomatik gurallar bilen çözmegiň tarapdary bolup çykyş edýär.

Türkmenistanyň sebit babatda alyp barýan öňüni alyş diplomatiýasy, parahatçylygyň pugtalandyrylmagyna hem-de howpsuzlygyň berkidilmegine doly kybap gelýär. Şu nukdaýnazardan seredenimizde, ýurdumyzyň alyp barýan öňüni alyş diplomatiýasy BMG-niň uly ynamyna we ykraryna mynasyp bolýar. Şoňa görä-de, 2007-nji ýylyň 10-njy dekabrynda Birleşen Milletler Guramasynyň Merkezi Aziýa üçin Öňüni alyş diplomatiýasy boýunça Sebit merkeziniň ştab-kwartirasy açyldy. 2017-nji ýylyň 17-nji noýabrynda BMG-niň Baş Assambleýasynyň 72-nji mejlisinde ýurdumyzyň başlangyjy bilen «BMG-niň Merkezi Aziýa üçin öňüni alyş diplomatiýasy boýunça sebit merkeziniň orny» atly Rezolýusiýa kabul edildi [2, s. 3].

Howpsuzlygyň bitewüligi we bölünmezligi konsepsiýasyndan ugur alýan Türkmenistanyň daşary syýasatynda sebit hem-de ählumumy derejede energetika howpsuzlygyny gazanmak möhüm ugurlaryň biri hasaplanylýar. Kuwwatly ýangyç-energetika döwleti bolan ýurdumyz energiýa serişdeleriniň ägirt uly gorlaryny özleşdirmek we olary dünýä bazaryna çykarmak, eksport etmegiň ugurlaryny kämilleşdirmek hem-de täze energiýa köprülerini gurmak babatda uly işleri durmuşa geçirýär. Şol tagallalar energetika howpsuzlygyny üpjün etmäge gönükdirilýär.

Türkmenistan ählumumy durnukly ösüşi nazarlaýar we oňa ýardam bermekden ugur alýar. Ýurdumyzyň içeri we daşary syýasatynda 2030-njy ýyla çenli Durnukly ösüş maksatlaryny özünde jemleýän ählumumy Gün tertibine möhüm orun degişlidir. Watanymyz durnukly ösüşi üpjün etmekde ählumumy kuwwatly ykdysady ösüşi gazanmaga, söwda diplomatiýasyny giňeltmäge, energiýa serişdelerini üstaşyr geçirmäge, durnukly ulag ulgamyny we onuň kämil infrastrukturasyny kemala getirmäge, ekologiýany gorap saklamaga hem-de bar bolan geosyýasy we geoykdysady mümkinçiliklerini gönükdirmäge çalyşýar. Bu ugurda daşary ýurtlar we halkara guramalar bilen hyzmatdaşlyk has-da ösdürilýär.

Hormatly Prezidentimiz Gurbanguly Berdimuhamedowyň 2012-nji ýylda Braziliýanyň Rio-de-Žaneýro şäherinde geçirilen BMG-niň «Rio+20» Durnukly ösüş boýunça maslahatynda, 2015-nji ýylda Birleşen Milletler Guramasynyň Baş Assambleýasynyň 70-nji sessiýasynyň çäklerinde geçirilen durnukly ösüş boýunça BMG-niň sammitinde we beýleki iri halkara forumlarda öňe süren başlangyçlary Durnukly ösüş maksatlaryna gönükdirilendir. Olaryň hatarynda Aşgabatda Merkezi Aziýada howanyň üýtgemegi bilen baglanyşykly tehnologiýalar boýunça sebit merkezini açmak, Araly halas etmek boýunça BMG-niň ýörite maksatnamasyny we BMG-niň Suw strategiýasyny işläp düzmek baradaky teklipleri görkezmek bolar [2, s. 3].

Ýurdumyzyň geografik taýdan amatly giňişlikde ýerleşmegi ata Watanymyz Türkmenistanyň çäginiň Ýewropa bilen Aziýany birleşdirýän halkara ulag ýollarynyň altyn derwezesine öwrülmegine ýardam berýär. Diýarymyzda kemala getirilen ulag düzüminiň artykmaçlyklary we üstaşyr mümkinçilikleri alyslary ýakynlaşdyrmaga, halklary birleşdirmäge hem-de ulag ulgamynda halkara hyzmatdaşlygyny ösdürmäge oňaýly şertleri döredýär. Bu ugurda Türkmenistan täze taslamalary durmuşa geçirmek we hyzmatdaşlygy işjeňleşdirmek boýunça halkara başlangyçlar bilen çykyş edýär. Ýurdumyzyň dünýä bileleşigi tarapyndan uly goldawa eýe bolýan şeýle başlangyçlary esasynda degişli Rezolýusiýalar kabul edilýär. Munuň şeýledigini BMG-niň Baş Assambleýasynyň 2014-nji ýylyň 19-njy dekabrynda «Durnukly ösüş üçin halkara hyzmatdaşlygyny üpjün etmekde ulag-üstaşyr geçelgeleriniň orny», 2015-nji ýylyň 22-nji dekabrynda «Durnukly

köpugurly ulag-üstaşyr geçelgeleriniň döredilmegine ýardam bermek maksady bilen ulaglaryň ähli görnüşleriniň arasynda hemmetaraplaýyn hyzmatdaşlygyň üpjün edilmegi ugrunda», 2017-nji ýylyň 20-nji dekabrynda «Durnukly ösüş maksatlaryny amala aşyrmak bilen baglylykda ulaglaryň ähli görnüşleriniň arabaglanyşygyny berkitmek» atly kabul eden Rezolýusiýalary bütin aýdyňlygy bilen doly subut edýär [2, s. 3].

Türkmenistan Birleşen Milletler Guramasy bilen hyzmatdaşlygyň çäklerinde Durnukly ösüş maksatlarynyň işlenip taýýarlanylmagyna işjeň gatnaşan hem-de olary milli maksatnamalaryna we ösüş strategiýalaryna ornaşdyran ilkinji döwletleriň hatarynda ykrar edildi. Ýurdumyz tarapyndan Durnukly ösüş maksatlarynyň 150-ä golaý wezipesi hem-de 200-e golaý görkezijisi seçilip alyndy we millileşdirildi, onuň 17 maksadynyň ählisi hem tassyklanyldy. Türkmenistan bu ugurda gazanan netijelerini 2019-njy ýylyň iýulynda BMG-niň Ykdysady we Durmuş Geňeşiniň howandarlygynda durnukly ösüş boýunça Nýu-Ýork şäherinde geçirilen Syýasy forumda Meýletin milli syn görnüşinde hödürledi. Ýeri gelende bellesek, Durnukly ösüş maksatlarynyň wezipeleriniň 85 göterimi häzirki wagtda döwletimiziň milli we pudaklaýyn maksatnamalarynda amala aşyrylýar. Öz gezeginde bularyň ählisi Türkmenistan döwletimiziň ählumumy parahatçylygy, howpsuzlygy we durnukly ösüşi üpjün etmäge hem-de ähli halklary parahatçylyga çagyrmak arkaly ynanyşmagy dikeltmäge ýardam berýändigini doly tassyklaýar [3, s. 7].

## EDEBIÝATLAR


1. Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedowyň «Türkmenistan we halkara guramalary: parahatçylygyň we ösüşiň hatyrasyna hyzmatdaşlyk» atly halkara maslahatynda eden çykyşy (Aşgabat, 2020-nji ýylyň 14-nji ýanwary). «Türkmenistanyň daşary syýasaty we diplomatiýasy» žurnaly, I – 2020.
2. Türkmenistanyň Ministrler Kabinetiniň we Döwlet howpsuzlyk geňeşiniň bilelikdäki mejlisi. «www.tbbank.gov.tm», 30.12.2020 ý.
3. Türkmenistan-BMG: taryhy tejribe. Köpugurly hyzmatdaşlyk. Ajaýyp netijeler. «Türkmenistan» gazeti, 2020-nji ýylyň 6-njy iýuly.
4. Halkara parahatçylyk we ynanyşmak ýylyna resmi taýdan badalga berildi. «Türkmenistan» gazeti, 2021-nji ýylyň 30-njy ýanwary.

**Perhat ÇARYÝEW,**
*Türkmenistanyň Daşary işler ministrliginiň*
*Halkara gatnaşyklary institutynyň*
*halkara ykdysady gatnaşyklary kafedrasynyň*
*uly mugallymy*

# TÜRKMENISTANYŇ ULAG-ARAGATNAŞYK STRATEGIÝASYNYŇ SEBIT WE DÜNÝÄ YKDYSADY ÖSÜŞINDÄKI ORNY

Hormatly Prezidentimiz XXI asyryň täze taryhy şertlerinde dünýäniň bitewüliginden ugur alýan öňdengörüjilikli syýasaty ýöretmek bilen, Zeminiň ähli ýurtlarynyň özara sazlaşykly ösüşine ýardam edýän üstaşyr ulag infrastrukturasyny emele getirmäge gönükdirilen halkara başlangyçlary öňe sürýär hem-de şol başlangyçlaryň gaýragoýulmazdan durmuşa geçirilmegine uly ähmiýet berýär. Şunuň netijesinde 2014-nji ýylyň 3–4-nji sentýabrynda Aşgabatda halkara hyzmatdaşlygy we durnukly ösüşi üpjün etmekde ulag-üstaşyr geçelgeleriniň tutýan ornuna bagyşlanan ýokary derejedäki halkara maslahat geçirildi. Halkara maslahatyň jemleýji gününde Aşgabat Jarnamasyna gol çekildi. Şol maslahatyň çäklerinde bolsa Owganystan – Türkmenistan – Azerbaýjan – Gruziýa ulag geçelgesini döretmek meselesi boýunça dört taraplaýyn duşuşyk geçirildi. 2014-nji ýylyň noýabr aýynda bolsa bu taslama Türkiýe Respublikasy hem goşuldy. Şol ýylyň 15-nji noýabrynda Aşgabatda Owganystan – Türkmenistan – Azerbaýjan – Gruziýa – Türkiýe ulag-üstaşyr geçelgesiniň Ylalaşygynyň taslamasyny ara alyp maslahatlaşmak boýunça bäştaraplaýyn duşuşyk geçirildi. Şeýlelikde, 2017-nji ýylyň 14–15-nji noýabrynda Aşgabatda geçen Owganystan boýunça 7-nji sebitleýin ykdysady hyzmatdaşlyk maslahatynyň (RECCA VII) çäklerinde Owganystan – Türkmenistan – Azerbaýjan – Gruziýa – Türkiýe (Lapis Lazuli) halkara ulag geçelgesini döretmek hakynda bäştaraplaýyn Ylalaşyga gol çekildi. Bu ulag geçelgesi boýunça häzirki wagtda hyzmatdaşlyga giň mümkinçilik açyldy. Dünýäniň birnäçe abraýly halkara guramalary, şol sanda iri maliýe düzümleri bilen netijeli gatnaşyklary berkitmek ýurdumyzyň daşary syýasatynyň esasy ugurlarynyň biridir [1, s. 1].

Halkara ulag-üstaşyr geçelgeleriniň gurluşygy uly möçberli maliýe serişdelerini talap edýär. Şonuň üçin bu taslamalary amala aşyrmaga diňe bir gyzyklanma bildirýän döwletler däl, eýsem halkara maliýe guramalary (Aziýa Ösüş banky, Yslam Ösüş banky, Ýewropanyň Abatlaýyş we Ösüş banky we başga-da birnäçe

guramalar) bilen işjeň netijeli gatnaşyklar saklanylýar. Şeýle halkara banklarynyň biri hem 1996-njy ýylda döredilen ştab-kwartirasy Manilada (Filippinler) ýerleşýän Aziýanyň Ösüş bankydyr (AÖB) onuň esasy maksady göni karz goýumlary hem-de tehniki taýdan ýardam bermek arkaly Aziýa we Uzak Gündogar ýurtlarynyň ykdysadyýetini ösdürmäge gönükdirilendir. Ýeri gelende bellesek, Türkmenistan 2000-nji ýyldan bäri AÖB-niň agzasy bolup durýar. Geçen döwrüň içinde ýola goýlan netijeli maýa goýum gatnaşyklarynyň ileri tutulýan ugurlarynyň hatarynda ýangyç-energetika ulag-üstaşyr düzümini döretmek, kiçi we orta telekeçiligi ösdürmäge ýardam etmek ýaly birnäçe ugurlarda taslamalar amala aşyryldy. Şolaryň hatarynda ulag ulgamynda maýa goýum hyzmatdaşlygynda Gazagystan – Türkmenistan – Eýran demir ýolunyň gurluşygyna maliýe goldawyny berendigini bellemelidiris. 2018-nji ýylyň noýabr aýynda hormatly Prezidentimiz Aziýanyň Ösüş bankynyň ýolbaşçysyny kabul etdi. Döwlet Baştutanymyz ulag ulgamynda toplanan maýa goýum hyzmatdaşlygynyň ozalky tejribesini dowam etmek bilen, AÖB-niň baştutanyna Owganystan – Türkmenistan – Azerbaýjan – Gruziýa – Türkiýe we Ýewropa ugry boýunça geçelgäni döretmegiň mümkinçiligine seretmegi teklip etdi. AÖB-niň teklip eden iş meýilnamasyna görä, 2019-2021-nji ýyllar aralygynda Türkmenistanyň ykdysadyýetine 1 milliard amerikan dollary töweregi maýa goýumyny goýmak göz öňünde tutulýar [2, s. 15].

2018-nji ýylyň 21-22-nji noýabrynda Azerbaýjan Respublikasynyň Prezidenti Türkmenistanda resmi saparda boldy. Saparyň çäklerinde ulag ulgamynyň türkmen-azerbaýjan hyzmatdaşlygynyň möhüm ugrudygy bellenilip, bu ugurda üstaşyr-ulag, logistika düzümini döretmek we ösdürmek boýunça jemi 6 sany Ylalaşyga gol çekildi. Häzirki wagtda hormatly Prezidentimiziň tagallasy bilen Ýewropa çykýan Owganystan – Türkmenistan – Azerbaýjan – Gruziýa – Türkiýe (Lazurit) ulag geçelgesi boýunça gol çekilen ylalaşygy durmuşa geçirmekde netijeli işler amala aşyrylýar. Geljekde Türkmenbaşy şäheriniň Halkara deňiz portunyň üsti bilen 2017-nji ýylyň noýabr aýynda açylan Baku – Tiblis – Kars ugry boýunça demir ýol bilen Ýewropa çykmaga giň mümkinçilikler açyldy. Taslama diňe bir üç ýurdy däl, eýsem, Angliýa, Fransiýa, Belgiýa, Germaniýa, Awstriýa, Wengriýa, Serbiýa, Bolgariýa, Çehiýa, Türkiýe, Gruziýa, Azerbaýjan, Gazagystan, Türkmenistan we Hytaý ýaly döwletleri hem birleşdirýär. Hazar geçelgesiniň Aziýanyň we Ýewropanyň bazarlarynyň arsynda iň gysga we bäsdeşlige ukyply söwda ýoly bilen baglanyşykly mümkinçilikleri köpdür. Demir ýol ýa-da awtoulag ulgamy bilen deňişdirilende, deňiz ýoly arkaly ýük daşamagyň arzandygyna garamazdan, Hazarýaka geçelgesiniň üstünden geçýän demir ýol arkaly Ýewropadan Hytaýa we yzyna harytlary daşamagyň deňiz ulgamy bilen deňeşdirilende, has çalt amala aşyryljakdygy äşgär edildi. Mysal üçin, Blumberg agentliginiň maglumatlaryna görä, konteýnerli

gämini Hytaýdan Ýewropa ýetirmek üçin 40 gün gerek bolsa, gämini konteýnerli Merkezi Aziýa-Hazar deňzi-Günorta Kawkaz ugry boýunça ýetirmek üçin 15 güne golaý wagt gerek bolýar. Ýeri gelende bellesek, bu ugur boýunça 2019-njy ýylyň noýabr aýynda Hytaý – Gazagystan – Azerbaýjan – Gruziýa – Türkiýe – Bolgariýa – Serbiýa – Wengriýa – Slowakiýa – Çehiýanyň Praga şäherine çenli ilkinji synag ýük otlusy geçirildi. Geljekde Günorta Gündogar ugry boýunça Hytaý – Gyrgyzystan – Özbegistan – Türkmenistan – Azerbaýjan – Gruziýa – Türkiýänyň üsti bilen Ýewropa döwletlerine çenli gysga ýol bilen geçirmek mümkinçiliginiň bardygyny bellemek gerek. Ýoluň gysgalmagy ýük akymlaryny ep-esli tizleşdirmäge we haryt öndürijilerden sarp ediş bazarlaryna çenli wagt aralygyny gysgaltmaga mümkinçilik berer. Bu bolsa, daşary ýurt sarp edijileri üçin önümleriň bahasynyň aşak düşmegini şertlendirer we iri söwda kärhanalarynyň sebitde önüm öndürijiler bilen hyzmatdaşlygyny işjeňleşdirer. 2018-nji ýylyň 28-nji noýabrynda Türkmenbaşy şäheriniň «Awaza» milli syýahatçylyk zolagynda Ulag we üstaşyr hyzmatdaşlygy hakynda ylalaşyga (Lapis Lazuli) gatnaşyjy ýurtlaryň ulag ministrleriniň halkara maslahaty geçirildi. Bäştaraplaýyn ylalaşygyň çäklerinde geçirilen maslahat «Lazurit» halkara ulag-üstaşyr geçelgesi geljekde Merkezi we Günorta Aziýa, Hazar hem-de Gara deňizleri, Ortaýer deňzi sebitlerini öz içine alýan giň geoykdysady giňişlikde netijeli gatnaşyklary berkitmäge ýardam eder. Forumda «Lazurit» geçelgesi boýunça döwletleriň ulag hyzmatdaşlygynyň esasy ugurlary baradaky jemleýji resminama gol çekildi. Häzirki zaman ulag düzüminiň gurluşygy we «Lazurit» geçelgesiniň doly derejede hereket etmegi haryt öndürijileri işjeňleşdirmäge ukyplydyr. 2018-nji ýylyň 23-nji fewralynda «Lazurit» ulag-üstaşyr geçelgesiniň düzümine girýän Serhetabat – Turgundy demir ýoly ulanylmaga berildi. Lapis Lazuli ulag ugry boýunça ilkinji awtoulag kerweni 2018-nji ýylyň 13-nji dekabrynda Hyratdan awtoulag üsti ýükli dokuz sany kerweni dabaraly ýagdaýda Turgunda tarap ugradyldy. Ýük kerwenleri türkmen-owgan serhedinden geçip Türkmenbaşy şäheriniň Halkara deňiz portuna tarap ugur aldy. Soňra şol ýerden Ro PAX synyply ýolagçy-transport gämi arkaly Azerbaýjan Respublikasyna, şol ýerden hem Gruziýanyň üsti bilen dekabr aýynyň 31-ne Türkiýä sag-aman bardy. Ulag kerwenlerinde owgan topragynda ýetişdirilen oba hojalyk önümleri Türkiýäniň, şeýle hem Ýewropanyň beýleki ýurtlarynyň bazarlaryna ýetirildi [3, s. 21].

2020-nji ýylyň 2-nji iýulynda Türkmenistanyň, Owganystanyň we Azerbaýjanyň Prezidentleriniň gatnaşmagynda Owganystan – Türkmenistan – Azerbaýjan – Gruziýa – Türkiýe («Lapis Lazuli») ugry boýunça halkara üstaşyr-ulag geçelgesiniň bilelikdäki iri möçberli taslamasyny amala aşyrmak baradaky meselä bagyşlanyp, wideomaslahat görnüşindäki duşuşyk geçirildi. Bu babatda hormatly Prezidentimiz Owganystanyň hem-de Azerbaýjan Respublikasynyň Prezident-

leri bilen käbir garaýyşlaryny paýlaşdy we ulag ulgamynda hyzmatdaşlygy işjeň ýola goýmak boýunça anyk teklipleri öňe sürdi. Şuňa laýyklykda 2020-nji ýylyň 14-nji oktýabrynda Aşgabatda Türkmenistanda «Eksport-import amallary üçin Bir penjire» taslamasynyň durmuşa geçirilmegine ýardam etmek boýunça bilelikdäki hyzmatdaşlyk hakynda Birleşen Milletler Guramasynyň Söwda we ösüş boýunça konferensiýasynyň, Birleşen Milletler Guramasynyň Ösüş Maksatnamasynyň we Türkmenistanyň Daşary işler ministrliginiň arasynda özara düşünişmek hakyndaky Ähtnama gol çekildi. 2021-nji ýylyň 16-njy ýanwarynda Türkmenistanyň, Azerbaýjanyň we Owganystanyň pudagara toparynyň ýolbaşçylarynyň onlaýn görnüşinde üçtaraplaýyn duşuşygy geçirildi. Duşuşygyň jemleri boýunça taraplar «Lapis Lazuli» geçelgesiniň çäklerinde hyzmatdaşlyk etmegiň «Ýol kartasyna» gol çekdiler [4].

Türkmenistanyň ulag-üstaşyr geçelgeleri sebit we dünýä ykdysadyýetiniň durnukly ösüşini üpjün etmek maksady bilen giň gerimli taslamalary durmuşa geçirýär. Onuň aýdyň mysaly hökmünde, hormatly Prezidentimiziň 2018-nji ýylyň 20-nji dekabrynda kabul eden, Türkmenistanyň Daşary işler ministrliginiň Halkara gatnaşyklary institutynyň düzüminde Türkmenistanyň diplomatiýasynyň möhüm ugurlary boýunça okuw merkezini açmak baradaky Kararyny görkezmek bolar. Bu merkez ýurdumyzyň milli diplomatiýasynyň möhüm ugurlaryny öwrenmek, bu babatda okuw we ylmy-tejribe öwreniş işlerini ulgamlaýyn esasda alyp barmak, şunuň bilen baglylykda, halkara ykdysady guramalar bilen özara utgaşykly işleri has-da giňeltmek maksady bilen döredildi. Merkeziň açylmagy ýurdumyzyň sebit we dünýä ykdysadyýetinde energetika, ulag we beýleki ugurlarda amala aşyrýan işlerini hem-de hormatly Prezidentimiziň öňe sürýän umumadamzat bähbitli başlangyçlaryny ylmy esasda öwrenmeklige ýardam berýär.

## EDEBIÝATLAR


1. «Türkmenistanyň daşary syýasaty we diplomatiýasy» atly ylmy-tejribe žurnaly // № 1. 2019 ý.
2. «Türkmenistanyň daşary syýasaty we diplomatiýasy» atly ylmy-tejribe žurnaly // № 4. 2016 ý.
3. Türkmenistanyň durnukly ulag ulgamyny döretmek baradaky halkara başlangyçlarynyň dabaranlamagy atly ylmy makalalaryň ýygyndysy. // Türkmen döwlet neşirýat gullugy. – Aşgabat, 2017 ý.
4. Türkmenistan gazeti // № 167 (29760). 03.07.2020 ý.




5. Sargyt № 2479

**Ogulgurban EZIMOWA,**
*Türkmenistanyň Daşary işler ministrliginiň*
*Halkara gatnaşyklary institutynyň*
*jemgyýeti öwreniş ylymlary kafedrasynyň*
*uly mugallymy, filosofiýa ylymlarynyň kandidaty*

# TÜRKMENISTANYŇ DAŞKY GURŞAWY GORAMAK WE EKOLOGIÝA SYÝASATYNYŇ ESASY ÝÖRELGELERI

Berkarar döwletimiziň bagtyýarlyk döwründe hormatly Prezidentimiziň alyp barýan öňdengörüjilikli, ynsanperwer içeri we daşary syýasaty, amala aşyrýan köpugurly, uzak möhletleýin özgertmeleriniň durnukly ösüşi, ekologiýa abadançylygyny, durmuş bagtyýarlygyny, adamlaryň bagtly geljege bolan çäksiz ynamlaryny kepillendirýär. Ykdysady we ýaşaýyş-durmuş ulgamlarynda amala aşyrylýan iri möçberli, köpugurly özgertmeler ekologiýa meseleleri bilen aýrylmaz baglanşyklydyr. Ekologiýa döwlet syýasatynyň ileri tutýan ugurlarynyň biridir. Bu meseläniň wajyplygy ekologiýanyň häzirki döwürde global häsiýete eýe bolmagy we onuň bütin adamzadyň geljegine düýpli täsir edýändigi bilen şertlendirilendir.

Hormatly Prezidentimiziň baştutanlygynda global häsiýetli ekologiýa meselelerini çözmekde, daşky gurşawy goramakda, tebigy baýlyklardan rejeli peýdalanmakda ýurdumyzda alnyp barylýan işler dünýä nusgalykdyr hem-de bütin adamzadyň geljegine gönükdirilendir.

Jemgyýet döräli bäri adamzat daşky gurşaw bilen, ýagny tebigy, sosial we medeni-ruhy gurşaw ýakyn gatnaşykda ýaşaýar. Geçen taryhy döwürde «tebigat-jemgyýet» ulgamyndaky gatnaşyklar dürli häsiýete eýe bolup, adamzadyň öňünde täze ekologiýa meselelerini goýdy. Häzirki wagtda jemgyýet bilen tebigatyň arasyndaky gatnaşyklar global häsiýete eýe boldy hem-de dürli ekologiýa meselelerini ýüze çykardy. Olaryň hatarynda senagatyň, oba hojalygynyň, şäheriň ekologiýasy, durmuşy ekologiýa, adam ekologiýasy we başgalar bar.

«Tebigat-jemgyýet» ulgamlaryndaky gatnaşyklary sazlaşdyrmak boýunça halkymyz baý tejribe toplady, tehnika we tehnologiýanyň ösen häzirki döwründe ony has-da kämilleşdirýär.

Türkmenistanyň daşky gurşawy goramak we ekologiýa syýasatynyň esasy ýörelgelerine: tebigy baýlyklardan rejeli peýdalanmak, daşky gurşawy, ozon gatlagyny, atmosfera howasyny goramak, ekologiýa taýdan arassa we amatly tehnologiýalary önümçilige ornaşdyrmak, ýurdumyzy bagy-bossanlyga öwürmek, eko-

logiýa taýdan amatly ýaşaýşy üpjün edýän şäherleri we ýaşaýyş toplumlaryny abadanlaşdyrmak işleri hem-de ekologiýa babatda paýhaslylyk, aň-düşünjelilik we medeniýetlilik degişlidir.

Daşky gurşawy goramak syýasatynyň ýörelgeleriniň biri şäher ekologiýasynyň abadançylygydyr. Bu ugurda 2021-nji ýylyň 25-nji maýynda 140 ýyllygy dabaraly bellenilen dünýä nusgalyk ak mermere beslenen, ekologiýa taýdan arassa we saglyk üçin amatly, gözelligi merjene deňelen paýtagt şäherimiz Aşgabady mysal getirmek bolar. Milli binagärlik sungatynyň ýokary derejesini şöhlelendirýän ak şäherimiziň kaşaň-kaşaň binalary, suw çüwdürimleri, seýilgähleri ekologiýa taýdan amatly ýaşaýyş we dynç alyş mümkinçiliklerini döredýär. Milli Liderimiziň ekologiýa meselelerini çözmekde öňe sürýän ýörelgeleriniň ýene-de biri ekologiýa babatda paýhaslylyk, aň-düşünjelilik we medeniýetlilik ýörelgelerine eýermekdir. Hormatly Prezidentimiz «Türkmeniň döwletlilik ýörelgesi» atly eserinde: «Häzirki zaman ekologiýa ylmyny baýlaşdyrýan çeşmeler halk paýhasynda hem ykrar edilendir. Ösümlik we haýwanat dünýäsi baradaky hekaýalardyr rowaýatlar durmuşyň inçelik bilen akyl ýetirilen göwherleridir» diýip belleýär. [1, s. 30].

Hormatly Prezidentimiz adamzadyň geljeginiň köp babatda daşky gurşawyň goralmagyna, ekologiýa meseleleriniň çözülmegine, ekologiýa medeniýetiniň kämilleşdirilmegine baglydygyny belleýär we bu ugurda anyk ekologiýa çözgütlerini dünýä bileleşigine yzygiderli teklip edýär. Ol ilkinji nobatda, howanyň üýtgemeginiň öňüni almak babatdaky tekliplerdir. Hormatly Prezidentimiz şol teklipleri Braziliýada «Rio+20» maslahatynda, Ýaponiýanyň Sendaý şäherinde geçirilen tebigy töwekgelçilikleriň howpuny azaltmak boýunça bütindünýä maslahatynda eden çykyşlarynda beýan etdi.

Türkmenistan BMG-niň Ösüş maksatnamasy, BMG-niň daşky gurşaw boýunça maksatnamasy, Ählumumy ekologiýa gaznasy ýaly halkara düzümleri bilen bilelikde, tebigaty goramak ulgamynda hem ekologiýa maksatnamalaryny we iri taslamalary durmuşa geçirýär. Bu bolsa Türkmenistanda ählumumy meseleleriň çözülmegine goşant boljak tejribäniň toplanandygynyň aýdyň subutnamasydyr.

Garaşsyz, hemişelik Bitarap Türkmenistan milli kanunçylygy halkara hukuk kadalaryna laýyk getirmek bilen, bu ulgamda halkara hukugynyň gazananlaryny ýurdumyzyň milli bähbitleri bilen sazlaşdyrmak üçin uly işleri amala aşyrýar. Türkmenistanyň Konstitusiýasynyň 14, 15, 53-nji maddalarynda ekologiýa meseleleri giňden beýan edilýär [2. s. 14, 15, 27].

Şonuň ýaly hem ekologiýa meseleleri boýunça köpsanly kanunlar kabul edildi we döwletiň ekologiýa syýasatynyň kämil hukuk binýady döredildi. Olaryň hatarynda «Tebigaty goramak hakynda», «Haýwanat dünýäsi hakynda», «Ösümlik

dünýäsi hakynda», «Ozon gatlagyny goramak hakynda» Türkmenistanyň Kanunlary, Türkmenistanyň Tokaý, Ýer, Suw kodeksleri bar.

Alymlaryň, ähli ugurlar boýunça işleýän bilermenleriň öňünde Arkadag Prezidentimiziň halkara gatnaşyklarynyň ugurlary boýunça ylmy ulgama, täze dünýägaraýyş çygryndan esaslandyryp girizen täze ylmy düşünjelerini, ýagny «Energetika diplomatiýasy», «Suw diplomatiýasy», «Ekologiýa diplomatiýasy» ýaly kesgitlemeleri ylmy ýörelge hökmünde özleşdirmek wezipesi durýar. Hormatly Prezidentimiz 2013-nji ýylyň 20-nji dekabryndaky Türkmenistanyň Ministrler Kabinetiniň giňişleýin mejlisinde eden taryhy çykyşynda şeýle belleýär: «Biziň alyp barýan daşary syýasatymyza ekologiýa diplomatiýasy düşünjesi berk ornaşmalydyr» [ 3, s. 2].

Hormatly Prezidentimiziň durnukly ösüşi üpjün etmekde ekologiýa diplomatiýasyny kämilleşdirmek baradaky başlangyçlary bolen BMG-niň Baş Assambleýasynyň mejlislerindäki çykyşlarynda yzygiderli beýan edýär. Döwlet Baştutanymyz BMG-niň çäklerinde daşky gurşawy goramak boýunça oňyn hyzmatdaşlygy giňeltmek ugrunda yzygiderli çykyş edýär we täze başlangyçlary öňe sürýär. Türkmenistan BMG-niň ekologiýanyň howpsuzlygyna degişli meseleler boýunça birnäçe Konwensiýalaryna gatnaşmak bilen, şu mesele babatda işjeň orny eýeleýändigini görkezýär.

Garaşsyz, hemişelik Bitarap Türkmenistan BMG-niň tebigaty goramak baradaky örän ähmiýetli Konwensiýalarynyň birnäçesine goşulyşdy. Olaryň hatarynda «Ozon gatlagyny goramak hakynda» Wena Konwensiýasy we «Ozony dargadýan maddalar» baradaky Monreal protokoly, «Klimatyň üýtgemegi barada» BMG-niň Çarçuwaly Konwensiýasy we oňa degişli Kiota teswirnamasy, «Zyýanly galyndylaryň serhetara geçirilişine we olaryň ýok edilişine gözegçilik etmek boýunça» Bazel Konwensiýasy, «Hazar deňziniň deňiz gurşawyny goramak boýunça», Merkezi Aziýanyň durnukly ösüşi üçin «Daşky gurşawy goramak boýunça» Çarçuwaly Konwensiýalary, «Suw-batgalyk ýerler hakyndaky» Bazel Konwensiýalary ýaly halkara resminamalary bar.

Ekologiýa meseleleri boýunça halkara hyzmatdaşlygy ösdürmekde we milli maksatnamalary amala aşyrmakda dolandyryş işini kämilleşdirmek möhümdir. «Ekologiýa dolandyryşy» düşünjesine ylmy taýdan kesgitleme bermäge synanyşalyň: ynsanyň biosfera bilen arabaglanyşygyny sazlaşdyrýan, tebigy baýlyklardan rejeli peýdalanmaga mümkinçilik berýän, takyk ekologiýa maglumatlara esaslanýan işiň görnüşi bolup, meýilleşdiriş, guramaçylyk we gözegçilik işini özünde jemleýär [4, s. 183].

Hormatly Prezidentimiz tokaý zolaklaryny döretmek babatynda köpugurly özgertmeleri amala aşyrýar. 2021-nji ýylyň 20-nji martynda ýazky bag ekmek da-

barasyna badalga berildi. Aşgabatda we welaýatlarda ýurdumyzy bagy-bossanlyga öwürmäge degişli alnyp barylýan işleriň netijesinde millionlarça düýp saýaly we pürli agaç nahallary ekildi we bu işler yzygiderli dowam etdirilýär. Oturdylan agaç nahallary howanyň kislorod bilen baýlaşmagyna we howanyň arassalanmagyna, ekologiýa taýdan gözel tokaý zolaklarynyň döremegine mümkinçilik berýär. Milli Liderimiziň başlangyjy bilen her ýylda ýurdumyzda ähli görkezijiler boýunça iň göreldeli etraby saýlamakda geçirilýän bäsleşigiň tertibinde obalary, etraplary bagy-bossanlyga öwürmäge gönükdirilip, alnyp barylýan işlere uly üns berilýär. Bu bolsa daşky gurşawy, tebigaty gorap saklamaga her birimiziň mukaddes borjumyz hökmünde garamagymyzy talap edýär.

Daşky gurşawy gowulandyrmak işine gatnaşmak bilen, ynsanyň täze ekologiýa aň-düşünjesi, bilimi, medeniýeti ýokarlanýar we kämilleşýär. Ýokarda berlen ylmy kesgitlemä görä, täze ekologiýa aňy jemgyýetçilik aňynyň aýratyn bir görnüşi bolmak bilen, ynsan bilen tebigatyň arasyndaky gatnaşyklary sazlaşdyrýar.

Türkmenistanyň Prezidentiniň «Türkmeniň döwletlilik ýörelgesi» atly kitabynda türkmen halkynyň asyrlaryň dowamynda özboluşly ajaýyp maddy we ruhy medeniýetini hem-de milli mirasyny nesillerden nesillere geçirip, aýawly saklap we ösdürip gelendigi baradaky maglumatlar anyk mysallar arkaly giňişleýin beýan edilýär. Hormatly Prezidentimiz bu kitabyň «Zeminiň abatlygy-ýaşaýyşyň ebediligi» atly bölüminde: «Ata-babalarymyz Zeminiň baýlyklaryny, gözelligini geljekki nesiller üçin gorap saklamagyň derwaýyslygyny özleriniň pähimlerine siňdiripdirler» diýip belleýär [1, s. 28].

Türkmen topragynyň gözelligini geljekki nesiller üçin aýap saklamak, Watanymyzyň gülläp ösmegini üpjün etmek her birimiziň mukaddes borjumyzdyr. Bu asylly meseleleri çözmekde ata-babalarymyzyň baý tejribesine daýanyp we döwrebap tilsimatlary ulanyp, ýurdumyzyň tebigy gorlaryny aýap saklamaga we artdyrmaga, ekologiýa abadançylygyny üpjün etmäge gönükdirilen tebigaty goraýyş syýasatyny ösdürmek üçin ylmy seljermeleri dowam etdireris.

## EDEBIÝATLAR


1. *Gurbanguly Berdimuhamedow*. Türkmeniň döwletlilik ýörelgesi. – Aşgabat: TDNG, 2020.
2. Türkmenistanyň Konstitusiýasy. – Aşgabat: TDNG, 2020.
3. Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedowyň Türkmenistanyň Ministrler Kabinetiniň giňişleýin mejlisinde eden çykyşy (2013-nji ýylyň 20-nji dekabry) // «Türkmenistan» gazeti – 23.12.2013.
4. Эзимова О.С. Социально-экологическое прогнозирование и его роль в управлении // Экология. Философия. Будущее – Москва, 1992.

**Täçnabat PAÝTYKOWA,**
*Türkmenistanyň Daşary işler ministrliginiň*
*Halkara gatnaşyklary institutynyň*
*jemgyýeti öwreniş ylymlary kafedrasynyň*
*uly mugallymy*

# TÜRKMEN-OWGAN GATNAŞYKLARYNYŇ TARYHY KÖKLERI

Berkarar döwletimiziň bagtyýarlyk döwrüniň uly özgerişlere, ösüşlere beslenýän ýyllarynda hormatly Prezidentimiziň alyp barýan daşary syýasaty barha giň gerime eýe bolýar. «Bitarap Türkmenistanyň daşary syýasat ugrunyň 2017–2023-nji ýyllar üçin Konsepsiýasynda» sebitiň döwletleri bilen özara düşünişmek we özara ynanyşmak ýörelgeleri esasyndaky hyzmatdaşlyk sebitde we dünýäde parahatçylygy hem-de howpsuzlygy saklamagyň we pugtalandyrmagyň esasy şerti bolup durýandygy bellenilýär. Türkmenistanyň daşary syýasy strategiýasynda goňşy Owganystan bilen gatnaşyklary işjeňleşdirmäge aýratyn ähmiýet berilýär. Hormatly Prezidentimiziň: «Biz Owganystana aýratyn ähmiýet berýäris. Birleşen Milletler Guramasynyň howandarlygynda bu ýurtda ýagdaýyň parahatçylykly, syýasy taýdan düzgünleşdirilmegi ugrunda çykyş edýäris. Owganystanyň durmuş-ykdysady taýdan dikeldilmegine iş ýüzünde kömek bermekde dünýä bileleşiginiň tagallalaryny birleşdirmäge çagyrýarys» [1, s. 315] diýen sözleri baky Bitarap Türkmenistanyň halkara bileleşiginiň owgan halkynyň abadan durmuşyny üpjün etmäge hem-de Owganystanyň durmuş-ykdysady taýdan dikeldilmegine we durnukly ösüşine iş ýüzünde kömek bermäge gönükdirilen tagallalaryny hemmetaraplaýyn goldamaga taýýardygynyň subutnamasydyr.

XX asyryň 90-njy ýyllary dünýäniň keşbini düýpli özgerden ägirt uly wakalaryň döwri hökmünde taryha girdi. Türkmenistan Garaşsyz döwlet hökmünde dünýä jemgyýetçiligi bilen gatnaşyklary ýola goýdy. Sebitiň döwletleri, şol sanda ýakyn goňşy Owganystan döwleti bilen gatnaşyklar Garaşsyz Türkmenistanyň daşary syýasatynyň ileri tutýan ugrunyň birine öwrüldi.

Iki goňşy ýurduň hoşniýetli gatnaşyklary öz başlangyjyny taryhyň alyslaryndan alyp gaýdýar. Hormatly Prezidentimiz «Türkmen-owgan halklarynyň arasyndaky goňşuçylyk gatnaşyklary öz gözbaşyny asyrlaryň jümmüşinden alyp gaýdýar. Uzak taryhy döwrüň dowamynda ata-babalarymyz bize parahatçylykly ýaşamagyň, hoşniýetli goňşuçylygyň ajaýyp mirasyny goýupdyrlar» [2, s. 402] diýip bellemek

bilen, ata-babalarymyzyň döwletlilik ýörelgesiniň nusgalyk häsiýetine ýokary baha berýär.

Iki ýurduň arasynda berk gatnaşyklaryň bürünç eýýamynda (b.e.ö. II müňýyllykda) ýola goýulandygyny taryhy çeşmeler subut edýär. Dünýä alymlary ol döwrüň maglumatlaryny «Baktriýa-Margiana arheologik toplum» ady bilen öwrenýärler we ilatlarynyň gelip çykyşy bir bolan gadymy Marguş we Baktriýa ýurtlarynyň ekerançylyk medeniýetleriniň berk taryhy-medeni gatnaşyklarynyň bolandygyny nygtaýarlar [3. s. 82]. Türkmenleriň halaç taýpasynyň puştu halkynyň döremeginde uly hyzmatynyň bolandygyny belläp, ondan puştu taýpasynyň iň irileriniň biriniň – gilzaýyň öz gözbaşyny alyp gaýdýanlygyny belleýär [3, s. 83].

Orta asyrlarda gatnaşyklar has-da berkäpdir. XVIII asyryň 50-nji ýyllarynda dörän Dürranylar döwletini dörediji Ahmet han abdallaryň sadazaý («zaý» – sözi türkmençe «ogullary» diýen manyny aňladýar) tiresinden bolupdyr. Şonuň üçin onuň ady 1747-nji ýyla çenli Ahmet han Abdaly, Ahmet han Sadazaýy görnüşinde gabat gelýär [4. s. 45]. Ol Etrek-Gürgen türkmenleri bilen gös-göni gatnaşyklar açyp, Hanaly han, Döwletaly han, Muhammetaly han, Begjanaly han ýaly gökleň we ýomut serdarlary bilen azatlyk ugrunda göreşipdirler. Magtymguly Pyragy türkmenler bilen owganlaryň ýakynlaşmak meselesine parhsyz garamandyr. Ol Ahmet şa Dürrana «Arşa-aglaýa» atly odasyny bagyşlapdyr [5, s. 25 – 29]. XIX asyryň II ýarymlarynda Murgap sebitinde ýaşan türkmenler owganlaryň abraýly täjirleri, kethudalary, gala häkimleri bilen ýakyn gatnaşykda bolupdyrlar [6, s. 69 – 70].

Döwlet Garaşsyzlygy türkmen halkyna öz ykblyny özüniň kesgitlemegine ýol açdy. Garaşsyz Türkmenistanyň hoşniýetli goňşuçylyk, parahatçylyk söýüjilik, oňyn Bitaraplyk, «Açyk gapylar» syýasatyny ýöredip başlamagy goňşy döwletler bilen birek-birege bähbitli hyzmatdaşlygy ýola goýmaga mümkinçilik berdi. Türkmen-owgan halklarynyň ähli tarapdan gatnaşyklary ýola goýmak islegi gabat geldi. 1992-nji ýylyň 21-nji fewralynda iki ýurduň arasynda diplomatik gatnaşyklar ýola goýuldy. Uzynlygy 800 kilometrden gowrak araçägi bolan goňşy Owganystanyň içerki ýagdaýlarynyň çylşyrymlydygyna garamazdan, ol ýurt bilen kadaly gatnaşyklary ýola goýmakda oňyn netijeler gazanyldy. 1993-nji ýylda özara söwda we medeni gatnaşyklary ösdürmek barada teswirnama gol çekildi.

BMG-niň Baş Assambleýasynyň Türkmenistanyň hemişelik Bitaraplygyny ykrar etmegi ýurduň Aziýa sebitinde ylalaşdyryjy merkeze öwrülmegine şertlendirdi. Munuň özi, ozaly bilen, goňşy ýurt Owganystanda uzaga çeken dürli jemgyýetçilik-syýasy we etniki toparlaryň arasynda häkimiýeti ele almak ugrunda gandöküşikli uruş hereketleriniň bes edilmegi ugrunda tagallalaryň birleşmegine esas goýdy.

1997-nji ýylyň başynda Aşgabatda BMG-niň howandarlygynda Owganystanyň halkyna ynsanperwerlik kömegini bermek boýunça Halkara maslahaty geçirildi [7, s. 218]. Oňa BMG-niň düzümindäki dürli edaralaryň, ençeme halkara guramalaryň we gaznalaryň wekilleriniň 250-den gowragy gatnaşdy [8, s. 205]. Türkmenistanyň hökümeti Owganystanda parahatçylygy dikeltmäge ähli çäreler arkaly ýardam etmäge gyzyklanýandygyny mälim etdi.

Bu halkara duşuşygynda şu aşakdakylar:

- ilkinji nobatda içerki bosgunlary azyk, derman, agyz suwy ýaly derwaýys zatlar bilen üpjün etmek;
- uruşda weýran bolan halk hojalygyny dikeltmek;
- biri-birine ýaragly garşy duran toparlanşyklaryň arasynda barlyşyga ýardam berjek çäreleri işläp düzmek ýaly meseleler ara alnyp maslahatlaşyldy.

1998-nji ýylda BMG-niň howandarlygynda Aşgabatda Owganystanyň içinde parahatçylygy dikeltmek barada iki günlük maslahat geçirildi. Oňa biri-birine garşy durýan taraplaryň ikisiniň hem wekilleri gatnaşdylar. Şonda olar Türkmenistanyň Owganystanyň içerki işlerine gatyşmazlyk, doly deňhukuklylyk, Owganystanda parahatçylygy dikeltmäge ýokary derejede hemaýat etmek ýörelgelerine uly sarpa goýýandyklaryny beýan etdiler. Bu maslahatyň netijesinde garşydaş taraplary ylalaşdyryjy topar döredildi.

Türkmenistan hemişelik Bitaraplyk derejesinden ugur alyp dünýä bileleşiginiň we halkara guramalary tarapyndan Owganystana iberilýän ynsanperwer kömegiň owgan halkyna gowuşmagynda hemmetaraplaýyn goldaw berdi. Türkmenistanyň ynsanperwer goldawy dürli ugurlarda dowamly ýüze çykýar. Ýurdumyz diňe parahatçylykly, syýasy-diplomatik, söwda-ykdysady we ynsanperwer usullary ulanmak arkaly bu ýurtdaky ýeňil bolmadyk ýagdaýy durnuklylaşdyrmak ugrunda çykyş edýär [9, s. 129]. Şol usullar bolsa uzak möhletli geljege ýyllarynyň başlarynda gönükdirilendir. Bu işde BMG-niň Öňüni alyş diplomatiýasynyň Merkezi Aziýa üçin Sebit merkezine möhüm orun degişlidir. Hormatly Prezidentimiz Gurbanguly Berdimuhamedowyň başlangyjy boýunça 2007-nji ýylyň dekabr aýynda onuň ştab-kwartirasy Aşgabatda açyldy. BMG-niň Baş Assambleýasynyň 65-nji mejlisinde Owganystany dikeltmek boýunça BMG-niň howandarlygynda uzak möhletli maksatnamany taýýarlamak hakyndaky teklip bilen çykyş etdi [10, s. 87].

Şu geçen ýyllaryň dowamynda ýurdumyz dostlukly döwlete döredijilikli durmuşyň esaslaryny pugtalandyrmakda hem-de ýurdy durmuş-ykdysady taýdan ösdürmekde uly kömek berip geldi we bu asylly işi dowam edýär. Energiýa serişdesine ýiti mätäçlik çekýän goňşy ýurda Türkmenistan çärýek asyrdan hem

gowrak wagt bäri dünýä bazaryndaky bahadan arzan, elýeterli nyrhlar boýunça elektrik energiýasyny berýär. Emele gelen maliýa-ykdysady kynçylyklary göz öňünde tutulyp, Türkmenistanyň elektrik energiýasyny diňe bir Owganystana däl-de, eýsem onuň üsti bilen sebtiň beýleki döwletlerine-de ibermek mümkiçiligi uludyr.

Netijede türkmen-owgan hyzmatdaşlygynyň anyk ugurlary: ýangyç-energetika, ulag-aragatnaşyk, ylym-bilim, ynsanperwerlik ugurlary kemala geldi.

## EDEBIÝATLAR


1. *Gurbanguly Berdimuhamedow.* Ösüşiň täze belentliklerine tarap. Saýlanan eserler. 11-nji tom. – Aşgabat, 2018.
2. *Gurbanguly Berdimuhamedow*. Ösüşiň täze belentliklerine tarap. Saýlanan eserler. 12-nji tom. – Aşgabat, 2019.
3. Annanepesow M. Magtymguly we onuň zamanasy. – Aşgabat, 1990.
4. Annaorazow J. we başg. Aziýa we Afrika ýurtlarynyň taryhy (Täze taryhy döwri). – Aşgabat, 2013.
5. Garaýew B.S. Türkmenistanyň daşary syýasaty. – Aşgabat, 2017.
6. Gurbangeldiýew J. Türkmenistan-Owganystan: hoşniýetli goňşuçylyk gatnaşyklary wajyp halkara başlangyçlary bilen baýlaşýar. // Türkmenistanyň daşary syýasaty we diplomatiýasy, №4, 2017.
7. Gündogdyýew Ö. Türkmenler we dünýä halklary. – Aşgabat, 2012.
8. Orazgylyjow Ý., Hydyrow T. Türkmenistanyň taryhy (Türkmenistan Garaşsyzlyk zamanynda). – Aşgabat, 2008.
9. Rahmanow A. Birleşen Milletler Guramasy we onuň ulgamy. – Aşgabat, 2014.
10. Türkmen hanlary we serdarlary. – Aşgabat, 1992.

**Altyn MAGTYMOWA,**
*Türkmenistanyň Daşary işler ministrliginiň*
*Halkara gatnaşyklary insitutynyň*
*halkara gatnaşyklary we diplomatiýa kafedrasynyň mugallymy*

# TÜRKMENISTANYŇ INNOWASIÝA ÖSÜŞ STRATEGIÝASYNDA ÝAŞ ALYMLARYŇ ORNY WE HALKARA HYZMATDAŞLYGY

Berkarar döwletimiziň bagtyýarlyk döwründe hormatly Prezidentimiz Gurbanguly Berdimuhamedowyň öňdengörüjilikli baştutanlygynda ylmy-tehniki ösüşiň ähli ugurlar boýunça depginini ýokarlandyrmak meselesine möhüm ähmiýetli syýasy we ykdysady wezipe hökmünde garalýar. Bu ugurda innowasiýalaryň, ylmyň we tehnikanyň iň täze gazananlarynyň tejribede netijeli ornaşdyrylmagyna, önümçilik binýadynyň pugtalandyrylmagyna ylmy-tehniki ösüşiň esasy netijesi hökmünde aýratyn orun berilýär. Ýurdumyzda ylmy-tehniki mümkinçilikleriň kuwwatly goruny kemala getirmek we netijeli peýdalanmak meselelerini oňyn çözmek üçin öňdebaryjy oýlap tapyşlara we senagat nusgalaryna esaslandyrylan, kämil dünýä nusgalary bilen bäsdeşlik edip biljek täze tehnologiýalaryň binýadynyň döredilmegi ösüşiň möhüm şertleriň biri bolup durýar.

Häzirki wagtda ýurdumyzyň bilim ulgamyna döwrebap innowasion tehnologiýalar ornaşdyrylýar, ýaş alymlaryň ylmy mümkinçiliklerini artdyrmak maksady bilen täze we kämil tehniki serişdeleri peýdalanmak arkaly netijeli ylmy-barlag we ylmy-gözleg işleri alnyp barylýar. Türkmenistanyň Ylymlar akademiýasynyň Tehnologiýalar merkeziniň döredilmegi hem ýurdumyzyň innowasion ykdysadyýetiniň esasyny düzmäge gönükdirilendir. Bu merkez adam serişdesini we «bilimler ykdysadyýetini» ösdürmäge, Türkmenistanyň ykdysady we tehnologik howpsuzlygyny üpjün etmäge ýardam etmek bilen, ylmy çözgütleri, işläp taýýarlamalary bir bitewi ulgama birleşdirýän we olary önümçilige ornaşdyrýan esasy gurama öwrüldi.

Hormatly Prezidentimiziň baştutanlygynda ylym ulgamyny döwlet tarapyndan goldamagyň gerimi ýylsaýyn giňelýär, geljegi uly ylmy barlaglary, tejribe-synag we tehnologik işläp taýýarlamalary maliýeleşdirmegiň gerimi artdyrylýar. Ýurdumyzda ylmy barlaglaryň, toplumlaýyn ylmy işleriň giňeldilmegi üçin ähli şertler döredilýär we olaryň netijeleri tejribede giňden ulanylýar. Ylym edaralarynyň we ýokary okuw mekdepleriniň maddy-enjamlaýyn binýady

berkidilýär, olaryň işine iň täze maglumat-aragatnaşyk tehnologiýalary giňden ornaşdyrylýar, şol sanda internet hem-de elektron kitaphanalar arkaly dünýäniň maglumatlar goruna ýokary tizlikli elýeterlilik üpjün edilýär.

Döwlet Baştutanymyzyň başlangyjy boýunça ýokary taýýarlykly hünärmenleri we ýaş alymlary taýýarlamak ulgamynda amala aşyrýan işler ýurdumyzyň milli ykdysadyýetiniň hem-de innowasion ulgamynyň ösüşiniň ileri tutulýan ugurlaryny öz içine alýar. Ylymlar akademiýasynyň institutlarynda hem-de Tehnologiýalar merkezinde innowasiýalary ýangyç-energetika toplumyny ösdürmäge hem-de energiýa serişdelerini tygşytlamak meselelerini çözmäge gönükdirilen ylmy-barlaglar işjeň alnyp barylýar. Alymlar energiýanyň alternatiw çeşmelerini öwrenmek bilen, elektrik energiýasyny öndürmegiň, uglewodorod serişdeleriniň ýataklaryny çaklamagyň, gözlemegiň, işläp geçmegiň, çykarmagyň we ulanmagyň täze tehnologiýalaryny döredýärler hem-de ýangyjy elektrik we ýylylyk energiýasyna öwürmek boýunça ylmy barlaglary alyp barýarlar. Umuman, durmuşyň dürli ugurlaryna innowasiýalar ornaşdyrylýar we taýýarlanan ýaş ylmy hünärmenler täze ösüşe, öz bilimlerini, başarnyklaryny, ukyplaryny kämilleşdirmäge, dürli pudaklarda işiň täze görnüşlerini özleşdirmäge ugrukdyrylýar. Ýaş ylmy işgärleri taýýarlamak we olaryň hünär derejesini ýokarlandyrmak üçin halkara hyzmatdaşlygy işjeň ulanylýar.

«Türkmenistanda innowasiýa işini ösdürmegiň 2015–2020-nji ýyllar üçin Maksatnamasy» dünýä tejribesini öwrenmek, tehnologiýalary ornaşdyrmak, olary önümçilik ulgamynyň hajatlaryna uýgunlaşdyrmak we milli ykdysadyýetimizde meseleleriň innowasion çözgütlerini gözläp tapmak boýunça wezipeleri goýýar. [1] Bilelikdäki barlaghanalary, edaralary döretmek, hyzmatdaşlygyň taslamalaryny, maksatnamalaryny amala aşyrmak, dünýäniň dürli ýurtlaryndan alymlary çagyrmak, tejribe alyşmak maksady bilen türkmen alymlaryny daşary ýurt merkezlerinde tejribe okuwyny geçirmek üçin ugratmak, halkara tehnologik merkezleri bilen özara gatnaşyklary ýola goýmak we netijeli tehnologiýalary özara bähbitli esasda alyşmak babatynda giň möçberli işler durmuşa geçirilýär.

Döwlet Baştutanymyzyň 2016-njy ýylyň 15-nji iýulyndaky Karary bilen «Türkmenistanda ylmy barlaglaryň we innowasiýa tehnologiýalarynyň netijeliligini ýokarlandyrmagyň 2017–2021-nji ýyllar üçin Döwlet maksatnamasynyň» tassyklanmagy ýurdumyzyň innowasion ösüşlerini ilerletmäge möhüm ädim boldy. Bu maksatnamada göz öňünde tutulýan wezipeler «Türkmenistanda innowasiýa işini ösdürmegiň 2015–2020-nji ýyllary üçin Maksatnamasy», «Türkmenistanda tebigy we takyk ylymlary ösdürmegiň Döwlet maksatnamasy», «Türkmenistanda ylmy işgärleri taýýarlamagyň Maksatnamasy», «Türkmenistanda ylmyň we tehnologiýalaryň ileri tutulýan ugurlary»

hem-de ylym ulgamynyň hukuk binýadyny düzýän kanunlar we beýleki resminamalar bilen sazlaşykly utgaşýar.

Şunuň bilen baglylykda, 2014-nji ýylyň 16-njy awgustynda «Innowasiýa işi hakynda» Türkmenistanyň Kanunynyň kabul edilmegi bu ugurdaky işleriň has-da netijeli alnyp barylmagyna kuwwatly itergi berýär. Bu Kanun Türkmenistanyň ykdysadyýetinde innowasiýalar pudagynyň gazananlaryny peýdalanmagynyň maksatlaryny we wezipelerini anyk kesgitlemek bilen, ykdysadyýetiň ýeke-täk we bitewi innowasiýalar infrastrukturasynyň çäklerinde innowasiýa işiniň institutlarynyň netijeli hereket etmegine oňaýly şertleri döredýär. Şeýle hem bu kiçi we orta telekeçiligiň netijeli hereket etmegine itergi berýän maýa goýum işine aýratyn üns berilýär. Hususan-da, bu meseläniň üns merkezinde saklanmagy ylmy-tehniki işläp taýýarlamalaryň önüme öwrülmegine we degişlilikde, önümçilikde innowasiýalaryň özleşdirilmegine, netijede üznüksiz innowasiýalar dolanyşygynyň arabaglanşygynyň pugta saklanmagyna ýardam edýär.

Ýokary tehnologiýalaryň işe ornaşdyrylmagy, täze önümçilik kuwwatlyklarynyň ulanyşa girizilmegi, ýokary öndürijilikli enjamlaryň peýdalanylmagy we ýokary taýýarlykly hünärmenleriň işe çekilmegi kada bolar ýaly, Türkmenistanyň milli ykdysadyýetiniň esasy pudaklarynda innowasiýalar ulgamynyň gazananlaryny has giňden peýdalanylmagyny üpjün etmek wajyp bolup durýar. Häzirki wagtda nanotehnologiýalar we biotehnologiýalar, maglumat kommunikasiýa tehnologiýalary pudagynda kuwwatly ylmy ätiýaçlyklar döredilýär.

Döwlet Baştutanymyz tarapyndan üstünlikli amala aşyrylýan ylmy-tehniki syýasat innowasiýalar ulgamyny yzygiderli kämilleşdirmek strategiýasyny barha ilerletmäge giň we oňyn mümkinçilik berýär, munda binýatlaýyn gorluk (zähmet, maliýe, maddy-tehniki) mümkinçilikleriň hemmesi ösüşiň innowasiýaly ýoluna maksatlaýyn gönükdirilýär.

Innowasiýalar ykdysadyýetinde mineral-çig mal, ýangyç energetika we infrastruktura pudaklaryna has uly üns berilýär. Innowasiýalar syýasatynyň durmuşa geçirilmegi önümçilik işini alyp barmakda iň döwrebap tehnikany we tehnologiýany peýdalanmak arkaly senagatyň we oba hojalygynyň tehniki taýdan täzeden enjamlaşdyrylmagy bilen baglydyr. Häzirki döwürde ýurdumyzda hut şu ýagdaý ösýän depginler bilen dowam edýär. Türkmenistanyň milli ykdysadyýetinde telekeçiligiň orny barha ýokarlanýar. Hormatly Prezidentimiziň Türkmenistanyň Ministrler Kabinetiniň giňişleýin mejlislerinde belleýşi ýaly, telekeçiligiň paýy oba hojalygynda, gurluşykda, söwdada, senagatda, yzygiderli we ynamly ýokarlanýar. Bu üstünlikler telekeçilik işiniň hemmetaraplaýyn ösýändigini aýdyň görkezýär. Häzirki döwürde ylmyň we tehnikanyň gazananlaryna daýanmazdan, dine bir aýratynlykda alnan her bir kärhananyň däl, eýsem tutuş ýurduň hem ykdysady we

medeni taýdan has pajarlap ösmegini üpjün etmek başartmaýar. Dünýä ýurtlarynyň barha ýakyndan özara hereket etmegi ählumumy hadysalarynyň artýandygyny görkezýär hem-de şeýle şertlerde umumadamzat bähbitli meseleleri oňyn çözmekde maglumatlar we ylmy barlaglar pudaklarynyň öňdebaryjy gazananlaryny tiz we netijeli alyşmagynyň ornunyň uludygyny subut edýär. Türkmenistan döwletimiz şeýle oňyn hyzmatdaşlyga açyk bolmagynda galýar.

Häzirki wagtda innowasiýa çygrynda halkara hyzmatdaşlygyny ösdürmek döwrüň möhüm talaby bolmagynda galýar. Şu nukdaýnazardan, ýurdumyzyň innowasiýa ulgamynda ýola goýlan işiniň kanunçylyk binýadynyň berkidilmeginiň we halkara hyzmatdaşlygynyň üpjün edilmeginiň möhüm ähmiýeti bardyr. Bu meseleler Türkmenistanyň «Innowasiýa işi hakyndaky» Kanunynyň 51-nji maddasynda Innowasiýa çygrynda halkara hyzmatdaşlygynyň esasy düzgünleri bölüminde özüniň anyk beýanyny tapýar [2].

Şu Kanun Türkmenistanda innowasiýa işiniň hukuk, ykdysady we guramaçylyk esaslaryny kesgitleýär. Şunuň bilen baglylykda halkara gatnaşyklarynda ynsanperwer ulgamynyň, aýratyn hem, ylmy-tehniki taýdan derejesi ýokary bolan ýörite hünärmenleri taýýarlamaga giň ýol açýan ylymda we bilimde hyzmatdaşlygy pugtalandyrmaga bar bolan mümkinçilikler işjeň ýagdaýda durmuşa geçirilmäge gönükdirilýär.

## EDEBIÝATLAR


1. *Gurbanguly Berdimuhamedowyň* Ýaşlar maslahatynda eden çykyşy. https://www.tdh.gov.tm/ 06.04.2016 ý.
2. https://www.science.gov.tm/

**Suraý ÖWLIÝAGULYÝEWA,**
*Türkmenistanyň Daşary işler ministrliginiň*
*Halkara gatnaşyklary institutynyň*
*halkara gatnaşyklary we diplomatiýa kafedrasynyň öwreniji mugallymy*

# DAŞARY-SYÝASY IŞI AMALA AŞYRMAKDA «SANLY DIPLOMATIÝANYŇ» ORNY

Berkarar döwletimiziň bagtyýarlyk döwründe hormatly Prezidentimiziň milli ykdysadyýetimizi sanlylaşdyrmak, tehnologiýalaşdyrmak boýunça öňe sürýän döwlet syýasaty ýurdumyzy innowasion taýdan ösdürmegiň baş şerti bolup çykyş edýär. Türkmenistanda sanly ykdysadyýeti ösdürmek babatda durmuşa geçirilýän maksatnamalaýyn çäreler bilimli jemgyýeti kemala getirmäge, ähli pudaklarda maglumat giňişligini döretmäge, döwrebap we iň täze tehnologiýalary önümçilige ornaşdyrmaga, dolandyryş ulgamyny kämilleşdirmäge, öndürilýän harytlaryň we hyzmatlaryň elýeterliligini hem-de hilini ýokarlandyrmak arkaly ilatyň hal-ýagdaýyny we durmuş derejesini gowulandyrmaga gönükdirilendir.

Sanly ulgama geçmegiň depginini ýokarlandyrmak häzirki wagtda geljegi uly bolan ugurlaryň biridir. Şunuň bilen baglylykda, dürli ulgamlarda amala aşyrylýan hyzmatlary elektron ulgama geçirmek, hyzmatlar ulgamyny kompýuterleşdirmek, öňdebaryjy tehnologiýalary ornaşdyrmak esasynda senagat toplumynyň hem-de oba hojalygynyň kärhanalaryny döwrebaplaşdyrmak, sanly ykdysadyýet üçin ýokary bilimli işgärleri taýýarlamak boýunça çäreleri geçirmek zerurdyr.

Türkmenistanyň Prezidentiniň «Türkmenistanda dürli görnüşli elektron enjamlaryny öndürýän kärhanalary döretmegiň Döwlet maksatnamasy» hem-de «Türkmenistanda 2019 – 2025-nji ýyllarda sanly ykdysadyýeti ösdürmegiň Konsepsiýasynyň» durmuşa ornaşdyrylmagy netijesinde ýurdumyzda sanly ykdysadyýeti ösdürmeklige gönükdirilen çäreler amala aşyrylýar. Bu Konsepsiýasyny durmuşa geçirmegiň çäklerinde ýurdumyzyň ykdysadyýetiniň pudaklaryny sanlylaşdyrmak boýunça maksatlar, wezipeler we esasy ugurlar kesgitlenilip, onuň üç tapgyrda amala aşyrylmagy göz öňünde tutulýar.

Sanly ulgamyň hem-de jemgyýetçilik diplomatiýasynyň bir görnüşi hökmünde sanly diplomatiýa ýurdumyzyň daşary syýasatyny ýöretmegiň aýratyn bir usuly bolup durýar. Alymlaryň bellemegine görä, sanly diplomatiýa, radio we telewideniýe ýaýlymlaryny internet sahypalarynda ýerleşdirmek, sanly edebiýaty köpçülige ýaýratmak, blog giňişligindäki diskussiýalara gözegçilik etmek, öýjükli telefonlar

arkaly maglumat ibermeklik şeýle-de jemgyýetçilik ulgamlarda hökümet agzalarynyň şahsy sahypalaryny döretmek bolup, giň jemgyýet köpçüligine täsir etmegiň usuly bolup durýar.

Milli ykdysadyýetimiziň birnäçe pudaklary elektroenergetika, elektron senagaty, nebit-gaz we beýleki serişdeleri çykarmak hem-de gaýtadan işlemek, oba hojalygy, ulag we aragatnaşyk ulgamy, syýahatçylyk häzirki wagtda ykdysadyýetimiziň esasy hereketlendiriji güýçleri hasaplanylýar. Sanly ykdysadyýet, sanly lukmançylyk we sanly bilim ýurdumyzda strategik maksatlar hökmünde öňe sürülýär. Şunuň bilen baglylykda, ykdysadyýetiň pudaklaryny sanlylaşdyrmagyň we ösdürmegiň kabul edilen maksatnamasynyň durmuşa geçirilişine gözegçilik etmek aýratyn wezipeleriň biri bolup durýar. Olaryň içinde intellektual tehnologiýalaryň esasynda maglumat elýeterliligini üpjün etmek we olaryň netijeli dolandyrylmagyny gazanmak ýaly üns merkezinde durýan esasy wezipeler hem bar. Maglumata şu günki gün öndüriji güýç hökmünde we ýaşaýşyň iň zerur şertleriniň biri hökmünde garalýar. Maglumat pikir edişiň, içki we gurşap alýan dünýä aň ýetirişiň, hereket edişiň çeşmesi, serişdesi bolup durýar. Maglumat döredilýär, iberilýär, alyş-çalyş edilýär, gaýtadan işlenilýär, yzyna iberilýär we ş.m. Maglumat esasynda ýagdaýlar seljerilýär, çözgüt kabul edilýär we hereket edilýär [3, s. 140]. Şol sanda maglumatlary ýygnamagyň, geçirmegiň we işlemegiň, ýurdumyzyň halkara habarlar giňişliginde ornuny yzygiderli artdyrmaga gönükdirilen işleriň netijesinde, olary sanlylaşdyrmagyň we oňa öňdebaryjy usullary ornaşdyrmagyň hasabyna statistika edaralarynyň maddy-enjamlaýyn binýadynyň berkidilmegi hem döwrüň derwaýys zerurlygydyr.

Hormatly Prezidentimiz sanlylaşdyrmagyň ýokary wezipelerine toplumlaýyn çemeleşmegiň talaplaryny öňe sürüp, halkara hyzmatdaşlygyň infrastrukturasyny iň täze tehnologiýalar bilen enjamlaşdyrmaga uly üns berýär. Häzirki wagtda Türkmenistanyň diplomatik hyzmatlarynyň sanlylaşdyrylyşy ep-esli güýçlendirildi, bu bolsa ýokary tehnologik mümkinçiligi, internet torunyň ýüküni köp esse ýokarlandyrmaga we wideoşekilli gepleşikleri geçirmäge taýýardygyny görkezdi. [4] Şunuň bilen baglylykda, Türkmenistanyň diplomatik ulgamy häzirki zaman sanly tehnologiýalary bilen doly üpjün edildi. Mysal üçin, Türkmenistanyň Daşary işler ministrliginiň ýörite internet saýty (www.mfa.gov.tm), Türkmenistanyň daşary ýurtlardaky ilçhanalarynyň internet saýtlary, şeýle hem «Halkara täzelikler» atly hepdelik elektron gazeti (www.mfa.gov.tm/ru/newspapers) döredilip, olarda köp maglumatlar internetiň üsti bilen beýan edilýär [6]. Şeýle-de Türkmenistanyň hemişelik Bitaraplygynyň şanly 25 ýyllygyna bagyşlanan www.neutrality.gov.tm internet saýty döredilip, onda hormatly Prezidentimiziň eserleriniň elektron kitaplary ýerleşdiri-

lendir. Bu bolsa daşary ýurtly okyjylara Türkmenistan bilen ýakyndan tanyşmaga özüniň mümkinçiliklerini berýär.

Hormatly Prezidentimiziň başlangyjy bilen Türkmenistanyň Daşary işler ministrliginiň düzüminde «Sanly diplomatiýa» bölümi döredildi. Bu bölümiň döredilmegi daşary ýurt hyzmatdaşlar bilen gatnaşyklary ösdürmekde sanly tehnologiýalaryň mümkinçiliklerini peýdalanmaga we uzak aralykdan dürli görnüşli syýasy ähmiýetli çäreleri ýokary guramaçylykly geçirmäge ýakyndan ýardam berýär. Diňe soňky gysga döwrüň içinde dünýäniň köp döwletleriniň COVID-19 koronawirus pandemiýasy bilen ýüzbe-ýüz bolan häzirki şertlerinde daşary syýasatymyzda sanly diplomatiýanyň orny has-da artyp, ol daşary syýasatymyzyň aýrylmaz bir bölegi boldy. Onuň netijesinde ikitaraplaýyn we köptaraplaýyn gepleşikleriň birnäçesi, şol sanda iri halkara guramalarynyň we gurluşlarynyň çägindäki sammitleri onlaýn tertipde geçirilip, olar baradaky maglumatlar ministrliginiň internet saýtynda yzygiderli öz beýanyny tapýar [2, s. 77].

Ýeri gelende bellesek, Türkmenistanyň hormatly Prezidenti ýokary sepgitleri we ýokary tehnologiýaly senagat toplumlaryny ornaşdyrmak, ylmy ösdürmek bilen baglanyşykly dünýä derejesindäki meseleleriň çözgütlerini tapmaklyga gatnaşmagyň işjeňligini kesgitleýär. Has takygy, hormatly Prezidentimiz Goşulyşmazlyk hereketiniň ýokary derejedäki duşuşygynda eden çykyşynda: «Pandemiýa we onuň ýaramaz netijelerine garşy göreşde ýokary derejeli hünärmenleriň ysnyşykly işlemeginiň örän uly ähmiýeti bardyr. Bu ugurda ylmy diplomatiýanyň usullaryny doly derejede ulanmak gerek» diýip belleýär [1, s. 2]. Şeýle talaplar nazary bilimlerini halkara gatnaşyklarynda ulanyp bilýän diplomatik gullugyň geljekki işgärlerini taýýarlamakda hem peýdalanylýar. Şunuň bilen baglylykda, Türkmenistanyň Daşary işler ministrliginiň Halkara gatnaşyklary institutynyň okuw maksatnamalaryny kämilleşdirmek, döwrümiziň derwaýys meselelerine laýyk gelýän täze dersler we ýörite okuw sapaklaryny girizmek boýunça işler alnyp barylýar. Şeýle hem, Türkmenistanyň Daşary işler ministrliginiň Halkara gatnaşyklary institutynda «Türkmenistanda sanly bilim ulgamyny ösdürmek hakynda» Konsepsiýany durmuşa ornaşdyrmagyň çäklerinde, bitewi maglumat tory, sanly bilim portaly hem-de ýörite internet saýty (https://www.iirmfa.edu.tm/) döredildi. Hususan-da, institutyň sanly bilim portalynda talyplar üçin niýetlenen ylmy edebiýatlar, umumy sapaklar we wideo okuw sapaklary saklanylýar. Şeýle hem sanly diplomatiýa ugrundaky dünýä tejribesini öwrenmäge, kompýuter derňewi we modelirlemegiň usullaryny ulanmaga, diplomatiýanyň gepleşik sungatyna we daşary syýasatyň beýleki görnüşlerine uly üns berilýär. Institutyň internet saýtynda bolsa bu ýokary okuw mekdebi baradaky ähli maglumatlar, gündelik geçirilýän çäreler, institutyň halkara hyzmatdaşlygy baradaky maglumatlar ýerleşdirilendir.

Bu ulgam jemgyýetiň intellektual mümkinçiliklerini baýlaşdyrmaga ýardam berýär, bilim almagyň bitewi elektron maglumat giňişligini döredýär [5, s. 105-109].

Netijede, dünýädäki häzirki ýagdaý we onuň ösüş ugurlary Türkmenistanyň Prezidentiniň sanly tehnologiýalary, ýokary tizlikli internet ulgamlaryny we toplumlaryny çalt ornaşdyrmak, bu ugurda hünärli işgärleri taýýarlamak bilen baglanyşykly konseptual pikirleriň we düýpli talaplaryň paýhaslylygyny we öňdengörüjiligini ýene bir gezek tassyklaýar. Bu tötänleýin däl, sebäbi bu ölçegler häzirki wagtda dünýä syýasatynda we halkara gatnaşyklarynda öňdebaryjy wezipelere ýetmek üçin köp babatda wajypdyr.

## EDEBIÝATLAR


1. Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedowyň Goşulyşmazlyk hereketiniň ýokary derejedäki duşuşygynda eden çykyşy, (Aşgabat, 2020-nji ýylyň 5-nji ýanwary)// Türkmenistanyň daşary syýasaty we diplomatiýasy. 2020, №2. s. 1-5.
2. Хроника дипломатической жизни// Внешняя политика и дипломатия Туркменистана. №2, 2020. с. 68-144.
3. Karaýew B. Geosyýasy seljeriş we strategiki meýilleşdiriş. Aşgabat, TDNG. 2017.
4. Караев Б. Цифровая дипломатия Туркменистана: эффективная платформа международного диалога// Нейтральный Туркменистан. 10.07.2020.
5. Karaýew B. Geosyýasy seljeriş we onuň ylmy-usuly esaslary // «Türkmenistanyň daşary syýasaty we diplomatiýasy» žurnaly, 2015, №2, s. 105-113.
6. Туркменистан активизирует международное сотрудничество. // www.mfa.gov.tm/ru/newspapers.




6. Sargyt № 2479

**Rahym BÄŞIMOW,**
*Türkmenistanyň Daşary işler ministrliginiň*
*Halkara gatnaşyklary institutynyň*
*halkara ykdysady gatnaşyklary kafedrasynyň mugallymy*

# PARAHATÇYLYK WE YNANYŞMAK – TÜRKMEN DIPLOMATIÝASYNYŇ ESASY ÝÖRELGELERI

Parahatçylyk we ynanyşmak ählumumy ösüşleriň gözbaşydyr. Olaryň üpjün edilen ýerinde ösüşleriň boljakdygy we üstünlikleriň gazanyljakdygy bize mälimdir. Bu garaýyşdan ugur alýan türkmen halky parahatçylyk söýüjilik ýörelgesine ygrarly bolmak bilen, ynanyşmak esasynda ählumumy asudalygy üpjün etmäge çalyşýar. Munuň özi parahatçylyga we ynanyşmaga bolan uly sarpanyň, tutuş dünýäde şan-şöhraty belende galýan halkymyzyň milliliginde bardygyny görkezýär.

Hormatly Prezidentimiziň başlangyjy bilen 2021-nji ýylyň ýurdumyzda «Türkmenistan – parahatçylygyň we ynanyşmagyň Watany» diýlip yglan edilmeginiň uly manysy bar. Parahatçylyk we ynanyşmak – Türkmenistanyň baky Bitaraplyk hukuk ýagdaýynyň we daşary syýasatynyň binýatlaýyn ýörelgesidir. Bu gün bütin dünýäde parahatçylygy üpjün etmek baky Bitarap Türkmenistanyň daşary syýasatynyň möhüm ugrudyr. Muny 2011-nji ýylda Birleşen Milletler Guramasynyň Baş Assambleýasynyň 66-njy mejlisiniň belent münberinden türkmen Lideriniň «Ösüş arkaly parahatçylyk» şygaryny öňe sürmegi hem doly subut edýär [1, s. 16].

Türkmenistanyň daşary syýasaty parahatçylyk söýüjilik, sebit we dünýä derejesinde işjeň parahatçylygy üpjün etmek, gapma-garşylyklara, harby bileleşiklere hem-de şertnamalara gatnaşmazlyk, beýleki döwletleriň özbaşdaklygyna we çäk bitewüligine hormat goýmak hem-de olaryň içerki işlerine gatyşmazlyk ýörelgelerinden ybaratdyr. Şoňa görä-de, kuwwatly ylalaşdyryjy ýurdumyzyň oňyn Bitaraplyga esaslanyp, halkara giňişliginde amala aşyrýan beýik işleri dünýä bileleşiginiň maksatlaryna we isleglerine şübhesiz doly laýyk gelýär.

Parahatçylyk düşünjesi giň many-mazmuna eýedir. Özara ylalaşmak, düşünişmek we dost-doganlyk ýörelgelerine esaslanýan hyzmatdaşlyk halkara parahatçylygynyň wajyp bolan esasy şertidir. Diplomatiýada şeýle hyzmatdaşlyga möhüm orun degişlidir. Birleşen Milletler Guramasy hem degişli Kararnamany kabul etmek bilen, 2002-nji ýyldan başlap, her ýylyň 21-nji sentýabryny «Parahatçylygyň halkara güni» diýip, ykrar etdi. Bu hem parahatçylygyň ählumumy derejede halkara giňişligindäki ähmiýetiniň ýokarydygyna güwä geçýär [2].

Ynsanperwer milli Liderimiziň belleýşi ýaly, parahatçylyk we ynanyşmak häzirki döwürde adamzada iňňän zerur bolup durýar. Agzalan iki düşünje halkara hyzmatdaşlygynyň, ähliumumy howpsuzlygy we abadançylygy üpjün etmegiň möhüm şertidir. Şoňa görä-de, ýurdumyz tarapyndan dünýä syýasatynda ynanyşmagy dikeltmek, halklaryň arasynda hormat goýmak gatnaşyklaryny berkitmek üçin şertleri döretmek boýunça uly işler durmuşa geçirilýär.

Hormatly Prezidentimiziň baştutanlygynda XXI asyrda Türkmenistan «Ösüş arkaly parahatçylyk» ýörelgesine eýerip, ynanyşmak esasynda ähli halklary parahatçylyga çagyrýar. Muňa Birleşen Milletler Guramasynyň Baş Assambleýasynyň 73-nji mejlisinde gurama agza döwletler tarapyndan Türkmenistanyň başlangyjy esasynda «2021-nji ýyl – Halkara parahatçylyk we ynanyşmak ýyly» atly Kararnamanyň kabul edilendigi aýdyň şaýatlyk edýär. Bu bolsa «Türkmenistan – parahatçylygyň we ynanyşmagyň Watany» şygary astynda geçýän 2021-nji ýylyň bütin dünýäde ýurt Baştutanymyzyň tagallasy bilen «Halkara parahatçylyk we ynanyşmak ýyly» diýlip yglan edilmegi bitewülikden gözbaş alýandygyny görkezýär. Çünki Türkmenistan daşary syýasatda howpsuzlygyň bitewülik we bölünmezlik konsepsiýasyny öňe sürýär we ony amala aşyrýar.

Berkarar döwletimiziň bagtyýarlyk döwründe hormatly Prezidentimiziň baştutanlygynda Türkmenistan bütin dünýäde parahatçylygy berkitmäge we ynanyşmagy pugtalandyrmaga saldamly goşant goşýar. Ol ata Watanymyzyň ýyl ýazgysyna altyn harplar bilen ýazyljak taryhy wakalara beslenýän üstümizdäki ýylyň «Türkmenistan – parahatçylygyň we ynanyşmagyň Watany» şygarynda hem doly şöhlelenýär. Türkmen halkynyň parahatçylyk we ynanyşmak bilen bagly asylly ýörelgelerini dowam etdirýän milli Liderimiziň bu ugurda öňe sürýän halkara başlangyçlary dünýä bileleşigi tarapyndan giň goldawa eýe bolýar. Munuň özi «Türkmenistan – parahatçylygyň we ynanyşmagyň Watany» ýylynda amala aşyrylýan işlerde hem görünýär. Şu ýylyň 29-njy ýanwarynda Türkmenistanyň Daşary işler ministrliginiň Halkara gatnaşyklary institutynda geçirilen dabarada milli Liderimiziň başlangyjy boýunça BMG-niň Baş Assambleýasynyň degişli Kararnamasy bilen yglan edilen «Halkara parahatçylyk we ynanyşmak ýylyna» resmi taýdan badalga berilmegi ýokarda aýdylanlaryň nobatdaky subutnamasydyr.

Dabarada nygtalyşy ýaly, «Halkara parahatçylyk we ynanyşmak ýylynyň» parahatçylygy, durnuklylygy we halklaryň arasyndaky özara düşünişmegi üpjün etmekdäki orny örän ýokarydyr. Mähriban Arkadagymyzyň öňdengörüjilikli syýasatynyň netijesi bolan şol başlangyç ähli halklary parahatçylygy berkitmäge we ynanyşmagy dikeltmäge çagyryş boldy. Ol dünýä jemgyýetçiliginiň isleglerine doly laýyk gelýär, ýokary ynama-da mynasyp bolýar. Bu gün ýurdumyzyň degişli ugurda öňe sürýän oňyn başlangyjy, alyp barýan daşary syýasat işi Ýer ýüzünde ählu-

mumy asudalygy hem-de durnukly ösüşi üpjün etmek ugrunda özara kabul ederlikli çözgütleri işläp taýýarlamaga we ony amala aşyrmaga ýardam berýär. Bu ýagdaý dünýä ýüzünde ýüze çykýan halkara meseleleri ulgamlaýyn esasda netijeli çözmegiň we öňde goýulan maksatlara üstünlikli ýetmegiň netijeli guralydyr.

Türkmenistanyň Daşary işler ministrliginiň Halkara gatnaşyklary institutynda geçirilen bu dabarada «Halkara parahatçylyk we ynanyşmak ýylynyň» çäklerinde bilelikdäki çäreleri geçirmegiň mümkinçilikleri ara alnyp maslahatlaşyldy. Onda ýurtlaryň arasyndaky hyzmatdaşlygy ösdürmek hakynda pikir alşyldy we maslahatyň jemleri boýunça «Halkara parahatçylyk we ynanyşmak ýylyny» geçirmegiň «Ýol kartasy» kabul edildi. Munuň özi Türkmenistanyň bütin dünýä parahatçylyk nuruny çaýýandygyny nobatdaky gezek aýdyň subut etdi [ 3 ].

Döwlet Baştutanymyzyň şeýle oňyn başlangyjy esasynda Birleşen Milletler Guramasynyň Baş Assambleýasynyň 73-nji mejlisinde «2021-nji ýyl – Halkara parahatçylyk we ynanyşmak ýyly» atly kabul edilen Kararnama aýratyn many-mazmuna eýedir. 2021-nji ýylyň döwlet we tutuş dünýä derejesinde milli Liderimiziň tagallasy esasynda şeýle şygarlar bilen atlandyrylmagy ýurdumyzyň ählumumy parahatçylygyň we ynanyşmagyň üpjün edilmegine giňden ýardam berýändigine hem-de Türkmenistanyň häzirki zaman şertlerinde we geljekki parahatçylyk döredijilik tejribesiniň zerurdygyna doly güwä geçýär [4].

Ýurdumyz ýüze çykýan ähli halkara meseleleri diňe parahatçylykly we syýasy-diplomatik ýollar arkaly çözmäge aýratyn uly üns berýär. Türkmenistanyň başlangyjy esasynda täze, 2021-nji ýylyň şeýle şygar astynda geçmegi bolsa, tutuş Ýer ýüzünde parahatçylygy we howpsuzlygy berkarar etmäge, halklaryň arasynda ynanyşmak ýagdaýyny kemala getirmäge giň ýol açýar. Bu, hakykatdan-da, «Türkmenistan – parahatçylygyň we ynanyşmagyň Watany» ýylymyzda ata Watanymyzyň durmuşa geçirýän iri halkara taslamalarynda we gazanýan daşary syýasy üstünliklerinde doly şöhlelenýär. Munuň şeýledigini 2021-nji ýylyň 14-nji ýanwarynda Türkmenistanyň we Owganystan Yslam Respublikasynyň döwlet Baştutanlarynyň gatnaşmagynda üç iri desganyň – Akina – Andhoý beketleriniň arasyndaky 30 kilometrlik demir ýoluň, Kerki – Şibirgan ugry boýunça kuwwatlylygy 500 kilowolt bolan uzynlygy 153 kilometrlik elektrik geçirijisiniň hem-de Ymamnazar – Akina we Serhetabat – Turgundy halkara optiki-süýümli aragatnaşyk we üstaşyr akymlarynyň işe girizilmegi-de aýdyň tassyklaýar. Munuň özi Türkmenistanyň owgan meselelerini çözmek babatda öňe sürýän halkara başlangyçlarynyň Owganystanda parahatçylygyň höküm sürmegine we durnuklylygyň üpjün edilmegine gönükdirilýändigine gürrüňsiz şaýatlyk edýär [5].

Häzirki wagtda Türkmenistan geosyýasy we geoykdysady taýdan möhüm sebit bolan Hazarýaka giňişliginde parahatçylygy üpjün etmäge we ynanyşmagy döretmäge mynasyp goşant goşýar. Bu hakykat ata Watanymyz Türkmenistanyň

Hazarýaka döwletleri bilen işjeňleşdirýän hyzmatdaşlyk gatnaşyklarynda hem öz beýanyny tapýar. Muňa mysal edip, 21-nji ýanwarda paýtagtymyz Aşgabat şäherinde Hazar deňzindäki «Dostluk» ýatagynyň uglewodorod serişdelerini bilelikde gözlemek, işläp taýýarlamak we özleşdirmek hakynda Türkmenistanyň Hökümeti bilen Azerbaýjan Respublikasynyň Hökümetiniň arasynda özara düşünişmek hakyndaky Ähtnama gol çekilendigini görkezip bolar [6].

Öz gezeginde türkmen halkynyň ýyl ýazgysyna altyn harplar bilen ýazylýan «Türkmenistan – parahatçylygyň we ynanyşmagyň Watany» ýylynyň şygarynyň mukaddes Garaşsyzlygymyzyň 30 ýyllyk, baky Bitaraplygymyzyň 25 ýyllyk we gözel paýtagtymyz Aşgabadyň 140 ýyllyk şanly seneleri bilen özara sazlaşýandygyny hem aýratyn bellemek gerek. Şeýle ajaýyp sazlaşyk üstümizdäki ýylyň ähmiýetini has-da artdyrýar hem-de oňa täzeçe öwüşgin berýär, täzeçe mazmun çaýýar. Bu bolsa «Türkmenistan – parahatçylygyň we ynanyşmagyň Watany» diýlip yglan edilen 2021-nji ýylyň şygarynyň hakykatda amal bolýandygynyň alamatydyr. Munuň özi hormatly Prezidentimiziň başda durmagynda tutuş dünýä ähmiýetli we umumadamzat bähbitli işleri durmuşa geçirýän Garaşsyz ýurdumyzyň halkara at-abraýyny has-da ýokary göterer.

2021-nji ýylyň hormatly Prezidentimiziň başlangyjy boýunça ýurdumyzda «Türkmenistan – parahatçylygyň we ynanyşmagyň Watany» hem-de bütin dünýäde BMG-niň Baş Assambleýasy tarapyndan «Halkara parahatçylyk we ynanyşmak ýyly» diýlip atlandyrylmagy tutuş Ýer ýüzünde parahatçylygy we ynanyşmagy emele getirmäge ýardam berer. Bularyň ählisi Türkmenistanyň oňyn daşary strategiýasynyň umumadamzat asudalygyny üpjün etmäge we ynanyşmagy kemala getirmäge gönükdirilýändiginiň subutnamasy bolup dünýä dolýar.

## EDEBIÝATLAR


1. *Gurbanguly Berdimuhamedow*. Parahatçylyk sazy, dostluk, doganlyk sazy. Aşgabat: TDNG, 2016.
2. Jumaýew R. Bitaraplygyň türkmen nusgasy: parahatçylygyň, howpsuzlygyň we durnukly ösüşiň hatyrasyna hyzmatdaşlyk. «Watan» gazeti, 2020-nji ýylyň 14-nji apreli.
3. Halkara parahatçylyk we ynanyşmak ýylyna resmi taýdan badalga berildi. «Türkmenistan» gazeti, 2021-nji ýylyň 30-njy ýanwary.
4. Türkmenistan – BMG: taryhy tejribe. Köpugurly hyzmatdaşlyk. Ajaýyp netijeler. «Türkmenistan» gazeti, 2020-nji ýylyň 6-njy iýuly.
5. Türkmenistanyň we Owganystanyň Prezidentleri hyzmatdaşlygyň täze ugurlaryny açdylar. «Türkmenistan» gazeti, 2021-nji ýylyň 15-nji ýanwary.
6. Türkmenistan we Azerbaýjan energetika hyzmatdaşlygynda täze tapgyry açdylar. «Türkmenistan» gazeti, 2021-nji ýylyň 22-nji ýanwary.

**Batyr KAIROW,**
*Türkmenistanyň Daşary işler ministrliginiň*
*Halkara gatnaşyklary institutynyň*
*dünýä dilleri kafedrasynyň mugallymy*

# TÜRKMEN BITARAPLYGYNYŇ HALKARA GATNAŞYKLARYNY ÖSDÜRMEKDÄKI ORNY

Hormatly Prezidentimiziň ýobaşçylygynda Garaşsyz, hemişelik Bitarap Türkmenistan döwletimizde alnyp barylýan tutumly işlerde halk bähbidinden, dünýäniň jemgyýetçiligi üçin ähmiýetli ýörelgelerden ugur alynýar. Hemişelik Bitaraplyk hukugyna ygrarly Türkmenistan döwletimiziň milli ýol-ýörelgeleri dünýä jemgyýetçiligi tarapyndan uly goldawa eýe bolýar. Munuň özi türkmen döwletiniň içeri we daşary syýasatynyň ynsanperwer ýörelgelerden ugur alýan Garaşsyz, hemişelik Bitarap ýurtdugynyň halkara guramalary, dünýä jemgyýetçiligi tarapyndan ykrar edilýändiginiň aýdyň subutnamasydyr.

Türkmenistanyň başlangyjy boýunça BMG-niň Baş Assambleýasy 2021-nji ýyly «Halkara parahatçylyk we ynanyşmak ýyly» diýip yglan etdi. Biziň döwletimizde 2021-nji ýyl «Türkmenistan – parahatçylygyň we ynanyşmagyň Watany» diýlip atlandyryldy. Şeýle şygar bilen ýurdumyzy ykdysady, syýasy we medeni taýdan täze belentliklere götermekde dünýä nusgalyk işler durmuşa geçirilýär. Ýurdumyzyň içerki ykdysady görkezijisiniň durnukly depginde ösmegi, önümçilik kuwwatlyklarynyň artdyrylmagy «Döwlet adam üçindir!» diýen adalatly şygaryň adam hakyndaky aladalaryň kepili bolup durýar. Bitaraplyk Garaşsyzlygymyzyň parasatly, ynsanperwer taglymatlaryny durmuşa geçirmekde ygtybarly daýanç bolup hyzmat edýär. Garaşsyzlyk bilen birlikde Bitaraplyk syýasatymyz döwletimizde durmuşa geçirilýän işleriň, üstünlikleriň halkara derejesindäki abraý-mertebesiniň esasy we mizemez güýjüni alamatlandyrýar. Gazanylýan üstünlikleriň durmuşa geçirilýän abraýly işleriň aňyrsynda ata-babalarymyzyň belent adamkärçilige ýugrulan asylly däpleri hem-de medeni mirasymyzyň baý çeşmelerine daýanýan milli döwlet ýörelgämiz durýar. Şol ýörelgeleriň esasynda parahatçylyk, ynsanperwerlik, adalatlylyk, ruhubelentlik, dost-doganlyk, myhmansöýerlik däplerimiz ýatýar.

Türkmenistan döwletimiziň Bitaraplyk ýörelgesi sebitdäki we uzakdaky ýurtlar bilen köpugurly ykdysady, syýasy we medeni hyzmatdaşlygy ösdürmekde dünýä nusgalyk ugurdyr. Ýurdumyz energiýanyň daşky gurşawy goramak taýdan iň arassa alternatiw çeşmelerini peýdalanmak boýunça hem işjeň çykyş edýär. Bu işler halkara bähbitli meseleleri çözmekde Türkmenistan döwletiniň oňyn Bitaraplyk syýa-

satyna ygrarlydygyny görkezýär. Döwletimiziň durmuşynda amala aşyrylýan giň möçberli işler halkyň ertirine bolan ynamymy, ruhubelent zähmet çekmäge bolan höwesini artdyrýar. Türkmenistan döwletimizde sebitde parahatçylygy pugtalandyrmakda, goňşy we dünýä döwletleri bilen köpugurly gatnaşyklary ösdürmekde yzygiderli işler durmuşa geçirilýär. Dünýäde iň uzyn gazgeçirijiniň – Türkmenistan – Hytaý gazgeçirijisiniň işe girizilmegi ata Watanymyzyň goňşy ýurtlar bilen köpugurly hyzmatdaşlygy ösdürýändiginiň aýdyň mysalydyr. Türkmenistan – Owganystan – Pakistan – Hindistan gazgeçirijisiniň taslamasynyň amala aşyrylmagy bilen şol ýurtlarda müňlerçe iş orunlary dörär. Döwletleriň arasyndaky ykdysady gatnaşyklaryň parahatçylykly ýol bilen ösdürilmeginde ornuny giňelder.

Gazagystan – Türkmenistan – Eýran transmilli demir ýol magistralynyň, Serhetabat – Turgundy demir ýolunyň, Amyderýanyň üstünden geçýän awtomobil we demir ýol köprüleriniň, Aşgabat, Türkmenbaşy, Türkmenabat şäherlerindäki Halkara howa menzilleriniň, Türkmenbaşy şäherindäki Halkara deňiz portunyň işe girizilmegi, Türkmenistan – Özbegistan – Gazagystan – Hytaý, Türkmenistan – Eýran, Gündogar – Günbatar gazgeçirijileri dostlukly ýollaryň dünýä tarap uzaýandygynyň aýdyň mysalydyr. Ulag ulgamynda demir ýol, awtoulag, howa, deňiz we derýa ýollary, ulag we aragatnaşygyň döredilmegi, Türkmenistanyň halkara ykdysady gatnaşyklara işjeň gatnaşyjydygyny görkezýär. Munuň özi Beýik Ýüpek ýolunyň täze, döwrebap şahalarynyň döreýändigine şaýatlyk edýär. Türkmenistanyň Beýik Ýüpek ýolunyň ýüregidigini öwrebap işleriň mysalynda aýdyň görkezýär.

Bu günki günde ýurdumyz dünýä ýurtlary bilen köptaraplaýyn hyzmatdaşlygy ösdürmäge uly ähmiýet berýär. Hormatly Prezidentimiz: «Owganystan – Türkmenistan – Azerbeýjan – Gruziýa – Türkiýe – «Lapis Lazulli» halkara ulag geçelgesiniň döredilmegi hem sebitiň ýurtlarynyň isleglerine laýyk gelýär. Bu ulag geçelgesi Merkezi we Günorta Aziýa sebitlerini, Hazar hem-de Gara deňiz giňişliklerini, Ortaýer deňziniň sebitlerini goşmak bilen, sebit we sebitara hyzmatdaşlygy üçin täze mümkinçilikleri açýar» diýip, ulag ulgamynyň dostlukly gatnaşyklary ösdürmekdäki ähmiýetini belleýär [1, s. 246].

Türkmenistan – Owganystan – Pakistan – Hindistan gazgeçirijisiniň taslamasynyň durmuşa geçirilmeginde uly işler alnyp barylýar. Türkmenistan – Owganystan – Pakistan ugry boýunça elektrik geçiriji we optiki-süýümli aragatnaşyk ulgamlarynyň gurluşygy, ýurdumyzy owgan döwleti bilen baglanyşdyrýan demir ýol gurluşygynyň alnyp barylmagy Garaşsyz, hemişelik Bitarap Türkmenistanyň parahatçylygy pugtalandyrmakda, dost-doganlyk gatnaşyklary ösdürmekde halkara derejesinde uly işleri durmuşa geçirýändiginiň aýdyň şaýatnamasy bolup durýar.

Gara deňiz we Baltika sebitleriniň, Günorta we Günorta-Gündogar Aziýanyň, Ýakyn Gündogaryň deňiz menzillerine çykýan ulag gatnawy ulgamyny döretmek-

de alnyp barylýan işler hem Garaşsyz, hemişelik Bitarap Türkmenistanyň ykdysady kuwwatynyň berkeýändigini, döwletimiziň ähli ugurlar boýunça hyzmatdaşlygy giňeltmekde özüniň bitaraplyk ýörelgesine ygrarlydygynyň aýdyň subutnamasydyr [2, s. 387]. Türkmenistany daşarky dünýä bilen birleşdirýän ulag we demir ýollary, deňiz hem-de howa aragatnaşygyny mundan beýläk hem ösdürmek wezipesi öňde goýuldy. Halkara söwda ulgamynda deňiz, demir ýol, awtomobil, howa ulaglary ulgamy ösdürilip, bu babatda täze halkara gatnawlary emele geler.

Garaşsyz, hemişelik Bitarap Türkmenistan dünýä ýüzünde halkara derejesinde çözülmeli meseleleri ylalaşyk esasynda, umumadamzadyň bähbidinden ugur almak esasynda kadalaşdyrmagyň tarapdary bolup durýar. Ýurdumyzyň BMG bilen hyzmatdaşlygy ösdürmek arkaly Merkezi Aziýada we Hazar sebitinde ekologiýanyň ýagdaýyny gowulandyrmak, ilatyň ýaşaýşynyň derejesini we hilini ýokarlandyrmak, şeýle hem durmuş-ykdysady ösüşe degişli taslamalary amala aşyrmakda bilelikdäki çäreleri durmuşa geçirmegi göz öňünde tutmagy, döwletimiziň bitaraplyk hukugyna ygrarlydygynyň ýene bir ykrarnamasy bolup durýar.

Biziň ýurdumyz ynsanperwer gatnaşyklary ösdürmäge uly ähmiýet berýär. Türkmenistan medeni ugurlardaky hyzmatdaşlygy giňeltmekde tejribe toplady. «Gadymy Merw», «Köneürgenç», «Nusaý» taryhy-medeni goraghanalarynyň ýadygärlikleriniň, «Görogly» eposynyň, türkmen halysynyň, halkymyzyň küştdepdi tansynyň ÝUNESKO-nyň Bütindünýä mirasynyň sanawyna girizilmegi medeni ulgamdaky halkara gatnaşyklaryň, hoşniýetli hyzmatdaşlygyň giňeýändiginiň aýdyň mysalydyr.

Türkmenistanyň Garaşsyzlygynda, hemişelik Bitaraplygynda halkymyzyň baş maksady jemlenendir. Türkmen halkynyň asyrlarboýy ýaşaýyş durmuşynda jemlän mukaddes ýol-ýörelgesi, ahlak kämilligi özygtyýarly türkmen döwletiniň içeri we daşary syýasatynyň berk özenini düzýär. Şeýle kämil ýörelgeden ugur alýan ýurdumyzyň dünýä ähmiýetli öňe sürýän tekliplerinde adyl hem adalatly, ynsanperwer, dost-doganlyk, ösüp barýan ýurtlara kömek bermek, Owganystandaky meseleleri parahatçylykly ýol bilen kadalaşdyrmak ugrundaky öňe sürýän teklipleri, yzygiderli iberýän ynsanperwer kömekleri türkmen halkynyň taryhy döwürlerden bäri medeniýetine ornaşan asylly maksatlaryndan, delalatly işlerinden gözbaş alýar. Garaşsyzlygyň mukaddes ýörelgeleriniň amala aşyrylmagynda hemişelik Bitaraplyk syýasatymyz ynamdar kepil bolup hyzmat edýär.

Mukaddes Garaşsyzlygymyzyň 30 ýylynyň içinde Türkmenistanyň her bir ulgamda ýeten sepgitleri syýasy, ykdysady we medeni galkynyşlaryň täze başlangyçlaryny kemala getirdi. Ýurdumyzyň içeri syýasatynda alnyp barylýan döwrebap işler halkyň ýaşaýyş-durmuş derejesini berkidip, hal-ýagdaýyny gowulandyrmaga gönükdirilendir. Halkara gatnaşyklar meselesinde döwletimiziň ýöredýän

oňyn Bitaraplyk syýasaty goňşy, sebit we alysdaky ýurtlar bilen ikitaraplaýyn hem-de köptaraplaýyn gatnaşyklaryň gerimini barha giňeldýär.

Garaşsyz, hemişelik Bitarap Türkmenistan döwletimiziň ynsanperwer ýörelgelere esaslanýan daşary syýasaty dünýä ýüzünde dabaralanýar.

## EDEBIÝATLAR


1. *Gurbanguly Berdimuhamedow.* Türkmenistan – Bitaraplygyň mekany Aşgabat: TDNG. 2020.
2. *Gurbanguly Berdimuhamedow.* Bitarap Türkmenistan. Aşgabat: TDNG. 2015.



**Mekanmyrat KENANOW,**
*Türkmenistanyň Daşary işler ministrliginiň*
*Halkara gatnaşyklary institutynyň*
*halkara hukugy we deňeşdirme hukuk*
*öwreniş kafedrasynyň mugallymy*


# HORMATLY PREZIDENTIMIZIŇ KANUNÇYLYGY ÖSDÜRMEK BARADAKY TAGLYMATY

Berkarar döwletimiziň bagtyýarlyk döwründe milli Liderimiziň öňe süren oňyn özgertmeleriniň maksadalaýyk amala aşmagy, ozaly bilen, ýurdumyzda milli kanunçylyk ulgamynyň kämilleşdirilmegi bilen berk baglanyşyklydyr. Şoňa laýyklykda, hormatly Prezidentimiz kanunçylykda özgertmeleriň zerurdygyny esaslandyrmak bilen birlikde, Watanymyzyň dünýäniň ösen tejribesinden çetde galmaýan, şol tejribäni hemmetaraplaýyn özünde jemleýän milli kanunçylygyny döretmegi döwlet syýasatynyň ileri tutulýan ugry hökmünde häsiýetlendirdi. Her bir jemgyýet şol kanunlaryň doly güýjünde hereket edip, talabalaýyk, gyşarnyksyz berjaý edilmegi bilen sagdyn jemgyýete öwrülýär.

Hormatly Prezidentimiziň tagallasy bilen konstitusion özgertmeleri yzygiderli we netijeli dowam etdirmegiň barşy ýurdumyzda milli döwletlilik, hukuk hem hakyky demokratik binýatlaryň barha berkidilýändigine şaýatlyk edýär. Diňe bir raýatlaryň kadaly, azat, erkin ýaşaýşyny üpjün etmekde däl, eýsem-de bolsa ýurduň ykdysady taýdan belent sepgitleri eýelemegi babatynda öňde durýan wezipeleriň üstünlikli amala aşyrylmagy hem, ilkinji nobatda, kämil kanunçylyk ulgamy bilen baglanyşyklydyr. Sebäbi munuň üçin, ozaly bilen, jemgyýetiň aň-düşünjesiniň,

sowatlylygynyň, ahlak we ruhy kämilliginiň ýokary bolmagy derwaýysdyr. Şeýlelikde, ynsan hukuklarynyň goragynda durup, oňa mynasyp ýaşaýşy, ösüşi we ähli zerur şertleri döredýän kanunlaryň jemgyýetdäki orny, şol bir wagtda döwletiň ösüşlerindäki orny bütin aýdyňlygy bilen ýüze çykýar.

Hormatly Prezidentimiz ýurdumyzyň dünýä tejribesini hemmetaraplaýyn özünde jemleýän milli kanunçylygymyzy döretmegi ýurdumyzyň hukuk ulgamynyň öňünde durýan esasy wezipeleriň hatarynda goýdy. Baş kanunymyzda ýurdumyz kämil demokratik, hukuk we dünýewi ýörelgeleriň esas alynýandygyna şaýatlyk edýän madda berkidilendir. Konstitusiýada we kanunlarda görkezilen ýagdaýlardan başga adamy haýsydyr bir hukugyndan we azatlygyndan mahrum etmäge ýa-da hukuklaryny we azatlyklaryny çäklendirmäge hiç kimiň haky ýokdur. Adamyň hukuklary hem-de azatlyklary eldegirilmesizdir we olary adamyň elinden alyp bolmaz. Türkmenistanyň Konstitusiýasynyň 4-nji maddasynda «Türkmenistanda jemgyýetiň döwletiň iň gymmatly hazynasy adamdyr» diýip bellenilýär [1].

Hormatly Prezidentimiz döwletimizde kanunçylygy we hukuk tertibini berkitmek, raýatlaryň hukuklaryny we azatlyklaryny goramak üçin ýurdumyzyň hukuk goraýjy edaralarynyň işgärlerinden tutanýerli işlemegi talap edýär.

Gysga taryhy döwrüň içinde jemgyýetçilik durmuşynyň ähli ugurlaryndaky gatnaşyklary düzgünleşdirýän kanunlar kabul edildi. Ýurdumyzda türkmen halkynyň baý, taryhy mirasyna, onuň syýasy we hukuk medeniýetine esaslanan we şol bir wagtda, kanunçylygyň öňdebaryjy pikirlerini we meýillerini nazara alýan kanunçylyk ulgamy kemala getirildi we ösdürilýär.

Döwletimiziň iň esasy üns berýän meseleleriniň biri hem jenaýatçylygyň öňüni almakdyr. Munuň özi bir hukuk goraýjy edaralaryň wezipesi bolman, eýsem ýurdumyzyň hemme raýatlarynyň esasy wezipeleriniň biri bolmalydyr. Sebäbi, jenaýatçylygy azaltmakda, aradan aýyrmakda we düýbünden ýok etmekde döwletimiziň işine raýatlaryň işjeň gatnaşmagy bimöçber ýeňillikleri döredýär, işleriň oňyn çözülmegine ýardam edýär [2].

Jenaýatçylygyň öňüni almaklyk jenaýat kanunçylygynyň hem esasy wezipeleriniň biri bolup durýar. Onuň maddalarynda jogapkärçiligiň bolmagy üçin birnäçe günäni agyrlaşdyrýan hem ýeňilleşdirýän ýagdaýlaryň, edilen etmişiň jemgyýet üçin howplulyk derejesiniň we netijesiniň, şeýle-de günäkäriň şahsyýeti göz öňünde tutulyp, her bir günäkäre aýratynlykda jeza çäresiniň bellenilmegi jeneýatyň agyr netijeleriniň öňüni almakda degişli täsirini ýetirip biler. Jenaýat kanunynyň çap edilmegi, onuň metbugatda ara alnyp maslahatlaşylmagy, halk arasynda düşündiriş işleriniň geçirilmegi her bir adamyň kanunçylyk boýunça hukuk düşünjesini artdyrýar, bidüzgünçiligiň öňüni almaga degerli ýardam berýär.

Derňew we anyklaýyş edaralary tarapyndan her bir jenaýatçylykly hereket barasynda obýektiw, doly hem-de hemmetaraplaýyn barlag işleriniň geçirilmegi, jenaýatyň sebäplerini dogry anyklap, ony ýok etmek üçin degişli çäreleriň görlüp, kanunyň talaplarynyň doly berjaý edilmegi zerurdyr. Kazyýetiň kanuna laýyk adyl kararlar çykarmagy diňe bir günäkär ýa-da iş kesilen adam üçin däl, eýsem hossarlary, onuň bilen gatnaşykda bolanlar, hatda kazyýet iş ýöredişine gatnaşanlar üçin hem jenaýatçylykly hereketleriň gaýtalanmazlygy babatda ähmiýetlidir.

Türkmenistanda ýaşaýan her bir raýat Türkmenistanyň jenaýat kanunçylygyny bozan halatynda eýeleýän wezipesine, diline, jynsyna, dinine garamazdan, eden etmişi üçin jenaýat jogapkärçiligine çekilmelidir. Şol adama eden etmişine görä döwletiň adyndan kazyýetiň hökümininiň esasynda degişli jeza çäresi bellenilýär. Jeza durmuş adalatlylygyny dikeltmek, şeýle hem kazyýetde iş kesilen adamlary düzetmek we täze jenaýatlaryň edilmeginiň öňüni almak maksatlary bilen ulanylýar. Jeza özüniň mazmuny we mejbury täsiriniň göwrümi bilen beýleki çärelerden tapawutlanýar [2].

Şeýlelik bilen, jenaýat kanunçylygynda haýsy hereketleriň jenaýatçylykdygy, şahsyýete, jemgyýete, döwlete garşy nähilli hereketleriň howply jenaýat bolýandygy we oňa nähilli jeza bellenýändigi görkezilendir. Her bir adam kanun tarapyndan gadagan edilen hereketler üçin bellenilýän jeza çäresini öwrenmäge bolan mümkinçiliklerden peýdalanyp bilýär.

Döwlet her bir raýatynyň öňünde jogapkärdir we şahsyýetiň erkin ösmegi üçin şertleriň döredilmegini üpjün edýär, raýatyň janyny, at-abraýyny, mertebesini we azatlygyny, şahsyýetiň eldegirilmesizligini, tebigy hem mizemez hukuklaryny goraýar. Her bir raýat Konstitusiýanyň we kanunlaryň ýükleýän borçlaryny ýerine ýetirmekde döwletiň öňünde jogapkärdir. Ýurtda ilaty durmuş taýdan goramak iň öňdäki hatara geçirildi we bu ugurda uly işler durmuşa geçirilýär. Bu bolsa jemgyýetçilik-syýasy durnuklylygy üpjün etmek bilen gelejege, durmuşa bolan ynamy has hem güýçlendirýär.

## EDEBIÝATLAR

1. Türkmenistanyň Konstitusiýasy. – Aşgabat: TDNG, 2020.
2. Saryýew B.S. we başg. Jenaýat hukugy (umumy bölek). – Aşgabat, 2012.

**Aýjan OMAROWA,**
*Türkmenistanyň Daşary işler ministrliginiň*
*Halkara gatnaşyklary institutynyň*
*halkara hukugy we deňeşdirme hukuk*
*öwreniş kafedrasynyň mugallymy*

# BIOLOGIK DÜRLÜLIGIŇ GORALYP SAKLANMAGY WE NETIJELI PEÝDALANYLMAGY

Berkarar döwletimiziň bagtyýarlyk döwründe hormatly Prezidentimiziň ilatyň ýaşaýyş şertlerini yzygiderli gowulandyrmak, milli ykdysadyýeti düýpli özgertmek we çalt depginler bilen ösdürmek boýunça edýän taýsyz tagallalary hemişelik Bitarap ýurdumyzyň ykdysady kuwwatyny has-da artdyrýar.

Milli Liderimiziň alyp barýan toplumlaýyn, umumy göwrümli we uzakmöhletleýin, geljegi nazarlaýan parasatly ekologiýa syýasaty türkmen jemgyýetiniň ösüşini tebigy gurşawyň ösüşi bilen sazlaşdyrmaga, ýaşaýşyň ekologiýa taýdan arassa gurşawyny döretmäge gönükdirilendir. Diýarymyzyň biologik dürlüligini, tebigy baýlyklaryny gorap saklamak, aýawly we rejeli peýdalanmak, täze tehnologiýalary ornaşdyrmak, ýagny ekologiýa howpsuzlygyny üpjün etmek Türkmenistanyň döwlet syýasatynyň ileri tutulýan ugurlarynyň biri bolup durýar. Dünýä derejesinde ýüze çykýan ekologiýa meseleriniň belli bir çäginiň bolmaýşy ýaly, bu meseleleriň garşysyna göreşmek, olaryň öňüni almak üçin ähli döwletleriň tagallalary zerurdyr.

1992-nji ýyldaky biologik dürlülik hakyndaky Konwensiýa gatnaşyjy döwletleriň sany boýunça (193) hem-de biologik dürlüligi goramak, dikeltmek we ulanmak netijeler boýunça halkara hukugynyň subýektleriniň işlerini düzgünleşdirýän iň abraýly köptaraplaýyn halkara şertnamasy bolup durýar, şeýle hem beýlekileriň arasyndan deňiz we beýleki ekologiýa ulgamlaryny we ekologiýa toplumlaryny goşmak bilen ähli çeşmelerden janly organizmleriň özgerijililigi hökmünde biologik dürlüligi kesgitleýär. Biologik dürlülik hakyndaky Konwensiýanyň (1992 ý.) iňlis, fransuz, ispan, arap we hytaý dillerindäki hakyky ýazgylarynda «biologik dürlülik» düşünjesini awtorlar daşky gurşaw we ösüş boýunça Halkara paktynyň taslamasynyň 25-nji maddasynda (iňlis dilinde «Biological diversiti» means the variability among living organisms...») «biologik dürlüligi janly organizmleriň arasyndaky özgerijililik» diýip belleýärler [1, s. 87].

Bu düşünjäni dolulygyna şeýle beýan etmek bolar:

**biologik dürlülik** – ýerüsti, deňiz we beýleki suw ekologiýa ulgamlaryny hem-de ekologik toplumlary goşmak bilen, ähli çeşmelerden, olaryň bir bölegi bolup durýan janly organizmleriň özgerijiligi [2. 1-nji madda ]. Bu düşünje görnüşiň çäklerindäki, görnüşleriň arasyndaky dürlüligi we ekoulgamyň dürlüligini öz içine alýar.

Halkara ekologiýa hukugynda biologik dürlüligi gorap saklamak we durnukly peýdalanmak institutyny resmileşdirmek işi deňeçer gidýär. Bularyň başlangyjy öz gözbaşyny suwda ýüzýän guşlaryň ýaşaýyş ýerleri babatda halkara derejesini alan, Suwly-batgalyk ýerler hakynda Ramsar Konwensiýasynyň (*Eýran, Ramsar şäheri, 2-nji fewral, 1971 ý.*) kabul edilmeginden alýar. Bu Konwensiýada suwly-batgalyk ýerleri peýdalanmak bilen alnan peýdanyň toplumlaýyn we dürli taraplaýyn häsiýeti hasaba alynýar.

Bu resminamanyň gol çekilmegine 40 ýyl geçenden soňra halkara ekologiýa hukugynda birnäçe dürli ýuridiki güýçli, biologik dürlüligi gorap saklamak we netijeli peýdalanmak babatda olaryň gatnaşyjylarynyň hukuklaryny we borçlaryny berkidýän kadalaşdyryjy namalar peýda boldy.

Soňky 40 ýylyň dowamynda döwletleriň dürli içki hukuk pudaklary ýaly düýpli ekologiýalaşdyrmak duýulýar we halkara gatnaşyklarynda tutuşlygyna ykdysady bähbit bilen ekologiýa gymmatlyklarynyň arasyndaky saklanýan gapma-garşylyklar köp ýagdaýlarda ekologiýanyň bähbidine çözülmeýär [3, s. 2-11].

Ilkinji gezek ylmy dolanyşyga **«biologik dürlülik»** düşünjesi iňlis tebigaty öwreniji we syýahatçysy Genri Uolter Beýts tarapyndan girizildi. Ol 11 ýylyň dowamynda Amazonkany we onuň akymlaryny öwrendi (1863 ý.). Biologik dürlülik Ýerde ýaşaýşyň dürlüligine – içki görnüş dürlüligine (genetiki üýtgeşme), görnüşleriň dürlüligine we biosenozlaryň we ekologik ulgamlaryň dürlüligine, şeýle hem ýaşaýyşyň döremeginiň köpbasgançakly esasy dört görnüşine barlaglary geçirýär.

Biologik dürlülik hakynda Konwensiýanyň (1992 ý.) 2-nji maddasynda ekologik ulgamy «ösümlikleriň, haýwanlaryň we mikroorganizmleriň, şeýle hem bir bitewi ýaly özara hereket edýän onuň jansyz daşky gurşawynyň toplumlaýyn bileleşiginiň hereketliligi» diýip kesgitlenilýär.

Ilkinji gezek ylmy dolanyşyga **«ekologik ulgam»** düşünjesi iňlis ekology A.DJ. Tensli tarapyndan girizildi (1935 ý.) we döwletleriň milli kanunçylyklarynda şol görnüşde hem ulanylýar: «Daşky gurşawy goramak hakynda» Federal kanunynda şeýle kesgitleme berilýär: «Tebigy ekologik ulgam – öz giňişlik-çäk serhetleri bolup, onuň janly we jansyz düzüm bölekleri ýeke-täk funksional bitewülik hökmünde özara hereket edýän, madda hem-de energiýa çalşygy bilen özara baglanyşykly tebigy gurşawda emele gelen bölegi».

Meňzeş ýagdaýlar bilen bu düşünjäniň mazmuny ylymda kesgitlenilýär.

**Ekologik ulgam** – ýeke-täk funksional bitewülik hökmünde birleşýän, özara baglylyk we sebäplilik-derňew baglanyşyklary esasynda ýüze çykýan, özbaşdak ekologiýa bölekleriniň arasynda bar bolan islendik janly organizmleriň birleşigi we olaryň ýaşaýyş gurşawy [4. s. 599].

**«Ekologik ulgam»** düşünjesiniň manydaş aňlatmasy hakykatdanam **«biogeosenoz»** bolup durýar. Mikro ekologik ulgamlaryna (meselem, çüýreýän agajyň düýbi we ş.m.), mezo ekologik ulgamlaryna (tokaý, howdan we ş.m.) we makro ulgamlara (umman, yklym we ähli biosfera) degişlidirler. Ylymda ekologiýa ulgamynyň ýagdaýyna, onuň goragynyň dolandyrylmagyna häsiýetnama berlende ekologiýa deňagramlylygy kategoriýasy ulanylýar.

**Ekologiýa deňagramlylygy** – öz-özüni düzgünleşdirmeklige bolan durnuklylygy we ukyplylygy, bozulmalara garşylyk görkezijilik ukyplylygy, deňagramlylygyň bozulmazyndan öňki ýagdaýyna gaýdyp gelip bilmek ukyby bilen häsiýetlendirilýän ekologiýa ulgamynyň ýagdaýy ýa-da biotiki bileleşikler. Bular ýaly ekologik ulgamyň häsiýeti ylymda Le Şatelýe-Braunyň ýörelgesi diýlip atlandyrylýar.

Adamzat hakyky baýlygyny näçe çalt peýdalansa, şonça-da ol çykdajylara görä, ýerini doldurýar, girdejini artdyrýar. 1986-njy ýylda alymlaryň baha bermegine görä, jemgyýetiň güýçli depgin bilen ösýän zerurlyklaryny kanagatlandyrmak we bazar ykdysadyýetini höweslendirmek üçin tebigatyň mümkinçilikleri doly peýdalanyldy. 1996-njy ýylda adamzat planetanyň öndürip biljek serişdeleriniň möçberi boýunça 15% köp sarp etdi. Döwletleriň ykdysady ösüşi öz çäginiň ekologiýasynyň, tebigatynyň serişdelere bolan mümkinçiliklerinden öňe geçdi we ekologiýa serişdelerini artyk peýdalanmak bilen ýaşaýarlar. Şeýle topar döwletleriň ykdysady ösüşi planetanyň başga döwletleriniň tebigy serişdeleriniň hasabyna, hasylyň kemelmegine we gelejek nesillere durnuksyz bolmagyna getirmek bilen amala aşyrylýar. 2009-njy ýylda 268 günüň dowamynda planetanyň biosferasynyň doly öndürijiligi peýdalanyldy. Ýewropa bolsa häzirki wagtda bular ýaly mümkinçiligi iki esse artdyrdy. Hünärmenleriň belleýişleri ýaly, gury ýeriň ägirt uly çäginiň tebigy ekologik ulgamynyň bozulmagy, şeýle hem ýarym ýapyk deňizleriň akwatoriýalary we ummanyň kenarýaka zolaklary adamyň hojalyk işleriniň ekologik netijeleri bolup durýarlar [5, s. 159].

Häzirki wagtda biologik dürlüliginiň kemelmegine göni täsir edýän ýagdaýlara:

– ýaşaýyş gurşawyň üýtgemegini (deformirlenmegi);
– başga görnüşleriň we kesel ýaýradyjy organizmleriň ýaýramagyna getirýän biotik çalşygyny;
– düzüminde azoty saklaýan dökünleri ulanmagyny;

– howanyň antropogen üýtgemesini mysal getirmek bolar.

Türkmenistan biologik dürlüligi gorap saklamak we rejeli peýdalanmak babatda halkara derejesinde birnäçe ylalaşyklara goşuldy.

Türkmenistan Biologik dürlülik hakynda Konwensiýa 1996-njy ýylyň 18-nji iýunynda, Biohowpsuzlyk boýunça Teswirnama bolsa 2008-nji ýylyň 22-nji fewralynda goşuldy.

Türkmenistan Hazar deňziniň suw biologik serişdelerini gorap saklamak we rejeli peýdalanmak hakynda Ylalaşyga (2014-nji ýylyň 29-njy sentýabry, Astrahan ş.) hem goşuldy. Ylalaşygyň esasy maksady Hazar deňziniň suw biologik serişdelerini gorap saklamak we rejeli peýdalanmak, şol sanda bilelikdäki suw biologik serişdelerini dolandyrmakdan ybaratdyr.

Berkarar döwletimiziň bagtyýarlyk döwründe döwlet Baştutanymyzyň pähim-parasaty bilen ýurdumyzyň biologik dürlüligini gorap saklamak we rejeli peýdalanmak babatda uly işler amala aşyrylýar. Bu ugurda ýüze çykýan gatnaşyklary düzgünleşdirmek maksady bilen 2011-nji ýylyň 21-nji maýynda «Balyk tutmak we suwuň biologik serişdelerini gorap saklamak hakynda» Türkmenistanyň Kanuny [6], 2014-nji ýylyň 1-nji martynda «Tebigaty goramak hakynda» Türkmenistanyň Kanuny [7], 2011-nji ýylyň 25-nji martyndaky Türkmenistanyň Kanuny bilen tassyklanan Türkmenistanyň Tokaý kodeksi [8], 2012-nji ýylyň 4-nji awgustynda «Ösümlik dünýäsi hakynda» Türkmenistanyň Kanuny [9], 2013-nji ýylyň 2-nji martynda «Haýwanat dünýäsi hakynda» Türkmenistanyň Kanuny [10], 2016-njy ýylyň 18-nji iýunynda «Ösümlikleri goramak hakynda» Türkmenistanyň Kanuny [11], 2017-nji ýylyň 4-nji fewralynda «Medeni ösümlikleriň genetiki gorlaryny ýygnamak, gorap saklamak we rejeli peýdalanmak hakynda» Türkmenistanyň Kanuny kabul edildi [12].

Hormatly Prezidentimiziň 2019-njy ýylyň 27-nji iýunyndaky Kararyna laýyklykda, Maliýe we ykdysadyýet ministrliginiň ýanyndaky Ykdysadyýeti töwekgelçiliklerden goramak agentligi suwuň biologik serişdelerini goramak boýunça ygtyýarly döwlet edarasy diýlip bellenildi [13]. Bu Karar bilen, Türkmenistanyň Senagat we kommunikasiýa ministrliginiň «Türkmensenagat» agentliginiň Türkmenistanyň Döwlet balyk goraýyş müdirligi Türkmenistanyň Maliýe we ykdysadyýet ministrliginiň ýanyndaky Ykdysadyýeti töwekgelçiliklerden goramak agentliginiň garamagyna berlip, ol Türkmenistanyň Maliýe we ykdysadyýet ministrliginiň ýanyndaky Ykdysadyýeti töwekgelçiliklerden goramak agentliginiň Döwlet balyk goraýyş we suwuň biologik serişdelerine gözegçilik müdirligi diýlip atlandyryldy. Suw we suw serişdelerinden rejeli peýdalanmak çygrynda durmuşa geçirilen özgertmeleriň ýene-de biri, 2019-njy ýylyň 29-njy ýanwarynda Türkmenistanyň Prezidentiniň «Türkmenistanyň Oba hojalyk we daşky gurşawy goramak ministrligini hem-de

Türkmenistanyň Suw hojalygy baradaky döwlet komitetini döretmek hakynda» Permanynyň kabul edilmegi bolup durýar [14]. Onuň esasynda düzümleriň üýtgedilip gurnalmagy tebigaty goramak, oba hojalygy, we başga pudaklara degişlidir. Şeýlelikde, Türkmenistanyň Oba we suw hojalyk ministrligini hem-de Türkmenistanyň Daşky gurşawy goramak we ýer serişdeleri baradaky döwlet komiteti goşulyp, olaryň binýadynda Türkmenistanyň Oba hojalyk we daşky gurşawy goramak ministrligi hem-de Türkmenistanyň Suw hojalygy baradaky döwlet komiteti döredildi. Türkmenistanyň Oba hojalyk we daşky gurşawy goramak ministrligi oba hojalygy boýunça Türkmenistanyň Oba we suw hojalyk ministrliginiň, şeýle hem Türkmenistanyň Daşky gurşawy goramak we ýer serişdeleri baradaky döwlet komitetiniň, Türkmenistanyň Suw hojalygy baradaky döwlet komiteti bolsa suw hojalygy boýunça Türkmenistanyň Oba we suw hojalyk ministrliginiň hukuk oruntutary diýlip kesgitlendi.

Milli Liderimiz dünýäde biologik dürlüligi gorap saklamak we rejeli peýdalanmak babatdaky çemeleşmegiň göreldesini görkezmek bilen, daşky gurşawy gorap saklamagyň beýik maksadyndan ugur alýar. Gahryman Arkadagymyzyň dünýäde biologik dürlüligi gorap saklamak we rejeli peýdalanmak, suwy we onuň biologik serişdelerini aýawly saklamak we netijeli peýdalanmak, şeýle hem ekologiýa babatda täze, düýpli başlangyçlary öňe sürýär. Döwlet Baştutanymyzyň başlangyçlary esasynda alnyp barylýan ajaýyp işler bu günki gün özüniň oňyn netijelerini berýär. Bu bolsa diňe bir türkmen halkynyň däl, eýsem, dünýä jemgyýetçiliginiň hem kalbynda hormatly Prezidentimize bolan hoşallygy has-da artdyrýar.

## EDEBIÝATLAR


1. Draft International Covenant on Environment and Development. IUCN. The World Conservation Union, 2010. 87 p.
2. «Balyk tutmak we suwuň biologik serişdelerini gorap saklamak hakynda» Türkmenistanyň Kanuny, 2011-nji ýylyň 21-nji maýy. //Türkmenistanyň Mejlisiniň maglumatlary, 2011 ý., № 2, 41-nji madda.
3. Бринчук М.М. Особое место и особая роль экологического права в правовой системе России // Экологическое право. 2010. № 5. С. 2 – 11.
4. Реймерс Н.Ф. Природопользование: Словарь-справочник. М., 1990. С. 599.
5. Экологическая энциклопедия: В 6 т. / Ред. кол.: В.И. Данилов-Данильян, К.С. Лосев и др. Т. 1. С. 159.
6. «Balyk tutmak we suwuň biologik serişdelerini gorap saklamak hakynda» Türkmenistanyň Kanuny, (2011-nji ýylyň 21-nji maýy).

7. «Tebigaty goramak hakynda» Türkmenistanyň Kanuny, (2014-nji ýylyň 1-nji marty).
8. Türkmenistanyň Tokaý kodeksi, (2011-nji ýylyň 25-nji martynda Türkmenistanyň Kanuny bilen tassyklanan).
9. «Ösümlik dünýäsi hakynda» Türkmenistanyň Kanuny, (2012-nji ýylyň 4-nji awgusty).
10. «Haýwanat dünýäsi hakynda» Türkmenistanyň Kanuny, (2013-nji ýylyň 2-nji marty).
11. «Ösümlikleri goramak hakynda» Türkmenistanyň Kanuny, (2016-njy ýylyň 18-nji iýuny).
12. «Medeni ösümlikleriň genetiki gorlaryny ýygnamak, gorap saklamak we rejeli peýdalanmak hakynda» Türkmenistanyň Kanuny (2017-nji ýylyň 4-nji fewraly).
13. Türkmenistanyň Prezidentiniň 2019-njy ýylyň 27-nji iýunynda çykaran «Balyk tutmagy we suwuň bioserişdelerini gorap saklamagy düzgünleşdirmek hakynda» № 1294 belgili Karary. Türkmenistanyň Prezidentiniň namalarynyň we Türkmenistanyň Hökümetiniň çözgütleriniň ýygyndysy, 2019-njy ýyl, № 6, 1192-nji madda.
14. Türkmenistanyň Prezidentiniň 2019-njy ýylyň 29-njy ýanwarynda çykaran «Türkmenistanyň Oba hojalyk we daşky gurşawy goramak ministrligini hem-de Türkmenistanyň Suw hojalygy baradaky döwlet komitetini döretmek hakynda» № PP-475 belgili Permany. Türkmenistanyň Prezidentiniň namalarynyň we Türkmenistanyň Hökümetiniň çözgütleriniň ýygyndysy, 2019-njy ýyl, №1, 964-nji madda.

**Baýgylyç GYLYÇMYRADOW,**
*Türkmenistanyň Daşary işler ministrliginiň*
*Halkara gatnaşyklary institutynyň*
*Halkara hukugy we deňeşdirme hukuk*
*öwreniş kafedrasynyň mugallymy*

## HALKARA HUKUK HYZMATDAŞLYGY

Hormatly Prezidentimiziň parasatly baştutanlygynda ýurdumyz halkynyň eşretli bagtyýar durmuşda asuda parahat ýaşamagy hem-de öndürijilikli zähmet çekmegi üçin öňde belent maksatlary goýup, ösüşleriň täze belentliklerine tarap batly gadamlar bilen barha öňe barýar. Şu ýyl Türkmenistanyň Garaşsyzlyga eýe bolanyna 30 ýyl dolýar. Taryh üçin uly bolmadyk bu döwürde Garaşsyz Diýarymyzyň hukuk binýady, ýurdumyzyň içeri we daşary syýasatynyň düzüm bölegi bolup,


7. Sargyt № 2479

halkara abraýynyň bütindünýä ýaýylmagyna esas boldy. Parahatçylygyň kepili bolan hemişelik Bitaraplyk ösüşe, ynamly öňe gitmäge mümkinçilik berdi. Hormatly Prezidentimiziň «Ösüş arkaly parahatçylyk!» taglymaty döwletimiziň ynsanperwer, parahatsöýüjilikli daşary syýasatynyň dabaralanmagynda, dünýä jemgyýetçiligi tarapyndan ykrar edilmeginde, ýurdumyzyň halkara abraýynyň barha artmagynda özüniň aýdyň beýanyny tapdy.

2021-nji ýylyň 25-nji fewralynda hormatly Prezidentimiz Gurbanguly Berdimuhamedow Türkmenistanyň Mejlisiniň deputatlary bilen geçiren duşuşygynda eden çykyşynda: «Mukaddes Garaşsyzlygymyz daşary ýurtlar bilen dostlukly gatnaşyklary ýola goýmak üçin täze mümkinçilikleri açdy. Biz bu ugurda halkara bileleşiginiň bütin dünýäde parahatçylygy, ählumumy howpsuzlygy, durnukly ösüşi üpjün etmek boýunça tagallalaryny hemmetaraplaýyn goldamaga gönükdirilen işleri alyp bararys» [1, s. 2] diýip, nygtamagy döwlet Baştutanymyzyň daşary syýasata, halkara hyzmatdaşlyga aýratyn ähmiýet berýändigini doly subut edýär.

Garaşsyz döwletimiziň halkara derejesinde ykrar edilmeginiň taryhyna we hukuk esaslaryna nazar salsak, onda bitaraplyk syýasatynyň türkmen halkynyň taryhy we milli mirasyndan gelip çykýandygyna göz ýetirýäris. 1992-nji ýylyň 2-nji martynda Türkmenistan Birleşen Milletler Guramasynyň agzalygyna kabul edilip, dünýä bileleşiginiň doly hukukly agzasy boldy. Şondan bäri hem Türkmenistan dünýäde bolup geçýän ähli syýasy, ykdysady, medeni çärelere işjeň gatnaşýar we dünýä jemgyýetçiliginiň ösüşine özüniň saldamly goşandyny goşýar [2, s. 127].

Hormatly Prezidentimiziň başlangyçlary esasynda 2021-nji ýyly «Parahatçylyk we ynanyşmak ýyly» diýip yglan etmek hakynda BMG-niň Baş Assambleýasynyň Kararnamasynyň biragyzdan kabul edilmegi Döwlet Baştutanymyzyň bütin dünýäde halklaryň birek-birege ynanyşmak arkaly bagtyýar, parahat durmuşda ýaşamaklary ugrunda alada edýän beýik ynsandygyny subut edýär. Munuň özi ýurdumyzyň adamzat bähbitli öňe sürýän oňyn syýasy çözgüdiniň ähmiýetiniň halkara derejesinde uludygyny aýdyň görkezýär.

Türkmenistan – demokratik, hukuk we dünýewi döwlet hökmünde, halkara derejesinde umumy ykrar edilen kadalara ygrarly bolup, raýatlaryň esasy demokratik hukuklaryny we azatlyklaryny berjaý edýär we umumadamzat gymmatlyklaryna uly sarpa goýýar. Bu kadalar Türkmenistanyň Esasy Kanuny bolan Konstitusiýamyzyň 9-njy maddasynda: «Türkmenistan halkara hukugynyň umumy ykrar edilen kadalarynyň ileri tutulmagyny ykrar edýär» diýlip, beýan edilýär. Diýarymyz Bitarap döwlet hökmünde adam hukuklarynyň netijeli durmuşa geçirilmegi üçin syýasy, ykdysady, hukuk we guramaçylyk kepilliklerini döredýär.

Ýurdumyzyň daşary döwletler bilen hukuk ulgamyndaky hyzmatdaşlygy hem barha dünýä jemgyýetçiliginde ýaýbaňlanýar. Türkmenistan Garaşsyz döwlet

bolandan soňra birek-birege hukuk kömegini bermek hakynda birnäçe ylalaşyklara gol çekildi. Olaryň ilkinjileriniň biri hem 1993-nji ýylyň 22-nji ýanwarynda Minsk şäherinde Garaşsyz Döwletleriň Arkalaşygyna girýän döwletleriň arasynda «Raýat, maşgala we jenaýat işleri boýunça hukuk kömegini bermek we hukuk gatnaşyklary hakynda» kabul edilen Konwensiýadyr (şertnamadyr). Bu ylalaşyk öňki Sowet Soýuzynyň düzümine girýän Respublikalaryň her biriniň özbaşdak döwlet bolandan soňra, olaryň arasynda hukuk kömegini bermek baradaky hyzmatdaşlygy täzeden ýola goýmaga giň mümkinçilik döretdi. Bu ylalaşygyň adyndan belli bolşy ýaly, oňa gol çeken döwletleriň arasynda raýat, maşgala we jenaýat işler boýunça birek-birege hukuk kömegini bermek we hukuk gatnaşyklary kadalaşdyrylýar [3].

Mundan başga-da, hukuk kömegini bermek hakynda ikitaraplaýyn ylalaşyklara mysal hökmünde 2003-nji ýylda Türkmenistan bilen Eýran Yslam Respublikasynyň arasynda baglaşylan ylalaşygy; 2012-nji ýylda Türkmenistan bilen Türkiýe Respublikasynyň arasynda baglaşylan ylalaşyklary görkezmek bolar. «Parahatçylyk we ynanyşmak ýylynda» Türkmenistanyň daşary ýurtlar bilen hukuk kömegini bermek baradaky ikitaraplaýyn we köptaraplaýyn baglaşan ylalaşyklarynyň ähmiýeti has-da uly bolup durýar.

Ylalaşyklaryň mazmuny bilen tanşanyňda, olarda göz öňünde tutulan hukuk kömeklerini amala aşyrmagyň kadalar esasynda Ylalaşýan Taraplaryň merkezi edaralarynyň ýa-da diplomatik ýollaryň üsti bilen ýerine ýetirilýändigini görmek bolýar. Muňa mysal edip, Türkmenistan bilen Türkiýe Respublikasynyň arasynda «Raýat we jenaýat işleri boýunşa hukuk kömegi hakynda» baglaşylan ylalaşygyň 2-nji maddasyny görkezmek bolar. Onda bu kadalar şeýle beýan edilýär: «Şu Ylalaşygy ulanmak maksady bilen, Ylalaşýan Taraplaryň edaralary bir-biri bilen merkezi edaralarynyň ýa-da diplomatik ýollaryň üsti bilen aragatnaşyk saklaýarlar. Türkmenistan tarapyndan Türkmenistanyň Adalat ministrligi raýat işleri boýunça hukuk kömegini bermek meseleleri babatda we Türkmenistanyň Baş prokuraturasy jenaýat işleri boýunça iş kesilen adamlary bermek we geçirmek babatda hukuk kömegini bermek meseleleri boýunça Türkmenistanyň merkezi edaralary bolup durýar. Türkiýe Respublikasy tarapyndan Türkiýe Respublikasynyň Ýustisiýa ministrligi merkezi edara bolup durýar (mundan beýläk – «ygtyýarly edaralar» diýlip atlandyrylýar)».

Hukuk hyzmatdaşlygy hakyndaky Ylalaşyklaryň ähmiýetli taraplarynyň biri hem Ylalaşýan Taraplaryň her biriniň raýatlarynyň Ylalaşykda göz öňünde tutulan kadalar esasynda beýleki Ylalaşýan Tarapyň öz raýatlary bilen deň derejede hukuklardan peýdalanmagydyr. Munuň özi, raýatlara diňe bir öz ýurdunda däl, eýsem Ylalaşyga gatnaşan döwletleriň çäginde hem öz hukuklaryndan peýdalanmaga giň mümkinçilik berýär.

Hukuk kömegini bermek boýunça halkara hyzmatdaşlygy baradaky kadalar ýurdumyzda kabul edilýän kanunlarda hem aýratyn orun eýeleýär. Olaryň hatarynda Türkmenistanyň Jenaýat iş ýörediş kodeksiniň 542–562 maddalaryny görkezmek bolar. Hususan-da, bu kodeksiň 542-nji maddasynda: «Türkmenistan bilen hukuk kömegini bermek hakynda halkara şertnamasyny baglaşan daşary ýurt döwletleriniň derňew edaralaryna we kazyýetlerine hukuk kömegini bermek tertibinde ýa-da özara ylalaşyk esasynda şu Kodeksde göz öňünde tutulan iş ýörediş hereketleri, şeýle hem Türkmenistanyň başga kanunlarynda we halkara şertnamalarynda görkezilen beýleki hereketler geçirilip bilner» diýip kesgitlenendir [4, s. 296-297].

Şeýle hem kodeksiň ýokarda agzalan maddalarynda: hukuk kömegini bermek boýunça gatnaşyklaryň tertibi; iş ýörediş hereketlerini geçirmek hakynda tabşyrygyň mazmuny; şaýady, jebir çekeni, raýat hak isleýjisini, raýat jogap berijisini, olaryň wekillerini, bilermeni çagyrmak we sorag etmek; jenaýat yzarlaýşyny dowam etmek üçin işi ibermek; ekstradisiýa tussag etmesi (jenaýatkärleri bermek üçin saklamak we tussag etmek); daşary ýurt döwletiniň kazyýetiniň hökümini ýerine ýetirmek bilen bagly meseleleriň kazyýet tarapyndan çözülişiniň tertibi ýaly kadalar kesgitlenendir.

Türkmenistanyň Raýat iş ýörediş kodeksinde hem hukuk kömegini bermek boýunça halkara hyzmatdaşlygy baradaky kadalar kesgitlenendir.

Ylalaşyklarda raýat we maşgala işleri boýunça hukuk kömegi, esasan, hem, şahsyýetiň hukugy; nikany baglaşylmagy; är-aýalyň şahsy we emläk babatynda hukuk gatnaşyklary; nikanyň bozulmagy; nikany hakyky däl diýip ykrar etmek; kakasydygyny ýa-da ejesidigini anyklamak we inkär etmek; ata-ene bilen çagalaryň arasyndaky hukuk gatnaşyklary; hossarlyk we howandarlyk; hossarlygy ýa-da howandarlygy başga birine geçirmegiň tertibi; emläk; mirasdarlyk ýaly hukuk gatnaşyklary kadalaşdyrylýar. Ylalaşyklarda maşgala gatnaşyklaryndaky hukuk kadalaryň kesgitlenilmegi raýatlaryň, maşgala gatnaşyklary boýunça hukuklaryny doly üpjün etmäge mümkinçilikleri döredýär.

Berkarar döwletimiziň bagtyýarlyk döwründe halkara hukuk hyzmatdaşlygyň barha ösmegi we kämilleşmegi ýurdumyzyň hukuk esaslaryna daýanýan döwletdigini aýdyň görkezýär.

## EDEBIÝATLAR


1. «Türkmenistan» gazeti», 26.09.2021.
2. Rahmanow A. Birleşen Milletler Guramasy we onuň ulgamy. – Aşgabat. TDNG 2014.
3. «Raýat, maşgala we jenaýat işleri boýunça hukuk kömegini bermek we hukuk gatnaşyklary hakynda» kabul edilen Konwensiýasy». 22.01.1993., Minsk şäheri.
4. Türkmenistanyň Jenaýat iş ýörediş Kodeksi. – Aşgabat. TDNG. 2018.

**Merjen GURBANNAZAROWA,**
*Türkmenistanyň Daşary işler ministrliginiň Halkara gatnaşyklary institutynyň halkara hukugy we deňeşdirme hukuk öwreniş kafedrasynyň uly mugallymy*

# TÜRKMENISTAN – HALKARA GURAMALARY: ADAM HUKUKLARYNY GORAMAK BABATYNDA HYZMATDAŞLYK

Hormatly Prezidentimiziň parasatly baştutanlygynda türkmen döwleti halkara gatnaşyklary ulgamynyň işjeň gatnaşyjysy bolmak bilen halkara-hukuk resminamalarynyň binýadyny yzygiderli kämilleşdirýär. Bu ugurda hususan-da, ilkinji nobatda, Birleşen Milletler Guramasy (BMG) hem-de onuň düzüm birlikleri bilen bir hatarda, beýleki abraýly halkara guramalary bilen işjeň hyzmatdaşlyk ýola goýuldy.

BMG-niň Baş Assambleýasynyň 62-nji mejlisinde eden çykyşynda hormatly Prezidentimiz: «BMG-niň parahatçylyksöýüjilik, deňhukuklylyk, döwletleriň özygtyýarlylygyna, olaryň öz ösüş ýoly baradaky hukugyna sarpa goýmak ýörelgeleri biziň ýurdumyzyň daşary syýasatynyň esasynda goýuldy. BMG bilen hyzmatdaşlyk bolsa onuň ileri tutulýan ugruna öwrüldi» diýip nygtap geçdi [1]. Bu halkara guramasyna agza bolan Garaşsyz Türkmenistan turuwbaşdan öz syýasatyny umumadamzat bähbitlerini türkmen halkynyň milli bähbitleri bilen utgaşdyrmagyň esasynda gurnamaga girişdi. Türkmenistanyň BMG tarapyndan işlenip düzülen halkara konwensiýalaryň, jarnamalaryň, ylalaşyklaryň onlarçasyna goşulyp, olarda beýan edilen düzgünleriň gyşarnyksyz berjaý edilmegini üpjün edip gelýändigi munuň aýdyň subutnamasydyr.

BMG bilen ýakyndan gatnaşyk saklamakda bu halkara bileleşiginiň birnäçe guramalarynyň we komissiýalarynyň wekilhanalarynyň biziň ýurdumyzda açylmagynyň hem ähmiýeti uludyr. Häzirki wagtda Türkmenistanda BMG-niň Ösüş Maksatnamasy, BMG-niň Çagalar gaznasy (YUNISEF), BMG-niň bosgunlaryň işleri boýunça ýokary komissarynyň müdirligi, BMG-niň ilat gaznasy, Bütindünýä Saglygy Goraýyş Guramasy, BMG-niň neşeler we jenaýatçylyk boýunça müdirligi ýaly düzümleri we beýlekiler wekilçilik edýär.

2020-nji ýylyň 14-nji ýanwarynda hormatly Prezidentimiziň gatnaşmagynda Türkmenistanyň hemişelik Bitaraplygynyň 25 ýyllygyna bagyşlanan «Türkmenistan we halkara guramalary: parahatçylygyň we ösüşiň hatyrasyna hyzmatdaşlyk»

atly halkara maslahaty geçirildi. Bu halkara maslahatynyň gün tertibinde esasan hem milli we umumadamzat bähbitleri bilen bagly meselelere garaldy.

Maslahatyň dowamynda hormatly Prezidentimiz özüniň giňişleýin çykyşynda ýurdumyzyň bitaraplyk syýasaty netijesinde alyp baran netijeli işleri, halkara guramalar bilen bilelikdäki hyzmatdaşlygy, şol sanda BMG tarapyndan yglan edilen Durnukly ösüş maksatlaryny ýerine ýetirmek boýunça milli we halkara maksatnamalar barada giňişleýin çykyş etdi. Şolaryň arasynda BMG-niň Çagalar gaznasynyň alyp barýan işine has aýratyn üns berildi. Türkmenistan BMG-niň bu düzüm birligi bilen birnäçe resminamalara, ýagny ýurdumyzda çaganyň hukuklaryny kämilleşdirmek, ýaş nesilleriň saglygyny goramak, irki ýaşda ýokary hilli bilim bermek, çagalar üçin durmuş goragyny kämilleşdirmek, ýaş nesillere ýokary hilli maglumat toplumyna elýeterliligi giňeltmek ýaly meseleler boýunça birnäçe möhüm resminamalara gol çekişdi [2].

Birleşen Milletler Guramasynyň işläp taýýarlaýan maksatnamalaryna örän işeňňir gatnaşýan Türkmenistanyň köpýyllyk hyzmatdaşlygy şol bir wagtyň özünde Türkmenistan tarapyndan birnäçe başlangyçlaryň hödürlenmegi bilen däp bolup galan hyzmatdaşlygyň çäklerinde çykýar. Adam hukuklary häzirki zaman halkara hukugynyň pudagy hökmünde adam hukugynyň goragyna degişli ýörelgeleri we kadalary öz içine alýar. Häzirki wagtda Türkmenistan adam hukuklary çygryndaky esasy Konwensiýalaryň köpüsine goşuldy we beýleki halkara hukuk resminamalaryna goşulmak we olary milli kanunçylyga ornaşdyrmak boýunça işler ýerine ýetirilýär.

Türkmenistan adam hukuklary bilen meşgullanýan köp sanly halkara guramalarynyň doly hukukly agzasy bolmak, bu ugurda ýakyndan hyzmatdaşlyk etmek bilen, öňde goýulan wezipeleri doly berjaý etmekde we halkara tejribesinde öz goşandyny goşmakda uly işleri amala aşyrýar. Türkmenistan adam hukuklary ulgamynda esasy halkara resminamalarynyň ençemesine goşulmak bilen, öz üstüne alan borçnamalaryna gyşarnyksyz eýerip, ýokary ynsanperwerlik, demokratik ösüşiň we häzirki zaman hukuk jemgyýetiniň ýörelgelerine ygrarlydygyny iş ýüzünde görkezýär. Hormatly Prezidentimiziň ýolbaşçylygynda döredijilikli syýasy ugry ýöredip, Bitarap Türkmenistan dünýä jemgyýetçiligini tolgundyrýan derwaýys meseleleriň çözgüdini işläp taýýarlamakda işjeň orny eýeleýär we halkara hyzmatdaşlygyny ösdürmäge uly goşant goşýar. Bu babatda bosgunlara kömek bermek we olaryň hukuklaryny goramak ulgamynda ýurdumyzyň oňyn tejribe toplandygyny bellemek bolar. Türkmenistanyň Merkezi Aziýada Apatridleriň statusy hakyndaky konwensiýa goşulan ilkinji döwletdigini bellemek bolar. Şu jähtden, soňky ýyllarda döwlet Baştutanymyzyň gol çeken degişli Permanlaryna laýyklykda, ýurdumyzda hemişelik ýaşaýan we raýatlygy bolmadyk adamlaryň müňlerçesiniň

Türkmenistanyň raýatlygyna kabul edilendigini hem uly buýsanç bilen bellemek bolar. Mundan başga-da, hormatly Prezidentimiziň hut özüniň tabşyrygy esasynda goňşy döwletimiz bolan Owganystana yzygiderli doganlyk, ynsanperwerlik kömeginiň berlip durulmagy, owgan halkynyň parahatçylykly we abadan durmuşa ymtylyşyny goldamak, Owganystanyň durmuş-ykdysady we medeni taýdan galkynmagyna hemme taraplaýyn ýardam bermek ýurt Baştutanymyzyň alyp barýan halkara derejesindäki ynsanperwerlik syýasatynyň aýdyň mysaly bolup durýandyr. Häzirki wagtda hormatly Prezidentimiz saglyk, bilim we ýaş nesliň sazlaşykly ösmegi, çaganyň hukuklaryny goramak, gender deňligi hem-de zenanlaryň hukuklarynyň üpjün edilmegi bilen baglanyşykly meselelere aýratyn üns berýär.

Türkmenistan özüniň esasy Kanunynda hem-de ykrar edilen halkara resminamalaryna bellenen adam hukuklaryny, azatlyklaryny goramagy, deňligi we ähli raýatlar tarapyndan kanunyň gyşarnyksyz berjaý edilmegini yglan etdi. Adam hukuklary babatdaky halkara kadalaryny milli kanunçylygymyzda ornaşdyrmak bilen bir hatarda onuň ynsanperwerleşdirilmegi hem möhüm meseleleriniň biridir. Ýurdumyzyň Konstitusiýasynda adam hukuklary babatynda adalatly we ynsanperwerlikli ýörelgelerden ugur alýan milli kanunçylygymyzyň halkara hukuk kadalary bilen sazlaşykly bolmagyny gazanmak hem-de adam hukuklary we azatlyklary bilen baglanyşykly täze kabul edilýän milli kanunçylygymyzy has-da ynsanperwerleşdirmek zerur bolup durýar. Halkara hukugynyň esasy ýörelgeleriniň biri bolan Adam hukuklaryny we esasy azatlyklaryny hormatlamak ýörelgesi – BMG-niň Tertipnamasynyň kabul edilmegi bilen ykrar edildi hem-de halkara parahatçylygyny we howpsuzlygyny saklamak bilen adam hukuklarynyň we esasy azatlyklarynyň üpjün edilmeginiň arasynda berk baglanyşygyň barlygy subut edildi.

Birleşen Milletler Guramasynyň halkara derejesinde adam hukuklarynyň we azatlyklarynyň goralmagy babatyndaky syýasaty esasan şu aşakdaky görnüşde alnyp barylýar:

a) adamyň esasy azatlyklaryny olaryň milletine, jynsyna, gelip çykyşyna, dinine we diline garamazdan hormat goýmak hem-de bu ugurda geçirilýän duşuşyklary ösdürmek;
b) adam hukuklaryny goramak babatynda döwletleriň arasynda şertnamalary kabul etmek, halkara şertnamalarynda göz öňüne tutulan adam hukuklaryny we azatlyklaryny goramak baradaky borçlary ýerine ýetirmek üçin halkara derejesinde gözegçilik etmek mehanizmleri işläp düzmek [3].

Türkmenistanyň Konstitusiýasynyň halkara hukugynyň umumy ykrar edilen kadalaryny ileri tutmak baradaky konstitusion kadasy Türkmenistanyň esas goýujy halkara konwensiýalaryny tassyklandygy hem anyk görkezildi. Hormatly Prezidentimiz Esasy kanunymyzda adamy jemgyýetiň we döwletiň iň ýokary

gymmatlygy diýip yglan eden döwletimizde halkara hukugynda göz öňünde tutulan we milli kanunçylykda kepillendirilen esasy hukuklary we azatlyklary üpjün etmek üçin ähli şertler döredilmelidir diýip belleýär [4]. Türkmenistanyň Konstitusiýasynyň 4-nji maddasynda berkidilen «adamy goramagyň, goldamagyň we oňa hyzmat etmegiň döwlet häkimiýet edaralarynyň baş wezipesidigi» baradaky hem-de 5-nji maddasynda berkidilen «Türkmenistan her bir adamyň durmuş taýdan goraglylygyny kepillendirýän döwletdir» diýen kadalar bolsa ýurdumyzda halkara hukugynyň ýörelgelerine we kadalaryna laýyklykda her bir adamyň goragy döwlet tarapyndan üpjün edilýändiginiň subutnamasy bolup durýar [5].

## EDEBIÝATLAR


1. *Gurbanguly Berdimuhamedow*. Ösüşiň täze belentliklerine tarap. T. 1. 2008 ý.
2. Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedowyň «Türkmenistan we halkara guramalary: parahatçylygyň we ösüşiň hatyrasyna hyzmatdaşlyk» atly halkara maslahatynda eden ÇYKYŞY (Aşgabat, 2020-nji ýylyň 14-nji ýanwary). // «Türkmenistan». 2020-nji ýylyň 15-nji ýanwary.
3. http: //bip-ip.com/mezhdunarodnoe-sotrudnichestvo-v-oblasti-prav-cheloveka--rol-oon-v-mezhdunarodnoy-zashhite-prav-cheloveka/
4. Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedowyň «Awaza» milli syýahatçylyk zolagynyň «Awaza» Kongresler merkezinde geçirilen Ýaşulularynyň nobatdaky maslahatynda eden çykyşy. (2015-nji ýylyň 10-njy sentýabry). // «Türkmenistan». 2015-nji ýylyň 11-nji sentýabry.
5. Türkmenistanyň Konstitusiýasy. Aşgabat, 2016 ý.



**Dürli BALLYÝEWA,**
*Türkmenistanyň Daşary işler ministrliginiň*
*Halkara gatnaşyklary institutynyň*
*halkara hukugy we deňeşdirme hukuk*
*öwreniş kafedrasynyň mugallymy*


# GENDER DEŇLIGINIŇ GAZANYLMAGY TÜRKMENISTANYŇ ÖSÜŞINIŇ ILERI TUTULÝAN UGURLARYNYŇ BIRIDIR

Berkarar döwletimiziň bagtyýarlyk döwründe ýurdumyzda alnyp barylýan ägirt uly işlerde zenanlaryň hem uly goşandy bardyr. Türkmenistan aýallara, enelere bagtyýar durmuşyň, olaryň hukuklarynyň ygtybarly goraglylygynyň üpjün edil-

megini özüniň esasy maksatlarynyň hatarynda kesgitleýär. Ýurdumyzda gender çemeleşmesiniň strategiýalara we milli maksatnamalara girizilmegi bilen bu ugurdaky wezipeler üstünlikli durmuşa geçirilýär.

Milli Liderimiz ilkinji nobatda, eneleriň sagdynlygynyň we abadançylygynyň çagalaryň bagtyýarlygynyň girewi bolup durýandygyny belleýär. Türkmenistanda eneligi we çagalygy goramak ulgamy ägirt uly döwlet goldawyna mynasyp boldy, şol sanda kanunçylyk binýady kämilleşdirildi, dürli milli maksatnamalar durmuşa geçirildi, häzirki zaman saglygy goraýyş we sagaldyş merkezleri we beýlekiler guruldy. Çagalaryň durmuşynyň hilini ýokarlandyrmak, maşgalanyň durmuş statusyny pugtalandyrmak hem-de türkmen halkyna gadymdan mahsus bolan maşgala gymmatlyklarynyň ýörelgelerini wagyz etmek döwletimiziň hemişe üns merkezinde durýar.

Gender deňligi durmuşyň ähli ugurlarynda erkekleriň we aýallaryň deň mümkinçiliklere, hukuklara we jogapkärçiliklere eýe bolan jemgyýetini göz öňünde tutýar. Erkekleriň we zenanlaryň arasyndaky deňlik – munuň özi iki jynsyň wekilleri hem bilime we saglygy goraýşa, dolandyryşda we häkimiýetde deň ygtyýarlyklara, kimdir-birine işlemek ýa-da öz işine ýolbaşçylyk etmek arkaly maliýe garaşsyzlygyna ýetmekde, özleriniň şahsy we hünär isleglerini hem-de gyzyklanmalaryny durmuşa geçirmekde birmeňzeş mümkinçiliklere eýe bolmaklaryny aňladýar. Gender deňliginiň gazanylmagyndaky çylşyrymly şertleriň biri hem aýallara jemgyýetiň ösüşiniň dürli ulgamlarynda ygtyýarlyklaryň we has giňişleýin mümkinçilikleriň berilmegini, şeýle-de gender deňliginiň gazanylmagyna erkekleriň hem gatnaşdyrylmagyny öz içine alýar.

Aýallaryň reproduktiw wezipelerine, durmuş we medeni aýratynlyklara hem-de däp-dessurlara baglylykda erkekleriň we zenanlaryň ýaşaýyş şertleri birek-biregiňkiden düýpli tapawutlanýar, emma şeýle ýagdaý erkekleriň we zenanlaryň ýaşaýyş şertlerine ýaramaz täsirini ýetirmeli däldir, hukuklarynyň kemsidilmesine getirmeli däldir we talabalaýyk nazarda tutulyşy ýaly, ykdysady, durmuş we syýasy mümkinçilikleriň deň paýlanylmagynda öz beýanyny tapmalydyr.

Dünýä ösüşiniň häzirki zaman şertleri we globallaşmanyň gapma-garşylyklary zenanlaryň ýagdaýyna hem täsirini ýetirýär. Aýallaryň hukuklarynyň üpjün edilmegi demokratiýanyň pugtalandyrylmagyna, ýaşaýyş-durmuş şertleriniň derejesiniň gowulandyrylmagyna, durnuklylyga we geçirimlilige ýardam edýär. Zenanlaryň mynasyp orny bolan, olaryň jemgyýetçilik we döwlet işlerine gatnaşmaga deň ygtyýarlyklary we deň mümkinçiligi bolan ýurtlar has durnukly we durmuşa ukyply döwletler hökmünde täze ýüzýyllygyň meseleleriniň çözgüdine taýýardyrlar.

Türkmenistanyň Konstitusiýasyna laýyklykda biziň ýurdumyzda erkekler we aýallar deň hukuklara we azatlyklara, olaryň durmuşa geçirilmegi üçin deň mümkin-

çiliklere eýedirler. Milli kanunçylygymyz erkekleriň we zenanlaryň häkimiýet edaralaryna deňeçer ýagdaýda gatnaşygyny gazanylmagy üçin hukuk gurallaryny, kepilliklerini, zenanlaryň ykdysady garaşsyzlygy üçin deň mümkinçilikleriň üpjün edilmegini, öz işiniň kämilleşdirilmegini, wezipe ösüşi, maşgaladaky hukuklaryň, jogapkärçilikleriň durmuşa deň geçirilmegi üçin şertleriň döredilmegini göz öňünde tutýar [1].

Ýurtda zähmet çekýänleriň ýarysynyň zenanlar bolmagy, olaryň zähmete bolan konstitusion hukugyndan peýdalanýandyklarynyň subutnamasydyr. Zenanlar ýokary döwlet häkimiýet we dolandyryş edaralarynda, ylym-bilim, medeniýet-sungat, saglygy goraýyş, sport ulgamlarynda mynasyp orun eýeleýärler, öz işlerini jogapkärli, işjeň alyp barýarlar. Döwlet işlerini dolandyrmak ulgamyndaky gender deňligi etrap, welaýat we döwlet derejesinde döwlet syýasatynyň kemala getirilmegine ýardam edýän meselelerde zenanlaryň wezipelere bellenilmeginde öz beýanyny tapýar.

Gender deňliginiň gazanylmagynda möhüm orun maşgala degişlidir çünki ol jemgyýetiň esasy tebigy bölümi bolup durýar. Geljekki nesliň terbiýesi maşgala baglydyr. «Demokratiýanyň we bitewi dolandyryşyň ilkinji sapaklary maşgaladan başlanýar, sebäbi maşgala türkmen jemgyýetiniň binýady bolup durýar. Ol özboluşly ilkinji guramadyr. Maşgalada gatnaşyklaryň köpugurly görnüşleri emele gelýär we dürli soraglar çözülýär. Şoňa görä-de, her bir maşgala maddy we ruhy taýdan üpjün bolmalydyr. Ýurdumyzyň mynasyp raýatlaryny terbiýelemek üçin jogapkärçilik çekmelidir. Maşgala näçe berk boldugyça, jemgyýet hem şonça hemme taraplaýyn baýdyr» [2].

Bäş müň ýyllyk taryhy bolan türkmen halkynyň däp-dessurlarynda berk we paýhasly nesil hemişe ýetişdirilipdir we her bir maşgalanyň borjy bu asylly däplere eýermek bolup durýar. Zenanlar çaga terbiýelemegiň we täze nesilleriň kemala getirilmeginiň ata-babalarymyz tarapyndan toplanan baý tejribesini ulanmaklyk bilen maşgala gymmatlyklaryny saklamagy we goramagy başarýarlar. Ýokary ahlaklylyk, päk göwünlilik, rehimlilik, ygrarlylyk – biziň zenanlarymyza mahsus ajaýyp häsiýetlerdir. Türkmen zenanlary ezber elleri bilen ajaýyp halylary we keşdeleri döredýärler. Zenanlaryň bu döredijiliklerinde olaryň ussatlygy we irginsiz zähmeti öz beýanyny tapýar. Asyrlaryň dowamynda bu ýokary sungat eneden gyza, nesilden nesle geçirilipdir we özboluşly terbiýe mekdebine öwrülipdir.

Türkmenistanda ýaşlar, täze gurulýan maşgalalar hakynda uly aladalar edilýär. Häzirki wagtda ýaşlara okamak we hünär edinmek, şol sanda Türkmenistanyň çäginden daşarda okamak, işe ýerleşmek üçin oňyn ýaşaýşyň ajaýyp mümkinçilikleri bardyr. Zenanlar hakyndaky döwlet aladasy – jemgyýetiň sagdynlygynyň, onuň ynsanperwerliginiň we ahlaklylygynyň alamatydyr, ýurdumyzyň Prezidentiniň bu

meselä şahsy üns bermegi bolsa – kabul edilen degişli maksatnamalaryň üstünlikli amala aşyrylmagynyň girewidir.

Gender deňligine ep-esli ýakynlaşan ösen ýurtlaryň birnäçesinde bu ugurda geçirilen barlaglar oňyn netijeleri berdi: ýaşaýşyň dowamlylygy artdy, göwniçökgünligiň bolmagy azaldy, jenaýatçylygyň derejesi pese düşdi we adamlaryň aglaba köp bölegini hakykatdan hem bagtyýar etdi.

Halk arasynda bir söz bar: «Durmuşda bir mesele çözmeli bolsa, zenan ilki duýgusyna, erkek kişiler bolsa, akylyna daýanýar» diýilýär. Biziň pikirimizçe, bu zenanyň duýga, mähre has baý bolanlygy üçin şeýledir. Sebäbi, «Enä dünýäniň gözbaşy, ýaşaýşyň başlangyjy» diýlip, ýöne ýere aýdylanok. Ene dünýä jan getirip bilýänligi üçin hem mukaddesdir. Şonuň üçin dünýäniň öňdebaryjy adamlary enä, zenana hormat goýmagy edepliligiň, medeniýetliligiň, adamkärçiligiň iň ýokary nusgasy hasaplaýarlar. Hormatly Prezidentimiziň: «Men mähriban käbämiň öňünde özümiň perzentlik borjumyň has uludygyny duýýaryn. Çünki öz il-halkymyň ykbalyna nur çaýýan işleri durmuşa geçirmäge güýçli ymtylyşymyň we yhlasymyň özeninde käbämiň ynamynyň ilkinji orny eýeleýändigine ynanýaryn. Biz eneleriň arzuwynyň geljegiň abadanlygydygy barada hemişe aýdýarys. Eneleriň arzuwy abatlyk hem-de saglykdyr diýilýär» diýen jümleleri enelere goýlan sylag hormatyň nähili derejededigini aýdyň görkezýär [3, s. 16].

Aslynda-da, gender meselesini yzarlap, taryhymyzyň çuňluklaryna aralaşsak, türkmen halky turuwbaşdan hem zenanlaryna goýýan sylag-sarpasy, gelin-gyzlaryna bolan milli garaýyşlary bilen hiç haçan hem bu syýasatdan daşda durmandyr. Türkmen zenanynyň maşgalany dolandyrmaklyga işjeň gatnaşandygyny hormatly Prezidentimiziň «Türkmenistan – Beýik Ýüpek ýolunyň ýüregi» atly kitabynda syýahatçy Marko Polo (1254 – 1324) baradaky aýdanlaryny okanymyzda-da göz ýetirýäris. Marko Polo öz kitabynda türkmenler hakynda söz açyp: «Bu ýerde, biler bolsaňyz, iň nepis hem owadan halylar öndürilýär, ýene gyzyl, başga reňkde hem kaşaň görnüşli, bijaý oňat matalar dokalýar, bu ýerde bulardan başga-da, köp zatlar öndürilýär» diýip ýazmasy, biziň zenanlarymyzyň hemme döwürde-de, erkek kişiler bilen deň şertlerde, deň mümkinçiliklerde işläp, maşgalanyň keşigini deň çekişendigini aňladýar [4, s. 36].

Maşgala terbiýesinde, türkmen eneleri ata hormatyny öňe tutan hem bolsalar, perzentlerine edep-terbiýäni, milli mirasymyzyň gymmatlyklaryna bolan söýgini, görüm-göreldäniň, edim-gylymlaryň, däp-dessurlaryň, galyberse-de, halk döredijiliginiň üsti bilen bermegi başarypdyrlar. Türkmen halkynda ene mukaddesligine, zenana bolan aýratyn garaýyşlaryň kemala gelmeginde-de zenanlara uly orun degişlidir.

Hormatly Prezidentimiziň döwet galamyndan çykan «Enä tagzym – mukaddesligе tagzym» atly kitaby hem boýdan-başa, ilki bilen-ä, mähriban Arkadagymyzyň eziz käbesi Ogulabat ejäniň göreldeli ömrüne, perzent terbiýesine, ile-güne bolan mähremi garaýyşlaryna, galyberse-de, tutuş türkmen zenanlarynyň durmuşyna, ýurdumyzyň enelerine bagyşlanan ajaýyp eserdir. Milli Liderimiziň öz käbesine bagyşlap ýazan ajaýyp ýatlamalary her bir türkmen zenanynyň kalbyna buýsanç berýär. Hormatly Prezidentimiziň türkmen enelerine, zenanlaryna bolan söýgüsi öz mähremi enesinden gözbaş alýar. Şonuň üçin biziň ýurdumyzda zenanlara bolan sylag-hormat döwlet syýasatynyň ileri tutulýan ugurlarynyň birine öwrülýär. Bizde kanuny esasda-da, durmuşda-da, işde-de türkmen zenany sözüň doly manysynda erkek kişiler bilen deň şertde, deň mümkinçiliklerde işläp, zenan bagtyýarlygyny duýup ýaşaýarlar. Ýurdumyzda zenanlar üçin hiç hili çäklendirmeler ýok. Aýal-gyzlar islän kärinde işläp, islän okuwynda okap, göwün islegine görä, durmuş gurup, bagtyýar günleriň bossanynda erkin ýaşaýarlar.

## EDEBIÝATLAR


1. Türkmenistanyň Konstitusiýasy. Aşgabat, 2018 ý.
2. Türkmenistan gazeti. № 95 (30021) 2021-nji ýylyň 15-nji apreli.
3. *Gurbanguly Berdimuhamedow.* Enä tagzym – mukaddeslige tagzym. Aşgabat: Türkmen döwlet neşirýat gullugy, 2018 ý.
4. *Gurbanguly Berdimuhamedow*. Türkmenistan – Beýik Ýüpek ýolunyň ýüregi. I tom. Aşgabat: Türkmen döwlet neşirýat gullugy, 2017 ý.



**Aýna BAÝMURADOWA,**
*Türkmenistanyň Daşary işler ministrliginiň*
*Halkara gatnaşyklary institutynyň*
*jemgyýeti öwreniş ylymlary kafedrasynyň uly mugallymy*


# GADYMY KEÇE NAGYŞLARY WE OLARYŇ MANYSY

Türkmen halkynyň haly, palas, keçe, keşde nagyşlary owadanlygy, nepisligi bilen birlikde çuňňur many-mazmuna hem eýedir.

Hormatly Prezidentimiz «Janly rowaýat» kitabynda nagyşlaryň özboluşly ýazuwdygyna ünsi çekip, şeýle belleýär: **«Nagyşlary okap bolýandygy hemmelere**

**mälim. Ýöne ony okap bilýänler köp däl. Şonuň üçin bu dili bilmezden, halkyň «nagyşlarynyň ýazgysyndan» baş çykaryp bolmaýar»** [1, s. 28].

Haly gölleri, palas nagyşlary, bina haşamlary ýaly keçe gülleri hem halkymyzyň taryhy, durmuşy, ruhy dünýäsi barada maglumatlary özünde jemleýän taryhy-etnografik çeşme hökmünde gymmatlydyr we ylmy esasda içgin öwrenilmäge mynasypdyr. Türkmen halkynyň keçe taýýarlamak sungaty gadymy döwürlerden syýahatçylaryň, alymlaryň, sungaty öwrenijileriň ünsüni özüne çekip gelýär. Türkmen hojalygynda keçe önümlerine bolan islegiň ýokary bolmagy olaryň görnüşleriniň köpdürlüligine we bu sungatyň kämil derejä ýetmegine getiripdir.

S. M. Dudin özüniň «Orta Aziýanyň haly önümleri» diýen kitabynda ilki keçe basmagyň, soň palas dokamagyň, has soňrak bolsa halyçylygyň ýüze çykandygyny, hojalykda ulanyş ýaýrawy boýunça keçäniň birinji, palasyň ikinji, halynyň üçünji orunda durandygyny ýazýar [12, s. 78].

Altaýdaky Pazyryk depesinden tapylan halynyň ýanynda keçe bölekleriniň hem bar bolmagy keçäniň hem edil halylar ýaly asyrlara uzaýan müňlerçe ýyllyk ýaşy bar diýmäge esas berýär. S.I. Rudenkonyň bellemegine görä, bäşinji Pazyryk gorganyndan 4,5 × 6,5 metr ululykdaky keçäniň tapylmagy olaryň (skifleriň) ýaşaýyş jaýlarynyň ölçegleri barada pikir ýöretmäge mümkinçilik berýär. Şol ýerde öýüň düşekleri, esasan, keçeden ybarat bolupdyr [20, s. 22].

«.....Goňurdepe köşgüniň demirgazyk diwarynyň ýanynda gurlan kiçeňräk ybadathana toplumynyň otaglarynyň birinde keçäni ýatladýan ulurak, ak reňkli ýumşak bölek tapyldy. Ol tutuş ybadathana toplumynyň merkezi jaýyna ýazylgydy. Bilermenleriň berýän maglumatlary keçäniň Türkmenistanda azyndan 4–5 müň ýyl mundan ozal giňden ýaýrandygyny aýtmaga mümkinçilik berýär» [5] diýip, arheolog W. I. Sarianidi gadymy Margianada geçirilen gazuw-agtaryş işleri netijesinde tapylan ak keçe böleginiň türkmen halkynyň keçe basmak, keçe taýýarlamak sungatynyň gaty irki döwürlerden gaýdýandygyna şaýatlyk edýändigini belleýär.

Taryhçy alymlar X asyrda oguzlaryň öz öýlerini, sandyklaryny keçe bilen örtendiklerini, düşekleriniň hem keçedendigini, şeýle hem ýagyşdan, sowukdan goranmak üçin ondan ýapynjalary, başlyklary we beýleki eşikleri taýýarlandyklaryny belleýärler [15, s. 53]. XI asyr arap geografy Ibn Wadih al-Yakuby: «Oguzlar...... keçe taýýarlamakda iň ussat halk, sebäbi, olaryň eşigi hem şondan» diýip, ýazypdyr [15, s. 52]. Bu maglumatlar türkmenlerde keçe önümleriniň irki döwürlerde-de giňden ýaýrandygyny, hatda olaryň eşikleriniň hem şondan bolandygyny görkezýär.

XIX asyryň başlarynda Maňgyşlak türkmenleriniň arasynda bolan R.Karuts türkmenleriň öýleri keçe bilen basyrýandygyny, düşekleriniň, gapy üçin tutularynyň hem şondandygyny, şeýle hem atlar üçin ýapynjalaryň, içirgileriň, jullaryň, sandyk üçin örtügiň, öý goşlary üçin horjunlaryň, ýola çykanda ýiti, ýumşak we

aýna, çüýşe ýaly zatlary salmak üçin gaplaryň hem keçeden taýýarlanandygyny beýan edýär [13, s. 55]. Taryhyň ähli döwürlerinde bu senet halkymyzyň hojalygynda esasy orny eýeläp, müňýyllyklaryň dowamynda has-da kämilleşipdir.

Halkymyzyň durmuşynda gülli keçelere aýratyn orun degişlidir. Keçäniň gülleri ýönekeýligi we aýdyňlygy bilen tapawutlanýar. Etnolog S. M. Demidow şeýle belleýär: «Türkmen keçesi käbir ýagdaýlarda gadymy nagyşlary öwrenmekde arheologlara, etnograflara, sungaty öwrenijilere halylardan has aýdyň maglumat berýän çeşme bolup hyzmat edýär we gadymky ata-babalarynyň durmuşyna ser aýlamaga mümkinçilik döredýär» [8, s. 80].

Etnografiýa maglumatlaryna görä, keçelere «gönjük göl», «hamtoz», «ak tam», «barmak», «algam», «arabatigir», «goçak», «öküz oňurga», «gelin barmak», «tilki guýruk» – «tazy guýruk», «erre diş», «zynjyra», «bogursak», «kerpiç», «ak gaş», «tärim gözenek», «tumar», «goçanak», «jamy», «nowruz gül», «eňek», «siňirme», «bäş örüm», «sekiz keşde», «agzygara», «derweze göl», «tüýnük», «pişik yzy», «kelle», «erik gül», «şelpeli göl», «güjük yzy», «durna hatar», «gülýaýdy», «byçgy», «dokuz gülýaýdy», «ýedi gülýaýdy, «pendi göl», «burramly goçak», «dogajyk», «goşmak goza» ýaly onlarça nagyşlar salynýar. Şolaryň içinde iň gadymylarynyň biri «goçanak», «goçak» bolup, ol Amyderýanyň orta akymlarynda, Murgapda we Türkmenistanyň beýleki etraplarynda, Orta Aziýanyň we Gazagystanyň halklarynyň diňe bir keçe güllerinde däl, eýsem, beýleki el işlerinde hem duş gelýär. Ol merkezde we gyra nagşynda peýdalanylýar. Adatça, merkezi meýdanda «goçanagy» birnäçe uly tegelekleriň we pişme şekilleriň daşynda ýerleşdiripdirler.

Keçe güllerinde bu nagşyň: «dört goçak», «kelleli goçak», «goçanak», «goçbuýnuz», «goçgarşah» ýaly dürli görnüşlerine we atlandyrylyşlaryna duşmak bolýar [17, s. 92]. Amyderýanyň kenarynda ýaşaýan ilatyň diňe bir haly, palas, keçe we keşde nagyşlarynda däl, eýsem, agaç bezeglerinde we sandyklarynda-da «goçanak» nagşy örän köp duş gelýär.

Bu nagşyň mazmuny barada hormatly Prezidentimiz «Janly rowaýat» atly kitabynda şeýle belleýär: **«...ine-de, şahlary burum-burum bolup duran dag goçy – ol mertligiň we güýjüň simwoly bolup, türkmen öýüni gorap duran özboluşly tumar ýaly bolup, türkmen sungatynda aýratyn bir nyşana öwrülipdir. Şular ýaly dogalar bilen adam özüni jyn-arwahlardan, göz degmeden we başga betbagtçylyklardan gorapdyr»** [1, s. 16].

Türkmen halkynyň milli däp-dessurlarynda, yrym-ynançlarynda goýna we geçä uly orun degişlidir. Irki ynançlardan gözbaş alan dag goçy, geçisi bilen baglanyşykly däpler XIX – XX asyrlarda hem saklanyp galypdyr. Mysal üçin, ýyl ýagynsyz, ýagny gurak gelende, yrym üçin geçini giň meýdanda ýeke ösüp oturan agaja daňyp goýupdyrlar. Üç günden soň şol geçini Burkut babaň ýoluna sadaka





*«Kelleli goçak»*



*«Atanak goçak»*

beripdirler. Bu dessura «Burkudyň ýoluna geçi daňmak» diýlipdir [6, s. 43], [10, s. 41-42]. Eger-de, sürüden mal köp ölse, onda goýunlaryň birini «Başa gelenini sowsun» diýip, sadaka beripdirler we onuň bela-beterleri özi bilen alyp gidýändigine ynanypdyrlar [11, s. 92]. Diýarymyzyň günorta-günbatar sebitlerinde ýaýran gadymy ynanja görä, goýun sürüsiniň içinde gezip ýören çopana hiç wagt jyn-arwah howp salmazmyş [9, s. 188].

Türkmenler ýaňy-ýaňylara çenli hem öýleriniň gapylaryndan we howlularynyň derwezelerinden al-arwahdan, bela-beterden gorasyn diýip goçuň şahyny asyp goýupdyrlar, bu ýagdaýlara häzir hem duş gelinýär [4, s. 29]. Şol bir wagtyň özünde, goýnuň bereketliligiň, döwletliligiň nyşany hasaplanýandygyna halkymyzyň arasynda häzir hem aýdylyp gelinýän: «Gapyňyzda toý bolsun, agylňyzda koý», «Goýunly baý, goýy baý» ýaly nakyllar hem tassyklaýar [2, s. 37].

Bu nagşyň gadymydygyna arheologik maglumatlar şaýatlyk edýär. Jeýtun medeniýetine degişli haýwan heýkeljiklerinden ak palçykdan hakyky ýagdaýyna meňzedilip ýasalan sakgally geçi üns berilmäge mynasypdyr [7, s. 52]. Alym W. M. Massonyň bellemegine görä, dag geçisi gadymy türkmen topragynda ilkinji eldekileşdirilen jandarlaryň biri bolupdyr. Onuň şeýledigine ilkinji ekerançylygyň



*«Aýna» göli*

mekany bolan Jeýtundan öýdekileşdirilen geçiniň, goýnuň süňkleriniň tapylmagy güwä geçýär [14, s. 8]. Günorta Türkmenistanyň gadymy halklarynda geçiniň totem hökmünde öňe çykandygyny alymlar belleýär [22, s. 22].

Halk sungatynda dag goçunyň, geçisiniň tutýan orny, aňladýan manysy barada alymlar köp maglumatlary berýärler. Olaryň birnäçesine seljerme berlende bu jandaryň, onuň keşbiniň halkyň ruhy dünýäsindäki aýratyn ornuna ylmy esasda göz ýetirmek bolýar.

Gadymy ynançlardan, däp-dessurlardan gözbaş alan «goçak» nagşy gülli keçelere-de ýagşy arzuw-dilegler bilen güllenipdir we onuň öýi-ojagy bela-beterlerden gorajakdygyna ynanylypdyr.

Günorta-gündogar we gündogar Türkmenistanda taýýarlanýan keçelere haşamlanýan owadan we gadymy nagyşlaryň biri hem «aýna göldür». Bu nagyş iki görnüşli bolup olar «goşa aýna göl» we «ýeke aýna göl» diýlip atlandyrylýar. Haly önümlerine çitilýän «aýna göl» atly nagyş hem bar.

Aýna bilen baglanyşykly nagyşlardyr şekilleriň gözbaşyny gadymyýete direýändigini alymlar belleýär. Merwdäki zenan hudaýlarynyň aglabasy eli aýnaly görnüşde ýasalypdyr. Gadymyýetde köp medeni ojaklarda (Gadymy Müsür, Gresiýa) zenan hudaýlarynyň keşbi aýna bilen baglanyşdyrylýar. Alym L. I. Rempel Merwiň zenan hudaýlarynyň elindäki ýüz görülýän aýna keramatly suwlaryň mukaddes saýylýandygyny görkezýär we otparazlaryň dirilik suwunyň – «haomanyň» taýýarlanyşy bilen arabaglanyşygy bardyr diýip çaklaýar [3, s. 35–36]. Käbir alymlar aýnanyň greklerden ýa-da müsürlilerden gelendigi baradaky pikiri aýdýarlar. Ýöne alym L. I. Rempel taryhy we arheologiýa delillere esaslanyp: «Aýna grek ýa-da kuşan egin-eşigi bilen bize gelipdir diýip bolmaz. Aýna ýerli dini ähmiýetli önüm bolupdyr. Lotos, aýna, miwe Merw, Sogd we Toharystanyň aýal hudaýlarynyň hökmany atributydyr» diýip belleýär [19, s. 181]. Miladydan öňki II – I asyrlarda gadymy Merwde aýna adaty nyşan hasaplanypdyr. Ýagny zenan



***«Tazy guýruk»***

hudaýynyň elindäki aýna onuň elinde jemlenen adamlaryň durmuşyny aňladypdyr. Şol zenan hudaýy adamlaryň durmuşyny öňünden aýdyp bilýän keramatlyk hasaplanypdyr [18, s. 76].

Arassalygyň, aýdyňlygyň, ýagty geljegiň nyşany hasaplanan aýnanyň keşbiniň keçe we haly nagyşlary hökmünde milli senetçilige ornaşmagy hem şol gadymy ynanç-ýörelgeler bilen bagly bolmaly.

Ýurdumyzyň köp ýerlerinde keçelere «tazy guýruk», «güjük yzy» nagyşlary salynýar.

Ene-mamalarymyz birnäçe obalarda «güjük yzy» nagşyny çagalary köp bolsun diýen ýagşy niýet bilen, esasan, sallançaga goýulýan keçä gülläpdirler. W. G. Moşkowa eňsä mukaddes nagyşlaryň çitilýändigini, onuň merkezine «güjük yzy» nagşynyň salynýandygyny, bu nagşyň halkyň gadymky ynançlary, ite totem hökmünde seretmegi bilen baglanyşyklydygyny belleýär [16, s. 147]. Otparazçylyk dininde güjük iň bir arassa haýwan hasaplanypdyr. Yslam dininiň gelendigine seretmezden, Orta Aziýanyň käbir sebitlerinde güjük arassa, öýi erbet ruhlardan goraýan haýwan hasap edilipdir [11, s. 93].

Türkmen halkynyň ruhy dünýäsinde it wepalylygyň, çydamlylygyň we päkizeligiň nusgasy hökmünde ykrar edilipdir. Hormatly Prezidentimiziň tagallasy bilen 2017-nji ýylda ýurdumyzda geçirilen V Aziýa oýunlarynyň tumary hökmünde türkmen alabaýynyň saýlanylmagy, şeýle-de türkmen itiniň binagärçilikde mynasyp orun tapmagy Berkarar döwletimiziň bagtyýarlyk döwründe-de milli ruhy ýörelgelerimiziň öz dowamatyny tapandygyny ýene bir ýola tassyklaýar.



8. Sargyt № 2479

## NETIJE

Taryhy we etnografik maglumatlardan görnüşi ýaly, keçe nagyşlary örän gadymydyr, köpdürlüdir, çuň manylydyr. Bu ylmy makalada olaryň birnäçesiniň manylary seljerilip, olaryň taryhy-etnografik çeşme hökmünde gymmatlydygy tassyklanyldy.

Berkarar döwletimiziň bagtyýarlyk döwründe keçe nagyşlarynyň gadymky nusgalaryny öwrenmek, olary dikeltmek we dünýä jemgyýetçiligine ýetirmek türkmen etnologiýasynyň möhüm wezipeleriniň biridir.

## EDEBIÝATLAR


1. *Gurbanguly Berdimuhamedow.* Janly rowaýat. – A.: TDNG, 2011.
2. Bekmyradow A. Göroglynyň yzlary. – A.: Türkmenistan, 1988.
3. Gündogdyýew Ö. Türkmen zenanlarynyň taryhy keşbi. – A.: TDNG, 2013.
4. Hanmyradow G., Kadyrowa G. Türkmen halylaryna salynýan nagyşlaryň gözbaşlary. // Türkmenistanyň ýadygärlikleri, 1991. №1.
5. Sarianidi W. I. Türkmen halyçylygy ozal çak edilişinden-de gadymydyr. //Türkmenistan, 2003-nji ýylyň 29-njy maýy.
6. Басилов В. Н. О туркменском пире дождя Буркут-баба. // Советская этнография, – 1963. №3.
7. Бердыев О. Материальная культура Туркменистана в период неолита и раннего энеолита. // Первобытный Туркменистан. – А.: Ылым, 1976.
8. Гундогдыев О. Из истории туркменского ковроделия. – А.: Мирас, 2008.
9. Демидов С. М. К вопросу о некоторых пережитках до мусульманских обрядов и верований у юго-западных туркмен. // Труды Института истории, археологии и этнографии. АН ТССР. – А., 1962 .Т. 6.
10. Джикиев А. Очерк этнической истории и формирование населения Южного Туркменистана. – А.: Ылым, 1977.
11. Джикиев А., Бяшимова Н. О генезисе туркменских ковровых орнаментов и их значении для изучения этнической истории туркмен. // Этнография Туркменистана. – А.: Ылым, 1993.
12. Дудин С. М. Ковровые изделия Средней Азии. 1926.
13. Карутць Р. Среди киргизов и туркменов на Мангышлаке. С.-Петербург. 1810.
14. Массон В. М. Древние земледельцы на юге Туркменистана. – А.: Туркменгосиздат, 1959.
15. Мошкова В. Г., Насонов А. Н., Якубовский А. Е. Очерки по истории Туркмении VIII-XIX вв. – Ашхабад, 1945.
16. Мошкова В. Г. Племенные «гöли» в туркменских коврах. // Советская этнография. – М. – Л., 1946. №1.

17. Пономарев О. Мотивы туркменского орнамента салыр, теке и сарык. // Туркменоведение, 1931. № 7-9.
18. Пугаченкова Г. А. Искусство Туркменистана. Очерк с древнейших времен до 1917 г. – М.: Искусство. 1967.
19. Ремпель Л. И. Новые материалы к изучению Древней скульптуры Южной Туркмении. //Т ЮТАКЭ под ред. Начальника ЮТАКЭ профессора М. Е. Массона. – А.: изд. АН ТССР, 1951. том II.
20. Руденко С. И. Древнейшие в мире художественные ткани. – Москва, 1968.
21. Сарианиди В. И. Материальная культура Южного Туркменистана в период ранней бронзы. // Первобытный Туркменистан. – А.: Ылым, 1976.
22. Саурова Г. Современный туркменский ковер и его традиции. – А.: Ылым, 1968.

**Bazar MESOW,**
*Türkmenistanyň Daşary işler ministrliginiň*
*Halkara gatnaşyklary institutynyň*
*halkara ykdysady gatnaşyklary kafedrasynyň uly mugallymy*

# GLOBAL ÖSÜŞIŇ ÇYLŞYRYMLY ŞERTLERINDE TÜRKMENISTANYŇ AMALA AŞYRÝAN YKDYSADY SYÝASATY

**Türkmenistanyň Prezidenti**
**Gurbanguly Berdimuhamedow:**

*– Global ykdysadyýetdäki durnuksyzlygyň biziň ýurdumyzda täsirini ýetirmegi mümkin... Ýöne bu bizi birjikde ruhdan düşürmeli däldir. Tersine halkymyzyň goldawy bilen biziň ähli kynçylyklary ýeňip geçjekdigimize we öňde goýan maksatlarymyzyň baryna ýetjekdigimize men ynanýaryn.*

Berkarar döwletimiziň bagtyýarlyk döwründe Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedowyň ýolbaşçylygynda ýurdumyzda milli ykdysadyýetiň diwersifikasiýa edilmegine we oňa innowasion häsiýetiň berilmegine gönükdirilen milli we döwlet maksatnamalaryna laýyklykda uly möçberli özgertmeler amala aşyrylýar.

Häzirki wagtda Türkmenistanda amala aşyrylýan düýpli ykdysady özgertmeleriň täze tapgyry başlandy. Ol özgermeler zähmet we kapital bazaryndaky deňagramlylygy saklamakda bar bolan meseleleri ähli aýdyňlygy bilen ýüze çykardy. Dünýä ykdysadyýetiniň tejribesinden görnüşi ýaly, ykdysady çökgünlik çuňňur häsiýetli maliýe çökgünliginden başlanýar, ol bolsa, belli bolşy ýaly, maliýe we pul-karz ulgamy bilen iş ýüzünde bar bolan sektoryň arasyndaky düýpli aratapawut görnüşinde ýüze çykýar.

Şeýlelik bilen, biz dünýä ösüşinde gelinýän nädogry kararlaryň netijelerine ähli aýdyňlygy bilen göz ýetirmäge mümkinçilik alýarys. Ol ýalňyşlaryň biri-de bazaryň, jemgyýetçilik islegiň we ony kanagatlandyrmaga gönükdirilen teklibiň arasyndaky deňagramlylygy sazlaşdyrýan esasy gural hasap edilmegi bilen baglydyr. Mundan başga-da, diňe bazar guralynyň özi adam kapitalyna, ýagny başlangyç we orta bilime, saglygy goraýşa, medeniýete, sporta we beýlekilere gönükdirilmeli maýa goýumlaryň degerli derejesini üpjün edip bilmeýär.

Ösüşiň aňrybaş amatly nusgasyny gözlemegimiziň bütindünýä bileleşiginiň ykdysady çökgünligiň ýetiren täsirini ýeňip geçmäge gönükdirýän tagallalary bilen sazlaşmagy biziň gazanan utuşlarymyzyň ýene-de biri boldy, bu ýagdaý bolsa, öz gezeginde, takyk hasaplamalardan hem daşgary ykdysady ösüşlere ýardam berýän islendik institutlary erkin saýlamak ýaly şertleriň birnäçesine daýanýan häzirki zaman institusionallyk esasynda ykdysadyýetiň özbaşdaklaşmagyna getirdi.

Çökgünlige garşy gönükdirilen çäreleriň esasysy bolsa ýurduň maliýe we syýasy mümkinçilikleriniň ählisini dolulygyna peýdalanmagyň, şol sanda gorlaryň toplanyşynyň netijeli guralmagynyň, esasy gorlar we adam resurslaryna ugrukdyrylýan maýa goýumlaryň ýokary derejede saklanmagynyň döwletimiz tarapyndan durnukly kadalaşdyrylmagy bilen bagly boldy.

Häzirki döwürde dünýä ykdysadyýetinde we ýurduň öz içinde bolup geçýän hadysalary içgin öwrenmek, derňemek we geljekki ösüşleriň deslapky ýollaryny anyklamak boýunça düýpli işler geçirilýär. Ýurdumyzyň ykdysadyýetiniň iri pudaklary bolan nebit we gaz çykarýan, nebiti gaýtadan işleýän, dokma we pagta arassalaýjy senagatlarynda maliýe-ykdysady ýagdaýlary yzygiderli derňemek işi ýola goýuldy. Monitoringiň aýratyn bir ugry maliýe ulgamy bilen baglydyr [1, s. 25–48].

2008-nji ýylda dünýä ykdysadyýetinde bolup geçen çylşyrymly maliýe-ykdysady ýagdaýy ykdysadyýetiň goraglylygyny üpjün etmek bilen bagly birnäçe özgertmeleriň geçirilmegini talap etdi. Şol ýylyň noýabr aýynda ykdysady çökgünligiň öňüni almak çäreleriniň maliýe üpjünçiligini, şeýle-de ýurdumyzyň ileri tutulýan ugurlaryny amala aşyrmagy berjaý etmek maksady bilen Döwlet býujetinde emele gelen profisitiň (peýdanyň) hasabyna Durnuklylyk gory döredildi.

2009-njy ýylyň ýaz aýlarynda Türkmenistany durnukly we yzygiderli ösdürmek boýunça çökgünlige garşy çäreleri, maslahatlary we teklipleri taýýarlamak boýunça Komissiýa döredildi. Ykdysady çökgünligiň dowamynda düzümine ýurdumyzyň ykdysady toplumyna degişli ministrlikleriň we pudak edaralarynyň, ýangyç-energetika toplumynyň we ykdysadyýetiň aýry-aýry pudaklarynyň öňdebaryjy hünärmenleri girizilen Komissiýa hemişelik esasda işleýär; iş toparynyň düzüminde çökgünligiň milli ykdysadyýetimize ýetirip biljek zyýanly täsirini ýumşatmaga gönükdirilen öňüni alyş çäreleri kabul etmek boýunça anyk teklipleri işläp taýýarlaýan işçi toparlar hereket edýär.

Birleşen Milletler Guramasynyň Ykdysady we Durmuş Geňeşi bilen ýakyn hyzmatdaşlygy saklamak bilen, Türkmenistanyň Maliýe we ykdysadyýet ministrligi Komissiýanyň we işçi toparlaryň işini utgaşdyrýar we bu işe usuly taýdan ýolbaşçylyk edýär. Komissiýanyň işi esasy ugurlaryň dördüsi boýunça amala aşyrylýar:

– makroykdysady deňagramlylygy saklamak we daşary ykdysady gatnaşyklary goldamak, maýa goýumlarynyň netijeliligi;
– nagt görnüşde bar bolan we fiskal ulgamlaryň durnuklylygyny saklamak we hususy telekeçiligi goldamak;
– çökgünligiň ýangyç-energetika, himiýa milli ykdysadyýetiň beýleki binýatlaýyn pudaklaryna ýetirýän zyýanly täsirini mümkin boldugyça azaltmak;
– ilaty durmuş taýdan goldamak we ýurduň sarp ediş bazarynda durnuklylygy saklamak.

Komissiýa tarapyndan «Çökgünlik döwründe Türkmenistanyň durmuş-ykdysady ösüşini kadalaşdyrmak boýunça çäreleriň meýilnamasy» taýýarlanyldy. Meýilnamanyň esasy maksady milli ykdysadyýetiň kadaly işlemegini we durmuş ulgamynyň durnuklylygyny üpjün etmekden, şeýle-de ýakyn geljekde, çökgünlikden soňky döwürde ykdysady ösüşleri gazanmak üçin zerur bolan şertleri döretmekden ybaratdyr.

Çökgünlige garşy gönükdirilen maksatnamanyň has netijeli bolmagy üçin, ony amala aşyrmaga niýetlenen mehanizmleri işläp taýýarlamakda ykdysady sektorlaryň işini kadalaşdyrmak zerurlygy nazara alyndy. Özüniň häsiýeti has takyklaşdyrylan çäreler şu esasy ugurlar boýunça bölünýär:

– çökgünlik şertlerindäki makroykdysady syýasat;
– durmuş syýasaty – milli ykdysadyýetiň durnukly bolmagynyň binýady;
– daşary-ykdysady işiň monitoringi;
– pul-karz ulgamy, onuň durnuklylygy we üpjünçiligi;
– kadalaşdyrmak işiniň salgyt-býujet gurallary;
– durnukly maýa goýum işjeňligini saklamak;

– gurluşyk ulgamyny yzygiderli kämilleşdirmek;
– dokma toplumynyň ösmegine ýardam bermek;
– agrosenagat toplumy;
– hususy sektory goldamagyň mehanizmleri;
– içerki söwdanyň durnukly ösmegi;
– milli ykdysadyýeti diwersifikasiýalaşdyrmagyň ileri tutulýan ugurlary;

Çökgünlige garşy gönükdirilen çäreleri netijeli durmuşa geçirmek, olaryň ykdysadyýete bolan oňyn täsirini güýçlendirmek üçin makroykdysady durnuklylygyň ýeterlik derejesini üpjün etmek esasy şert bolup durýar [2, s. 102-106].

Çökgünlige garşy gönükdirilen çäreleri üstünlikli amala aşyrmakda we şol çäreleriň milli ykdysadyýetimize oňaýly täsirini güýçlendirmekde ykdysadyýetiň iri bölümleriniň kadaly işlemegini we ösmegini kepillendirýän makroykdysady durnuklylygyň ýokary derejede bolmagy esasy şert bolup çykyş edýär. Bu durnuklylyk ynamly ykdysady ilerlemeleri, ilatyň iş orunlary bilen üpjünçiligini, bahalaryň umumy derejesiniň, gyzyl puluň bahasynyň, eksportyň we importyň hereketde bolmagyny, harytlara we hyzmatlara bolan jemi islegi derňemek üçin zerur şert bolup durýan maýa gorlarynyň bir ýurtdan beýleki ýurda geçmegini zerurlyk edip goýýar, çünki onuň ýetmezçiligi umumy ösüşi gazanmakda iň uly bökdençlikleri döredýär.

Türkmenistanyň Hökümeti bu şertleriň ählisini nazara almaga çalyşýar we çökgünlige garşy gönükdirilen çäreleriň meýilnamasyny işläp taýýarlamakda şol çäreleri dolulygyna berjaý etmek üçin zerur bolan pul serişdeleriniň toplanan möçberini saklamak zerurlygyndan ugur almak bilen, bu meselede ýurdumyzy ykdysady taýdan uzakmöhletleýin ösdürmegiň hajatlaryny hem ünsden düşürmeýär.

Umuman, ýurdumyzyň saýlap alan ösüş ýoly wagtyň çynlakaý synagyndan üstünlikli geçdi diýmäge doly esas bar, çünki häzirki zaman Türkmenistanyň potensial kuwwatlyklary maliýe-ykdysady çökgünligiň milli ykdysadyýetimize getirýän zyýanly täsirini aňrybaş gowşatmaga şert döretdi. Abraýly halkara guramalarynyň berýän bahasyna salgylansaň, çökgünligiň ýurdumyzyň ykdysady ösüşine ýetiren täsiri ujypsyzdyr ýa-da ýok diýsek hem bolýar. Sözümizi sanlar bilen delillendirýäris:

| | 2015 | 2016 | 2017 | 2018 | 2019 | 2020 |
|---|---|---|---|---|---|---|
| **JIÖ-iň geçen ýyla görä ösüş depgini (deňeşdirme nyrhlarda), %** | 6,5 | 6,2 | 6,5 | 6,2 | 6.3 | 5,8 |

Çeşme: Türkmenistanyň ýyllyk statistiki neşiri, 2020. [3, s. 20-21].

Bu ýerde ösüşiň düzümi we hili barada sorag hem ýüze çykýar. Milli ykdysadyýetimizde önümçiligiň we eksportyň düzümi üýtgeýär, öňde goýlan maksatlar takyklaşdyrylýar. Şu ýerde esasy meseleleriň üstünde gysgarak durup geçsek ýerlikli bolar:

**Birinjiden:** Türkmenistanyň milli ykdysadyýetiniň geljegi biziň bilimler asyrynda ýaşaýanlygymyz bilen baglydyr. Geljek ylmy düşewüntli önümçilikde bolup durýar. Ýöne ol öz-özünden döremeýär we «ony nädip döretmeli?» diýen sorag ýüze çykýar. Bu döwletiň uzak möhletleýin strategiýasynyň predmetidir. Meseläni çözmegiň logikasy ýönekeý: harajatlar – şu gün, goýumlardan uly netijeler – ertir. Ine, şunuň üçinem strategiýa gerek. Geljegi bar pudaklary (biotehnologiýa, aragatnaşyk, kommunikasiýa, gaytadan işleýän senagat...) bolsa seljermek zerur bolup durýar.

**Ikinjiden:** Döwletiň aýratyn üns berýän pudagy agrosenagat toplumydyr. Döwletiň syýasaty dünýä tejribesi bilen hem, milli ykdysadyýetiň aýratynlyklary – şol sanda ýurduň klimat aýratynlyklary – bilen hem kesgitlenýär. Kriteriý hökmünde azykdaky zerurlyklaryň ¾ böleginiň türkmen öndürijileriniň hasabyna kanagatlandyrylmagy hasaplanýar.

**Üçünjiden:** Häzirki zaman şertlerinde jemgyýetçilik ösüşiniň kesgitleýji faktory bolup, ylym-bilimiň ösmegi, saglygy goraýşyň güýçli ulgamynyň döredilmegi çykyş edýär. Şu gün milli ykdysadyýetiň ösüş mümkinçiligi adam kapitalynyň hili bilen bahalandyrylýar. Uzakmöhletleýin strategiýada adam kapitalyna goýumlar iň netijelisidir (ylmy taýdan subut edilen). Şeýle çemeleşmäni biz döwletimiziň syýasatynda aýdyň görýäris: sosial maksatly çykdajylar döwlet býujetiniň 70 göterimden gowragyny düzýär.

**Dördünjiden:** Häzirki zaman dünýäde milli ykdysadyýetiň ösüşi daşary ýurt maýa goýumlarynyň akymyna hem köp baglydyr. Bu ähli ýurtlar üçin kanunalaýyklykdyr. Olary çekmegiň görnüşlerini we usullaryny bahalandyrmagy önümçilik nukdaýnazaryndan çözmelidir. Şu ýerde göni maýa goýumlary onuň beýleki görnüşlerinden anyk tapawutlandyrmaly. Göni maýa goýumlar – bu iş bilen üpjünçiligiň artmagy, zähmet hakynyň ýokarlanmagy, býujete girdejileriň gelmegi, bazaryň harytlar we hyzmatlar bilen köpelmegidir. Göni maýalardan tapawutlylykda «gaçýan» kapital hem bar. Maliýe «köpürjiklerinde» olar islendik ykdysadyýeti hem çökerip bilýär. Bu maýa goýumlary tapawutlandyrmagyň kriterisi onuň önümçilik prosesinden bölünendigidir.

**Bäşinjiden:** Amalyýetde milli ykdysadyýetiň potensialy *hojalyk mehanizmi* arkaly durmuşa geçirilýär. Ykdysadyýeti herekete getirýän hem şoldur. Hojalyk mehanizmine ykdysadyýeti düzgünleşdirmegiň göni we gytaklaýyn usullarynyň bütin toplumy girýär: olara eýeçilik görnüşiniň goraglylygy we çaklaýyş,

maliýe-karz mehanizmi we salgytlar ulgamy, monopoliýa garşy syýasat we bäsdeşligiň ösdürilmegi, bahalar we girdejiler syýasaty degişlidir. Öňde duran meseleleri çözmegiň usullarynda şu gurallaryň ulanylmagy seljerilýär [4, s. 157–168]. Olary saýlamak hem milli ykdysadyýetiň özboluşlylygy we taryhy ösüşiniň aýratynlyklary bilen şertlenendir.

Hut şu jähetden biziň ýurdumyzda hem hormatly Prezidentimiziň öňdengörüjilik bilen amala aşyrýan özgertmeleriniň netijesinde ýokarda bellenip geçilen durnukly, ösüş depginli ykdysady syýasat kemala geldi.

Goý, hormatly Prezidentimiziň ýurdumyzyň ykdysady kuwwatyny has-da berkitmekde, Garaşsyz, baky Bitarap Watanymyzyň halkara abraýyny ýokary derejelere galdyrmak üçin alyp barýan işlerinde jany sag, belent başy aman bolsun!

## EDEBIÝATLAR


1. *Gurbanguly Berdimuhamedow*. Ösüşiň täze belentliklerine tarap. Saýlanan eserler. – 1, 2, 6-njy tom. – Aşgabat: Türkmenistanyň Prezidentiniň arhiwi, 2009, 2010, 2013.
2. *Gurbanguly Berdimuhamedow*. «Türkmenistanyň durmuş-ykdysady ösüşiniň döwlet kadalaşdyrylyşy». – I, II tom. Türkmen döwlet neşirýat gullugy. Aşgabat, 2010.
3. Türkmenistanyň ýyllyk statistiki neşiri, 2015 – 2020.
4. P. Krugman, M. Obstfeld, M. Melitz. International economics. Theory and policy. 9th edition. Addison-Wesley, 2012.



**Baba SARYÝEW,**

*Türkmenistanyň Daşary işler ministrliginiň*
*Halkara gatnaşyklary institutynyň*
*žurnalistikanyň nazaryýeti we amalyýeti kafedrasynyň*
*uly mugallymy, filologiýa ylymlarynyň kandidaty*


# «AGZALALYK AÝRAR ILI DIRLIKDEN»

Türkmen halkynyň geçen asyrlaryň jümmüşinde birnäçe döwletleri gurandygy taryhda bellidir. Şol döwletler XI – XIV asyrlarda guruldy. Çarhy-pelegiň aýlanyp durmaklygynda şol döwletler dürli sebäpler bilen baglanyşykda ýuwaş-ýuwaşdan synmak bilen boldy. Wagtyň geçmegi bilen köp döwletleri guran türkmenler döwletsiz galdylar. Muňa esasy sebäp bolan zatlaryň biri-de, şu makalanyň adynda aýdylyşy ýaly, döwletleriň öz içindäki agzalalykdy we daşky basybalyjylar tarapyn-

dan alnyp barlan uruşlardy. Döwletsiz galan millet ýurduň içinden hem daşyndan tozduryldy, elhenç süteme sezewar edildi. Bu ýagdaý örän uzaga çekdi. Ençeme asyr çalyşdy, emma, türkmenler şol öňki dünýäni sarsdyran kaddyna galyp bilmediler, özbaşdak, garaşsyz döwleti gurup bilmediler. Bu ýagdaý gudrat bilen türkmen sährasynda doguljak, soň-soňlar öz döredijiligi bilen bütin dünýäde tanaljak, ajaýyp eserleri dünýä poeziýasynyň genji-hazynasyna girjek parasatly filosof, beýik şahyr Magtymgulynyň ýaşan zamanasynda – XVIII asyrda hem şeýledi. Bu asyrda hem türkmen halky azat, erkin, özbaşdak, kişä garaşsyz ýaşamak umyt-arzuwy bilen ýaşaýardy. Jebir-jepalar astynda harlanan hem horlanan halk kyn şertlerde ýaşaýardy. Ýurt ykdysady taýdan halys çöküpdi. Bu ýagdaý adamlary çuňňur oýlanmaga, pikirlenmäge mejbur edýärdi. Döwrüň öňde baryjy adamlary bu agyr ýagdaýdan diňe özbaşdak döwlet gurup, bir serdara, bir ýolbaşça uýlan ýagdaýynda halas bolup boljakdygyna düşünipdirler, göz ýetiripdirler. Şeýle garaýyşly adamlaryň biri-de Magtymguly Pyragynyň pederi Döwletmämmet Azadydyr.

Azady özüniň «Wagzy – Azat» eserinde döwlet gurmak meselesine degişli düýpli pikirleri öňe sürüpdir. Azady bu eserinde ähli işi halk köpçüligi bilen maslahatlaşyp çözýän, parasatly, adalatly serdaryň bolmagyny isläpdir.

Patyşasy bolmasa her ülkäniň,
Bolmaz imiş haýry-yhsany anyň

diýmek bilen ýurduň rowaçlanmagy, halkyň parahat we erkin ýaşamagy üçin kämil, adalatly bir ýolbaşçynyň gerekdigini nygtapdyr.

Döwletmämmet Azada çenli özbaşdak, garaşsyz döwlet gurmak meselesi türkmen edebiýatynda şeýle aýdyň gozgalmandy. Dogrusy, Azadynyň döredijiliginde türkmen tire-taýpalarynyň atlary tutulyp, bir döwlete birikmek barada gönüden-göni çagyryş bolmasa-da «Wagzy – Azat» eserinde döwlet gurmagyň ähmiýeti, onuň parahat ýaşaýşy üpjün etmekdäki roly, ýurdy duşmanlardan gorap saklamakdaky hyzmaty dogrusynda durlup geçilýär. Azady özüniň erkinlik, azat, garaşsyz durmuş baradaky pikirlerini «Baş bolmasa – göwre läş» diýen halk pähimi esasynda öňe sürüpdir we ösdüripdir. Şonuň üçin hem ol bu pikirini şeýle jemleýär:

Göwre läş bolgaý, eger baş bolmasa,
Bitmez iş, hak lutfy ýoldaş bolmasa! [1, 53-58 s.].

Döwletmämmet Azadynyň garaşsyz, azat, erkin döwlet baradaky ideýalary Magtymgula örän güýçli täsir edipdir. Ol şeýle-de bolmaly, çünki Azadynyň eserleriniň ilkinji okyjysynyň Magtymguly bolandygyny şübhesiz aýdyp bolar. Aslynda Magtymguly başlangyç bilimi we terbiýäni pederi Döwletmämmet Azadydan alýar. Onuň özi bu barada:

Ylym öwreden ussat-kyblam pederdir – diýip ýazýar [2, 105 s.]. Mundan başga-da, Azadynyň öýünde Hoja Ahmet Ýasawynyň «Hikmetleriniň», Rabguzynyň «Kysas ul-enbiýa», Wepaýynyň «Rownak ul-yslam», Nowaýynyň «Çar diwan» ýaly kitaplaryň, Süleýman Bakyrganynyň şygyrlarynyň saklanandygy, olary Magtymgulynyň okap çykandygy ikuçly däl.

Gözbaşyny Azadynyň «Wagzy – Azat» eserinden alyp gaýdýan erkin, azat durmuş, garaşsyz, bitewi döwletli bolmak ideýasy Magtymgulynyň döredijiliginde örän düýpli mesele hökmünde orta atylýar.

Türkmeniň beýik ogly Magtymguly öz pederi Azadydan tapawutlylykda, halka düşnükli dilde öz tire-taýpalaryna çagyryş bilen ýüzlendi. Ol öz mähriban halkyny bir bitewi döwletiň daşyna jemlemäge, bir supranyň başyna geçmäge çagyrdy:

Bir-biriňi çapmak ermes ärlikden
Bu iş şeýtanydyr, belki, körlükden,
Agzalalyk aýrar ili dirlikden,
Munda döwlet dönüp, duşmana gelgeý.

Bu barada hormatly Prezidentimiz Gurbanguly Berdimuhamedow «Magtymguly – ynsan kalbynyň ruhy lukmany» atly makalasynda şeýle diýýär: «XVIII asyrda Magtymgulynyň öňe süren «türkmen taýpalary birleşmeli» diýen düýpli sosial pikiriniň amala aşmagy üçin uly päsgelçilik bardy. Bu asyrda türkmen taýpalarynyň her biri aýry-aýrylykda öz ýoluny agtarýardy, taýpalaryň arasynda agzalalyk güýçlidi. Milli türkmen döwletiniň ýoklugy, bu taýpalaryň her ýerden pena agtaryp ýörmegi olaryň agzalalygyny artdyrýardy, olary biri-birinden daşlaşdyrýardy. Türkmenleriniň agzala bolmagyny isläp, bu ugurda ýörite maksatly hereket edýän güýçler hem az däldi. Ine, şu ýagdaýda akyldar Magtymguly halkyň iň uly duşmanynyň agzalalykdygyny, il bolup özara düşünişmegiň gerekdigini, ähli taýpalaryň birleşip, bir maksada, bir döwlete gulluk etmelidigini öwran-öwran nygtapdyr» [3, 8 s.].

Magtymguly eserlerini türki stilde däl-de, halka düşnükli türkmen dilinde ýazany üçin, olar halk arasynda tiz ýaýrapdyr, söýlüp okalyp, ýürekden kabul edilipdir.

Magtymguly halky, ýurdy goramak üçin dagynyk türkmen taýpalarynyň birleşip, bir bitewi döwlet gurmalydygyna gowy düşünipdir. Ine, şonda, türkmen taýpalary uly güýje öwrüljek, ýurt gülläp ösjek, halkyň çöken ykbaly göteriljek. Şahyr muny özüniň ençeme goşgusynda nygtaýar:

Köňüller, ýürekler bir bolup başlar,
Tartsa ýygyn erär topraklar, daşlar,

Bir suprada taýýar kylynsa aşlar,
Göteriler ol ykbaly türkmeniň.

Magtymgulynyň döredijiliginde türkmen taýpalaryny birikdirmek meselesine bagyşlanan goşgularyň ýörgünlileriniň biri-de «Bäşimiz» atly goşgudyr.

Türkmenler baglasa bir ýere bili,
Gurudar Gulzumy, derýaýy Nili,
Teke, ýomut, ýazyr, gökleň, alili,
Bir döwlete gulluk etsek bäşimiz [4, 174, 212, 230 s.].

Magtymgulynyň döredijiliginde köpçüligi, taýpa-tireleri birleşdirmek, merkezleşen döwlet gurmak, şol döwletde ähli meseleleri halk bilen maslahatlaşyp çözmek ýaly taryhy ähmiýetli pikirler az däl. Şeýle ideýaly goşgulary Magtymgulynyň döwürdeşleri Şeýdaýynyň, Gaýybynyň şygyrlarynda hem görmek bolýar.

Garaşsyz, erkin döwletli bolmak baradaky pikirleri Magtymgulynyň döredijilik mekdebinde taplanan XIX asyr nusgawy şahyrlaryň eserlerinde hem näçe diýseň duşmak bolýar. Çünki bu pikirler, garaýyşlar diňe bir şahyrlaryň arzuw-islegleri däldi, ol bütin halkyň arzuwydy, islegidi. Emma, bu arzuw-islegler XVIII asyrda hem, XIX asyrda hem hasyl bolmady. Öňde hem belläp geçişimiz ýaly, bu arzuw-istegleriň amala aşmagy örän uzaga çekdi. «Çoh garaşylan» şol «ajaýyp eýýam», özbaşdak, garaşsyz döwlet XX asyryň iň soňky on ýyllygynda – 1991-nji ýylyň güýzünde berkarar boldy. Her ýylyň 27-nji sentýabrynda Garaşsyzlyk baýramy türkmen halkynyň iň uly baýramçylygy hökmünde bellenilip geçilýär. Bu sene ata-babalarymyzyň, bütin türkmen kalbynyň arzuw-isleginiň wysal bolan günüdir.

Garaşsyzlyk ýyllarynda Türkmenistan döwletimiz pajarlap, gülläp ösdi. Indi Berkarar döwletimiziň bagtyýarlyk döwründe bu Diýary görmäge göz gerek, wasp etmäge söz. Garaşsyzlyk waspy şahyrlaryň şygyrlaryny bezeýär, sazandalaryň sazyny.

Garaşsyzlygyň sergin şemaly bütin ýurdumyzy gurşap aldy: dagymyzy, düzümizi, çölümizi, tomsumyzy, gyşymyzy, güýzümizi hem ýazymyzy bezedi.

Bu günki gün Garaşsyz Türkmenistan döwletimiz mähriban Arkadagymyzyň gije-gündiz edýän halk bähbitli aladalary netijesinde ösen ýurtlaryň hataryna goşuldy. Indi Türkmenistana dünýäniň dürli künjeginden myhmanlar gelýär we dostlukly gatnaşyklar has hem giňeýär.

Hormatly Prezidentimiziň ýörite Karary bilen 2024-nji ýylda beýik Magtymguly Pyragynyň 300 ýyllyk şanly ýubileý toýy ýokary derejede ýurdumyzda bellenilip geçiler. Bu şanly toýa hem bütin türkmen halky uly taýýarlyk bilen barar. Çünki, Magtymgulynyň ruhunyň eýesi, Magtymgulynyň şan-şöhratynyň eýesi türkmen halkydyr. Magtymguly umumadamzat kalbynyň şahyrydyr.

Magtymguly – şamçyrag bolup şöhle saçdy. Ol şamçyragyň ýagtysy dünýäni dowamat-dowam ýagtyldar.

## EDEBIÝATLAR


1. Rejebow R. XVIII – XIX asyrlar türkmen edebiýatynyň döredijilik stili. Aşgabat. Ylym. 1995.
2. Türkmen edebiýaty. Aşgabat. Türkmen döwlet neşirýat gullugy. 2010 ý.
3. Nusgawy türkmen şahyry Magtymguly Pyragynyň 290 ýyllygyna. Daşary ýurtlaryň ilçihanalary bilen halkara medeniýeti boýunça hyzmatdaşlyk merkezi, Pekin şäheri, 2014.
4. Magtymguly. Aşgabat. Türkmen döwlet neşirýat gullugy. 2008.



**Täçgeldi GUTLYÝEW,**
*Türkmenistanyň Daşary işler ministrliginiň*
*Halkara gatnaşyklary institutynyň*
*žurnalistikanyň nazaryýeti we amalyýeti*
*kafedrasynyň mugallymy*


# MAGTYMGULY PYRAGYNYŇ «TÜRKMEN BINASY» GOŞGUSYNYŇ SEMIOTIK MANYLARY

Berkarar döwletimiziň bagtyýarlyk döwründe hormatly Prezidentimiziň taýsyz tagallalary bilen türkmen halky öz beýik şahyry we akyldary Magtymguly Pyragynyň doglan gününiň 300 ýyllyk toýuny toýlamaga ruhubelent barýar. Şahyryň ýubileýiniň 225, 250, 290 ýyllyk seneleri bellenilip geçilen döwürlerde bu beýik ynsan barada aýdylan pikirler, aýratyn hem soňky ýyllarda «Magtymguly we dünýäniň medeni gymmatlyklary» (2008), «Magtymguly Pyragy we umumadamzat medeni gymmatlyklary» (2014), şeýle hem «Döwletmämmet Azady we XVIII asyr türkmen durmuşy» (2012) mowzugynda geçirilen halkara maslahatlary şahyryň at-owazasyny köp ýurtlara ýaýratdy. Munuň şeýledigini «Magtymguly – ylham çeşmesi» atly kitapda häzirki wagta çenli şahyr bilen baglanyşykly dünýäde çap edilen kitaplaryň sanynyň 80-e [4, 65 s.] golaýlandygy baradaky maglumat hem aýdyň görkezýär. Akyldaryň öňde duran uly toýuna çenli bu görkezijiniň düýpli ýokarlanjakdygy şübhesizdir.

Häzirki wagta çenli Magtymguly Pyragynyň döredijiligine berlen ençeme irki bahalaryň içinde akademik B. B. Bartoldyň: «Türkmenler türki halklaryň arasynda

özüniň milli şahyryna eýe bolan ýeke-täk halkdyr» [5, 23 s.], akademik A. Krymskiniň: «Beýleki türki halklarynyň şuňa meňzeş ýeke-täk şahyry ýokdur» [6, 3 s.] diýip beren bahalary öz many-mazmunlarynyň aýratyn röwüşliligi bilen tapawutlanýarlar.

Magtymguly Pyragynyň şygryýet dünýäsine berlen bahalara ser salanyňda, beýik şahyryň öz bitiren işlerine, adamzada peşgeş beren şygyrlaryna seljerme we baha berip ýazan ençeme goşgularyna – has takygy, baha beriji şygyrlaryna hem köp duş gelmek bolýar. Bu ugurda şahyryň «Türkmen binasy» (3, 19 s.) atly gazalynda öz ömründe bitiren işleriniň jemi hökmünde baha berip ýazan:

Gurdugym aslynda bilgin, bu Zeminiň myhydyr,
Erer ol erkin mydam**, budur ki Türkmen binasy** (3, s. 21)

diýen setirleri biziň bu ylmy makalamyzda seljerjek bolýan meselämiziň düýp özeni hökmünde aýratyn ähmiýetlidir.

Eýsem, şahyr **«...budur ki Türkmen binasy»** diýmek bilen nähili hakykatlary göz öňünde tutýarka? Ýeri gelende aýtsak, şahyryň «Döker bolduk ýaşymyz» atly goşgusynda bu ugurdaky pikir «Ýurt binamyz gaýym bolsun, goýulsyn» (3, s. 25) diýen görnüşde hem gaýtalanýar.

Alym Aman Şyhnepesowyň «Magtymgulynyň älemi» atly kitabyndaky: «Şahyry öwrenmekde uly üstünlikleri gazanan A. Bekmyradow bir häsiýetli maglumaty belleýär: «Magtymgulynyň döredijiliginde «är» sözi iňňän uly çeperçilik güýje eýe». Alymyň aýdanyny dowam etdirseň, şeýle diýmek mümkin: Magtymgulynyň her bir sözi biziň ulanýan manylarymyzdan tapawutlanýar. Sebäbi ol aryfyň, onsoňam, şahyryň sözüdir. Ol özbaşdak semiotik manyly sözdür» [7, s. 46 ] diýen sözleri «Türkmen binasy» diýen jümle babatda hem üns bererlikdir. Çünki göni leksik manysy «Bina, ymarat» bolan bu jümle şahyryň döredijilik dünýäsinde hem diňe bir ägirt uly çeperçilik güýje däl, eýsem, semiotik many-mazmun güýje hem eýedir. M. Haýdeggeriň aýdyşy ýaly, «Hakykatyň açary diliň simwollarynda ýaşyrylandyr. Dil öz hereketinde barlyk Öýüdir. Dil adam duýgularynyň düýp esaslaryny açyp görkezýän barlygyň özüdir» [8, 368 s.].

Şoňky döwürlere çenli Magtymgulynyň jemgyýetdäki ornuny açmakda galapyn sada seljerme usuly ulanylyp gelindi. Meselem, oňa watançy şahyr hökmünde teswir berlip, watan hakdaky, myhmansöýer şahyr hökmünde myhmançylyga degişli, yşk şahyry hökmünde söýgi, dini şahyr hökmünde dini goşgulary mysal hökmünde görkezmek bilen çäklenilip gelindi. Emma öz goşgularynda «Jebrut äleminde Jelil syryna» (4, s. 21) göz ýetiren şahyra bolsa şu älemiň nukdaýnazaryndan, häzirki zaman garaýyşlarynyň nukdaýyndan aýdylanda tutuş umumadamzat gymmatlyklarynyň gazananlarynyň nukdaýyndan, dünýä siwilizasiýasynyň ähli derejeleriniň belentliklerinden halkaralaýyn baha bermek, özi hem halkaralaýyn

taryhy, filosofik, sosial, syýasy, ruhy-psihologik baha bermek meselesi hemişe döwrüň möhüm meselesi bolup geldi.

Häzirki zaman türkmen jemgyýetinde «Türkmen binasy» diýlen jümlä köplenç döwlet, döwlet binasyny gurmak manysynda düşünilýär. Elbetde, beýik şahyryň döwlet gurmagyň zerurlygy babatda ýazan:

Teke, ýomut, gökleň, ýazyr, alili,
Bir döwlete gulluk etsek bäşimiz [3, s. 25].
Berkarar döwlet islärin – [3, s. 147].
Bir suprada taýýar kylynsa aşlar,
Göteriler ol ykbaly türkmeniň [3, s. 15]

– diýen ýaly setirleri bu «Türkmen binasy» diýen düşünjä, ozaly bilen, şu hili düşünmegiň, ýagny taryhda öň Parfiýa, Gök türkmenler, Seljuk, Köneürgenç ýaly ençeme döwletleri guran, soňra mongol basybalyşlary netijesinde öz dogduk topragynda ençeme asyr bäri döwletsizlik şertlerinde ýaşaýan türkmen halkyny öz täze döwletini, özi hem berkarar döwletini esaslandyrmaga çagyryş manysynda düşünmegiň aňryýany bilen dogrudygyny görkezýär. Täze türkmen döwletini gurmak Azadynyň we Magtymgulynyň döwrüne çenli diňe arzuw, düşünje bolmak bilen çäklenýärdi. Ataly-ogluň eserlerinde, aýratyn hem Magtymgulynyň goşgularynda halkymyzyň döwlet gurmak baradaky arzuw-islegleri taryhy zerurlyk, milli ideýa, milli taglymat derejesinde işlenilip düzülendir.

Şol bir wagtyň özünde, bu Türkmen binasy diýen düşünje döwlet manysyndan başga-da semiotik manyda türkmeniň ruhy äleminiň ähli binýatlaryny, täze dünýagaraýşyny, täze ýaşaýyş filosofiýasyny, ahlak ýörelgelerini, halk hökmündäki mentalitetiniň esaslandyrylmagyny ... hem öz içine alýan giň manyly garaýyşdyr, taglymatdyr diýmek bolar. Ol özboluşly algoritmaly, türkmen halkynyň öňki-soňky ykbal ssenarisini esaslandyrýan dünýägaraýyşdyr.

Şahyryň döredijiligine ser salanyňda, çeper manydaky «Türkmen binasynyň» gurulmagynyň ozaly bilen türkmen halkynyň taryhy ösüşiniň kanunalaýyklygydygyny görmek bolýar. Ösüş filosofiýasy taryhy ösüşiň hem dialektiki ösýändigini, ýagny diňe ýokarlygyna däl-de, belli-belli döwürlerde yza çekilmeleri hem başdan geçirip, soňra täzeden ýokaryk ösüp başlaýandygyny görkezýär. «Şol ösüşler özakymlaýyn bolup geçmeýär. Beýik şahsyýetler tötänleýin döremeýärler, olar degişli obýektiw şertler bişişende taryhy zerurlygyň güýji esasynda peýda bolýarlar» [13, s. 215]. Taryhy zerurlygyň bu wezipäni amala aşyrmak üçin sebäp hem zerurlyk hökmünde belli-belli şahsyýetleri orta çykarýandygyny görmek bolýar. Orta asyrlarda ençeme döwletleri gurup, dünýäpli depginlerde ösen türkmen jemgyýeti hem Çingiz hanyň tozgunçylykly basyp alyşlaryndan soňky ruhy we maddy taýdan yza çekilmelerden soň taryhy kanunalaýyklygyň, taryhy zerurlygyň

döreden şahsyýeti bolan Magtymgulynyň poeziýasynyň täsiri bilen ýene-de täzeden öňki ýitiren ruhuny, öz millet özaňlylygyny we maksadyny, taryhynyň we geljeginiň bitewüligini tapyp, ýokary göterilip başlanýar.

Türkmen binasy – munuň özi taryhy zerurlyk bilen dörän Magtymgulynyň öz beýik taryhy işini – halkyň täzeden özaňlylyga ýetmegi ugrundaky işini ilki bilen özüni, soňra halkyny ruhy garaşsyzlyga çykarmak ýolundan başlamagydyr. Şahyryň Türkmen binasyny gurmak, döretmek işine «Turgul diýdiler», «Oýan» diýdiler», «Boldum girýana», «Uçdum ýaranlar» goşgularyndan girişendigini görmek bolýar. «Turgul» diýdiler» [3, s. 19]. «Oýan» diýdiler» [3, s. 550], goşgularynda «oýan» diýlip, Magtymgulynyň mysalynda tutuş türkmen ruhyýetine ýüzlenilýär diýip düşünmek hem bolar. Munuň özi Magtymgulynyň mysalynda tutuş türkmen halkynyň XII asyrdan Pyraga çenli soňky 5–6 asyrlyk döwletsizlik ukusyndan oýanmagy bilen baglydyr.

Türkmen binasy – munuň özi dünýäni söz bilen özgertmek üçin Magtymgulynyň erenleriň ak patasy bilen şahyranalyk-aryflyk ýoluny saýlap almagy babatdaky hakykatdyr. Magtymgulynyň türkmen halkyny oýarmak işini ilki bilen ruhy oýaryşy, pikir oýaryşyny döretmekden başlaýar. Baryp XVII asyrda Rene Dekard (1596–1650): «Men pikir edýärin, diýmek, ýaşaýaryn» [15, s. 22] diýen bolsa, Magtymgulynyň güýji öz çeper sungaty bilen adamlarda «näme üçin?» diýen ummasyz soraglary döredýänliginde we soňra şol sowallara jogap berýänligindedir. Şahyryň üsti bilen halk ýene-de ryhy we pikir oýanyşyny başdan geçirip ugrady. Bu oýanyş, galkynyş bolsa Türkmen binasynyň ilkinji binýatlary boldy. Hormatly Prezidentimiziň sözleri bilen aýtsak, «Ol şeýle joşgun bilen öz-özüne «Ruzy-şeb gaflatda ýatyjy bolma!» diýip ýüzlenýär. Bu joşgunly çagyryşy köp adam eşitdi. Şol howsalaly, türkmen halky üçin birahat döwürde Magtymgulynyň goşgulary täzelik, hereket etmäge, göreşmäge, özgerişlere çagyryş bolup ýaňlandy» [3, s. 10].

Tukmen binasy – munuň özi ozaly bilen Magtymgulynyň öz goşgularynyň ruhy bilen «Türkmen halky, sen kim?» diýen sowaly orta goýmagydyr, halkyň ilki Seniniň, soňra Meniniň tapylmagydyr. Halkyň bu Seni we Meni bilen bagly Täzeden döreýiş işine Magtymguly öz şygryýet dünýäsinde dil garaşsyzlygyny gazanmakdan başlaýar. Magtymguly Pyragynyň «Türkmen binasy» diýip öňe sürýän gymmatlygy ozaly bilen özi üçin hem, tutuş türkmen halky üçin hem düýpgöter täze dünýägaraýyşlaryň esaslandyrylandygy baradaky düşünjäni öz içine alýan hakykatdyr. Şahyryň şygryýet dünýäsi diňe bir ajaýyp şygyrlar toplumyny öz içine alýan sungat dünýäsi bolmak bilen çäklenmän, eýsem, ol türkmen halkynyň ruhuny we durmuşyny düýpli özgerden täze dünýagaraýyşdyr. Türkmen binasy – Magtymgula çenli bolan köne ruhly dünýä bilen Magtymgulydan soňky täze ruhly dünýäniň göreşiniň şahyrana beýanatydyr we dünýägaraýşydyr. Ol – türkmen halkyny täze

oýanyşly, galkynyşly, bagtly durmuşa ýetirmek üçin Türkmen binasy hökmünde täze dünýägaraýşyň zerur gerekdigine düşünmek, bu ugurda «Jebrut äleminde Jelil syryna» [3, s. 21] aralaşmak, nädip jemgyýeti özgerdip, seljerip gurmak, naýbaşy, mert türkmen bolmak baradaky, köne ýaşaýyşdan el üzüp, täze ýaşaýşa, täzeden döreýşe gol bermek, bu ugurda ähli köne gymmatlyklary şübhä we tankyda alyp, (Şalar galmazlar) [3, s. 285], (Yhsan haýsy, bilinmez. [3, s. 486] seljerip, täze ruhyýet gymmatlyklaryny döretmek, Magtymgulynyň türkmeniň aňyýetini we ruhuýetini özgertmek üçin dünýä gelen şahsyýetdigine düşünmek, oýanmak we galkynmak, birleşmek, halk we şahsyýet hökmünde özüňi açmak, tanamak, millet özaňlylygyna gelmek, öz bagtyýar durmuşyňy gurmagyň guraly hökmünde Türkmen döwletini gurmak... babatdaky dünýägaraýyşdyr. (Yhsan haýsy, bilinmez. [3, s. 486]. Täze dünýägaraýyş ozaly bilen hem öz täze göterlen ykbalyňy gurmak üçin güýji we serişdäni ilki bilen öz içki kuwwatlyklaryňdan, Türkmen binasynyň içinden gözlemelidigi baradaky garaýyşdyr. Bu ugurda şahyryň «Türkmeniň», «Türkmen binasy», «Gözlär men», «Ajap eýýäm gelmedi» [3, s. 95 ]. «Neýleýin men arap zyban, asal zybanym bar meniň.» [3, s. 71] goşgularyny görkezmek bolar. «Magtymguly, sözlär tili türkmeniň.» [3, s. 16] diýýän şahyr täze dünýägaraýyşly, özgerişli öz şygyrlaryny türkmen dilinde ýazmakdan, «Ajap eýýäm gelmedi» goşgusynyň mysalynda aýdylanda köne dünýäniň nogsanlyklaryny seljermekden, ýüze çykarmakdan, täze gymmatlyklary öňe sürmekden başlaýar.

Meşhur ýazyjy Çingiz Aýtmatowyň akyldaryň döredijiligine baha berip aýdan: «Şahyryň ady bilen baglanyşykly täzeden döreýiş Gündogaryň goňşy medeniýetleriniň ösüşine bahasyna ýetip bolmajak derejede täsir etdi» [4, s. 69] sözlerindäki «täzeden döreýiş» diýen jümle özüne aýratyn üns çekdirýär. Munuň özi şahyryň döredijiligine Täzeden döreýiş diýlip, dünýäde arzylanýan gymmatlygyň mahsusdygynyň ykrar edilmesidir. Hakykatdan-da, Türkmen binasy – munuň özi Magtymgulynyň döwründe mundan beýläk köneçe ýaşamagyň mümkin däldigine göz ýetirmek we täze ýaşaýşa, täzeden döreýşe gol bermek baradaky dünýagaraýyşdyr. Ýewropada täzeden döreýiş XIII-XIV asyrlarda başlan bolsa, ol türkmen topragynda we goňşy türki halklarda Magtymgulynyň döredijiliginden soň başlandy. Onuň eserleri bilen içgin tanşanyňda, mongol-tatar çozuşlaryndan soň ençeme asyrlap maddy we ruhy çökgünlige düşen türkmen halkynda XVII asyrda oýanyşyň, ýene özüni tanamagyň, açmagyň we tapmagyň gözleg işiniň başlanandygyna we ahyry netijede şowly tamamlanandygyny görmek bolýar («San bolsam», «At islärin», «Gözlär men»... goşgulary). Türkmen aksakallarynyň ençemesiniň Abulgazynyň ýanyna baryp, türkmeniň taryhyny ýazyp bermegi baradaky haýyş bilen ýüz tutmaklary, onuň hem «Türkmen şejeresini» ýazmagy bu Täzeden döreýşiň irki ýönekeý başlangyjyny aňladan bolsa, Magtymgulynyň eserleinde Täzeden döreýiş gutarnyk-

ly ör boýuna galýar. Nusgawy edebiýatymyzyň soňra Magtymgulynyň mekdebiniň ruhunda ösenligi bu Täzeden döreýşiň edebiýatlaýyn delilleriniň biridir.

Hormatly Prezidentimiziň «Arşyň nepisligi» kitabynda: «Täzeçillik – öňki barlyga akyl ýetirmekdedir, ondan özüňi tapmakdadyr» [1, s. 206] diýilýän bolsa, Magtymguly bu wezipäni çözmegi geçmişe akyl ýetirip, ondan özi we halky üçin täze gymmatlyklary, täze geljegi tapmakdan başlaýar. Şahyryň goşgulary ýöne bir öwüt-häsiýetli goşgular bolmak bilen çäklenýän däldir, eýsem, olar özüňi tanap, özüňi tapyp, ahwalatlary özgerdip, öz erkiňe sazlaşdyryp ýaşamagyň ugur-ýollarydyr. Ol ýollara başarnykly eýerip bilmek bolsa bagtyýar ýaşamagyň kepilidir.

Magtymgulynyň Türkmen binasy filosofiýasynda diňe bir jemgyýeti däl, dünýäni üýtgedip guramaly diýen taglym ileri tutulýar. Ýöne dünýäni özgerdip gurmak üçin ilki adamyň özüniň özgerdiji, oýanyş ruhly, bu ugurda ak pataly halda dünýä gelmegi gerekdir. Magtymgulynyň bu filosofiýasyna görä, şahyryň dünýä ýüzlenip ýazan goşgulary, («Gitmediň dünýä», «Daşymyza», «Saly, dünýe, heý», «Adamzat», «Ýörmeli boldy») göräýmäge, dünýä, jemgyýet baradaky tankydy goşgulara meňzeýär, ýöne olarda ruhy hem dünýäni üýtgedip guramalydygy baradaky uly, global taglym öňe sürülýändir.

XIX asyrdaky türkmen halkynyň güýç birikdirip gazanan birnäçe ýeňişleri: Saragt (1855), Garrygala (1858), Mary (1861) söweşleri, 1880-nji ýylda türkmenleriň Gökdepede döwlet gurandyklaryny yglan etmekleri eýýäm Magtymgulynyň goşgulary esasynda halkyň özüni tanap, özüni täzeden açyp, ahwalatlary üýtgedi-ji erke eýe bolanlygynyň, özüni täzeden döredýänliginiň, ruhy güýji maddy güýje öwürýänliginiň aýdyň delilleridir. Magtymgulynyň Türkmen binasynyň mukdardan hile geçmesi 1991-nji ýylyň 27-nji oktýabrynda türkmen halkynyň öz Garaşsyz döwletini guranlygy baradaky hakykaty – maddy hakykaty äleme jar etmesinde göründi.

Hormatly Prezidentimiz: «Türkmen halky geçmişde il-ýurt ykbaly bilen bagly meseleleri maslahatlaşyp, geňeşip, ýedi ölçäp, bir kesip çözüpdir. Şonda milletiň pähim-parasada ýugrulan danalarynyň pikir ummanyna daýanylypdyr. Şeýle akyldarlaryň biri-de türkmeniň beýik şahyry Magtymguly Pyragydyr.» [2, s. 206] diýip, beýik şahyra ýokary baha berýär. Hakykatdan-da, türkmeniň şol döwürdäki ýaşaýyş filosofiýasyndaky gymmatlyklarynyň Türkmen binasynyň bir sütüni hökmünde şygra salynmagy türkmen durmuşynyň ýörelgelerine, kanunlaryna salynmagyna barabar boldy.

Türkmen binasy! Munuň özi şahyryň «Barsam, Käbäni görsem», «Hindistanda hyýalym» diýen setirleriniň mysalynda aýdylanda hemişe adamyň syýahat meýilli bolmalydygynyň ileri tutulmasydyr.

Türkmen binasy! Ol çeper şahyrana sungatyň, şahyr bolmaklygyň mekdebidir.



9. Sargyt № 2479

Türkmen binasy! Ol çeper tilsimlerini ulanmaklygyň, halypalygyň nusgasy.

Türkmen binasy! Ol türkmen bolmagyň medeniýetidir. Ol türkmeniň ykbal ssenarisidir.

Hawa, çeper keşpli semiotik manyly Türkmen binasyny esaslandyryjy Magtymguly Pyragy taze milli ideýanyň, täze dünýägaraýşyň, täzeden döreýşiň, galkynyşyň we oýanyşyň, täzeden döretmegiň, şahsyýet hökmünde özüňi tanamagyň milli hem umumadamzat şahyrydyr. Beýik şahyryň dünýä inmeginiň 300 ýyllygynyň toýuna barylýan häzirki şanly günlerde çeper sözde Türkmen binasy hökmünde tanalýan bu hakykat halkara derejesinde has-da dabaralanýar.

## EDEBIÝATLAR


1. *Gurbanguly Berdimuhamedow*. «Arşyň nepisligi». – A.: TDNG, 2011.
2. *Gurbanguly Berdimuhamedow*. «Ösüşiň täze belentliklerine tarap». – A.: TDNG, 2010.
3. Magtymguly. Saýlanan eserler ýygyndysy. Aşgabat – 2014.
4. Magtymguly – ylham çeşmesi, Aşgabat – 2014.
5. Бартольд В. В. Соч. М., 1963. Т. II. Ч. I.
6. «Edebiýat we sungat», 2020-nji ýyl, 6-njy oktýabr.
7. Aman Şyhnepesow. «Magtymgulynyň älemi», Aşgabat – 2014.
8. Хайдеггер М. Мысли. Постулаты. Афоризмы. Философские интерпретации. Минск. 1998.
9. Şyhnepesow A. Magtymguly Pyragynyň taryhy şahsyýeti. «Türkmenistan» gazeti, 27.05.2017.
10. «Häzirki zamanda Magtymgulynyň döredijiligini öwrenmegiň esasy ugurlary», Aşgabat – 2020.
13. Основы философских знаний. Москва – 1966.
14. Magtymguly. Goşgular. – Aşgabat, 1926.

**Kadyr AMANDURDYÝEW,**
*Türkmenistanyň Daşary işler ministrliginiň*
*Halkara gatnaşyklary instituty*

# DÜNÝÄ DÖWLETLERINIŇ WE TÜRKMENISTANYŇ MAGLUMATLAR JEMGYÝETLERINI ÖSDÜRMEKDÄKI STRATEGIÝALARY

Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedow aragatnaşyk, maglumat tehnologiýalar, aerokosmiki gurşaw ulgamlaryny ösdürmek üçin uly tagallalary edýär. Bu ulgamda alyp barýan innowasion, ýadawsyz aladalary üçin Halkara informatizasiýa akademiýasy Türkmenistanyň Prezidentini «Habarly jemgyýeti ösdürmekde bitiren hyzmatlary üçin» atly ýokary derejeli halkara ordeni bilen sylaglady [1].

Hormatly Prezidentimiz 2011-nji ýylda bolup geçen Halk maslahatynda ýurdumyzyň geljegi hakynda gürrüň edeninde: «Men ýurdumyzy adamzat pähim-paýhasynyň ýokary derejä çykmagy netijesinde dörän häzirki zaman medeniýetiniň öňe çykaran iň çylşyrymly wezipelerini çözmäge ukyply ýokary derejede ösen maglumatlar jemgyýeti bolan ýurt hökmünde göz öňüne getirýärin» diýip nygtady [2].

Maglumat jemgyýeti – häzirki zaman siwilizasiýasynyň ösüş basgançagy bolmak bilen, jemgyýetiň durmuşynda maglumat-kommunikasion tehnologiýalaryň, maglumat önümleriniň we hyzmatlaryň paýynyň jemi içerki önümde ösmegi, maglumat aragatnaşygyny üpjün edýän global maglumat infrastrukturasynyň döredilmegi, adamlaryň maglumatlara, maglumat önümlerine we hyzmatlaryna elýeterligini we netijeli aragatnaşygy üpjün edýän, şeýle-de olaryň durmuş we şahsy zerurlyklaryny kanagatlandyrýan jemgyýetdir [3, s. 32].

Maglumat jemgyýetini kemala getirmegiň meseleleri döwlet derejesinde ilkinji gezek ABŞ-da ara alnyp maslahatlaşyldy. Eýýäm 1960–70-nji ýyllarda bu ýerde ýurduň ykdysadyýetinde maglumat pudagynyň ähmiýetiniň barha ýokarlanýandygyny we täze tehnologiýalary beýleki ulgamlarda ulanmagyň geljegini ýüze çykaran birnäçe barlaglar geçirildi [4, 49 s.]. ABŞ-nyň yzysüre maglumat jemgyýetiniň meselesini işläp düzmäge Ýewropa Bileleşigi hem işjeň goşulýar. ÝB-niň komissiýasynyň 1993-nji ýylda çykarylan «Ösüş, bäsdeşlige ukyplylyk, iş üpjünçiligi – XXI asyryň çagyryşlary we oňa tarap ýollar» atly hasabatynda maglumat jemgyýetiniň durnukly ösüşe, bäsdeşlige ukyplylygy ýokarlandyrmaga, iş orunlaryny

artdyrmaga, her bir ýewropalynyň durmuşynyň hilini gowulandyrmaga ýardam edýän uly kuwwatynyň bardygy bellenilýär [4, s. 50-51].

Maglumatlar jemgyýetlerini kemala getirmekde we ösdürmekde dünýä sammitleri, döwletleriň liderleriniň duşuşyklary we olar tarapyndan kabul edilen çözgütler esasy orny eýeledi. 2000-nji ýylyň iýulynda Ýaponiýanyň Okinawa adasynda geçirilen sammitde Global maglumat jemgyýetiniň hartiýasy kabul edildi. Hartiýada bellenilişi ýaly, «informasion-kommunikasion tehnologiýalar XXI asyryň jemgyýetiniň kemala gelmegine täsir edýän möhüm faktorlaryň biri bolup durýar. Olaryň rewolýusion täsiri adamlaryň ýaşaýyş keşbine, olaryň bilimine we işine, şeýle hem hökümetiň we raýat jemgyýetiniň özara gatnaşygyna degişlidir. Informasion-kommunikasion tehnologiýalar örän çaltlyk bilen dünýä ykdysadyýetini ösdürmegiň örän wajyp höweslendiriji güýjüne öwrülýär» [5].

Halkara derejesinde ilkinji gezek maglumatlar jemgyýetlerini kemala getirmek meseleleri 2003-nji ýylyň dekabrynda Ženewada BMG-niň agza döwletleriniň ýolbaşçylarynyň derejesinde ara alnyp maslahatlaşylmaga çykaryldy. Bu maslahatlaryň ikinji tapgyry 2005-nji ýylda Tunisde geçirildi. Sammitleriň netijesinde «Maglumat jemgyýetini guramagyň ýörelgeleriniň Jarnamasy – täze müňýyllykda global wezipe» atly Jarnamanyň we global maglumat jemgyýetini ösdürmegiň «Hereketleriniň meýilnamasynyň», «Interneti dolandyrmak boýunça Doklady» beýan edildi we onuň esasynda «Maglumat jemgyýetiniň Tunis maksatnamasy» kabul edildi hem-de informasion ulgamy dolandyrmak boýunça esasy dawaly meseleleriň çözgütleri işlenip taýýarlandy [6].

Alymlar maglumat jemgyýetini ösdürmekde şertli ýagdaýda Günbatar we Gündogar iki esasy modeli tapawutlandyrýarlar. Günbatar modeliniň çäklerinde Amerikan modeli ýa-da başgaça atlandyrylyşyna görä «Silikon jülgäniň modeli» bazar mehanizmleriniň ulanylmagyna esaslanýar we ilkinji nobatda, ilata we telekeçilige hyzmat etmäge gönükdirilendir. Informasion magistral (aragatnaşyk torlar) gurmagyň Kanada tejribesi, umuman, informasion jemgyýetiň amerikan modeline esaslanýar, ýöne ondan käbir tapawudy bar, bu tapawut amerikanlarda bolşy ýaly, bazaryň roly absolýutlaşdyrylman, hökümete uly ygtyýarlyklaryň berilmeginden ybaratdyr.

Ýewropa Bileleşiginiň maglumat jemgyýeti ösdürmekde döwletiň orny babatdaky bu çemeleşmesi ÝB-niň 1993-nji ýyldaky rezolýusiýasynda beýan edilýär, onda bazar we sosial gönükmäniň arasynda sazlaşygy tapmagyň zerurlygy bellenilýär [7, s. 53-58]. Umuman, Ýewropada, ilkinji nobatda hyzmatlar sferasyny ösdürmegiň zerurlygy hakynda pikir agdyklyk edýär.

Finlýandiýanyň maglumat jemgyýetini ösdürmeginiň strategiýasy üns berilmäge mynasyp. M. Kastelsiň «Информационное общество и государство благо-

состояния» («Maglumat jemgyýeti we ýokary hal-ýagdaýly döwlet») atly işinde geçiren derňewi gyzyklanma döredýär. Kitapda informasion jemgyýeti ösdürmegiň üç modeliniň – günbatar modeliň çäklerinde amerikan modeliniň, gündogar modeliň çäklerinde singapur we fin modelleriniň deňeşdirme analizi geçirilýär [8].

Maglumat jemgyýetini ösdürmegiň Gündogar modeliniň wekilleri (Ýaponiýa, Günorta Koreýa, Taýwan, Singapur, Gonkong we Hytaý) Günbatar çemeleşmeden tapawutlanýan, ilkinji nobatda, industriallaşdyrma, maglumatlaşma we sosial ösüş babatda öz gymmatlyk çelgileriniň bellenilmegine esaslanýan çemeleşmäni işläp düzmäge çalyşýarlar.

Ýaponiýada maglumat jemgyýeti ösdürmegiň başlangyç döwrüniň Ý. Masudyň «Maglumaty global ulanmagyň täze eýýamy» we «Maglumat jemgyýet postindustrial jemgyýet hökmünde» atly işlerinde beýan edilen strategik maksatnamalarynyň Ýaponiýanyň tapgyrlaýyn kompýuterleşdirilmegini göz öňünde tutandygyny bellemek gerek. Birinji tapgyrda (1945 – 1970-nji ýyllar) kompýuterler, esasan, ylmy wezipeleri çözmek üçin ulanylýardy. Ikinji tapgyrynda (1955 – 1980-nji ýyllar), esasan, dolandyryş wezipeleri çözüldi. Üçünji tapgyrda (1970 – 1990-nji ýyllar) sosial meseleler çözülýär. Maksady – ykdysadyýeti ösdürmek, gerimi – ilat, ulanylýan bilimler – sosial ylymlar. Dördünji tapgyrda (1980–2000-nji ýyllar) şahsyýetiň meseleleri çözülýär. Maksat – döredijilik hajatlaryny kanagatlandyrmak we şahsyýetiň özüni görkezmegi üçin şertleri döretmek, gerimi – aýratyn alnan şahs, ulanylýan bilimler – adamyň özüni alyp barşy hakyndaky ylymlar. Soňky tapgyr jemgyýetiň maglumatlaşma ösüşiniň iň ýokary derejesine laýyk geler, şunda indiwidlere milli (soňra bolsa global) kommunikasion-hasaplaýyş ulgamlarynyň üsti bilen maglumatdan «edil elektrik energiýadan we suwdan peýdalanylyşy ýaly erkin ulanmak» mümkinçiligi berler [9, s. 36].

«Aziýa gaplaňlarynyň» (Günorta Koreýa, Taýwan, Singapur we Gonkong) informasion ösüşiniň esasynda döwletiň we bazaryň ykdysady hyzmatdaşlygynyň modeli ýatýar. Bu ýurtlaryň gazanan üstünlikleri, hususan-da, hususy iri maýa goýumlarynyň ulgamynda çözgütleriň kabul edilmegine döwletiň gatnaşmagyna, döwletiň milli informasion infrastrukturany döretmäge işjeň gatnaşmagyna esaslanýar. «Gaplaňlaryň» içinde Singapur aýratyn üns berilmäge mynasypdyr, bu ýurt «Intellektual ada» atly strategik meýilnamany işläp düzüpdir. Eýýäm 2000-nji ýyllaryň başynda ýurtda içerki elektron şahadatnamalar ornaşdyrylýar [4, s. 41-44].

Hytaýyň hökümeti tarapyndan ylmy-tehniki işläp taýýarlamalar ulgamyna uly möçberde maýa goýumlaryň goýulmagy, daşary ýurt maýasynyň çekilmegi eýýäm öz miwelerini berýär hem-de ýurdy täze tehnologiýalaryň dünýä merkezleriniň birine öwürýär.

Garaşsyz Döwletleriň Arkalaşygynda maglumatlaşma babatda öňdebaryjy orunlary Russiýa we Belarus Respublikasy eýeleýär [10, s. 95]. «Elektron Russiýa» Federal maksatly maksatnamada [11], «Russiýa informasion asyrda» Milli strategiýasynda, Russiýa Federasiýasynyň «Informasion jemgyýet (2011 – 2020-nji ýyllar)» Döwlet maksatnamasynda we olaryň amala aşyrylmasynda öz beýanyny tapdy [12].

«Elektron Belarus» Maksatnamasynyň 2010-njy ýylda amala aşyrylmagy bilen, Aragatnaşyk ministrliginiň görkezmegine görä, ykdysadyýeti, bilimi, saglygy goraýşy, medeniýeti, söwdany, logistikany, salgytlary, döwlet edaralarynyň we ýerli öz-özüňi dolandyryş edaralarynyň işini maglumatlaşdyrmaga gönükdirilen 107 taslama ýerine ýetirildi [13].

Ozalky SSSR-iň düzümine giren döwletleriň içinde maglumatlaşma babatda has uly ösüş gazanan ýurtlaryň biri Estoniýa hasap edilýär. Estonlar eýýäm 2005-nji ýyldan bäri internet arkaly ses berýärler. 2010-njy ýylda ilat ýazuwy Internetiň kömegi bilen geçirildi [14].

Merkezi Aziýa döwletleriniň içinde maglumat-kommunikasiýa tehnologiýalary boýunça has uly üstünlikleri gazanan ýurt Gazagystandyr [15, s. 88]. «Informasion Gazagystan – 2020» maksatnamasynyň kabul edilmegi bilen «e-Maliýe ministrligi» we «e-Statistika» taslamalary amala aşyryldy. «Elektron hökümetiň» infrastrukturasy arkaly döwlet edaralary tarapyndan ilata we telekeçilige hyzmatlar edilýär [16].

Türkmenistanyň Prezidenti jemgyýetiň maglumatlaşma işlerini yzygiderli alyp barmak bilen, aragatnaşyk gurşawyny ýokary depgin bilen ösdürmekde degişli täze başlangyçlary öňe sürýär. Döwlet maglumatlaryna laýyklykda Diýarymyzyň ähli künjegini döwrebap optiki-süýümli aragatnaşyk ulgamlary gurşap alýar. Türkmenistanyň çäkleri boýunça Hytaýyň Urumçy şäherinden Germaniýanyň Frankfurt şäherine çenli umumy uzynlygy 27 müň kilometr bolan Trans – Aziýa – Ýewropa optiki-süýümli aragatnaşyk ulgamynyň 708 kilometrlik böleginiň geçýändigi möhümdir. Ýurdumyzda halkalaýyn Aşgabat – Mary – Türkmenabat – Daşoguz – Aşgabat we radial Garabogaz – Türkmenbaşy – Aşgabat – Mary – Türkmenabat – Kerki – Ymamnazar iki sany magistral optiki-süýümli ulgamlar hereket edýär. Ol halkara üstaşyr we ýerli internet-akymlaryny geçirmek üçin ýaýlymyň geçirijilik ukyby sekuntda 100 gigabit bolan köp ýaýlymly optiki ulgamdyr [17].

Ýurdumyzda kemala gelýän maglumat jemgyýetinde maddy-tehniki binýadyň ösüşini görkezmek üçin Türkmenistanyň Statistika baradaky komitetiniň 2018-nji ýyla degişli maglumatlaryna ýüzleneliň. Onda çap edilen maglumatlara görä, ýurdumyzda telefon enjamlarynyň sany 2018-nji ýylda 745,6 sany bolupdyr. Şunda öý telefon enjamlarynyň sanynyň hem ep-esli artandygyny bellemelidiris.

Türkmenistanda Internetiň ösüş depginini 2007-nji ýyla çenli haýal ösýän häsiýetde görkezip bolar, häzirki wagtda bolsa Internet ulgamy çalt depginler bilen ösýär, 2012-nji ýylda abonentleriň sany bir milliondan geçýärdi. 2000-nji ýylda 2000 abonent bellige alnan bolsa, 2018-nji ýylda eýýäm 2 million 291 sany internet ulanyjylar bellige alyndy.

Türkmenistanda ykjam aragatnaşygyň abonentleri gyşarnyksyz artýar, 2012--nji ýylda olar 4 million abonentden hem ýokary geçdi. 2005-nji ýylda ykjam aragatnaşyk ulgamynyň abonentleriniň sany 25 592 bolan bolsa, eýýäm iki ýyldan 2007-nji ýylda olaryň sany 427 667 abonente ýetdi, ýagny 2005-nji ýyla seredeniňde ýigrimi esse köpeldi. 2018-nji ýylda ykjam aragatnaşygyň abonentleri 5841 sany bolup, bu ýurdumyzyň uly ýaşly ilatynyň sanyna deňeçerdir [18, 108 s.].

Maglumat jemgyýetini ösdürmek babatda döwlet maksatnamalaryny işläp taýýarlamakda Türkmenistanyň Prezidenti tarapyndan 2010-njy ýylyň 14-nji maýynda 11061 belgili Karar bilen tassyklanan «Türkmenistanyň durmuş-ykdysady ösüşiniň 2011 – 2030-njy ýyllar üçin Milli maksatnamasy» uly ähmiýete eýedir. Bu maksatnama aragatnaşygy, maglumat-kommunikasiýa tehnologiýalaryny, telekommunikasiýany ösdürmekligiň çaklamasy we meýilnamasy girizilendir.

«Türkmenistanyň durmuş-ykdysady ösüşiniň 2011 – 2030-njy ýyllar üçin Milli maksatnamasynyň» wezipeleri Türkmenistanyň Prezidentiniň 2019-njy ýylyň 1-nji fewralynda çykaran 1111-nji belgili Karary esasynda tassyklanan «Türkmenistanyň Prezidentiniň ýurdumyzy 2019 – 2025-nji ýyllarda durmuş-ykdysady taýdan ösdürmegiň Maksatnamasynda» aýdyňlaşdyryldy. Maksatnamada maglumat infrasrukturasyny ösdürmäge, sanly ykdysadyýetiň işgärler bilen üpjünçiligine, ylym ulgamyny ösdürmek, maglumat howpsuzlygyny üpjün etmek, ykdysady, maliýe we bank ulgamlaryny ösdürmäge ýörite bölümler bagyşlanan. Şeýle-de, nebit-gaz, senagat we kommunikasiýa, gurluşyk, energetika pudaklaryna, ýaşaýyş jaý-jemagat hojalygyna, agrosenagat toplumyna, söwda we hyzmatlar ulgamyna, döwlet we ýerli häkimiýeti dolandyrmak ulgamyna, durmuş ulgamyna sanly tehnologiýalaryň ornaşdyrylmagy barada ugurlar görkezilipdir [19, 105 s.].

«Türkmenistanyň durmuş-ykdysady ösüşiniň 2011–2030-njy ýyllar üçin Milli maksatnamasyny» durmuşa ornaşdyrmakda Türkmenistanyň Prezidentiniň 2018-nji ýylyň 30-njy noýabryndaky 984-nji belgili Karary bilen tassyklanan «Türkmenistanda 2019 – 2025-nji ýyllarda sanly ykdysadyýeti ösdürmegiň Konsepsiýasy» möhüm ädim boldy.

«Türkmenistanda sanly bilim ulgamyny ösdürmegiň Konsepsiýasy» Türkmenistanyň Prezidentiniň 2017-nji ýylyň 15-nji sentýabryndaky 340-njy belgili Karary bilen tassyklandy. Konsepsiýanyň maksady ýurdumyzyň innowasion ösüşine laýyklykda sanly serişdeleri giňden peýdalanyp, bilim edaralarynda berilýän

bilimiň mazmunyny baýlaşdyrmakdan, hilini ýokarlandyrmakdan we okatmagyň usulyýetini kämilleşdirmekden ybarat [20, 60-74 s.].

Türkmenistanyň Prezidentiniň 2015-nji ýylyň 9-njy iýulynda çykaran 14330-njy belgili Karary bilen tassyklanan «Türkmenistanda dürli görnüşli elektron enjamlary öndürýän kärhanalary döretmegiň Döwlet maksatnamasy barada» ýurdumyzda öndürip bolýan önümleriň önümçiliklerini döretmek arkaly importyň düzümini kämilleşdirmek wezipesi goýuldy. Maksatnama boýunça dürli görnüşli elektron önümleri öndürýän önümçilikleri döretmek esasy ugurlaryň sanawynda monokristal kremnini we onuň esasynda alynýan materiallary we elementleri öndürýän kärhanany ýokary tehnologiýalaryň ornaşdyrylmagy esasynda ykjam el we beýleki telefon apparatlarynyň plastik kartlary üçin mikroshemalary, şeýle hem ýarym geçiriji enjamlary we fotoelektrik modullary döretmek wezipeleri kesgitlendi [21, 46-54 s.]. Bilşimiz ýaly, ýurdumyzda kompýuterler öndürilip başlandy.

2021-nji ýylyň 12-nji fewralynda Türkmenistanyň Prezidentiniň 2136 belgili Karary bilen «Türkmenistanda sanly ykdysadyýeti ösdürmegiň 2021 – 2025-nji ýyllar üçin Döwlet maksatnamasyny» amala aşyrmak boýunça ýerine ýetirilmeli çäreleriň Meýilnamasy tassyklanyldy» [22].

Dünýä döwletleriniň maglumat jemgyýetlerini gurmakdaky strategiýalary we tejribeleri ýurdumyzyň maglumat jemgyýetini gurmakda uly ähmiýetiniň bardygy şübhesizdir. Jemgyýeti täze tehnologiýalaryň esasynda özgertmek işleri uly tejribeleri bilmek we olary peýdalanmak mümkinçiliklerini talap edýär.

Türkmenistanyň sanly ulgamlary döretmek, tapgyrlaýyn maglumat jemgyýetiniň sypatlaryny we häsiýetlerini kemala getirmek bilen bagly syýasy strategiýasynyň durmuşa geçirilmegini üpjün edýän döwlet maksatnamalary ýurdumyzda maglumat jemgyýetiniň ösüşini esaslandyrýarlar we olary amala aşyrmakdaky netijeleriniň dünýä ülňülerine laýyk bolup biljekdigini kepillendirýärler.

## EDEBIÝATLAR


1. Hormatly Prezidentimiz Gurbanguly Berdimuhamedow halkara derejeli ýokary sylaga mynasyp boldy. // «Türkmenistan» gazeti, 2019-njy ýylyň 26-njy sentýabry.
2. Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedowyň Türkmenistanyň Ýaşulularynyň maslahatynda sözlän sözi. // «Türkmenistan» gazeti, 2011-nji ýylyň 26-njy oktýabry.
3. Забузов О. Н. Интернет как средство реализации военно-информационной политики Российского государства / Автореф. дисс. канд. полит. наук. М, 2008.

4. Чернов А. А. Становление глобального информационного общества: проблемы и перспективы. М.: Издательско-торговая корпорация «Дашков и К°», 2003.
5. Informasion jemgyýetiň Okinawa Hartiýasy. www.ifapcom.ru
6. Всемирная встреча на высшем уровне по вопросам информационного общества Женева, 2003 г. – Тунис, 2005 г.
7. Вершинская О. Н. Существующие модели построения информационного общества // Информационно общество, 1999. – № 3.
8. Кастельс М., Химанен П.: Информационное общество и государство благосостояния. Финская модель. – М., 2007.
9. Чугунов А. В. Развитие информационного общества: теории, концепции и программы. Санкт-петербургский государственный университет. Санкт-Петербург. 2007.
10. International Telecommunication Union. Measuring the Information Society Report 2018, itu.int
11. Федеральная целевая программа «Электронная Россия (2002–2010 годы)» digital.gov.ru
12. Государственная Программа Российской Федерации «Информационное общество (2011–2020 годы)» digital.gov.ru
13. Отчет о выполнении Программы «Электронная Беларусь». providers.by
14. Электронная Эстония самое развитое цифровое государство. bezopasnik.info
15. Measuring the Information Society Report Volume 2. ICT Country Profiles 2018, itu.int
16. «Informasion Gazagystan – 2020» Döwlet maksatnamasy. egov.kz
17. Berkarar döwletimiziň bagtyýarlyk döwrüniň ýyl ýazgysy-2019-njy ýyl. 8. Senagat we ulag-kommunikasiýa toplumy // «Türkmenistan» gazeti, 2020-nji ýylyň 6-njy marty.
18. Türkmenistanyň ulagy we aragatnaşygy. Türkmenistanyň Statistika baradaky döwlet komiteti. – A., 2018.
19. Türkmenistanyň durmuş-ykdysady ösüşiniň 2011–2030-njy ýyllar üçin Milli maksatnamasy. Türkmen döwlet neşirýat gullugy. Aşgabat. 2011.
20. Türkmenistanyň Prezidentiniň namalarynyň we Türkmenistanyň Hökümetiniň çözgütleriniň ýygyndysy № 8-9. Türkmen döwlet neşirýat gullugynyň Metbugat merkezi. 2017. Türkmenistanda sanly bilim ulgamyny ösdürmegiň Konsepsiýasy.
21. Türkmenistanyň Prezidentiniň namalarynyň we Türkmenistanyň Hökümetiniň çözgütleriniň ýygyndysy № 7. Türkmen döwlet neşirýat gullugynyň Metbugat merkezi. 2015. Türkmenistanda dürli görnüşli elektron enjamlary öndürýän kärhanalary döretmegiň Döwlet maksatnamasy.
22. Türkmenistanyň Döwlet habarlar agentligi. tdh.gov.tm

**Gülşat ÝUSUPOWA,**
*Türkmenistanyň Daşary işler ministrliginiň*
*Halkara gatnaşyklary institutynyň*
*okuw işleri boýunça prorektory*

# HALKARA GATNAŞYKLARY ULGAMYNDA IŇLIS DILINI ÖWRETMEGIŇ AÝRATYNLYGY

Ýaşlara geljekde öz saýlap alan hünäriniň hakyky eýesi bolmak bilen birlikde daşary ýurt dillerini hem bilmek zerur bolup durýar. Hormatly Prezidentimiz ýurt Baştutanlygyna geçen ilkinji günlerinden başlap, ylym-bilim ulgamynyň kämilleşmegi ugrunda uly tagallalary edýär. «Biz dünýäniň iň ösen talaplaryna laýyk gelýän bilim ulgamyny kämilleşdirmek, bilimli, ylymly, Watanyň beýik geljegi, halkyň ykbaly ugrunda ýokary jogapkärçilik duýgusyna eýe bolan päk ahlakly, hakyky watansöýüji nesilleri terbiýeläp ýetişdirmek ugrundaky aladalarymyz, jemgyýetimizde ylmyň we bilimiň gymmatynyň has-da artmagyna, bilimleriň we hünärleriň çuň özleşdirilmegine oňyn täsir edýär» diýip, hormatly alym Arkadagymyz jaýdar belleýär. Bilim ulgamynda geçirilýän özgerişikler bilim işgärleriniň işe bolan höwesini has hem artdyrdy.

Soňky on ýyllyklaryň dowamynda daşary ýurt dillerini bilmäge, sosial hadysa hökmünde öwrenmäge bolan isleg artdy. Tehnologiýanyň çalt depginler bilen ösmegi, okatmagyň täze usullary, özbaşdak öwrenmek üçin dürli programmalaryň oýlanylyp tapylmagy, ýaşlaryň saýlan hünäriniň aýratynlygy esasynda daşary ýurt dilleriniň okadylmagy ýaly ençeme meselelerde dogry usuly saýlamak zerurlygy ýüze çykýar.

Bu ugurda bilim alýan ýaşlardan hünär aýratynlyklaryny öwrenmek bilen bir hatarda, daşary ýurt dilinde erkin gürläp, pikirini dürs beýan edip, ýazmaça hem dilden terjimeçilik ukyplaryna eýe bolmagy talap edilýär. Ýurdumyzda kämil derejede daşary ýurt dillerini bilýän hünärmenleri taýýarlamak meselesine uly üns berilýär. Muňa mysal edip, 2017-nji ýylyň 22-nji dekabrynda «Türkmenistanda daşary ýurt dillerini okatmagy kämilleşdirmegiň Konsepsiýasy hakynda» Karara gol çekilmegi we onuň amala aşyrylmagynyň tapgyrlaýyn usulda durmuşa geçirilmegi bu ugurda alnyp barylýan işleriň düýpli öwrenilmegine we daşary ýurt dilleriniň okadylyş usulyýetiniň kämilleşmegine, halkara tejribesini giňişleýin öwrenip, iň bir ygtybarly usullary saýlamaga mümkinçilik döredýär. Geçirilýän usulyýet maslahatlarynda öwrenijileriň ýaş aýratynlyklaryna, hünär ugurlaryna baglylykda pikir alyşmaga

mümkinçilik döreýär. Sanly ulgamyň üsti bilen dünýäniň çetki künjeklerinde ýerleşýän bilim ojaklarynda okadylýan usullar bilen tanşyp, pikir alyşmaga, uzak aralykdan maslahatlary guramaga giň mümkinçilik döredildi. Häzirki wagtda sapaklarda öňden gelýän netijeli usullar bilen birlikde, adaty däl usullary ulanmak zerurlygy ýüze çykýar. Kybap gelýän dogry usuly saýlamakda esasy öwredijiniň baş maksady dil bilmegiň esasy zerurlygyny, baş maksadyny anyklamakdyr.

Dünýäde ýurdumyzyň abraýyny belende galdyrmak, daşary ýurtlar bilen ýola goýlan gatnaşyklary güýçlendirmek we täze hyzmatdaşlygy berkitmek, sapaklarda ýaş nesillere milli ruhda terbiýe bermek meseleleriniň öňe sürülmegi daşary ýurt dillerini öwredýän mugallymlaryň öňünde aýratyn jogapkärçiligi döredýär. Halkara gatnaşyklary we diplomatiýa, halkara hukugy, halkara ykdysady gatnaşyklary, halkara žurnalistikasy ýa-da islendik başga halkara ugry boýunça ýokary bilim almak isleýän dalaşgär hökmany suratda iňlis dili dersinden giriş synagyny tabşyrýar. Bu bolsa, mugallymyň eýýam iňlis diliniň aralyk (intermediate, kähalatlarda pre-intermediate) derejesini bilýän talyplar bilen işleşýändigini we onuň ýokarda agzalan hünär aýratynlygyna esaslanyp, «Hünäri boýunça iňlis dili» dersini okadýar. Sapaklarda leksik gönükmelere giň gerim berilýär. Geçilýän tekstlerde söz düzümlerine, manydaş, garşylykly manyny aňladýan, könelişen sözlere, ewfemizmlere, durnukly söz düzümlerine aýratyn üns berlip, doly fonetik, morfologik we beýleki derňewler edilýär. Talyplar tarapyndan taýýarlanan monologlar ýa-da dialoglar, kähalatlarda dürli ýagdaýlarda göz öňüne getirme usulynda işlenilýär. Olar ikitaraplaýyn/köptaraplaýyn gepleşikler, diplomatik söhbetdeşlik, söhbetdeşligiň ýazgylary, işjeň söhbetdeşligiň ýazgylary, syýasy syn, brifingler, metbugat maslahatlary, syýasy hat, hat alşyk, habarlar, metbugata syn, wakalaryň ýazgylary, diplomatik wekilhanalaryň habar beriş işleriniň aýratynlygy we beýlekiler ýaly goşmaça öýe ýumuş ýa-da taýýarlyksyz berkidiş sapaklarynyň dowamynda öwran-öwran nygtalýar. Mugallym tarapyndan her sapakda: **«Discuss in pairs… Prove that… Agree or disagree… Interpret… Give your reasons for… Challenge or support… Comment on… »** [1. стр. 5] ýaly goşmaça ýumuşlar berlip bilner. Bu bolsa, olaryň dürli edebiýatlara salgylanmaklaryna, ylmy neşirlerden häli-şindi peýdalanmaklaryna höwes döreder.

Käbir bilermenleriň (Ý. N. Krasikowa, Ý. P. Surmin, P. T. Frolowa) nygtaýşy ýaly, sapaklaryň netijeliligini artdyrmakda ulanylýan «case-method» ýagdaýa görä, adamyň çykalga tapmagyna, mugallym bilen talybyň özara pikir alyşmagyna okatmagyň netijeli usuly hökmünde garalýar [2, стр. 233]. Sebäbi, bu ýumuşlary doly we dogry derejede ýerine ýetirmek üçin, diňe bir daşary ýurt dilini bilmek däl, eýsem giň gözýetimli, taryhy wakalardan başlap, iň soňky täzeliklerden habarly bolmagy talap edýär. Şol bir wagtyň özünde talypda, elmydama täzelikleri bilmek, öwrenmek, seljermek ýaly endikleri kämilleşdirýär. Bu häsiýet geljekki, halkara

hünärmeni üçin iň bir zerur endikleriň biri hasaplanylýar. Çünki, bu usul talyplyk ýyllaryndan amaly çaklama häsiýetini ele almagyna mümkinçilik döredýär. Amaly çaklamalar ylmy çaklamalardan tapawutlanýar, sebäbi iş ýüzünde esasy wezipe çaklamak, ylmy gözleglerde bolsa, käbir şertlerde iň takyk çaklamany berýän model saýlamak we munuň näme üçin bolýandygyny düşündirmekdir. Biz gören, okan, eşiden maglumatlarymyz, bar bolan tejribämiz esasynda geljege garaýarys. Elbetde, biri beýlekiden üzňe bolup bilmez, şol sebäpli amaly çaklamalar, ylmy gözleg ýoluna eýe bolmagyna getirýär. Olary talyp öz islegine görä, hünär aýratynlygynda içgin öwrenip, ýyllyk, diplom ýa-da ylmy işi hökmünde özgerdip, diplomatiýa, hukuk, ykdysady, žurnalistika ýa-da islendik bir halkara ulgamy ugrunda zähmet çekip, ylmy nukdaýnazardan öwrenip, ylmy ugurda-da, iş ýüzünde-de möhüm netijeleri gazanmakda ýol salgy alyp biler.

Sapaklardan daşary geçirilýän olimpiadalar, bäsleşikler, ýaryşlar, daşary ýurt diliniň hepdeligi... talyplarda höwes döredip biler. Okuwdan daşary olar gepleşiklere, terjimä, diwar gazetiniň işine, drama, aýdym-saz gurnaklaryna işjeň gatnaşyp, bilimlerini, başarnyklaryny we endiklerini kämilleşdirmek bilen bir hatarda, dili öwrenilýän halklaryň durmuşy, däp-dessurlary bilen tanşarlar. Öwrenijiniň döredijilik başlangyçlaryny ýokarlandyrmak maksady bilen gurnaklaryň işi öz-özüni dolandyrmak ýoly bilen guralýar [3. 187 s.].

Şu we beýleki usullary sapakda peýdalanmak bilen talyplarda diňe bir dili öwrenmäge däl-de, eýsem, öz hünärine bolan gyzyklanmany artdyrmaga, watançylyk duýgusyny oýarmaga, adamkärçiligiň iň naýbaşy, ahlak arassalyk düşünjelerini siňdirmäge gönükdirilen höwesi döredip bolar. Yhlas edilen halatynda mugallymyň sapagy has göwnejaý, täsirli, talyp üçin gyzykly hem öňe ugrukdyryjy äheňde bolýar. Meselem, mugallymyň iş maksatnamasynda hödürlenýän temalar boýunça talyp öz düşünjesini beýan etmek bilen, ýüze çykýan soraglaryň çözgütlerini hem teklip edip biler, bu bolsa olaryň öz işine döredijilikli çemeleşmegine itergi berer. Sapagyň dowamynda talyplaryň ýalňyşlaryny düzetmek, olary ugrukdyrmak we höweslendirmek ýaly işleriň hem üznüksiz alnyp barylmagy zerurdyr. Geljekde öz ýurdunyň bähbitlerini gorap, ýurduň daşary syýasatyny täze derejä çykaryp, sebitde we yklymda dünýä jemgyýetine ähmiýetli bolan başlangyçlar bilen çykyş edip, syýasy, ykdysady-söwda, medeni-ynsanperwer ugurlar boýunça gatnaşyklary ýola goýmak üçin halkara gatnaşyklary ulgamynda zähmet çekjek hünärmenler daşary ýurt dillerini içgin öwrenmelidirler. Diňleýjä täsir edip, öňe sürülýän pikiriň doly ýagdaýda goldanmagyny gazanmak hakyky diplomatyň esasy başarnyklarynyň biri bolmalydyr. Göz öňüne getirip bilmedik çylşyrymly hem dartgynly ýagdaýlarda-da, özüňi ýitirmän, pikirini dogry hem dürs beýan etmegi başarsa, bu onuň kämillik derejesiniň ýokarydygyny görkezer. Sözleýjiniň çykyş edýän wagtynda, ýa-da belli

bir soraga jogap berende säginmesi eýýam onuň şübhelenýändigini görkezýär. Dogry äheň bilen sözlenen sözler has düşnükli, täsirli bolýar. Sözleýiş medeniýetiniň, terjimäniň ähli inçe syrlaryny ele almak üçin, dil derslerine berilýän sagatlaryň dogry bölünmegi gazanylýar. Okuw maksatnamalarynda nazary we amaly grammatika, fonetika, stilistika, leksikologiýa ýaly nusgawy dil dersleri öwrenilip, olar talyplarda hünär we gözleg başarnyklarynyň toplumyny döretmäge gönükdirilmeli. Mundan başga-da, maksatnama esasynda talyp ikinji daşary ýurt dilinde okamak, ýazmak, gürlemek we diňlemek ukyplaryna eýe bolup, medeniýetara gurşawda öz ornuny tapmalydyr.

## EDEBIÝATLAR


1. Кубъяс Л. Н., Кудачкина И. В. Английский язык для международников (English for International Relations) //. МГИМО – Университет – 2011.
2. Яшина Е. В. Особенности обучения студентов-юристов профессионально-ориентированному (юридическому) английскому языку как второму в рамках программы высшего образования // Вестник Саратовской государственной юридической академии. 2014. № 5 (100).
3. Gurbanow A., Gurbanowa L. Daşary ýurt dillerini okatmagyň usulyýeti // Türkmen döwlet neşirýat gullugy. – Aşgabat, 2011.



**Almanar ÝAZBERDIÝEWA,**

*Türkmenistanyň Daşary işler ministrliginiň Halkara gatnaşyklary institutynyň dünýä dilleri kafedrasynyň uly mugallymy*


# DAŞARY ÝURT DILLERINIŇ JEMGYÝETDE TUTÝAN ORNY

Häzirki zaman dünýäsinde daşary ýurt dillerini öwrenmegiň zerurlygy barha ýitileşýär. Çünki, döwür bir ýerde durmaýar, umumy dünýä medeniýetiniň döremegi, milli däp-dessurlaryň utgaşdyrylmagy we halklaryň arasyndaky hyzmatdaşlygyň güýçlendirilmegi daşary ýurt dillerini öwrenmäge bolan gyzyklanmany artdyrýar. Bir ýa-da birnäçe dili bilmek adamyň özüne bolan ynamynyň artmagyna hem-de öz iş ornunda hünär taýdan kämilleşmegine alyp barýar.

Öňdengörüji alym Prezidentimiz 2017-nji ýylyň 22-nji dekabrynda «Türkmenistanda daşary ýurt dillerini okatmagy kämilleşdirmegiň Konsepsiýasyny» we ony durmuşa geçirmek üçin ýörite taýýarlanan maksatnamany tassyklap

berdi. Konsepsiýada türkmen halk ertekilerini daşary ýurt dillerine terjime etmek, Birleşen Milletler Guramasynyň resmi dilleri boýunça iki dilli elektron sözlüklerini taýýarlamak, usulyýet üpjünçiligini kämilleşdirmek, halkara tejribäni öwrenmek, ylmy maslahatlary geçirmek, hünäri dil bolan hünärmenleriň hünär kämilleşdiriş okuw sapaklaryny guramak ýaly ugurlara üns berilýär. Ynha, şu Konsepsiýanyň maksatnamasynda esasy orny eýeleýän ertekileri bir dilden başga dile terjime etmegiň baş maksady hem 2011-nji ýylyň 1-nji sentýabrynda hormatly Prezidentimiziň Türkmenistanyň Daşary işler ministrliginiň Halkara gatnaşyklary institutynyň binalar toplumynyň açylyş dabarasynda eden taryhy çykyşyndaky «**Özüňize ýüklenen jogapkärçilige mynasyp boluň, öz Watanyňyzy söýüň, oňa buýsanyň, watançylar boluň, ýöne şunda beýleki ýurtlara we halklara, olaryň taryhyna, medeniýetine, däp-dessurlaryna hormat goýuň**» wesýetlerinde ýa-da «Türkmenistan – Beýik Ýüpek ýolunyň ýüregi» atly kitabynyň «Ertekiler dünýäsinde» atly bölümindäki «**Başgadan alnan ýordumlar täze geografik, taryhy, durmuş-ykdysady, medeni ýagdaýlara laýyklykda, özleşdirilipdir** [1, s. 296]. **Olar durmuş ýagdaýlary, milli durmuş takyklyklary bilen ösdürilipdir, özara hem-de ýerli ýordumlar bilen birleşip, özboluşly çeper gurluşy emele getiripdirler. Şonuň bilen hem, hut halkyň, hut şol milletiň durmuş şertlerine girişip gidipdir. Olar halkyň ruhuna we durmuşyna kybap gelýändigi üçin has ýakyn, hut özüniňki ýaly duýlupdyr. Başgaça aýdanyňda, olar özgäniňki däl-de milli rowaýata, ertekä öwrülipdir**» jümlesinde öz beýanyny tapýar [2, s. 276]. Şunlukda, dil diňe bir aragatnaşykda däl, eýsem, ol tutuş medeni gatlaklary özünde jemleýän serişde bolup durýar. Adamlara ruhy lezzet berýän mukamlar, eserler, operalar, parasatly jümleler, filmler, kompýuter oýunlary – bularyň ählisi adamlarda gyzyklanmalaryň döremegine itergi bermek bilen, olaryň durmuşyna we dünýägaraýşyna özleriniň täsirini ýetirýärler. Şu ugurlaryň üsti bilen hem adamlar öz halan sazyny, eserini ýa-da filmini döredijiler haýsy dilde gürleýän bolsalar, şol dili öwrenmäge ymtylýarlar. Öz halan eserlerini terjime görnüşinde däl-de, hakyky awtoryň öz ýazan dilinde okamak hem adamlarda dil öwrenmäge bolan islegi döredýär.

Bulardan başga-da, daşary ýurt dilini öwrenmek bilen adamlaryň ýady we pikirlenmeleri ösýär, olaryň içki dünýäsi baýlaşýar, milli medeniýete we ene diliň aýratynlyklaryna has gowy düşünmäge kömek edýär. Halklaryň arasyndaky böwetleri aradan aýryp, olary ýakynlaşdyrýar. Diýmek, medeniýet we sungat diňe bir adamlaryň gyzyklanmalarynyň birleşmegine, muşdaklaryň dostlaşmagyna getirmän, eýsem, olara biri-birleriniň dilini öwrenmegine, dilleri deňeşdirip, käbir sözleriň morfologik ýa-da sintaktik gurluşlarynda umumylyklary ýüze çykarmaklaryna itergi berýär. Grammatikada duş gelýän predloglaryň, düşümleriň, ýöňke-

meleriň, deňdeş agzalaryň, aýyrgyçlaryň, doldurgyçlaryň, sypatlaryň sözlemlerde getiriliş usullaryny deňeşdirip, dilçiler dilleriň umumylygyny ýüze çykarýarlar. Bu ugurda ýörite iki dilli terjime sözlükleri, düşündirişli sözlükleri, adalgalaryň sözlükleri taýýarlanylyp, diliň üsti arkaly ýurtlaryň arasyndaky düşünişmek, ylalaşyk baglaşmak hem-de hyzmatdaşlygy ösdürmek babatynda işler amal edilip başlanýar. Esasan hem, häzirki döwürde, tehnikanyň, tehnologiýalaryň ösýän döwründe döwür bilen aýakdaş gitmek üçin, diňe bir ýa-da iki dili bilmek ýeterlik bolmaýar. Şu jähtden hem, hormatly Prezidentimiz türkmen ýaşlary üçin daşary ýurt dillerini çuňlaşdyryp öwredýän ýöriteleşdirilen orta mekdepleri döwrebap enjamlar bilen ornaşdyryp, gurduryp ulanmaga berýär. Mekdeplerde lingafon otaglar, akylly tagta bilen işlär ýaly şertler döredilýär. Türkmenistanda sanly bilim ulgamyny ösdürmegiň Konsepsiýasyny daşary ýurt dillerini bilmezden göz öňüne getirmek kyn. Şonuň üçin, bu iki konsepsiýa biri-biri bilen utgaşdyrylyp alnyp barylýar. Bulardan başga-da, köp dil bilmek:

– *Birinjiden,* adamlaryň gözýetimlerini giňeldýär. Sebäbi, dil ýurduň medeniýetiniň we ýaşaýjylarynyň mentalitetiniň beýanydyr. Daşary ýurt dilini öwrenmek bilen, başga bir ýurtda sosial aragatnaşyklaryň nähili gurulýandygyny öwrenýäris, dünýä barada pikirlenişi we düşünjesi biziňkiden tapawutly adamlar bilen aragatnaşyk saklamagy öwrenýäris. Dil öwrenmek hökmany suratda başga bir ýurduň taryhy, geografiýasy, sungaty we däp-dessurlary bilen tanyşmagy öz içine alýar. Bu adamyň gözýetimini giňeldýär, adamy has çeýe edýär we dünýäni has giňişleýin görmäge mümkinçilik berýär;

– *ikinjiden,* beýniniň ösüşine täsir edýär. Daşary ýurt dili öwrenilýän wagty beýnide täze nerw baglanyşyklary döreýär, ýat we üns ýokarlanýar. Adam näçe köp dil öwrense, intellektual meseleleri çalt we gowy çözýär;

– *üçünjiden,* ene diliňi has çuňňur öwrenmäge kömek edýär. Daşary ýurt dillerini özleşdirmek ene diliň ulgamyna, gurluşyna we düzgünlerine düşünmäge mümkinçilik döredýär. Sebäbi çaga ene dilini öwrenende, grammatikanyň düzgünleri hakda pikir etmeýär. Daşary ýurt dilini öwrenip başlanyňdan soň, söz düzümi we sözlemleriň gurluşy bilen derňew edilende onuň gurluşy bilen tanşyp bolýar. Daşary ýurt bilen ene diliniň deňeşdirilen ýagdaýynda, öwrenýän ikinji diliňe has gowy düşünip, çylşyrymly grammatik düzgünleri has çalt öwrenip bolýar.

**Adam öwrenmek üçin ikinji dili saýlap alanda esasy üç zada üns berýär:**

1) dili öwrenmäge bolan gyzyklanmasy we islegi;
2) geljek üçin meýilnamasy, maksatlary;
3) geljegi uly dil.

Bu ölçegleriň üçüsiniň hem göz öňünde tutulmagynda adam öz bähbitlerine salgylanýar. Mysal üçin, hytaý dili häzirki wagtda has özüne çekiji dil hasaplanýan

hem bolsa, ony öwrenmek üçin her kimiň ukyby ýok. Hytaý dilini gowy bilmek üçin adamyň eşidiş ukyby güýçli bolmaly, sebäbi sözüň manysy köplenç, intonasiýa bagly bolup durýar. Munuň tersine, eger-de adam bu diliň gürleýän ýurduny halaýan bolsa, medeniýeti bilen gyzyklanýan bolsa we durmuşyny onuň bilen baglanyşdyrmak isleýän bolsa, elbetde, ol hem şol dile uly ähmiýet berip, ony özbaşdak öwrenip başlar.

Jemgyýet bilen diliň arabaglanyşygynda sanly tehnologiýalaryň tutýan orny ähmiýetlidir. Mundan birnaçe ýyl yza dolansak, jübi telefony, kompýuter bolmasa-da, adamlar öz işlerini ýokary derejede ýerine ýetirýärdi. Bu tehnikalar indi biziň durmuşymyza ornaşdy. Adam täze tehnologiýalary satyn alýar, olarda işlemegi öwrenýär, ýöne daşary ýurt dillerini ýeterlik derejede bilmeýär. Näme üçin, adam tehnika mätäçdigine düşünýär, ýöne daşary ýurt dillerini bilmegiň bize haýsy artykmaçlyklary we mümkinçilikleri berýändigini düýbünden unudýar?! Şu ýerde, adam bilen tehnikanyň arabaglanyşygynda dil aragatnaşyk serişdesi bolup hyzmat etmelimi? – diýen sowal ýüze çykýar. Dil maglumat çeşmesi. Çünki, adam kompýuteriň başynda oturyp işlände pikirlenýär, maglumatlary kellesinde aýlap, gerekli zatlaryny ýazýar. Şu ýerde, dil bolmasa adam pikirlenip bilermi? – diýen sowal ýüze çykýar. Elbetde ýok, adam haýsy dili bilýän bolsa, şol dilde hem daş-töweregindäki zatlar, ýagny hakykat hakynda pikir edýär. Şonuň üçin hakykaty diňe dil arkaly kabul edýär we düşünýär. Diller hakykatyň şöhlelenýän aýnalaryna meňzeýär, ýöne dilleriň birnäçe görnüşleri bar, şonuň üçin her dil şol bir hakykaty öz görnüşinde görkezýär. Täze bir zadyň tapylmagy begenmegiňe we haýran galmagyna sebäp bolýar. Jedellerden we dawa-jenjellerden hiç bir adam bagtly bolup bilmeýär. Şol sebäpli-de, jemgyýetde adam öz diýýän zatlaryny diliň kömegi bilen düşündirip bilýär. Öz aýdýan zatlaryna başgalaryň düşünmegi we bu babatynda söhbetdeşlige goşulyşyp bilmeginde hem adam özüni bagtly saýýar.

## EDEBIÝATLAR


1. *Gurbanguly Berdimuhamedow*. Ösüşiň täze belentliklerine tarap. – Aşgabat. 2012.
2. *Gurbanguly Berdimuhamedow*. Türkmenistan – Beýik Ýüpek ýolunyň ýüregi. – Aşgabat. 2017.

**Abdylla GÖKLEŇOW,**
*Türkmenistanyň Daşary işler ministrliginiň Halkara gatnaşyklary institutynyň dünýä dilleri kafedrasynyň mugallymy*

# IŇLIS DILINI OKATMAKDA SANLY BILIM ULGAMYNYŇ MÜMKINÇILIKLERI

Häzirki wagtda okatmagyň we bilim bermegiň hilini, mazmunyny, netijeliligini ýokarlandyrmak hem-de döwrebaplaşdyrmak, sanly bilim ulgamyny okuw işlerine ornaşdyrmak üçin Ýurdumyzda ähli mümkinçilikleri döredilýär. Döwrümizde bina edilýän täze bilim ojaklarynyň her biri Internet aragatnaşyk ulgamy we innowasion tehnologiýalar bilen üpjün edilýär. Synp otaglarynda ýerleşdirilýän interaktiw tagtalar, proýektorlar, audio-wideo enjamlar, kompýuterler, uzak aralykdan okuw geçmäge mümkinçilik berýän web kameralar, mikrofonlar... – bularyň ählisi mugallymyň dersi gyzykly, täsirli, ýatda galyjy, okuwçy merkezli, işjeň usulda geçirmegine mümkinçilik döredýär. Mugallymyň dersi innowasion tehnologiýalar bilen integrirlenen görnüşde geçmegi üçin okuw maksatly elektron gollanmalara zerurlyk duýulýar. Interaktiw tagtanyň ýa-da proýektoryň diňe özi multimedia gollanmalary bolmazdan hiç bir many aňlatmaýar. Olar diňe bir enjamlyk hyzmatyny amala aşyryp, dersiň gyzykly, işjeň usulda geçilmegi, okatmagyň durkunyň özgermegi mugallymyň maglumat-aragatnaşyk tehnologiýalaryndan kämil baş çykaryşyna we sapagyň dowamynda ulanýan multimedia gollanmalarynyň köpdürlüligine bagly bolup durýar.

Okuwçy mekdepde okap öwrenen maglumatlarynyň 10%-ni, diňläp öwrenen maglumatlarynyň 20%-ni, tomaşa edip öwrenenleriniň 30%-ni, hem diňläp, hem tomaşa edip öwrenen maglumatlarynyň 50%-ni, sözläp, gürrüň berip öwrenenleriniň 70%-ni, ýerine ýetirip özleşdiren maglumatlarynyň 90%-ni ýatda saklap bilýär [1, s. 65 ]. Munuň özi bolsa bize häzirki wagtda multimedia gollanmalaryndan işjeň peýdalanyp geçilýän dersleriň has täsirlidigini subut edýär.

Aýratyn hem, daşary ýurt dillerini okatmakda we öwretmekde bu günki gün mugallymyň esasy kömekçisine öwrülen multimedia gollanmalarynyň ähmiýeti çagalaryň dili tiz özleşdirmeginde, olaryň derse höwesli gatnaşmagynda has aýdyň ýüze çykýar. Şeýlelikde, her bir geçilýän täze tema ýa-da öwredilýän dil serişdeleri bilen baglanyşykly sanly maglumatlaryň bolmagy mugallymyň işini ýeňilleşdirýär, okuwçynyň derse düşünmek kynçylygyny aradan aýyrýar. Munuň özi bolsa


10. Sargyt № 2479

mugallymlaryň öz okadýan dersi bilen baglanyşykly döwrebap sanly gollanmalaryny taýýarlamakdan baş çykarmak zerurlygyny ör-boýuna galdyrýar. Eger-de her bir mugallym öz okadýan dersi bilen baglanyşykly multimedia gollanmalaryny yzygiderli taýýarlan halatynda, gysga wagtyň içinde onuň elinde interaktiw-multimedia gollanmalarynyň giden bir toplumy emele gelýär. Munuň özi bolsa mugallymyň soňky ýyllarda geçjek her bir dersini multimedia gollanmalaryndan peýdalanyp, gyzykly, işjeň usulda guramagyna mümkinçilik döredýär.

1960-njy ýyllaryň başynda bilim ulgamynda integrirlenen dersler (multimedia dersleri) okadylyp başlanýar. Bu derslerde okadylýan okuw kitaplary neşir edileninde olaryň ýany bilen özüniň audio kassetasy hem ýazgy edilýär. Bu bolsa daşary ýurt dillerini öwretmekde sanly ulgamyň ilkinji görnüşleriniň ýüze çykyp başlamagyna ýene bir mysaldyr. Bu ýerde kitap diňe tekst bilen suratdan däl-de, eýsem, tekstiň, suratyň we sesiň integrirlenmegi görnüşinde ulanylyp başlanýar. Şeýle multimedia esasly derslere mysal edip, «Ecouter et Parler» we «Deutsch durch die audiovisuelle Methode» ýaly okuw kitaplaryny görkezmek mümkindir. «Deutsch durch die audiovisuelle Methode» (Audio-wideo usulyýeti arkaly nemes dili) kitaby özüniň hem audio hem wideo ýazgysynyň bolmagy bilen tapawutlanýar.

Sanly ulgamyň ulanylyp başlanylmagy bilen bilim ulgamynda multimedia dil merkezleri hereket edip ugraýar. Multimedianyň teksti, sesi, wideony, şekili integrirlemek mümkinçiligi bolsa-da, şol döwürde bu mümkinçilikler multimedia merkezlerinde sözüň doly manysynda ulanylmaýar. Çünki sanly ulgamdan garaşylýan iň uly täzeçillik öwrenmegi indiwiduallaşdyrmak bolup durýar. Şeýlelikde, 1960 – 1970-nji ýyllarda multimedia merkezlerinde ähli okuwçylar şol bir zady diňläp, şol bir zada tomaşa edensoň, bu merkezler daşary ýurt dili laboratoriýalary ýaly hyzmat edýär we öwrenmegi indiwiduallaşdyrmagy başarmaýar. Şonuň üçin hem 1970-nji ýyllarda multimedia merkezleriniň hyzmaty we netijeliligi gitdigiçe pese gaçyp başlaýar. Munuň aňyrsynda bolsa multimedia gollanmalarynyň ýetmezçilik edýändigi, mugallymlaryň multimedia merkezlerinden işjeň peýdalanmak başarnyklarynyň pesdigi, şeýle-de multimedia gollanmalarynyň usulyýetiniň heniz işlenilip düzülmändigi ýatýar [2, s. 28].

1970 – 1980-nji ýyllarda ýüze çykyp başlan mikrokompýuterler ses çykarmaga we ýokary hilli şekilleri görkezmäge amatsyz bolansoň, daşary ýurt dili mugallymlary üçin multimedia serişdelerini ulanmakda yza gaýdyş döwri bolup geçýär. Çünki olar şol wagta çenli dürli magnit lentalarynyň üsti bilen öz derslerinde ses ýazgylaryny ulanmagy doly ýola goýýarlar we bilim ulgamyna ornaşyp barýan mikrokompýuterlerden hem şol mümkinçilige garaşýarlar.

1990-njy ýyllarda multimedia kompýuterleriniň kämilleşdirilmegi dil öwretmekde täze döwrüň başyny başladýar. Çünki displeý görnüşdäki bu kompýuter-

ler teksti, suraty, ses ýazgysyny, wideony integrirläp, olary daşary ýurt diliniň okadylyşynda diňleýşi, sözleýşi, okaýşy we ýazuwy ösdürmekde ulanmaga amatly görnüşde bitewüleşdirip berýär [3].

Iňlis dilini okatmagyň usulyýetinde «CALL», ýagny «Computer assisted language learning» («Kompýuter ýardamly dil öwreniş») maksatly programmalary, multimedia gollanmalaryny taýýarlamak, olary CD, DVD ýaly platformalarda ýazgy etmek 1990-njy ýyllaryň ortalaryndan başlap, has işjeň ýola goýulýar. Häzirki döwürde bolsa multimedia gollanmalarynyň aglaba bölegi web sahypalarynda hem ýerleşdirilýär.

**Web sahypalaryň okuwçylaryň sözleýiş endiklerini ösdürmekdäki mümkinçilikleri.**

Sanly bilim ulgamynyň synplarymyza getirýän iň uly täzelikleriniň biri hem internet ulgamynyň elýeterli bolmagy we munuň bilen baglylykda iňlis dilini öwrenýänleriň web sahypalaryndan işjeň peýdalanyp bilmekleridir. Gitdigiçe baýlaşyp barýan internet maglumatlary mugallymlar üçin çäksiz mümkinçilikleri döredýär hem-de olara baý ders gollanmalaryny taýýarlamaga ýardam edýär. Mugallym dil öwrenýänlere ýumuşlary web sahypalary bilen baglanyşdyryp hem berip biler. Şeýlelik-de, olar bu ýumuşlary has höwesjeň ýerine ýetirýärler. Olar öz jemlän maglumatlary boýunça synpda çykyş edip, özleriniň sözleýiş ukyplaryny ösdürmäge mümkinçilik alýarlar.

**Elektron poçtanyň iňlis dilinde ýazuw endigini kämilleşdirmekdäki mümkinçilikleri.**

Dil öwrenmekde ýazuw endikleri juda möhümdir. Elektron poçta häzirki wagtda dünýäde iň ýeňil we ygtybarly aragatnaşyk hökmünde ulanylýar. Munuň kömegi bilen dil öwrenijiler ýazuw ýumuşlaryny mugallymyň elektron poçta adresine iberip, mugallymlaryndan çalt we ýeňil usulda öz işine bahalandyrma alyp biler. Şeýle-de, elektron poçtanyň kömegi bilen mugallym okuwçylaryna geçilen dersleriň ýazgylaryny, olaryň goşmaça okamaly maglumatlaryny hem iberip biler.

**Onlaýn dersler we taýýarlyklar.**

Sanly bilim ulgamynyň mümkinçilikleriniň ýene-de biri, ol hem onlaýn okuwlardyr. Dil öwrenijiler internet ulgamynda özleri üçin amatly onlaýn dersleri okap bilýärler. Bu onlaýn dersler mazmuny boýunça 100% dil dersleri ýa-da iňlis dilindäki beýleki dersler hem bolup biler. Netijede, okuwçy bularyň haýsysyny saýlasa hem onuň dili ulanyş başarnygy onlaýn dersleriň kömegi bilen has artýar.

**Özüňden sanly ders gollanmalaryny düzmek.**

Häzirki wagtda Adobe Flash programmasy interaktiw-multimedia gollanmalaryny taýýarlamakda ussat hünärmenleriň ulanýan programmasy bo-

lup hyzmat edýär. Bu programma esasynda döredilen animasiýalar, interaktiw menýular, multimedialar web sahypalarynda has işjeň peýdalanylýar. Adobe Flash programmasynda interaktiw-multimedia gollanmalaryny taýýarlamak bu ugurda ýörite okuwy talap edýär. Aýratyn hem, programmanyň düzüminde maglumat binýadyndaky beýleki elektron maglumatlarynyň ýa-da web sahypalarynyň arasynda baglanyşygy emele getirmek ýörite programmirleme dilinden baş çykarmagy talap edýär. Şol sebäpli hem Microsoft Power Point programmasy doly özleşdirileninden soňra, mugallymlar Adobe Flash programmasyny goşmaça öwrenip bilerler.

Mugallymlaryň multimedia gollanmalaryny taýýarlamakda peýdalanjak programmalarynyň görnüşleri, olaryň haýsy ugurlara ýöriteleşdirilendigi, kämil multimedia gollanmalarynyň haýsy talaplary ödemelidigi hakynda anyk we aýdyň talaplar beýan edildi.

Berkarar döwletimiziň bagtyýarlyk döwründe Türkmenistanyň Prezidenti hormatly Gurbanguly Berdimuhamedowyň alyp barýan kämil ylym-bilim syýasatynyň çäklerinde ýurdumyzda okatmagyň interaktiw-multimedia usullaryny doly durmuşa geçirmekde, şeýle-de, tehnologiýanyň iň soňky gazananlaryny bilim ulgamyna ornaşdyrmakda bu işiň maksadalaýyk boljakdygy göz öňünde tutulýar.

## EDEBIÝATLAR


1. Okatmagyň interaktiw usuly, ylmy-usuly maslahatyň tezisleriniň ýygyndysy. Aşgabat, 2008.
2. Davies G., Lessons from the past, lessons for the future: 20 years of CALL, In Korsvold A-K. & Rüschoff B. (eds.) New technologies in language learning and teaching, Strasbourg: Council of Europe, 1997.
3. Davies G., Introduction to multimedia CALL. Module 2.2 in Davies G. (ed.) Information and Communications Technology for Language Teachers (ICT4LT), Slough, Thames Valley University, 2011. http://www.ict4lt.org/en/en_mod2-2.htm, 09.02.2012.

**Aýgözel ÖWEZOWA,**
*Türkmenistanyň Daşary işler ministrliginiň*
*Halkara gatnaşyklary institutynyň aspiranty*

# DAŞARY ÝURT DILLERINIŇ ÖWREDILIŞINDE INNOWASION TEHNOLOGIÝALARYŇ WE USULLARYŇ ÄHMIÝETI

Berkarar döwletimiziň bagtyýarlyk döwründe hormatly Prezidentimiziň taýsyz tagallasy bilen ähli ugurlar bilen bir hatarda, ýurdumyzyň ylym we bilim ulgamyny özgertmek, innowasion tehnologiýalaryň üsti bilen sanly bilim ulgamyny durmuşa ornaşdyrmak babatda möhüm işler amala aşyrylýar. Häzirki döwürde dünýä jemgyýetçiligi bilen aýakdaş gitmek üçin daşary ýurt dillerini öwrenmek möhüm ähmiýete eýedir. Daşary ýurt dilleriniň öwredilişinde innowasion tehnologiýalaryň giň gerime eýe bolmagy hormatly Prezidentimiziň Karary bilen tassyklanan «Türkmenistanda daşary ýurt dillerini okatmagy kämilleşdirmegiň Konsepsiýasynyň» üstünlikli durmuşa geçirilýändigine şaýatlyk edýär.

Garaşsyz, hemişelik Bitarap döwletimiziň hemmetaraplaýyn goldawy netijesinde ýurdumyzyň ýokary okuw mekdeplerinde okatmagyň täze usullary ornaşdyrylýar. Şunlukda, milli bilim ulgamy ýurdumyzyň we dünýäniň iň öňdebaryjy tejribelerine, ylmy we tehniki ösüşiň häzirki zaman gazananlaryna daýanýar. Bilim ulgamynda täzelikleriň yzygiderli ornaşdyrylmagy häzirki zaman ylmyna daýanýan jemgyýetiň kemala gelmegi bilen baglanyşyklydyr.

Ýurdumyzyň ýokary okuw mekdeplerinde dil babatda taýýarlyk işleri giň gerimde alnyp barylýar. Ýokary okuw mekdepleriniň kitaphanalary hünär ugurly okuw kitaplary, sözlükler, gollanmalar, dilleri öwrenmek boýunça audio we wideo tehnikalary bilen yzygiderli baýlaşdyrylýar. Birleşen Milletler Guramasynyň resmi dilleriniň biri bolup iňlis dili halkara hyzmatdaşlygynda möhüm orny eýeleýär. Syýasy, diplomatik, ylmy, lukmançylyk, bilim, medeniýet we işewürlik ulgamynda gepleşikler iňlis dilinde alnyp barylýar.

Häzirki wagtda döwrebap bilim bermekde dürli okuw usullary döredilýär we kämilleşdirilýär. Hut şu esasda, okuw maksatlarynda bu usullary ulanmaga mümkinçilikler artýar. Bu ugurda ösüşler gazanylyp, maksatnamalaryň dürli görnüşlerini işläp düzmekde hem täzeçe çemeleşmeler ulanylýar. Şu günki gün sowat beriji tehnologiýalardan baş çykarmagy başarmasaň ökde mugallym bolup

bilmeýärsiň. Mugallym hemişe özüni kämilleşdirmezden we özbaşdak öwrenmezden daşary ýurt dilini okadyp bilmez. Sebäbi dil bir durkunda saklanmaýar, ol hemişe üýtgäp durýar.

Ösüp barýan jemgyýetde bilim bermekde maglumat-kommunikasion tehnologiýalary ulanylýar. Talyplaryň döredijilige bolan ukybyny artdyrmak üçin, sapak döwründe we sapakdan daşary gurnaklar alnyp barylýar. Döwrebap ýaşlar täze tehnologiýalara uýgunlaşýar, şonuň esasynda, ýaşlary gyzyklandyrmak üçin häzirki döwrüň ýörgünli täzelikleri möhüm bolup durýar.

Bilimde innowasiýa girizilen täzeçillik, ýörite işläp düzülen, taýýarlanylan ýa-da pedagogik teklipler boýunça açylyş diýlip hasaplanylýar. Innowasiýanyň hiliniň mazmuny täzelige utgaşdyrylan ylmy-teoretik bilim bolup, täze hilli döredilen tehnologiýa innowasion pedagogikanyň tejribesine täsir ediji bolup çykyş edýär.

Daşary ýurt edebiýatlaryň birinde şeýle bellenilýär: «Innowasion tehnologiýalaryň esasy manysy, innowasiýalardan we olar bilen bagly bolan innowasion proseslerden we önümlerden ybaratdyr» [1, s. 77]. Innowasiýa ylmyň we öňdebaryjy tejribäniň gazananlaryny ulanmaklyga esaslanan, tehnika, tehnologiýa, zähmeti guramak ýa-da dolandyryş ugrunda täzelikdir. «Innowasiýa» adalgasy «*novatio*» latyn sözünden we «*in*» goşulmasyndan gelip çykýar, ol «täzelenme» (ýa-da «üýtgeme») manysyny berýär hem-de «ugurda bolmak» diýlip terjime edilýär, eger sözme-söz terjime edilse «*Innovatio*» – «üýtgemeleriň ugrunda» diýmekdir. «Innovation» düşünjäniň özi ilkinji gezek XIX asyrdaky ylmy gözleglerde emele geldi. «Innowasiýa» düşünjesi XX asyrda awstriýaly ykdysadyýetçi Ý. Şumpeteriň ylmy işlerinde ulanyldy. Ýene-de bir edebiýatda innowasiýa sözüne şeýle häsiýetnama berilýär: «Innowasiýa – täze bilimi, adamlaryň durmuşynyň ugurlaryny täzelemek boýunça öň peýdalanmadyk pikiri işläp düzmek we almak üçin intellektual çözgüdi inwestirlemegiň netijesi, hem-de, goşmaça gymmatlyklary kesgitlenen möçberde almak bilen ony ornaşdyrmagyň prosesi. Bu proses öz akymyna gidip bilmeýär, olar dolandyrylmaga mätäç bolup durýar» [2, s. 156].

«Pedagogik innowasiýa prosesi – bu bar bolan okuw-terbiýeçilik işlerine we gurluşlaryna çapraz gelýän täze pedagogik işiň döreýän we ösýän ýagdaýydyr» [3, s. 256] diýip, alym G.K. Salewko öz ylmy kitaplarynda belläp geçýär. Diýmek, innowasiýany pedagogik prosesde ulanmaklyk täze maksatlara, okatmakda we terbiýelemekde täze usullara ýol açýar.

Milli Liderimiziň ýaşlaryň dünýä derejesinde bilim almaklary baradaky aladalaryna mysal edip ýurdumyzda ýokary okuw mekdebiň birnäçesinde iňlis dilinde alnyp barylýan görkezme-okuw sapaklarynda mugallym multimedia tagtalarynyň mümkinçiliklerinden giňden peýdalanýar. Täze enjamlar bilen üpjün edilen umumy

okuw otaglary, lingafon we sinhron otaglary iňlis dilini öwretmekde täze usullara ulanmaga ýol açýar.

Lingafon otaglarynda ulanylýan usul barada aýdamyzda, ilkinji lingafon gurluşlaryň XX asyryň ikinji ýarymynda ýüze çykyp başlamagy audiowizual görnüşde okatmaga şert döredipdir. Emma bu gurluşlar lingafon diýlip atlandyrylsa-da, köpüsi tehniki ses enjamlary (magnitofonlar, proýeksiýa, kinoproýektor we epidiaskop enjamlary) bolupdyr. Lingafon otag – bu wideo-audio we multimedia serişdeleri bilen üpjün edilen, daşary ýurt dillerini ýatdan öwrenmek üçin ýöriteleşdirilen auditoriýadyr. Diýmek, daşary ýurt dillerini okatmakda ekranlaşdyrylan serişdeleri ulanylyp başlanany bäri bu abzallaryň ulanyş häsiýeti üýtgeýär we 60-njy ýyllaryň başlarynda «Dil labaratoriýalarynda» ulanyşa girip başlapdyr. Dil labaratoriýalarynda diňe bir lingafon gurluşlaryna ýer bolman, eýsem, proeksion gurluşlary hem ösüp başlapdyr. Şunlukda, ol usulyýetde iki düşünjede ulanylyp başlanypdyr, giň manyda «dil labaratoriýa», dar manyda bolsa «lingafon gurluşlar» diýlipdir. Lingafon gurluşlarda iş ýerler üç görnüşde enjamlaşdyrylyp bilner: audiopassiw, audioaktiw ýa-da audiokomparatiw.

Audiopassiw gurluşlarda magnitafon arkaly fonogrammany diňlemäge ýardam edýär we bu mugallym tarapyndan dolandyrylýar. Talyplara gürlemäge niýetlenilmedik audiopassiw iş ýerleri ses çykaryjy gulaklyk enjamlary bilen ornaşdyrylýar we onuň sesini öz islegiňe görä sazlap bolýar.

Audioaktiw gurluşlarda audiopassiwden tapawutlylykda, talyplar diňe bir fonogrammany diňlemek bilen çäklenmän, eýsem, gaty ses bilen gürlemek bilen türgenleşip bilýärler. Ol 10 – 20 sany iş ýerleri bilen üpjün edilen bolup, bir wagtyň özünde onlarça talyba daşyndan gürlemäge mümkinçilik döredýär. Onuň wezipesi diňe öz sesiňi eşitmekden ybarat bolman, daşky sesleriň eşidilmezligini hem üpjün edýär.

Audiokomparatiw gurluş talyba öz sesini magnitafona ýazmaga, soňra ýazgyny diňläp, öňki keşbi bilen deňeşdirmäge mümkinçilik berýär. Audiokomparatiw gurluşda her bir iş ýer aýratyn magnitafon bilen üpjün edilmelidir.

Lingafony ulanmak arkaly döredijilik gurşawyny döretmek, talyplary dürli ýetişigi boýunça okatmaga çemeleşmek, tabşyrylan ýumuşlaryň üstünde özbaşdak işlemek ýaly sapagyň maksatlary bardyr. Şeýle hem, mugallymyň we öz gözegçiliginiň üsti bilen daşary ýurt diliniň sözleýşini we äheňini özleşdirmek, okaýanlaryň bilim derejesine gözegçilik etmek, çagalary dialog tertibinde okatmak, geçilen leksiki maglumatlary berkitmek, grammatik maglumatlary gaýtalamak we barlamak, goşgy okamagyň äheňini özleşdirmek we kämilleşdirmek ýaly birnäçe meseleleri çözüp bolýar.

Sinhron otaglary barada belläp geçsek, daşary ýurt hyzmatdaşlary bilen gepleşik geçirilende, köplenç, terjimeçiniň hyzmaty gerek bolýar. Gepleşikleriň üstünlikli geçmeginde terjimeçiniň ussatlygy möhümdir. Gepleşiklerde terjime yzygiderli we birwagtlaýyn görnüşde alnyp barylýar. Çykyş edýän adam birnäçe jümle aýdyp saklanýar we terjimeçä terjime etmäge mümkinçilik döredýär. Häzirki döwürde ýokary okuw mekdepleri sinhron terjimeçiligini öwredýän okuw otaglary bilen üpjün edilendir. Ol otaglarda dil türgenleşigi geçilýär. Bu bolsa terjimeçilik ukybyňy artdyrmaga ýardam edýär.

Giňden ulanylýan internet ulgamy, kompýuter we informasion tehnologiýalar okuw prosesine berk ornaşýar. Internetiň global tory birnäçe peýdaly çeşmeleri hödürleýär.

Häzirki döwürde daşary ýurt dillerini öwrenmekde diňe bir kompýuteriň däl, eýsem, internet serişdeleriniň kömeginden hem peýdalanylýar. Olar dili öwrenmekde gündelik ulanyp bolýan serişdelerdir. Olar gepleşikleri geçirmäge, hat ýazyşmaga, maglumat alyşmaga mümkinçilik döredýär. Internet iki bölekden durýar, ýagny telekommunikasiýa görnüşinden we maglumat çeşmesinden ybaratdyr.

Internet kommunikasiýasynyň hem iki görnüşi bar: asinhron görnüşi maglumat alyş-çalyş etmekde ulanylýar. Sinhron görnüşi daşary ýurtlular bilen gönüden-göni dialog alyp barmaga ýa-da gepleşikleri geçirmäge ýardam edýär. Internet daşary ýurt dilini öwredýän mugallymlara okuw çeşmesi bolup hyzmat edýär. Ol dürli tema degişli tekstleri, audio we wizual materiallary özünde saklaýar.

Daşary ýurt dilini öwrenmekde ýörite maksatnama zerur bolup durýar. Interneti ulanmagyň esasy mümkinçiliklerine aşakdakylar degişlidir:

– elektron poçta mugallym bilen talybyň arasynda gerek bolan materiallary alyş-çalyş etmäge hyzmat edýär;
– BBC internet sahypasy (gepleşikleri, interwýulary, häzirki wagtda bolup geçýän wakalary ýazmak);
– onlaýn wikipedia ensiklopediýasy;
– dürli okuw portallary.

Internet tehnologiýasyny ulanmak çäklendirilmedikdir, ýöne bir zady ýatdan çykarmaly däl: internet – öwretmekde kömek beriji serişde. Mugallymyň wezipesi okuw prosesini öwrenijileriň ukybyna görä guramak bolup durýar.

Multimedia tehnologiýalarynyň kömegi arkaly interaktiw usullarda okuwlary guramak dünýä tejribesinde iň bir netijeli usullaryň biri hökmünde ykrar edilendir. Interaktiw tagtanyň kömegi bilen mugallym talyplara berjek maglumatlaryny kompýutere girizip, akyl tagtada görkezip, onda adaty tagtadaky ýaly işläp bilýär. Şeýlelikde, diňleýjiler temany diňe diňlemek arkaly däl-de, görmek arkaly hem özleşdirip bilýärler.

Interaktiw tagtalar ulanylanda, ýönekeý we islendik kompýuteri dolandyrmak bilen, onuň ekranyna suratlary, dünýä ülňülerini, jetwel goýmak arkaly dürli obýektleri döredip bilýäris. Wideo we interaktiw animasiýalary işe girizmäge, ýerleri reňkler bilen reňklemäge, islendik kompýuter maksatnamasy bilen işlemäge doly mümkinçilik berýär. Interaktiw tehnologiýalary öndüriji kompaniýalar interaktiw tagta bilen bilelikde interaktiw gurluşlary dolandyrmaga, sapagyň gidişinde bellikleri etmäge, umuman, beýleki işleri amala aşyrmaga mümkinçilik berýän ýöriteleşdirilen programma üpjünçiliklerini hem hödürleýärler.

Esasan-da, interaktiw tagtasynyň sapagy guramaçylykly, göreldeli alyp barmakda uly orny bar. Şunlukda, mugallymlaryň pedagogik ussatlygy sapakda artýar, logiki pikirlenişi kämilleşýär.

Türkmenistanyň bilim ulgamynyň dünýäniň bilim giňişligine goşulyşmagy häzirki wagtda hünärmenleri taýýarlamagyň täze ugurlaryny we wezipelerini kesgitledi. Şeýlelikde, häzirki zaman hünärmeniniň zähmet bazaryndaky bäsdeşlige ukyplylygyny ýokarlandyrmakda we halkara ölçeglerine laýyk hünär derejesini ele almagy üçin giň mümkinçilikler döredilendir. Şunuň bilen baglylykda, jemgyýetiň maglumatlaşmagy şertlerinde ýokary ukyply hünärmenleri taýýarlamagyň möhüm şerti hökmünde daşary ýurt dillerini öwrenmek meselesine hem aýratyn üns berilmegi bizi buýsandyrýar.

## EDEBIÝATLAR


1. V.M Monakhov, Topical Questions of Education Informatization [Text] // Educational Technology: Proceedings. – Novosibirsk: IPSE RAE. – 1997. – V. 1.
2. I.S. Serpovskaya, Problems and Perspectives of Education: Proceedings of the International Correspondence Scientific Conf. (Perm, April 2011). V. I. – Perm: Mercury, 2011.
3. G.K. Selevko, Modern Educational Technology: Textbook [Text]. – M.: Education, 1998.

**Çemen BAÝRYÝEWA,**
*Türkmenistanyň Daşary işler ministrliginiň*
*Halkara gatnaşyklary institutynyň*
*dünýä dilleri kafedrasynyň uly mugallymy*

# TÜRKMEN WE IŇLIS DILLERINDE ISIMLERDEN BOLAN SADA HABARYŇ GÖRNÜŞLERINIŇ DEGŞIRME DERŇEWI

Türkmenistanyň Prezidentiniň 2017-nji ýylyň 22-nji dekabrynda 519-njy belgili Karary bilen tassyklanan «Türkmenistanda daşary ýurt dillerini okatmagy kämilleşdirmegiň Konsepsiýasynyň» ýurdumyzyň orta, ýörite, ýokary okuw mekdepleriniň okuw-önümçilik, usuly işlerinde ähmiýeti örän uludyr. Şoňa laýyklykda, iňlis diliniň öwrenilişiniň hilini dünýä standartlaryna laýyk getirmek üçin okatmagyň mazmunyny döwrebaplaşdyrmak, innowasion dil öwrediş tehnologiýalaryny durmuşa ornaşdyrmak meselesi orta çykýar. Türkmen we iňlis dilleriniň sintaksisiniň esasy birligi bolan sözlem gurluşy we ol gurluşy emele getirýän baş agza – habaryň ylmy esasda öwrenilmegi şol meseleleriň hatarynda durýar.

Türkmen diliniň sintaksisi boýunça ylmy çeşmelerde, birnäçe okuw kitaplarynda we gollanmalarda isimlerden bolan goşma habaryň toparlara bölünişi, olaryň görnüşleri barada degişli maglumatlar berilýär. Şu makala ýerine ýetirilende, esasan, S.Jumaýewanyň «Türkmen dilinde ýönekeý sözlemiň baş agzalary», «Türkmen diliniň grammatikasy» (II bölüm. Söz düzüminiň we ýönekeý sözlemiň sintaksisi), «Häzirki zaman türkmen dili – Sintaksis», Häzirki zaman türkmen dili – Morfologiýa» atly işlerde öňe sürlen esasy garaýyşlardan ugur alyndy.

«Işlikden beýleki söz toparlaryndan bolan habara isim habary diýilýär» [1, s. 82]. Türkmen dilinde isimlerden bolan sada habar ýönekeý sözlemlerde işjeň ulanylýar. Baş agzalar gös-göni gatnaşmazdan, türkmen dilinde sözlemiň bu görnüşini hasyl etmek mümkin bolmaýar. Isimler başlangyç şekillerinde-de, kem işligiň affikslerini kabul edenlerinde-de sada habar hyzmatynda gelýär. Isimden bolan sada habar üçin onuň sözlemdäki orny we äheň öwüşgini uly ähmiýete eýedir.

Iňlis dilinde sada habar diňe işlik şekilleri bilen aňladylýar. Bu dile isim şekilleriniň özbaşdaklygyna sada habar aňlatmak hadysasy mahsus däldir. Şonuň üçin hem türkmen dilindäki isimlerden bolan sada habar iňlis dilinde goşma habar modelleriniň birnäçesi arkaly ekwiwalentli berlip bilner.

**Atlardan bolan sada habar we onuň iňlis dilinde ekwiwalentli berlişi.**

Türkmen dilinde atlar sözlemde dürli sintaktik hyzmaty ýerine ýetirmäge ukyplydyr. Olar sözlemde eýe-de, habar-da, aýyklaýjy agza-da bolup bilýärler. Türkmen diliniň ylmy grammatikalarynda atlaryň habar hyzmatyny häsiýetlendirmekde olaryň düşüm, ýöňkeme manylaryny aňladýan şekillerine möhüm ähmiýet berilýär. Şu nukdaýnazardan, türkmen dilinde atlaryň ýerine ýetirýän habar hyzmatyny iňlis dilinde ekwiwalentli aňlatmagy delillendirmek, munuň bilen baglylykda iki dilde ýüze çykýan tapawutlary düşündirmek garalýan meseläniň düýp mazmunyny kesgitleýär.

Türkmen dilinde atlardan bolan sada habar dürli düşüm şekilleri arkaly aňladylýar. Baş düşümde gelen asyl we ýasama atlar sözlemde sada habar bolup gelýärler. Olar sözlemiň eýesiniň kim ýa-da nämedigini anyklaýarlar. Türkmen dilindäki bu habar görnüşi iňlis dilinde *baglaýjy işlik (*The link verb*)+at (the nominal part of the predicate)* ýa-da *baglaýjy işlik (*The link verb*)+artikl (article)+at (the nominal part of the predicate)* nusgasyndaky goşma habar bilen ekwiwalentli berilýär: *Gepimizi aýtsak, sen – perizat, ol bolsa – adamzat // You are a princes and he is a man* [2, s. 35].

Baş düşümde gelen asyl we ýasama atlar ýöňkeme goşulmaly ýa-da goşulmasyz şekilinde bolup, ondan soň hem *-dy, -di* kem işlik affiksini kabul edip, sada habar hyzmatyny ýerine ýetirýärler. Atlaryň asyl we ýasama şekilleri *eken* habarlyk elementi hyzmatyndaky söz yzyndan utgaşan halatynda hem sada habar bolup, ol habar berilýän zat, hadysa barada gepleýän adamyň ýaňy, käwagt bolsa duýdansyzlykda duýandygyny aňladýar. *Eken* sözüniň ýöňkemede üýtgeýändigini hem bellemek gerek. Sada habaryň garalýan görnüşi iňlis dilinde ekwiwalentli berlende, baglaýjy işligiň öten zaman şekili (*was, were*) ulanylýar. Mysal üçin, *Ol kakamyň öz okuwçysydy* [3, s. 60] // *She was my father's student;* [4. 60 p.]. Ýaşuly mugallym il-günüň ýakyn *maslahatçysydy, geňeşdarydy* [3, s. 63] // *The old teacher was everyone's advisor* [4. 61 p.]; *Ol mugallym eken // He was a teacher.*

Baş düşümde gelen asyl we ýasama atlar ýöňkeme goşulmaly ýa-da goşulmasyz şekilinde bolup, ondan soň hem *-dyr, -dir* kem işlik affiksini kabul edip, sada habar hyzmatyny ýerine ýetirýärler: *Ahalteke bedewi biziň buýsanjymyzdyr we şöhratymyzdyr* [3, s. 103] // *Ahalteke horses are our pride and glory* [4. 101 p.].

Türkmen dilinde at ýöneliş düşüm goşulmasyny kabul edip, sözlemde sada habar hyzmatyny ýerine ýetirip, eýe bilen görkezilen düşünjeleriň ugrukdyrylan tarapyny, olaryň kime, nämä degişlidigini görkezýär. Mysal üçin, *Bu kitap Oraza, ol kitap Aşyra // This book is for Oraz, that book is for Ashyr*. Munda *to be* leksik manyly işlik bolup, ol sada habar hyzmatyny ýerine ýetirýär. Türkmen dilindäki

düşüm şekilini ekwiwalentli aňlatmak üçin bolsa, *is* many aňladýan işlik, *for* predlogy we at (Prepositional object) bilen utgaşýar.

Sada habar hyzmatyndaky çykyş düşümde gelen atlar, esasan, eýeden aňlanylýan düşünjäniň nämeden edilendigini, bolýan, ýaşaýan ornuny görkezýärler. Iňlis dilinde sada habaryň bu görnüşini many aňladýan *to be* işliginiň häzirki zaman ýöňkeme şekilleriniň (*am, is, are*) orun ahwalaty bilen utgaşmagy arkaly ekwiwalentli berip bolýar. Mysal üçin, *Men Türkmenistandan* // *I am from Turkmenistan*. Türkmen dilinde *-ly, -li* goşulmasy orun aňladýan asyl atlara goşulanda hem çykyş düşüminiň sintaktik hyzmatyny ýerine ýetirýär. Mysal üçin, *(Ol...) Yzgantly*... [3, s. 118] // (*He*) *is from Yzghant* [4, 118 p.].

**Çalyşmalardan bolan sada habar we onuň iňlis dilinde ekwiwalentli berlişi.**

Häzirki zaman türkmen dilinde sada habar çalyşmalaryň dürli görnüşinden bolup biler. Şunuň bilen birlikde olar söz üýtgediji ýa-da kem işligiň affikslerini kabul edip hem, etmän hem bu hyzmaty ýerine ýetirip bilýärler. Çalyşmalardan bolan sada habarlar olaryň haýsy toparyndandygyna we nähili şekilde gelendigine görä, öz manylary bilen baglanyşykly dürli düşünjeleri aňladýar.

At çalyşmalary kem işligiň affikslerini kabul edip-de, etmän-de habar hyzmatyny ýerine ýetirmäge ukyplydyr. Iňlis dilinde ony ekwiwalentli bermek üçin *to be* baglaýjy işligiň degişli şekili (*am, is, are*) + *artiklli at* utgaşmasy nusgasyndaky goşma habar ulanylýar. Mysal üçin, Şamy *sen, sazandamy sen?* [5, s. 161] // *Are you a prince? Are you a musician?* [6, 181 p.] Türkmen dilinde sada habar hyzmatyny ýerine ýetirýän at çalyşmasy iňlis dilinde (*you*) baş düşüm şekilinde gelip, sözlemiň eýesi bolýar.

Yzyna ilki eýelik düşüm goşulmasyny, soňra *-ky, -ki* goşulmasyny kabul edýän at çalyşmalary sözlemde habar hyzmatyny ýerine ýetirýär. Bu şekildäki at çalyşmalarynyň habar hyzmatyny iňlis dilinde ekwiwalentli bermek üçin *to be* baglaýjy işligiň häzirki zaman şekili (*is*) + degişlilik çalyşmanyň birlik we köplük sandaky ýöňkeme şekilleri (*mine, his, hers, its, ours, yours, theirs*) ýaly isimden bolan goşma habar ulanylýar. Mysal üçin, *Dogry, ynha, bu kitap bolsa siziňki* [3, s. 255] // *And this book is yours* [4, 255 p.].

**Sypatlardan bolan sada habar we onuň iňlis dilinde ekwiwalentli berlişi.**

Häzirki zaman türkmen dilinde asyl we ýasama sypatlaryň köpüsi sözlemiň soňunda gelmek bilen, kem işlik goşulmasyny kabul edip hem, etmän hem habar hyzmatyny ýerine ýetirýärler. Manysy boýunça sypatlardan bolan sada habar, esasan, sözlemiň eýesi babatda dürli aýratynlyklary, alamatlary görkezip bilýärler. Sada habar hyzmatyny ýerine ýetirýän sypatlary: 1) affiksi kabul etmedik sypatlardan bolan sada habar; 2) kem işligiň affiksini kabul eden sypatlardan bolan

sada habar (asyl sypatlaryň yzyna *-dyr/-dir, -dy/-di* affiksleri goşulýar) diýen iki topara bölmek bolýar.

Sada habaryň bu görnüşi, esasan, *is* baglaýjy işlik + sypat nusgasyndaky goşma habar, şeýle hem düzüminde sypatdan bolan habar ulanylýan sözlemler arkaly iňlis dilinde ekwiwalentli berilýär. Mysal üçin, *Bu toprak mukaddesdir* [3, s. 174.] // *This land is sacred;* [4, 174 p.] *Zamana zalymdy* [3, p. 61] // *The times were very hard then* [4, 61 p.].

**Sanlardan bolan sada habar we onuň iňlis dilinde ekwiwalentli berlişi.**

Düýp we tertip sanlar asyl şekillerinde sada habar hyzmatyny ýerine ýetirýär. Munda olar many taýdan sözlemiň eýesiniň sanalmakdaky tertibini we mukdaryny görkezýärler. Sada habar hyzmatyndaky bu sanlar iňlis dilinde ekwiwalentli berlende, esasy sözi isimden bolan goşma habar ulanylýar. Onuň düzümi, adatça, *is (are)* baglaýjy işlikden + sandan ybarat bolýar. Şeýle bolanda iňlis diliniň baglaýjy işligi sözlemiň eýesini habaryň sandan bolan isim bölegi bilen baglanyşdyrýar. Mysal üçin, *Biziň ähilimiz sekiz* // *We are all eight.*

Türkmen dilinde tertip sandan bolup gelen sada habary iňlis diline terjimede ekwiwalentli bermek üçin ýokarda görkezilen utgaşmanyň düzümine sanyň öňünden mälim artikli goşulýar. Mysal üçin, *Selbi sanawda ikinji // Selbi is the second in the list*; *Mart – ýylyň* üçünji aýy // *March is the third month of the year*.

Sanlar özünden soň gelen ölçeg atlaryny aňladýan sözler bilen utgaşykly ulanylanda, olaryň ikisi birlikde habar hyzmatyny ýerine ýetirýär. Habaryň bu görnüşini iňlis dilinde ekwiwalentli bermek üçin *is (are)* baglaýjy işlikden + sandan ybarat isimden bolan goşma habar ulanylýar. Mysal üçin, *Beýleki akaba bolsa Daşoguz akabasydyr, onuň uzynlygy hem 381 kilometrdir* [7, s.188] // *The other canal flows from Dashoguz Velayat and its length is 381 km*. [7. 188 p.]; Türkmen dilinde habar bolup gelen san öz öňündäki eýelik düşümde bolan söz bilen birlikde bir anyk wagty aňladýan bolsa, onda şol sözleriň ikisi birlikde habar hyzmatyny ýerine ýetirýärler. Habar hyzmatyny ýerine ýetirýän san düýp şekilinde hem, onuň soňuna kem işligiň *-dy, -di* goşulmasy goşulyp hem ulanylyp bilner. Bu görnüşli habary iňlis dilinde ekwiwalentli bermek üçin isimden bolan goşma habar ulanylýar. Ol *baglaýjy işlik (was) + mälim artikl (the) + tertip san* söz utgaşmasyndan ybaratdyr. Mysal üçin, Düýn maý *aýynyň bäşidi* // *Yesterday it was the fifth of May.*

**Hallardan bolan sada habar we onuň iňlis dilinde ekwiwalentli berlişi.**

Seýrek hem bolsa, türkmen dilinde hallardan bolan sada habara duş gelmek bolýar. Olar kem işlik affikslerini kabul edip hem, etmän hem bilýärler. Mysal üçin, Şu gün oýnuň başlanyşy birneme *irräk* // *Today the beginning of the game was earlier*. / *Today the game began a bit earlier*; *Emma häzir işler başgaçady* // *But now the case is not properly*. Mysallardan görnüşi ýaly, türkmen dilinde habar

hyzmatyny ýerine ýetirýän hal şekillerini iňlis dilinde ekwiwalentli bermek üçin goşma habar ulanylýar. Ol baglaýjy işlikden (*was, is*) + haldan ybarat bolýar.

Degşirilýän türkmen we iňlis dillerinde diliň esasy aragatnaşyk birligi bolan sözlemiň semantik we sintaktik gurluşynyň bolmagy, düzümindäki sözleriň belli bir tertibe eýermegi, äheňiň dürli görnüşleriniň ulanylmagy, predikatiwligiň we modallygyň aňladylmagy, sözlem agzalarynyň arasyndaky köpdürli özara gatnaşyklaryň bolmagy ýaly birnäçe alamatlara eýedigi subut edildi.

Habar sözlemiň baş agzalarynyň biri bolup, ol söz ýa-da sözleriň utgaşmasyndan ybarat sözlemi gurnaýjy merkezi agzadyr we eýeden has ähmiýetlidir.

Türkmen dilinde habar sözlemiň esasy özeni, ony gurnaýjy merkezdir we grammatik taýdan eýä baglydyr. Düzümi boýunça habaryň sada, goşma we düzümli habar görnüşleri tapawutlandyryldy. Sada we goşma habar isimlerden we işliklerden bolan habar ýaly görnüşlere bölünýär. Işliklerden bolan sada habar işligiň dürli şekilleri bilen aňladylýar. Isimlerden bolan sada habaryň atlardan, çalyşmalardan, sypatlardan, sanlardan, hallardan bolan görnüşleri tapawutlandyryldy.

Türkmen dilinde isimden bolan sada habar üçin onuň sözlemdäki orny we äheň öwüşgini ähmiýetli bolýar. Iňlis diline isim şekilleriniň özbaşdyklygyna sada habar aňlatmak hadysasy mahsus däldir. Şu sebäpden türkmen diliniň isimlerden bolan sada habar görnüşleri iňlis dilinde goşma habaryň birnäçe görnüşi arkaly ekwiwalentli berildi.

Türkmen dilinde baş düşüm şekilindäki asyl we ýasama atlar bilen aňladylan sada habar iňlis dilinde baglaýjy işlik (Link-Verb) + at (The nominal part of the predicate) ýa-da baglaýjy işlik (Link-Verb)+artikl (article)+at (The nominal part of the predicate) nusgasyndaky isimli goşma habar bilen ekwiwalentli berildi.

Görnüşi ýaly, esasy sözi isimlerden bolan sada habar türkmen we iňlis dilleriniň sintaksisinde örän işjeň ulanylýar.

## EDEBIÝATLAR


1. Penjiýew M., Myradow A., Nartyýew N. Häzirki zaman türkmen dili – Sintaksis. Aşgabat, «YLYM». 2002.
2 Gorogly. – Ashgabat, TSPS, 2012.
3. Jürdekow T. Ata arzuwyny amala aşyrýan Agtyk. – A.: TDNG, 2009.
4. Jurdekov T. The Grandson Realizing his Grandfather`s Dream. – A.: Turkmen State Publishing Services, 2009.
5. Mollanepes. Zöhre–Tahyr: [Dessan]: (Mollanepesiň 200 ýyllygyna). – A.: TDNG, 2010.
6. Mollanepes, Zohkre–Tahkir. – Ashgabat, TSPS, 2010.
7. «Diýar» žurnaly. №3, 2013.

**Gülälek ÇOPANOWA,**
*Türkmenistanyň Daşary işler ministrliginiň Halkara gatnaşyklary institutynyň dünýä dilleri kafedrasynyň mugallymy*

# DAŞARY ÝURT DILLERINI ÖWRETMEKDE SANLY TEHNOLOGIÝALARDAN PEÝDALANMAK

Türkmenistan döwletimizde hormatly Prezidentimiziň döwlet syýasatynda kämil hünärmenleri taýýarlamak meselesi babatynda Türkmenistanyň bilim ojaklarynyň maddy-tehniki binýadynyň berkidilmegi, ýurdumyzda ylym-bilim ulgamynyň häzirki zamanyň ösen talaplaryna laýyk derejelere ýetirilmegi, berilýän bilimiň hiliniň ýokary bolmagy üçin bar bolan ähli şertleriň döredilmegi ugrunda meýilnamalaýyn işler amala aşyrylýar. Hormatly Prezidentimiziň belleýşi ýaly: «Bilim bermegiň ýokary standartlaryny ornaşdyrmak, düýpli we amaly ylmy barlaglary goldamak we höweslendirmek, ähli bilim we ylym edaralaryny kompýuterleşdirmek, Interneti ösdürmek, ylym we bilim ulgamynda halkara hyzmatdaşlygyny giňeltmek bu ugurdaky döwlet syýasatynyň esasydyr» [1, s. 29]. Aýdylanlardan ugur almak bilen, ýurdumyzyň ähli bilim ojaklary kuwwatly kompýuter-multimedia serişdeleri, internet ulgamy, interaktiw tagtalary bilen üpjün edilýär we sanly ulgamyň ykdysadyýetiň hemme pudaklaryna ornaşdyrylmagy, ählumumy kompýuter sowatlylygy şu günüň esasy talaplarynyň biri bolup durýar.

Hormatly Prezidentimiziň parasatly baştutanlygynda ýurdumyzyň dünýä ýüzündäki abraý-mertebesiniň ýokarlanmagy, Türkmenistanyň dünýä halklary bilen dostluk, deňhukuklylyk, birek-birege sarpa goýmak däpleriniň has-da dabaralanmagy, jemgyýetiň dürli ugurlarynda milletara gatnaşyklarynyň giňeldilmegi, çuňlaşdyrylmagy we durmuşa geçirilýän beýleki halkara derejesindäki giň gerimli işler daşary ýurt dillerini öwredýän mugallymlaryň öňünde aýratyn jogapkärçiligi döredýär. Bu aýdyň ýörelgeler mugallymlara daşary ýurt dillerini okatmagyň nazaryýetinde we amalyýetinde täze ýollary gözlemäge badalga berýär. Bu ugurda türkmen ýaşlaryna daşary ýurt dillerini öwretmek bilen bir hatarda, şol halklaryň milli aýratynlyklary, ruhy gymmatlyklary, däp-dessurlarydyr yrym-ynançlary, medeniýetleriň aragatnaşygy barada giňişleýin düşünje bermäge iňňän uly orun degişlidir.

«Dil we medeniýet» ýörelgesine laýyklykda, daşary ýurt dillerini öwretmegiň usulyýetinde şol halklaryň dünýägaraýşynyň esaslaryny özünde jemleýän milli medeniýetiň dürli görnüşleri bilen tanyşdyrmak meselesine uly üns berilýär» [2].

Geljekki hünärmenleriň daşary ýurt dillerinde kämil derejede gürläp bilmegini gazanmak maksady bilen sapaklarda öňden gelýän netijeli usullar bilen birlikde adaty däl usullary ulanmak zerurlygy ýüze çykýar. Rus diliniň milli korpusy (mundan beýläk RDMK) sanly elektron (internet) sahypasynda ençeme million söz gory möçberindäki häzirki zaman rus diliniň korpusy ýerleşdirilen, bu elektron görnüşdäki maglumatlar ulgamynda rus diliniň tekstler ýygyndysy esas bolup hyzmat edýär.

RDMK rus dili mugallymlaryna we bu dili öwrenýän talyplara giň mümkinçilikleri açýar, çünki «dilçi mugallym üçin ähmiýetli gural hökmünde dil birliklerine asyl kontekstde gözegçilik etmäge mümkinçilikleri döredýän *doly tekstli düýpli maglumatlar* hyzmat etmelidir» [3, s. 21] we bu gural hökmünde RDMG çykyş edip biler.

Tekst rejegäriniň işini hasaba almanymyzda, RDMK dilçi mugallym we dili öwrenýän ýaş gözegçi üçin kompýuterden peýdalanmagyň iň bir amatly serişdesidir. Şonuň üçin hem, bu çeşme bilen baglanyşykly amaly işi talyplar üçin Informatika dersinden okuw meýilnamasyna goşup, ony Hünäri boýunça rus dili dersiniň gönükmeleri bilen sazlaşdyrsak dogry bolar diýip hasap edýäris.

Ýönekeý gönükme birnäçe gezek okalan we ýat tutulan nazary maglumatlardan has köp düşünje bermäge ukyply. Mysal üçin, распределить употребления какого-нибудь многозначного слова по разным частям речи – islendik köp manyly sözüň dürli söz toparlarynda ulanylyşyny kesgitlemek gowy netije berer.

RDMK grammatik düşündirişdäki boşluklary dolduryp, okuw kitabynyň dili bilen rus adamynyň diliniň arasyndaky özboluşly «köpri» bolup hyzmat edýär. RDMK-niň kömegi bilen türkmen talyplary özlerini gyzyklandyrýan sözüň dogry ýazylyşyny barlap bilýärler we şol dil birliginiň hereketine özüniň asyl nusgasynda gözegçilik etmäge mümkinçilik alýarlar, zerurlyk ýüze çyksa, rus dili dersinde gönükmeler ýerine ýetirilende belli bir grammatik ýa-da semantik häsiýetnama boýunça gözlegi amala aşyryp bilýärler.

Şu ýerde semantik häsiýetnama boýunça gözlegiň ýerine ýetirilişiniň mysalyny görkezmek isleýäris. Esasy modulyň üçünji penjiresi «semantik alamatlary» («семантические признаки») diýip bellenilen. Semantik alamatlaryň jetweli «semantik alamatlary» penjiresiniň aşagynda ýerleşen «saýlamak» atly düwmäniň kömegi bilen açylýar.

Bizde kesgitli däl düşünjeleri, alamatlary, hereketleri, häsiýetleri we ýagdaýlary atlandyrýan rus diliniň abstrakt (hyýaly) atlary gyzyklanma döredýär. Düzgün

boýunça, rus diliniň abstrakt atlary ýa diňe birlik (meselem, дружба, уверенность, правда, бег, справедливость) ýa-da diňe köplük sanda (meselem, каникулы, сутки, прятки) ulanylýar.

Abstrakt atlaryň köplük sanynyň degişli görnüşleri kesgitli däl alamatlary, häsiýetleri, hereketleri ýa-da ýagdaýlary olaryň seýrek duşýan ýüze çykmalarynda aňladyp bilýärler. Şol sanda sözüň leksik manysy takyklaşyp, täze many öwüşginlerine eýe bolup bilýär. Meselem, радость – радости, задание – задания, страх – страхи. [4]. Mundan başga-da, rus abstrakt atlarynyň aňladýan düşünjelerini duýgy organlary bilen kabul edip bolmaýar hem-de abstrakt atlar anyk (konkret) atlara gapma-garşy goýulýar.

Sagdyn pikir ýöretmesine laýyklykda, reňk diňe göze görünýän maddy zatlarda, ýagny anyk (konkret) atlarda bolup bilýär, göze görünmeýän zatlarda bolsa reňk bolup bilmeýär [5, s. 26]. Biz bu çaklamamyzyň anykdygyna ýa-da anyk däldigine RDMK-nyň kömegi bilen göz ýetirip bileris. Şunlukda, **biziň maksadymyz** – abstrakt atlarda reňkiň bardygyny ýa-da ýokdugyny anyklamak.

Biz şeýle gözlegi kesgitläp bilýäris: «прилагательное со значением цвета + непредметное существительное» («reňk aňladýan sypat + abstrakt at»):

Слово Грамм. признаки выбрать Семант. признаки выбрать

| | | |
|---|---|---|
| | **A** | **t:physq:color** |

Слово Грамм. признаки выбрать Семант. признаки выбрать

| | | |
|---|---|---|
| | **S** | **r:abstr** |

Biziň çaklamamyzyň tersine, şu hili gözleg 213.700-e golaý mysal görkezýär. Grammatik «gözlegde» hem bolşy ýaly, bu sözlemleriň köp bölegi diňe bir mysal bolup durýar. Sözde birnäçe manynyň bardygy üçin şol dil birliginde birnäçe semantik bellikler bolup biler, emma gözleg meýilnamasy manyny we şol manynyň nyşanyny, ýagny belligini özbaşdak anyklamaga ukyply däl, şol sebäpli hem meýilnama belli bir möçberde «ýalňyş» bolup, gözlege gabat gelmeýän söz düzümlerini görkezýär. Meselem, защитный sypaty «gorag» manysy bilen bir hatarda reňki hem aňladýar: защитная гимнастерка «çalymtyl ýaşyl reňk», «nas reňk». Hut şol sebäpli hem korpus защитный слой söz düzümini çykarýar.

Edil şonuň ýaly ýagdaý светлые дни (ýagty, bagtly günler) mysaly bilen hem bolup geçýär. Bu ýerde светлый sypaty «esasy reňk bilen deňeşdireniňde goýy däl, doýgun däl» ýaly manylary däl-de, «şatlykly, begençli, ýatda galyjy» manylaryny aňladýar.



11. Sargyt № 2479

Korpus abstrakt atlar bilen химический sypatynyň bilelikdäki utgaşmalarynyň köp sanlysynyň mysallaryny görkezdi. Korpusyň görkezmelerinde химический sypaty *химический закон, анализ; химическое рассуждение, потребление; химическая наука, модификация, реакция* we beýleki mysallarda bolşy ýaly, «himiýanyň hadysalaryna, prosesine degişli» diýen manyny aňladýar. Bu ýagdaý *химический* sypatynyň ýokarda agzalan manysyndan başga-da «(reňk barada) ýasama» manysynyň bardygy bilen düşündirilýär. Meselem, *леденец химического цвета* (ýasama reňkli horaz süýji), *химическая блондинка* (ýasama agymtyl sary saçly zenan).

Mysallaryň ýarysy metafora, şol sanda durnukly söz düzümleri hökmünde çykyş edýärler: *черный вторник, черная работа, черный рынок, яркое впечатление, серая масса, черная грусть*. Mundan başga mysallaryň içinde metonimiýanyň ulanylyşy hem gabat gelýär: *красный террор* – террор, осуществляемый красными, названными так по цвету красного знамени.

**Barlagyň netijesine görä**, biziň ilkibaşdaky çaklamamyz, ýagny abstrakt atlarda reňk bolmaýar diýen pikirimiz dogry bolup çykdy, çünki reňk aňladýan sypatlar abstrakt atlar bilen utgaşyklykda özleriniň göçme manylarynda ulanylýar. Umuman alanymyzda, olar reňki aňlatmaýarlar.

*Semantik alamatlary* boýunça gözlegi rus dili dersinde ösüşe gönükdirilen oýunlaryň dowamynda we döredijilik ýumuşlary taýýarlanylanda hem amala aşyrmak mümkin.

Şu günki ýaş nesil kompýuterleşme döwründe ulalýar, olar internet çeşmelerinden giňden peýdalanýarlar. Talyplar üçin RDMK-nyň kömegi bilen lingwistik gözlegleri ýerine ýetirmek özüne çekiji bolar, şeýle hem türkmen ýaşlary bu ulgamdan peýdalanmak bilen öz öňlerinde dürli meseleleri goýup, dil maglumatlaryny ýygnap, olary derňäp, özbaşdak ýaş alym hökmünde dil endiklerini artdyryp bilerler.

## EDEBIÝATLAR


1. *Gurbanguly Berdimuhamedow*. Bilim-bagtyýarlyk, ruhubelentlik, rowaçlyk. – Aşgabat: Türkmen döwlet neşirýat gullugy, 2014.
2. Игошина О.А. Лингвокультурологический анализ фольклорного текста при обучении русскому языку немецкоязычных студентов: автореф. дис. …канд. педагог. наук: 13.00.02 / О.А. Игошина; С.-Петерб. [Elektron çeşme]: http://www.dissercat.com.
3. Киеня С.Н. Национальные корпуса в социолингвистическом аспекте (на материале Национального корпуса русского языка и Британского

национального корпуса): автореф. магистр. дис. …магистра филол. наук / С.Н. Киеня. – Гродно, 2010.
4. Абстрактные и конкретные имена существительные / Ярус портал русского языка – http://yarus.aspu.ru.
5. Использование Интернет-ресурсов в школьном обучении: Национальный корпус русского языка / Г.И. Кустова // Русский язык в школе. – 2009. – №10.

**Ogulbeg GAZAKOWA,**
*Türkmenistanyň Daşary işler ministrliginiň*
*Halkara gatnaşyklary institutynyň*
*dünýä dilleri kafedrasynyň mugallymy*

# TÜRKMEN-FRANSUZ DILLERINIŇ SÖZ ÝASAÝJY GOŞULMALARYNYŇ DEGŞIRME DERŇEWI

**Türkmenistanyň Prezidenti**
**Gurbanguly Berdimuhamedow:**

*« – Dilde halkyň ruhy ýaşaýar»* [1].

Halkyň ruhy dünýäsiniň aýnasy bolan türkmen dili halkymyzyň köp asyrlyk baý, şahyrana dünýäsini özünde jemleýär. Türkmen milletiniň kalbynda orun tutan ene dilimiz halkyň milli durkuny, ruhy ýaşaýşynyň esaslaryny, arzuw-telwaslarynyň gözelligini, beýik duýgularyny inçeligi bilen beýan etmäge ukyplydyr. Garaşsyz, baky Bitarap döwletimiziň ynsany jemgyýetiň baş baýlygy hökmünde yglan edýän Baş Kanuny, buýsançly Baýdagy, owadan Tugrasy, köňülleriň aýdymy bolup ýaňlanýan Döwlet Senasy ýaly onuň döwlet dili-de baky mukaddeslikleriň biridir [2, s. 7].

Sözüň taryhy halkyň taryhy bilen berk baglanyşykly bolany üçin dildäki sözleriň gelip çykyşyny, aňladýan manysyny anyklamagyň möhüm ähmiýeti bar.

Sözüň köküni, onuň göterýän many ýüküni yzarlamagyň özi eýýäm ylmy açyşa tarap ädilen ilkinji ädim hasaplanylýar. Mundan iki ýarym müň ýyl çemesi öň ýaşap geçen ýunan alymy Eflatun (Platon) «Närselere dakylan atlaryň özenini anyklap bilseňiz, ol zatlaryň özüne-de ýeňil göz ýetirersiňiz» diýip, ýöne ýere aýtmandyr [3, s. 9].

Sözleriň köküni yzarlamak meselesi juda irki dilçileriň hem üns merkezinde bolupdyr. Baryp Rim imperiýasynda uly rowaçlyga eýe bolan dilçilik biliminde

sözleriň köküni yzarlaýan ýörite ugur döredilip, oňa *etimologiýa* diýip at berlipdir. Bu söz *etimon* («asyl», «kök») we *logos* («söz», «taglymat») sözlerinden düzülip, «sözleriň asly baradaky ylmy taglymat» diýen manyny aňladýar. Beýik türkmen dilçisi Mahmyt Kaşgarly baryp 1068 – 1072-nji ýyllarda tamamlan «Türki sözleriň diwany» atly 3 jiltlik ajaýyp eserinde «sözüň asly» manysynda *kök* (söz köki) adalgasyny ulanypdyr we türki sözleriň köküni anyklamak baradaky taglymatyň binýadyny tutupdyr. «Diwanda» köki dogry kesgitlenen sözler ýüzlerçedir.

Dil biliminiň söz köki pudagy ylmyň ir eýýamyndan häzirki güne çenli okyjylar köpçüliginiň ünsüni özüne çekýän gyzykly ugry hasaplanýar [3, s. 10].

**Morfologiýa** dil biliminiň grammatika bölüminiň bir şahasy bolup, diliň grammatik gurluşyny öwrenýän ylymdyr. Morfologiýa adalgasy aslynda *morphe* – şekil, *logos* – düşünje, ylym, taglymat diýen manylary aňladýan grek sözündendir [4, 18 s.].

Morfologiýa sözleriň üýtgeýşini, şekillerini, olaryň haýsy söz toparyna degişlidigini we söz toparlarynyň her birine mahsus grammatik kategoriýalary öwredýär. Morfologiýa sintaksis bilen birlikde grammatikany emele getirýär.

Ol diliň fonetika, leksika, söz ýasalyş we stilistika bölümleri bilen, şeýle-de, orfografiýa we orfoepiýa bilen hem berk baglanyşyklydyr.

Sözler leksika-semantik, morfologik we sintaktik ýörelgeler esasynda söz toparlaryna bölünýär.

1. *Esasy söz toparlary*: atlar, sypatlar, sanlar, çalyşmalar, işlikler, hallar.

2. *Kömekçi söz toparlary*: sözsoňular we kömekçi atlar, baglaýjylar, ownuk bölekler, modal sözler, ümlükler, ses we şekil aňladýan sözler.

Sözüň many aňladýan iň kiçi bölegine ***morfema*** diýilýär.

Morfologiýada grammatik kategoriýa, grammatik many, grammatik norma ýaly düşünjeler bar: *grammatik kategoriýa* – grammatik ýol bilen aňladylýan birmeňzeş grammatik hadysalaryň, şekilleriň jemi (düşüm, degişlilik, san kategoriýasy; zaman, şahs-san, dereje kategoriýasy...); *grammatik many* – sözüň leksik manysyndan tapawutlanyp, onuň grammatik many we şekil taýdan haýsy söz toparyna, sana, ýöňkemä, düşüme, zamana, derejä we ş.m. degişlidiginiň aňladylyşy; *grammatik norma* – belli bir dilde kabul edilen, düzgüne salnan, berjaý edilmegi talap edilýän grammatik kadalaryň jemi; *grammatik kada* – bu sözleriň, söz düzümleriniň we sözlemleriň gurluşy, baglanyşygy we ş.m. grammatik kanunalaýyklyk baradaky düzgün, kada; *grammatik serişde* – grammatik manylaryň aňladylmagy üçin ulanylýar. Türkmen dilinde grammatik serişdelere *goşulma, kömekçi söz, sözleriň tertibi*; goşmaça serişdelere hem *heň, basym*, *säginme* degişlidir [5, s. 11].

Morfologik söz ýasalyş ýoly bilen atlar dürli söz toparlaryndan birnäçe at ýasaýjy goşulmalaryň kömegi bilen ýasalýar:

***-çy, -çi:*** *awçy, aýdymçy, gurluşykçy, halyçy, işçi, suwagçy*

***-lyk***, ***-lik***, ***-luk***, ***-lük***: çagalyk, ellik, gözellik, bäşlik, onluk

***-çylyk, -çilik:*** *bagşyçylyk, çarwaçylyk, düýedarçylyk, ekerançylyk, lukmançylyk*

***-daş***, ***-deş***: *atdaş, dertdeş, egindeş, işdeş, obadaş, watandaşlar* [6, s. 1]

***-ak***, ***-ek***, ***-k***, ***-yk***, ***-ik***: *darak, elek, orak, susak, ýatak*

***-ym***, ***-im***, ***-m***: *basym, bilim, bölüm, oýnam, ýygym*

***-gyç***, ***-giç***, ***-guç***, ***-güç***, -ç: *bozguç, dürtgüç, guýguç, gyrgyç, oturgyç; begenç, ynanç*

***-gy***, ***-gi***: *algy, bergi, duýgy, urgy*

***-alga***, ***-elge***: *duralga, gaçybatalga, gonalga, sümelge,* ýörelge

***-gyn***, ***-gin***: *gyrgyn, joşgun, sürgün, ýangyn*.

Bulardan başga-da, atdan at ýasamaga aşakdaky ýaly affikslerem gatnaşýarlar:

***-hana***: çaýhana, dermanhana, kärhana, ussahana

***-nama***: *beýannama, ähtnama, jarnama, şertnama*

***-hor***: *adamhor*, *ganhor, mugthor*

***-keş***: *arabakeş, arakkeş, çilimkeş*

***-şynas:*** *edebiýatşynas, gündogarşynas, sazşynas* [4, s. 27-29], [5, s. 18-21].

Sypatlaryň morfologik ýol bilen ýasalyşyna birnäçe sypat ýasaýjy goşulmalaryň kömegi bilen dürli söz toparlaryndan ýasalan sypatlar degişlidir:

***-ly***, ***-li***: *akylly-başly* maşgala, *hormatly* myhman, *miweli* agaç

***-syz***, ***-siz***: *duzsuz* nahar, *suwsuz* ýap, *ýolsuz-ýodasyz* ýer

***-lyk***, ***-lik***, ***-luk***, ***-lük***: *gumluk* ýer, iýmlik däne*, otluk* meýdan*, ýazlyk* bugdaý

***-lak***, ***-lek***: *burunlak* adam, *eginlek* pälwan, *murtlak* ýigit, *süňklek* mal

***-daş***, ***-deş***: *pikirdeş* adam*, süýtdeş* dogan*, syrdaş* dost, ýürekdeş zenan

***-ky***, ***-ki***: çetki öý, *ertirki* iş, *gyşky* synag, *ilerki* oba, *ortaky* tam

***-ak***, ***-ek***, ***-k***: *agsak* towşan, *gorkak* adam, *süsek* goç, ürkek mal

***-gyr***, ***-gir***, ***-gur***, ***-gür***: *algyr* laçyn, *duýgur* adam, *kesgir* dil, ötgür pyçak

***-jaň***, ***-jeň***: *namysjaň* adam, *nebisjeň* ussa, öwünjeň oglan, *zeýrenjeň* aýal [4, s. 56-60], [5, s. 43-44].

Häzirki zaman türkmen dilinde alynma sözleriň düzümi bilen geçen ***-keş*** (*janypkeş* dost, *jepakeş* daýhan), ***-dar*** (*algydar* adam, *bergidar* goňşy, *ynamdar* wekil), ***-kär***, ***-gär*** (*günäkär* adam, *hilegär* tilki), ***bi-***, köplenç, sözüň öňünden goşulyp, goşulan sözüne ret ediji, ýokluk manysyny berýän goşulma: *biabraý, biadyl, biakyl, bialaç, bibaş, bibat, biçäre, bidäne, bidöwlet, biedep, bigadyr, bigünä, bihabar, bikanun, bikarar, bikär, bimamla, biparh, bisabyr, bitarap, bitaý, bitertip, biwepa, biynjalyk* [2, s. 147].

*Many, söz aňlamaz* ***biakyl*** *adam* (Magtymguly).

*Abat bolmaz, durmaz döwlet,*

*Hiç ülke **bibaş** bolmasyn* (Magtymguly).
*Abat öýüň bilbili, **bibat*** öýüň baýguşy (Nakyl).
*Iliňden gitseň awara,*
Şonda bolar sen ***biçäre*** (Magtymguly).
*Bir **bidöwlet** bilen birge bolynçaň,*
*Döwletliniň gapysynda gul bolgul* (Magtymguly).
***Bigadyr** gardaşdan gadyrly ýat hem,*
*Nadan dostdan dana duşman ýagşydyr* (Zelili).
***Bisabyr** gul tiz ýolugar belaga,*
*Sabyrly gul dura-bara şat bolar* (Magtymguly).

***Bet-***, sözüň öňünden goşulyp, goşulan sözüne erbetlik ýokundysyny berýär: *betbagt, betgelşik, betgüman, betgylyk, betnebis, betniýet, betnyşan* [2, s. 142].

***Betgylyk** adam ýanynda,*
Ýagşylyk är pähim eder (Magtymguly).
«***Betnyşan*** ördejik» (Hans Kristian Andersen)

***Nä-***, sözüň öňünden goşulyp, ýoklugy aňladýan goşulma: *näbelet, näbelli, nädogry, nähajat*, *nähak, nämährem, nämälim, närazy, näsag, näsaz, nätakyk, nätanyş, näumyt* [7, 124 s.].

*Ederini bilmeze ýagy **nähajat**!* (Nakyl).
*Adybeg yzy **binyşan** gitdi diýip, men **näumyt** bolup ýördüm* («Görogly»).
*Onuň derde dözümli kalby **närahatlyk** bilen urýardy (G. Kulyýew).*

ýaly alynma sypat ýasaýjy goşulmalar hem ulanylýar [5, s. 43-44].

Fransuz dilinde morfologik söz ýasalyş belli bir söz ýasalyş nusgalary boýunça dürli formal serişdeleriň kömegi bilen ozal bar bolan formalary üýtgetmek bilen täze sözleri ýasamagy göz öňünde tutýar. Söz ýasalyşyň morfologik tipine suffiksasiýa (goşulmalar), prefiksasiýa, goşma sözler, abbrewiaturalar, alynma sözler degişlidir.

Häzirki zaman fransuz diliniň söz ýasalyş ulgamynyň has netijeli usullary hökmünde suffiksasiýa we prefiksasiýa bu makalada seredip geçeliň.

Suffiksleriň sözüň ol ýa-da beýleki söz toparyna degişlidigini görkezip bilýändigini bellemek gerek, käwagt olar täze sözüň leksika-semantik toparyny görkezýärler [8, s. 1].

Täze leksiki birlikleri ýasamaga işjeň gatnaşýan käbir suffiksler, köplenç, işlikleriň, atlaryň we sypatlaryň köküne goşulýan söz ýasaýjy suffikslerdir:

***-ade***: glisser v – *glissade f* (sypma), promener v – *promenade f* (gezelenç).

***-age*** suffiksi işliklerden täze sözleri ýasap, hereketi ýa-da onuň netijesini aňladýan atlary ýasamak üçin ulanylýar, mysal üçin, arracher v – *arrachage m* (goparma, sogurma), bavarder v – *bavardage m* (gybat), garer v – *garage m* (garaž),

laver v – *lavage m* (ýuwma), masser *v* – *massage m* (owkalama), voyager *v* – *voyage m* (syýahat).

***-ée:*** arriver v – *arrivée f* (gelme), dicter *v* – *dictée f* (diktant), entrer v – *entrée f* (girelge), monter v – *montée f* (galdyrma, ýokary göterilme), penser v – *pensée f* (pikir), rentrer v – *rentrée f* (gaýdyp gelme, täze okuw ýylynyň başlanmagy).

***-ment***: allonger v – *allongement m* (uzama), changer *v* – *changement m* (üýtgeme), enseigner v – *enseignement m* (okatma, öwretme), trembler *v* – *tremblement m* (titreme), vêtir v – *vêtement m* (geýim, egin-eşik).

***-tion***: collaborer v – *collaboration f* (hyzmatdaşlyk), naviguer *v* – *navigation f* (ýüzme), organiser v – *organisation f* (gurama), proposer *v* – *proposition f* (teklip)

***-ture***: clore v – *clôture f* (ýapylyş), frire v – *friture f* (fritýur; gowrulan balyk), ouvrir v – *ouverture f* (açylyş).

***-té***: égal adj – égalité f (deňlik), fier adj – *fierté f* (buýsanç), libre adj – *liberté f* (azatlyk), pauvre adj – *pauvreté f* (garyplyk), solide adj – *solidité f* (berklik).

***-esse***: gentille adj – *gentillesse f* (mylakatlylyk), jeune *adj* – *jeunesse f* (ýaşlyk), riche adj – *richesse f* (baýlyk), vieille adj – *vieillesse f* (garrylyk).

***-ier***, ***-ière***: cuisine *f* – *cuisinière f* (aşpez), école f – écolière f (mekdep okuwçysy), ferme f – *fermier m* (fermer), jardin m – *jardinier m* (bagban), plomb m – *plombier m* (santehnik), pompe f – *pompier m* (ýangyn söndüriji).

***-iste***: dent f – *dentiste m* (dişçi), fleur f – *fleuriste m* (gülçi), journal m – *journaliste m* (žurnalist), piano m – *pianiste m* (pianinoçy), violon *m* – *violoniste m* (skripkaçy)

***-eur***, ***-euse***: coiffer *v* – *coiffeuse f* (dellek), danser *v* – *danseuse f* (tansçy), jouer *v* – *joueur m* (oýunçy), vendre v – *vendeur m* (satyjy).

***-teur***, ***-trice****:* diriger *v* – *directeur m* (müdir), instituer *v* – *instituteur m* (başlangyç synp mugallymy), protéger *v* – *protecteur m* (goragçy), traduire *v* – *traductrice f* (terjimeçi).

***-erie***: épice f – épicerie *f* (bakaleýa), horloge *f* – *horlogerie f* (sagat ussahanasy), lait *m* – *laiterie f* (süýt önümleri dükany), parfum *m* – *parfumerie f* (parfýumeriýa), poisson *m* – *poissonnerie f* (balyk dükany).

***-able***: accepter *v* – *acceptable adj* (kabul edip bolýan), changer *v* – *changeable adj* (üýtgäp durýan, durnuksyz), durer *v* – *durable adj* (durnukly, dowamly), manger v – *mangeable adj* (iýip bolýan), porter *v* – *portable adj* (ykjam, ýanyň bilen alyp gidip bolýan), confort *m* – *confortable adj* (rahat, oňaýly), vérité *f* – *véritable adj* (hakyky, çyn).

***-eux***, ***-euse***: caprice *m* – *capricieuse adj* (ynjyk, näzli), courage m – *courageux adj* (batyr), danger *m* – *dangereux adj* (howply), paresse f – *paresseuse adj* (ýalta)

***-ique***: démocratie *f – démocratique adj* (demokratik), diplomatie *f – diplomatique adj* (diplomatik), écologie *f* – écologique adj (ekologik), économie *f* – économique *adj* (ykdysady), histoire *f – historique adj* (taryhy), sympathie *f – sympathique adj* (gelşikli).

***-ant***: conquérir *v – conquérant m* (basyp alyjy), enseigner v – *enseignant m* (mugallym), étudier *v* – étudiant *m* (talyp), gagner v – *gagnant m* (ýeňiji), habiter v – *habitant m* (ýaşaýjy), participer v – *participant m* (gatnaşyjy), passer v – *passant m* (ötegçi, geçip barýan adam).

***-isme***: héros *m – héroïsme m* (gahrymançylyk), humanité *f – humanisme m* (gumanizm, ynsanyýet), patriote *m – patriotisme m* (watansöýüjilik), réalité *f – réalisme m* (realizm, reallyk) [9, стр. 85 – 89].

Prefiksler goşulanda sözüň manysy üýtgese-de, söz topary üýtgemeýär:

***re-***, ***ré-***: *recommencer v* (täzeden başlamak), *redire v* (ýene aýtmak), *relire v* (gaýtadan okamak), *réécrire v* (ýene ýazmak).

Käbir prefiksler gapma-garşylygy aňladýar:

***in-*** / ***ex-***: *inclure v* (goşmak) – *exclure v* (aýyrmak), *intérieur adj* (içki) – *extérieur adj* (daşky)

***sur-*** / ***sous-***: *surproduction f* (artyk öndürme) – *sous-production f* (kem öndürme)

***dés-***: *désespoir m* (näumytlyk), *désordre m* (bitertiplik), *déshabiller v* (eşigi çykarmak), *désintéresser v* (gyzyklanmazlyk), *désobéir v* (diýen etmezlik)

***il-***: *illégal adj* (bikanun), *illettré adj* (bisowat), *illimité adj* (serhetsiz, çäklendirilmedik), *illisible adj* (okap bolmaýan), *illogique adj* (logika gabat gelmeýän)

***im-***: *impatience f* (sabyrsyzlyk), *imprudence f* (seresapsyzlyk), *immortel adj* (ölmeýän, baky), *impair adj* (jübüt däl, täk), *impoli adj* (biedep), *impossible adj* (mümkin däl, ýerine ýetirip bolmajak).

***in-***: *inattendu adj* (garaşylmadyk), *inconnu adj*, *m* (nätanyş), *indéfini adj* (nämälim), *indépendant adj* (garaşsyz), *infidèle adj* (biwepa), *inoubliable adj* (unudylmajak), *instable adj* (durnuksyz), *insupportable adj* (çydap bolmaýan), *invisible adj* (görünmeýän).

***ir-***: *irréalisable adj* (amala aşyrylmajak), *irréel adj* (hakyky däl), *irrégulier adj* (yzygider däl, üýtgäp durýan), *irresponsable adj* (jogapkärçiliksiz).

***mal-***: *maladresse f* (tagaşyksyzlyk, ebeteýsizlik), *malchance f* (şowsuzlyk), *malheureux adj* (betbagt), *malpropre adj* (hapysa).

***mé-***: *mécontent adj* (närazy, nägile), *méconnaître v* (sylamazlyk, hasap etmezlik), *mésaventure f* (hupbat, hatarly ýagdaý) [10, стр.16].

Deňeşdirilýän dillerde sözlerden goşulmalaryň üsti bilen sözleriň ýasalmagy dilleriň grammatikasynyň özara meňzeşligini, ýakynlygyny aňladyp, dilleri öwrenmekde uly mümkinçilik döredýändigini görkezýär.

Netijede, dürli dil maşgalasyna degişli bolan türkmen we fransuz dillerinde atlardan, sypatlardan, işliklerden morfologik ýol bilen söz ýasalýar we kesp-käri, gapma-garşylygy aňladýan söz ýasaýjy goşulmalar iki dile-de mahsus. Ýeri gelende, şular ýaly söz ýasalyşyň iňlis dilinde-de bardygyny bellemek gerek. Fransuz ýazyjysy Stendalyň (*Marie-Henri Beyle Stendhal*): «Diliň esasy aýratynlygy onuň aýdyňlygyndadyr» [9, стр. 6] diýip belleýşi ýaly, dilleri degşirip, düşünip öwrenmegiň netijesinde dostluk köprülerini gurup, dürli gatnaşyklary ýola goýup bolýar.

## EDEBIÝATLAR


1. Türkmenistanyň Prezidentiniň 2017-nji ýylyň 22-nji dekabrynda çykaran 519-njy Karary bilen tassyklanan Türkmenistanda daşary ýurt dillerini okatmagy kämilleşdirmegiň Konsepsiýasy.
2. Türkmen diliniň düşündirişli sözlügi. Iki tomluk. I tom. A-Ž. – A.: Türkmen döwlet neşirýat gullugy. 2016.
3. *Atanyýazow S*. Türkmen diliniň sözköki (etimologik) sözlügi. – A.: Türkmenistanyň milli medeniýet «Miras» merkezi, 2004.
4. Häzirki zaman türkmen dili. Morfologiýa. Ýokary we orta hünär okuw mekdepleri üçin okuw gollanmasy. – A.: Türkmen döwlet neşirýat gullugy. 2015.
5. Petjikowa M. we başg. Türkmen dili. Morfologiýa. Ýokary okuw mekdepleri üçin okuw kitaby. – A.: Türkmen döwlet neşirýat gullugy. 2018.
6. «Türkmen dili» gazeti. 02.01.2019 ý., №1 (984).
7. Türkmen diliniň düşündirişli sözlügi. Iki tomluk. II tom. K-Z. – A.: Türkmen döwlet neşirýat gullugy. 2016.
8. Н. А. Ермакова. Морфологические способы словообразования во французском языке. (Пятигорский государственный университет)
9. Аянот Н. А. Французский язык. Справочник школьника и студента. – Донецк: ООО ПКФ «БАО», 2005.
10. Guy Capelle, Noëlle Gidon, Marisa Cavalli. Fréquence jeunes 1: méthode de français. Saint Germain, Paris: Hachette Livre, 1994.

**Osman HEMZAÝEW,**
*Türkmenistanyň Daşary işler ministrliginiň Halkara gatnaşyklary institutynyň dünýä dilleri kafedrasynyň uly mygallymy*

# DAŞARY ÝURT DILLERINI ÖWRETMEKDE INTERAKTIW USULLARYŇ ÄHMIÝETI

Mugallymlar ýurduň geljekki ykbalynyň binagärleridir. Mugallymyň esasy maksady jemgyýetde häzirki zaman dünýäsi bilen aýakdaş gidýän şahslary kemala getirmekden we olary giň dünýägaraýyşly edip ýetişdirmekden ybaratdyr.

Türkmenistan döwletimiziň halkara gatnaşyklary ulgamynyň günsaýyn ösýän wagtynda daşary ýurt dillerine ussatlyk bilen erk edýän hünärmenleriň zerurlygy döwrüň möhüm talaplarynyň biri bolup durýar. Hormatly Prezidentimiz Gurbanguly Berdimuhamedow: «Berkarar döwletimiziň bagtyýarlyk döwründe biziň öňde goýýan esasy wezipämiz bilimiň hilini has-da ýokarlandyrmakdan ybaratdyr» diýip bellemek bilen, dünýä dillerini kämil öwrenmegi milli ylym-bilim ulgamyny ösdürmegiň esasy şertleriniň biri hökmünde öňe sürýär. Şonuň üçin bu ugurda ýaşlara dünýä dilleriniň birnäçesini çuňlaşdyryp öwretmek boýunça ýörite döwlet syýasaty alnyp barylýar. Muňa 2017-nji ýylyň 22-nji dekabrynda hormatly Prezidentimiziň «Türkmenistanda daşary ýurt dillerini okatmagy kämilleşdirmegiň Konsepsiýasy hakynda» ýörite Karara gol çekmegi-de aýdyň delildir.

Bu belent wezipäni çözmek bolsa, sapaklarda täze tehnologiýalary peýdalanmak, talyplaryň işjeňligini artdyrmak, öwrenilýän okuw dersine bolan söýgini ösdürmek bilen pugta baglanyşyklydyr. Şonuň üçin hem häzirki döwürde orta hünär we ýokary okuw mekdeplerinde multimedia tehnologiýalaryny peýdalanyp, interaktiw usulda okatmak hünärli, ylymly-bilimli ýaşlary ýetişdirmekde netijeli usul bolup durýar.

Multimedia tehnologiýalarynyň daşary ýurt dili sapaklarynda ulanylmagy emeli sözleýiş gurşawyny döretmegiň hem-de okuwçylaryň dil päsgelçiliklerini ýeňip geçip, sözleýiş işiniň görnüşlerini ele almakda başarnyklary we endikleri kemala getirmegiň täze mümkinçiliklerini açyp görkezýär.

Daşary ýurt dili okadylanynda okuw işine her talybyň işjeň çekilmegini göz öňünde tutýan, daşary ýurt dilinde sözleýşi höweslendirýän, diliň öwrenilmegine gyzyklanmany ösdürmäge ýardam edýän we höwesi ýokarlandyrýan sapak görnüşlerine aýratyn üns berilýär.

**Pedagogika ylmynda öwretmegiň birnäçe modelleri ulanylýar. Olara şu aşakdakylar degişlidir:**

1. Passiw [işjeň däl] modeller, ýagny okuwçy diňe görýär we diňleýär.
2. Aktiw [işjeň] modeller, okuwçy özbaşdak işleýär.
3. Interaktiw. Onda mugallym bilen okuwçy bilelikde işleýär [1, s. 248].

Soňky onýyllyklarda globallaşma we halkaralaşma tendensiýalary sebäpli dörän daşary ýurt dilleriniň ähmiýetiniň artmagy bilen baglanyşykly hünär okuw ulgamynda daşary ýurt dilini kommunikatiw öwretmek meselesi aýratyn ähmiýete eýe boldy.

Bilimiň täze maksatlaryna gönükdirmek okuw prosesini guramagyň usullarynyň we görnüşleriniň üýtgemegini talap edýär. Mugallym talyplara daşary ýurt dilini öwretmegi çaltlaşdyrmakda peýdaly bolan interaktiw tehnologiýalary ulanyp, häzirki zaman okatmak tehnologiýasyna başarjaň erk edip bilmeli. Adaty intensiw okatmagyň usullarynyň we häzirki zaman interaktiw usullaryň utgaşdyrylmagy ýokary okuw jaýynda daşary ýurt dilini netijeli okatmagyň möhüm şertidir.

Interaktiw usul («*inter*» özara, «*aktiw*» – hereket etmek) – özara täsirleşmegi, söhbetdeşlik, kimdir biri bilen gepleşik tertibinde bolmagy aňladýar. Başga sözler bilen aýdylanda, işjeň usullardan tapawutlylykda interaktiw usullar talyplaryň diňe bir mugallym bilen däl, eýsem, biri-biri bilen has giň täsirleşmegine we okuw prosesinde okuwçylaryň işjeňliginiň agdyklyk etmegine gönükdirilendir.

Interaktiw usulda geçirilen sapaklar, ähli talyplaryň işjeň işe gatnaşmagyna, her bir talybyň meseleleriň çözülmegine gatnaşyp biljekdigini üpjün etmäge mümkinçilik berýär. Netijede, ýetişigi pes talyplar öz ukyplaryna belli bir derejede ynam gazanýarlar.

Adaty okadyş ulgamynda mugallym we okuw kitaby esasy we iň ygtybarly bilim çeşmesi bolan bolsa, täze paradigma laýyklykda mugallym talyplaryň garaşsyz aň-bilim işini guraýjy, başarnykly geňeşçi we kömekçi hökmünde çykyş edýär [2, s. 188].

Häzirki zaman pedagogikasy ylymlary interaktiw çemeleşmeleriň tutuş gorhanasyna baýdyr, olaryň arasyndan: döredijilik meseleleri; kiçi toparlarda işlemek; okuw oýunlary; taslama usulyýeti; täze materialy öwrenmek we birleşdirmek; kyn we çekeleşikli meseleleriň ara alnyp maslahatlaşylmagy we beýleki çeşmeleri mysal getirmek bolar.

Geliň, käbir usulyýet usullary barada has jikme-jik durup geçeliň.

**Usul.** *«Fishbone»* («balyk skeleti» diýlip, terjime edilýär).

Talyplar okalýan ýa-da öwrenilen materiallaryň mazmunyny aşakdaky nagyş boýunça kagyza geçirýärler: kelle – mowzugy, ýokarky süňkler – mowzugyň esasy düşünjeleri, aşaky süňkler – düşünjäniň düýp manysy, guýruk – soraglara

jogap. Ýazgylar gysga bolmaly we düýp manysyny aňladýan esasy sözleri ýa-da sözlemleri öz içine almalydyr.

**Usul.** *«INSERT»* («täsirli okamak we pikirlenmek üçin interaktiw bellik ulgamy» hökmünde terjime edilýär).

Bu usul bilen işlänlerinde talyplar toparlara bölünýärler. Her kim özi üçin tekstiň bir bölegini alýar. Gyralarynda bellik etmek teklip edilýär («V» – eýýäm bilýärdim, «+» – täze, «– » – başgaça pikirlenýärdim, «?» – düşünmedim, soraglar bar). Soň maglumatlar alyş-çalyş edilýär we ara alnyp maslahatlaşylýar. Ahyrynda topar tutuş mowzuk boýunça hasabat berýär.

**Usul**. *«Her kim hemmelere öwredýär.»*

Talyplar biri-birine öwredýärler. Mugallym gatnaşyjylaryň sanyna görä kartoçkalary öňünden taýýarlaýar. Olarda düşünjeleriň kesgitlemesi ýazylmaly (5 sözleme çenli). Her gatnaşyjy kartoçkany alyp, üns bilen okamaly. Mugallym bolsa her kimiň tekstiň manysyna düşünýändigine göz ýetirmeli. Şertleri: her kim gezekli-gezegine mugallymyň we talybyň wezipesini ýerine ýetirýär. Gatnaşyjylaryň her biri öz kartoçkasyndaky maglumatlary beýlekisine düşündirmeli, şeýle hem söhbetdeşiniň täze materiallara düşünendigine we ýadyna düşendigine göz ýetirmeli (düşnüksiz zady soraň, täze maglumatlaryň düýp manysyny aýtmagy haýyş ediň). Her gatnaşyjy tomaşaçylaryň töwereginde erkin hereket edýär. Soňra okuwçylar orunlaryny çalyşýarlar. Her jübütiň söhbetdeşligi 2-3 minut dowam edýär, soň gatnaşyjylar dargap, täze jübütleri emele getirýärler. Talybyň wezipesi, mümkin boldugyça köp adama täze maglumatlary öwretmek we mümkin boldugyça köp maglumatlary öwrenmekdir.

**Usul.** *«Kesgitlemeleriň diktanty».*

Bu usulda mugallym sözleri däl-de, manylaryny aýdanda, talyplar sözleri manylary bilen kesgitlemeli we ýazmaly. Bu usul talyplardan belli bir söz baýlygyna eýe bolmagy we taýýarlyk döwründe dürli leksiki maşklary ýerine ýetirmegi talap edýär.

Interaktiw okuwy guramagyň käbir düzgünlerini ýatda saklamaly.

1. Okuw sapagyna degişlileriň hemmesi işe belli bir derejede gatnaşmalydyr. Bu maksat bilen, ähli gatnaşyjylara oýlanyşma prosesine goşulmaga mümkinçilik berýän tehnologiýalary ulanmak peýdalydyr.

2. Mugallym gatnaşyjylaryň psihologik taýýarlygy barada alada etmeli. Esasy zat, sapaga gelenleriň hemmesi haýsydyr bir iş görnüşine gönüden-göni gatnaşmaga taýyn däldigini ýatdan çykarmaly däl. Bu nukdaýnazardan talyplary sapaga işjeň gatnaşmaga höweslendirmek we öz-özlerini tanamak üçin mümkinçilikleri bermek, «Ice breaking» soraglary bermek peýdalydyr. Bu usul talyplary sapaga çekmäge

we daşary ýurt dilinde pikirlenmäge, sözleýiş endiklerini ösdürmäge uly ýardam berýär.

3. Interaktiw usulda daşary ýurt dili öwredilende öwrenýänleriň sany köp bolmaly däldir. Gatnaşyjylaryň sany we okuwyň hili gönüden-göni baglanyşyklydyr.

4. Okuw otagynyň işe taýýarlanylmagyna üns berilmelidir. Okuw otagyndaky talyplar üçin belli bir derejede rahatlyk döredilmelidir. Döredijilik işi üçin zerur materiallar öňünden taýýarlanylsa gowy.

5. Sapaga gatnaşyjylary toparlara bölmek has peýdalydyr. Ilki bilen ony meýletin esasda gurmak täsirli bolýar. Soňra tötänleýin saýlamak ýörelgesini ulanmak ýerliklidir.

Soňky ýyllarda elektron interaktiw tagtalar iň köp ugurly tehniki okuw guralyna öwrüldi. Interaktiw tagtalar okuw materialynyň we multimedia materiallarynyň elektron mazmunyny okuw prosesine ornaşdyrmagyň täsirli usuly bolup, talyby işjeň bolmaga iterýär.

Interaktiw tagtada:

– material barada işjeň düşündiriş bermek: setiriň reňkini we galyňlygyny üýtgetmek ukyby bolan elektron markerleriň üsti bilen maglumatlary bellemek, aýdyňlaşdyrmak, maglumat goşmak;

– tekst, grafiki şekiller, wideo we ses materiallary bilen birwagtda işlemek;

– wagtyň ep-esli tygşytlanmagy bilen talyplaryň akyl we döredijilik işjeňligini we tutuş toparyň işini höweslendirmekde şert döredýär.[3, s. 176].

Interaktiw okatmagyň usullaryny ulanmak talyba pedagogiki işe işjeň gatnaşmaga, onuň aň-bilim işjeňligini emele getirmäge we ösdürmäge mümkinçilik berýär. Interaktiw usullaryň ulanylmagy üýtgeýän dünýäde üýtgemäge ukyply döredijilikli, işjeň şahsyýetiň döremegine goşant goşýar.

Okuwyň interaktiw görnüşleri esasynda sapak taýýarlanylanda, mugallym belli bir mowzugy öwretmek üçin iň täsirli okuw görnüşini saýlamak meselesi bilen ýüzbe-ýüz bolýar, meseläni çözmek üçin birnäçe okuw usullarynyň birleşdirilmegi talyplaryň materiallara has gowy düşünmegine goşant goşýar.

Ýurdumyzda daşary ýurt dillerini okatmagyň usulyýetiniň meseleleri döwrüň talap edýän wajyp wezipeleriniň biridigine aýdyň göz ýetirmek bolýar. Ata-babalarymyz müňýyllyklaryň dowamynda köp dil bilmäge uly ähmiýet beripdirler. Sebäbi adamyň dürli dilleri bilmegi, onuň sowatlylygynyň, intellektual kämilliginiň hem-de giň dünýägaraýşynyň subutnamasydyr. Şunuň bilen baglylykda Garaşsyz, baky Bitarap Türkmenistanda umumadamzat we milli gymmatlyklaryň esasynda şahsyýeti hemmetaraplaýyn ösdürmäge gönükdirilen bilim syýasatynyň çäklerinde daşary ýurt dillerini öwretmäge döwlet ähmiýetli iş hökmünde garalýar.

Garaşsyz, baky Bitarap Türkmenistan Diýarymyzda daşary ýurt dillerini ussatlarça ele alan hünärmenleri taýýarlamak we bilim ulgamynyň bu pudagyny dowamly ösdürmek babatda uly tagallalary edýän milli Liderimize sag bolsun aýdýarys.

Goý, dünýäde mertebesi belent döwlet Baştutanymyzyň jany sag, başy dik, ömri uzak, halkymyzyň ýagty geljegi ugrunda alyp barýan döwletli işleriniň bolsa elmydama dowamaty dowam bolsun!

### EDEBIÝATLAR


1. Gurbanow A. Iňlis dilini okatmagyň usulyýeti. – Aşgabat: Türkmen döwlet neşirýat gullugy, 2010.
2. Щукин А.Н. Современные интенсивные методы и технологии обучения иностранным языкам: учеб. пособие. М.: Филоматис, 2008.
3. Кашлев С.С. Технология интерактивного обучения. Минск: Беларусский верасень, 2005.



**Mähriban GELENOWA,**
*Türkmenistanyň Daşary işler ministrliginiň Halkara gatnaşyklary institutynyň dünýä dilleri kafedrasynyň hytaý dili mugallymy*


## HYTAÝ DILINI WE IÝEROGLIFLERI OKATMAK USULYÝETI BOÝUNÇA KÄBIR MESELELER

Berkarar döwletimiziň bagtyýarlyk döwründe döretmek we gurmak paýyna düşen neslimiz üçin okamaga we öwrenmäge giň ýol açyldy. Ösüp gelýän ýaşlarymyzyň ylymly-bilimli, hünärleri kämil, terbiýeli ogul-gyzlar bolup ýetişmeklerinde hormatly Prezidentimiz tarapyndan çäksiz aladalar edilýär. Olary milli we umumadamzat gymmatlyklary esasynda terbiýelemek döwletimiziň durmuşa geçirýän bilim syýasatynyň baş maksadydyr. Dünýä dillerini öwrenmek bolsa onuň esasy şerti bolup durýar.

Daşary ýurt dili, esasan, ene diliniň üsti bilen öwredilýär. Ýaşlarymyzdan üç dili: türkmen, rus hem iňlis dillerini suwara bilmek talap edilýär. Iň bir köp gürlenilýän hytaý dilini, şol sanda elektron tilsimatlary boýunça täsinden-täsin açyşlar edilýän ýurduň dilini – ýapon dilini öwrenmek şu günüň nukdaýnazaryndan gele-

jegi nazarlaýar. Şeýle işjeňligiň esasy maksady bolsa bu dilleri bilýänleriň has hem ygtybarly boljak gatnaşyklary gurmakda dürli pudaklar boýunça gerekli hünärmenler bolup ýetişmekleridir.

Başga dilleri çalt özleşdirmekde, onuň ses aýratynlyklaryny hiç hili bökdençsiz ele almakda baý türkmen diliniň ähmiýeti uludyr. Haýsy ýurduň dilidigine seretmezden, türkmen bolup, türkmen dili şertinde ony öwrenmek hiç hili mesele döretmeýär. Ýat dil özüniň aýratynlykly tarapy bilen doly özleşdirilse, ony şol dili göterijilerinden hiç hili tapawutsyz türkmen diliniň üsti bilen öwrenip bolýar. Bu hytaý dili babatynda hem şeýledir. Kyn dilleriň biri hasaplanylýan hytaý dilini öwretmekde, diliň özünden öň onuň çylşyrymly ýazuwuny (iýerogliflerini) tiz öwretmek üçin özboluşly käbir ýeňil we netijeli usullary peýdalanmak zerurdyr. «Hytaý dili kynmy?» diýen soraga: «Bu dilde geplemek kynçylyk döretmeýär. Ýöne iýeroglifleri özleşdirmekde uly mesele ýüze çykýar» diýen jogaby alyp bolar. **Iýeroglifler gelip çykyşlary arkaly öwredilýär. Iýeroglifleriň ýazuw düzgüni we olaryň açarlarynyň ähmiýeti boýunça düşündirmek gerek.** Iýeroglifleri düzüm böleklerine bölmek arkaly öwretmek ýaly maksatlardan ugur alynsa makuldyr [1, s. 10]. Her bir iýeroglife dogry düşündiriş berip, olaryň esasy aýratynlyklarynyň üstünde durup geçmek maksadalaýykdyr. Hytaý diliniň iýerogliflerini öwretmekde şu aşakdaky usullar öz peýdasyny berip bilýär.

Birinjiden – diliň tapawutly tarapyny açyp görkezýän iýeroglifler hakynda düşündiriş berilýär. Şekillerden alnan, elipbiý ulgamyndan düýpgöter tapawutly, harp hasaplanmaýan, diňe sözler bolan iýeroglifler hytaý diliniň ýazuwydyr. Olar hakynda ilkinji sapakda giriş hökmünde olaryň üstünde durlup geçilýär. Iýeroglifleriň taryhdaky ähmiýeti, şekiller arkaly alnandygy mysallaryň üçti bilen delillendirilip, tapawutly tarapy açylýar. Şonda iýeroglifleriň ýatda galyjylyk ukyby täsirli bolup, ýaş aň olary tiz kabul edýär.

Her bir diliň ýazuwynda harplar möhüm orun eýeleýär, çünki olaryň kömegi bilen sözler ýasalýar. Gürrüň hytaý dili barada gidende, şol diliň wajyp bölegini iýeroglifleriň tutýandygyny bellemek wajypdyr. Hytaý dilini öwrenmekde iýeroglifleri okamak we ýazmak bu işiň iň kyn şerti hasaplanylýar. Sebäbi her bir adam bu dili öwrenen wagtynda dürli päsgelçilige duçar bolýar. **Hytaý iýeroglifleri berýän manysy bilen öwrenilse, onda hytaý dilinde okap we ýazyp bolar diýen ýaly düşünjäni öwrenijilerde oýarmak, ilkinji nobatda, dile bolan gyzyklanmany artdyrýar.**

Ikinjiden – hytaý iýerogliflerini öwretmek üçin usulyýeti saýlap almak örän wajyp meseledir. Aslynda, usulyýet onçakly köp ynsanlary gyzyklandyryp durmaýar. Çünki aň düşündirilişde dogry düşündirilişe mätäçdir. Her bir şahsyýet dersi, sapagy dürlüçe kabul edýär. Biri tiz özleşdirse, ýene biri haýal öwrenýär. Biri diňlemek

babatynda dile dogry düşünip, eşideni boýunça jogap berse, başga biriniň gepleýiş-de sesi dogry bermek ukyby güýçli bolýar. Netijede, hemme aňda galan zat pikir bilen ýatda berkeýär. Şunuň bilen baglylykda, gowy we çalt netijeleri gazanmaga ýardam edýän usulyýet hytaý iýerogliflerini öwretmegiň iň gowy ýoludyr. Hytaý iýerogliflerini öwretmegiň usulyny saýlamaklygyň her bir (talyp, okuwçy) adamyň ukyp-başarnyklaryna we mümkinçiliklerine baglydygy nazara alynmalydyr. Oňa, ilkinji nobatda, ýadyň görnüşi (görüş zehini, eşidiş zehini we ş.m) girýändir. Şularyň haýsy biri dili öwrenýände ösen bolsa, şol ugur bilen gitmek gerek. Ukyp oýanar ýaly sazlaşygy hem saklap başarmaly. Iýeroglifleri ýatda saklamak, dogry ýazmak we olary ýazmakda endik edinmek esasy maksatdyr. **Görüş zehini** ösenlere iýeroglifleri öwretmek has hem aňsatdyr. Iýeroglifleri ýazmagyň öwrenilýän wagtynda hem şol görüş zehin ösmegini dowam etdirýär. Muňa anyk deliller getirip bolýar. Bir öwrenji görende dessine ýadynda galdyrsa, ýene biri ýazanda ýadynda gowy saklaýar.

Üçünjiden – eger-de, hytaý dilini özbaşdak öwrenmek maksat edinilýän bolsa, şoňa görä hem usuly saýlap almak has amatly hasaplanylýar. Hytaý iýerogliflerini öwrenmegiň köp sanly awtorlyk gollanmalary bar. Şolara esaslanylsa, iş netijeli bolýar.

Dördünjiden – öwrenilýän iýeroglifleriň hersini ýadyňda galýança sansyz gezek ýazmak hem ony okap we tanap bilmek zehinini açýar.

Aslynda hytaý dilini öwrenmegiň başlangyç tapgyrynda hünärmenler iýeroglifleri ýygy-ýygydan el bilen ýazmagy maslahat berýärler. Bu usul olary ýatda saklamakda kömek berýär hem-de ýazmaga eliňi öwrenişdirýär. Ony geçilen tejribeler subut etdi. Iýeroglifleri öwrenmäge çylşyrymly iýerogliflerden däl-de, has ýönekeý iýerogliflerden başlamaly. Olar aňsatlyk bilen ýatda galýar we çylşyrymly iýeroglifler üçin esas bolup hyzmat edýär. Has ýönekeý iýeroglifleri öwrenip, ýazylyşy kyn bolan iýeroglifleri özleşdirmek aňsat hasaplanylýar [2, s. 14].

Öwrenilip başlanylanda iýeroglifleri tapawutlandyrmak kyn mesele bolup durýar. Ýöne wagtyň geçmegi bilen olary tapawutlandyryp bolýar. Iýeroglifleri öwrenmek **bu dürli şekilleri ýadyňda saklamak ýaly bir zatdyr.**

Bäşinjiden – hytaý dilinde iýeroglifleriň ýatda saklanylmagyny aňsatlaşdyrýan açarlaryň 214-üsi bar. Olaryň iň köp ulanylýany 108 sanydyr. Olar özleşdirilse, iýeroglifleri hiç hili kynçylyksyz ýazmagy başaryp bolýar. Munuň özi «Iýeroglifleriň özleri özlerini öwrenmekde kömek edýär diýmekdir» [3, s. 11].

Başlangyç synpda ilki bilen dürs ýazuwyna üns berilýär. Meselem: ilki harpy niresinden başlap ýazmaly. Hytaý dilinde hem iýeroglifleriň şeýle aýratynlyklarynyň bardygyny unutmaly däl. Onda iýeroglifi niresinden ýazyp başlamaly we nähili jemlemeli diýýän düşünjä daýanylýar.

Altynjy usuly iýeroglifleri düzüm böleklerine bölmek usuly arkaly öwretmekdir. Ol, esasan, çylşyrymly iýeroglifleri degişlidir.

Ýokarda sanalyp geçilen çemeleşmeleriň ählisini baglaşdyrýan umumy pikire görä, hytaý dilini öwrenmekde örän uly ähmiýete eýe bolan iş ilki bilen onuň iýeroglifikasyny öwretmek bolup durýar. Diňe köpsanly iýeroglifleri özleşdirilenden soňra, okaýyş we ýazuw endiklerini ýokarlandyrmak özüniň peýdasyny berer. Ýöne köplenç, iýeroglifika köp wagt sarp edilip, dilde gepläp bilmek şertini soňky tapgyra geçirmek düýpli ýalňyşlygyň üstüne eltýär. Şonuň üçin ählitaraplaýyn başarnyk ilki bilen hem öwrediji mugallymlaryň talapkärli çemeleşişi bu bökdençligiň öňüni alyp biler.

Hytaý ýazuwyny öwretmekde seredilip geçilen ýokardaky usullardan başga, bütinleý başga ýörelgelere esaslanýan köpsanly usullar bardyr. Olaryň her birini tejribede deňäp görmek her sapagyň täsirini artdyryp, öwrenijide täzeçillige bolan garaýşy düýpgöter baýlaşdyrar. Hytaý dilini öwretmek usulyýeti, onuň iýeroglifleriniň çylşyrymlydygyna garamazdan, täsirli we örän gyzyklydyr.

## EDEBIÝATLAR


1. Новый практический курс китайского языка. Часть I. Пекин 2007.
2. 汉语乐园：刘富，李冬梅。。。2013年.
3. 张朋朋。«常用汉字部首»。华语教学出版社。2007年。



**Tylla BABAÝEWA,**
*Türkmenistanyň Daşary işler ministrliginiň*
*Halkara gatnaşyklary institutynyň*
*dünýä dilleri kafedrasynyň mugallymy*


# HALKARAÇY HÜNÄRMENLERIŇ DIL TAÝÝARLYGYNDA OKATMAGYŇ DÖWREBAP USULLARYNYŇ ULANYLYŞY

Ylymda we tehnikada oňyn tejribeleriň öň hatarynda bolmak, iň täze tehnologiýalary ele almaga ukyply halkara derejeli hem-de iň möhüm hünär maglumatlaryndan habarly bolmak üçin daşary ýurt dillerini bilýän hünärmenleri taýýarlamak hormatly Prezidentimiz Gurbanguly Berdimuhamedowyň dil syýasatynyň esasy maksadydyr. Köpugurly halkara hyzmatdaşlygyny ösdürmegiň depginini nazara almak bilen, ýurdumyzda daşary ýurt dillerini öwretmek işi kämilleşdirilýär. 2017-nji



12. Sargyt № 2479

ýylyň 22-nji dekabrynda hormatly Prezidentimiziň «Türkmenistanda daşary ýurt dillerini okatmagy kämilleşdirmegiň Konsepsiýasy hakynda» ýörite Karara gol çekmegi ýurdumyzyň bilim özgertmeleriniň düýpli ugurlarynyň biri boldy. Bu Konsepsiýa häzirki döwürde üstünlikli durmuşa geçirilýär.

Garaşsyz Türkmenistan häzirki zaman halkara gatnaşyklary ulgamynda özüniň mynasyp we abraýly ornuny eýeleýär, giň hyzmatdaşlygy işjeň ösdürýär. Häzirki döwürde Türkmenistanyň Daşary işler ministrliginiň Halkara gatnaşyklary instituty Garaşsyz, Bitarap döwletimiziň daşary syýasat ugruny alyp barýan, daşary ýurtlarda Türkmenistana wekilçilik edýän we onuň milli bähbitlerini goraýan, Watanymyzyň halkara abraýynyň berkidilmegi ugrunda degişli işleri alyp barýan türkmen diplomatlarynyň täze nesillerini kemala getirmek boýunça jogapkärçilikli wezipäni ýerine ýetirýär.

Halkara gatnaşyklaryny netijeli ösdürmekde geljekki halkaraçy hünärmenleriň ýokary hünär ussatlygyna, çuňňur bilimlere, hemmetaraplaýyn taýýarlyga eýe bolmagy wajypdyr. Ösýän halkara hyzmatdaşlygy, durmuşyň ykdysady, jemgyýetçilik-syýasy, medeni ugurlary boýunça dürli derejeli hünärmenleriň tejribe alyşmagy talyplaryň daşary ýurt dillerindäki gepleşigi üçin zerur bolan ýokary derejeli bilimlerine, başarnyklaryna islegi we zerurlygy ýokarlandyrýar.

Ýokary okuw mekdebimiziň okuw prosesinde geljekki hünärmenleriň daşary ýurt dillerindäki hünär bilimlerini ösdürmek utgaşdyrylan (kombinirlenen) häsiýete eýedir. Geljekki hünärmen öwrenýän hünäriň çäginde daşary ýurt dilleri boýunça bilimleriň ýokary derejesini ele almalydyr. Ol diňe bir hünäre degişli tekstleri okap we terjime etmek bilen çäklenmän, eýsem, daşary ýurt dilinde ýazuw endiklerini, ýagny iş hatlary, işewür we diplomatik hat alşygyny alyp barmagy başarmalydyr. Şol sebäpli hem, hünäri boýunça daşary ýurt dilini okatmak daşary ýurt diliniň hünär dersleri bilen utgaşdyrylmagyny talap edýär. Hünäri boýunça saýlanyp alynýan okuw maglumatlary şol ugurda ýetilen soňky gazananlara gönükdirilmelidir, ylmyň soňky gazananlaryny, talyplaryň hünär gyzyklanmalaryna degişli täzelikleri öz wagtynda şöhlelendirmelidir, hünär derejesini ýokarlandyrmaga mümkinçilik bermelidir [1, s. 96].

Geljekki halkaraçy hünärmenleriň iş ugry dürli milletleriň we döwletleriň wekilleri bilen gatnaşyklary öz içine alýandygy sebäpli, geljekki hünärmen öz ene dilinde we daşary ýurt dillerinde ýeterlik derejede aragatnaşyk endiklerine eýe bolmalydyr. Talyplar daşary ýurt dilindäki gepleşigiň hem dil, hem ýazuw endiklerini we başarnyklaryny ele almalydyrlar. Olara, ilkinji nobatda, halkara derejesinde gepleşikleri alyp barmak, daşary ýurt dilinde dilüsti we ýazuwüsti terjimeleri amala aşyrmak, diplomatik resminamalary taýýarlamak hem-de alyp barmak degişlidir. Mundan başga-da, talyp hünär we işewür gepleşiklerinde resminamalary

dolandyrmagyň esaslaryny özleşdirmegi; syýasy institutlaryň, hadysalaryň, prosesleriň hem-de ulgamlaryň jemgyýetdäki orny baradaky pikirlerini daşary ýurt dilinde erkin beýan etmegi başarmalydyr.

Hünäri boýunça daşary ýurt dilini öwretmekde esasy üns hünär tekstleriň mazmunyna we zerur bolan hünär leksikasyna berilýär. Şeýle amaly sapaklaryň mazmuny talyplaryň daşary ýurt dilindäki bilimleriniň we diňlemek, geplemek, okamak we ýazmak boýunça dil başarnyklarynyň kämilleşdirilmegini göz öňünde tutýar. Şol birwagtyň özünde, sapakda hünär teksti bilen işlemäge aýratyn orun berilýär. Işiň bu görnüşiniň talyplara hünär adalgalaryna düşünmäge, belli bir sözleýiş gurluşlaryny peýdalanmaga we ele almaga, talyplaryň sözlük gorunyň hünär adalgalary bilen baýlaşmagyna geljekki hünär işinde ele alnan ukypdyr başarnyklaryny ulanmaga mümkinçilik berýändigini bellemelidiris.

Amaly sapaklarda talyplar «diplomatiýa», «diplomatik gulluk», «halkara gatnaşyklary», «halkara gurama», «daşary syýasat», «daşary ykdysady iş», «halkara konwensiýalar we ylalaşyklar» ýaly halkara gatnaşyklarynyň esasy düşünjelerini daşary ýurt dillerinde özleşdirýärler. Daşary ýurt dilinde adalgalary öwrenmek bilen, talyplar hünäri boýunça sözlük gorunyň üstüni ýetirýärler.

Talyplaryň daşary ýurt dilindäki hünär aragatnaşyk (kommunikatiw) ukyplaryny we başarnyklaryny kämilleşdirmek üçin çekişmeler (debatlar), işewür oýunlar, taslamalar, ara alyp maslahatlaşmalar (diskussiýalar) ýaly okatmagyň döwrebap usullaryny peýdalanmak maksadalaýykdyr. Olar talyplarda daşary ýurt dilinde seljeriş, baha beriş we tankydy pikirleniş başarnyklaryny ösdürmäge gönükdirilendir.

Hünäri boýunça daşary ýurt dili sapagynda okuw diskussiýasynyň ulanylyşyna seredip geçeliň. Bu usul ähli talyplaryň okuw prosesine çekilmegini we özara işjeň gatnaşygyny gurnamagy maksat edinýär, pikirlenişi ösdürýär, söhbetdeşiň pikirine we nukdaýnazaryna hormat goýmagy öwredýär. Ara alyp maslahatlaşmanyň temasy sada, gyzykly we dünýä jemgyýetçiliginiň jemgyýetçilik-syýasy durmuşynyň derwaýys meselelerini gozgamaly, şeýle hem öwrenilýän dil maglumaty bilen baglanyşykly bolmalydyr.

Ara alyp maslahatlaşmagyň esasy bölegi deliller bilen esaslandyrylan pikir alyşmalaryndan ybaratdyr. Talyplaryň pikirleri tapawutlanyp biler, emma meseläniň dogry çözgüdini tapmak üçin umumy maksat goýulýar. Ara alyp maslahatlaşmagyň dowamynda oňyn psihologik gurşaw döreýär, alternatiw pikirler diňlenilýär.

Ara alyp maslahatlaşmak üçin «Diplomatiýa we syýasat», «Türkmenistan bilen BMG-niň hyzmatdaşlygy – netijeli gatnaşyklaryň nusgasy», «Ulag ulgamynda hyzmatdaşlyk we logistika», «Halkara gatnaşyklary näme?», «Döwletleriň arasyndaky diplomatik gatnaşyklar», «Bilim ulgamyndaky halkara hyzmatdaşlygyň geljegi», «Türkmenistan Durnukly ösüşiň maksatlaryna ýetmegiň ýolunda» ýaly tema-

larda alnyp barlyp bilner. Şeýle hem, hünäri boýunça daşary ýurt dili sapaklarynda oýun modelirlemesiniň alamatlary bolan ara alyp maslahatlaşmalary, «tegelek stol» görnüşindäki söhbetdeşligi geçirmek maksadalaýykdyr.

Netijeli we öndürijilikli pikir alyşmany gurnamak üçin, ara alyp maslahatlaşma wagtynda ýüze çykjak leksik birlikleriň ulanylmagyny işjeňleşdirýän sözleýiş gönükmeleri deslapdan işlenip geçilmeli. Bu leksik birliklere işjeň sözlük gory we hünär adalgalary degişlidir. Ara alyp maslahatlaşmakda talyplaryň ulanjak grammatiki gurluşlarynyň gaýtalanmagy hem hökmanydyr. Şeýle pikir alyşmalar mugallyma we talyplara meseläniň bilelikdäki çözgüdini tapmaga mümkinçilik berýär, munuň üçin talybyň berlen tema boýunça başlangyç (esaslyk) düşünjesiniň bolmagy hökmany şertleriň biridir [2, s. 336].

«Daşary ýurtly hyzmatdaşlar bilen işewür gatnaşyklaryň etiketi (edebi)» atly ara alyp maslahatlaşmanyň geçirilişini seljereliň. Halkara gatnaşyklarynda diplomatiýa düşünjesini gepleşikleri alyp barmagyň, gapma-garşylyklary kadalaşdyrmagyň sungaty bilen baglanyşdyrýarlar. Bu ýerde işewür gatnaşyklary ýola goýmagyň kesgitleýji şerti bolan etiki kadalaryň berjaý edilmegine hem aýratyn orun degişlidir. «Daşary ýurtly hyzmatdaşlar bilen işewür gatnaşyklaryň etiketi (edebi)» temadaky ara alyp maslahatlaşmany geçirmek üçin talyplaryň arasyndan alyp baryjyny saýlamak zerurdyr. Ol pikir alyşmanyň gidişine gözegçilik edýär. Topar iki ýurduň wekillerine bölünýär. Talyplar çykyşlaryny we wideomaglumatlary öňünden taýýarlaýarlar. Ara alyp maslahatlaşmagyň dowamynda «ýurtlaryň wekilleri» beýleki tarapy öz döwletleriniň diplomatik edebi bilen tanyşdyrýarlar, edilýän çykyşlar bilen ugurdaşlykda wideoýazgylar görkezilýär. Ara alyp maslahatlaşma gatnaşýan talyplar özlerini gyzyklandyrýan soraglaryny çykyş edýän talyba berýärler we täsirleri bilen paýlaşýarlar. Gatnaşanlaryň hemmesiniň çykyşyndan soň, alyp baryjy ara alnyp maslahatlaşylan meseläniň netijelerini jemleýär. Pikir alyşmak döwründe talyplar döwletleriň milli aýratynlyklary, däp-dessurlary, iş gatnaşyklarynda berjaý edilmeli etiki talaplar bilen tanyşýarlar.

Okuw diskussiýasynyň bahasyna ýetip bolmajak peýdasy işiň interaktiw usulda geçirilmeginden, toparyň ähli talyplarynyň pikir alyşmaga gatnaşýanlygyndan we mugallymyň ähli gatnaşyjylaryň pikirlerini eşitmäge mümkinçilik gazanýanlygyndan ybaratdyr. Mugallym diskussiýanyň utgaşdyryjysy hökmünde berlen meseläni ara alyp maslahatlaşmaga hem gatnaşyp biler. Şeýle usulda gurnalan okuw sapagynyň dowamynda talyplar öwrenen leksik, grammatik, tematik maglumatlaryndan iş ýüzünde peýdalanýarlar, daşary ýurt dilinde akyl, seljeriş, aragatnaşyk endiklerini ösdürýärler we artdyrýarlar, pikirlerini esaslandyrmak we nukdaýnazaryny goramak bilen, talyplar köpçüligiň öňünde çykyş etmek, toparda işlemek endiklerini ösdürýärler we özünde döredijilik mümkinçiliklerini açýarlar.

Talyplaryň daşary ýurt dilindäki hünär endiklerini ösdürmegiň ýene bir usuly işewür oýunlardyr. Okatmagyň bu innowasion tehnologiýasynda hakyky durmuş we önümçilik ýagdaýlary şöhlelendirilýär. Işewür oýunlary okuw sapagyna aňsatlyk bilen girizip bolýar, talyplar bolsa, olary gowy kabul edýärler. Bu usuly ulanmagyň netijesinde, geljekki hünärmenleriň daşary ýurt dili bilen bir hatarda saýlan hünärini öwrenmäge hem höwesi artýar. Munuň düýp sebäbi, işewür oýunlaryň okuw prosesini hakyky durmuş şertlerine ýakynlaşdyrmaga mümkinçilik berýänliginde we bilimleri ele almak, olary amalyýetde ulanmak zerurlygyny döredýänligindedir [3, s. 23].

Işewür oýun «Döwletleriň arasyndaky ylalaşyklar» atly tema boýunça geçirilip bilner. Oýna taýýarlyk onuň geçiriliş tertibini düzmekden başlanýar. Onuň mazmuny sapagyň maksadyny, meselelerini kesgitlemegi, işewür oýnunyň meýilnamasyny düzmegi we gahrymanlaryň aýratynlyklaryny mälim etmegi öz içine alýar. Bu iş toparlaryň çykyşlaryndan, seredilýän mesele barada özara pikir alyşmakdan, oýnuň netijesini jemlemekden ybaratdyr.

Şeýlelik bilen, hünäri boýunça dil sapaklarynda okatmagyň döwrebap usullaryny we tehnologiýalaryny ulanmak bize olaryň esasy artykmaçlyklaryny ýüze çykarmaga mümkinçilik berýär. Ýagny olar:

- talyplaryň öwrenilýän derse bolan höwesini artdyrýar;
- talyplaryň pikirlenişini we döredijilik mümkinçiliklerini ösdürýär;
- talyplary dil gurşawyna aralaşdyrýar;
- geljekki hünär gepleşigi üçin has giňişleýin bilimleri ele almaga ýardam berýär;
- hünäri boýunça daşary ýurt dilini öwretmek işini işjeňleşdirýär;
- talyplaryň aň-bilim ukyplaryny ösdürýär we artdyrýar;
- hünär ugruny we dili utgaşdyrýar, onuň netijesinde bolsa, talybyň hünäri boýunça daşary ýurt dilindäki adalgalar gory baýlaşýar.

## EDEBIÝATLAR


1. Бибикова Э.В. Особенности профессионально-ориентированного обучения иностранному языку в неязыковом вузе // О некоторых вопросах и проблемах психологии и педагогики: III Междунар. науч.-практ. конф. – Красноярск, 2016.
2. Гальскова Н.Д., Гез Н.И. Теория обучения иностранным языкам: Лингводидактика и методика. – М.: Изд. центр «Академия», 2004.
3. Конышева А.В. Игровой метод в обучении иностранному языку. – СПб.: КАРО, Мн.: Издательство «Четыре четверти», 2008.

**Maýa ORAZOWA,**
*Türkmenistanyň Daşary işler ministrliginiň*
*Halkara gatnaşyklary institutynyň*
*dünýä dilleri kafedrasynyň uly mugallymy*

# ÝURDUMYZDA SANLY BILIM ULGAMYNYŇ ÖSÜŞI

Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedow ýaş nesillerimiziň döwrebap ylymly-bilimli bolmagy üçin uly aladalar edýär. Garaşsyzlyk ýyllaryň içinde Türkmenistanda ylym-bilim babatynda dünýä derejesinde amala aşyrylan işler sanardan köp. Döwlet Baştutanymyz bilim ulgamyny ösdürmegiň innowasion ugurlarynyň üpjün edilmegine, ruhy taýdan baý, hemmetaraplaýyn ösen ýaş nesliň kemala gelmegine, çagalaryň zehinini ýüze çykarmak üçin zerur bolan şertleriň döredilmegine aýratyn üns berýär.

Bilim almaga bolan hukuk adam mümkinçiliklerini giňeldýän esasy hukuklaryň biri bolup, medeniýetleriň arasyndaky arabaglanyşygy üpjün edýär we halklaryň arasyndaky aýratynlyklara hormaty berkidýär. Munuň özi durmuş bitewüligini we adalatlylygyny gazanmagyň wajyp şertini emele getirýär.

Türkmenistanda her bir adamyň bilim almaga hukugy konstitusion tertipde kepillendirilýär (55-nji madda). Konstitusiýada umumy orta bilimiň hökmanydygy kesgitlenendir. Döwlet her bir adamyň bilim edaralarynda umumy orta bilimi tölegsiz almaga hukugyny, öz ukyplaryna laýyklykda hünär biliminiň elýeterliligini üpjün edýär [1, 29 s.].

Türkmenistanda bilim ulgamynyň kanunçylyk esaslary kämilleşdirilýär, maddy-tehniki binýady pugtalandyrylýar, okatmagyň usullary döwrebaplaşdyrylýar, sanly ulgama geçmek konsepsiýalaýyn tertipde amala aşyrylýar, bilim hyzmatlarynyň bazary giňeldilýär.

Milli bilim ulgamyny döwrebaplaşdyrmak strategiýasy bu ulgamda üznüksizlik we yzygiderlilik ýörelgesi esasynda bilim bermek işinde bilimiň basgançaklarynyň arasynda özara baglanyşygy, şeýle-de bu işi amala aşyrýan bilim edaralarynyň arasyndaky ysnyşykly hyzmatdaşlygy göz öňünde tutýar. Soňky ýyllarda tassyklanan «Türkmenistanda sanly bilim ulgamyny ösdürmegiň Konsepsiýasynda», «Türkmenistanda daşary ýurt dillerini okatmagy kämilleşdirmegiň Konsepsiýasynda», «Türkmenistanda 2019 – 2025-nji ýyllarda sanly ykdysadyýeti ösdürmegiň Konsepsiýasynda» bellenen çäreler hem bilimiň ähli basgançaklaryna degişli bolup, şol üznüksizligi we yzygiderligi üpjün etmäge gönükdirilendir [2, 60 s.].

2020-nji ýylyň 22-nji maýynda Türkmenistanyň Prezidentiniň Kararyna laýyklykda, Türkmenistanda çaganyň irki ösüşini we mekdebe taýýarlygyny

ösdürmek babatda 2020 – 2025-nji ýyllarda mekdebe çenli çagalar edaralarynyň işini kämilleşdirmegiň Maksatnamasy hem-de ony durmuşa geçirmegiň meýilnamasy tassyklanyldy. Resminama mekdebe çenli çagalar edaralarynyň işini has-da kämilleşdirmek, çagalara bilim we terbiýe bermegiň hilini ýokarlandyrmak, olaryň irki ýaşdan başlap, beden, akyl, ruhy-ahlak taýdan sazlaşykly ösüşini we mekdebe taýýarlygyny üpjün etmek maksadyny nazarlaýar [3, 87 s.].

Jemgyýetiň ösüşiniň häzirki tapgyry, ylmy-tehniki we jemgyýetçilik ösüşiniň çaltlaşmagy, innowasiýa esasynda amala aşyrylýan, durnukly sosial ösüş depginine barha täsir edýän täze pikirleriň we tehnologiýalaryň giňden ýaýramagy bilen häsiýetlendirilýär.

Bilimi döwrebaplaşdyrmagyň häzirki tapgyrynda bilim edaralarynyň we okuw prosesini sanlaşdyrylmagyň iň möhüm şerti, guraly we ahyrky netijesi hökmünde bilimiň bitewi maglumatlar giňişliginiň döredilmegini göz öňünde tutýar. Şu babatda ýurdumyzda bar bolan maglumat-aragatnaşyk tehnologiýalary bilim bermek işini özgertmekde ulanylan esasy çemeleşmeleriň, aýratynlyklaryň biridir. Bilim ulgamynda bolýan öňegidişlikler we özgertmeler dünýä möçberinde habar beriş tehnologiýasynyň ösmegi arkaly amala aşyrylyp, olar bilim beriş gymmatlyklaryna we usullaryna öz täsirini ýetirýär.

Döwlet Baştutanymyzyň öňdengörüjilikli syýasaty netijesinde ýurdumyz bilim, ylym we tehnika ulgamlaryny batly ösdürmegiň hasabyna bu ugurda uly ösüşleri gazandy. Türkmenistanyň Prezidentiniň 2017-nji ýylyň 15-nji sentýabryndaky Karary bilen tassyklanan «Türkmenistanda sanly bilim ulgamyny ösdürmegiň Konsepsiýasy» hem-de şol Konsepsiýany durmuşa geçirmegiň meýilnamasy sanly ulgamyň häzirki zaman ösüşiniň aýdyň subutnamasy bolup durýar. Konsepsiýanyň esasy maksady bilim edaralarynyň işini has-da kämilleşdirmekden, bilim bermegiň ähli basgançaklaryny ýokary hilli elektron bilim maglumatlary bilen üpjün etmekden, sanly serişdelerden giňden peýdalanmak, bilim edaralarynda berilýän bilimiň mazmunyny baýlaşdyrmakdan, onuň hiliniň dünýä derejesine laýyk bolmagyny üpjün etmekden ybaratdyr [2, 62 s.].

Soňky ýyllarda sanly maglumatlarynyň göwrümi ep-esli köpeldi. Bu bolsa raýatlaryň kompýuter-tehnologiýa sowatlylygynyň kemala getirmek zerurlygynyň ýokarlanmagyna getirýär.

Globallaşmagyň we döwrebaplaşdyrmagyň häzirki zaman ýagdaýy bilim ulgamynyň ähli derejelerini gurşap alýar. Sanly gurşawyň emele gelmegi ýurduň raýatlaryna ýokary hilli we döwrebap bilimi almaga mümkinçilik döreýär.

**Internet – maglumat çeşmesi**

Häzirki wagtda Garaşsyz Türkmenistanyň islendik raýaty ujypsyzja baha tölemek bilen ylmyň we tehnikanyň soňky gazananlaryny, dünýäde bolup geçýän wakalary, şeýle hem habarlary, maglumatlary özünde jemleýän internet ulgamyndan giňden peýdalanmaga mümkinçilik aldy.

Internet tory global maglumatlara kompýuter arkaly ýetmek we beýleki kompýuterleriň biri-birine baglanmagydyr.

Internetiň adatda bolşy ýaly, radio ýa-da telewizor bilen ýaýlyma goýberilýän maglumatlardan tapawudy, onuň bir paýlaýyş merkezi ýokdur. Onuň deregine interneti bar bolan her bir adam beýleki bir adam bilen gönüden-göni habarlaşyp bilýär, maglumatlary alyp bilýär, alan maglumatlaryny başga birine iberip bilýär. Şeýle aňsatlyga eýe bolan internet döwlete, edaralara we bilim edaralaryna täze-täze mümkinçilikleri döretdi.

Adamlar elektron poçtany ulanmak bilen gatnaşyk edeninde, habarlara seredeninde, haryt satyn alanda ýa-da satanda, töleg tölände, bank hyzmatlaryndan peýdalananda internetden peýdalanýarlar. Alymlar we mugallymlar öz kärdeşleri bilen tejribe alşanlarynda, ylmy-barlag işlerini geçirenlerinde, ders okadanlarynda, makala we kitap ýazanlarynda internetden peýdalanýarlar.

Internetden peýdalanmagyň esasy meselesi – ylym-bilim ulgamynda ony dogry we netijeli ulanyp bilmekdir, ondan alnan maglumaty dogry seljermegi başarmakdyr, maglumat (kiber) howpsuzlygyny berjaý etmekdir.

Ylym-bilim ulgamynda internet üç maksat üçin ulanylýar: 1) maglumat çeşmesi; 2) aragatnaşyk serişdesi; 3) gurnamak-döretmek mümkinçiligi.

Maglumat çeşmesi hökmünde internet talybyň dürli temalar boýunça ýüz tutup bilýän torudyr. Her bir maglumatyň bolsa akyl netije taýdan seljerilmegi möhümdir. Aragatnaşyk serişdesi hökmünde internet talybyň dünýä derejeli aragatnaşyk gerimini we gözýetimini giňeldýär. Gurmak-döretmek mümkinçiligi babatynda internet talybyň häzirki zaman ylym-bilim dünýäsinde kompýuter esasly ylmy nazary garaýyşlaryny öňe sürmek ukybyny hem kämilleşdirýär.

**Dil öwretmekde täze tehnologiýalaryň orny**

Türkmenistanyň bilim ulgamynda daşary ýurt dillerini kämil öwrenmek wajyp wezipeleriň birine öwrüldi. Daşary ýurt dillerini öwrenmek umumybilim we hünär biliminiň maksatnamalaryna hökmany ders hökmünde girizilýär. Türkmenistanyň çäginde işleýän daşary ýurt döwletleriniň bilim edaralarynda ýa-da olar bilen bilelikdäki bilim edaralarynda «Bilim hakyndaky» Türkmenistanyň Kanunyna, Türkmenistanyň beýleki kadalaşdyryjy hukuk namalaryna degişli daşary ýurt dili (dilleri) okatmagyň esasy dili bolup durýar [4, s. 8].

«Türkmenistanda daşary ýurt dillerini okatmagy kämilleşdirmegiň Konsepsiýasynda» bellenilen wezipelere laýyklykda daşary ýurt dilleriniň okadylyşynyň usulyýetiniň we usulyýet üpjünçiliginiň halkara tejribesini öwrenmegi, daşary ýurt dillerini okatmagyň döwlet standartlaryny, okuw meýilnamalaryny we maksatnamalaryny kämilleşdirmegi öz içine alýar [5, s. 2].

Mälim bolşy ýaly, gaýry dilleri öwrenmekde innowasion tehnologiýanyň uly orny bardyr. Sapakda tehnologiýa serişdeleri ulanmak, okuw döwrüniň has ýeňil, gyzykly we döredijilikli gurnalmagyna ýardam berýär. Okuw prosesinde

innowasion tehnologiýadan peýdalanmak has köp maglumaty we dokumental faktlary suratlandyrmakda ulanylmaga, ösüp gelýän nesliň döredijilikli pikirlenmegine mümkinçilik döredýär.

Daşary ýurt dilleri dersinde internet mugallymlar we talyplar üçin uly goltgy bolup durýar. Talyba tabşyrylan ýumuşlar internetiň kömegi bilen baý çeşmelerden peýdalanylyp ýerine ýetirilip bilner. Mugallymlar we talyplar müňlerçe kitaphanalaryň internet sahypalaryna girip, ençeme kitapdan, makaladan peýdalanyp, okuw prosesini we ylmy-barlag işlerini has hem baýlaşdyryp bilerler.

**Sanly bilim portaly**

Ýurdumyzda ylym-bilim ulgamynda bolup geçýän özgertmeler ýokary okuw jaýlarynda dürli hünärler boýunça hünärmenleri taýýarlamak işinde uly mümkinçilikler döredýär. Bilim edaralarynyň okuw prosesine bilim tehnologiýalaryny, multimedia serişdeleriniň girizilmegi usulyýet ylmyny, onuň nazaryýetini we amalyýetini düýpgöter üýtgedip, adaty usulyýet baradaky düşünjeleriniň üýtgemegine getirdi.

Sanly bilim ulgamynyň mümkinçiliklerinden peýdalanmagyň, ony durmuşymyza ornaşdyrmagyň hem-de okuw işinde netijeli peýdalanmagyň bilim ulgamynda zähmet çekýän professor-mugallymlaryň öz işlerini maksadalaýyk guramaklarynda oňaýly şertleri döredýändigini-de bellemelidiris. Sanly ulgam ýokary bilim basgançagynda:

- bilim maglumatlaryny çalt tapmakda we öwrenilýän tema babatda zerur maglumatlara eýe bolmakda;
- mugallymyň we talyplaryň wagtyny tygşytlamakda;
- talyplara özbaşdak bilim almagy öwretmekde;
- halkara tejribelerini öwrenmekde uly mümkinçiliklere eýedir [6, s. 2].

Sanly bilim ulgamyny ösdürmek konsepsiýasyna laýyklykda, Türkmenistanyň Daşary işler ministrliginiň Halkara gatnaşyklary institutynda hem sanly bilim portaly döredildi. Bu portal okuw prosesini awtomatlaşdyrmak, döwrebap alyp barmak üçin giň mümkinçilikleri döredýär. Mundan başga-da, elektron kitaplar, gollanmalar, leksiýalaryň wideo we ses ýazgylary, sapak ýazgylary we ş.m. institutyň elektron kitaphanasynda ýerleşdirilendir.

Institutymyzyň bilim tehnologiýalary, multimedia serişdeleri bilen abzallaşdyrylan okuw otaglarynda okuw materiallary okuw prosesinde netijeli ulanmaklyga doly mümkinçilik bar.

Sanly tehnologiýalar, bir tarapdan, önümçiligiň göwrüminiň we netijeliliginiň hasam ýokarlanmagyna goşant goşýar, beýleki tarapdan dürli ugurlarda aýratyn çemeleşmäni durmuşa ornaşdyrýar. Bilimde sanlylaşdyrma, okuw ösüşiniň dowamlylygyny, şeýle hem şahsylaşdyrylmagyny üpjün edýär, bilim almak we hünäri kämilleşdirmek, gözýetimleri giňeltmek üçin mümkinçilikler açýar.

Mundan başga-da. Türkmenistanyň Prezidentiniň «Türkmenistanda sanly bilim ulgamyny ösdürmek hakynda Konsepsiýasyny» durmuşa ornaşdyrmak maksady bilen, Türkmenistanyň Daşary işler ministrliginiň Halkara gatnaşyklary institutynda ýörite resmi internet saýty döredilip, ol 2020-nji ýylyň dekabr aýynda öz işine başlady. Bu saýt birnäçe bölümlerden ybarat bolup, institutyň gurluş düzümi, hereket edýän ylmy-usulyýet we okuw merkezleri, geçirilýän çäreler, şeýle hem talyplaryň durmuşyna degişli gyzykly maglumatlar, institutyň professor-mugallymlarynyň, talyplarynyň ýazan makalalary we ylmy işleri ýerleşdirilendir. Web saýt üç dilde bolup, onda türkmen, rus, iňlis dillerinde materiallary almaga mümkinçilik berýär.

**Onlaýn sapaklar we teleköprüler**

Soňky ýarym asyryň dowamynda elektron serişdeler we internet arkaly uzak aralykdan bilim bermek, ýagny onlaýn sapaklaryň ähmiýeti has-da artdy. Onlaýn sapaklar bilimiň mazmunyny baýlaşdyrmak bilen, has gyzykly we amatly okuw tejribesini döredýär. Täze tehnologiýalar arkaly uzak aralykdan okamagyň ýene bir artykmaçlygy diňe bir wagt tygşytlamak bilen çäklenmän, eýsem, dürli hünärler baradaky täzeliklerden aňsat habardar bolmaga ýardam edýär.

Häzirki döwürde dünýä tejribesinde onlaýn sapaklaryň dürli görnüşleri ulanylýar. Olaryň arasynda gibrid okuwlar (hybrid learning) we garyşyk okuwlar (blended learning) has ýörgünlidir. Garyşyk okuwlar hem öz gezeginde bilim bermegiň birnäçe usullaryny, ýörelgelerini öz içine alýar.

Ýurdumyzda bilim edaralarynyň arasynda teleköpri arkaly sapak bermegi gurnamak, tejribeli professor-mugallymlaryň umumy sapaklaryny teleköprüler, bilim portallary arkaly paýlaşmak, elektron kitaphanalaryň kitap gorlaryny baýlaşdyrmak, olar bilen talyplardyr mugallymlaryň işleşmegine, okamagyna oňaýly şertleri we mümkinçilikleri döretmek sanly ulgamyň esasy ugry bolup durýar. Şeýle-de bu ulgamyň mümkinçiliklerinden peýdalanyp, okuw-söhbetdeşlik sapaklary yzygiderli alnyp barylýar.

Umuman, bilim ulgamynyň sanlaşdyrylmagy bilim bermegiň üznüksizligini, şeýle hem onuň ýöriteleşmegini üpjün edýär. Bilim ulgamyny sanlaşdyrma bilim almak we kämilleşmek, gözýetimi giňeltmek, okuw prosesiniň netijeliligini ýokarlandyrmak üçin mümkinçilikleri açýar. Sanly ulgamyň bilim berlişiniň hil derejesine ýetirýän täsiriniň ýokarydygy bilim işgärleriniň bu ulgamdaky täzelikleri öz iş tejribelerine üstünlikli ornaşdyrmaklygyna itergi berýär.

## EDEBIÝATLAR


1. Türkmenistanyň Konstitusiýasy. – A.: Türkmen döwlet neşirýat gullugy, 2020 ý.
2. Türkmenistanyň Prezidentiniň namalary we Türkmenistanyň Hökümetiniň çözgütleriniň ýygyndysy, 2017 ý., №8-9, 359-njy madda.

3. Türkmenistanyň Prezidentiniň namalary we Türkmenistanyň Hökümetiniň çözgütleriniň ýygyndysy, 2020 ý. №5, 1537-nji madda.
4. «Bilim hakynda» Türkmenistanyň Kanuny. Türkmenistanyň Mejlisiniň maglumatlary. 2013 ý.
5. «Daşary ýurt dillerini okatmagy kämilleşdirmegiň konsepsiýasyny tassyklamak hakynda» Türkmenistanyň Prezidentiniň Karary. «Türkmenistan» gazeti, 2017-nji ýylyň 23-nji dekabry.
6. Hajyýewa L. Sanly bilim ulgamyny ýokary okuw mekdeplerinde. «Bilim» žurnaly, 2019 ý. 2 san.

**Aýna SÄTGELDIÝEWA,**
*Türkmenistanyň Daşary işler ministrliginiň*
*Halkara gatnaşyklary institutynyň*
*dünýä dilleri kafedrasynyň mugallymy*

## DAŞARY ÝURT DILLERINI ÖWRETMEKDE TEHNIKI SERIŞDELERIŇ ÄHMIÝETI

Berkarar döwletimiziň bagtyýarlyk döwründe «Türkmenistan – parahatçylygyň we ynanyşmagyň Watany» diýlip atlandyrylan 2021-nji ýylda hormatly Prezidentimiziň parasatly ýolbaşçylygynda bilim ulgamyny özgertmekde, ýaş nesillere döwrebap bilim bermekde belent sepgitlere ýetilýär. Ýurdumyzyň bilim ulgamyny döwre laýyk kämilleşdirmek, ony dünýä ülňülerine laýyk getirmek maksady bilen, 2017-nji ýylyň 15-nji sentýabrynda hormatly Prezidentimiziň Karary bilen «Türkmenistanda sanly bilim ulgamyny ösdürmegiň Konsepsiýasy» tassyklanyldy. Agzalan meýilnama esasynda uzak aralykdan bilim almaklygy, ylmy işleri, olimpiadalary, okuw kitaplaryny okatmagyň elektron serişdelerini, forumlary öz içine alýan sanly bilim portallary döredildi. Şeýle hem ösen daşary ýurt döwletleriniň uniwersitetleri bilen ýurdumyzyň ýokary okuw mekdepleriniň arasynda ýakyn hyzmatdaşlyklar ýola goýulýar, olar bilen sanly ulgamda ençeme çäreler geçirilýär. Mundan başga-da, 2017-nji ýylyň 22-nji dekabryndan başlap «Türkmenistanda daşary ýurt dillerini okatmagy kämilleşdirmegiň Konsepsiýasy» hereket edýär. Bu Konsepsiýa laýyklykda daşary ýurt döwletleriniň dil öwrenmäge ýöriteleşdirilen ýokary okuw mekdepleriniň arasynda wideoleksiýalar we wideokonferensiýalar yzygiderli gurnalýar, halkara derejesinde geçirilýän ylmy, ylmy-amaly, ylmy-usuly maslahatlar, bäsleşikler, dürli festiwallar dil öwrenmek talabyny has-da güýçlendirýär.

Häzirki wagtda ylmyň we tehnologiýalaryň ösen döwründe adamzadyň isleg-leri hem barha artýar. Döwletiň syýasy, ykdysady we medeni esaslaryny berkitmek, ýurdumyzy ösüşiň täze derejesine çykarmak üçin ylym-bilim kuwwatyny herekete girizmek durmuşa geçirilýän bilim syýasatynyň strategik maksadydyr. Munuň üçin ýurdumyzda bilimiň, maglumat tehnologiýasynyň öňdebaryjy usullaryny özleşdir-mekde, jemgyýetiň bilim derejesini we döredijilik işjeňligini ýokarlandyrmakda, ornaşdyrmakda baý tejribe toplanyldy. Ýaşlaryň dünýä dillerini kämil öwrenmegi milli ylym-bilim ulgamyny ösdürmegiň esasy şertleriniň biridir. Bu belent wezipäni çözmek bolsa, sapaklarda täze tehnologiýalary peýdalanmak, talyplaryň işjeňligi-ni artdyrmak, öwrenilýän okuw dersine bolan söýgini ösdürmek bilen pugta bag-lanyşyklydyr. Şonuň üçin hem, häzirki döwürde orta hünär we ýokary okuw mek-deplerinde multimedia tehnologiýalaryny peýdalanyp, interaktiw usulda okatmak hünärli, ylymly-bilimli ýaşlary ýetişdirmekde netijeli usul bolup durýar.

Daşary ýurt dillerini öwretmek işlerinde tehniki serişdeleriň yzygiderli ula-nylmagy döwrüň talabydyr. Olaryň ýerlikli we netijeli ulanylmagynyň şu aşak-dakylar ýaly ähmiýeti we aýratynlyklary bardyr:

a) tehniki serişdeler talyplaryň gepleşik başarnyklarynyň we endikleriniň ösmegine ýardam edýär. Ýaşlar tehniki serişdeler arkaly daşary ýurt di-liniň hakyky nusgasy bilen tanyşýarlar, onuň bilen öz gepleşiklerini deňeşdirip görmäge, ýalňyşlaryny düzetmäge mümkinçilik tapýarlar. Olar nätanyş adamlaryň, şol sanda, çagalaryň we ulularyň, erkek adamlaryň we aýallaryň gepleşigini eşidip düşünmek başarnyklaryny hem-de endiklerini ösdürýärler;

b) tehniki serişdeler arkaly döredilýän gepleşik ýagdaýlary talyplaryň daşary ýurt dilini öwrenmäge bolan höwesini artdyrýar. Bu ýagdaý bolsa, sapak-laryň has çalt depginde we gyzykly geçirilmegini üpjün edýär. Şeýlelikde, her bir talybyň gepleýän we diňleýän wagtynyň mukdary birnäçe esse art-ýar. Şonuň ýaly-da, okuw materialynyň göwrümini giňeltmäge hem amatly şert döredýär;

ç) dürli tehniki serişdeleriň yzygiderli ulanylmagy mugallymyň peýdalan-ýan usulnamalarynyň we usullarynyň baýlaşmagyna getirýär, onuň işini has-da işjeňleşdirýär we ony işlemäge mejbur edýär;

d) usulyýetçileriň belleýşi ýaly, talyplaryň özbaşdak işleriniň netijeliligini düýpli ýokarlandyrmakda tehniki serişdeleriň orny aýratyn-da uludyr;

e) telewizor, radio ýaly tehniki serişdeler diňe bir talyplaryň däl, eýsem dür-li ýaşdaky adamlaryň hem daşary ýurt dillerini köpçülikleýin öwrenmek-lerine uly ýardam edýär. Muňa mysal edip, daşary ýurt dillerini öwretmek üçin ýörite berilýän maksatnamalary, şu dillerde eşitdirilýän täzelikleri, dili öwrenýän ýurtlardan gelen myhmanlaryň öz ene dillerinde edýän çykyşlaryny görkezmek bolar;

ä) okuw portalyny, synag maşynlary, lingafon enjamlaryny we kompyuterleri ulanmak bilen mugallym talyplaryň bilimlerini, başarnyklaryny we endiklerini yzygiderli barlap hem-de bahalandyryp bilýär. Şeýle serişdeleriň ulanylmagy bütin toparyň talyplarynyň jogaplaryny bir wagtyň özünde anyklamaga kömek edýär. Ozal geçirilen ýazgylaryň esasynda talyplaryň özleri hem islendik wagtda öz jogaplarynyň hilini, goýberen ýalňyşlyklaryny kesgitläp bilýärler;

f) tehniki serişdeler okatmagyň amaly maksatlary bilen bir hatarda, ýaşlara terbiýe bermegiň wezipelerini üstünlikli amala aşyrmakda hem uly orun tutýar. Sapaklarda ýygy-ýygydan dili öwrenilýän ýurtlaryň halk aýdymlary, tanymal adamlaryň çykyşlary, çagyryşlar mehaniki ýazgyda eşitdirilýär. Şeýle gymmatly materiallar talyplara daşary ýurt dilini öwretmekde we olary estetiki, ahlak, watançylyk, dostluk-doganlyk duýgularynda terbiýelemekde uly ähmiyete eýe bolýarlar [1, стр. 65-71].

Tehniki serişdeleriň uly ähmiýetiniň bardygyna garamazdan, olaryň ýokary hünärli mugallymyň ornuny tutup bilmejekdigi-de hemmelere aýdyňdyr. Şoňa görä-de, lingafon otagynda we ondan daşarda dürli tehniki serişdeler bilen geçirilýän ähli işler gös-göni mugallymyň ýolbaşçylygynda alnyp barylmalydyr.

Usulyýetçiler tehniki serişdeleri dürli toparlara bölýärler. Bu meselede hem heniz belli bir netijä gelinmändigini bellemek gerek. Şeýle bolsa-da, tehniki serişdeleriň şu aşakdaky görnüşlerini tapawutlandyrmak bolar:

a) diňe görkezýän tehniki serişdeler (filmoskop, epidiaskop, kodoskop, synag alýan maşynlar we kompýuterler, diaprožektor);

b) diňe eşitdirýän tehniki serişdeler (magnitofon, gramofon, diktofon, radio).

ç) bir wagtyň özünde görkezýän we eşitdirýän tehniki serişdeler (kinoprožektor, telewizor, wideomagnitofon).

Bu ýokarda görkezilenler okuw işinde has ýörgünli ulanylýan tehniki serişdelerdir. Ol serişdeleriň özleri görkezilmek üçin hyzmat etmän, eýsem olar başga okuw-görkezme esbaplaryny, olardaky ýazgylary we şekilleri talyplaryň aňyna ýetirmek üçin ulanylýarlar.

Tehniki serişdeleriň ulanylmagynda şu aşakdaky talaplaryň ýerine ýetirilmegi maslahat berilýär: [2, стр. 50]

a) bu serişdeleriň ulanylmagy başdansowma bolman, olar anyk didaktiki maksatlaryň ýerine ýetirilmegini üpjün etmelidirler;

b) olaryň bütin sapagyň dowamynda üznüksiz ulanylmagy ýa-da bir sapakda örän köp sanly tehniki serişdeleriň üýşürilmegi maksadalaýyk däldir. Bir sapakda tehniki serişdäniň 8-10 minudyň dowamynda ulanylmagy ýeterlikdir;

ç) tehniki serişdeleriň netijeli ulanylmagy üçin mugallymyň ýokary hünäri we ukyby bolmalydyr;

d) her bir tehniki serişdäniň sapakdaky orny anyk kesgitlenilmelidir. Şu işde biperwaýlyga ýol berilse ýa-da tehniki serişde öz gerekli ýerinde ulanylmasa, onda talyplaryň täsiri peselýär;
e) tehniki serişdelerde görkezmek we eşitdirmek kadaly tizlikden ýokary bolmaly däldir;
ä) tehniki serişdeleriň ulanylmagy bilen baglanyşyklary talyplaryň ýerine ýetirmeli gönükmelerini sapakdan has ozal işläp taýýarlamaklary möhüm şertleriň biridir;
f) tehniki serişdeleriň ulanylmagynda talyplaryň ýaş aýratynlyklarynyň, bilim derejeleriniň, okuwyň tapgyrynyň nazarda tutulmagy zerurdyr. Mundan başga-da, okuw filmlerini we çeper filmlerini görkezmek, olary degişli edebiýatlar bilen deňeşdirip, ara alyp maslahatlaşmak oňat netije berýär;
i) tehniki serişdelerde eşitdirilýän fonogrammalaryň açyk we düşnükli, görkezilýän kadrlaryň bolsa, aýdyň görner ýaly bolmagy hökmandyr; [3, стр.72]
g) tehniki serişdelerde eşitdirilýän we görkezilýän zatlar geçilýän tema hem-de sapagyň materialy bilen berk baglanyşykly bolmalydyr;
j) talyplaryň tehniki serişdeler bilen özbaşdak işlemeklerini guramak üçin mugallym olar tarapyndan tehniki minimumyň (hasabyň) tabşyrylmagyny gazanmalydyr.

Iňlis dili sapaklarynda internet ulgamyny ulanmak birnäçe didaktiki meseläni çözmäge ýardam edýär. Global ulgamdan materiallary ulanmak bilen okamak, endiklerini ýokarlandyrmak, talyplaryň ýazmaça çykyşyny, söz baýlygyny ösdürip biler. Mundan başga-da, internet tehnologiýalarynyň mümkinçiliklerini öwrenmäge goldaw berer. Internet ulgamynyň üsti bilen talyplar ýazmaça, onlaýn synaglara, wiktorinalara, internetde geçirilen olimpiadalara, wideo konferensiýalara gatnaşyp bilýäler [4,стр.93].

Daşary ýurt dillerini okadýan mugallymlar tarapyndan şu ýokarda görkezilen talaplaryň berjaý edilmegi tehniki serişdeleri ulanmakda öňde goýlan wezipeleriň üstünlikli amala aşyrylmagyna oňaýly ýardam edip biler.

## EDEBIÝATLAR


1. *Бекиев А. О.* Научно-педагогических основах использования ТСО при обучении иностранным языкам. В сб. «Технические средства обучения». Ашхабад, 1983.
2. Пассов Е. И., Колова Т. И., Волкова Т. А. и др. Беседы об уроке иностранного языка. Л., Просвещение, 1975.
3. Полат, Е.С. Метод проектов на уроках иностранного языка [Текст]// Е.С. Полат, ИЯШ, № 2, 3, 2000 г.
4. Полилова, Т.А., Пономарева В.В. Внедрение компьютерных технологий в преподавание иностранных языков [Текст]// Т.А. Полилова, ИЯШ. 1997.

# TALYPLARYŇ YLMY MAKALALARY

**Zelipbibi TAÝMANOWA,**
*Türkmenistanyň Daşary işler ministrliginiň*
*Halkara gatnaşyklary institutynyň*
*halkara gatnaşyklary fakultetiniň V ýyl talyby*

# TÜRKMENISTANYŇ SUW DIPLOMATIÝASY HALKARA GATNAŞYKLARYNDA

Türkmenistanyň hormatly Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedowyň baştutanlygynda amala aşyrylýan Türkmenistanyň parahatçylygy söýüjilikli daşary syýasaty goňşy döwletler bilen dostlukly we özara bähbitli gatnaşyklary ösdürmek we çuňlaşdyrmak boýunça esasgoýujy ýörelgeler bilen şertlendirilendir. Bu gatnaşyklar dürli ugurlary, şol sanda Hazarýaka döwletleri bilen hyzmatdaşlygy hem özüne birikdirýär. Hormatly Prezidentimiziň ýolbaşçylygynda durmuşa geçirilýän daşary syýasat ulgamynda möhüm orun eýeleýän hyzmatdaşlyk ugurlarynyň biri hem Hazar deňzi bilen baglanyşykly meseleleriň oňyn çözülmegi bilen baglydyr.

Bu ugurda ýurdumyz parahatçylyk söýüjilik, hoşniýetli goňşuçylyk, deňhukuklylyk we birek-birege hormat goýmak ýörelgelerine esaslanýan syýasaty durmuşa geçirýär. Bitarap Türkmenistan sebitara we halkara hyzmatdaşlyk meselelerinde möhüm orny eýelemek bilen, parahatçylygyň, durnuklylygyň, Hazar deňzi sebitinde netijeli hyzmatdaşlygy ösdürmegiň, köp asyrlyk taryhy-medeni gatnaşyklar arkaly baglanyşýan Hazarýaka ýurtlarynyň halklarynyň arasynda dostluk gatnaşyklaryny pugtalandyrmagyň bähbidine mynasyp goşant goşýar. Munuň hut şeýledigine hormatly Prezidentimiziň 2014-nji ýylyň 29-njy sentýabrynda Russiýa Federasiýasynyň Astrahan şäherinde geçirilen Hazarýaka döwletleriniň baştutanlarynyň IV Sammitine gatnaşmagy we onda çykyş etmegi aýdyň şaýatlyk edýär. Sammitiň gün tertibine Hazar deňziniň hukuk ýagdaýyny kesgitlemek, Hazarda howpsuzlygy üpjün etmek, ykdysady, ulag, daşky gurşawy we bu ajaýyp deňziň biologik serişdelerini goramak hem-de beýleki ugurlar boýunça netijeli hyzmatdaşlygy ösdürmek bilen baglanyşykly meseleler girizildi.

Hazar deňziniň daşky gurşawyny goramak, onuň biologik serişdelerini aýawly hem rejeli peýdalanmak Türkmenistanyň döwlet syýasatynyň ileri tutulýan wezipeleriniň hatarynda durýar. Hazaryň ekologiýa ýagdaýy barada Türkmenistanyň aýdyň we esaslandyrylan garaýşy bar. Türkmenistanyň Prezidentiniň belleýşine görä, sebitde tebigaty goramak meselelerini çözmekde, ilki bilen, Hazar sebitiniň özboluşly we gaýtalanmajak tebigy toplum bolup durýandygy hakyndaky düşünjeden

ugur almak gerek. Bu toplum bitewi ekologik ulgam bolmak bilen, Hazar deňzini, oňa guýýan derýalary, kenarýaka giňişliklerini we beýleki tebigy desgalary öz içine alýar. Hazaryň tebigaty, onuň biologik serişdeleri rejeli we seresaply çemeleşmegi talap edýär. Şonuň üçin Türkmenistan ekologiýa ulgamynda ähli Hazarýaka döwletleriniň we gyzyklanma bildirýän halkara guramalarynyň tagallalarynyň birleşdirilmegini we hereketleriň özara sazlaşygyny gazanmagy maksadalaýyk hasaplaýar.

Astrahan şäherinde geçirilen Hazarýaka döwletleriniň baştutanlarynyň IV Sammitiniň netijeleri boýunça Hazar deňziniň gidrometeorologiýasy babatda hyzmatdaşlyk etmek hakyndaky Ylalaşyga, Hazar deňzinde adatdan daşary ýagdaýlaryň öňüni almak we ýok etmek babatda hyzmatdaşlyk hakyndaky Ylalaşyga, Hazar deňziniň suw biologik serişdelerini gorap saklamak we rejeli peýdalanmak hakyndaky Ylalaşyga gol çekildi. Şeýle hem Hazarýaka döwletleriniň baştutanlarynyň Beýannamasy we Hazarýaka döwletleriniň Baştutanlarynyň IV Sammitiniň Beýanaty kabul edildi.

Bu halkara-hukuk resminamalaryny işläp düzmek baradaky teklipler ilkinji gezek Türkmenistanyň Baştutany tarapyndan 2010-njy ýylyň noýabrynda Bakuda geçirilen Hazarýaka döwletleriniň baştutanlarynyň üçünji sammitinde öňe sürlüpdi.

Türkmenistanyň Prezidentiniň nygtamagyna görä, Hazar deňzi dostlugyň hem parahatçylygyň deňzidir. Şonuň bilen birlikde, biziň döwletimiz birek-birege sarpa goýmagyň we özara bähbitli hoşniýetli goňşuçylygyň ählumumy ýörelgelerine daýanýar. Şu nukdaýnazardan, Hazar deňziniň hukuk ýagdaýy hakyndaky Konwensiýany taýýarlamak işine Türkmenistanyň gatnaşmagy örän möhüm bolup durýar.

Türkmenistanyň Prezidentiniň belleýşi ýaly, Türkmenistanyň anyk we yzygiderli garaýşy Hazar deňziniň dostlugyň we parahatçylygyň deňzi bolmalydygyndan ybarat bolup durýar. Şunlukda, Türkmenistan ikitaraplaýyn hormat goýmak we özara bähbitli goňşuçylyk ýörelgelerini goldanýar. Häzirki döwürde döwlet syýasatynyň ileri tutulýan wezipesi Hazar deňziniň hukuk ýagdaýy hakyndaky Konwensiýany taýýarlamaga we kabul etmäge işjeň gatnaşmakdyr. Türkmenistan öz milli bähbitlerine goldanmak we halkara hukugynyň umumy ykrar edilen kadalaryny esas edinmek bilen, bu mesele çözülende hazarýaka döwletleriniň özygtyýarlylyk hukuklaryny we kanuny bähbitlerini üpjün edýän özara kabul ederlikli çözgütleri gözlemek ýoly bilen barýar.

2009-njy ýylyň 23-nji sentýabrynda BMG-niň Baş Assambleýasynyň 64-nji maslahatynyň belent münberinden çykyş etmek bilen, Türkmenistanyň Prezidenti şeýle belledi: «Global howpsuzlyk ulgamyny saklamak we berkitmek boýunça dünýä bileleşiginiň tagallalaryna ähli taraplaýyn ýardam etmek, gapma-garşylyklaryň öňüni almak we gowşatmak, döwletleriň we halklaryň durnukly ösmegi üçin şertleri döretmek giň we oňyn halkara hyzmatdaşlygyny üpjün etmek Türkmenis-



13. Sargyt № 2479

tanyň daşary syýasatynyň esasy maksady boldy we bolmagynda galýar. Şunuň bilen baglylykda, Türkmenistanyň hemişelik Bitaraplygy we şonuň bilen baglanyşykly onuň hukuk ýagdaýynyň aýratynlyklary Milletler Bileleşigi üçin Merkezi Aziýada we Hazar deňzi sebitinde ýagdaýlaryň barşyna we häsiýetine oňyn täsir etmek üçin iş ýüzünde oňat mümkinçilikleri açýar diýip hasap edýäris».

Şunlukda Milli Liderimiz sebitleýin meseleler toplumynyň dürli ugurlaryny ara alyp maslahatlaşmak we olar boýunça özara kabul ederlikli we ylalaşykly çözgütleri işläp düzmek üçin sebitde halkara gatnaşyklarynyň hemişelik hereket edýän gurallaryny ýola goýmagyň zerurdygyny göz öňünde tutýar. Türkmenistan bu iş üçin zerur bolan ähli syýasy we guramaçylyk-tehniki şertleri dünýä bileleşigine bermäge taýýardygyny beýan edýär.

Türkmenistan, 1992-nji ýylda başlangyjy goýlan, Hazarýaka döwletleriniň arasyndaky bäştaraplaýyn gepleşikleriň işjeň gatnaşyjysydyr. Alnyp barylýan işjeň gepleşikleriň çäklerinde gyzyklanýan taraplar netijeli we özara kabul ederlikli çözgütleri gözlemek we işläp taýýarlamak, ilkinji nobatda bolsa, Hazar deňziniň hukuk ýagdaýyny kesgitlemek meselesi bilen meşgullanýarlar.

Türkmenistan tarapyndan başy başlanan Hazarýaka döwletleriniň daşary işler ministrleriniň birinji duşuşygy 1996-njy ýylyň 11-12-nji noýabrynda Aşgabatda geçirildi. Ol Hazar deňzi sebitiniň döwletleriniň häzirki zaman taryhynda möhüm tapgyr boldy. Bu duşuşykda Ýörite iş topary görnüşinde hemişelik hereket edýän gepleşikler guralynyň guramaçylyk-hukuk gurluşy kesgitlenildi. Hut şu ýerde Hazar deňziniň hukuk ýagdaýy hakyndaky Konwensiýany işläp taýýarlamagyň gaýragoýulmasyzdygy we zerurdygy barada ylalaşyga gelindi. Soňky ýyllarda Ýörite iş toparynyň çäklerinde işleriň aýratyn işjeňleşdirilýändigi bellenilýär.

Hazar meseleleriniň köpgyraňlylygy we çylşyrymlylygy olary çözmekde täze çemeleşmeleri talap etdi. Türkmenistanyň başlangyjy boýunça Hazarýaka döwletleriniň baştutanlarynyň birinji Hazar sammiti 2002-nji ýylda Aşgabatda geçirildi. Bu sammitiň taryhy ähmiýeti örän uludyr we hut Aşgabat duşuşygynda kenarýaka ýurtlaryň hyzmatdaşlygynyň esasy ugurlarynyň kesgitlenmegine, Hazarda özara arkalaşykly hereket etmek bilen bagly bolan köpsanly meseleleriň çözülmegine özara kabul ederlikli çözgütleriň işlenip taýýarlanmagyna badalga berildi. Hazarýaka döwletleriniň baştutanlarynyň Birinji sammiti Hazar deňziniň hukuk ýagdaýyny kesgitlemek meselesini oňyn çözmegiň ýolunda giňişleýin işleriň başy boldy. Aşgabat sammiti gepleşiklere uly itergi bermek bilen, Hazar deňziniň hukuk ýagdaýyny kesgitlemek meseleleri boýunça syýasy we hukuk geňeşmelerini dowam etmek üçin täze esaslary goýmak bilen, ony hil taýdan ýokary derejä çykardy. Aşgabatda döwletleriň baştutanlarynyň duşuşygy Ýörite iş toparynyň işine hem oňat täsir etdi. Mysal üçin, eger Birinji sammite çenli Topar jemi alty mejlis geçiren bolsa, ondan

soňra onuň işiniň ýygjamlygy we netijeliligi has artdy. Netijede, taraplar Konwensiýanyň taslamasynyň köp düzgünleri boýunça ylalaşyga geldiler.

Döwletleriň baştutanlarynyň Birinji Aşgabat sammitiniň çäklerinde Jarnamanyň taslamasy işlenip taýýarlanyldy, ol indiki duşuşygyň – 2007-nji ýylyň 16-njy oktýabrynda Tähranda geçirilen Hazarýaka döwletleriniň baştutanlarynyň Ikinji sammitini geçirmegiň esasy bolup hyzmat etdi.

Hazarýaka döwletleriniň baştutanlarynyň Tähran sammitinde Türkmenistanyň Prezidentiniň belleýşi ýaly: «Hazaryň deňiz gurşawyny goramak çygrynda biziň özara hereketlerimiziň netijesi we hyzmatdaşlygyň käbir beýleki ugurlarynda hukuk düzgünleşdiriş gurallaryny döretmegiň derwaýyslygy Hazar deňziniň hukuk ýagdaýy hakynda Konwensiýanyň taslamasynyň üstünde işlemegi tizräk tamamlamak zerurlygyny ýüze çykarýar» [1]. Hazar deňziniň hukuk ýagdaýy hakynda Konwensiýany kabul etmek, ilkinji nobatda Hazar deňziniň biologik serişdelerini gorap saklamak, ösdürmek we ulanmak, söwda gämi gatnawy çygrynda, şeýle hem Hazaryň düýbüniň uglewodorod serişdelerini we tebigy baýlyklaryny ulanmakda häzirki döwürde bar bolan meseleleri aradan aýyrmaga mümkinçilik berer.

2007-nji ýylyň aprelinde Türkmenistanyň Prezidentiniň Karary bilen Hazar deňziniň meseleleri boýunça Pudagara topar döredildi. Bu toparyň çäklerinde Türkmenistanyň ministrlikleriniň we pudak edaralarynyň gatnaşmagynda BMG-niň Ösüş maksatnamasy, daşky gurşawy goramak boýunça Maksatnamasy we Hazar deňziniň Ekologik maksatnamasy bilen bilelikde, hereket etmegiň Milli Hazar meýilnamasy işlenip taýýarlanyldy we ol 2008-nji ýylyň fewralynda Türkmenistanyň Prezidentiniň Karary bilen tassyklanyldy. Hereket etmegiň Milli Hazar meýilnamasy Türkmenistanyň döwlet syýasatynyň esasy wezipeleri bolup durýan Hazar deňziniň tebigy baýlyklaryny meýilnamalaýyn we oýlanyşykly ulanmagy, özboluşly ekologiýasyny goramagy we ilatyň sosial howpsuzlygyny üpjün etmegi göz öňünde tutýar. Bu resminama sosial-ynsanperwerlik we ekologik wezipeleri, şeýle hem Türkmenistanyň we umumylykda sebitiň meselelerini çözmekde möhüm ähmiýete eýedir.

2007-nji ýylyň 16-njy oktýabrynda Tähranda Hazarýaka döwletleriniň baştutanlarynyň Ikinji sammitinde eden çykyşynda Türkmenistanyň Prezidenti Hazaryň meseleleriniň toplumy babatda Türkmenistan döwletiniň ýörelgeleýin garaýyşlaryny esaslandyrdy.

2009-njy ýylyň 5-nji noýabrynda Türkmenistanyň paýtagtynda Hazar deňziniň hukuk ýagdaýy hakynda Konwensiýany işläp taýýarlamak boýunça Hazarýaka döwletleriniň daşary işler ministrleriniň orunbasarlarynyň derejesindäki Ýörite iş toparynyň nobatdaky 26-njy mejlisi öz işini tamamlady.

Iki günüň dowamynda geçirilen duşuşyklaryň çäklerinde, Azerbaýjanyň, Eýranyň, Gazagystanyň, Russiýanyň we Türkmenistanyň wekilleri bu möhüm mesele boýunça özara kabul ederlikli çözgütlere ýetmäge umumy ymtylmalary tassyklamak bilen, Konwensiýanyň düzgünlerini maddalaýyn ara alyp maslahatlaşmagy dowam etdiler.

Gepleşikleriň nobatdaky tapgyryny teswirlemek bilen, wekiliýetleriň baştutanlary Hazar sebitindäki ýurtlaryň özara gatnaşyklarynyň ygtybarly hukuk gurallarynyň jemi bolmaga gönükdirilen resminamanyň gutarnykly mazmunyny ylalaşmagy tizräk tamamlamak üçin bilelikde işlemäge öz ýurtlarynyň ygrarlydyklaryny ýene-de bir gezek nygtadylar. Adat bolşy ýaly, hoşniýetlilik ýagdaýynda geçirilen ara alyp maslahatlaşmalaryň netijeliligini bellemek bilen, taraplar Konwensiýanyň taslamasynyň aýry-aýry maddalary boýunça garaýyşlaryň we ylalaşyklaryň ýakynlaşýandygyny kanagatlanma bilen bellediler.

Mejlise gatnaşyjylar, ähli kenarýaka ýurtlaryň tagallalarynyň birleşdirilmegini talap edýän, ylalaşylmadyk ýagdaýlaryň galandygyna garamazdan, ajaýyp tebigy suw howdanynyň saklanylmagynyň, onuň iňňän baý serişdeleriniň oýlanyşykly özleşdirilmeginiň hatyrasyna gepleşiklere gatnaşyjylar, nähili-de bolsa, Hazar meselesiniň iň amatly çözgüdini taparlar diýip umyt bildirdiler. Tizden-tiz çözülmegi talap edilýän bitewi meseleler toplumynyň häzirki mejlisiň gün tertibine çykarylmagy ýöne ýerden däldir. Olaryň hatarynda ulag aragatnaşygyny ösdürmek, deňizde howpsuzlygy üpjün etmek we Hazaryň ekologik ýagdaýy, hususan-da, onuň biologik serişdelerini gorap saklamak meseleleri görkezildi.

Mejlisiň dowamynda birnäçe oňyn teklipleriň öňe sürlendigini bellemek bilen, Hazar «bäşligine» gatnaşyjylar, Aşgabat duşuşygynyň ähli bäş döwletiň milli bähbitlerini we garaýyşlaryny hasaba alýan umumy ylalaşygy gözlemek ýolunda täze ädim bolandygy barada ýeke-täk bir pikire geldiler. Bu ugurda özara bähbitli gepleşikleri ösdürmek baradaky öz meýillerini tassyklamak bilen, taraplar mundan beýläk hem, ikitaraplaýyn möçberlerde-de, köptaraplaýyn möçberlerde-de geňeşmeleri dowam etmegiň möhümdigini bellediler.

2010-njy ýylyň 18-nji noýabrynda Baku şäherinde geçirilen Hazarýaka döwletleriň baştutanlarynyň Üçünji sammiti Hazar gepleşikleriniň oňyn öňe sürülmegi üçin möhüm waka boldy. Türkmenistanyň Prezidenti öz çykyşynda Hazar meselesi boýunça ýörelgeleýin garaýyşlaryny anyk beýan etdi we köp babatda gepleşikleriň oňyn häsiýetini kesgitlän we Sammitiň netijeleri boýunça özara ylalaşykly çözgütleriň kabul edilmegine ýardam eden birnäçe teklipleri öňe sürdi.

Baku şäherinde geçirilen Hazarýaka döwletleriniň Üçünji sammitindäki çykyşynda Türkmenistanyň Prezidenti heniz çözülmän galan üç sany meseläni öňe sürdi [2].

1) birinjiden, Hazar deňziniň düýbüni we ondaky baýlyklary kesgitlemek;

2) ikinjiden, Hazar deňziniň düýbi boýunça turbageçirijileri gurmak meselesi Türkmenistan üçin ýörelgeleýin häsiýetlidir;

3) üçünjiden, bu Hazaryň akwatoriýasynyň kesgitlenilmegidir.

Hazar meseleleriniň toplumy boýunça Türkmenistanyň Prezidentiniň esasy ideýalary, halkara başlangyçlary we teklipleri onuň BMG-niň Baş Assambleýasynyň maslahatlaryndaky, Hazarýaka döwletleriniň sammitlerindäki, şeýle hem başga resmi duşuşyklardaky we ýokary derejedäki gepleşiklerdäki çykyşlarynda öz beýanyny tapýar.

2010-njy ýylyň sentýabrynda BMG-niň Baş Assambleýasynyň 64-nji maslahatynda eden çykyşynda Türkmenistanyň Prezidenti Türkmen döwletiniň Bitaraplygynyň uly ähmiýeti we mümkinçilikleri barada nygtady. Ol BMG bilen hyzmatdaşlyk nukdaýnazaryndan, Merkezi Aziýadaky we Hazar deňzi sebitindäki wakalaryň barşyna we häsiýetine oňyn täsir etmekde aýratyn hem möhümdir. Bulardan başga, Türkmenistanyň Prezidentiniň 2011-nji ýylda BMG-niň howandarlygynda, Merkezi Aziýa we Hazar basseýni sebitinde ýaragsyzlanmak meseleler toplumyna bagyşlanan ýokary wekilçilikli halkara maslahatyny Aşgabatda geçirmek baradaky teklibi hem tapgyrlaýyn ähmiýete eýedir. Şol ýylyň 24-nji iýunynda Aşgabatda geçirilen halkara maslahatynda parahatçylygy we howpsuzlygy saklamak, şol sanda Hazar sebitinde, oňyn özara hereketiň örän möhümdigi aýratyn bellenildi. Türkmenistanyň Prezidenti Hazarýaka döwletleriniň baştutanlarynyň 2014-nji ýylyň 29-njy sentýabrynda Astrahan şäherinde geçirilen IV sammitinde çykyş etmek bilen, birnäçe ileri tutulýan ugurlara ünsi çekdi we derwaýys teklipleri öňe sürdi [3].

Şeýlelik bilen, Türkmenistan Hazar deňziniň dostlugyň, parahatçylygyň we hyzmatdaşlygyň deňzi bolmagy ugrunda çykyş edýär we bu babatdaky garaýyşlaryny iş ýüzünde durmuşa geçirýär.

## EDEBIÝATLAR


1. www.mfa.gov.tm
2. www.tdh.gov.tm
3. www.Orient.tm

**Laçyn HOJAÝEWA,**
*Türkmenistanyň Daşary işler ministrliginiň*
*Halkara gatnaşyklary institutynyň*
*halkara gatnaşyklary fakultetiniň IV ýyl talyby*

# TÜRKMENISTAN – BIRLEŞEN MILLETLER GURAMASY: STRATEGIK HYZMATDAŞLYGYŇ TÄZE SEPGITLERI

Hormatly Prezidentimiz Gurbanguly Berdimuhamedowyň parasatly baştutanlygynda alnyp barylýan hemişelik bitaraplyk ýörelgelerine esaslanýan daşary syýasy strategiýanyň netijesinde Türkmenistan halkara gatnaşyklarynyň ulgamynda barha täsirli orna eýe bolýar, abraýy dünýäde has-da berkeýär.

Milli Liderimiziň baştutanlygynda işlenip düzülen «Bitarap Türkmenistanyň daşary syýasat ugrunyň 2017-2023-nji ýyllar üçin Konsepsiýasy» dünýä döwletleri we halkara guramalary bilen syýasy, ykdysady hem-de medeni ugurlarda hyzmatdaşlygy yzygiderli ösdürmäge we çuňlaşdyrmaga giň mümkinçilikler açýar.

Türkmenistan Birleşen Milletler Guramasynyň agzasy hökmünde özüniň daşary we içeri syýasatynyň esasy ugurlaryny kesgitledi we ýurtda parahatçylygy we asudalygy üpjün etmek, sebitde we Bütindünýäde beýleki döwletler bilen hoşniýetli goňşuçylyk gatnaşyklaryny saklamak maksatlaryny öňde goýdy. Şunuň bilen baglylykda, Türkmenistanyň BMG bilen hyzmatdaşlygynyň ileri tutulýan ugurlarynyň biri hökmünde halkara parahatçylygy we howpsuzlygy üpjün etmek bolup durýar.

Türkmenistanyň öz goňşulary we sebitden daşardaky döwletler bilen sazlaşykly gatnaşyklaryna ygrarly bolmagy onuň bitaraplyk syýasatynda we halkara guramalary bilen hyzmatdaşlygynda öz beýanyny tapdy.

BMG-niň Baş Assambleýasynyň 1995-nji ýylyň 12-nji dekabrynda biragyzdan kabul eden Rezolýusiýasynda Milletler Bileleşigi «Türkmenistanyň yglan eden hemişelik Bitaraplyk derejesini ykrar edýär we goldaýar» diýlip aýdylýar. Bu biziň döwletimiziň alyp barýan oňyn we yzygiderli häsiýetli daşary syýasatyny halkara jemgyýetçiliginiň goldaýandygyna şaýatlyk edýär. Türkmenistan iş ýüzünde Birleşen Milletler Guramasynyň parahatçylygy we howpsuzlygy berkitmek baradaky tagallalaryna ygrarlydygyny görkezdi. 2015-nji ýylyň 3-nji iýunynda BMG-niň Baş Assambleýasynyň 69-njy mejlisinde 193 döwletiň goldamagynda «Türkmenistanyň hemişelik bitaraplygy» atly ikinji Rezolýusiýanyň kabul edilmegi munuň aýdyň subutnamasydyr [1].

2017-nji ýylyň 2-nji fewralynda Birleşen Milletler Guramasynyň Baş Assambleýasynyň 71-nji mejlisinde milli Liderimiziň başlangyjy dolulygyna goldanylyp, 12-nji dekabr «Halkara Bitaraplyk güni» diýip yglan edildi. Bu çözgüt Türkmenistanyň ählumumy parahatçylygy we howpsuzlygy üpjün etmekdäki, döwletleriň arasynda ykdysady, medeni, ynsanperwer hyzmatdaşlygy işjeňleşdirmekdäki aýratyn ornuny görkezdi.

Soňky ýyllarda dünýä bileleşigi bilen özara gatnaşyklar örän ýokary derejelere çykdy. Mälim bolşy ýaly, döwlet Baştutanymyzyň başlangyjy esasynda 2007-nji ýylyň dekabrynda Aşgabat şäherinde BMG-niň Merkezi Aziýa üçin öňüni alyş diplomatiýasy boýunça Sebit merkezi açyldy. Ýurdumyzyň saldamly goşandy we merkeziň 10 ýylyň dowamyndaky uly möçberli işi göz öňünde tutulyp, 2017-nji ýylyň 17-nji noýabrynda, Birleşen Milletler Guramasynyň Baş Assambleýasynyň 72-nji mejlisiniň barşynda «Birleşen Milletler Guramasynyň Merkezi Aziýa üçin öňüni alyş diplomatiýasy boýunça Sebitleýin merkeziniň orny» atly Rezolýusiýasy kabul edildi. BMG-niň agza döwletleriniň 57-si onuň awtordaşlary bolup çykyş etdiler. Munuň özi hem Türkmenistanyň strategik maksatlarynyň parahatçylygyň we howpsuzlygyň, ählumumy ösüşiň wezipelerine we möhüm talaplaryna doly laýyk gelýändigini aýdyň subut etdi. Bu bolsa Merkezi Aziýada parahatçylygy, howpsuzlygy we hyzmatdaşlygy berkitmek boýunça bilelikdäki halkara tagallalaryň häsiýetini we ugruny kesgitleýär. Bu babatda, aýratyn hem, geçen asyryň 90-njy ýyllarynyň ortalarynda Bitarap Türkmenistanyň paýtagtynda Milletler Guramasynyň howandarlygynda Täjigistanyň we Owganystanyň içerki dawalaryny syýasy ýollar bilen çözmek boýunça gepleşikleriň tapgyrynyň geçirilendigini belläp geçmek ýerliklidir.

Birleşen Milletler Guramasy Türkmenistany ynamdar we jogapkärçilikli hyzmatdaş hökmünde görýär. Munuň özi häzirkizaman dünýäsiniň derwaýys meseleleriniň çözgütlerini gözläp tapmak boýunça halkara gepleşiklerinde işjeň orny eýeleýän, ýurduň oňyn içeri we daşary syýasaty bilen şertlendirilýär. Şu jähtden biziň ýurdumyzyň BMG-niň Baş Assambleýasynyň 75-nji sessiýasynyň wise-başlyklygyna altynjy gezek saýlanýandygyny aýratyn nygtamak zerurdyr. Çünki mundan ozal Türkmenistan hut şu derejesinde 58-nji, 62-nji, 64-nji, 68-nji we 71-nji mejlislerine gatnaşdy.

Ýurdumyz BMG-niň 2015-2030-njy ýyllar üçin Durnukly ösüş maksatlaryna goşulyp, bu ugurda baý tejribäni toplady. Ilkinji nobatda, Türkmenistanyň bu Gün tertibi doly goldandygyny, Durnukly ösüş maksatlaryna goşulmak boýunça milli derejede yzygiderli we anyk işleri amala aşyrmaga dessine girişendigini nygtamak zerurdyr. Baryp, 2015-nji ýylyň oktýabrynda BMG-niň agentlikleri bilen Türkmenistanyň ministrlikleriniň we pudaklaýyn dolandyryş edaralarynyň wekilleriniň

arasynda geňeşmeler geçirildi. Şonuň dowamynda Durnukly ösüş maksatlaryna uýgunlaşmak boýunça Bilelikdäki iş toparynyň düzümi ylalaşyldy.

Şeýle geňeşmeleriň netijeleri boýunça Durnukly ösüş maksatlarynyň wezipeleriniň 150-ä golaýy we görkezijileriň 200-e golaýy seçilip alyndy hem-de şolar Hökümet derejesinde tassyklanyldy. Şeýlelikde, BMG-niň baha bermegine görä, Türkmenistan Gündogar Ýewropa we GDA sebitinde soňky 15 ýylyň dowamynda ýerine ýetirmek üçin durnukly ösüşiň esasy ugurlaryny kesgitlän ilkinji ýurt boldy.

Milli Liderimiz «Türkmenistan Durnukly ösüşiň maksatlaryna ýetmegiň ýolunda» atly kitabynda şeýle belleýär: «Häzirki günde biziň ýurdumyz Bitaraplyk derejesi sebit we dünýä möçberinde ýagdaýlary durnuklaşdyrmaga, syýasy, ykdysady, ynsanperwer, ekologiýa taýdan wajyp meseleler çözülen halatynda döwletleriň we halkara guramalaryň netijeli hyzmatdaşlygyna oňyn täsirini ýetirmegiň faktory hökmünde özüni has hem aýdyň ýüze çykarýar. Ol Birleşen Milletler Guramasynyň wezipelerini üstünlikli çözmäge ýardam bermäge hem gönükdirilendir».

BMG-niň 2030-njy ýyla çenli Gün tertibini ýerine ýetirmek bilen baglylykda, ýurdumyzyň ÝUNESKO bilen hyzmatdaşlygyny Türkmenistanyň halkara syýasatynyň ileri tutulýan ugurlarynyň biri bolup durýar. ÝUNESKO-nyň düzümleri, onuň bilermenleri bilen bilelikdäki köpýyllyk işiň netijesinde uly netijeler gazanyldy. Häzirki wagtda «Gadymy Merw», «Köneürgenç», «Nusaýyň Parfiýa galalary», türkmen halkynyň «Görogly» dessançylyk sungaty, türkmen milli «Küştdepdi» aýdym we saz sungaty, türkmen halyçylyk sungaty ýaly medeni gymmatlyklar we ýadygärlikler ÝUNESKO-nyň maddy däl medeni mirasynyň sanawyna girizildi.

«Bitarap Türkmenistanyň daşary syýasat ugrunyň 2017–2023-nji ýyllar üçin Konsepsiýasynda» energetika howpsuzlygyny üpjün etmek meselesi öz anyk beýanyny tapdy. Hormatly Prezidentimiz bu barada öz çykyşynda: «Energiýa serişdelerini ygtybarly we durnukly üstaşyr geçirmek boýunça Baş Assambleýanyň kabul eden rezolýusiýalarynyň düzgünlerini anyk hem-de gyşarnyksyz ýerine ýetirmek üçin zerur işleri geçirmek bilen bu ugurda Birleşen Milletler Guramasyna agza döwletler, bu Guramanyň Sekretariaty bilen hyzmatdaşlygy işjeň dowam etmeli» diýip, milli Liderimiz belleýär. Energiýa serişdelerini howpsuz üstaşyr geçirmek hakynda BMG-niň Baş Assambleýasynyň 63-nji maslahatynyň dowamynda, agza döwletleriň işjeň gatnaşmagynda ara alnyp maslahatlaşyldy. Şonda, ýagny 2008-nji ýylyň 19-njy dekabrynda «Energiýa serişdelerini ygtybarly, durnukly üstaşyr geçirmek hem-de durnukly ösüşi we halkara hyzmatdaşlygyny üpjün etmekde onuň orny» atly Rezolýusiýa kabul edildi. Bu resminama energetika howpsuzlygyny üpjün etmek çygrynda, şeýle hem energiýa serişdeleriniň dünýä bazarlaryna ygtybarly daşalmagyny amala aşyrmak boýunça geljekde halkara hukuk kepilliklerini döretmekde möhüm ädimleriň biri hökmünde taryha girdi. 2013-nji ýylyň 17-nji maýyn-

da BMG-niň Baş Assambleýasy Türkmenistanyň başlangyjy esasynda, «Energiýa serişdelerini ygtybarly, durnukly üstaşyr geçirmek hem-de durnukly ösüşi we halkara hyzmatdaşlygyny üpjün etmekde onuň orny» atly ikinji Rezolýusiýany kabul etdi. Halkara bilermenleriniň aýratyn nygtamaklaryna görä, bu Rezolýusiýalaryň kabul edilmegi Türkmenistan bilen bir hatarda tutuş halkara bileleşigi energiýa serişdelerini üstaşyr geçirmek boýunça açyk, oňyn gepleşiklere, deňhukuklylyk, özara hormat goýmak, köptaraplaýyn bähbitleri berjaý etmek esasynda, ösüşiň obýektiw zerurlygyna laýyklykda, olary ara alyp maslahatlaşmaga gyzyklanma bildirýän döwletler we beýleki taraplar üçin hem bähbitlidir.

Häzirki wagtda Türkmenistan Birleşen Milletler Guramasynyň Çagalar gazasynyň Ýerine ýetiriji geňeşiniň 2018–2020-nji ýyllar üçin, BMG-niň Ýewropa ykdysady komissiýasynyň içerki ulaglar boýunça komitetiniň edarasynyň 2019–2020-nji ýyllar üçin, Bütindünýä azyk maksatnamasynyň Ýerine ýetiriji geňeşiniň 2020–2022-nji ýyllar üçin, ÝUNESKO-nyň Bedenterbiýe we sport boýunça Hökümetara komitetiniň 2017-2020-nji ýyllar üçin, Ykdysady we durmuş geňeşiniň 2019–2021-nji ýyllar üçin, BMG-niň Gender deňligi hem-de zenanlaryň hukuklaryny we mümkinçiliklerini giňeltmek meseleleri boýunça düzüminiň Ýerine ýetiriji geňeşiniň 2022–2024-nji ýyllar üçin agzasy bolup durýar. Mundan başga-da, Watanymyz 2017–2021-nji ýyllarda Durmuş ösüşi boýunça komissiýasynyň, 2017–2020-nji ýyllarda Ösüşiň bähbidine ylym we tehnika boýunça komissiýasynyň, 2020–2023-nji ýyllarda Neşe serişdeleri boýunça komissiýasynyň, 2018–2022-nji ýyllarda Zenanlaryň statusy boýunça komissiýasynyň, 2020–2024-nji ýyllarda Ilat we ösüş boýunça komissiýasynyň agzalygyna saýlandy. Bu bolsa döwletimiziň halkara derejesindäki abraýynyň artýandygynyň subutnamasydyr [2].

Türkmenistan maksada okgunly, özygtyýarly, bitarap, şol birwagtyň özünde-de işjeň hem-de netijeli daşary syýasaty alyp barmak bilen, parahatçylygydyr howpsuzlygy üpjün etmekde we hyzmatdaşlygy ösdürmäge gönükdirilen möhüm teklipleri taýýarlaýar.

Munuň aýdyň mysaly hökmünde geçen ýylyň 12-nji sentýabrynda BMG-niň Baş Assambleýasynyň agza döwletleriniň 73-üsiniň awtordaşlyk etmeginde döwlet Baştutanymyzyň teklibi bilen 2021-nji ýyly «Halkara parahatçylyk we ynanyşmak ýyly» diýip yglan etmek hakyndaky başlangyjy biragyzdan goldanyldy.

Türkmenistanyň Prezidenti Birleşen Milletler Guramasynyň 75-nji mejlisinde eden taryhy çykyşynda birnäçe möhüm teklipleri öňe sürdi. Çykyşyň dowamynda hormatly Prezidentimiz häzirki döwürde dünýä ykdysadyýetini durnukly ösüş ýoluna çykarmak üçin şertleri döretmegiň zerurdygyny nygtady. Şeýle hem döwlet Baştutanymyz Aral deňziniň gurşawy üçin BMG-niň ýörite maksatnamasyny döretmek barada teklip etdi [3].

Umuman, döwlet Baştutanymyzyň ýolbaşçylygynda hemişelik Bitarap Türkmenistan Birleşen Milletler Guramasynyň derejesinde netijeli gatnaşyklara ygrarlydygyny ýene-de bir gezek beýan edip, häzirki zaman dünýäsindäki möhüm meseleleriň çözülmegine sazlaşykly, öňdengörüjilikli çemeleşmelerini görkezýär.

## EDEBIÝATLAR


1. A. Rahmanow. Birleşen Milletler Guramasy we onuň ulgamy. Türkmen döwlet neşirýat gullugy. – Aşgabat, 2014 ý.
2. www.tdh.gov.tm
3. Türkmenistanyň Birleşen Milletler Guramasynyň Baş Assambleýasynyň 75-nji mejlisinde ileri tutýan garaýyşlary. mfa.gov.tm



**Gurbanmämmet GURBANOW,**
*Türkmenistanyň Daşary işler ministrliginiň*
*Halkara gatnaşyklary institutynyň*
*halkara gatnaşyklary fakultetiniň IV ýyl talyby*


# TÜRKMENISTANYŇ ULAG DIPLOMATIÝASY: HALKARA WE SEBIT HYZMATDAŞLYGYNY ÖSDÜRMEKLIGE GÖNÜKDIRILEN BAŞLANGYÇLAR

Berkarar döwletimiziň bagtyýarlyk döwründe hormatly Prezidentimiziň taýsyz tagallalary netijesinde, ösüşiň täze belentlikleriniň röwşen ýoly bilen ynamly öňe barýan ýurdumyzda alnyp barylýan ähli maksatnamalaýyn işler toplumlaýyn häsiýete eýe bolup, tapgyrlaýyn ýagdaýda amala aşyrylýar. Bagtyýarlyk zamanamyzda eziz Watanymyzyň tanalmaz derejede ösmegi, milli ykdysadyýetimiziň kuwwatlanmagy, ähli ulgamlarda gazanylýan üstünlikleriň has-da artmagy dünýä döwletleriniň ünsüni özüne çekýär.

Türkmenistan halkara gatnaşyklarynda Bitaraplyk, goşulyşmazlyk, gapma-garşylyklary parahatçylykly, syýasy serişdeler bilen çözmäge ygtyýarlylyk ýörelgelerine berk eýermekden ugur alýar. Hormatly Prezidentimiziň dünýä we sebit meseleleri babatda halkara başlangyçlaryny durmuşa geçirmek boýunça alyp barýan işi üstünlikli dowam etdirilýär. Şol başlangyçlaryň biri hem ýurdumyzda ulag diplomatiýasyny ösdürmek boýunça alnyp barylýan bimöçber işlerdir. Türk-

menistanyň daşary syýasy strategiýasynyň ileri tutulýan ugurlarynyň hatarynda ulag diplomatiýasynyň orny has hem ýokary derejelere göterilýär. Bu günki gün ulag pudagy durnukly ösüşi üpjün etmegi şertlendiren ýagdaýlaryň biri bolup, dünýäniň sebitlerini we yklymlaryny birleşdiriji güýje öwrüldi. Bagtyýarlyk zamanamyzda hormatly Prezidentimiziň başlangyçlary we tagallalary bilen ulag geçelgelerini döretmek arkaly Merkezi Aziýany sebit ähmiýetli iri üstaşyr geçiriş çatrygyna öwürmek boýunça uly möçberli işler amala aşyrylýar [1].

Garaşsyz, hemişelik Bitarap Türkmenistan häzirki zaman halkara hyzmatdaşlyk ulgamynyň işjeň agzalarynyň biri bolmak bilen, sebitde we dünýäde parahatçylygy, howpsuzlygy hem-de durnukly Ösüşi üpjün etmek işine öz\u00fcniň mynasyp goşandyny goşýar. Türkmenistanyň daşary syýasatynyň binýatlaýyn ýörelgelerine, maksatlaryna we wezipelerine esaslanýan «Bitarap Türkmenistanyň daşary syýasat ugrunyň 2017–2023-nji ýyllar üçin Konsepsiýasy» döwletimiziň halkara işiniň mazmunyny we ileri tutulýan ugurlaryny kesgitleýär. Bitarap Türkmenistanyň daşary syýasatynyň baş maksatlary, esasan, parahatçylyk we Durnukly ösüş üçin amatly şertleri üpjün etmekden, halkara giňişliginde Türkmenistanyň ornuny pugtalandyrmakdan we halkara gatnaşyklarynda ýurdumyzyň milli bähbitlerini halkara giňişliginde goramak ugrunda ulag diplomatiýasy möhüm ugurlaryň biri hökmünde kabul edildi.

Beýik Ýüpek ýolunyň täzeden dikeldilýän şertlerinde ulag diplomatiýasy täze derejelere çykýar. Geografik taýdan amatly ýerleşen, Beýik Ýüpek ýolunyň altyn halkasy bolan Türkmenistan ulag ugurlarynyň ählisi boýunça ulag aragatnaşygynyň we üstaşyr geçelgeleriniň köpugurly, toplumlaýyn we özara utgaşdyrylan infrastrukturasynyň gurluşygyny emele getirýär. Ulaglar ulgamynyň düzüm birlikleri ýurt, sebit we sebitara ykdysady mümkinçiliklerini durmuşa geçirmäge ýardam etmek bilen, ählumumy howpsuzlygy, durnukly ösüşi üpjün edýär. Hormatly Prezidentimiziň daşary syýasy strategiýasynyň ileri tutulýan ugurlarynyň hatarynda ulag diplomatiýasynyň orny has hem ýokary derejelere göterilýär. Ýurdumyzyň ulag diplomatiýasy ulgamyndaky başlangyçlary halkara bileleşiginde giňden makullanylýar we dünýä döwletleri tarapyndan ynam bildirilýär. Hemmämize mälim bolşy ýaly, bu günki gün ulag pudagy durnukly ösüşi üpjün etmegi şertlendiren ýagdaýlaryň biri bolup, dünýäniň sebitlerini we yklymlaryny birleşdiriji güýje öwrüldi.

2018-nji ýylyň başynda Şweýsariýa Konfederasiýasynyň Ženewa şäherinde BMG-niň Ýewropa ykdysady komissiýasynyň içerki ulag boýunça komitetiniň (BMG-niň ÝYK) 80-nji mejlisi geçirilip, onuň barşynda Garaşsyz, hemişelik Bitarap Türkmenistany bu komissiýanyň býurosynyň agzalygyna saýlamak baradaky çözgüt biragyzdan kabul edildi. Ýurdumyzyň şeýle abraýly guramanyň düzümine

saýlanmagy hormatly Prezidentimiziň ulag diplomatiýasy ulgamyndaky öňe sürýän başlangyçlaryna halkara bileleşiginiň belent ynamynyň aýdyň subutnamasy bolup durýar.

Dünýäniň iri halkara guramasy bolup durýan Birleşen Milletler Guramasynyň Baş Assambleýasy Türkmenistanyň başlangyjy bilen öňe sürlen kararnamalary kabul etmek bilen, ulag diplomatiýasynyň syýasy-hukuk binýadynyň sagdyn bolmagyna itergi berýär. Türkmenistanyň ulag ulgamynda gazanan üstünlikleriniň we halkara derejesinde abraýynyň has-da pugtalanmagynyň aýdyň mysallarynyň biri hökmünde hormatly Prezidentimiziň öňe süren başlangyçlary esasynda, BMG-niň Baş Assambleýasy tarapyndan birnäçe Rezolýusiýalaryň kabul edilmegini aýratyn bellemek bolar. Bu halkara resminamalarda durnukly ulag ulgamyny döretmegiň esasy ugurlary beýan edilip, onuň kabul edilmegi milli Liderimiziň başlangyçlarynyň dünýä derejesinde ykrar edilýändigini we goldaw tapýandygyny hem-de netijeli durmuşa ornaşdyrylýandygyny tassyklaýar.

Milli Liderimiziň başlangyjy esasynda BMG-niň Baş Assambleýasy tarapyndan 2014-nji ýylyň 19-njy dekabrynda kabul edilen «Durnukly ösüş maksady bilen halkara hyzmatdaşlygy üpjün etmekde ulag we üstaşyr geçelgeleriniň orny», 2015-nji ýylyň 22-nji dekabrynda kabul edilen «Durnukly multimodal üstaşyr geçelgelerini döretmäge ýardam etmek maksady bilen ulaglaryň ähli görnüşleriniň arasynda hemmetaraplaýyn gatnaşyklary üpjün etmegiň ýolunda», şeýle hem 2017-nji ýylyň 20-nji dekabrynda BMG-niň Baş Assambleýasynyň «Durnukly ösüş maksatlaryny amala aşyrmak bilen baglylykda ulaglaryň ähli görnüşleriniň arabaglanyşygyny berkitmek» atly Kararnamalary kabul edildi. Şeýle hem Türkmenistanyň Mejlisi 2018-nji ýylda «Türkmenistanyň ulag syýasatynyň esaslary hakynda» Türkmenistanyň Kanunyny kabul etdi. Bu bütin dünýä ähmiýetli, umumadamzat bähbitli resminamalar ýurdumyzyň halkara ulag ulgamynyň kemala getirilmegini maksat edinýän tutumly işleriniň öňe ilerleýändigine şaýatlyk edýär. Şonuň ýaly-da, sebitleýin halkara ulag-logistika hyzmatdaşlygynyň hukuk binýady has-da pugtalandyrylýar. Bu kararnamalaryň kabul edilmegi global ölçegde ulag aragatnaşygynyň ösdürilmegi ulgamynda Türkmenistanyň tagallalarynyň halkara derejesinde ykrar edilýändiginiň subutnamasy bolup durýandyr. Soňky ýyllaryň dowamynda Türkmenistan ulag ulgamynda gepleşikler üçin netijeli platforma öwrüldi. Şunlukda, 2016-njy ýylda Aşgabatda BMG-niň howandarlygynda Durnukly ulag ulgamy boýunça ählumumy maslahat geçirildi we ol Aşgabat Jarnamasynyň kabul edilmegi bilen tamamlanandyr. Bu çäräniň barşynda onlarça ýurtlardan gelen döwlet ýolbaşçylarynyň, döwlet işgärleriniň ençemesi, şeýle-de öňdebaryjy halkara guramalarynyň ýolbaşçylary we wekilleri Durnukly Ösüş Maksatlaryna ýetmek üçin

esasy şertleriň biri hökmünde ulag ulgamynyň ähmiýetini ara alyp maslahatlaşmaga mümkinçilik aldylar [2].

Hormatly Prezidentimiz «Türkmenistan – Beýik Ýüpek ýolunyň ýüregi» atly ajaýyp eseriniň 2-nji kitabynda «Türkmenistanyň logistiki strategiýasynyň özenini taryhylyk ýörelgesi emele getirdi» diýip belleýär. Bu ugurda ýurtlaryň arasynda hyzmatdaşlyk gatnaşyklarynyň ösdürilmegine hem ulag diplomatiýasyna uly orun degişli bolup durýar. Garaşsyz, hemişelik Bitarap Watanymyzda ulag syýasatynyň hem-de ulag işini dolandyrmagyň esaslaryny kesgitlemekde öňde durýan wezipeleriň hatarynda ulag babatda kabul edilen halkara hukuk namalaryny amala aşyrmak, ýurdumyzyň ulag ulgamyny halkara ulag hyzmatdaşlygyna işjeň çekmek, ony ösdürmäge we giňeltmäge gönükdirilen anyk taslamalary hem-de meýilnamalary durmuşa geçirmek, ýurdumyzyň üstaşyr mümkinçiliklerini netijeli peýdalanmak üçin birleşen multimodal ulag-üstaşyr ulgamlaryny we geçelgelerini döretmek işleri durýar.

2018-nji ýylyň 28-nji noýabrynda Türkmenistanyň, Azerbaýjan Respublikasynyň, Gruziýa Respublikasynyň, Türkiýe Respublikasynyň hem-de Owganystan Yslam Respublikasynyň arasynda Üstaşyr we ulag hyzmatdaşlygy hakynda ylalaşyga (Lapis Lazuli ugry boýunça ylalaşyk) gatnaşyjy ýurtlaryň ulag ministrleriniň halkara maslahaty geçirildi. Bu ylalaşyga 2017-nji ýylyň noýabrynda Aşgabatda Owganystan boýunça 7-nji sebitleýin Ykdysady hyzmatdaşlyk boýunça Maslahatyň (RECCA VII) barşynda gol çekildi. Bu ulag geçelgesi sebitiň ykdysady integrasiýasyny ýokarlandyrmaga we söwdanyň göwrümlerini artdyrmaga gönükdirilendir.

Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedowyň ýolbaşçylygynda Türkmenistan demir ýol, awtoulag, howa we deňiz ulaglarynyň ulanylmagy bilen howpsuz hem-de özarabähbitli halkara geçelgeleriniň döredilmegi ugrunda işleri dowam etdirýär. 2019-njy ýylyň awgustynda «Awaza» milli syýahatçylyk zolagynda geçirilen Birinji Hazar Ykdysady Forumynyň barşynda geçirilen hazarýaka döwletleriniň ulag ministrleriniň duşuşygynyň barşynda halkara ulag hyzmatdaşlygynyň ösdürilmegi ulgamynda Türkmenistanyň eýeleýän ähmiýetli orny aýratyn nygtaldy.

## EDEBIÝATLAR

1. www.mfa.gov.tm.
2. turkmenportal.com.

**Selim REJEPGELDIÝEW,**
*Türkmenistanyň Daşary işler ministrliginiň*
*Halkara gatnaşyklary institutynyň*
*halkara ykdysady gatnaşyklary fakultetiniň III ýyl talyby*

# DURNUKLY ÖSÜŞ MAKSATLARY WE TÜRKMENISTAN

Eýýäm XX asyryň 60-njy ýyllarynyň ortasyndan başlap dünýäniň ähli döwletlerinde ekologiýa meseleleri birden ýitileşdi – adam işiniň netijesinde tebigatda bolup geçýän howply ýagdaýlar ykdysady we sosial ösüşe ýaramaz täsir edip başladylar. Şol ýagdaýlaryň häsiýeti we göwrümleri daşky gurşawy goramaklygyň meseleleriniň ýaragsyzlanmak, dawaly ýagdaýlary tertibe salmak ýaly häzirki zamanyň ählumumy meseleleri bilen bir hatarda öňdäki orunlara çykyp başlandyklaryndan habar berdi. Şol meseleleriň çözülmän galmagy bolsa adamzadyň aman galmagyna howp saldy.

Häzirki wagtda biziň köpümize tanyş bolan «Durnukly ösüş» adalgasy ilkinji gezek 1980-nji ýylda UNEP, Daşky gurşawy goramagyň halkara bileleşigi we Daşky gurşawy goramagyň bütindünýä gaznasy tarapyndan taýýarlanan «Daşky gurşawy goramagyň Bütindünýä strategiýasy» atly resminamada ulanylýar.

BMG-niň Baş Sekretary Hawýer Peres de Kuelýar (V, 1982–1991, Peru) 1983-nji ýylda norwegiýaly syýasatçy we görnükli jemgyýetçilik işgäri Gru Harlem Bruntlana BMG-niň daşky gurşaw we ösüş boýunça komissiýasyny döretmegi we oňa ýolbaşçylyk etmegi teklip edýär. Komissiýa daşky gurşawyň we tebigy baýlyklaryň ýagdaýynyň ýaramazlaşmagy, ykdysady we durmuş ösüşiniň erbetleşmegi bilen bagly giň jemgyýetçilik ara-alyp maslahatlaşmasy esasynda Durnukly ösüş konsepsiýasyny işläp taýýarlamak bilen meşgul bolýar. «Rio-92»-den 5 ýyl soňra 1997-nji ýylyň iýunynda BMG-niň BA-nyň ekologiýa we Durnukly ösüşe şeýle hem «XXI asyr üçin Gün tertibi» durmuşa geçirilişine bagyşlanan ýörite sessiýasy çagyryldy.

Müňýyllygyň Sammitinde BMG-niň agza döwletleri garyplygyň we açlygyň soňuna çykmaklyga, ählumumy başlangyç bilimi üpjün etmeklige, gender deňligine we aýallaryň hukuklarynyň we mümkinçilikleriniň giňeldilmegine ýardam etmeklige, çaga ölüminiň azalmagyna, eneleriň saglygynyň goragynyň gowulandyrylmagyna, ekologiýa durnuklylygy üpjün etmeklige, ösüş maksatlary üçin global hyzmatdaşlygy ösdürmeklige gönükdirilen çäreleriň toplumyny makulladylar. 2005-nji ýylda Bütindünýä Sammitinde dünýä liderleri Müňýyllygyň ösüş maksatlaryna reproduktiw saglyk boýunça hyzmatlara we maglumatlara köptaraply

elýeterlilik punktuny goşdular. Bu boýunça 2002-nji ýylyň awgust-sentýabr aýynda «Rio+10» görnüşinde Günorta Afrika Respublikasynyň Ýohannesburg şäherinde Durnukly ösüşe bagyşlanan Bütindünýä Sammiti geçirildi [1].

2012-nji ýylyň 20-22-nji iýunynda bolsa Braziliýanyň Rio-de Žaneýro şäherinde «Rio+20» görnüşinde Durnukly ösüşe bagyşlanan Bütindünýä Sammiti geçirildi. Bu sammitiň jemi boýunça «Biziň isleýän geljegimiz» atly jemleýji Jarnama kabul edildi we Durnukly ösüş boýunça ýörite topar düzüldi.

2015-nji ýylyň 25-nji sentýabrynda Birleşen Milletler Guramasynyň döredilmeginiň 70 ýyllyk şanly senesiniň çäginde geçirilen ýokary derejedäki sammitde 2015-nji ýyldan soňky döwür üçin Durnukly ösüş baradaky Gün tertibi kabul edildi. Ähliumumy maksatlaryň 17-sinde we wezipeleriň 169-synda beýan edilen täze Gün tertibi 2030-njy ýyla çenli 15 ýyl döwürde adamzadyň öňünde duran möhüm wezipeleriň çözülmegini özünde jemleýär [2]. Bu maksatlary aýratynlykda getirsek:

1. Bütindünýäde garyplygy we onuň ähli görnüşlerini aradan aýyrmak;
2. Açlyga garşy göreş alyp barmak, azyk howpsuzlygyny üpjün etmek we oba hojalygynda durnukly ösüşe ýardam bermek;
3. Sagdyn durmuş kadalaryny üpjün etmek we hemmeler üçin islendik ýaşda bagtyýar ýaşaýyş-durmuş şertleriniň bolmagyna ýardam bermek;
4. Hemmetaraplaýyn, adalatly we ýokary hilli bilimi üpjün etmek we bütin ömrüň dowamynda bilim almak mümkinçiliklerini giňeltmek;
5. Gender deňligini gazanmak we ähli aýal-gyzlaryň hukuklaryny we mümkinçiliklerini giňeltmek;
6. Suw serişdeleriniň elýeterligini we rejeli peýdalanmagyny üpjün etmek;
7. Gymmat bolmadyk we ygtybarly häzirki zaman energiýa serişdeleriniň hemmelere elýeterli bolmagyny üpjün etmek;
8. Gyşarnyksyz, ählumumy we durnukly ykdysady ösüşe, doly we öndürijilikli iş bilen üpjünçilige, hemmeler üçin elýeterli iş orunlarynyň döredilmegine ýardam bermek;
9. Çeýe infrastrukturany döretmek, ähli ulgamlary öz içine alýan senagat taýdan durnukly ösüşi goldamak we innowasiýalary höweslendirmek;
10. Döwletleriň içinde we arasynda deňsizligi aradan aýyrmak ;
11. Ilatly nokatlary we şäherleri açyk, howpsuz, ýaşaýşa ukyply we durnukly etmek;
12. Önümçiligiň we sarp etmegiň durnukly ülňülerini döretmek;
13. Klimatyň üýtgemegi we onuň netijelerine garşy göreşmek boýunça gyssagly çäreleri amala aşyrmak;
14. Durnukly ösüşiň bähbitlerine ummanlary, deňizleri we deňiz resurslaryny rejeli peýdalanmak;

15. Gury ýeriň ekoulgamyny goramak, dikeltmek we olaryň rejeli ulanylmagyna ýardam bermek, tokaýlary ýerlikli ulanmak, çölleşmäge garşy göreşmek, ýerleriň zaýalanmagynyň, biodürlüligiň azalmagynyň öňüni almak;
16. Durnukly ösüşiň bähbitlerine asuda we sosial päsgelçiliklerden erkin jemgyýeti döretmäge ýardam bermek, hemmeler üçin adalatyň elýeter bolmagyny üpjün etmek we täsirli, hasabatly we köpugurly gatnaşyklara esaslanýan edaralary ähli derejelerde döretmek;
17. Durnukly ösüşi gazanmagyň serişdelerini berkitmek we durnukly ösüşiň hatyrasyna ählumumy hyzmatdaşlygy işjeňleşdirmek [3].

Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedowyň 2015-nji ýyldan soňky döwür üçin Durnukly ösüş maksatlaryna bagyşlanan Sammitde şeýle diýip belledi: «Häzir biz Müňýyllygyň Jarnamasynda beýan edilen Ösüş maksatlaryny durmuşa geçirmekde gazanylan üstünlikleriň ýakyn 15 ýyllyk döwürde bilelikde işlemek üçin berk esas bolup hyzmat etjekdigini ynam bilen aýdyp bileris. Şunuň bilen birlikde, bu ugurda gutarylman galan işleri tamamlamak hem möhümdir. Ählumumy maksatlaryň 17-sinde we wezipeleriň 169-synda beýan edilen täze Gün tertibiň ösüş babatdaky meseleleri çözmäge esasy çemeleşmeleri öz içine alýandygyna doly ynanýarys. Bu meseleler häzirki döwürde adamzadyň öňünde duran möhüm wezipelerdir. Şol wezipeleriň esasy häsiýeti halkara bileleşiginiň Durnukly ösüşi sazlaşykly we toplumlaýyn esasda üç ugur boýunça, ýagny ykdysady, durmuş we ekologiýa babatda gazanmagyna gönükdirilendir.

Durnukly ösüş maksatlary boýunça halkara başlangyçlary ýola goýmak maksady bilen 2015-nji ýylyň 22-nji dekabrynda «Ýyldyz» myhmanhanasynda Birleşen Milletler Guramasynyň Türkmenistandaky Hemişelik utgaşdyryjysynyň Wekilçilikli edarasy tarapyndan gurnalan Durnukly ösüşiň maksatlaryny uýgunlaşdyrmak boýunça Bilelikdäki Tehniki Iş Toparynyň mejlisi geçirildi. Bilelikdäki Tehniki Iş Toparyň mejlisinde 2030-njy ýyl üçin Gün tertibiniň wezipeleriniň durmuşa geçirilmegi ugrunda Türkmenistanyň alyp barmaly işleri dogrusynda pikir alyşdylar. Şu nukdaýnazardan hem 2016-njy ýylyň aprel aýynyň 4-üne Türkmenistan bilen Birleşen Milletler Guramasynyň arasynda ösüş maksady bilen 2016–2020-nji ýyllar üçin hyzmatdaşlygyň Çarçuwaly maksatnamasyna gol çekildi.

2016-njy ýylyň 22-nji iýunynda bolsa Türkmenistanyň Hökümetiniň we Birleşen Milletler Guramasynyň Ösüş Maksatnamasynyň arasynda 2016–2020-nji ýyllar üçin Ýurt boýunça Maksatnamasynyň Hereketleriniň Meýilnamasyna, şeýle hem Bilelikde maliýeleşdirmek hakynda Türkmenistanyň Hökümeti bilen Birleşen Milletler Guramasynyň Ösüş Maksatnamasynyň arasyndaky Ylalaşyga gol çekildi. 2005–2009-njy we 2010–2015-nji ýyllar üçin Çarçuwaly maksatnamalara laýyklykda, dürli ugurlarda 264 taslama durmuşa geçirildi.

2016–2020-nji ýyllar üçin hyzmatdaşlygyň Çarçuwaly maksatnamasy Türkmenistany durmuş-ykdysady taýdan ösdürmegiň 2011–2030-njy ýyllar üçin milli Maksatnamasynyň, şeýle hem BMG tarapyndan kabul edilen 2016–2030-njy ýyllar üçin Durnukly ösüş maksatlarynyň ýörelgelerine doly laýyk gelýär we hyzmatdaşlygyň möhüm ugurlarynyň bäşisini öz içine alýar. Olaryň hatarynda ýokary hilli maglumatlar ulgamyny we ösüşiň monitoringini döretmek, milli statistika ulgamyny mundan beýläk-de kämilleşdirmegi göz öňünde tutýan durmuş ulgamy, ekologiýa durnuklylygyny we energiýa serişdelerini tygşytly ulanmak, iş bilen üpjünçiligi, ykdysadyýetiň, söwdanyň köpugurly esasda ösdürilmegi, dolandyryş hem-de hukuk pudagy bar.

2017-nji ýylyň 1-nji sentýabrynda Türkmenistanyň Daşary işler ministrliginiň Halkara gatnaşyklary institutynda Durnukly ösüş maksatlary boýunça ylmy-usulyýet merkezi açylmagy ýurdumyzyň tutuş dünýäde parahatçylygy, howpsuzlygy, bagtly durmuşy üpjün etmäge uly ähmiýet berýändiginiň alamatydyr.

## EDEBIÝATLAR


1. www.un.org
2. www.mfa.gov.tm
3. www.sustainabledevelopment.un.org



**Jennet HABYBOWA,**
*Türkmenistanyň Daşary işler ministrliginiň*
*Halkara gatnaşyklary institutynyň*
*halkara ykdysady gatnaşyklary fakultetiniň III ýyl talyby*


# BITARAPLYGYŇ TÜRKMEN NUSGASY

**Türkmenistanyň Prezidenti**
**Gurbanguly Berdimuhamedow:**

*– Bitaraplygymyz biziň azatlygymyzyň we üznüksiz ösüşimiziň kepili bolup, halkymyzyň parahatçylyk we durnuklylyk, dostluk hem-de hoşniýetli goňşuçylyk baradaky asyrlarboýy eden arzuwyny durmuşa geçirmegimiziň giň mümkinçilikleridir.*

1990-njy ýylyň başlarynda äpet imperiýalaryň biri hasaplanan SSSR-iň dargamagy bilen Ýewropada we Aziýada onuň düzümine giren köp sanly döwletler,



14. Sargyt № 2479

şol sanda Türkmenistan hem öz syýasy garaşsyzlygyny gazandy. Taryhyň türkmen halkyna beren bu uly bagty, bu uly peşgeşi onuň ykbalyny belende göterdi, oňa asyrlarboýy arzuwlap gelen öz milli döwletini döretmäge, ony dünýä ýüzünde berkarar etmäge mümkinçilik berdi. Şondan soňra, Türkmenistan özüne mahsus ösüş ýoluny saýlap alyp, halkyň pähim-paýhasyndan ençeme asyrlyk däp-dessurlaryndan syzylyp çykýan milli tejribesiniň esasynda turuwbaşdan oýlanyşykly içeri we daşary syýasat alyp bardy. Ilkinji başlangyçlary hökmünde eýýäm 1991-nji ýylyň 27-nji oktýabryndan şol syýasatyň esasy ýörelgeleri işlenip başlandy. Bu senede Türkmenistan Garaşsyzlygyny ykrar edip, şondan soňra halkyň asyrlaryň dowamynda arzuwlan Bitaraplyk syýasatyny durmuşa geçirmeklige girişdi [1].

Abraýly halkara guramalaryň islendiginiň umumadamzat bähbitli düzgünleri bardyr we olar türkmen halkynyň ynsanperwer gatnaşyklaryndan daşda däldirler. Hut şonuň üçin hem Garaşsyz Türkmenistan turuwbaşdan halkara guramalarynyň agzasy bolmaga hem ymtyldy, sebäbi ýurdumyzyň bu ugurdaky ädimleri şol guramalarda oňa öz mynasyp ornuny tapmaga, garaşsyzlygymyzy goramaga we ony pugtalandyrmaga, beýleki döwletler bilen asuda gatnaşyk açmaga uly ýardam berjekdi.

Türkmenistan özüniň bitaraplyk syýasatyny goldamaklygy sorap 1995-nji ýylyň birinji ýarymynda BMG-ä ýüzlendi. Şol ýüzlenme, bir tarapdan, Türkmenistanyň öz hemişelik bitaraplyk statusyny berkitmek, beýleki tarapdan bolsa onuň halkara bileleşiginiň öňünde bitarap döwletiň borçnamalaryny berjaý etmäge taýýardygyny ýene-de bir gezek tassyklamak meýliniň bolandygy bilen şertlendirildi. Netijede, 1995-nji ýylyň 12-nji dekabrynda BMG-niň Baş Assambleýasy (BA) özüniň 50-nji sessiýasynda dünýäniň 185 döwletiniň wekiliýetleriniň gatnaşmagynda «Türkmenistanyň hemişelik Bitaraplygy» hakyndaky rezolýusiýany biragyzdan kabul etdi. Şol resminamada BMG-niň Baş Assambleýasy:

«1. Türkmenistanyň yglan eden hemişelik bitaraplyk statusyny ykrar edýär we goldaýar;

2. Türkmenistanyň bu statusyna hormat goýmaga hem-de ony goldamaga, şeýle hem onuň garaşsyzlygyna, özygtyýarlylygyna we territorial bitewüligine hormat goýmaga Birleşen Milletler Guramasynyň agzalary bolan döwletleri çagyrýar», – diýlip aýdyldy.

BMG-niň BA-nyň Türkmenistan baradaky bu Rezolýusiýasynyň kabul edilmegi, başgaça aýdanymyzda, Türkmenistanyň bitaraplyga esaslanýan daşary syýasy ugrunyň dünýä bileleşigi tarapyndan ykrar edilmegi ýurdumyzyň özbaşdaklygynyň goşmaça kepilnamasy boldy, onuň daşary syýasy işiniň hukuk esasynyň has-da pugtalanmagyna ýardam etdi. Bu möhüm resminamanyň kabul edilmeginiň dünýä bileleşigi üçin hem ähmiýeti uly boldy.

Türkmenistanyň hoşniýetli goňşuçylyk we parahatçylyk soýüjilik gatnaşyklaryna gönükdirilen bitarap daşary syýasaty we diplomatiýasy Berkarar döwletimiziň bagtyýarlyk döwründe has belent derejä galdy. Hormatly Prezidentimiz öz sözlerinde şeýle belläp geçýär: «Türkmenistan dünýäniň ähli döwletleri tarapyndan ykrar edilen hemişelik Bitaraplyk derejesine esaslanýan, takyk we hemmeler üçin aýdyň daşary syýasatyna eýerýär.» Türkmenistanyň Konstitusiýasynyň 6-njy maddasynda şeýle diýilýär: «Türkmenistan dünýä bileleşiginiň doly hukukly subýekti bolup, daşary syýasatda hemişelik bitaraplyk, beýleki ýurtlaryň içerki işlerine gatyşmazlyk, güýç ulanmazlyk we harby bileleşiklere hem birleşmelere goşulmazlyk, sebitiň ýurtlary we dünýäniň ähli döwletleri bilen parahatçylykly, dostlukly we özara bähbitli gatnaşyklaryň ösmegine ýardam bermek ýörelgelerine eýerýär.»

2018-nji ýylyň 8-nji martynda Birleşen Milletler Guramasynyň Howpsuzlyk Geňeşiniň BMG-niň missiýasynyň Owganystana goldaw bermek boýunça ygtyýarlyklaryny uzaltmak hakyndaky Kararnamasyny kabul etmegi ýurdumyzyň bitaraplyk derejesiniň ynsanperwerlik ýörelgeleriniň esasy ugurlarynyň biridir. Bu resminamada döwletimiziň goňşy ýurduň durmuş-ykdysady düzümini ösdürmek boýunça amala aşyrýan çärelerine möhüm ugruň degişlidigi nygtaldy. Onda Türkmenistanyň ulag we energetika, hususan-da, Türkmenistan-Owganystan-Pakistan-Hindistan gaz geçirijisiniň, Türkmenistandan Owganystana çekilýän demir ýoluň gurluşygy, halkara taslamalar babatdaky başlangyçlaryň, Owganystan–Türkmenistan–Azerbaýjan–Gruziýa–Türkiýe (LAZURIT) halkara ulag geçelgesini döretmek hakyndaky ylalaşygyň aýratyn ähmiýete eýedigi bellenildi. Türkmenistanyň parahatçylyk söýüjilige ýugrulan daşary syýasat ugry «Açyk gapylar» syýasatyna esaslanmagy goňşy döwletler, şeýle hem dünýäniň beýleki ýurtlary bilen deňhukukly, özara bähbitli syýasy, söwda-ykdysady we medeni gatnaşyklary ýola goýmakdan, Türkmenistan tarapyndan gol çekilen we ykrar edilen halkara resminamalaryny gyşarnyksyz berjaý etmekden, ýurdumyzyň hemişelik Bitaraplyk derejesinden gelip çykýan işjeň parahatçylyk söýüjilige esaslanýan syýasy ugry ýöretmekden ybaratdygyny aňladýar. Bu ýörelge Bitarap Türkmenistanyň parahatçylygy we howpsuzlygy berkitmekde, söwda-ykdysady hem maýa goýum, energetika we ulag aragatnaşygy, şeýle hem durmuş-medeni we gumanitar ugurlarda giň halkara hyzmatdaşlygyny ösdürmekde ägirt uly güýjüniň bardygyny aýan edýän daşary syýasatyna berlen göwrümli, şol bir wagtda-da çuňňur hem-de giňişleýin häsiýetnamadyr.

Bitarap Türkmenistanyň taryhynda 2015-nji ýylyň 3-nji iýuny taryha altyn harplar bilen ýazylan sene boldy. Şol gün halkara derejesindäki borçnamalaryna ygrarly döwlet hökmünde Türkmenistanyň Bitaraplygy ikinji gezek ykrar edildi. Bu barada BMG-niň şol wagtky Baş sekretary Pan Gi Mun şeýle belläp geçýär: «Birleşen Milletler Guramasynyň Baş Assambleýasynyň 2015-nji ýylyň iýun aýynda geçiri-

len nobatdaky 69-njy mejlisinde BMG-niň «Türkmenistanyň hemişelik Bitaraplygy» Rezolýusiýasynyň gaýtadan kabul edilmegi hem Türkmen Bitaraplygynyň oňyn häsiýete eýedigini tassyklaýar». Bu babatda hormatly Prezidentimiz Gurbanguly Berdimuhamedow: «Men 2015-nji ýylyň Türkmenistanyň we onuň halkynyň durmuşynda aýratyn möhüm ähmiýete eýedigini ýene-de bir gezek bellemek isleýärin. Şu ýyl Birleşen Milletler Guramasynyň Baş Assambleýasynyň Türkmenistanyň hemişelik Bitaraplyk hukuk ýagdaýyny ykrar etmek baradaky Rezolýusiýasynyň kabul edilmegine 20 ýyl dolýar» diýip belläp geçdi. Mähriban Arkadagymyzyň başlangyçlary bilen 2015-nji ýyl «Bitaraplyk we parahatçylyk ýyly» diýlip yglan edildi [2].

2017-nji ýylyň 2-nji fewralynda BMG-niň Baş Assambleýasynyň 71-nji mejlisinde 12-nji dekabry Halkara Bitaraplyk güni diýip yglan etmek hakyndaky kararnama BMG-niň agza döwletleri tarapyndan biragyzdan goldanyldy. Bu halkara baýramçylygyny esaslandyrmak boýunça başlangyçlar milli Liderimiz tarapyndan 2015-nji ýylyň 12-nji dekabrynda türkmen paýtagtynda geçirilen halkara maslahatynda öňe sürüldi. Hormatly Prezidentimiziň öňe süren başlangyçlarynyň düýp esasynda halkymyzyň wagyz edýän parahatçylyk söýüjilik, ynsanperwerlik, açyklyk ýaly asyrlarboýy türkmen halkynyň ganyna siňen ýörelgeleri ýatyr. Geçen 2020-nji ýylda bolsa biz şanly Bitaraplygymyzyň 25 ýyllyk baýramyny uly dabara bilen belläp geçdik.

Gahryman Arkadagymyzyň daşary syýasy başlangyçlarynyň dünýä ýüzünde dabaralanmagy Garaşsyz, baky Bitarap Türkmenistanyň içeri syýasatynyň dowamy hasaplanýan daşary syýasy başlangyçlarynyň dünýäde parahatçylygy, deňhukuklylygy, özara düşünişmekligi goldaýandygyny aýdyňlygy bilen subut edýär. 2019-njy ýylda BMG-niň Baş Assambleýasynyň 74-nji mejlisinde hormatly Prezidentimiziň 2021-nji ýyly «Halkara parahatçylyk we ynanyşmak ýyly» diýlip yglan etmek ugrundaky başlangyçlary bu gurama agza ýurtlaryň ählisi tarapyndan giň goldaw tapdy.

Hemişelik Bitaraplyk syýasatyna ygrarly bolmak bilen, häzirki wagtda Bitarap Türkmenistan dünýäniň 149 ýurdy bilen diplomatik gatnaşyklaryny ýola goýdy, 50 töweregi halkara guramanyň agzasy boldy, şeýle hem 150-den gowrak halkara konwensiýa, şertnama we beýleki köptaraplaýyn resminamalara gatnaşdy.

Parahatçylyk söýüjilik, halkara hukugyna ygrarlylyk, dünýäniň beýleki döwletleri bilen özara düşünişmeklik ýörelgelerine esaslanýan Bitaraplygyň türkmen nusgasy halkymyzyň milli bähbitlerine doly laýyk gelýändigini görkezdi. Bu bolsa halklaryň arasyndaky düşünişmegiň we hyzmatdaşlygyň täsirli guralyna öwrüldi.

## EDEBIÝATLAR

1. Bitarap Türkmenistanyň daşary syýasaty we diplomatiýasy. Türkmenistanyň DIM-i. Aşgabat, 1998.
2. www.mfa.gov.tm.

**Gurbanjemal EGIRJÄÝEWA,**
*Türkmenistanyň Daşary işler ministrliginiň*
*Halkara gatnaşyklary institutynyň*
*halkara žurnalistikasy fakultetiniň III ýyl talyby*

# ÝURDUMYZYŇ BITARAPLYK SYÝASATYNYŇ GAHRYMAN ARKADAGYMYZYŇ ESERLERINDE BEÝANY

Türkmenistan öz Garaşsyzlygyny alan gününden başlap, özboluşly milli ýörelgelerinden ugur alýan daşary syýasat ýörelgelerini işläp düzdi. Halkara hukuk düzgünlerine laýyk gelýän kanunçylyk binýadynyň döredilmegine, durmuşyň islendik pursadynda asudalygyň üpjün edilmegine, halkyň bolçulykda ýaşamagyny gazanmaklyga aýratyn üns berildi. Garaşsyzlyk bu biziň bagtymyzdyr, göz-guwanjymyzdyr, mukaddesligimizdir. Garaşsyzlykdan soňra Bitaraplyk biziň çäksiz buýsanjymyzdyr. Hormatly Prezidentimiz Gurbanguly Berdimuhamedow «Türkmenistanyň Bitaraplygy – bu biziň mizemez gymmatlygymyzdyr, durmuşymyzyň aýrylmaz bölegidir, biziň baş maksadymyzdyr. Bitaraplyk türkmen halkyna parahat, asuda, bolelin we gülleýän durmuşy berdi. Ol Garaşsyzlygyň çuň manyly ideýalarynyň amala aşyrylmagy üçin ynamdar kepil bolup hyzmat edýär» [1, s. 5] diýip, belleýär.

Berkarar döwletimiz garaşsyzlygyny gazanandan soňky geçen gysga döwrüň içinde sebitde we dünýäde parahatçylygy pugtalandyrmak, howpsuzlygy üpjün etmek ugrundaky tagallalary amala aşyrýan döwlet hökmünde özüni tanatmagy başardy. Dünýä döwletleri bilen hoşniýetli gatnaşmak, uruş-dawalardan daşda durmak, dost-doganlyk gatnaşyklaryny pugtalandyrmak ýolundan ýörän Türkmenistanyň Bitaraplyk derejesi ilkinji gezek Birleşen Milletler Guramasy tarapyndan 1995-nji ýylyň 12-nji dekabrynda, ikinji gezek 2015-nji ýylyň 3-nji iýunynda ykrar edildi we BMG-niň Baş Assambleýasynyň Rezolýusiýalarynda Bitaraplygymyzyň hukuk kadalary beýan edildi. Türkmenistan Bitaraplyk atly halkara-hukuk derejesine eýe boldy.

Türkmenistanyň Bitaraplyk derejesi döwletimiziň daşary we içeri syýasatynyň özenidir, raýatlarymyzyň asuda durmuşynyň diregidir. Bitaraplygyň 25 ýylynyň içinde döwletimiz sebitde we dünýäde ählumumy howpsuzlygyň we parahatlygyň, durnukly ösüşiň hatyrasyna ençeme işi durmuşa geçirdi.

Gahryman Prezidentimiziň ýolbaşçylygynda ýurdumyzyň Bitaraplygynyň täze eýýamy başlady. Milli Liderimiziň alyp barýan öňdengörüjilikli syýasatynyň

netijesinde, Türkmenistan Ýer ýüzünde daşary syýasatyny gyşarnyksyz berjaý edýän iň bir adalatly döwletleriň biri hökmünde tanaldy. Birleşen Milletler Guramasynyň Baş Assambleýasynyň 58-nji, 62-nji, 64-nji, 68-nji, 71-nji mejlislerine, şu ýylda hem 75-nji ýubileý mejlisine Türkmenistanyň wise-başlyklyga saýlanylmagy milli Liderimiziň ýolbaşçylygynda döwletimiziň abraýynyň has belentlere galýandygyny ýene-de bir gezek subut edýär.

Gahryman Prezidentimiziň alyp barýan öňdengörüjilikli döwlet syýasatynyň düýp mazmunyny parahatçylykly ösüşi hemmetaraplaýyn üpjün etmek, ýurdumyzyň çäk bitewüligini, döwlet gurluşyny, jemgyýetçilik durmuşyny goramak, adamzadyň asuda ýaşaýşyny hemişe üpjün etmek baradaky il-ýurt bähbitli aladalar düzýändir. Milli Liderimiz türkmen halkynyň gadymdan gelýän adatyny, döreden milli gymmatlyklaryny wasp edýän, taryhy geçmişden habar berýän, tebigatyň eçilen baýlyklary baradaky maglumatlary özünde jemleýän ajaýyp eserleri halkymyza peşgeş berdi. Ýolumyza şamçyrag bolan bu çuň manyly eserlerde ýurdumyzda alnyp barylýan daşary syýasatyň, esasanam, türkmen Bitaraplygynyň many-mazmuny, aýratynlygy dogrusynda beýan edýär.

Gahryman Prezidentimiziň «Bitarap Türkmenistan» atly eserindäki: «Türkmen Bitaraplygy, ilkinji nobatda, tutuş dünýäde parahatçylygy berkitmek, ýüze çykýan meseleleri parahatçylykly ýol bilen çözmek, ähli halklaryň arasynda özara düşünişmegi ýola goýmak üçin ygtybarly kepildir. Diýmek, türkmen Bitaraplygy Ýer **ýüzündäki ýurtlaryň her bir ýaşaýjysyna parahatçylyk we bagt getirýär» [2, s. 13] diýen paýhasly sözlerinden hem Watanymyzyň Bitaraplygynyň esasy manysyny bilmek bolýar.**

Türkmenistan bu günde baky Bitarap döwlet hökmünde özüni jahana tanadan hem bolsa, Bitaraplygymyzyň taryhy kökleri, türkmen halkynyň bitaraplyk häsiýeti öz gözbaşyny müňýyllyklardan alyp gaýdýandygy dogrusynda Gahryman Prezidentimiziň «Garaşsyz, baky Bitarap Türkmenistan» eserinde şeýle bellenilýär: «Türkmenistanyň hemişelik Bitaraplygynyň kökleri halkymyzyň müňýyllyklara uzaýan taryhy bilen aýrylmaz baglanyşyklydyr. Türkmen Bitaraplygymyz gadymy geçmişimizden gözbaş almak bilen birlikde, geljege ýol salýan ýörelgedir» [3, s. 14]. Türkmen halkynyň goňşa hormat goýmak we hoşmeýilli gatnaşmak, birek-birege goldaw bermek, kyn gününde arka durmak, dawa-jenjelden daşda durmak, ýalňyşana dogry ýol görkezmek, açyk ýüreklilik, geçirimlilik, sabyrlylyk ýaly parahatçylyk söýüjilikli ynsanperwerlik häsiýetleri nesilbaşymyz Oguzhan Türkmenden bäri dowam edip, has kämilleşip biziň günlerimize gelip ýetendir. Oguzhan Türkmen hem hiç wagt goňşusyna gylyjyny gynyndan çykarman, olar bilen asuda gatnaşypdyr. Nesillerine ene topragy mukaddes saýyp, ata Watany goramagy, niýetinde ýamanlyk bolan duşmany hem ýagşy söz, akylly syýasat bilen yzyna

gaýtarmagy wesýet edipdir. Bu barada Gahryman Prezidentimiziň «Medeniýet halkyň kalbydyr» eserindäki: «Müňýyllyklaryň dowamynda pederlerimiziň durmuş tejribesi esasynda kemala gelen milli ýörelgämiz we dessurlarymyz döwürleriň, nesilleriň arasyndaky sazlaşygy üpjün edýän mizemez nusgadyr» [4, s. 206] diýen sözlerinden ata-babalarymyzyň her bir işde nusgalyk mekdebe öwrülen ýörelgeleriniň geçmiş bilen geljegi sepleşdirýän köprüdigini bilmek bolýar. «Döwletara gatnaşyklary parahatçylykly ýol bilen berkitmek halkymyzyň Oguz han zamanasyndan bäri ygrarly ýörelgesidir. Şol ýörelge häzirki günde döwrebap mazmunda Garaşsyz türkmen döwletiniň halkara gatnaşyklaryndaky üstünliklerinde wajyp orny eýeleýär» [5, s. 280] diýen maglumatlar türkmen halkynyň beýleki halklar bilen gatnaşyk edenlerinde diňe öz bähbidini nazara alman, garşydaşlarynyň pikirlerine hem hormat goýmaklyga, islendik jedelli mesele ýüze çykanda ony parahat ýol bilen çözmeklige aýratyn ähmiýet berendigini subut edýär.

Merdana pederlerimiziň hoşniýetli häsiýetlerinden gelip çykan baky Bitaraplygymyzyň esasy aýratynlygyny hormatly Ýurtbaştutanymyz: «Türkmenistanyň Bitaraplygy görnüşi boýunça hemişelikdir. Bu bolsa biziň Bitaraplyk derejämiziň wagt taýdan çäklendirilmeýändigini aňladýar. Bu dereje harby döwürde-de, parahatçylykly döwürde-de hereket edýär. Biziň Bitaraplygymyzyň mazmuny babatda oňyn Bitaraplykdyr. Halkara tejribesinde konstruktiwlik düşünjesi hem ulanylýar. Oňyn Bitaraplyk düşünjesi parahatçylygy we durnuklylygy goldamak, ähli ýurtlaryň arasynda dostluk hem hyzmatdaşlyk gatnaşyklaryny ösdürmek meselelerinde biziň işjeň ornumyzy göz öňünde tutýar» [6, s. 41] diýen köpmanyly sözler bilen beýan edilýär. Ýeri gelende belläp geçsek, «Bitarap» sözüniň asyl manysy tarapynda däl, ýagny uruş-dawanyň tarapynda däldir diýen manyny berýär. Döwletiň syýasaty, derejesi bolan Bitaraplyk bu urşa we harby bileleşmelere goşulmazlyk, dawa-jenjelden daşda bolmak, ýarag öndürmezlik, hemişe bir durkuňy saklamak, rahat durmuşy we abadan ýaşaýşy üpjün etmek, asudalyk, parahatlykdyr. Hormatly Prezidentimiz Bitaraplyk barada: «Bitaraplyk biziň ylalaşdyryjy hem-de parahatçylygy dörediji döwlet hökmünde çykyş etmek mümkinçiligimizdir» [7, s. 23] diýip, anyk kesgitleme berýär.

Bitaraplyk – hemişe asuda ýaşaýyş diýmekdir. Biziň ýurdumyzyň hemişe parahat ýaşaýşyny üpjün etmekde bolçulygy, asuda ýaşaýşyny gorap saklamakda baky Bitaraplygyň ähmiýeti uludyr. Has dogrusy, Bitaraplyk daşary syýasatymyzyň esasy ugrudyr. «Biziň ýurdumyzyň daşary syýasy doktrinasy hemişelik Bitaraplyk ýörelgelerine esaslanýar. Hemişelik Bitaraplyk parahatçylygy söýüjilik, beýleki dinlere hormat goýmak, açyklyk hem türkmenlerde bütin taryhynyň dowamynda kemala gelen, islendik meseläni gepleşikler arkaly çözmäge bolan taýýarlyk ýaly,

milli aýratynlygymyzyň ajaýyp taraplaryny düzýän häsiýetlerimizden ugur alýar» [8, s. 45].

Gahryman Prezidentimiziň: «Bu gün Garaşsyz, Bitarap Türkmenistan hoşniýetli goňşuçylyk, dünýä döwletleri bilen dost-doganlyk ýörelgelerine eýerip, daşary syýasatda parahatçylyk söýüjilikli başlangyçlary bilen bütin dünýäde tanalýar we uly abraýa eýe bolýar» [9, s. 39] diýen pähimli sözlerinden belli bolşy ýaly, biziň ýurdumyz öz syýasatyny halklaryň dostlugyny, hyzmatdaşlygyny ösdürmek bilen baglanyşykly alyp barýandyr.

Bitaraplyk ýoly bilen öňe barýan ýurdumyz dünýä halklarynyň dostlukly, ysnyşykly, ylalaşykly gatnaşygynyň berkemeginde öz zehin-başarnygyny berkidip, geçmişden geljege barýandygy dogrusynda Arkadagymyz şeýle belleýär: «Garaşsyz hem-de hemişelik Bitarap Diýarymyzyň, hut şunuň bilen baglylykda hem, dostlukly taraplaryň bähbitlerini nazara alýan halkara hyzmatdaşlyklaryny rowaçlandyrmagyň şöhratly taryhyny döredýäris» [10, s. 153].

Türkmenistan Bitaraplygyň esasy ýörelgelerinden ugur alyp, sebitiň we dünýäniň halklarynyň bähbidine gönükdirilen işjeň daşary syýasaty amala aşyrýar. «Häzirki günde Garaşsyz, hemişelik Bitarap Türkmenistanyň çylşyrymly dünýäniň şertlerindäki geljekki ösüşleri bilen bagly köptaraplaýyn maksatnamalarynyň işlenilip düzülmegi düýpli häsiýetli çemeleşmeleri talap edýär» [11, s. 15]. Şu nukdaýnazardan ugur alyp, ýurdumyzyň Birleşen Milletler Guramasy hem-de onuň ýöriteleşdirilen düzümleri bolan Ösüş Maksatnamasy, ÝUNESKO, Ilat gaznasy, Çagalar gaznasy, Bütindünýä saglygy goraýyş guramasy, Bosgunlaryň işi baradaky Ýokary Komissarynyň Maksatnamasy, Neşelere we jenaýatçylyga garşy göreşmek baradaky müdirligi, BMG-niň Merkezi Aziýa üçin Öňüni alyş diplomatiýasy boýunça sebit merkezi bilen hyzmatdaşlygy täze ösüşlere eýe bolýar.

Ýurtbaştutanymyzyň «Türkmenistan – Durnukly ösüşiň maksatlaryna ýetmegiň ýolunda» atly eserinde halkara hyzmatdaşlygyny mundan beýläk-de ösdürmek we çuňlaşdyrmak, parahatçylygy pugtalandyrmak, halkara howpsuzlygyny üpjün etmek, dostlukly we hoşniýetli gatnaşyklary işjeňleşdirmek ýörelgelerine gönükdirilen syýasatyň möhüm ugurlarynda Türkmenistanyň eýeleýän orny we hyzmatlary şeýle beýan edilýär: «Häzirki günde biziň ýurdumyzyň Bitaraplyk derejesi sebit we dünýä möçberinde ýagdaýlary durnuklaşdyrmaga, syýasy, ykdysady, ynsanperwer, ekologiýa taýdan wajyp meseleler çözülen halatynda döwletleriň we halkara guramalaryň netijeli hyzmatdaşlygyna oňyn täsirini ýetirmegiň faktory hökmünde özüni has hem aýdyň ýüze çykarýar» [12, s. 20].

Türkmenistanyň Bitaraplygy halkymyzyň hemişelik asuda ýaşaýşynyň kepili bolmak bilen çäklenmän, «Bitaraplyk – bu biziň bütin dünýäde parahatçylygy ündeýän, halklary bagtyýarlyga çagyrýan hem-de ynsanperwerligi wagyz

edýän ýörelgelerimizi dünýä ýaýýan taglymatdyr». [13, s. 62]. Hawa, Garaşsyz Türkmenistanyň asuda asmanyň astynda agzybirligiň, parahatçylygyň, hyzmatdaşlygyň, hoşniýetliligiň, ynsanperwerligiň ajaýyp aňlatmasy bolan Bitaraplyk derejämiz, diňe bir Ýer ýüzüniň türkmenlerini däl, eýsem, asudalygy, abadançylygy, jebisligi, dostlugy, doganlygy küýseýän külli adamzady guwandyrýar, buýsandyrýar.

Türkmenistanyň hemişelik Bitaraplyk derejesi ýurdumyzyň içeri we daşary syýasaty bilen aýrylmaz baglanyşykly bolup, milli ykdysady ösüşimiziň meselelerini üstünlikli çözmäge uly mümkinçilik berýär. Milli Liderimiziň parasatly ýolbaşçylygynda alnyp barylýan Bitaraplyk syýasaty diňe bir sebitiň ýurtlary üçin däl, eýsem, dünýä üçin hem uly ähmiýeti bar. Türkmen döwletiniň baş sütünleriniň biri bolan Bitaraplyk taglymatyny Gahryman Prezidentimiz pelsepewi esaslarda kämilleşdirdi we Watanymyzyň halkara abraýyny has-da ýokary galdyrdy.

Bu gün Türkmenistan Gahryman Prezidentimiziň ýolbaşçylygynda Bitaraplyk hukuknamalaryndan we borçnamalaryndan gelip çykýan kanunçylyk binýady berk bolan, hemişelik Bitaraplyk syýasatyny gyşarnyksyz amala aşyrýan döwlet hökmünde, dünýä ýüzünde parahatçylygyň, asudalygyň we agzybirligiň dabaralanýan ýurdy hökmünde giňden tanalýandyr.

Gahryman Prezidentimiziň eserleri biziň ýurdumyzyň esasy ýörelgesi bolan hemişelik Bitaraplyk syýasatynyň waspnamasydyr.

## EDEBIÝATLAR


1. *Gurbanguly Berdimuhamedow*. Bitarap Türkmenistan. – Aşgabat: Türkmen döwlet neşirýat gullugy, 2015.
2. *Gurbanguly Berdimuhamedow*. Garaşsyz, baky Bitarap Türkmenistan. – Aşgabat: Türkmen döwlet neşirýat gullugy, 2014.
3. *Gurbanguly Berdimuhamedow*. Medeniýet halkyň kalbydyr. – Aşgabat: Türkmen döwlet neşirýat gullugy, 2014.
4. *Gurbanguly Berdimuhamedow*. Parahatçylyk sazy, dostluk, doganlyk sazy. – Aşgabat: Türkmen döwlet neşirýat gullugy, 2016.
5. *Gurbanguly Berdimuhamedow*. Mertler Watany beýgeldýär. – Aşgabat: Türkmen döwlet neşirýat gullugy, 2017.
6. *Gurbanguly Berdimuhamedow*. Türkmen alabaýy. – Aşgabat: Türkmen döwlet neşirýat gullugy, 2019.
7. *Gurbanguly Berdimuhamedow.* Türkmenistan – Beýik Ýüpek ýolunyň ýüregi. – Aşgabat: Türkmen döwlet neşirýat gullugy, 2018.

8. *Gurbanguly Berdimuhamedow.* Türkmenistan Durnukly ösüşiň maksatlaryna ýetmegiň ýolunda. – Aşgabat: Türkmen döwlet neşirýat gullugy, 2018.
9. *Gurbanguly Berdimuhamedow.* Türkmenistan – abadançylygyň we rowaçlygyň ýurdy. – Aşgabat: Türkmen döwlet neşirýat gullugy, 2015.

**Jahan ÖRÄÝEWA,**
*Türkmenistanyň Daşary işler ministrliginiň Halkara gatnaşyklary institutynyň halkara hukugy fakultetiniň IV ýyl talyby*

# TÜRKMENISTANDA SANLY ULGAMDA MAGLUMAT HOWPSUZLYGYNYŇ HUKUK DÜZGÜNLEŞDIRILIŞI

Berkarar döwletimiziň bagtyýarlyk döwründe hormatly Prezidentimiziň saýasynda ýurdumyzyň döwlet syýasatynda sanly ulgama geçmäge uly ähmiýet berilýär. Şu maksat bilen kompýuter ulgamy we häzirki zaman aragatnaşyk serişdeleri kämilleşdirilýär, elektron resminama dolanyşygy ornaşdyrylýar. Munuň özi biziň elektron ulgamymyzy has-da berkidýär.

Hormatly Prezidentimiziň ylym-bilim ulgamynyň öňünde goýan wezipeleriniň çözülmegi täzeçe pikirlenmegi başarýan hünärmenleri taýýarlamak işinde şonuň netijesinde, milli ykdysadyýetimiziň ähli pudaklaryny döwrebaplaşdyrmakda, Berkarar döwletimiziň bagtyýarlyk döwründe ýurdumyzyň ösüşiň täze belentliklerine tarap öňe gitmeginde nobatdaky möhüm ädimdir.

Häzirki döwürde ylma güýçli döwlet goldawy berilýär. Ylmyň ileri tutulýan ugurlary boýunça barlaglary geçirmek, döwrebap tehnologiýalaryň esasynda täze önümleri döretmek, ylym bilen aragatnaşygyny pugtalandyrmak ugrunda möhüm çözgütler kabul edilýär.

Türkmenistanyň Esasy Kanunynyň 37-nji maddasynda «her bir adamyň şahsy durmuşynyň eldegrilmesizligine, şahsy we maşgala syrlaryna we olara eden-etdilikli gatyşylmagyndan, şonuň ýaly-da hat-habarlarynyň syryny saklamak düzgünleriniň bozulmagyndan goranmaga hukugy bardyr» diýip bellenmekligi sanly ulgam çygrynda hem raýatlaryň sanly hukuk howpsuzlygynyň amala aşyrylmagyny talap edýär. [1]

Adamlaryň köpüsi gündelik durmuşynda sanly ulgamlar bilen ýüzbe-ýüz bolýarlar, ýöne bu gurşawda gatnaşyklara girmek, adatça, torda ýerine ýetirilen

we sanly hyzmatlar bilen baglanyşykly köp hereketlere degişlidigine garamazdan, ünssüz bolýar. Kiber jenaýatlary, gizlinlik bilen baglanyşykly jenaýatlar we köp hyzmatlaryň we mümkinçilikleriň sanly gurşawa geçmegi bilen baglanyşykly beýleki wakalar barha köpelýär. Ulanyjylar internet torunda haýsy maglumatlaryň jogapkärli bolup biljekdigine düşünmek üçin we maglumat howpsuzlygynyň esasy kanunçylyk kadalaryny bilmelidirler.

**Sanly ulgam** birbada birnäçe şahany öz içine alýan we IT (informasion tehnologiýa) bilen baglanyşykly gatnaşyklary kadalaşdyrýan hukuk pudagydyr. Türkmen kanunçylygynda diňe sanly gurşawy kadalaşdyrmak bilen baglanyşykly aýratyn bölüm ýok we bu kadalar dürli kanunlara laýyklykda dargadylýar.

Sanly hukuk düşünjesi bu adamlara sanly media giňişligine girmäge, ulanmaga, döretmäge, we neşir etmäge ýa-da kompýuterlere, beýleki elektron enjamlaryna we telekommunikasiýa torlaryna girmäge we ulanmaga mümkinçilik berýän adam hukuklary we kanuny hukuklary we çäklendirmeleri hökmünde kesgitlenip bilner.

Ilkibaşda maglumat howpsuzlygy meseleleriniň esasy aýratynlyklaryny kesgitlemek tapgyrynda hukukçy alymlary bu kategoriýalary birneme bölekleýin hasaplaýan bolsalar, wagtyň geçmegi bilen dialektiki bitewülikde we özara baglanyşykda seljerilip başlandy. Şol bir wagtyň özünde, ýokarda agzalanlar bilen bir hatarda, maglumat howpsuzlygy pudagyndaky krizisiň sebäpleri bilen baglanyşykly howplar, şeýle hem täze jemgyýet üçin laýyk hukuk binýadynyň ýoklugy we maglumat hakykatlaryny bellemek mümkin. Maglumat howpsuzlygy meselesine konseptual çemeleşmeleriň emele gelmegi we birleşdirilmegi bilen bir hatarda, ony üpjün etmegiň syýasy we hukuk binýady işlenip düzüldi.

Kompýuter düzgün bozmalarynyň iň giň ýaýran we dürli görnüşlisi rugsatsyz girişdir. Maglumatlary ogurlap, üýtgedip ýa-da ýok edip boljak kanallaryny klassifikasiýa etmek mümkin:

Adamyň üsti bilen: maglumat göterijileriň ogurlanmagy; ekrandan ýa-da klawiaturadan maglumatlary okamak, çapdan maglumatlary okamak.

Programma arkaly: parollary saklamak; şifrlenen maglumatlary şifrlemek; daşaýjydan maglumatlary göçürmek.

Apparat arkaly: maglumata elýeterliligi üpjün edýän ýörite işlenip düzülen enjamlaryň birikdirilmegi; enjamlardan, aragatnaşyk liniýalaryndan, elektrik üpjünçilik torlaryndan we ş.m. ýalňyş elektromagnit şöhlelenmesiniň saklanmagy.

Maglumat howpsuzlygy düzgüniniň emele gelmegi çylşyrymly mesele. Ony çözmek üçin çäreleri bäş derejä bölmek bolar :

1. Kanun çykaryjy (kanunlar, düzgünler, ülňüler we ş.m.);

2. Ahlak (belli bir adamyň ýa-da tutuş bir guramanyň abraýynyň gaçmagyna sebäp bolýan özüňi alyp barşyň ähli görnüşleri);

3. Administratiw (guramanyň ýolbaşçylary tarapyndan görülýän umumy çäreler);

4. Fiziki (potensial girip bilýänleriň mümkin bolan ýollarynda mehaniki, elektron we elektron-mehaniki päsgelçilikler);

5. Programma üpjünçiligi (elektron enjamlary we ýörite maglumat howpsuzlygy programmalary).

Ygtybarly gorag ulgamy aşakdaky ýörelgelere boýun bolmalydyr:

– Gorag enjamlarynyň bahasy bolup biljek zyýanyň mukdaryndan az bolmalydyr.

– Her ulanyjynyň işlemek üçin zerur bolan iň az ýeňillikler toplumy bolmaly.

– Gorag näçe täsirli bolsa, ulanyjy bilen işlemek aňsat bolar.

– Adatdan daşary ýagdaýlarda öçürmek ukyby.

Gorag ulgamy bilen baglanyşykly hünärmenler onuň işleýiş ýörelgelerine doly düşünmeli we kyn ýagdaýlar ýüze çykan halatynda olara ýeterlik jogap bermeli. Maglumatlary gaýtadan işlemek ulgamynyň hemmesi goralmalydyr. [2]

Maglumat sferasynyň howpsuzlygyny ýokarlandyrmak bilen baglanyşykly meseleler çylşyrymly, köptaraply we biri-biri bilen baglanyşyklydyr. Olara döwletden we jemgyýetden yzygiderli üns berilmegini talap edýär. Maglumat tehnologiýalarynyň ösüşi, maglumat pudagynyň howpsuzlygyna abanýan howplara ygtybarly baha bermäge we olara ýeterlik derejede jogap bermäge mümkinçilik berýän usullary we serişdeleri gowulandyrmak üçin bilelikdäki tagallalaryň yzygiderli ulanylmagyny höweslendirýär.

Gizlin maglumatlaryň bikanun ele salynmagyna şert döredýän şertleriň dürlüligi, maglumat howpsuzlygyny üpjün etmek üçin az dürli usullary, güýçleri we serişdeleri ulanmagy talap edýär,

Maglumat howpsuzlygyny üpjün etmegiň usullary, söwda syrlaryna abanýan howplaryň öňüni almak üçin işjeň çärelere gönükdirilen hereketleriň işjeň häsiýetine gönükdirilmelidir.

Halkara hukugynda maglumatyň halkara howpsuzlygyny üpjün etmek barada esasy hukuk kadalarynyň biri 1981-nji ýylyň 28-nji ýanwarynda Strasburg şäherinde kabul edilen şahsy maglumatlary awtomatiki gaýtadan işlemek bilen baglanyşykly şahsyýetleri goramak konwensiýasy degişlidir. Konwensiýa 1985-nji ýylyň 1-nji oktýabrynda güýje girip, 1999-njy ýylyň 15-nji iýunynda düzediş girizildi. Häzirki wagtda konwensiýa birnäçe döwletler gatnaşýar.

Konwensiýanyň maksady, her bir tarapyň çäginde, raýatlygyna ýa-da ýaşaýan ýerine garamazdan her bir adam üçin hukuklaryna we esasy azatlyklaryna hormat

goýulmagyny, hususan-da, şahsy durmuşyň eldegrilmesizligini üpjün etmekden ybaratdyr. Maglumatlary awtomatiki işlemek («maglumatlary goramak») hem goragly amala aşyrylmalydyr. [3]

Türkmenistanyň kanunçylygynda sanly ulgamda maglumat howpsuzlygyny düzgünleşdirmek üçin belli bir sany kodeks ýokdur. Maglumat howpsuzlygynyň her bir çygry dürli-dürli kanunlar düzgünleşdirýär. Olara «Türkmenistanda internet torunyň ösüşini we internet hyzmatlaryny etmegi hukuk taýdan düzgünleşdirmek hakynda», «Maglumat we ony goramak hakynda», «Şahsy durmuş barada maglumat we ony goramak hakynda», «Elektron resminama, elektron resminama dolanyşygy we sanly hyzmatlar hakynda» we beýleki Türkmenistanyň kanunlary degişlidirler. [4]

Tehnologiýanyň nähili ulanylmalydygyny bilmek ýa-da bilmezlik bilen edilen kanuny bozmalar hiç kimi jenaýatçy bolmakdan saklamaýar. Mysal üçin, köp adam aýdym-saza tölemezden göçürip almak bikanun diýip hasaplamaýar, emma tutulan ýagdaýlarynda çynlakaý netijeler bolup biljekdigini bilmekleri zerurdyr. Beýleki düzgün bozmalara faýl paýlaşmak sahypalaryna garakçylyk etmek, wiruslary döretmek, ulgamlary ýa-da torlary döwmek, awtorlyk hukuklarynyň bozulmagyny degişli etmek bolar.

Maglumat howpsuzlygy guramaçylyk, tehniki çäreler arkaly gazanylýar, olaryň her biri degişli serişdeler we degişli aýratynlyklary bolan çäreler bilen üpjün edilýär.

Jogapkärli sanly raýatlar bilen işleşýän XXI asyryň global jemgyýetini döretmek üçin ösüp gelýän ýaşlara bu düzgün bozmalar barada öwredilmeli we habarly edilmelidir.

## EDEBIÝATLAR


1. Türkmenistanyň Konstitusiýasy. – Aşgabat. Türkmen döwlet neşirýat gullugy 2021-nji ýylyň rejelenen görnüşi.
2. Малюк А.А. Основы информационной безопасности. – Екатеринбург: Издательство Уральского университета. 1997 ý.
3. Şahsy maglumatlary awtomatiki gaýtadan işlemek bilen baglanyşykly şahsyýetleri goramak konwensiýasy. Strasburg ş. 1981 ý.
4. https://minjust.gov.tm/ (Türkmenistanyň Adalat ministrliginiň resmi saýty).

**Sona HALYKOWA,**
*Türkmenistanyň Daşary işler ministrliginiň*
*Halkara gatnaşyklary institutynyň*
*halkara žurnalistikasy fakultetiniň IV ýyl talyby*

# TÜRKMENISTANDA EKOLOGIÝA MAGLUMATLYLYGYNY ÜPJÜN ETMEKDE SANLY ULGAMYŇ ÄHMIÝETI

Milli Liderimiz sanly ulgamyň mümkinçiliklerinden doly peýdalanmak arkaly ata Watanymyzyň ösüşlerini has artdyrmagy, raýatlarymyzyň sanly ulgamyň ýeňilliklerinden peýdalanmagyny we ýaş nesliň kämil bilim almagyny gazanmak maksadyny wezipe edip goýdy. Şonuň üçin hem ýurdumyzda sanly ulgamy ornaşdyrmak ugrunda degişli işler durmuşa geçirilýär.

Häzirki wagtda Türkmenistanda milli Liderimiziň tassyklan, 2025-nji ýyla çenli niýetlenen Konsepsiýa amala aşyrylýar. Bu resminama pudaklary tehnologiýa taýdan özgertmegiň hem-de döwlet tarapyndan dolandyrmagyň, ýurdumyzyň serişdeler we önümçilik kuwwatynyň esasynda ykdysadyýeti ösdürmegiň özboluşly «ýol kartasy» bolup durýar.

Sanlylaşdyrmak – milli ykdysadyýetimiz üçin hil taýdan täze döwür bolup, durmuş-ykdysady ösüş babatda döwlet Baştutanymyzyň takyk, çuňňur oýlanyşykly we ylmy taýdan esaslandyrylan strategiýasy esasynda oňa geçmek mümkin boldy. Ol ösüşiň durnukly oňyn depginini üpjün etmek bilen çäklenmän, eýsem, degişli şertleriň üýtgemegine uýgunlaşmagy, daşarky ýagdaýlar bilen şertlendirilen töwekgelçilikleriň azalmagyny üpjün etdi.

Beýleki maglumatlar bilen bir hatarda hormatly Prezidentimiziň saýasynda ekologiýa we daşky gurşawy goramak bilen baglanyşykly maglumatlary sanly ulgama geçirmekde hem uly işler alnyp barylýar. Sanly görnüşde halkymyza ýetirilýän köpçülikleýin habar beriş serişdeleriniň içinden ekologiýa maglumatlary eriş argaç bolup geçýär. Ýurdumyzyň bu ugurda goşulýan konwensiýalary, kabul edýän kararlary BMG-niň resmi dillerinde çap edilip, okyjylar köpçüligine sanly ulgamyň üsti bilen wagtynda ýetirilýär.

Hemmämiziň bilşimiz ýaly, Türkmenistanyň Oba hojalyk we daşky gurşawy goramak ministrliginiň Gidrometeorologiýa baradaky gullugy ýurdumyzyň welaýatlarynda we paýtagtymyz Aşgabatda bolmagyna garaşylýan howa maglumatyny gündelik, hepdelik görnüşinde halka ýetirýärler. Biz bu maglumatlara ýurdumyzda

her gün ýaýlyma berilýän «Watan» habarlary gepleşiginden soň ýa-da hepdäniň dowamynda gündelik çapdan çykýan «Türkmenistan» gazetinde duş gelýäris. Indi howa maglumatyny has elýeterli etmegiň bir görnüşi hökmünde sanly ulgamyň mümkinçilikleri has öňe çykdy. Muňa mysal hökmünde ykjam telefonlarda ýerleşdirilen programmalar, her ýerde eşitmäge mümkinçiligi bolan radiolar, internet, gazet-žurnallaryň elektron görnüşleri, internet saýtlary, elektron gazetleri aýdyp bileris.

Sanly ulgamyň mümkinçilikleri netijesinde biz diňe bir uly şäherleriň däl, eýsem, obalaryň hem aýratynlykda howa maglumatyny görüp bilýäris. Diňe bir howanyň temperaturasy bilen çäklenmän, ýeliň tizligi, atmosfera basyşy, howanyň çyglylygy, günüň dogýan we ýaşýan wagty bilen baglanyşykly maglumatlar bize elýeterliligine galýar [1].

Häzirki wagtda ekologiýa maglumatlary iň elýeterli maglumatlaryň biri hasaplanylýar. Sebäbi arassa ekologiýa, tämiz howa, owadan daşky-gurşaw her bir ynsan üçin hem iň wajyp faktorlaryň biri hasaplanylýar. Biz ekologiýa degişli maglumatlary sanly ulgamyň täze mümkinçilikleri arkaly tiz wagtyň içinde tapyp bilýäris.

Daşky gurşawda ekologik howply pursadyň ýüze çykmagy adamyň we onuň gurşawynyň tebigat we jemgyýetçilik guramalary bilen bolan durnuklylygynyň netijesinde, dürli hili çäreleri dürli görnüşde we dürli derejede diňe bir ekologik ýagdaýy däl-de, eýsem adamyň gurşawyny hem gowulandyrmagyň zerurdygy ýüze çykdy. Şu çäreler geçirilende adamyň psihologiýasy we onuň daşky gurşawa bolan gatnaşygy möhüm ähmiýete eýe bolýar. Ekologik meseleleriň üstünlikli çözülişi, köplenç, adamyň bilimine we terbiýesine bagly bolup durýar.

Şol nukdaýnazardan seredeniňde ekologik meseleleri ilatda ekologiki düşünjäni döretmän çözüp bolmaýar. Ekologik aň düşünjäni (aýratynlykda we toparlaýyn) adam, jemgyýet, tebigat ulgamynda we tebigatda özara baglanyşygy, ýüze çykan gatnaşygy, degişli strategiýany we tehnologiýanyň özara gatnaşygyny ýüze çykarmazdan çözüp bolmaýar. Häzirki günlere çenli, daşky gurşawyň goragy barasyndaky bilimiň özeni boýunça bir pikir ýok. Ol barasynda şeýle pikir bar, ýagny ekologik bilim, bu adamyň öz tebigy we emeli gurşawyna bolan gatnaşygyny aýdyňlaşdyrman, tebigatdan peýdalanmagyň, tebigaty we tebigy baýlyk çeşmelerini goramak, ilat meseleleri we ş.m. işler bilen meşgullanmalydyr. Bilim bu tebigy gurşawa konstruktiw çemeleşmegiň hem filosofiki hem pragmatiki manysyny ýüze çykarmagyna öz goşandyny goşmaly diýen pikir bar. Doly aýdylanda tebigy gurşaw barasyndaky bilim, bu adamyň daşky gurşaw bilen özara baglanyşygyny ýerli regional we hemmetaraplaýyn derejede onuň ýaşaýyş şertlerini gowulandyrmagyň dürli nukdaýnazarlaryny aýdyňlaşdyrýar. Ekologik bilim (älem adamyň tebigat bilen özara hyzmatdaşlygynyň dürli jähtleri

barasynda) bizi gurşap alýan älemde ornuňy anyklamak endikleri, daşky gurşawyň ýagdaýyny hemmetaraplaýyn anyklamak we ş.m. barasyndaky) şu jähtde ilki bilen daşky gurşawy gorap, ony gowulandyrmak boýunça täze tilsimatlaryň taslamalaryny işläp taýýarlamagyň tejribe çärelerini amala aşyrmagyň başarnyklaryny döredip olary kämilleşdirmelidir.

Mundan başga-da ekologiýa bilen baglanyşykly kabul edilen kararlary, kanunlary biz Türkmenistanyň Adalat ministrliginiň resmi internet saýty hasaplanýan minjust.gov.tm saýtyndan aňsat görnüşde tapyp bilýäris. Halkara kadalaryna laýyk gelýän «Ozon gatlagyny goramak hakynda», «Balyk tutmak we suwuň biologik serişdelerini gorap saklamak hakynda», «Atmosfera howasyny goramak hakynda», «Ekologiýa howpsuzlygy hakynda», «Ekologiýa maglumaty hakynda» Türkmenistanyň Kanunlary, Tokaý kodeksi, Suw kodeksi ýaly hukuknamalary biz bu saýtyň üsti bilen tiz tapyp bilýäris. Hormatly Prezidentimiziň başda durmagynda Türkmenistanyň ekologiýa boýunça hukuk binýadynyň kämilleşýändigi, ýuridik we fiziki şahslar tarapyndan hojalyk hem beýleki işleriň amala aşyrylan mahalynda olaryň «Ekologiýa howpsuzlygy hakynda» Türkmenistanyň Kanuny esasynda ýerine ýetirilmelidigi, munuň daşky gurşawy zyýanly täsirlerden goramakdaky, ynsanlaryň saglygyny hem bagtyýar durmuşyny üpjün etmekdäki ähmiýeti hakynda ýörite hünärmenler tarapyndan giňişleýin düşündirilýär [2].

Hemmämize mälim bolşy ýaly, ekologiýa diplomatiýasy diplomatiýa düşünjesiniň öňe çykan ugurlarynyň biri hasaplanylýar. Diplomatiýa düşünjesiniň özenine seredenimize bu söz özara düşünişmek arkaly gepleşikleri geçirmek sungaty diýmekligi aňladýar. Ekologiýa diplomatiýasyny işiniň netijeliligini gazanmakda hem döwletleriň, guramalaryň, halklaryň özara düşünişmegi zerur hasaplanylýar. Çünki arassa ekologiýa hemmeler üçin iň zerur zatlaryň biri. Ýurdumyzyň ekologiýa taýdan arassalygyny gazanmakda sanly tehnologiýanyň ähmiýeti örän uludyr. Hemmämiziň bilşimiz ýaly paýtagtymyz Aşgabatda akylly şäheriň döredilmegi we ondaky tehnologiýalaryň sanly görnüşde üpjün edilmegi energiýany tygşytlamaga, arassa daşky gurşawy döretmäge ýardam eder. akylly öý taslamasynda öýüň içindäki çyralaryň adam otagyň içine giren wagty ýanmasy, otagyň içinde hiç kim ýok wagty bolsa awtomatik ýagdaýda sönmegi energiýa serişdelerini tygşytlar. Bularyň hemmesi sanly tehnologiýalaryň kem-kemden biziň durmuşymyza ornaşýandygyny görkezýär.

Häzirki wagtda sebitde we dünýäde ekologiýany, daşky gurşawy goramak tutuş adamzady gyzyklandyrýan wezipeleriň iň derwaýyslarynyň biri bolup durýar. Şonuň üçin hem hormatly Prezidentimiziň ýolbaşçylygynda ähli pudaklarda ekologiýa howpsuzlygyny üpjün etmek babatda alnyp barylýan işler geljegi nazarlaýar.

Garaşsyz, hemişelik Bitarap Türkmenistan halkara guramalar bilen köptaraplaýyn ynsanperwer hyzmatdaşlygy alyp barmak bilen, bu jähtden, bütin adamzadyň geljegine gönükdirilen başlangyçlary BMG-niň dürli derejedäki düzümlerine yzygiderli hödürleýär. Bitaraplyk ýörelgelerine ygrarly Türkmenistanyň bu iri halkara gurama we onuň edaralary bilen amala aşyrýan hyzmatdaşlygynyň esasy ugurlarynyň biri hem howanyň üýtgemegi, daşky gurşawy goramak, tebigatdan rejeli peýdalanmak we ekologiýa howpsuzlygyny üpjün etmek meseleleridir. Birleşen Milletler Guramasynyň Baş Assambleýasynyň öz işine başlan 75-nji mejlisiniň dowamynda garaljak meseleleriň içinde hormatly Prezidentimiziň durnukly ösüşi üpjün etmekde ekologiýa diplomatiýasyny kämilleşdirmek baradaky başlangyçlarynyň bardygy halkymyzy buýsandyrýar. Hazar deňzinde biodürlüligi saklamaga gönükdirilen täze Hazar ekologiýa maksatnamasynyň konsepsiýasynyň taslamasynyň taýýarlanmagy, Aral deňziniň sebiti üçin BMG-niň Ýörite maksatnamasyny döretmek boýunça başlangyçlar daşky gurşawy goramak babatda ýurdumyzda nusgalyk tejribäniň toplanandygynyň aýdyň subutnamasydyr. Ekologiýa howpsuzlygy, munuň özi hojalyk we gaýry işiň bolup biläýjek ýaramaz täsirinden, şeýle-de häzirki we geljek döwürde her bir raýatyň ýaşaýyş jähetli bähbitleriniň we daşky gurşawyň adatdan daşary ýagdaýlarynyň ýüze çykmak howpundan goraglylyk kepillikleriniň üpjün edilmegine gönükdirilen syýasy, hukuk, ykdysady, tehnologik we gaýry çäreleriň ulgamydyr. Hukuk nukdaýnazaryndan bolsa ekologiýa howpsuzlygy diýip, daşky gurşawyň, ilatyň ömrüniň we saglygynyň hojalyk ýa-da işiň bolup biläýjek ýaramaz täsirinden, tebigat we tehnogen häsiýetli adatdan daşary ýagdaýlardan goraglylygynyň kepilligini üpjün ediji hukuk kadalarynyň kömegine düşünilýär.

Biziň ýurdumyz dünýä ähmiýetli ekologiýa meseleleriniň çözülmeginde halkara hyzmatdaşlygyň ornuny aýratyn nygtaýar [3]. Türkmenistan BMG-niň Ösüş maksatnamasy, Daşky gurşaw boýunça maksatnamasy, Ählumumy ekologiýa gaznasy ýaly halkara düzümler bilen birlikde, tebigaty goramak ugrunda hem ekologiýa maksatnamalaryny we iri taslamalary durmuşa geçirýär hem-de BMG-niň tebigaty goramak baradaky konwensiýalarynyň birnäçesine goşuldy, ençemesini tassyklady. Olardan «Biologik köpdürlülik hakyndaky», «Çölleşmäge garşy göreşmek hakyndaky» konwensiýalary, «Ozon gatlagyny goramak hakynda» Wena Konwensiýasyny we «Ozony dargadýan maddalar baradaky» Monreal Protokoly, «Klimatyň üýtgemegi barada» Çarçuwaly Konwensiýany we beýlekileri görkezmek bolar. «Merkezi Aziýanyň durnukly ösüş üçin daşky gurşawy goramak boýunça» Çarçuwaly Konwensiýa aýratyn ähmiýete eýedir. Munuň özi Türkmenistanda wajyp meseleleriň çözülmegine goşant boljak tejribäniň toplanandygynyň aýdyň subutnamasydyr. Daşky gurşawy goramak boýunça ençeme halkara taslamalar ýerine ýetirilýär. 2018-nji ýylyň 12-nji aprelinde BMG-niň Baş Assambleýasynyň



15. Sargyt № 2479

«Birleşen Milletler Guramasynyň we Araly halas etmegiň halkara gaznasynyň arasynda hyzmatdaşlyk» hakynda Kararnamasynyň kabul edilmegi has ähmiýetlidir.

Biziň günlerimizde Ýer togalagynda ýaşaýan bütin adamzady gyzyklandyrýan we alada goýýan ekologiýa meselelerini çözmekde we ugurda maglumat alyş-çalşygyny ýola goýmakda tagallalary durmuşa ornaşdyrýan Türkmenistan bu meseleleri diňe ylalaşyklar we hukuk esasynda çözmegiň tarapdarydyr.

### EDEBIÝATLAR


1. *Gurbanguly Berdimuhamedow.* Türkmenistan Durnukly ösüşiň maksatlaryna ýetmegiň ýolunda. –Aşgabat: Türkmen döwlet neşirýat gullugy, 2018.
2. www.turkmenistan.gov.tm
3. www.mfa.gov.tm.



**Şahnoza EMINOWA,**
*Türkmenistanyň Daşary işler ministrliginiň*
*Halkara gatnaşyklary institutynyň*
*halkara hukugy fakultetiniň IV ýyl talyby*


## HALKARA ŞERTNAMALAR HUKUGY HALKARA HUKUGYNYŇ ESASY PUDAGY

**Türkmenistanyň Prezidenti**
**Gurbanguly Berdimuhamedow:**

*– Dünýäniň iň öňdebaryjy, iň abraýly döwletleriniň hataryna goşulan Türkmenistan öz üstüne alan halkara borçnamalaryna gyşarnyksyz eýerýän, halkara hyzmatdaşlygy meselelerine örän jogapkärli çemeleşýän, Merkezi Aziýa sebitinde we ähli yklymlarda parahatçylygyň, gülläp ösüşiň, özara düşünişmegiň rowaç almagy ugrunda yzygiderli tagalla edýän, geljegi uly ýurt hökmünde öz syýasy-hukuk binýadyny berkidýär.*

Hormatly Prezidentimiziň parasatly baştutanlygynda üstünlikli amala aşyrýan hemişelik bitaraplyga esaslanan Türkmenistanyň daşary syýasaty günsaýyn badalga almak bilen halkara gatnaşyklary ulgamynda täze özgertmelere eýe bolýar.

Ýurdumyz Birleşen Milletler Guramasy bilen strategiki ähmiýetli we ýakyn hyzmatdaşlygy alyp barýar. Türkmenistan dünýä döwletleri we abraýly halkara guramalary bilen ikitaraplaýyn we köptaraplaýyn esasda syýasy-diplomatik, söwda-ykdysady we medeni-ynsanperwer ugurlar boýunça netijeli gatnaşyklaryny has-da giňeldýär we ösdürýär. Türkmenistanyň daşary syýasatynyň halkara-hukuk esaslary hem berkidilýär we ýurdumyz möhüm halkara konwensiýalarynyň uly toplumlaryna goşulmak bilen, öz üstüne alan borçnamalaryny gyşarnyksyz ýerine ýetirýär. Türkmenistanyň Konstitusiýasynyň 9-njy maddasyna laýyklykda, «Türkmenistan dünýä bileleşiginiň doly hukukly subýekti bolup, daşary syýasatda hemişelik bitaraplyk, beýleki ýurtlaryň içerki işlerine gatyşmazlyk, güýç ulanmakdan we harby bileleşiklere hem birleşmelere gatnaşmakdan ýüz döndermek, sebitiň ýurtlary we dünýäniň ähli döwletleri bilen parahatçylykly, dostlukly we özara bähbitli gatnaşyklarynyň ösmegine ýardam etmek ýörelgelerine eýerýär. Türkmenistan halkara hukugynyň umumy ykrar edilen kadalarynyň ileri tutulmagyny ykrar edýär» diýlip berkidilýär [1, s. 15].

Şertnamalar döwletleriň tejribesinde halkara hukugynyň döremeginden has irki döwürde ýagny, döwlete meňzeş emele gelmeleriň gatnaşyklarynda ylalaşyk-parahatçylykly çözmegiň ýeke-täk serişdesi hökmünde döredi. Halkara hukugynyň emele gelmegi bilen döwletleriň arasyndaky şertnamalar kanuny häsiýete eýe bolýarlar. Halkara gatnaşyklaryny kadalaşdyrmagyň zerurlygy artdygyça şertnamalaryň orny hem artýar. Halkara şertnamalar hukugy halkara hukugynyň bir pudagy bolup, halkara şertnamalaryň baglaşylmagy, ulanylmagy we ýatyrylmagy bilen baglanyşykly döwletleriň we halkara hukugynyň beýleki subýektleriniň arasyndaky gatnaşyklary düzgünleşdirýän hukuk kadalaryň jemidir. Şertnamalar taraplaryň özara hukuklaryny we borçlaryny aýdyň we anyk kesgitlemek üçin baglaşylýar. Halkara gatnaşyklaryny berkitmegiň şertnama görnüşi halkara hukuk tertibiniň durnuklylygyny kesgitleýär. Tejribede «halkara şertnamalar hukugy» we «döwletiň halkara şertnamalar hukugy» ýaly düşünjeler ulanylýar. Birinjisi, adat kadalaryndan tapawutlylykda şertnamada döredilen kadalary aňladýar. Ikinjisi, belli bir döwletiň şertnamalarynyň jemini, mysal üçin: «Türkmenistanyň halkara şertnamalar hakyndaky» Kanuny, «Russiýa Federasiýasynyň halkara şertnamalar hakyndaky» kanuny bolup durýar. Uzak wagtlap halkara şertnamalarynyň ýeke-täk çeşmesi adatdy. Halkara şertnamalaryň hukuk pudagyna degişli ilkinji kodifisirlenen akt 1928-nji ýylda Amerikan döwletleriniň konferensiýasynda kabul edildi. Ol diňe Latyn Amerikasynda hereket edýändigi sebäpli sebitleýin häsiýetli şertnamalar baradaky Gawana Konwensiýasydy [2, s. 135].

Birleşen Milletler Guramasynyň döremegi bilen onuň garamagynda Halkara Hukuk Komissiýasynyň döredilmegi bilen halkara şertnamalar hukugyny

kodifikasiýa etmek komissiýanyň öňünde goýlan esasy meseleleriň biri bolup durýardy.

Komissiýa halkara şertnamalar hukugy baradaky maddalaryň taslamasyny taýýarlady. BMG-niň garamagynda 1968–1969-njy ýyllarda konferensiýa geçirildi we 1980-nji ýylda güýje giren döwletleriň arasynda şertnama baglaşmak hakynda Wena Konwensiýasy kabul edildi.

Halkara şertnamalar BMG-niň Tertipnamasynyň maksatlaryna we ýörelgelerine laýyklykda halkara hyzmatdaşlygyny ösdürmek arkaly ählumumy parahatçylygy we howpsuzlygy üpjün etmegiň serişdesi bolmak bilen, döwletara gatnaşyklary üçin hukuk esas bolup durýar. Halkara şertnamalar adam hukuklaryny we esasy azatlyklaryny goramakda, döwletleriň we beýleki subýektleriň bähbitlerini üpjün etmekde wajyp orun degişlidir.

Halkara şertnamalaryň çeşmeleri: 1969-njy ýyldaky «Halkara Şertnamalar hukugy» hakyndaky Wena konwensiýasy, 1986-njy ýyldaky «Döwletler we halkara guramalaryň arasyndaky ýa-da halkara guramalaryň arasyndaky şertnamalaryň hukugy» hakyndaky Wena konwensiýasy we 1978-nji ýyldaky «Döwletleriň hukuk mirasdarlygy hakyndaky şertnamalar hukugy» hakyndaky Wena konwensiýalarydyr. [3, s. 173]

Döwletleriň şertnamalaýyn hukuk ukyplylygyny durmuşa geçirmekde möhüm orny içerki kanunlarynyň kadalary eýeleýär. Düzgün bolşy ýaly, şeýle kadalar konstitusiýada berkidilýär.

1969-njy ýyldaky Wena konwensiýasynyň 6-njy maddasynda «Her bir döwlet şertnama baglaşmak hukuk ukyplylygyna eýedir» diýip bellenendir.

Halkara şertnamalar hukugynyň esasy ýörelgesi, «pacta sunt servanda» şertnamalardan gelip çykýan halkara borçnamalaryny sap ýürekden ýerine ýetirmek ýörelgesidir we halkara hukugynyň esasy ýörelgeleriniň biri bolup durýar. Bu ýörelge halkara şertnamalarynyň hereket edişini we ulanylyşyny kesgitleýär, ýagny şertnamanyň baglaşylmagy bilen baglanyşykly hukuk netijeleriň ýüze çykmagy üçin esas bolup durýar. «Pacta sunt servanda» ýörelgesi ýerine ýetilmedik ýagdaýynda, hukuga laýyk däl hereket bolup, ol halkara hukugynyň kadalarynyň we ýörelgeleriniň bozulandygyny aňladýar. Şertnamany bozan gatnaşyja halkara jogapkärçiliginiň dürli görnüşleri ulanylyp bilner.

2010-njy ýylyň 10-njy maýynda kabul eden «Türkmenistanyň halkara şertnamalary hakynda» Türkmenistanyň Kanunynyň ähmiýeti uludyr. Bu kanun jemi 6 bölümden we 28 bapdan ybarat bolup, Türkmenistanyň halkara şertnamalaryny baglaşmagyň, ýerine ýetirmegiň we güýjüni ýatyrmagyň tertibini kesgitleýär hem-de Türkmenistanyň Konstitusiýasynda yglan edilen we berkidilen Türkmenis-

tanyň daşary syýasatynyň maksatlarynyň we ýörelgeleriniň amala aşyrylmagyna ýardam etmäge niýetlenendir [4].

Şeýlelik bilen, halkara şertnamalar hukugy halkara şertnamalarynyň bag-laşylmagynyň, hereket etmeginiň we ýatyrylmagynyň tertibini kesgitleýän halkara hukugynyň bir şahasydyr, şonuň üçin bu pudak halkara hukugynyň ulgamynda esasy orny eýeleýär.

## EDEBIÝATLAR


1. Türkmenistanyň Konstitusiýasy. Aşgabat, 2016 ý.
2. Международное право: Учебник. Отв. Ред. Колосов Ю. М., Кузнецов В.И. Международные отношения, 1998.
3. Международное право: Л.П. Ануфриева и др.Учебник для вузов. Отв. ред. Г.М. Мелков. – М.:РИОР. 2012.
4. «Türkmenistanyň şertnamalary hukugy» hakyndaky kanuny. 2010 ý.



**Atajan ROZYBAÝEW,**
*Türkmenistanyň Daşary işler ministrliginiň*
*Halkara gatnaşyklary institutynyň*
*halkara hukugy fakultetiniň IV ýyl talyby*


# HALKARA EKOLOGIK MESELELER WE OLARY ÇÖZMEKDE HALKARA RESMINAMALARYŇ ORNY

XX–XXI asyrlaryň sepgidinde adamzat tebigy baýlyklaryň çendenaşa köp ulanylmagy, tebigy ekoulgamlaryň bozulmagy, suwuň, topragyň we atmosfera howasynyň tehnogen hapalanmagynyň artmagy bilen bagly Bütindünýä ekologik meselelerine duçar boldy. Ähli ýurtlaryň alymlary howanyň ýylamagyna, ýerleriň zaýalanmagyna, ozon gatlagynyň ýukalmagyna, süýji suwuň ýetmezçiligine, bio-dürlüligiň sanynyň azalmagyna ýetýän täsirleri belleýärler. Daşky gurşawy arassa we sagdyn saklamak meselesi Ýer ýüzüniň ekologlaryny bir ýere jemleýän esasy wezipedir. Şu günki gün tebigaty goramak ulgamynda dünýä bileleşiginiň tejribe alyşmagy we bilelikdäki tagallasy örän wajypdyr.

Jemgyýet bilen tebigatyň özara gatnaşygy babatda ýüze çykýan hem-de eko-logik hukuk kadalarynda kadalaşdyrylýan jemgyýetçilik gatnaşyklaryna ekologik

hukuk gatnaşyklary diýilýär. Bu hukuk gatnaşyklarda zat hökmünde tebigy zatlar, ýagny ýer, ýer jümmüşi, suwlar, tokaýlar, ösümlik dünýäsi, haýwanat dünýäsi, atmosfera howasy, uglewodorod serişdeleri, tutuşlygyna tebigy gurşaw çykyş edýär.

Halkara ekologiýa hukugy bolsa tebigy baýlyklaryň kadaly ulanylmagy we daşky gurşawy hapalanmakdan goralmagyny üpjün etmäge gönükdirilen ýörelgeleriň we kadalaryň jemi diýip bolýar [1 – 38 sah].

Halkara ekologiýa hukugynyň çeşmesi hökmünde esasan halkara ekologiýa ylalaşyklarynyň kadalary we halkara adatlar çykyş edýärler. Çeşmeler ulgamynda halkara sebitleýin ylalaşyklaryň kadalary agdyklyk edýär. Iň möhüm çeşmeleriň arasyna 1992-nji ýylyň Biodürlülik hakyndaky, 1992-nji ýylyň Howanyň üýtgemegi hakyndaky, 1985-nji ýylyň Ozon gatlagyny goramak hakyndaky, 1970-nji ýylyň Ýabany haýwanlaryň göçýän görnüşlerini goramak hakyndaky Konwensiýalaryny mysal hökmünde getirmek bolar.

Ekologik mesele – bu tebigatyň düzüminiň we hereket etmeginiň bozulmagyna eltýän tebigy gurşawyň üýtgemesidir. Ol antropogen we tebigy hadysalaryň netijesinde emele gelip bilýär [2-8 sah]. Bu mesele häzirki döwürde global derejede göreşilýän ýagdaý bolup durýar. Ol ekologiýa howpsuzlygynyň çig-mal ýetmezçiligi we ekologik krizis bilen ysnyşykly bagly bolup durýar.

Häzirkizaman tehnogen siwilizasiýasy, hojalyk rahatlygynyň derejesini ýokarlandyrmakdan daşary, dünýäniň ekologik ýagdaýynyň ýaramazlaşmagyna getirdi. Wagtyň geçmegi bilen siwilizasiýa zerarly zaýalanan ekologiýanyň netijesi uly betbagtçylyklara eltip bilýär. Häzirkizaman ekologik meselelere şulary goşmak bolar:

**Genofondyň ýok edilmegi we azalmagy**. Bütin dünýäde bu mesele giň möçbere eýe bolup durýar. Amerikaly alymlaryň berýän maglumatyna görä, soňky 200 ýylyň dowamynda Ýer şaryň ýüzünde haýwanlaryň we ösümlikleriň 900 000-e golaý görnüşi ýok edilipdir [3–21 sah]. Diňe öňki SSSR-iň çäginde genofond 10–12% azalypdyr. Görnüşleriň azalmagy olaryň ýaşaýyş gurşawynyň bozulmagy, oba-hojalyk önümleriniň çendenaşa ulanylmagy, tokaýlaryň çapylmagy ýaly sebäpler zerarly bolýar.

**Gazylyp alynýan peýdaly magdanlaryň tükenmegi.** Nebit, slanes, kömür, torf bize birnäçe asyrlaryň dowamynda dörän miras bolup durýar. Emma adam tarapyndan gazylyp alynan nebitiň mukdarynyň ýarysyna golaýy soňky 15 ýylyň dowamynda amala aşyrylypdyr. Peýdaly magdanlaryň gazylyp alynmagy we satylmagy altyn sütüne öwrüldi we köplenç, ýer eýeleri global ekologik mesele barada howatyrlanmaýarlar. Hasaplamalara nazar salsaň, bir adam üçin her ýyl 20 tonna çig mal gazylyp alynýar we ösdürilýär. Bu bolsa umumy adamzat üçin gazylyp alynýan çig malyň mukdarynyň näderejede köplügine pikirlendirýär. Adamlary energiýanyň

çeşmesiniň azalmagyndan goramak üçin alternatiw taslamalaryň düzülmegi zerur bolup durýar [4-23 sah].

**Dünýä ummanynyň meseleleri.** Bilşimiz ýaly, ummanlar Ýer şarynyň 2/3 bölegini tutýar we olar Ýeriň ýaşaýjylary tarapyndan iýilýän haýwan beloklarynyň 1/6 bölegine çenli üpjün edýär. Kislorodyň takmynan 70% bolsa fitoplankton fotosintezi esasynda öndürilýär. Okeanyň himiki taýdan hapalanmagy aşa howpludyr, sebäbi ol suwuň we azyk serişdeleriniň ýaramazlaşmagyna we atmosferadaky kislorod balansynyň bozulmagyna getirýär. Bu bolsa esasan XX asyrda aýrylmaz sintetiki maddalaryň, himiýa we harby pudaklaryň önümleriniň okeanlara zyňyndylary ep-esli artmagy sebäpli boldy.

Agzalyp geçilenlerden başga atmosferanyň hapalanmagy, ozon gatlagynyň ýukalmagy, Ýeriň gatlagynyň hapalanmagy we tebigy landşaftyň üýtgemegi ýaly ýagdaýlaryň uly mesele bolup durýandygyny belläp geçmek ýerlikli bolar.

Häzirki wagtda daşky gurşawy goramakda halkara hukuk resminamalaryň ähmiýeti örän uludyr. 1992-nji ýylyň iýun aýynda Rio-de-Žaneýroda geçirilen BMG-niň Daşky gurşaw we ösüş konferensiýasy (UNCED) töweregindäki köpçüligiň ünsüni şeýle halkara syýasat meýilnamalarynyň esasy ornuny tassyklady. Aslynda, 1972-nji ýyldaky Stokgolm konferensiýasyndan 1992-nji ýylda UNCED-e geçen ýigrimi ýylyň dowamynda diňe bir ýerli we dünýä derejesinde adam işjeňliginiň netijesinde daşky gurşawa abanýan howp barada aladalar ep-esli ýokarlanman, eýsem gurallaryň sany ep-esli artdy.

Halkara hukugynyň iki esasy çeşmesiniň (Halkara Kazyýetiniň Tertipnamasyna laýyklykda) halkara konwensiýalary we adaty halkara hukugydygyny (Düzgünnamanyň 38 (1) maddasy) ýatda saklamalydyr. Adaty halkara hukugy, kanuny borçnama bilen baglanyşykly ynanja laýyklykda, gaýtalanýan döwlet tejribesine esaslanýar. Adaty kanunçylyk düzgünleri ýakyn wagtda peýda bolup bilse-de, global daşky gurşaw meselelerine düşünmek tizligi halkara syýasatynyň ileri tutulýan ugurlarynyň birine öwrüldi, adaty kanunlaryň hukuk kadalarynyň ewolýusiýasynda şertnamalaýyn ýa-da adaty kanunlara ýol açyp başlandygyny aňladýar. Umumy çeşmelerden deň derejede peýdalanmak (Lac Lanou Arbitra 1957) ýa-da goňşy döwletleriň daşky gurşawyna zyýan ýetirýän çärelere rugsat bermezlik ýaly käbir esasy ýörelgeler (Trail Smelter Arbitration 1939, 1941), kanuny kararlara laýyklykda kabul edilip bilner. Adaty kanunlar bilen şertnamalar halkara jemgyýetçiliginiň daşky gurşawa howp salýan işleri kadalaşdyrmak üçin ulanýan esasy serişdesine öwrüldi. Daşky gurşawy goramagyň halkara kadalaşdyrylyşynyň ýene bir möhüm tarapy, geljekdäki hereketler üçin teklipleri we geljegi uly ugurlary öz içine alýan ýa-da belli bir maksatlara ýetmek üçin döwletleriň syýasy borçlaryny görkezýän «ýumşak kanunyň» ösdürilmegi bolup durýar. Bu «ýumşak» hukuk resminamalary

käwagt resmi hukuk gurallaryna öwrülýär ýa-da taraplaryň karary bilen hökmany gurallar bilen baglanyşdyrylýar.

1972-nji ýyldaky Stokgolm konferensiýasyndan öň konwensiýalarynyň köpüsi ýabany tebigaty goramak bilen baglanyşyklydy. Bu döwürde beýleki möhüm ädimler, nebitiň hapalanmagy baradaky ilkinji global Konwensiýasy boldy. 1954-nji ýylda nebitiň deňziň hapalanmagynyň öňüni almak baradaky halkara Konwensiýasy (OILPOL) (1962-nji we 1969-njy ýyllarda üýtgedildi) deňizde nebit daşamak üçin düzgünleşdiriş ulgamynyň ösmegine ýol açdy.

1972-nji we 1992-nji ýyllar aralygynda halkara daşky gurşaw hukugynyň gurallarynyň sany we dürlüligi geň galdyryjy derejede ýokarlandy. Köplenç, bu proses Stokgolm konferensiýasy bilen baglanyşdyrylýar. Maslahat tarapyndan kabul edilen meşhur Jarnamada (BMG-nyň adam gurşawy baradaky konferensiýasynyň Jarnamasy, 1972) diňe bir ýörelgeler kesgitlenmedi, olaryň köpüsi *de lege ferenda*, ýagny kanunyň nähili bolmalydygyny yglan etdi. Ondan başga-da 109 maddadan ybarat Daşky gurşaw hereket meýilnamasy, şeýle hem Birleşen Milletler Guramasynyň bu meýilnamany guramaçylyk we maliýe taýdan durmuşa geçirmegi maslahat berýän karar işlenip düzüldi.

Bu döwürde işlenip düzülen köp sanly daşky gurşaw konwensiýasyny gözden geçirmek üçin olar birnäçe topara bölünýär: tebigaty goramak, deňiz gurşawyny goramak we birnäçe döwletiň çägine täsir edýän tebigy täsirleri kadalaşdyrmak.

Türkmenistan ekologik howpsuzlygyň meselelerine aýratyn üns berýär. Döwletimiz birnäçe Halkara konwensiýalara goşulyp, diňe bir ýurduň çäginde ekoulgamy goramak boýunça işler geçirmän, eýsem, dünýä derejesinde daşky gurşawy goramaga işjeň gatnaşýar. Mundan başga-da, Türkmenistan beýleki birnäçe ekologiýany goramak boýunça Halkara ylalaşyklarynyň agzasy bolup durýar. Muňa mysal edip, Suw-batgalyk ýerleri hakyndaky konwensiýasyny, Orhus konwensiýasyny, Biodürlülik baradaky konwensiýasyny, Bazel konwensiýasyny, Hazaryň ekologiýa maksatnamasyny we beýlekileri bellemek bolar.

Bu çäreleriň esaslaryny milli kanunçylyk kesgitleýär. Ekologik kadalaryna laýyk gelýän oňaýly daşky gurşawa hukugy, halkyň amatly ýaşaýyş şertleriniň üpjünligi Türkmenistanyň Konstitusiýasy kepillendirýär. Munuň aýratyn ähmiýeti ýurduň çaltlandyrýan ykdysady ösüşi bilen baglanyşyklydyr [7].

Daşky gurşaw goramak boýunça ýurdumyzda uly ähmiýetli çäreler alnyp barylýar. Beýle çäreleri hukuk taýdan berkitmek üçin olara degişli hukuk namalary kabul etmek zerur bolup durýar. Şuňa laýyklykda ilki bilen Konstitusiýamyz barada aýdanymyzda, daşky gurşawy goramak meselesi boýunça onuň 14,15 we 53-nji maddalaryny mysal edip almak bolar. Baş kanunymyzdan ugur alyp, döwlet içinde birnäçe hukuk namalar hem kabul edildi:

- «Balyk tutmak we suwuň biologik serişdelerini gorap saklamak hakynda» Türkmenistanyň Kanuny, 21.05.2011 ýyl;
- «Aýratyn goralýan tebigy ýerler hakynda» Türkmenistanyň Kanuny, 31.03.2012 ýyl;
- «Ösümlik dünýäsi hakynda» Türkmenistanyň Kanuny, 04.08.2012 ýyl;
- «Haýwanat dünýäsi hakynda» Türkmenistanyň Kanuny, 02.03.2013 ýyl;
- «Tebigaty goramak hakynda» Türkmenistanyň Kanuny, 01.03.2014 ýyl;
- «Ekologiýa seljermesi hakynda» Türkmenistanyň Kanuny, 16.08.2014 ýyl;
- «Ýerasty baýlyklar hakynda» Türkmenistanyň Kanuny, 20.12.2014 ýyl;
- «Galyndylar hakynda» Türkmenistanyň Kanuny, 23.05.2015 ýyl;
- Türkmenistanyň Tokaý Kodeksi, 25.03.2013 ýyl;

Hormatly Prezidentimiziň ýurdumyzda alyp barýan giň möçberli ekologiýa syýasaty netijesinde, howanyň arassalygyny gorap saklamagyň we şäherleri, obalary gurşap alýan gök zolaklaryň döredilmegine gönükdirilen ählihalk bag ekişliginiň geçirilmeginiň däbe öwrülmegi halkymyzyň sagdyn daşky gurşawa bolan konstitusion hukugynyň üpjün edilmegine, tebigy baýlyklarymyzyň ertirki nesillerimiz üçin goragynyň berjaý edilmegine giň mümkinçilikleri döretmek bilen birlikde Türkmenistanyň ekologiýa hukugynyň berkemeginde hem uly ähmiýete eýedir.

## EDEBIÝATLAR


1. Бекяшев К.А. Международное право. Учебник для бакалавров. Проспект. Москва. 2016.
2. Кочуров Б.И. География экологических ситуаций (экодиагностика территорий). – М.: ИГ РАН, 1997
3. https://greenologia.ru/eko-problemy/globalnye.html
4. http://ultraprogress.ru/problemi-tsivilizatsii/problema-nechvatki-prirodnich-resursov.html
5. https://www.kp.ru/guide/zagrjaznenie-mirovogo-okeana.html
6. Международное экологическое право: Учебник / Отв. ред. Р. М. Валеев. – М.: Статут, 2012.
7. Saryýew Ş., Muhammedow M., Karryýew B. Ekologiýa we Türkmenistanyň Durnukly ösüşi. – Aşgabat. «Ylym» neşirýaty. 2015.

**Aýbölek AMANGELDIÝEWA,**
*Türkmenistanyň Daşary işler ministrliginiň*
*Halkara gatnaşyklary institutynyň*
*halkara hukugy fakultetiniň IV ýyl talyby*

# HALKARA HUSUSY HUKUGYNDA KOLLIZION KADALAR

**Türkmenistanyň Prezidenti**
**Gurbanguly Berdimuhamedow:**

*– Ýurdumyz döwletlilik, kanunylyk we milli demokratik ýörelgelerine esaslanmak bilen döwletiň, jemgyýetiň we şahsyýetleriniň arasynda gatnaşyklary ýola goýýar hem-de raýat edaralaryny ösdürýär.*

Berkarar döwletimiziň bagtyýarlyk döwründe hormatly Prezidentimiz Garaşsyz Türkmenistanyň kanunçylyk binýadyny döwrebaplaşdyrmak we kämilleşdirmek barada uly işleri durmuşa geçirýär. Netijede, birnäçe kodeksleriň täze redaksiýalary we jemgyýetiň dürli ugurlary boýunça köpsanly kanunlar we beýleki hukuknamalar kabul edildi.

Hormatly Prezidendimiziň baştutanlygynda Türkmenistan «Açyk gapylar» syýasatyny amala aşyrmak we işjeň halkara hyzmatdaşlygyny alyp barmak bilen bütin dünýäde uly abraýa eýe boldy. Türkmenistanyň halkara abraýynyň pugtalanmagyna sebit we global geosyýasatynda onuň ösmegine, ilkinji nobatda, döwletiň daşary syýasy strategiýasynyň konstruktiwligi we yzygiderliligi esas bolup durýar. Türkmenistanyň tutuş adamzadyň ösmegi we abadanlaşmagy üçin Ýer ýüzünde ylalaşygy we howpsuzlygy üpjün etmäge gönükdirlen parahatsöýüjilikli daşary syýasy ugry ýokardaky häsiýetlere eýedir.

Şu nukdaýnazardan, Türkmenistan halkara arenasynda dünýä syýasatynyň möhüm meseleleriniň çözgüdini gözlemekde we tapmakda täze çemeleşmeleri amala aşyrýan döwlet hökmünde tanalýar. Dünýäniň döwletleri we abraýly halkara guramalary bilen gatnaşyklary giňeltmäge we çuňlaşdyrmaga gönükdirilen daşary syýasy strategiýany amala aşyryp, Türkmenistan ähli taraplaryň birek-birege düşünişmek we deňhukuklylyk ýaly usullaryň berjaý edilmeginiň tarapdary bolup durýar.

Türkmenistan döwletimiziň halkara ykdysady gatnaşyklary ulgamynyň integrirlenmegi, içerki önümçiligimizi artdyrmakda we ösdürmekde daşary ýurt maýadarlarynyň işjeň gatnaşmagy üçin, şeýle hem türkmen kompaniýalarynyň daşary ýurt işewürleri bilen söwda hyzmatdaşlygyny alyp barmak üçin içerki kanunçylygymyzda halkara hususy hukugynyň kadalaşdyrmagyny talap edýär. Halkara hukuk kadalaryna laýyklykda milli kanunçylygy ösdürmek, ýurdumyzda demokratiýanyň çuňlaşdyrylmagyna ýokary derejede üns berilýändigininiň subutnamasydyr. Halkara hususy hukugy halkara söwda-ykdysady, ylmy-tehniki we medeni hyzmatdaşlyk bilen aýrylmaz baglanyşyklydyr. Kollizion hukuk bu käbir hukuk ulgamlarynyň arasynda ýüze çykýan şol bir kadalaşdyryş temasynda gapma-garşylyklary çözmäge kömek edýän halkara hususy hukugynyň kadalarynyň toplumydyr.

Halkara hususy hukuk üçin halkara gatnaşyklarynyň gummanizasiýasy uly orun tutýar. Ähli döwletleriň, ýagny halkara hyzmatdaşlygyň gatnaşyjylaryň üns merkezinde adam, onuň aladasy, hukuklary we azatlyklary bolmalydyr. Halkara hukugynyň we halkara hususy hukugynyň kadalary bir maksada gulluk edýändirler. Bu hukuklaryň umumylygy şundan ybarat, ýagny giň manyda halkara gatnaşyklary, ýagny bir döwletiň çäginden çykýan, iki ýa-da birnäçe döwletleriň arasynda ýüze çykýan gatnaşyklar barada gürrüň edilýär. Emma halkara hususy hukugy jemagat hukuk gatnaşyklaryny däl-de, hususy hukuk gatnaşyklaryny kadalaşdyrýar. Halkara hususy hukugynda raýatlaryň hukuklaryny we azatlyklaryny üpjün etmeklige gönükdirilen kadalar esasy orun tutýar. Türkmenistanyň Konstitusiýasynda halkara konwensiýalarynyň kadalary hem beýanyny tapdy, ýagny adamyň hukuklary hem azatlyklary eldegrilmesizdir we olary adamyň elinden alyp bolmaz. Konstitusiýada we kanunlarda görkezilen ýagdaýlardan başda ýagdaýlarda adamy haýsydyr bir hukugyndan we azatlygyndan mahrum etmäge ýa-da hukuklaryny we azatlyklaryny çäklendirmäge hiç kimiň haky ýokdur.

Adamyň belli bir hukuklarynyň we azatlyklarynyň Konstitusiýada we kanunlarda sanalyp geçilmegi onuň beýleki hukuklaryny we azatlyklaryny inkär etmek ýa-da kemsitmek üçin ulanylyp bilinmez. Türkmenistan adamyň we raýatyň hukuklarynyň hem azatlyklarynyň deňligini, şeýle hem haýsy millete degişlidigine, tenininiň reňkine, jynsyna, gelip çykyşyna, emläk hem wezipe ýagdaýyna, ýaşaýan ýerine, diline, dine garaýşy, syýasy ygtykadyna, haýsy partiýa degişlidigine ýa-da hiç partiýa degişli däldigine garamazdan, adamyň we raýatyň kanun öňündäki deňligini kepillendirýär.

Şol kadalardan ugur alnyp, halkara hususy hukugyna halkara häsiýetli raýat-hukuk gatnaşyklarynyň gatnaşyjylarynyň hukuklarynyň we borçlarynyň kadalaşdyrylmagynyň aýratyn usullary we serişdeleri mahsusdyr. Daşary ýurt elementli

raýat-hukuk gatnaşyklaryny kadalaşdyrmak prosesinde esasy çylşyrymly meseleleriň biri hem ulanylmaly hukugy saýlamakdyr. Kollizion kadalarynyň ulanylmagynyň aýratynlyklary hukugyň hiç bir beýleki pudagynda bolmadyk, hukuk kadalaşdyrylmagynyň kollizion usulynyň bolmagydyr.

**Kollizion kada** – bu halkara gatnaşyklary çygrynda ýüze çykýan gatnaşyklary kadalaşdymak üçin birnäçe döwletiň kanunçylygynyň ulanylmagy ýagdaý ýüze çykanda , emele gelen kolliziýany çözmek üçin, haýsy hukugyň ulanylmalydygyny kesgitleýän we daşary ýurt elementli gatnaşygy kesgitli bir döwletiň hukugyna boýun edýän kadadyr [1-14 sah].

Kadalaşdyrmagyň kollizion usuly iki sany hukuk formada ýerine ýetirilýär. Olar milli-hukuk formada hem-de halkara hukuk formada. Daşary ýurt hukugynyň ulanylmagy adaty bolşy ýaly şertsiz ulanylýar [2-56 sah]. Bu kada kazyýet ýa-da beýleki edaralar üçin terbiýeleýin mana eýe bolup, olar daşary ýurt hukugyny ulanmaga borçly bolup durýarlar. Bu kada jedeliň taraplary üçin hem uly mana eýedir. Çünki bir tarapyň kazyýetiniň haýsydyr bir sebäplere görä, ýagny iki taraplylyk ýörelgesiniň ýoklugyna salgylanyp, daşary döwletiň hukugyny ulanmazlygynyň öňüni alyp biler. Islendik döwletiň hukugyna ýa-da hukuk ulgamyna edilen salgylanma, şol döwletiň kollizion hukugyna däl-de material hukugyna edilen salgylanma diýlip düşünilmelidir. Kollizion kadalar halkara hususy hukugynda ulanylýan iň bir çylşyrymly kadalar bolup durýar. Olar göwrüm we baglamadan ybaratdyr. Kollizion kadanyň göwrümi raýatlaryň we ýuridiki şahslaryň we ýuridiki şahslaryň halkara derejesinde ýüzbe-ýüz bolmak prosesinde köpdürli jemgyýetçilik gatnaşyklaryny şöhlelendirýär. Şol sebäpli, bu gatnaşyklary çäklendirilen kollizion kadalar bilen düzgünleşdirmek mümkin däldir we olar kollizion kadanyň göwrüminiň kesgitleýän jähtinde differensiýa mätäçdir.

Aslyýetinde, maksady ulanylmaly hukuk ulgamyna salgylanma bolup durýan kollizion kada, şol raýat-hukuk gatnaşyklarynyň taraplaryna gönükdirilen däl-de, hukuk ulanyja gönükdirilendir. Şonuň üçin hem, geleşigiň hakyky däldigini tassyklamak, zyýanyň öwezini dolmak we ş.m ýaly raýat-hukuk sanksiýalar kollizion kadany bozmagyň netijesi hökmünde getirilip bilinmeýär.

Çünki kada hukuk gatnaşyklarynyň taraplaryna gönükdirilmeýänligi sebäpli, taraplar kollizion kadany bozup bilmeýärler. Şol sebäpli, hukuk bozmanyň netijeleri olara degişli däldir. Kollizion kadanyň takyk bolmadyk daşary ýurt hukuk ulgamlarynyň we olaryň netijesinde ýüze çykýan subýektiň hukuklarynyň güýjüniň ykrar edilmegine gönükdirilendir. Şonuň üçin hem, olar diňe öz mazmuny boýunça umumy bolan, degişli hukuk ulgamynyň terminleriniň we düşünjeleriniň kömegi bilen aňladylyp bilner.

Kollizion kadalaryň ulanylyşynyň netijeleri, kollizion kadanyň salgy berýän ýa-da başgaça aýdanymyzda iberýän hukugyna bagly bolup durýar. Bu daşary ýurt hukugy ulanylmaly hukugy özüniňki däl-de, başga bir döwletiň hukugyna ýa-da üçünji bir döwletiň hukugyna hem iberip biler. Birinji ýagdaý halkara hususy hukugynda yzyna salgylanma, ikinji ýagdaý bolsa, üçünji bir döwletiň hukugyna salgylanma diýlip atlandyrylýar. Şeýle salgylanmalar bolan hukukda çylşyrymly soraglaryň ýüze çykmagy kanuna laýykdyr [3-78 sah].

Garaşsyz we Bitarap döwlet bolan Türkmenistanyň daşary syýasaty onuň berkarar bolmagynyň ilkinji günlerinden başlap dünýä jemgyýetçiligine halkara işlerinde hoşniýetli goňşuçylygyň we parahatçylyk söýüjiligiň nusgasyny görkezýär. Deňligiň esasy sütünleriniň biri hem hyzmatdaşlyk edýän döwletiniň hukugyny iki tarapyň hem ykrar etmegidir. Bu hereket bolmazdan iki taraplaýyn hyzmatdaşlyk mümkin däldir.

## EDEBIÝATLAR


1. Ý.M. Nuryýew, A.A. Çaryýew, J.H. Gurbanow. Halkara hususy hukugy. Aşgabat, 2018 ý.
2. B. Muhamedow Halkara hususy hukugy. – Aşgabat. 2010 ý.
3. Богуславский М.М. Международное частное право. Москва, 2012 г.



**Isgender SAPAROW,**

*Türkmenistanyň Daşary işler ministrliginiň*
*Halkara gatnaşyklary institutynyň*
*halkara hukugy fakultetiniň III ýyl talyby*


# INTELLEKTUAL EÝEÇILIK HUKUGY: INTELLEKTUAL EÝEÇILIK ULGAMYNDA HALKARA HYZMATDAŞLYK

Intellektual eýeçilik hukugy – bu raýat hukugynyň aýratyn bir instituty bolmak bilen, ol esasy üç bölekden durýar, ýagny, patent hukugy, awtorlyk hukugy we gatyşyk hukuklar, haryt we hyzmat ediş nyşanlaryna bolan hukuk.

Intellektual eýeçilik hukugyna ýuridik definisiýa (hukuk kesgitlemesi) berlende ol awtorlyk hukugyny, oýlap tapyş we senagat nusgalarynyň, haryt we hyzmat ediş nyşanlarynyň, täze tehnologiýalaryň, seçgi (seleksion) işleriň peýdalanylyşyna,

umumylykda alanyňda döredijilik işiniň netijelerine bolan hukukdyr. «Intellekt» adalgasy latynçadan terjime edilende, akyl zähmetiniň netijelerini, adamyň döredijilikli pikirlenmeginden döreýän ylym, edebiýat, sungat eserleri (zatlary) aňladýar. Mälim bolşy ýaly, adam intellekti köpugurly toplumlaýyn häsiýetli psihiki ukyplaryň jemi bolup durýar. Intellekt (aň ukyby) anyk şahsyýet bilen baglanyşyklydyr, şeýle-de ýaşaýşyň durmuş-ykdysady şertlerine, adamyň alan bilimine, ylmyna hem bellibir derejede baglydyr, ýöne intellekt (aň ukyby) esasan, adamyň zehinine, üşügine esaslanýar. Şonuň üçin döredijilik işinde zehinli, üşükli adamlar oňyn netijeleri gazanyp, il arasynda uly abraýa eýe bolýarlar.

Türkmen halkynyň dünýä siwilizasiýasynyň intellektual gymmatlyklaryna özüniň zehini bilen mynasyp goşandyny goşandygyny onuň ahalteke bedewleri, halysy, milli keşde nagyşlary we şekilleri, zergärçilik we küýzegärçilik işleri subut edýär. Geçmişde-de, häzirki döwürde-de türkmen halky özüniň täzeçilligi, täze tehnologiýalary özleşdirmäge bolan zehini bilen tapawutlanýar.

Häzirki döwürde intellektual eýeçilik adalgasy senagatda, ykdysadyýetde, medeniýetde, hukuk öwrenişde we kanunçylykda ýygy-ýygydan ulanylýar. Munuň özi Berkarar döwletimiziň bagtyýarlyk döwri diýlip atlandyrylýan ösüş we innowasiýalar eýýamynda, Türkmenistanyň intellektual serişdelerine jemgyýetçilik durmuşynyň ähli taraplaryny maglumatlaşdyrmaga ugur alandygy bilen baglanyşyklydyr. Netijesi, adatça, zatlaryň döredilmegine gönükdirilen fiziki zähmetden tapawutlylykda, intellektual iş akyl zähmetidir – ylym, tehnika, genetika, edebiýat, sungat we dizaýn bolsa, adamyň aňyýet, ruhy, döredijilikli zähmetidir. Intellektual işiň netijesi onuň obýektiw görnüşde ýüze çykýan önümidir, ýagny ol häsiýetine baglylykda ylym, edebiýat, sungat eserleri, oýlap tapyş ýa-da senagat nusgasy diýip atlandyrylýar. Döredijilikli işiň bu netijeleriniň her haýsysy üçin özboluşly hukuk kadalaşdyrmasy we gorag serişdeleri mahsusdyr. Ýöne, döredijilikli işiň netijeleriniň esasy kadalaşdyryş we gorag wezipelerini raýat-hukuk gatnaşyklarynyň serişdeleri üpjün edýär. Raýat-hukugynyň instituty hökmünde döredijilikli işiň netijeleriniň eýeleriniň (awtorlarynyň) aýratyn hukuklaryny goramak we düzgünleşdirmek şu usullar bilen amala aşyrylýar:

- döredijilikli akyl zähmetiniň netijelerini döredijiniň awtorlygyny ykrar etmek;
- döredilen zatdan (eserden) peýdalanmagyň tertibini (režimini) kesgitlemek; [1]
- awtorlary (döredijileri) we bu iş bilen baglanyşykly beýleki şahslary kanuna ýa-da şertnama laýyklykda, şahsy we emläkleýin hukuklar bilen üpjün etmek.

Belli bolşy ýaly, adam aňynyň netijelerini, ruhy gymmatlyklary goramak üçin Birleşen Milletler Guramasynyň ýöriteleşdirilen edarasy bolan Intellektual eýeçiligiň Bütindünýä guramasy (IEBG) hereket edýär. Bu gurama 1967-nji ýylda döredilip, onuň ştab-kwartirasy Şweýsariýanyň Ženewa şäherinde ýerleşýär. Türkmenistan şol guramanyň doly hukukly agzasy hökmünde intellektual eýeçiligi gorap saklamaga ýardam berýär we öz goşandyny goşmak bilen bu ugurda 8 sany halkara ylalaşyklaryny we konwensiýalaryny ykrar etdi. Türkmenistanyň goşulyşan halkara resminamalary täze kabul edilen kanunlaryň içinden eriş-argaç bolup geçýär. Türkmenistan GDA döwletlerini öz içine alýan Ýewraziýa patent guramasynyň hem agzasydyr. Şonuň üçin Türkmenistanyň çäklerinde Ýewraziýa patent konwensiýasynyň esasynda hereket edýän üç müňden gowrak Ýewraziýa patentleri hasaba alyndy. Garaşsyzlyk ýyllarynda Türkmenistanyň intellektual eýeçiligi boýunça gullugy tarapyndan oýlap-tapyşlar üçin müňden gowrak, senagat nusgalary üçin bolsa ýetmişden gowrak patentler berlipdir. Resmileşdirilen täze tehnologiýalaryň 30%-niň lukmançylyk (medisina), oba hojalygyna degişlidigini, oýlap-tapyşlaryň 25%-niň himiýa tehnologiýalary bilen baglanyşyklydygyny, 11%-niň tebigy serişdeleri gazyp almak işlerini, 10%-niň bolsa ykdysadyýetiň beýleki pudaklaryndaky tehnologiýalary öz içine alýandygyny hünärmenler tassyklaýarlar.

Bu ugurda kabul edilýän täze kanunlara Intellektual eýeçiligiň Bütindünýä guramasynyň bilermenleri oňyn netijenama berdiler.

Bütindünýä intellektual eýeçilik guramasy (iňlisçe World Intellectual Property Organization) intellektual eýeçilik ulgamynda hereket edýän birnäçe möhüm konwensiýalaryň işini dolandyrýan halkara guramasydyr.

Bu gurama 1893-nji ýylda Parižiň (senagat emlägini goramak üçin) we Bern (edebi we çeper eserleri goramak üçin) konwensiýalaryň dolandyryş wezipelerini ýerine ýetirýän edarasyna BIRPI (Bilelikdäki Intellektual Eýeçiligi Goramagyň Halkara Býurosy) birleşende döredilýär.

Agza döwletler BIRPI-niň doly hukukly hökümetara guramasy bolmagyny isledi. Şonuň üçin 1967-nji ýylda Stokgolmda bu guramany döredýän konwensiýa gol çekildi. Onuň ştab-kwartirasy Ženewada (Şweýsariýa) ýerleşýär. Bu täze gurama BIRPI-ni çalyşdy. 1974-nji ýylda ol BMG-niň ýöriteleşdirilen edarasyna öwrüldi. BMG bilen Bütindünýä intellektual eýeçilik guramasynyň arasyndaky şertnama laýyklykda, ol döredijiligi ösdürmek we döwletleriň arasyndaky hyzmatdaşlygyň üsti bilen dünýäde intellektual eýeçiligiň goralmagyny üpjün etmek maksady bilen baglaşylan şertnamalara laýyklykda zerur çäreleri görmäge jogapkärdir.

1967-nji ýyldaky Stokgolm konwensiýasy (3-nji madda) guramanyň aşakdaky maksatlaryny kesgitleýär:

- Döwletleriň arasyndaky hyzmatdaşlygyň üsti bilen we beýleki halkara guramalary bilen hyzmatdaşlykda intellektual eýeçiligiň goralmagyny öňe sürmek;
- Kärdeşler arkalaşyklarynyň administratiw hyzmatdaşlygyny üpjün etmek.

Şeýlelik bilen guramanyň işi döredijiligi sylaglaýan, innowasiýany höweslendirýän we jemgyýetiň bähbidine ykdysady ösüşe goşant goşýan deňagramly we elýeterli halkara ulgamyny ösdürmäge bagyşlanýar.

Guramanyň başlangyç we iň möhüm wezipesi, tekstlerini we resmi terjimelerini, goşmaça şertnamalary, goşulmak üçin döwletleriň beýannamalaryny, jedelleri çözmegi, şertnamalara täzeden garamagyň tertibini we intellektual eýeçilik obýektleriniň halkara hasaba alynmagyny üpjün edýän şertnamalar üçin hasaba alyş wezipelerini öz içine alýan köptaraplaýyn halkara şertnamalary dolandyrmakdyr.

Häzirki wagtda Bütindünýä intellektual eýeçilik guramasy konwensiýasynyň özünden başga aşakdaky şertnamalary dolandyrýar:

- Awtorlyk hukugy we degişli hukuklar babatynda Pekiniň audiowizual çykyşlar baradaky şertnamasy;
- Edebi we çeper eserleri goramak baradaky Bern konwensiýasy;
- WIPO awtorlyk hukugy şertnamasy;
- Fonogramma öndürijiler we ýaýlym guramalary öndürijiler üçin Ženewa konwensiýasy;
- Sputnik arkaly iberilýän programma göteriji signallary paýlamak baradaky Brýussel konwensiýasy;
- Körler üçin neşir edilen eserlere elýeterliligi ýeňilleşdirmek üçin Marakkeş şertnamasy;
- Lissabon şertnamasynyň gelip çykyşy we halkara bellige alyş şertnamasy;
- Markalary bellige almak üçin harytlaryň we hyzmatlaryň klassifikasiýasy barada Wena şertnamasy we ş.m.

## EDEBIÝATLAR

1. Türkmenistanyň Raýat kodeksi. Türkmenistanyň Mejlisiniň maglumatlary, 1998 ýyl, № 2, 39-njy madda.

**Laçyn BERDIMYRADOWA,**
*Türkmenistanyň Daşary işler ministrliginiň*
*Halkara gatnaşyklary institutynyň*
*halkara žurnalistikasy fakultetiniň V ýyl talyby*

# TÜRKMENISTANYŇ KÖPÇÜLIKLEÝIN HABAR BERIŞ SERIŞDELERINIŇ SANLYLAŞDYRYLMAGYNYŇ ÄHMIÝETI

Adamzat jemgyýeti gadym döwürden bäri bolup geçýän wakalar, täzelikler bilen tanyşmaklyga, olar dogrusynda maglumat almaklyga ymtylypdyr. Taryhyň dürli döwürlerinde adamzadyň oýlap tapyşlary netijesinde maglumat almagyň, täzelikler bilen tanyş bolmagyň dürli ýollary ýüze çykyp, wagtyň geçmegi bilen has-da kämilleşipdir. Häzirki wagtda habarlary ýaýratmagyň dürli görnüşleri bar. Köpçülikleýin habar beriş serişdeleriniň metbugat, telewideniýe, radio ýaly görnüşleri habarlary ýaýratmakda öň esasy işjeň hasaplanan hem bolsa, soňky wagtda internet žurnalistikasy öz gerimini barha giňeldýär. Bu bolsa, elbetde, häzirki wagtda ýer ýüzünde sanly tehnologiýalaryň ornaşmagy netijesinde alymlaryň «Senagat 4.0» diýip atlandyrýan dördünji senagat öwrülişiginiň bolup geçýändigi bilen baglanyşyklydyr. Mälim bolşy ýaly, soňky döwürde örän çalt depginde ösýän sanly tehnologiýalaryň adamzat durmuşyna giňden ornaşdyrylmagy dünýä ykdysadyýetiniň ösüş derejesine özüniň uly täsirini ýetirýär. Häzirki zaman maglumat-aragatnaşyk tehnologiýalary adamzat durmuşynyň ähli ugurlary bilen bir hatarda, köpçülikleýin habar beriş serişdelerini hem sanlylaşdyrmak babatda global häsiýete eýe boldy. Sanly ulgam termini enjam, programma üpjünçiligi, torlar we olaryň ulanylyşy ýaly elementleri aňladýar. Bu ulgamy emele getirýän birnäçe komponentler bar: smartfon programma üpjünçiligi, giriş komponentleri (mysal üçin, duýgur ekran, klawiatura, kamera we mikrofon), çykyş komponentleri (mysal üçin, ekran we gürleýjiler), ýat komponentleri (mysal üçin, kremniý çipleri, gaty diskler, ýagny maglumat göterijiler), aragatnaşyk komponentleri (mysal üçin, SIM karta, Wi-Fi, Bluetooth ýa-da ykjam tor antennalary) we ş.m. Maglumatlary sanly çözgüde öwürmek üçin degişli sanly enjam we programma üpjünçiligi bölekleri zerurdyr. Sanly ulgamlar birikdirilende tor döredýärler.

Dünýäniň ösen döwletlerinde bolşy ýaly, biziň ýurdumyzda hem ähli ulgamlar bilen bir hatarda köpçülikleýin habar beriş serişdelerini sanlylaşdyrmak wezipesi yzygiderli we üstünlikli amala aşyrylýar. 7-nji fewralda hormatly Prezidentimiziň ýurdumyzyň medeniýet ulgamyny we köpçülikleýin habar beriş serişdelerini


16. Sargyt № 2479

kämilleşdirmek boýunça geçiren iş maslahatynda hem bu ulgamyň işini döwrebaplaşdyrmakda öňde goýlan wezipeleriň yzygiderli durmuşa geçirilmelidigi barada nygtaldy. Bu babatda hormatly Prezidentimiz häzirki döwürde halkara köpçülikleýin habar beriş serişdelerinde sanly tehnologiýalaryň, elektron neşirleriň ösdürilmegine möhüm ähmiýet berilýändigini, munuň bolsa ähmiýetli habarlary dünýäniň maglumat giňişliginde dessine ýerleşdirmek üçin wajypdygyny belledi we bu ugurda alnyp barylýan işleri kämilleşdirmek boýunça anyk tabşyryklary berdi.

Milli Liderimiziň: «Döredilen mümkinçiliklere daýanyp, ýurdumyz hem-de halkymyz üçin ähmiýetli bolan ylmy pikirleri ösdürmek, täze tehnologiýalary öwrenmek, özleşdirmek we durmuşa ornaşdyrmak her bir ýaş türkmenistanlynyň belent maksady bolmalydyr» diýip nygtamagy ýurdumyzda ýaşlaryň döwrebap bilimli, ylymly bolmagy, ösen tehnologiýalardan kämil baş çykaryp bilýän hünärmenler bolup ýetişmegi ugrunda yzygiderli alada edilýändigini aýdyň tassyklaýar [1].

Ýeri gelende bellesek, hormatly Prezidentimiziň sanly ulgama geçmek babatda beren tabşyryklaryna laýyklykda, 2019-njy ýyldan başlap ýurdumyzda neşir edilýän gazetleriň 25-siniň, žurnallaryň 7-siniň elektron görnüşini telefona ýükläp almak mümkinçiligi döredildi. Şunuň esasynda häzirki wagtda metbugat.gov.tm internet sahypasy hereket edip, bu internet sahypasynda neşirleriň elektron görnüşi ýerleşdirilýär. Şeýle-de, 2020-nji ýylda «Türkmenmetbugat» internet neşiri döredildi. Onda ýurdumyzda neşir edilýän gazetleriň 19-synyň, žurnallaryň 7-siniň elektron görnüşleri ýerleşdirilýär [2].

Mundan başga-da, Türkmenistanyň Daşary işler ministrliginiň www.mfa.gov.tm saýty we Türkmen döwlet habarlar agentliginiň resmi saýtlary köp sanly hususy saýtlaryň esasy habar çeşmesi bolup hyzmat edýär. Türkmenistanyň döwlet edaralaryna degişli birnäçe saýtlar bolsa, soňky döwürde has işjeňleşdi. Şolaryň hatarynda Türkmenistanyň Goranmak ministrliginiň www.milligosun.gov.tm, Türkmenistanyň Sport we ýaşlar syýasaty ministrliginiň www.msy.gov.tm we Türkmenistanyň Telewideniýe, radiogepleşikler we kinematografiýa baradaky döwlet komitetiniň www.turkmentv.gov.tm saýtlaryny agzamak bolar. Şeýle hem, Türkmenistanyň daşary we içeri syýasatynda amala aşyrylýan işler baradaky habarlary dünýä jemgyýetçiligine ýaýradýan hususy habar saýtlarynyň hem sany yzygiderli artýar. Olaryň hatarynda «Orient.tm», «Turkmenportal.com», «Ussatnews.com», «Arzuw.news», «Ashabat.in», «Turkmenmetbugat.gov.tm», «Atavatan-turkmenistan.com» ýaly hususy internet neşirlerini bellemek bolar. Köpçülikleýin habar beriş serişdelerini sanlylaşdyrmak içerki maglumat bazarynda bäsdeşligi artdyrýar we olaryň dünýä media bazaryna çykmagyna şert döredýär.

Ýurdumyzyň döwlet edaralarynda hem sanlylaşdyrmak wezipesi yzygiderli ýola goýuldy. Olaryň hatarynda sanly resminama dolanyşygyna geçmek üçin önümçilik we döredijilik edaralarynyň arasynda içki tor ulgamy döredildi. Häkimlikleriň, pudaklaýyn dolandyryş edaralarynyň önümçilik işini awtomatlaşdyrmak, hasaba almak we hasabyny ýöretmek boýunça ýerine ýetirilýän işleri ýeňilleşdirmek, şeýle hem raýatlar üçin amatlyklary döretmek we elektron hyzmatlar ulgamyny kämilleşdirmek maksady bilen, Türkmenistanyň e.gov.tm bir bitewi döwlet saýty döredildi. Bu portal raýatlar we işewürler üçin elektron görnüşinde «bir penjire» döwlet hyzmatlaryny ýerine ýetirmegiň awtomatlaşdyrylan maglumat ulgamyny özünde jemleýär. Bu usul hyzmatlara isleg bildirýänlerden resminamalary merkezleşdirilen görnüşde kabul etmäge mümkinçilik berýär hem-de şolary taýýarlamagyň möhletlerine hem-de hyzmatlaryň ýerine ýetirilişine gözegçiligi üpjün edýär.

Şeýlelikde, Türkmenistanda sanly ykdysadyýetiň ösdürilmegi halkymyz üçin ajaýyp mümkinçilikleri we täze şertleri döredýär hem-de ýurdumyzyň Durnukly ösüş maksatlaryny durmuşa ornaşdyrmaga gönükdirilen inklýuziw ösüşini üpjün edýär. Munuň özi hormatly Prezidentimiziň ýurdumyzyň ýagty ertiriniň hatyrasyna amala aşyrýan işleriniň aýdyň güwäsidir.

### EDEBIÝATLAR


1. «Türkmenistan» gazeti. 12.06.2020 ý.
2. «Türkmenistan» gazeti. 02.02.2021ý.



**Gözel EMINOWA,**
*Türkmenistanyň Daşary işler ministrliginiň halkara gatnaşyklary institutynyň Halkara žurnalistikasy fakultetiniň IV ýyl talyby*


## MAGLUMAT GIŇIŞLIGI WE INTERNET ŽURNALISTIKASY

Ýurdumyzda ösüşiň häzirki tapgyry hormatly Prezidentimiziň ylmy taýdan esaslandyrylan, durmuşy nazarlaýan öňdengörüjilikli döwlet syýasatynyň netijesinde döwlet dolandyryşynyň we jemgyýetçilik durmuşynyň ähli ulgamlarynda dünýä ülňülerine laýyk gelýän täze innowasion tehnologiýalardyr maglumat-aragatnaşyk enjamlarynyň yzygiderli ornaşdyrylmagy sanly ulgamda täze ugurlary

döredýändigi bilen häsiýetlenýär. Häzirki wagtda internet döwrebap ösüşiň aýrylmaz bölegi, aragatnaşygyň has tiz hem netijeli guraly hökmünde çykyş edýär. XXI asyrda bütindünýä internet tory arkaly maglumat tehnologiýalarynyň ösüşi we giňden ýaýramagy jemgyýetde adamlaryň aragatnaşygyny täze derejä çykarmaga ýardam berýär.

Ýurdumyzyň Bitaraplyk ýörelgelerine esaslanýan daşary syýasatyny durmuşa geçirmekdäki üstünlikleri Türkmenistanyň diplomatiýasynyň möhüm ugurlaryny, maksatlaryny hem-de wezipelerini we bu ugur boýunça öňe sürýän başlangyçlaryny dünýäniň maglumat giňişliginde mynasyp beýan etmeklik milli we halkara žurnalistleriň paýyna düşýär. Çünki, olara ýurdumyzyň syýasy, ykdysady, hem-de durmuş medeni ösüşindäki gazanan üstünliklerini wasp edýän makalalary yzygiderli taýýarlamak we habar beriş serişdeleriniň dürli görnüşlerinde halk köpçüligine gyzgyny bilen ýetirmek örän zerur.

«Türkmenistan – parahatçylygyň we ynanyşmagyň Watany» ýylynda, ýagny 2021-nji ýylyň 7-nji fewralynda hormatly Prezidentimiz Gurbanguly Berdimuhamedow medeniýet ulgamyny we köpçülikleýin habar beriş serişdelerini kämilleşdirmek boýunça iş maslahatyny geçirdi. [1, s.1].

Hormatly Prezidentimiz: «Häzirki döwürde halkara köpçülikleýin habar beriş serişdelerinde sanly tehnologiýalaryň, elektron neşirleriň ösdürilmegine möhüm ähmiýet berilýär. Munuň özi ähmiýetli habarlary dünýäniň maglumat giňişliginde dessine ýerleşdirmek üçin wajypdyr» diýip belledi we bu ugurda alnyp barylýan işleri kämilleşdirmek boýunça anyk tabşyryklary berdi. [2, s. 1].

Maglumat giňişliginde täze mümkinçilikleriň kemala gelmegi habar beriş serişdelerinde zähmet çekýän we bilim alýan hünärmenleriň has-da kämilleşmegine özüniň täsirini ýetirýär. Munuň bilen baglanyşykly Döwlet Baştutanymyz ýokary okuw mekdeplerinde internet žurnalistikasy we syýasy kommunikasiýa boýunça täze sapaklary girizmegi, beýleki zerur bolan täze hünärleri açmak boýunça teklipleri taýýarlamagy tabşyrmagy milli žurnalistikamyzyň ösüp, halkara derejesinde ýaýbaňlanmagyna hem-de dünýäniň maglumat giňişliginde aýratyn orun almagyna ýol açýar.

Internet ulgamynyň biziň ýurdumyzda giňden ýaýramagy, internet žurnalistikasyny öwrenmäge we bu ugurda döredijilik işlerini guramaklyga bolan zerurlygy ýüze çykarýar. Häzirki wagtda internet jemgyýetçilik durmuşynyň ähli meselelerini öz içine alýan giň maglumatlar giňişligine öwrüldi. Maglumat jemgyýetiniň kemala gelmegi bilen onuň global derejede giň gerime eýe bolmagy netijesinde köpçülikleýin habar beriş serişdelerinde internet žurnalistikasynyň peýda bolmagyna getirdi. Internet žurnalistikasy – jemgyýetçilik ähmiýetli, zerur maglumatlary toplamak, işläp taýýarlamak we internetiň üsti bilen ýokary tizlik esasynda köpçülige maglu-

matlary yzygiderli ýaýratmak bilen bagly jemgyýetçilik işiniň bir görnüşidir. Täze bir görnüşe eýe bolmak hadysasy halkara žurnalistikasy ulgamynda iş alyp barýan alymlaryň ünsüni özüne çekýär. Habar beriş serişdeleriniň sanly ulgama geçmegi habarlary kabul etmek we ýaýratmak üçin täze şertleri döretdi. Internetiň sanly giňişliginde täze aragatnaşyk kanallary, köpçülikleýin habar beriş serişdelerinde maglumatlary ýaýratmagyň we köpçülige ýetirmegiň usullary ösdürilýär. Elbetde, bu amallar onlaýn metbugatyň dürli platformalarynda, habarlar agentlikleriniň web sahypalarynda täze görnüşli ýazyjylaryň döremeginde we ösmeginde öz beýanyny tapýar. Internetdäki metbugat mazmuny bilen işlemegiň täze usullary žurnalistlerden ýokary hilli täze hünär başarnyklaryna, täze bilimlere eýe bolmagyny talap edýär. Internet žurnalistikasy barada umumy şeýle bellemek bolar. Köpçülikleýin habar beriş serişdeleriniň bir bölegi hökmünde özüniň ösüş prosesinde, beýleki media ulgamlarynyň birnäçe häsiýetini özleşdirýär: metbugat, radio, telewideniýe, öz gezeginde, internet žurnalistikasynyň ösüşiniň täsiri astynda özgerýär. [3, s.11].

Habar ýazan žurnalist hiç haçan özünden baha beriji sypatlary we şuňa meňzeş serişdeleri ulanmaýar. Şeýle hem, ol okyja maslahat berip, ondan netije çykaryp bilmez. Täzelikleriň tekstinde žurnalistiň edip biljek ýeke-täk zady – okyjy üçin goşmaça maglumatlary peýdaly görnüşde ýygnamak we tertiplemekden ybaratdyr. [4, s. 5]. Köpçülikleýin habar beriş serişdeler ulgamyny, hususan-da, internet neşirlerini öwrenýän alymlaryň köpüsi internet žurnalistikasyna ***gipertekstliligiň, interaktiwliligiň we multimedialygyň*** mahsusdygyny belleýärler.

Bu internet žurnalistikasynyň esasy aýratynlyklary bolup, ***multimedialylyk*** maglumatlary tekst, çyzgylar, surat, ses, wideo görnüşlerinde bermek mümkinçiliklerini aňladýar. ***Gipertekstlilik*** aýratyn eserleriň, resminamalaryň arasyndaky baglanyşyklylygy aňladýar we ol ýörite salgylanmalaryň kömegi bilen amala aşyrylýar. ***Interaktiwlilik*** internet žurnalistikasyndan peýdalanýanlaryň köptaraply maglumat alyş-çalşygydyr. Şeýle-de, internet žurnalistikasyna operatiwlik hem mahsusdyr. Bu bolsa internet maglumatlary, habarlary gelen badyna okyjylara ýetirmäge mümkinçilik berýär.

## EDEBIÝATLAR


1. *Gurbanguly Berdimuhamedow.* Türkmenistanyň Prezidenti medeniýet ulgamyny we köpçülikleýin habar beriş serişdelerini kämilleşdirmek boýunça iş maslahatyny geçirdi // Türkmenistan gazeti. 08.02.2021 ý., № 34.
2. Gökleňow R. Žurnalistika: internet we etika// –Nesil. 30.10.2012.
3. Калмыков А.А., Коханова Л.А. ИНТЕРНЕТ-ЖУРНАЛИСТИКА, теоретические основы. – Москва, 2018.
4. А. Александр Амзин. Интернет-журналистика. – «Издательство АСТ», 2020.

# GOŞGULAR

**Baba SARYÝEW,**
*Türkmenistanyň Daşary işler ministrliginiň
Halkara gatnaşyklary institutynyň
žurnalistikanyň nazaryýeti we amalyýeti kafedrasynyň
uly mugallymy, filologiýa ylymlarynyň kandidaty*

## YŞK-SÖÝGINIŇ ŞÄHERI

Ak mermerden ak donuny geýipdir,
Binalary bir-birinden beýikdir,
Gel, myhmanym, jennet ýurda gelip gör,
Yssy mähriň ojagydyr Aşgabat.

Güller bilen bezelendir köçeler,
Baglary bar – miwesini eçiler,
Bagt görjekmi, gel-de, töre geçiber,
Yşk-söýginiň gujagydyr Aşgabat.

Köpetdagyň çeşmeleri tenekar,
Bir dadanlar içsem diýer ýene kän,
Gülzarlygyň mekanydyr bu mekan,
Ajaplaryň ajabydyr Aşgabat.

Baýyrlardan öwsen şemal şypaly,
Gujagyňda ýaşaýyş bar sapaly,
Ogul-gyzyň watansöýer, wepaly,
Baky bagta kejebedir Aşgabat.

## BAGTYÝARLYK ZAMANYNYŇ ÝAŞLARY

Il hormatyn baýdak edip göterer,
Watan waspyn joşgun bilen ýetirer,
Alkyş alyp, ýurda şöhrat getirer,
Bagtyýarlyk zamanynyň ýaşlary.

Arkadagyň paýhasy bar dogaýy,
Pähim tutan ýaran eder sogaby,
Asyrlardan gelýän türkmen dowamy,
Bagtyýarlyk zamanynyň ýaşlary.

Messan basyp, bossanynda gezeni,
Toý-baýramyň bezegidir gözeli.
Oýnar tansy, joşup aýdar gazaly,
Bagtyýarlyk zamanynyň ýaşlary.

Gül mekanyň guwanjydyr gojalar,
Balalarna bagt dilär ejeler.
Toý şatlygyn şowhun bilen geçirer,
Bagtyýarlyk zamanynyň ýaşlary.

## OBAMYZA BARAMDA

Baran çagym obamyza gezmäge,
Ilki ejem gujak açyp garşylar.
Eşdip üýşer goňşularym, dostlarym,
Ozal başda sag-amanlyk alşylar.

Ejem bolsa gümradyr öz işine,
Edin balam, edin, diýip ýürekse.
Häzirjek naharam taýýar bor diýer,
Öňe goýar, gök çaý bilen mürepbe.

Zowzuldar ýaş çaga seredýän deýin,
Soramaz ol, iýjekmi ýa içjekmi.
Güýçlendirler ojakdaky ojar ot,
Howry bilen saçaga ger işlekli.

Çaýdan, nahardan soň mesaýy gürrüň,
Gyzyşar otdaky gaýnan tüňçe deý.
Ýatlanylar garagolluk, çagalyk,
Şeýdip oturylar ikä, üçe deň.

Indi ençe ýyldyr bu şeýle bolýar,
Her gezek obama dolanan çagym.
...Hemdäni «guk» berýär gizlenip galan,
Boýny kemanlyja şol çagalygym.

## BEDEW

Okdurlaňda oklar ýetmez yzyňdan,
Aýlanaýyn, aýagyňdan, dyzyňdan,
Toý-baýramda kem bezemez gyzyndan,
Türkmeniň buýsançly ýüregi bedew.

Ala meýdanlarda, ýaşyl ýaýlada,
Ýaş ýigitler ýaryş gurýa, ýaýnaýa,
Garlawaç ganatlar çar ýan ýaýraýa,
Ilimiň küýsegi, geregi bedew.

Är ýigide ýoldaş bolup geçende,
Apaty köp asyrlaryň içinden,
Ganat ýaýyp, misli bürgüt uçan deý,
Gerçekleň söýegi, diregi bedew.

Ýöräňde şemalsyň, ýüwürseň ýelsiň,
Ylham joşa geler, sallanyp gelseň,
Seni perzent saýar, Diýarym, bilseň,
Halkymyň geregi, ýüregi bedew.

## «GARRADYM, AK SAKGAL»

*(Türkmen milli oýny)*

Ýene size dolandym men
Aşyk oýnan köçelerim,
Ýene – de şol öňküler deý,
Ejem çykan gamşa dolap,
Çekişsedim keçelerin.

Gyz-u-oglan daş üýşürip,
Oýnasadym bukuldymy.
Diýmen «garradym, ak sakgal!»
Tä tapynçam bukulgyny.

«Hawa, garradym, ak sakgal,
Çyk, täzeden gizlen!» diýmek.
Juda sahydyk ol mahal,
«Gezek ýene sizden!» diýmek.
Onsoň gülüşip çykarlar,
«Tapaýmak kyndyr, gardaş jan».
Gulagyňa çawuş çakarlar,
«Eşekçi bolup gartaşýaň».

Ine, bu gün, gaýta – gaýta,
«Garradym, ak sakgal» diýýän.
Her kim dagapdyr bir ýana,
Kimsi gidipdir paýtagta.
Görsene, ýok çykyp gelýän.

Senden daşlaşdym baryp – ha,
Gör, haçanlar çagalygym.
Hem henizem daşlaşamok,
«Geliň, geliň! – çagyrýaryn,
Bile oýnan çagalarym,
Äkel, äkel, şolary äkel,
Hawa, garradym, ak sakgal!»

## ELWAN GÜLLER

Ýaz gelende ýaýlamyza,
Açylypdyr elwan güller.
Anbar ys sähra ýaýraýa,
Eçilipdir elwan güller.

Ygşyldysy, ülpüldisi,
Damjalaryň ýylpyldysy,
Gözelleriň gülki sesi,
Bir enaýy elwan güller.

Lemmer-lemmer ak bulutlar,
Zemine nurun guýup dur.
Sähram synasyn ýuwupdyr,
Öwşün atýar elwan güller.

Keşdelenen gül ýakaňa.
Eý, gözel gyz, gül dakaýa,
Ilim aşyk saz, mukama,
Şelpe kakýar elwan güller.

Maýyl edip, şemal öwser,
Jana şypa-aby köwser,
Gel, sährama, bir gelip gör,
Gujak açar elwan güller.

Sähram, gülleň jüm-jümedir,
Behişdidir, jennetidir,
Göwün gül kölne çümedir,
Açylanda elwan güller.

## ÝYLDYZLARA ÝÜZLENME

Atalarmyz, babalarmyz,
Olardan has öňküler
Görendirler, ýyldyzlarym,
Siziň ajap görküniz.

Siz bolsa şol lowurdaşyp,
Üýtgetmän bir durkuňyz.
Henizlerem asmanymda
Ýagty salyp dursuňyz.

Gör, siz ýaly hemişelik,
Ýyldyz bolup bu jahanda
Ýaşamaklyk niçik bagt,
Hasyl bolanda haçan-da.

Onsoň uzap asyrlara,
Gitseň nesilden-nesile,
Seniň setirleriňi okap,
Çözülse müşgil mesele.

Müneçjimleň ýyldyzlara
Seredip pal atyşy deý,
Täleýe jogap tapsalar,
Başa bir iş sataşanda.

Ýyldyzlarym, durnuklylyk
Nusgasyny sapak edip,
Siz dursuňyz, durarsyňyz,
Alysdan – alsa seredip.

– ... Jahanda meňzäp ýyldyza,
Gitsediň ýyldan – ýyllara.

## ŞAHYRLYK HAKDA

«Şahyr» bu söz däldir boş hem howaýy,
Şeýle goşulaýmaz adyň yzyna,
Magtymguly, Ýunus Emre, Nowaýy...
Şahyrlyk agram ber kellä, dyzyňa.

Bu söz üçin kän galarsyň ukudan,
Gündiz, gije dörjelärsiň beýniňi.
Şahyr çykmaz zehin, ylham ýukadan,
Ol halaýar guýmagursak – teýlini.

Müňläp-müňläp sahypany agtaryp,
Şahyr çuňluklara girip gidýändir.
Alys-alys eýýamlary agdaryp,
Many-mazmunyny tirip gidýändir.

Daglardan mumyýa tüpeňlenşini,
Sözleri seçmekde edinip nusga.
Şahyr soňlaýandyr tutan işini,
Sözlerin kebşirläp, misli bir ussa.

Ine, onsoň, bir gün, «Şahyr!» diýerler,
Bu söz ýürekdendir, däldir howaýy.
Özleri özüne şahyr diýenler
bolupdyr, häzirem bardyr dowamy.

## ÝIGITLERE SARGYT

Öýüň hysyrdysy, aladasy bar,
Öý işini ertä goýulaýýar-da.
Diýýäs: «Ederis-le, oň bir zady bor,
Ýatladyp durawer şular barada».

Ilgezikdir, ýatladar ýanýoldaşyň,
Gurulan sagadyň jaňydyr edil.
Garaşyp ýörmäň-de «gaýyna gysyň»,
Ýigitlere sargyt: «Gynyňyz ediň».

Galan işe gar ýagdyrman edilse,
Öýüň mähri çoýar durar, hezildir.
Maşgalada düşünşilmän gidilse,
Hözir gören barmy?! Aýdyň heniz bir.

Gelinler diregi, sütüni öýüň,
Çagalarnyň, seň aladaň edýändir.
Öňem söýýänsiňiz, has güýçli söýüň,
Söýlüp, söýen dowamata gidýändir.

## DAÝHANYŇ
## IÇGEPLETMESI

Alyslara imrinmedim,
Ýagşy diýdiler dynç alsaň.
Ülkesinden aryp giden,
Neneň ýat ilde ynjalsyn.

«O ýerleň suwy talh däl,
Misli diýrsiň aby-köwser.
Şuny-da ýada salyp gal,
Şemaly şypa deý öwser».

Belki, öwenem däldirler,
Aýdylşyndan-da gowudyr,
Meni pikirden dändirmez,
Özgäň şemaly, suwy-da.

Ülkämiň yssysam derman,
Ýagyn ýagar, şemal öwser,
Ýat ülkä-de, köňül bermäň,
Gürrüň tapdylar nä ýeser.

**Şageldi ÇOPANOW,**
*Türkmenistanyň Daşary işler ministrliginiň*
*Halkara gatnaşyklary institutynyň*
*halkara gatnaşyklary fakultetiniň V ýyl talyby*

## TÜRKMENISTANYM

Şu güni şat, ýagty onuň geljegi,
Tanaýandyr dünýäniň kän künjegi!
Paýtagtymyz Aziýanyň merjeni,
Gözel Aşgabatly Türkmenistanym!

Mollagara, Arçman hem Baýramaly,
Gözel Awazaly, ajap kenarly.
Ösümlikleri bar jana şypaly,
Melhemler mekany Türkmenistanym!

Watanyň her güni ösüşlere baý,
Rysgal-bereketden berlen uly paý.
Kalplarda ýekesiň, ýokdur saňa taý,
Depämiziň täji Türkmenistanym!

Bu gün buýsançlydyr türkmeniň halky,
Başymyz dik biziň, ýolumyz ýagty.
Berkarar döwletiň bagtyýar wagty,
Waspyň ýüreklerde Türkmenistanym!

**Rahmannazar JUMAÝEW,**
*Türkmenistanyň Daşary işler ministrliginiň*
*Halkara gatnaşyklary institutynyň*
*halkara gatnaşyklary fakultetiniň V ýyl talyby*

## AŞGABAT

Ymaratlaň ýalkym saçýar çar ýana,
Aziýanyň merjeni sen Aşgabat!
Bezäp otyr Köpetdagyň etegin,
Synlany haýrana goýýan Aşgabat!

Niçe ärler ýaşap geçdi goýnuňda,
Bilbiller saýraşar ýaşyl bagyňda,
Bardyr adyň Ginnesiň kitabynda,
Arkadagyň yhlasy sen Aşgabat!

Gujak açyp garşy alýar myhmany,
Ýyl-ýyldan artýandyr gelýänleň sany,
Durkuň misli ak mermerleň ummany,
Ýokdur taýyň gözellikde Aşgabat!

Al-ýaşyl öwüsýär owadan baglaň,
Ak gara bürenýär ol beýik daglaň,
Rowaç tapar saňa ömrüni baglan,
Ak mermerli paýtagtym sen Aşgabat!

## PAÝTAGTYM

Älem haýran durkuňa,
Gözel görkli paýtagtym.
Ylham alýan görküňden,
Käte gamlanan wagtym.

Iň arzyly islegler,
Sende hasyl bolýandyr.
Goşgy goşýan şahyrlar,
Senden ylham alýandyr.

Ýagtydyr köçeleriň,
Aýdyňdyr gijeleriň,
Söz gözläp tijenýärin,
Ajap mekan paýtagtym.

Ak mermerli binalar,
Sergin howaly baglar,
Hoş owazly nagmalar,
Bardyr sende paýtagtym.

## TÜRKMEN SÄHRASY

Ýaz gelende beslener gülzarlyga,
Neneňsi ajaýyp türkmen sährasy.
Siňe-siňe bakanyňda barlyga,
Görmäne göz gerek türkmen sährasyn.

Garagum çölünde bardyr keramat,
Baýlyklary neslimize dowamat,
Döredýändir täsin ajaýyp sungat,
Al-ýaşyl beslenip türkmen sährasy.

Joş urup akýandyr derýada suwy,
Kenardaky baglar, gör, neneň gowy,
Güsürdäp galanda derýanyň guwy,
Ýüregiň joşdurar türkmen sährasy.

## WATAN WASPY

Keşt eýläp al-ýaşyl geýen düzleri,
Watanyň waspyny sözlär dillerim.
Sözleri seljerip, sözi süzmeli,
Watanyň waspyny sözlär dillerim.

Bagtdan, begençden doly dideler,
Gündizden hem ýagty nurly gijeler,
Oturyp goýnunda niçe-niçeler,
Watanyň waspyny sözlär dillerim.

Asuda päkize asmanyň hakda,
Bereketli ene topragyň hakda,
Adyny göterip mydam gursakda,
Watanyň waspyny sözlär dillerim.

## WATANYM

Öňe barýar bu gün bedew bat bilen,
Bu meniň Watanym, eziz Watanym!
Bardyr seniň bäş müň ýyllyk taryhyň,
Sen hakda ýazýarys heniz, Watanym!

Görk goşýar görküňe dumanly daglar,
Dermandyr janyňa çeşmeli çaýlar,
Gülleýär goýnuňda gunçaly baglar,
Bardyr ajap tebigatyň Watanym!

Daýhanlaryň bardyr gujur-gaýratly,
Zähmet çekip, öňe barýarlar batly,
Ýaşkiçiň ýaşula sylag-hormatly,
Peder ýolun dowam edýän Watanym!

Edepden-ekramdan ýüklüdir iliň,
Ýaň salýar äleme seň milliligiň,
Bat bilen öňe git berk guşap biliň,
Artsyn seniň şan-şöhratyň, Watanym!

**Nurana MUHYÝEWA,**
*Türkmenistanyň Daşary işler ministrliginiň*
*Halkara gatnaşyklary institutynyň*
*halkara gatnaşyklary fakultetiniň III ýyl talyby*

## TÜRKMENISTAN

Bu gün nur çaýylýar dünýä ýüzüne,
Hemme haýran ygraryna, sözüne,
Dogduk mekan yssy gelýär gözüňe,
Al-elwan ýaýlaly bagy-bossanym,
Garaşsyz, Bitarap Türkmenistanym!

Ýer ýüzünde saňa Älem haýrandyr,
At-owazaň bütin dünýä ýaýrandyr,
Bu gün halkyň seň goýnuňda baýnandyr,
Gül keşbini köňüllere beslänim,
Garaşsyz, Bitarap Türkmenistanym!

Aşgabat myhmana gujagyn açýar,
Mermer binalaryň şöhlesin saçýar,
Asmanda kepderiň pessaýlap uçýar,
Köňüllerde aýdym, dilde-dessanym,
Garaşsyz, Bitarap Türkmenistanym!

Bu gün türkmen halky gurýar, döredýär,
Köp ugurly syýasatyn ýöredýär,
Arkadagyň sözi ýürege ýetýär,
Kalbymda şygaryň baky beslänim,
Garaşsyz, Bitarap Türkmenistanym!


17. Sargyt № 2479

## TEBIGAT SAZLAŞYGY

Tebigatym, husny jennet mysaly,
Gözelligňe, gül keşbiňe aşyk men.
Misli ertekiler dünýäsi ýaly,
Dilden dür deý çogýan söze aşyk men.

Dag – düzünde ýaýnap jerenler oýnar,
Şybyrdapjyk akýan çeşmä aşyk men.
Asuda zeminde bagtdan baýnar,
Zemine, läläňe, ýaza aşyk men.

«Salam» diýsem, «Salam» diýip seslenýän,
Beýik goja daglaryňa aşyk men.
Sähralary çemenlige beslenýän,
Bu ajaýyp çaglaryňa aşyk men.

Dem alaňda bütin dünýäň giňeldýän,
Tämiz howa, nurly Güne aşyk men.
Ýurduň ösüşini has-da beýgeldýän,
Öri meýdanlara, düze aşyk men.

## WATAN BUÝSANJY

Ýaşyl dona bürenipdir bu ýerler,
Men waspyňy näme bilen sözläýin.
Bu mekana Türkmenistan diýerler,
Senden ajap ýurdy nirden gözläýin.

Baglaryňda bilbil guşum saýraýar,
Misli sazandalaň owazy ýaly.
Ak gülleriň keşbi ýere ýaýraýar,
Misli hyýaldaky jennet mysaly.

Eşretin eçildi bagtly döwrümiz,
Okap bilim almak – bize ýörelge.
Arkadagym, uzak bolsun ömrüňiz,
Her ädimde bolup bize görelde.

## DÖWLETLILIK ÝÖRELGESI TÜRKMENIŇ

Ata-baba mirasymy ýatladýar,
Döwletlilik ýörelgesi türkmeniň.
Geçmişden geljegiň ýolun ätledýär,
Döwletlilik ýörelgesi türkmeniň.

Gadymdan alýandyr öz gözbaşyny,
Däp-dessury mirasynyň başyny,
Taryhdan bilýäris dörän ýaşyny,
Döwletlilik ýörelgesi türkmeniň.

Bedew aty hem Gyraty – ganaty,
Gözellere kybap kaddy, syraty.
Goç ýigitleň arkadagy zynaty,
Döwletlilik ýörelgesi türkmeniň.

Pederleriň aýdanlarny ýetiren,
Abraýyny has-da beýge göteren,
Türkmene egsilmez bagty getiren,
Döwletlilik ýörelgesi türkmeniň.

## TALYP JOŞGUNY

Berkarar döwletli bagtyýar döwrüň,
Buýsançly, guwançly talyp gyzy men.
Özgerýän ýurduma galkynýar göwnüm,
Eşretli durmuşyň talyp gyzy men.

Ýadaman okaýas, geljegmiz gurýas,
Altyn asyr, altyn zamanda barýas,
Gün-günden özgerip, belende galýas,
Bagtyýar döwrümiň talyp gyzy men.

Türkmeniň başyny göge ýetiren,
Mähriban halkyna bagty getiren,
Seň şanyňa bagyş edýän setirlem,
Arkadagly ýurduň talyp gyzy men.

Saýlan hünäriňi ýöredip bolýan,
Käriňde özgerip, ýer edip bolýan.
Türkmene täzelik döredip bolýan,
Özgerýän ýurdumyň talyp gyzy men.

Arkadag ýol açdy ylym-bilime,
Waspyna kän sözler gelýär dilime,
Bagt guşy gonandyr türkmen iline,
Döwletli ýurdumyň talyp gyzy men.

**Ogulaý ŞÜKÜROWA,**
*Türkmenistanyň Daşary işler ministrliginiň*
*Halkara gatnaşyklary institutynyň*
*halkara gatnaşyklary fakultetiniň IV ýyl talyby*

## BITARAPLYK SYÝASATY

Dost-doganlyk däp bolupdyr ilime,
Manyly-mazmunly parasatym bar.
Sena bolup dur ol halkyň diline,
Ýurtda Bitaraplyk syýasatym bar.

Agzybirlik, dostluk bilen barylýar,
Myhmany mähirli garşy alynýar,
Dünýäde abraý, hormatymyz bar,
Ýurtda Bitaraplyk syýasatym bar.

Görmek ajaýypdyr bu beýik ýurdy,
Halkym öňe sary berk gadam urdy,
Özbaşdak, Garaşsyz Watany gurdy,
Ýurtda Bitaraplyk syýasatym bar.

Dawa-jedel mahsus däldir türkmene,
Bagtyýarlyk ýaraşýar bu mesgene,
Bitarap Watanym, ös sen, ös ýene,
Ýurtda Bitaraplyk syýasatym bar.

**Muhammet TOÝÇYÝEW,**
*Türkmenistanyň Daşary işler ministrliginiň*
*Halkara gatnaşyklary institutynyň*
*halkara gatnaşyklary fakultetiniň V ýyl talyby*

## BAGTLY DIÝARYM

Beýikdir mertebäň, şöhratyň-şanyň
Sen meniň namysym, jigerde-janym.
Sensiň damarymda buýsançly ganym,
Türkmenistan – parahatçylygyň we ynanyşmagyň Watany.

Ak mermere beslenendir Aşgabat,
Sen söýgi şäheri, sende yşk abat,
Ýurtda bol-elinlik, il-günüm azat,
Türkmenistan – parahatçylygyň we ynanyşmagyň Watany.

Aziýada nur saçýar, Watan, gül keşbiň,
Alyslardan görünýändir ak köşgüň,
Arkadag eýesi – hormat, alkyşyň,
Türkmenistan – parahatçylygyň we ynanyşmagyň Watany.

**Hatyja DÖWLETNAZAROWA,**
*Türkmenistanyň Daşary işler ministrliginiň*
*Halkara gatnaşyklary institutynyň*
*halkara hukugy fakultetiniň III ýyl talyby*

## TÜRKMENISTAN

Dünýä dursun – Diýar dursun,
Ýürek «Watan» diýip ursun,
Nesilleriň binýat gursun,
Ata mekan Türkmenistan!

Çar tarapy bagy-bossan,
Keremlidir, gül-gülüstan,

Dillermizde ady dessan,
Ata mekan Türkmenistan!

Aşgabadym haýran eder,
Kimler seýil-seýran eder,
Türkmen halkyn bagta elten,
Ata mekan Türkmenistan!

Joşýar bu gün talyp köňlüm,
Buşlukçysy bagtly döwrüň,
Parahatdyr ajap döwrüm,
Ata mekan Türkmenistan!

**Enetäç JUMAMYRADOWA,**
*Türkmenistanyň Daşary işler ministrliginiň*
*Halkara gatnaşyklary institutynyň*
*halkara ykdysady gatnaşyklary fakultetiniň IV ýyl talyby*

## TÜRKMENISTANYM MENIŇ

Türkmenistan ajap mekan, dilde dessanym meniň,
Baglary al-ýaşyl gülli, bagy-bossanym meniň.
Dillerimde aýdym, gazal, gül-gülüstanym meniň,
Göz guwanjym, genji känim, Türkmenistanym meniň.

Ak mermere beslenipdir, merjen şäher Aşgabat,
Daş ýerlerden dost-dogana gujak açýar bada-bat.
Adalatly Arkadagly ilim bolýar örän şat,
Ýürekdäki arzuwlarym Türkmenistanym meniň.

Daglarynda gulan, keýik gezip ýörler erkana,
Ak pamygym – pagtam hem şöhrat getir mekana.
Gazy, nebti uly goşant ak geljege, ertire,
Arkadagly ajap mekan, Türkmenistanym meniň.

Behişdi ýurt beslenýändir, gözellikden-görkden,
Yklymlarda tanalýandyr atly-owazaly türkmen,

Guwanýaryn Watanyma şygyr ýazyp ýürekden,
Aýdyň ýolly, ak maksatly Türkmenistanym meniň.

**Arzygül ILÝASOWA,**
*Türkmenistanyň Daşary işler ministrliginiň*
*Halkara gatnaşyklary institutynyň*
*halkara žurnalistikasy fakultetiniň V ýyl talyby*

## WATANYMYŇ ÝÜREGI – GÖZEL AŞGABAT

Seýle çyksaň Aşgabady görmäge,
Mermerden salynan jaýy görersiň.
Gijeleri nurly, göýä dürdäne,
Asmandan nur saçýan Aýy görersiň.

Gelenleri gujak açyp, garşylap,
Gidenleri mähir bilen ugradýan,
Agzybirlik paýhasyndan ugur alýan,
Kalby tämiz ynsanlary görersiň.

Näçe görseň, gördüm diýip doýmarsyň,
Waspyn etseň, asyl dilden goýmarsyň,
Derdiňi dep edýän derman suwundan,
Bir içeňde, teşnelikden ganmarsyň.

Kalbyň joşdyr, göwünleri göterer,
Aşgabadyň ömre edýän hezzeti.
Giň jahany aýlansaň-da tapmarsyň,
Görmersiň sen munuň ýaly lezzeti,

Ak guş ýaly Aşgabada – Diýara,
Ýyllarboýy myhman bary gelýärler.
Hoşlaşanda, ýüzlerinden görýärsiň:
«Şol jenneti ýene görsem» diýýärler.

Ak mermerli, Arkadagly Aşgabat,
Parahatlyk, agzybirlik mekany.

Bagşy – sazandalaň goşa taryndа,
Ýaňlanyp dur dost-doganlyk mukamy.

Goý, baky ýaňlansyn ajaýyp mukam,
Aşgabadym, sen bir behişdi mekan!

**Sona HALYKOWA,**
*Türkmenistanyň Daşary işler ministrliginiň*
*Halkara gatnaşyklary institutynyň*
*halkara žurnalistikasy fakultetiniň IV ýyl talyby*

## AŞGABADYM –
## AŞYK ABADYM MENIŇ

Arkadag kalbynyň ajap eseri –
Aşgabadym – aşyk abadym meniň.
Goýnunda jemleýär yşky-heseri,
Aşgabadym – aşyk abadym meniň.

Ak kürtesi gelşik berýär görküne,
Gujagyny giňden açýar her kime,
Dag şemaly şypa bolar derdiňe,
Aşgabadym – aşyk abadym meniň.

Gündiz-gijäň parhy ýokdur şäherde,
Ak güle beslenýär gülli baharda,
Rähnet nury seçelenýär säherde,
Aşgabadym – aşyk abadym meniň.

Binalaryň beýikligne göz ýetmez,
Gür baglaryň gözelligne söz ýetmez,
Köňül hyruçlarym waspyňa ýetmez,
Aşgabadym – aşyk abadym meniň.

## TÜRKMENISTAN – PARAHATÇYLYGYŇ WE YNANYŞMAGYŇ WATANY

Aýdymlar goşulyp saza, göwünler meňzeýär ýaza,
Şatlyk-şowhun mesgeninde ömürlermiz jana-jana,
Waspyn belentden ýetirip, şirin söz gelýär zybana,
Eziz diýar, gözel mekan bagtyň gülüp bakany –
At segreden bu ülkeler parahatçylygyň Watany.

Bir-birine gol uzadan iller ýaşaýar bagtyýar,
Ynanyşmak ýoly bilen döwlet binýady berkeýär,
Arkadagyň saýasynda maksatlarmyz ak bagta ýar,
Halkyň köňül-küýseginde arzuw wysal tapany –
Toý mesgeni, bu Diýarym parahatçylygyň Watany.

Zähmetsöýer, jebis halka, agzybirlik ýörelge,
Bu babatda milli Lider tutuş dünýä görelde,
Bagtyň özem haýran galar bu joşguny görende,
Göwün haly:ň her gölüni hyruç bilen dokany –
Arkadagly eziz Watan parahatçylygyň Watany.

## BAŞA TÄÇ GARAŞSYZLYK

Seniň bilen bu Diýarda ýaşaýarys erkana,
Seniň bilen şäherlerim, obalarym görkana,
Seniň bilen tebigatym lezzet biýr şirin jana,
Dillerimiň senasy sen, başa täç Garaşsyzlyk!

Seniň bilen döwletimiň ady doldy jahana,
Seniň bilen eýe bolduk synmaz şöhrata-şana,
Seniň bilen täze-täze ýollar açdyk çar ýana,
Dillerimiň senasy sen, başa täç Garaşsyzlyk!

Seniň bilen güller açýar mermer donly Aşgabat,
Seniň bilen gurýarys biz gözel binalar gat-gat,
Seniň bilen il agzybir, çagalar şat, ýurt abat,
Dillerimiň senasy sen, başa täç Garaşsyzlyk!

Seniň bilen menzil aşýas Arkadagyma uýup,
Seniň bilen mirasyma belent sarpalar goýup,
Seniň bilen toýlar tutýas şanyň äleme ýaýyp,
Dillerimiň senasy sen, başa täç Garaşsyzlyk!

## WATANNAMA

Watan, sen-sen diýip urýar gursagym,
Watan bakylygyň beýik senasy.
Watan bar ýerinde bolmaz gaýgylar,
Watan – bagtly ýaşaýyşyň güwäsi.

Watan barka dünýäň dolar owaza,
Watan barka ömrüň ala-ýaz bolar.
Watan barka ganat-periň ýaýylyp,
Arzuw-wysallaryň maksada dolar.

Watan bilen dostluk gapy açylar,
Watan bilen saçak ýazlar myhmana.
Watan bilen dünýä güller çaýylar,
Watan bilen aýdym geler zybana.

«Bu Watan, bu Diýar, bu ýurt, bu mesgen»,
Watanda gülleseň, Watanda össeň!

## WATAN DEŇELÝÄNDIR ŞIRIN JANYŇA

Mukaddes hem keramatly saýylyp,
Watan deňelýändir şirin janyňa.
Gujagynda bakylyga garylyp,
Watan deňelýändir şirin janyňa.

Gündizleri gözüň ýagyn iýýändir,
Ýazda begres, gyşda ak don geýýändir,
Mert esgerler muny öwran diýýändir:
«Watan deňelýändir şirin janyňa».

Bir gysym topragy altyn, göwher, zer,
Baýlygyny bol eçilýär ene ýer,
Asmanyň behişdi – şu mekan, meger,
Watan deňelýändir şirin janyňa.

## TÜRKMENISTANYM

Asmanyň behişdi, ýeriň Eremi,
Zybanyň asaly, sözüň keremi,
Şanly Beýik Ýüpek ýoluň ýüregi,
Şöhratly Watanym – Türkmenistanym!

Garaşsyzlyk bagtyň nurly ýalkymy,
Ösüşlere ýaran etdi halkymy,
Ýeňişleriň ak atynda galkynan,
Nowjuwan Watanym – Türkmenistanym!

Saçagy bar mele-myssyk çörekli,
Illeri bar myhmansöýer ýürekli,
Goşa taryň toý-baýramda gerekli,
Şöhratly Watanym – Türkmenistanym!

Ýaşyl Tugun has belentde parladyp,
Aýlawlarda sarç bedewin segredip,
Gyşda joşup, tomus maňlaý derledip,
Joşa gelýän Watan – Türkmenistanym!

Berkarar gül Diýar baky bagtyýar,
Ýollary rowana, ösüşlere ýar,
Dana, parasatly Arkadagy bar,
Arkaly Watanym – Türkmenistanym!

## MIRASA SARPA

Asyrlaryň taryhyndan söz açýan,
Mirasym bar, baýlygym bar, bagtym bar.
Aýdyň gelejege uly ýol açýan,

Mirasym bar, baýlygym bar, bagtym bar,
Taryhy dikeldýän Arkadagym bar.

Dana başly Gorkut ata, Oguz han,
Türkmen döwletine getiripdi şan,
Mälik şa, Alp Arslan, kagan Baýram han,
Size buýsanjym bar, şöhrat-şanym bar,
Taryhy dikeldýän Arkadagym bar.

Täzeden dikeldip ýiten däpleri,
Tirsegne galdyryp çyn ussatlary,
Bagtyýalyk, agzybirlik, dostlugy,
Bize sowgat eden Gahrymanym bar,
Pähim-parasatly Arkadagym bar.

## DIPLOMATIÝA YLALAŞMAK DIÝMEKDIR

Maksatly, myratly, arzuw-höwesli,
Milli gahrymanlaň geljekki nesli,
Gadym pederleriň arzyly kesbi,
Diplomatiýa ylalaşmak diýmekdir.

Olar ýaşap ýörler bolup görelde,
Bitiren işleri ýoldur-ýörelge,
Buýsanýarsyň ägirtleri göreňde,
Diplomatlar uly mekdep diýmekdir.

Olar Watan üçin gulluk edýärler,
Olar doganlygy yglan edýärler,
Milli gahrymanlaň merdana nesli.
Halypalyk ýolun dowam edýärler.

Ynanyşmak ýolun baýdak edinen,
Ýurdy belent sepgitlere ýetiren,
Türkmen abraýyny beýge göteren,
Diplomatlar uly mekdep diýmekdir.

## SEN MENIŇ BARYM...

Sen meň üçin ähli zada deňelýäň,
Sebäp seniň bilen ömrüm abadan.
Şol ýene seňki bor diýse giň älem,
Bu dünýäge gelerdim men ýaňadan.

Seniň bilen dünýäň manysy başga,
Adamlara garaýşymam üýtgeşik.
Senli günler tow berlen dek hamana,
Geçip barýar bir-birine sepleşip.

Bir pursat eglensin howlukmaç wagt,
Ýellerem bir pursat sazyn çalmasyn.
Seniň, meniň iň söýgüli pursadym –
Asman seçelesin nurly çabgasyn:

Şol pursat mähriňden ganaýyn menem,
Seni ilki görýän ýaly hamala.
Seret senem, sowma gözleriň menden,
Dolaly biz bir ajaýyp hyýala.

Şol pursat dilimem tutular bilýän,
Sözlerimi pelteklärin käýarym.
Iň esasy sözüm saňa ýetirsem:
Mähribanym, käbäm, sen meniň barym.

## KAKA HAKDA

Eje hakda kän goşgular düzüldi,
Roman, oçerk, hekaýalar ýazyldy,
Aýdymlar aýdyldy, sazlar çalyndy,
Näme üçin kaka hakda beýle däl,
Ynsanlarda şeýle sowal döreýär.

Çagany iýdirse, geýdirse eje,
Kaka şol zatlaryň gözbaşyn tapýar,
Ol hakynda bir zat ýazmaly bolsa,
Aljyrap ne bir söz, sözbaşy tapýaň.

Duýgularyň ummanynda azaşyp,
Näme ýazjagyňy bileňok asla.
Kakaň ýowuz hem mähriban gözleri
aýdyma syganok, syganok waspa.

Ony diňe ýürek bilen söýmeli,
Sebäp ol halanok kiçelmekligi.
Kaka agraslygyň nusgasy bolup,
dürs öwredýär ýoly seljermekligi.

## MEN SENIŇ ÝANYŇA BARÝAN!

*Arkadagyň aýdymlaryndan*
*ruhlanyp ýazylan goşgy*

Öwrüp düýşlerim hyýala,
Men seniň ýanyňa barýan!
Söýgi diýip çykdym bu ýola,
Men seniň ýanyňa barýan!

Peýda etmez aňzak-epgek,
Öňde menzil kändir entek,
Paý-pyýada ýöräp kem-kem,
Men seniň ýanyňa barýan!

Gara gözňe boldum teşne,
Gurbat tapýan sözleň eşde,
«Yşkdan gelip barýan yşka»,
Men seniň ýanyňa barýan!

Soragsyz girdiň ýüregme,
Soňra öwrüldiň geregme,
Sen maňa gelmäň deregne,
Men seniň ýanyňa barýan!

**Şemşat JEPBAROWA,**
*Türkmenistanyň Daşary işler ministrliginiň*
*Halkara gatnaşyklary institutynyň*
*halkara žurnalistikasy fakultetiniň III ýyl talyby*

## PYRAGY, ARZUWLAN ZAMANYŇ GELDI

Zaman geldi gözüň bilen görmeli,
Bize bu zamany Arkadag berdi.
Bag içinde gezip, seýran kylmaly,
Pyragy arzuwlan zamanyň geldi.

«Bir döwlete gulluk etsek bäşimiz»,
Bir supra jemlendi nygmat-aşymyz.
Binalarmyz belent, pugta daşymyz,
Pyragy, arzuwlan zamanyň geldi.

Arzuw eden döwrüň boldy dowamat,
Nesilleň erkana, ýurduň parahat.
Ilimizde berk binýatly adalat,
Pyragy, arzuwlan zamanyň geldi.

**Tawus AKJAÝEWA,**
*Türkmenistanyň Daşary işler ministrliginiň*
*Halkara gatnaşyklary institutynyň*
*halkara žurnalistikasy fakultetiniň III ýyl talyby*

## AK ŞÄHERIM – AŞGABAT

Ak mermerden binalaryň başyn arşa direýär,
Aziýanyň merjeni sen, ak şäherim Aşgabat!
Gören aşyk gül keşbiňe, görmedikler intizar,
Watanymyň göwheri sen, bagt şäherim Aşgabat!

Çar tarapyň köşgi-eýwan, haýran edýäň dünýäni,
Türkmeniň ak bagty bolup, şugla saçýaň Gün ýaly.
Bagşa aýdym, şahyrlara çäksiz ylham ummany,
Göýä ajap erteki sen, ak şäherim Aşgabat!

Olimpiýa şäherçesi, gör, neneňsi ajaýyp,
Bezeg berip dur keşbiňe, gözelligňe nur çaýyp.
Seýilgähleň bagy-bossan, çüwdürimleň şaglaýyp,
Diýarymyň gül görki sen, ak şäherim Aşgabat!

Arkadagyň yhlasyndan beslendiň ak mermere,
Köşgi-eýwan binalaryň bürendi altyn-zere.
Döretsem-de ajap dessan, ýene söz köp diýere,
Watanymyň ýüregi sen, ak şäherim Aşgabat!

## BITARAPLYK

Bitaraplyk türkmeniň dünýä içre erkidir,
Ýürekleriň buýsanjy, Diýaryň gül görküdir.
Baky bagtyýar döwrüň daýanjydyr, berkidir,
Şan-şöhratly ýollaryň binýady Bitaraplyk.

Il-gün jebis, agzybir, asudadyr asmanym,
Göýä «Jennet» mysaly, läle-reýhan bossanym.
Adyň dillerde dessan, eziz Türkmenistanym,
Mukaddes Watanymyň kuwwaty Bitaraplyk.

Uzady alyslara dost-doganlyk ýollary,
Bir-birege gol berdi munda dünýäň illeri,
Täze röwşe beslenýär Jeýhun-Hazar gülleri,
Beýikligi döwrümiň, gymmaty Bitaraplyk.

Ylym-bilim hem sport ösýär uly bat bilen,
Medeniýetim dünýäde tanaldy şöhrat bilen,
Köşgi-eýwan binalaň gözelligne ýokdur deň,
Ak mermer paýtagtymyň zynaty Bitaraplyk.

Has belentde parlaýar bu gün türkmeniň Tugy,
Bir suprada jem boldy, gadym Oguzyň kowmy.
Alkyşlaýas ýürekden Gahryman Arkadagy,
Arkadagyň yhlasy, gaýraty Bitaraplyk!

## BUÝSANÇ

Geldi ajap eýýam, ajap zamana,
Ýaş nesil kuwwatly, gojalar dana,
Beslenip egsilmez şöhrata-şana,
Garaşsyz Diýarym berkarar bu gün.

Açyldy ykballar, galkyndy köňül,
Täze röwüş bilen gunçalaýar gül.
Ýurdum – Erem bagy, men – aşyk bilbil,
Garaşsyz Diýarym berkarar bu gün.

Türkmeniň ýurdunda dünýäň nazary,
Awaza bezeýär goja Hazary,
Türkmeniň ak ýoly dostluga sary,
Garaşsyz Diýarym berkarar bu gün.

Toýlara beslenýär ýurduň çar ýany,
Men bilbil deý waspyn edip saýrany,
Arkadagy  guran beýik döwrany,
Garaşsyz Diýarym berkarar bu gün.

## OBAM

Her säher mylaýym ýelleri bilen,
Saçlarymy sypan, mähriban obam.
Daň çygyna ýuwlan gülleri bilen,
Kalbymy joşduran, jana-jan obam.

Illeriň agzybir, namysly-arly,
Ýaýlalaň lälezar, mahmal sonarly,
Baglaryň injirli, almaly-narly,
Tämiz howaň jana hem derman, obam.



18. Sargyt № 2479

Nurana daňlaryň çalar sazyny,
Ömür unutmaryn bahar-ýazyňy.
Goýnuňda ezizläp, ogul-gyzyňy,
Ene deý hüwdülän hem üwrän obam.

Sen mähir mesgenim, öýüm-ojagym,
Baky söýenjegim, çäksiz söýjegim.
Mydam giňden açyp, gyzgyn gujagyň,
Güneş deýin gülüp garşylan obam.

## PARLA SEN

Ýaşyl Tugum, sensiň baky buýsanjym,
Köňüllere ylham bolup parla sen!
Arzuwlara ganatdyr her owsunjyň,
Ýüreklere ýalkym bolup parla sen!

Jemalyňa düşende bu gözlerim,
Bagtdan ýaňa nurlanyp dur ýüzlerim,
Näçe wasp etsem-de, azdyr sözlerim,
Göwünlere galkym bolup parla sen!

Togap edip maňlaýyma sylanym,
Kalbymyza namys bolup guýlanym,
Barlygyňda bagtsyzlygy duýmaryn,
Dünýä içre erkim bolup parla sen!

Gölleriňde pederlermiň ruhy bar,
Agzybirlik arzuwy bar, a:hy bar,
Bu gün bolsa, halkym baky bagtyýar,
Eýýamlara aýdym bolup parla sen!

## AŞGABADYŇ GIJELERI

Gözel görkli hem nowjuwan,
Aşgabadyň gijeleri.
Kändir munda bagty çüwen,
Aşyk-magşuk bijeleri.

Aýdan aýdyň, Günden ýagty,
Söýgüniň joş urýan wagty.
Ýaşlygyň beýik daragty,
Ak şähermiň gijeleri.

Jana ýakymly howasy,
Bark urup dur gülleň ysy.
Älem gözelligniň şasy,
Paýtagtymyň gijeleri.

Ýagty ýollaň aýlawlary,
Ýatladyp dur ak guwlary.
Hasyl edýär arzuwlary,
Ak bagtymyň gijeleri.

Bezäp dur degresin Watan,
Myrat tapar maksat tutan.
Göýä bir «Jenneti» mekan,
Aşgabadyň gijeleri.

## WATAN

Gören aşyk keşbiňe, goýnuň «Jennet» mysaly,
Agtarsak-da dünýäni, Watan ýok seniň ýaly.
Çünki, sen pederlermiň ak arzuwnyň wysaly,
Müňläp gerçek ogullaň, gaýraty-güýji Watan!

Seniň asudalygňa niçe ärler çekdi jan,
Baky ýaşar gursakda, ýurdy söýen Gahryman,
Ol gojaman taryhyň durşy bilen şöhrat-şan,
Ömürboýy mizemez kalbym guwanjy Watan!

Bu gün dünýä açyldy dost-doganlyk ýollaryň,
Gör, al-ýaşyl öwüsýär Jeýhun-Hazar gülleriň.
Ömür sürýär sapaly Arkadagly illerim,
Saňa söýgüm egsilmez, baky buýsanjym Watan!

## ÝAGYŞ ÝAGÝAR

Ýagyş ýagýar, ýagýar barha şabyrdap,
Ýürekdäki duýgularmy oýaryp.
Ýaz ýagşyna ýuwlan al-ýaňak güller,
Göýä maňa seredýän dek keýerip.

Göýä, dertlerime düşünýän ýaly,
Çygly sähram pyşyrdaýar ygşyldap.
Ýaňagyma daman ýagyş damjasy,
Ýüregime aram berýär jümşüldäp.

Ýag sen, ýagşym, ýuw saçlarmy damjaňa,
Şonuň bilen ýüregimem ýuwulsyn.
Belki, dertlem ýeňlär biraz şo mahal,
Goý, didämden ýaş guýulsa guýulsyn!

Ýagyş ýagýar, ýagýar barha şabyrdap,
Ýalançyny getiripler lerzana.
Ýüregimde söýgiň goýan yzlary,
Juwan kalbym salyp barýar heýjana...

## BAHARYŇ BUŞLUKÇYSY

Agaçlarda enaýyja pyntyklar,
Elwan-gyzyl güller bolup ýaryldy.
Ir säher çagynda mylaýym ýeller,
Pyşyrdaýar: «Heýjanelek, ýaz geldi!»

Kebelekler gül üstünde perwana,
Uçup geldi ýene ördekler-gazlar.
Güneş nury şugla saçýar çar ýana,
Joşguna beslendi ýürek owazlar.

Ülkämize ýene dolandy bahar,
Bilbiller ajaýyp nagmasyn kakýar.
Daglardaky buzlar eredi a:hyr,
Çeşmelerden suwlar şildiräp akýar.

Birsellem synlasaň bu gözelligi,
Ýürek joşup, aýdym geler zybana.
Ene ýeriň görke gelen gujagy,
Bahar bolup, mähir berýär ynsana.

## BAGYŞLA

Bagyşla sen meni, dünýäni undup,
Öý-hyýallar içre gülmäni undup,
Gül meňzimi güýz mysaly saraldyp,
Ajy hasratlary duýanym üçin,
Bir seni ýürekden söýenim üçin!

Bahar gelip, baglar gunça açanda,
Ter bägüller hoşboý ysyn saçanda,
Seýil edemde deň-duşlarmyň içinde,
Men özümi ýalňyz duýanym üçin,
Bir seni ýürekden söýenim üçin!

Bolmasam-da Leýli ýa-da Züleýha,
Dessan etmesem-de, derdimi halka.
Günsaýyn duýgulam güýjeýip barha,
Adyňy kalbyma guýanym üçin,
Bir seni ýürekden söýenim üçin!

Karar tapman ne oturyp, ne turup,
Soňsuz sowallaryň öňünde durup.
Aňzakly aýazdan bir dünýe gurup,
Mähirden özümi aýanym üçin,
Bir seni ýürekden söýenim üçin!

...bagyşla bolşumdan irip käteler,
Şeýle bir unutmak islänim üçin.
Gaýta, seň deregňe özümi undup,
Çyn kalpdan arzuwlar beslänim üçin!
Bagyşla, entägem söýýänim üçin!
Nämedir bir zatlar duýýanym üçin!

**Aýlar ATAJYKOWA,**
*Türkmenistanyň Daşary işler ministrliginiň*
*Halkara gatnaşyklary institutynyň*
*halkara žurnalistikasy fakultetiniň II ýyl talyby*

## ARKADAG

Görkanadyr gül deý gözel ýurdumyz,
Ajap eýýam siziň bilen, Arkadag!
Buýsançdan doludyr ýüreklerimiz,
Ajap eýýam siziň bilen, Arkadag!

Eşretli günleriň sapasy kändir,
Ýeňişli ýollarmyz öňe barýandyr,
Eziz diýar ak geljege rowandyr,
Ajap eýýam siziň bilen, Arkadag!

Watanmyň şöhraty belende galýar,
Özgerýär Diýarym, has rowaçlanýar,
Ýaşyl tugum al-asmanda parlaýar,
Ajap eýýam siziň bilen, Arkadag!

Halkymyz bagtyýar, iller abadan,
Ak ertirler uzar geljege bakan,
Gülleýär, özgerýär, Garaşsyz Watan,
Ajap eýýam siziň bilen, Arkadag!

Asuda asmanda erkana guşlar,
Mydam ak pataly tutumly işler,
Geljege ynamly barýandyr ýaşlar,
Ajap eýýam siziň bilen, Arkadag!

## ARKADAGYM BAR

Ajaýyp zamana geldi,
Başynda Arkadag bardyr.
Şanymyz äleme doldy,
Joşunda Arkadag bardyr.

Dillerimde senam bolup,
Şat geljegme güwäm bolup,
Hak Howandar penam bolup,
Daşymda Arkadag bardyr.

Watanyň ajaýyp döwrün,
Şana beslär iliň ömrün,
Ylham inip, joşsa göwün,
Hoşumda Arkadag bardyr.

## BAHAR BAÝRAMY

Naz-nygmat, saçakly Türkmenistanym,
Gutly bolsun Milli bahar baýramy.
Howaň jana şypa, bagy-bossanym,
Gutly bolsun Milli bahar baýramy.

Giň ýazýar desterhan türkmen ilimiz,
Şatlanýarys bu baýramda ählimiz,
Semenini gaýnadýarys üýşüp biz,
Gutly bolsun Milli bahar baýramy.

Alkyş aýdyp eziz Arkadagyma,
Uýýarys biz gadym türkmen däbine,
Küşt depýäris bu baýramyň şanyna,
Gutly bolsun Milli bahar baýramy.

## EJEM

Ukysyz ençeme gijelerini,
Hüwdüläp başymda geçiren ejem.
Perzendiňe bolan gyzgyn mährini,
Ene süýdi bilen geçiren ejem.

Ýola gitsem edip ýagşy dilegler,
Ugradardyň «Sag amanja gel» diýip.
Şol pursatda nazar aýlap yzyma,
Arzuwlardym dolanmagy sen diýip.

Durmuş bizi dürli ýoldan äkidýär,
Mydama ýanyňda galyp bolanok.
Ara daş bolsa-da, ýürekler ýakyn,
Näm üçindir sebäbini bilemok.

Häzirem küýseýän hüwdüleriňi,
Göýä gulagymda ýaňlanýan ýaly.
Pentleriňe uýup durmuş ýolunda,
Barýaryn men ajap geljege sary.

Dogry, okuw üçin gaýtdym ýanyňdan,
Nirede bolsamam, gynanma hijem.
Nesip bolsa, men ýene-de gelerin,
Ýene seň ýanyňda bolaryn, ejem!

## GARAŞSYZ, BITARAP TÜRKMENISTANYM

Gülleýän-gül açýan eziz diýarym,
Garaşsyz, Bitarap Türkmenistanym.
Dilimde dessanym, aýdymym-sazym,
Garaşsyz, Bitarap Türkmenistanym.

Ak şäherim – Aziýanyň merjeni,
Ak binalaň ýokdur sany-sajagy,
Belent maksat nazarlaýar geljegi,
Garaşsyz, Bitarap Türkmenistanym.

Ösüşlere tarap gadamlar batly,
Berkarardyr iller, Watan şöhratly,
Arkadagly türkmen bagtlydyr, bagtly,
Garaşsyz, Bitarap Türkmenistanym.

## MAGTYMGULY

Beýik şahyr, dünýä belli akyldar,
Sözleriňde uly many-mazmun bar,
Türkmen halky bu gün saňa buýsanýar,
Dana atam Magtymguly Pyragy.

Öňünden görüji dana şahyrsyň,
Asly gerkez illi türkmenlerdensiň,
Berkarar döwleti arzuw edensiň,
Dana atam Magtymguly Pyragy.

Bu gün türkmen ilim Garaşsyz boldy,
Ýurdumyň şatlygy äleme doldy,
Ine, arzuw eden zamanyň geldi,
Dana atam Magtymguly Pyragy.

## ENELERE MEŇZEŞ BAHAR

Täzeden janlanýar tebigat munda,
Bahar pasly diýseň ajaýyp pasyl.
Zemin güllär asman nurun saçanda,
Bahar enelere meňzeýär asyl.

Dostluk mekanynda joş urýar bahar,
Ýaz deý gözel enelermiz-janymyz.
«Enä tagzym – mukaddeslige tagzym"
Diýýär bu gün eziz Arkadagymyz.

## WATANYM

Türkmenistan-dost-doganlyk mekany,
Berkarar döwletiň bagtly döwründe.
Artýar halkymyzyň şöhraty-şany,
Berkarar döwletiň bagtly döwründe.

Dünýäde tanalýar ajaýyp adyň,
Has-da öňe barýar bu bedew badyň,
Guwanýarys bizem seniň zürýadyň,
Berkarar döwletiň bagtly döwründe.

Çar ýandan gujagňa dost-dogan gelýär,
Ýurdumyň abraýy belende galýar,
Bagtyň guşy bize saýasyn salýar,
Berkarar döwletiň bagtly döwründe.

## ÝÜREKDEŞ DOST

Oglanyň dosty bar, gyzyň jorasy,
Mydam bile bolýar dostlaň barysy.
Kyn günde gynanar, şat günüňde şat,
Dost ýanyňda bolsa, şol saňa bagt.

Az bolsun, köp bolsun, dostlaryň bolsun,
Ýöne dostlaň bary bolsun wepadar.
Dostluk bar ýerinde agzybirlik bar,
Dostlukda egsilmez ullakan güýç bar.


**Gytja ATDAÝEWA,**
*Türkmenistanyň Daşary işler ministrliginiň*
*Halkara gatnaşyklary institutynyň*
*halkara žurnalistikasy fakultetiniň II ýyl talyby*


## AŞGABAT

Arkadagyň sungatynyň nyşany,
Haýran galýar seni gören, Aşgabat!
Täsin baglar bezär degre-daşyňy,
Ynsanlara lezzet beren, Aşgabat!

Çyralaryň täsin şugla-nur salar,
Ajaýyp suw çüwdürimler saz çalar,
Heniz görmedikler arzuwda bolar,
Görsem diýip seni, gözel Aşgabat!

Beýik-beýik binalaryň hatary,
Öňküden has owadanlar Watany,
Garaşsyz halkymyň lezzet tapany,
Sen bolupdyň, baky borsuň, Aşgabat!

Bulutlara ýetýär binalaň başy,
Haýrana goýýarsyň ýakyny-daşy,
Sen bütin dünýäniň merjenden gaşy,
Äleme görelde, nusga, Aşgabat!

Gijeleri gündizden hem ýagtydyr,
Bagtyýar döwrany sürmäň wagtydyr,
Bu türkmen halkynyň çüwen bagtydyr,
Berkarar döwletiň nury Aşgabat!

## AWAZA

Seniň goýnuň göýä jennet mysaly,
Gözelligiňe aklym haýran, Awaza.
Berkarar Watanymyň şöhraty-şany,
Beýik adyň dünýä ýaýran Awaza.

Şäher öwsen şemal melhemdir jana,
At-owazyň ýaýraýandyr çar ýana,
Tolkunlaryň ylham berýär ynsana,
Jana şypalydyr howaň, Awaza.

## ARKADAG

Il-halkymyň biragyzdan saýlany,
Mähriban siz, Gahryman siz, Arkadag!
Il-ulusyň ynam bilen garany,
Mähriban siz, Gahryman siz, Arkadag!

Ak mermerden ymaratlar gurulýar,
Çar tarapa dostluk ýollar uzaýar,
Türkmen halky siziň bilen bagtyýar,
Mähriban siz, Gahryman siz, Arkadag!

Nebit-gazdyr, pagta baýlyklaryň bar,
Ýaşyl Tugum al-asmanda parlaýar,
Siziň bilen türkmen geljege barýar,
Mähriban siz, Gahryman siz, Arkadag!

Beýik sahawatdan döredýäň nury,
Bedew bady bilen biz öňe sary,
Bu gün bagtyýardyr halkymyň bary,
Mähriban siz, Gahryman siz, Arkadag!

## WATANYM

Eziz Türkmenistan, gözel diýarym,
Mukaddessiň jiger-janym, Watanym!
Nirede bolsam-da mähriň duýýaryn,
Meň buýsanjym, genji känim, Watanym!

Türkmenistan ýurdum ösýär günsaýyn,
Men seniň keşbiňe, görküňe maýyl,
Asuda asmanda nurly Gün, Aýym,
Dünýä dolýar şöhrat-şanyň, Watanym!

Berkarar döwletiň bagtyýar döwri,
Bize şeýle bagty Arkadag berdi,
Şatlygyň, toýlaryň, ösüşleň ýurdy,
Belentde parlaýar tuguň, Watanym!

## DIÝARYM

Daglaryňdan şaglap iner çeşmeler,
Gözelligiň gözbaşysyň, Diýarym!
Dirilik suwuňdan içer teşneler,
Gözelligiň gözbaşysyň, Diýarym!

Nygmatly topragyň keramatlydyr,
Çölleriň, sähralaň sahawatlydyr,
Ösüşler ýarandyr, dowamatlydyr,
Gözelligiň gözbaşysyň, Diýarym!

Joşgunly köňlümiň mydam geregi,
Bu goja zeminiň nury, seresi,
Sensiň Beýik Ýüpek ýoluň ýüregi,
Gözelligiň gözbaşysyň, Diýarym!

## KÄBÄM

Edebi-ekramy guýdyň müdimilik kalbyma,
Bagtyň ak ýollarynyň bolduň gözbaşy, Käbäm!
Owazly hüwdileriň müdimi kalba nagma,
Ýazylmadyk kitaba sensiň sözbaşy, Käbäm!

Ýakymly ys ýaýradýan ter güllersiň, ragnasyň,
Biziň ýüreklermizde müdimilik nagmasyň,
Gaharyň hem az pursat, misli ýazyň çabgasy,
Göwnüňe kine salman, sensiň ygrarym, Käbäm!

Bady-sabaň şemaly dek, seniň mylaýym eliň,
Şirin-şeker nabada deňeýän süýji diliň,
«Jennet enelermiziň dabanyndadyr», biliň,
Päk, arassa, halalhon meniň behişdi, Käbäm!

Gör, nähili uly zat peşgeş berdiň bir ömür,
Dünýä baky gelsediň, bolup ýanymda höwür,
Päk süýdüňi haklajak borun dünýäm her döwür,
Yhlasly beren pendiň mydam saklaryn, Käbäm!

## DAGLAR

Bürgütler uçup ýör ganatyn ýaýyp,
Zeminiň zynaty gojaman daglar.
Dereleri, gör, neneňsi ajaýyp,
Zeminiň zynaty gojaman daglar.

Agras keşpleri bar uzaga garar,
Ýylçyr gaýalary bir täsin çyrag,
Topbak bulutlary başlarna orar,
Zeminiň zynaty gojaman daglar.

Goýnun syrar ýodalaryň barçasy,
Gatbar-gatbar daşlar – nepis syrçasy,
Gerdeninde hatar-hatar arçasy,
Zeminiň zynaty gojaman daglar.

Dürli gül-gunçasy ajaýyp haly,
Täsin gowaklary, çaýlary, goly,
Alysdan gol bulap çagyrýan ýaly,
Zeminiň zynaty gojaman daglar.

## SÄHER

Säheriň howasy nähili gymmat,
Säheriň ysy hem şoňa ýetik-le,
Guşjagazlar bir enaýy saýrasa.
Horazlar gygyrýar towuk ketekde.

Şol pursady neneň uklap geçirýäs.
Gyt zatlaryň syryn bilmän arada.
Säheriň nähili gymmatlygyny,
Ýazyp wasp edipdir Kerim aga-da.

Howasy tämizje jana ýakymly,
Hem salkynja şemal sypar ýüzüňi,
Säher lezzetinden ganyp bolmaýar,
Ine, şeýdip, soňlaýmasam sözümi.

## GARAŞSYZDYR, BITARAPDYR, DIÝARYM

Her günümiz şatlyk, her gün dabara,
Ýurdumyz ýugrulan aýdym-gazala,
Ýüpek ýol uzaýar Amul-Hazara,
Garaşsyzdyr, Bitarapdyr, Diýarym.

Dünýä halklarynyň nazary bizde,
Halkym azat, erkin ygtyýar bizde,
Gahryman, mähriban Arkadag bizde,
Garaşsyzdyr, Bitarapdyr, Diýarym.

Aşgabadym saçýar äleme ýalkym,
Berkarar döwletde bagtyýar halkym,
Galkyn Türkmenistan, ýene-de galkyn,
Garaşsyzdyr, Bitarapdyr, Diýarym.

TÜRKMENISTANYŇ DAŞARY IŞLER MINISTRLIGINIŇ
HALKARA GATNAŞYKLARY INSTITUTY

# Halkara gatnaşyklarynyň derwaýys meseleleri: Ylmy-döredijilik çemeleşmeler

*Mugallymlaryň hem-de talyplaryň ylmy makalalar we goşgular ýygyndysy*


| | |
|---|---|
| Redaktorlar | *B. Ataýew, O. Garajaýewa, D. Hallygylyjow* |
| Surat redaktory | *P. Pürmyradow* |
| Teh.redaktor | *O. Nurýagdyýewa* |
| Kompýuter işleri | *S. Ýarmakowa,* |
| | *B. Mämmetgurbanow* |

A–107694

Çap etmäge rugsat edildi 17.09. 2021. Ölçegi 70×100 $^{1}/_{16.}$
Çap listi 18,0. Hasap-neşir listi 18,41.
Sargyt № 2479. Sany 100.

Türkmen döwlet neşirýat gullugy.
744000, Aşgabat, Garaşsyzlyk şaýoly, 100.

Türkmen döwlet neşirýat gullugynyň Metbugat merkezi.
744004, Aşgabat,  2127-nji (G. Gulyýew) köçe, 51/1.